TÜRKMENISTANYŇ MILLI MEDENIÝET «MIRAS» MERKEZI
TÜRKMENBAŞY ADYNDAKY TÜRKMENISTAN MILLI
GOLÝAZMALAR INSTITUTY

NASYREDDIN RABGUZY

# KYSASY RABGUZY

## (KYSASYL ENBIÝA)

ناصرالدين ربغوزى

# قِصَص رَبْغُوزى

## II

Çapa taýýarlan
**Gurbangül Guzuçyýewa**

AŞGABAT «MIRAS» 2004

**UOK820/89(100-87)**
**R13**

**R13 Rabguzy N.**
Kysasy Rabguzy (Kysasyl enbiýa). II jilt. A.: Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 — 544 s.

**JOGAPKÄR REDAKTORLAR**
**Hramow W.M., Aşyrow A.A.**

**REDAKTOR**
**A.Aşyrow,** *dil-edebiýat ylymlarynyň doktory*

*Türkmenistanyň Ömurlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň howandarlygynda ilkinji gezek neşir edilýän bu kitap XIII-XIV asyrlarda ýaşap geçen beýik türkmen alymy Nasyreddin Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» atly iki jiltlik kitabydyr.*

*Kitap Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň atalyk aladasy bilen döredilen Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistanyň Milli golýazmalar institutynyň hazynasynda saklanýan golýazma nusgalarynyň esasynda neşire taýýarlanyldy.*

*Dünýä edebiýatynyň genji-hazynasyna giren bu eser milli mirasymyzyň we ruhy gymmatlyklarymyzyň naýbaşy eserleriniň biri bolup, onda musulman dünýäsinde ady agzalyp geçilýän pygamberler, perişdeler, belli şahsyýetler barada dürli rowaýatlaryň, kyssalaryň üsti bilen gürrüň edilýär.*

**TMMMM №021**

**TDKP №92** **2004** **KBK 84Tür7+84(5)**

© Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi, 2004 ý.
Rabguzy N., 2004 ý.
Guzuçyýewa G., Çapa taýýarlama, 2004 ý.

***Garaşsyz we baky Bitarap Türkmenistanyň***
***Ilkinji we Ömürlik Prezidenti***
***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň***
***howandarlygynda neşir edilýär.***

# GEÇMIŞIŇ ÝAŇY — GELJEGIŇ DAŇY

Türkmeniň ykbal asmanyndan nur saçýan Garaşsyzlyk halkymyza diňe bir Altyn eýýamyň altyn gapysyny açyp bermän, eýsem onuň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alýan ýol-ýörelgelerini, däp-dessurlaryny, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmeklige, medeni we ruhy miraslarynyň ilgünüň köňül ganatyna öwrülmegine hem giň mümkinçilik berdi. Bu bolsa häzirki türkmen döwletiniň berk taryhy binýat esasynda gurulýandygyny alamatlandyrýar.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin ähmiýetli wakalaryň mesgeni boldy. Bu toprak ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet we sungat sallançagy boldy. Alymlar biziň eýýamymyzdan 6 müň ýyl öň türkmenleriň ata-babalarynyň öňdebaryjy bilimleri özleşdirendigini nygtaýarlar. Irki ekerançylyk zamanasyndaky türkmen jemgyýetleri Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerleri — ajaýyp ýadygärlikleri miras goýdy. Gadymy oguz-türkmen döwleti, Parfiýa zamanasy, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleri, osman türkmenleriniň soltanlyklary we beýleki türkmen döwletleri adamzadyň syýasy taryhynda özboluşly adalat baýdagy bolup pasyrdady. Hut şonuň üçin hem Türkmenistany

dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaýyň, Mesopotamiýanyň, Müsüriň hatarynda goýýarlar. Ata-babalarymyz dünýä gymmatlyklarynyň arasynda özboluşly, milli öwüşgin bilen lowurdaýan ruhy we medeni baýlyklary bize miras galdyrdy.

Medeni miras — bu perzendiň üstünde kökenek gerýän türkmen enesiniň hüwdüsidir, agras türkmen gojasynyň pendi-nesihatydyr. Mukaddes topragy gany bilen goran gaýduwsyz gerçegiň iň soňky demdäki wesýetidir, naçar doganyň gerçegiň jesedini ýuwýan ajy gözýaşydyr.

Medeni miras — bu türkmeniň şan-şöhratdan doly geçmişine buýsanjydyr, şu gününe söýgüsidir, ertirine ynamydyr.

Medeni miras — bu gadymy hem müdimi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda hoşalap çöplän paýhas hakydasydyr, şu gününe ygtybarly ynamydyr, ertirine ýol çelgisidir. Mahlasy, medeni miras türkmeniň geçmişidir, barlygydyr, dowamatydyr.

Türkmen halkynyň gadymdan gözbaş alyp gaýdýan edebi akabalarynyň, sungat däpleriniň adalaty, erkinligi, agzybirligi, mertligi we bitewiligi wasp etmedik döwri bolan däldir. Bu gün şol asylly däpler biziň beýik Garaşsyzlygymyzyň beren süýji miweleri, röwşen ertiriniň mukaddes umytlary bilen birleşip, türkmen abraýynyň, mertebesiniň has-da belende göterilmegine hyzmat etmelidir.

Ruhnamada belläp geçişim ýaly, ***«Biz türkmen halkynyň mirasdüşerleri hökmünde ata-babalarymyzyň taryhyň gatlarynda galan medeni, edebi gymmatlyk-***

***laryny tapmalydyrys, täzeden jana getirmelidiris. Bu ata-babalarymyzyň öňünde biziň ogullyk borjumyzdyr*».** Biz ata-babalarymyzyň öňündäki şol ogullyk borjumyzy berjaý etmek maksady bilen hem Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezini döretdik.

Asyrlaryň gatlaryna siňen medeni mirasymyzy düýpli öwrenmek, Ruhnamanyň ruhunda ylmy esasda özleşdirmek, dünýäniň dürli künjeginde beýik döwletleri döreden halkymyza degişli miraslary tapmak, olary täzeden jana getirmek, ajaýyp kitaplara öwrüp, gaýtadan halkymyza hem-de dünýä ýaýmak «Miras» merkeziniň işgärleriniň öňünde duran gaýragoýulmasyz borçdur!

**Eziz halkym!**

Siziň eliňizde «Miras» merkeziniň taýýarlan kitaby. Bu kitabyň biziň ata-babalarymyzyň döreden ruhy we medeni gymmatlyklaryna teşne kalbyňyza teselli berjekdigine ynanýaryn. Käbelerimiz hem kyblalarymyz hakyndaky ýüreklerimiziň töründäki gyzgyn söýginiň oduny alawlandyrjakdygy mende ýakymly duýgy döredýär.

«Miras» merkeziniň çykarjak kitaplarynyň höwrüniň köp boljakdygyna ynanýaryn we oňa ak ýol arzuw edýärin.

Işiň rowaç, ýollaryň ýagty bolsun!



**Türkmenistanyň Prezidenti**
**Saparmyrat TÜRKMENBAŞY.**

## *ON DOKUZYNJY KYSSA*
## HEZRETI MUSA KELIMALLANYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Musa alaýhyssalam: ***«Meniň özümden we doganymdan başga hiç kime ygtyýarym ýetmeýär»*** diýip, Allatagala arz etdi. Ol: ***«Allatagala Musa bilen ýüzbe-ýüz gepleşdi»*** diýen aýat bilen mertebe haladyny geýdi. Ol: ***«Men Allatagaladyryn. Menden başga Hudaý ýokdur, sen Maňa ybadat etgin» diýen şerbeti içdi. Ol: «Men Öz tarapymdan seniň ýüzüňde göreni özüne çekiji mähri döredерin»*** diýen hormata eýe boldy. Ol Taňrynyň: ***«Men seni buýruklarymy we sözlerimi adamlara ýetirmek üçin pygamber etdim»*** diýen aýaty bilen keramata mynasyp boldy. Ol: ***«Eý, Musa! Seniň sag eliňdäki näme zatdyr?»*** diýen sowaly eşitdi we oňa: ***«Men oňa gerek ýerinde daýanýaryn»*** diýen jogaby berdi.

### Nazm

Ol ýaradanyň iberen, ilçisi Musa kelim,
Eline tutan hasany, egnine geýen kilim.

Ol kelam eşdip Kelim bolan, çykyp Tur dagyna,
Tarypy köpdür, edip bolmaz tamam uşbu tilim.

Dogmuşynda oda düşdi, köýmedi, çykdy ýene,
Iki petle akmady suwa, ýene çykdy selim.

Ymran ogly erdi Musa, Haka gurbatlyk Resul.
Emgeli bulak ülüş hem mugjyzy erdi bilim.

Dostlaryna ol hasadan, daşypdy bulaklar akar,
Duşmanyna ol hasa bir azap erdi elem.

Aýtdy Haruna pygambermiz ikewlen Taňrydan,
«Bilgi hany?» diýse, diýdi: «Bu taýak, uşbu elim».

Onuň nesil arkasy şeýledir: Musa we Harun ibn Ymran bin Ýazr bin Reýýan bin Läwiýýe bin Ýakup alaýhyssalam.

Emma bu kyssa on bir pasyldan ybaratdyr:

*Birinji pasyl.* Musa alaýhyssalamyň dogulmagynyň beýany.

*Ikinji pasyl.* Musa alaýhyssalamyň Medýene barmagynyň beýany.

*Üçünji pasyl.* Musa alaýhyssalamyň hasasynyň häsiýetleriniň beýany.

*Dördünji pasyl.* Musa we Harun alaýhymassalamyň Pyrgaunyň ýanyna barmaklarynyň beýany.

*Bäşinji pasyl.* Pyrgaunyň sarhynyň beýany.

*Altynjy pasyl.* Beni Ysraýylyň Musa we Harun alaýhymassalamyň Şama barmaklarynyň beýany.

*Ýedinji pasyl.* Musa alaýhyssalama Töwrat inderilmeginiň beýany.

*Sekizinji pasyl.* Musa alaýhyssalama beni Ysraýylyň azar bermeginiň beýany.

*Dokuzynja pasyl.* Musa alaýhyssalamyň Hudaýdan didar dilemeginiň beýany.

*Onunjy pasyl.* Beni Ysraýylyň toba etmeginiň beýany.

*On birinji pasyl.* Karunyň wakalarynyň beýany.

## *BIRINJI PASYL*
## MUSA ALAÝHYSSALAMYŇ DOGULMAGYNYŇ[1] BEÝANY

*Bu waka şeýle bolup geçipdir:*

Pyrgaunyň ady Welitdir. Ol Magsabyň ogly, Masgap Reýýan Mäligiň ogludyr. Masgap başda musulmandy. Soňra ol küpürlige dänip, kapyr bolupdy. Müsür halkynyň hemmesi kapyr bolup, butparazlyga baş urdular. Emma beni Ysraýyl Ýakup alaýhyssalamyň on iki ogullarynyň öwlatlarydy. Olar on iki taýpa boldular, imanlaryna durnuklydylar we kapyrlyga ýüz urmadylar. Masgap diýen haramzada bulara iki ýüz ýyl patyşalyk etdi. Onuň ogly Welit hemme kapyrlardan akyllyrakdy.

*Rowaýatda şeýle gürrüň getirilipdir:*

Müsürde üç Pyrgaun ötüpdir. Olaryň biri Reýýan Mälik, ol Ýusup alaýhyssalamyň döwründe ýaşap geçipdir. Ol musulmançylygy kabul edipdir. Ýene biri Kabus, ol kapyr bolup ötüpdir. Ýene biri Pyrgaun Welit. Ol hezreti Musa alaýhyssalamyň wagtynda ötüpdir. Oňa weliduz-zyna diýlerdi. Bu hökümdar hemmeden zalym we sütemkärdi. Ol beni Ysraýyla duşman boldy we hemme şäherleri golastyna aldy. Onuň agasynyň Aşýa atly bir hatyny bardy. Ol ony aýal edip aldy. Aşýa akylly we dana aýaldy. Pyrgaun ony eziz we hormatly tutardy. Ony hemmeden ýagşyrak görerdi. Ol her bir işi Aşýa bilen maslahatlaşyp ederdi. Ol dört ýüz ýyl patyşalyga gümra boldy. Bu melguna ömrüniň içinde agyrlyk bolmady. Ondan hiç duşman üstün gelip bilmedi. Ol Pyrgaunyň nesli arapdandy. Allatagala ony öz dogry ýoluna çagyryp: ***«Men siziň uly Taňryňyzdyryn»*** diýdi. Emma ol hiç imana gelmedi. Bu mazmuna şu aşakdaky aýatlar delildir: ***«Adamlary myhlar bilen urup, azar beren myhlaryň eýesi Pyrgaunyň ýurtdaky azgynçylygy adamkärçiligiň çäginden çykdy»***.

*Emma ýene bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:*

Bu Pyrgaunyň asly nesebi Horasandandy. Onuň atasy söwdagärdi. Bir gezek onuň atasy söwda saparyna gidip, ondan ýedi ýyldan soň gaýdyp geldi. Ol öýüne gelip görse, sallançakda bir oglan ýatyr. Ol hatynyndan: «Bu niçik baladyr?» diýip sorady. Hatyny oňa: «Bu siziň balaňyz» diýip jogap berdi. Atasy: «Meniň bu ýerden gidenime ýedi ýyl boldy. Eger ol meniň balam bolýan bolsa bir ýaşynda bolarmydy?» diýip aýtdy. Hatyny oňa: «Eger men seniň hatynyň bolýan bolsam, meniň dogan balam seniňki bolmaýarmy?» diýip jogap berdi. Atasy bu gürrüňden soň onuň bilen ylalaşdy.

Wagt geçip, bu oglan dört ýaşyna girdi. Ol köçedäki oglanlary ýygnap, olaryň birini wezir, birini ýasawul, birini nöker edip, olara don-telpek geýdirip, aş-nan iýdirip, olary biri-birleri bilen uruşdyryp ýördi. Haçan bu haramzada on bäş ýaşyna baranda onuň enesi öldi. Ol hetsiz-hasapsyz malu-pul bilen galdy. Az wagtda ol bu baýlygy ýele sowrup ýok etdi. Ondan hiç bir zat galmady. Ol gedaý düşüp galdy. Ol bir wagtyna iýmäge hem tagam tapmady. Onuň pul-malyny iýip-içip, ýagşy serpaýlar geýip ýören dost-ýarlary asla onuň ýüzüne bakmadylar. Ol açlygy köp tartdy. Ol öz ýurdunda gedaýçylyk etmegi özüne namys bildi.

Ahyrynda ol öz-özüne: «Men bu ýerde beýle hor bolýançam ýat ýurtlarda gedaýçylyk edenim ýagşydyr» diýip aýtdy. Ol köp ýerlerde entäp, ahyry Saragt memleketine geldi. Ol ýerde Haman atly nan söwdagäri bardy. Ol ondan nan diledi. Haman Pyrgaundan: «Sen nireden bolarsyň?» diýip sorady. Pyrgaun oňa özüniň Horasandan gelendigini aýdyp berdi. Haman oňa iýip-içer ýaly tagam berdi. Pyrgaun ýagşy garnyny doýurdy. Haman ondan: «Sen nirä barýarsyň?» diýip sorady. Pyrgaun oňa: «Men Müsüre barýaryn» diýip jogap berdi. Haman pal atýardy. Ol pal atdy weli, onuň bu palynda:

«Horasandan bir kişi gelip, Müsüre patyşa bolar. Oňa hemra bolan kişi döwletli bolar» diýip göründi.

Haman palyň görkezýän kişisiniň şu adamdygyny bildi. Haman oňa: «Men seniň bilen hemra bolup ýöresem nähili bolar?» diýip aýtdy. Pyrgaun oňa: «Ýagşy bolar» diýip jogap berdi. Haman ony birnäçe gün öz ýanynda saklady. Haman ondan: «Seniň näme hünäriň bar?» diýip sorady. Pyrgaun oňa: «Men daýhançylygy bilýärin» diýip aýtdy. Haman: «Onuň ýaly bolsa biz öz ýanymyz bilen gawun alyp gideli» diýip aýtdy. Ol bu ýerdäki mülkü-esbaplaryny satdy we Pyrgaun bilen hemra bolup Müsüre ýola rowan boldy.

Olar Müsüre barandan soň, bazara gawun alyp çykdylar. Emma bu ýeriň adamlary pul tölemän, gawuny diläp alyp gitdiler. Olar pul sorasalar, oňa derek ýumruk aldylar. Üç günden soň Pyrgaun dokuz sany gawuny alyp baryp, patyşa özüni mälim etdi. Patyşa: «Sen bu ýerde ýok zady alyp gelipsiň. Näme iş etseň hem, saňa hiç kim dawa etmesin» diýip oňa möhürli hat berdi. Pyrgaun bazra barsa ol haty özi bilen saklady. Ol kim gawun almaga gelse, onuň başyndan sellesini, golundan hanjaryny aldy. Eger biri: «Sen näme üçin meniň zatlarymy alýarsyň?» diýse, ol oňa patyşanyň beren hatyny görkezdi. Ol gawunlaryny satyp boldy. Onsoň ol adamlardan alan zatlaryny satdy. Ol şeýdip pul ýygnady. Gawun satmak ondan galdy. Onsoň ol bir görüstanyň töweregine diwar saldyrdy.

Ol ähli Müsür halkynyň görüstanydy. Ondan başga görüstan ýokdy. Ol adamlara: «Bu görüstan aýak astynda hor bolýar. Men munuň çar tarapyna diwar salaýyn» diýip aýtdy. Adamlar muňa hoşwagt boldular. Pyrgaun görüstanyň hemme tarapyna diwar salyp, onuň bir ýerinden derweze goýdy. Onsoň derwezäniň bir tarapynda Pyrgaun, beýleki tarapynda bolsa Haman oturdy. Her kim merhumyny alyp gelse, ol olardan ilki

başda üç-dört teňňe alyp gömdürerdi. Ol bara-bara olardan bäş teňňe, on teňňe alyp başlady.

Ol baý adam bolsa, ondan ýigrimi-otuz teňňe hem alardy. Bir gün weziriň gyzy öldi. Pyrgaun oňa patyşanyň hatyny görkezip, wezirden müň teňňe alyp gyzy gömdürdi. Ol bu wakany patyşanyň ýanyna baryp beýan etdi. Patyşa: «Men hiç kime munuň ýaly höküm bermändim» diýdi. Patyşa kişi iberip, Pyrgauny öz ýanyna getirtdi. Ol hetsiz-hasapsyz altyn-kümüş alyp, patyşanyň kabulhanasyna geldi. Patyşa ondan: «Ölüden pul almagy saňa kim buýurdy?» diýip sorady. Pyrgaun: «Menden şu wagta çenli hiç kim näme üçin pul alýandygymy soramady. Onuň üçin hem men aldym» diýdi.

Pyrgaunyň bu sözi patyşa hoş geldi. Ol Pyrgauny özüne nöker edip aldy. Ol ýene köp altyn-kümüş patyşanyň hazynasyna berdi. Patyşa ony ýasawul etdi. Dura-bara ony mir ahur wezipesine belledi. Onsoň ony öz geňeşine goşdy. Bara-bara patyşanyň sözi ýanyp, Pyrgaunyň sözi ýanmady. Patyşa ony wezir wezipesine bellemekçi boldy. Pyrgaun wezirligi kabul etmedi. Patyşa ondan: «Sen näme üçin bu wezipäni kabul etmeýärsiň?» diýip sorady.

Pyrgaun: «Patyşa – weziri näme diýse onuň sözüne girer. Men bir garyp adamdym. Men siziň mähribanlygyňyz bilen uly döwlete ýetdim. Men wezir bolanymdan soňrasiz meniň sözüme ynanmarsyňyz. Men bu hormatymdan hem düşüp galaryn» diýdi. Patyşa: «Men sen näme diýseň, şony hem kabul edeýin» diýdi. Pyrgaun: «Beýle bolsa, men size Müsüriň bir ýyllyk harjyny bereýin. Hemme garyp-gedaýlar jemlensin» diýdi. Patyşa: «Beýle bolsa, men senden bu harjy aljak däl. Men ony özümden garyp-gasarlara paýlajak» diýdi. Pyrgaun patyşanyň bu sözüni kabul etmedi. Ahyrynda ol Müsüriň bir ýylky harjyny patyşa berdi. Garyp-gasarlar jemlendi. Onuň beren harjyny olara paýladylar. Pyrgaun bu ýol bilen bäş ýylda gazanan baýlygyny harçlady. Il bol-telkilikde boldy.

Şeýlelikde Pyrgaun dört-bäş ýyl wezir boldy. Pyrgaundan hemme il razy boldy. Ol ahyry bir gün patyşa: «Şu halk zerdar bolupdyr. Habardar bolmak gerek. Pul öz hetdinde, ýurt öz çäginde bolsa ýagşydyr. Birden çäginden aşyp, gul hojasyna garşy gitmesin» diýdi. Patyşanyň köňlünde az-kem wehim peýda boldy. Patyşa öz ýanynda garawullary goýup, ýatmagy çykardy. Pyrgaun assa-ýuwaş ýurduň ketdelerinden üç kişini çagyryp, ant-awy içip: «Men sizden duz iýdim. Duz hakyny saklamasaň bolmaýar. Siz bihabar bolmaň. Patyşanyň gylyk-häsiýeti bozulypdyr. Ol dürli hyýallara düşüp, her hili sözleri menden soraýar» diýdi. Ol şeýdip halkyň köňlüne wehim saldy. Ol patyşanyň ýanyna baryp ant-şert edip: «Eý, patyşahy älem! Men pukaralar seniň garşyňa kasam sözlerini aýdýarlar diýip güman edýärin» diýdi.

Ol şeýdip patyşanyň köňlüne hem wehim üstüne wehim saldy. Patyşa gamgyn bolup: «Men bir ýeke kişidirin, ýurt bolsa köplükdir. Olar birden maňa kast edip, zeper ýetirseler, men näme alaç ederin? Munuň çözgüdi nämedir, eý wezir?!» diýdi. Pyrgaun: «Halk bize kast edýänçä, biz olary pes edeli» diýdi. Pyrgaun köp goýun soýup, ýurduň adamlaryny köşge myhmançylyga çagyrdy. Ol patyşanyň tagtynda oturmagyny teklip etdi. Ol onuň iki tarapynda jellatlary goýdy. Ol: «Indi, adamlar patyşanyň huzuryna bir-birden girip-çyksynlar. Güman eden adamsyna patyşa çäre görsün» diýdi.

Başy garyşan patyşa weziriň bu sözi hoş ýakdy. Ol Pyrgauny janyndan-teninden ýagşyrak gördi. Pyrgaun öýüne gaýtdy. Agşam boldy. Ol birnäçe kişä: «Patyşa sizi myhmançylyga çagyrýar. Şeýdip, ol sizi öldürjek bolýar» diýip, jar çekdirip aýtdy. Adamlar: «Eý, wezir! Bizden size janymyz-malymyz sadaka bolsun. Biziň alajymyzy siz edäýmeseňiz» diýdiler. Pyrgaun: «Beýle bolsa patyşa myhmançylyga çagyrsa, içiňizden sowut, demir don geýip, gylyç-pyçak bilen baryň. Patyşa

içeride oturyp, siziň biriňizi çagyryp alar. Men wagtyny peýläp durup, sizi alyp girerin. Siz köpläp patyşany ýok ediň» diýdi.

Bulara bu maslahat hoş geldi. Ertesi patşa nahar taýýar etmekligi buýurdy. Ol ýurduň ulularyna habar iberdi. Halk içinden demir don, sowut geýip, hanjar-pyçak alyp, top-top bolup geldi. Hemmäni sap-sap edip oturtdylar. Pyrgaun patyşa: «Bu halkyň maslahat edeni rast ekeni. Olaryň hemmesi içlerinden sowut geýip, gylyç-pyçak dakynyp gelipdir» diýdi. Patyşa onuň bu sözlerini eşidip, huşy başyndan uçdy. Ol gorkup wezire: «Indi, biz näme ederis?» diýdi. Pyrgaun: «Men gygyryp olaryň birkisini bu ýere çagyraýyn. Olar girensoň, biz bir alajyny ederis» diýip, çykyp gidip, iki kişini çagyryp geldi.

Görseler, olar içinden sowut geýip, pyçak-hanjar dakynyp gelipdirler. Pyrgaunyň sözi rast çykdy. Patyşa bu iki kişini jellada buýrup öldürtdi. Şol wagt hemme halaýyk çozup girip, patyşany öldürdiler. Pyrgaun haramzadanyň oýlap tapan pirimi amala aşdy. Hemme halk: «Pyrgaun bizi ölümden halas etdi» diýip, ony patyşa saýlap, tagtyň üstünde oturtdylar. Pyrgaun Hamany özüne wezir edip belledi. Ol wagt Müsür halky iki bölekdi. Olaryň biri Ýakup alaýhyssalamyň on iki ogullarynyň perzentleridi. Olara beni Ysraýyl diýerdiler. Ýene biri kybtylardy we kapyrlardy. Pyrgaun beni Ysraýyla zulum we horluk görkezip başlady. Her kimiň agyr işi bolsa, ony beni Ysraýyla işlederdi.

*Sowal:* Beni Ysraýyl Pyrgaunyň goluna näme sebäpden düşdi?

*Jogap*: Nälet siňen Pyrgaun bir gije üç gezek düýş gördi. Onuň birinji düýşünde Nil derýasy howa galyp, ol ýene ýerine gaýdyp geldi we ol hemme halky suwa basdy. Onuň ikinji düýşünde howadan on iki top daragt düşüp kybtylary basdy. Onuň üçünji düýşünde Beýtil-Mukaddes tarapyndan bir ot çykyp, hemme kybtylary basdy we olaryň öýlerini köýdürdi. Emma beni Ysraýyla hiç zeher bermedi.

Pyrgaun ertesi turup, mugabbirleri ýygnady. Ol olardan düýşüni we onuň ýorgudyny sorady. Düýş ýorujylar: «Beni Ysraýyl jemagatyndan bir ogul peýda bolar. Ol seniň ýedi mülküňi harap eder. Belki, ol sizi hem heläk eder. Ol kybtylary öldürer. Biz hem beni Ysraýyla girmeýäris» diýdiler. Bu sözi eşidip Pyrgaunyň huşy başyndan uçdy. Ol beni Ysraýylyň her bir hatynyna bir kybtynyň hatynyny paýlakçy goýdy. Olar eger beni Ysraýylyň hatyny göwreli bolsa, ony Pyrgaunyň ýanyna alyp gelip, garnyny ýaryp, çagasyny ýok etdiler. Pyrgaun olara bäş ýyllap şunuň ýaly zulum etdi. Beni Ysraýylyň erkekleri gorkunjyna hatynlaryna ýakynlyk etmediler.

Pyrgaun iki şäher bina etdirdi. Ol gündüzine beni Ysraýylyň erkeklerine diwar saldyrdy, gijelerine bolsa olaryň erkeklerini bir şähere, aýallaryny bir şähere gabap goýdy. Ol muny är we hatynlaryň goşulmazlyklary üçin etdirdi.

*Şeýle rowaýat edipdirler:* Pyrgaunyň bir has kişisi bardy. Onuň hatynynyň ady Jaýyzdy, äriniň ady bolsa Ymrandy. Onuň hatyny Pyrgaunyň öýünde aýalynyň hyzmatkär gyrnakçasydy. Bularyň iki perzendi, bir ogly we bir gyzy bardy. Oglanyň adyny Harun, gyzyň adyny bolsa Bataşaýyg diýip tutardylar. Palçylar pal atyp: «Bu ýyl şol çaga enesiniň göwresinde galar» diýdiler. Olar ýene bir gün pala garap: «Bu gün ol ogul atasynyň puşt kemerinden enesiniň ýatgysyna geçer» diýdiler. Pyrgaun şäher halkyna: «Erkek jynsy bu gün şäherden çyksyn» diýip, perman berdi.

Onuň özi baş bolup, hemme erkekleri şäheriň daşyna alyp çykdy. Gijäniň bir wagty Ymrana bir ahwal ýüz urdy. Ol hatynynyň ýanyna barmazlyga hiç alaç tapmady. Ol şähere girip, Aşýanyň ordasyna geldi. Hemme derwezeler açyk duran eken. Jaýyza hem onuň gelenine oýandy. Onuň köňlünde aýalyna ýakynlyk meýli döredi. Ol höwesine hergiz çydap bilmedi. Jaýyza daşary çykdy. Olar derhal tapyşdylar, oýnap-gülüşip, biri-birine ýakynlyk etdiler.

Şeýlelikde, Musa alaýhyssalam bu gijede enesiniň göwresinde galdy. Jaýyza Aşýaniň ýanyna, Ymran bolsa Pyrgaunyň ýanyna geldi. Bu güni bir Hudaýtagala, bir hem är-hatyn bildi. Ertir ir bilen palçylar ýene pal atdylar. Olar: «Oglan atasynyň puşt kemerinden enesiniň ýatgysyna geçip karar tapypdyr» diýip aýtdylar. Pyrgaun muňa hiç alaç tapyp bilmedi. Wagt geçip, ol aýalyň aýy-güni ýakyn geldi. Pyrgaun: «Beni Ysraýyldan ogul dogan bolsa olary öldüriň» diýip, olaryň yzynda ýene kişi goýdy. Ol birnäçe wagtlap köp oglanlary öldürip, halka kän zulum etdi. Ol çaganyň ata-enesine ýetmiş dirhem bererdi.

Pyrgaun beni Ysraýylyň her bir hatynynyň yzyna bir kybty aýaly saldy. Emma Jaýyzanyň göwrelidigini hiç kim bilmeýärdi. Çaganyň dogulmaly wagty geldi. Jaýyza gün dogjak wagtynda hamyr etdi. Ol tamdyra ot ýakdy. Bu halatda ondan bir ogul dogdy. Şol wagt palçylar ýene pal gördüler. Palçylar: «Bu gün ol oglan dogulypdyr» diýip aýtdylar. Pyrgaun: «Ähli mähelleleri gözläp şu gün doglan çagalary öldüriň» diýip buýurdy. Gözleýjiler şäheri aýlanyp, Ymranyň öýüne ýetdiler. Jaýyza: «Olar öldürýänçä çagamy özüm öldüreýin» diýip ony ýalynlap duran tamdyryň içine atdy.

Şol wagt yzlaýjylar gelip, bu ýerde çaganyň yzyny tapman, çykyp gitdiler. Jaýyza: «Balamyň tamdyrda nähili kebap bolanyny göreýin» diýip, gelip tamdyra garasa, ol tamdyryň ortasynda dik dur. Onuň bir tar saçy hem köýmändir. Ol bir desse reýhan gülüni ysgap oturypdyr. Jaýyza tamdyra goluny uzadyp, çagany eline aldy. Tamdyryň ody Jaýyzanyň eline hiç täsir etmedi. Şol wagt Allatagaladan: «Eý, Jaýyza! Balaňa süýt ber. Eger gorksaň, ony sandyga salyp, derýa akdyryp goýber. Men ony saňa ýetirerin. Men ony pygamber ederin» diýen owaz geldi.

Jaýyzanyň köňli aram tapdy. Emma ol çagany öýde galdyrmagyň hiç alajy tapylmady. Ol bir agaç yzlap köçä

çykdy. Onuň öňünden bir adam agaç we senetleri bilen çykdy. Bu adam hezreti Jebraýyl alaýhyssalamdy. Jaýyza ony öýüne alyp geldi. Jebraýyl alaýhyssalam oňa sandyk ýasap berdi. Jaýyza balasyny ýagşy emdirip, ony sandyga salyp, derýa atdy. Hudaýtagalanyň emri bilen suw sandygy daň atýança akdyrman, bir ýerde aýlandyryp durdy. Daň atandan soň suw sandygy akdyryp alyp gitdi.

*Aýdypdyrlar:* Nil derýasyndan bir aryk Pyrgaunyň bagyndan ötüp, bir bossanlyga barardy. Hudaýtagalanyň emri bilen Jebraýyl alaýhyssalam sandygy ol aryga saldy. Musa alaýhyssalamyň enesi gyzyna: «Sen ol sandyga uzakdan garap, yzyna düşüp bar. Onuň nirä barýandygyny gör. Emma onuň ýakynyna barma» diýip aýtdy.

Bu sandyk Pyrgaunyň bagyndan ötüp, bossançylyga bardy. Ol ýerde bir howzuň içine düşüp, onda aýlanyp durdy. Şu wagt Pyrgaun Aşýa bilen rowakdan daşary garap durdular. Aşýanyň gözi sandyga düşdi we: «Eý, Pyrgaun! Şol suwda bir sandyk ýöräp barýar. Sen ony maňa berseň!?» diýip aýtdy. Pyrgaun oňa: «Sen ony alaý» diýdi. Aşýa kenizeklerine sandygy alyp gelmekligi buýurdy. Kenizekler baryp ony tutup bilmediler. Çünki olar ony tutjak bolup gol uzatsalar, ol aňry gaçýardy.

Ahyrynda Aşýanyň özi eýwandan düşüp, ol ýere bardy. Ol goluny uzatdy welin sandyk onuň ýanyna süýşüp geldi. Aşýa ony tutup aldy we ony Pyrgaunyň ýanyna alyp geldi. Ol sandygyň agzyny açyp görse, onuň içinde günüň şöhlesi ýaly ýalkym saçyp duran bir oglan bar eken. Pyrgaun ony görüp, gözünden bir damja ganly ýaş akdyrdy we: «Eý, Aşýa müneçjimleriň aýdan oglany şudur» diýip, ony öldürmekligi niýet etdi. Aşýa musulmandy. Ol: «Seniň akylyň ýokmy? Biz muňa terbiýe berip ulaltsak, ol bize perzent bolar. Ol duşmanymyza garşy durar. Muny alyp ulaldanymyz ýagşydyr. Muny biz öldürmäli» diýdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Pyrgaunyň aýaly tapylan oglany görüp: «Bu oglan meniň***

***we seniň üçin gözümiziň röwşeni bolar. Ony siz öldürmäň. Ondan bize peýda bolar diýen umyt bar, ýa-da biz ony özümize ogullyk edineris» diýdi. Olar bu wagt özleriniň heläk bolmagynyň sebäbiniň şu oglan boljakdygyny bilmeýärdiler».***

Pyrgaun hatynynyň bu teklibini kabul etdi. Ol çagany gujagyna aldy. Hudaýtagala Musa alaýhyssalamyň mähir-muhabbetini Pyrgaunyň köňlüne saldy.

Pyrgaun ýetmiş müň çagany öldürdi. Emma bir çagany Hudaýtagalanyň emri bilen öldürmän goýdy. Ol oňa hezzet-hormat edip ulaltdy. Ol oňa Musa diýip at goýdy. Kybtylaryň dilinde «mu» – «suw» diýmekligi, «sa» – «daragt» diýmekligi aňladýar. Aýdýarlar: «Oňa suw bilen daragtyň içinde tapandyklary üçin şeýle at goýdular».

**Rowaýat.** Pyrgaunyň bir gyzy bardy. Ol pis kesiline sataşypdy. Ol sandyga bakyp ýyglardy. Onuň köňlüne: «Men munuň topugyna sürtünsem, derdim aýrylar» diýen pikir geldi. Ol bu oglanyň topugyna sürtündi welin keselinden gutuldy. Bu ýagdaýa Aşýa hem, Pyrgaun hem şat boldy. Olar: «Bu çaga eneke tapyň» diýdiler. Bir enekäni alyp geldiler, çaga ony emmedi. Jemi alty müň süýtli eneke getirdiler. Emma çaga olaryň hiç birini hem emmäge göwnemedi. Musa alaýhyssalamyň uýasy bardy. Ol: «Meniň enemi emdirip görsünler» diýdi.

Pyrgaun bir kişä: «Ol aýaly alyp geliň» diýip buýurdy. Ol kişi Jaýyzany alyp geldi. Jaýyza ol çaga emjegini uzatdy weli, ol ony emmäge başlady. Pyrgaun oňa: «Bu balanyň enesi sen bolaýma? Ol näme üçin başga aýallary emmän, seni emdi?» diýip sorady. Jaýyza: «Meniň süýdüm jana ýakymlydyr. Eger ondan bersem sen hem içersiň» diýdi. Pyrgaun hazynaçylaryna: «Bu aýala her aýda iki ýüz dinar beriň» diýip buýurdy. Her dinar on müň mysgala barabardy. Onuň enesi on müň dinara eýe boldy. Ol çagany iki ýyllap bakdy. Oňa her aýda iki ýüz dinar bererdiler. Ol çaga öz öýünde serederdi.

Bir gün Pyrgaun oňa: «Çagany alyp gel» diýip buýurdy. Şol wagt Jaýyza ony Pyrgaunyň ýanyna alyp geldi. Pyrgaun: «Çagany söýüp, onuň bilen bir salym oýnaýyn» diýip maksat edinipdi. Pyrgaun çagany gujagyna aldy. Çaga onuň sakgalyndan asylyp, ondan bir gyly ýolup aldy. Pyrgaunyň muňa gahary gelip Aşýa: «Bu çaga meniň duşmanymdyr. Men muny öldürerin» diýdi. Aşýa: «Eý, Pyrgaun! Bu bala beni Ysraýyldan däldir. Onsoň ol saňa nireden duşman bolsun? Eger ol biedeplik etse, nadanlykdan edýändir. Eger meniň bu sözüm galat bolsa, biz ony synap göräýeli. Biz bir tabakda ot, başga bir tabakda oda meňzeş ýylan goýaly. Eger ol ýylana gol uzatsa, onuň akyly bardyr. Eger ol oda gol uzatsa, onuň akyly ýokdur» diýdi.

Musa alaýhyssalam ýylana gol uzatjak boldy. Şol pursatda Jebraýyl alaýhyssalam ýetişip, çaganyň goluny oda meýil etdirdi. Çaga goluny oda uzatdy. Çaga ody alyp agzyna saldy. Onuň dili köýdi. Agyrydan ýaňa çaga gygyryp aglady. Aşýa: «Men ol nadanlykdan edýär diýsem siz oňa ynanmadyňyz. Eger onuň akyly bar bolsa, ol şeýle edermidi?» diýdi. Pyrgauna bu söz makul boldy.

*Sowal:* Çaga oda gol uzatdy. Onuň goly köýmedi. Emma ol ody agzyna saldy weli, onuň dili köýdi. Bu ýerde näme hikmet bardyr?

*Jogap:* «Ol çaga bir gezek Pyrgauna «ata» diýdi. Bu sebäpden onuň dili köýdi. Çaga Pyrgaunyň sakgalyndan goly bilen tutup, ondan ýoldy. Bu sebäpden onuň goly köýmedi» diýipdirler. Musa alaýhyssalamyň dili bu sebäpden biraz peltek boldy. Ol bir sözde «sin» harpy gelse, ony «şin» bilen aýdardy. Ol bir sözi hem dürs aýdyp bilmeýärdi. Onuň üçin onuň Harun agasyny pygamberlikde özüne şärik etdiler. Harun açyk sözlüdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Meniň özümden uly doganym Harun gepleşmekde menden ökderäkdir. Şonuň***

***üçin ony meniň bilen iber. Ol kömekçi bolup, meniň sözümi tassyklar».***

Aşýa hatyn Musa alaýhyssalamy Pyrgaunyň golundan ýüz müň hile bilen gygyrdyp aldy. Ol çaga ulalyp ýigrimi ýaşyna ýetdi. Ol ýüwrük atlar münüp, ýagşy serpaýlar geýip, yzyna ýüz ýigrimi kişi tirkäp, şäheri, sähralary tomaşa edip ýörerdi. Ony gören adamlar: «Pyrgaunyň ogly gelýär» diýip, oňa hezzet-hormat ederdiler. Ol bir gün ata atlanyp bazara bardy. Ol bazary tomaşa edip ýörüşine bir ýerde bir kybtynyň bir beni Ysraýyly tutup oňa: «Bu oduny orda alyp bar» diýip, ony urup duranyny gördi. Ol kybtynyň ady Kanundy. Ol Pyrgaunyň şugulçysydy. Beni Ysraýylynyň ady Samiridi. Samiri Musa alaýhyssalama taryndaşdy. Musa alaýhyssalamyň oňa rehimi geldi. Ol kybta: «Sen muny goýber. Sen oňa azar berme» diýdi. Emma kybty onuň bu teklibine göwnemedi. Hezreti Musa alaýhyssalamyň muňa gahary geldi. Onda gujur-gaýrat peýda boldy. Ol kybta bir ýumruk urdy weli ol öldi. Bu wakany Samiriden başga hiç kim bilmedi. Kobtynyň jesedi ol ýerde galdy. Hezreti Musa Samirini gaçyrdy. Kobtyny öldüreni tapyp bilmediler. Pyrgaun: «Ony göre goýuň» diýip buýurdy.

Musa alaýhyssalam bu günüň ertesi ýene bazara çykdy. Görse Samiri ýene biri bilen urşup dur. Musa alaýhyssalam: «Sen nähili adamsyň? Her gün biri bilen uruşýarsyň» diýdi. Ol Samirä bir şarpyk urdy. Samiri: «Sen düýn bir kişini öldürdiň. Indi, sen meni hem öldürmekçimi?» diýdi. Musa alaýhyssalam dymdy. Pyrgaun şugulçyny göre goýup, onuň aşyny-suwuny berip boldy. Pyrgaunyň gahary gelip: «Kanuny öldüreni tapyň. Eger ol meniň Musa oglum hem bolsa, men onuň hununy alaryn» diýdi. Pyrgaunyň üç häsiýeti bardy. Biri, onuň eli açykdy, ikinjisi, ol ýoly ogry-garakçylardan aman saklardy, üçünjisi, ol her bir işde ýüz görmän adalatlylyk ederdi.

## *IKINJI PASYL*
## MUSA ALAÝHYSSALAMYŇ MEDÝENE BARMAGYNYŇ BEÝANY

Samiriniň sözüni adamlar eşitdiler we ony patyşa gelip aýtdylar. Pyrgaun beglerini ýygnap, geňeşdi. Ol: «Men Musadan: «Ahyry ol maňa duşmanlyk eder» diýip gorkýaryn. Biz ony tutup öldürsek nähili bolar? Ol adam öldüripdir» diýdi. Olar: «Ony siziň özüňiz ýagşy bilýärsiňiz» diýdiler. Şol wagt Musa alaýhyssalamyň ýanyna Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Musa! Men saňa ynamly nesihatçydyryn. Eger sen şäherden çykyp uzaga gaçmasaň, Pyrgaun seni Kanunyň huny üçin öldürer» diýdi.

Ýene bir rowaýatda: «Mömin diýen bir kişi bardy. Ol Musa alaýhyssalamy Pyrgaunyň Kanun üçin öldürmekçi bolýandygyndan habar edipdir» diýip aýdylypdyr.

Üç kişi gözüni açyp-ýumýança, hiç bir salym bu dünýäde Allatagaladan gapyl bolmady. Olaryň biri, Muhammet alaýhyssalam, ikinjisi, möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala onuň ýüzüni keramatly etsin!) üçünjisi, şol Mömin. Ýene bir rowaýatda: «Pyrgaunyň Jezil atly bir hazynaçysy bardy. Ol hem göz açyp-ýumasy salym Allatagaladan gapyl bolmady» diýilipdir.

Nälet siňen Pyrgaun dört ýüz ýyllap: ***«Men siziň iň beýik Taňryňyzdyryn»*** diýip hudaýçylyk dawasyny etdi. Jezil onuň bu halyna laýyk hiç bir delil tapyp bilmedi.

Elkyssa, Musa alaýhyssalam Müsürden çykyp, ýedi gije-gündiz aýak ýalaňaç ýol ýöredi. Onuň aýaklary gabaryp, dabanlary deşildi. Ol: «Eý, Taňrym! Meni bu sütemkärden halas et» diýip, Allatagala arz etdi. Musa alaýhyssalam birden bir guýynyň üstünden geldi. Birnäçe adamlar guýynyň agzyny açyp goýun-düýesine suw berip, ýene guýynyň agzyny bir uly daş bilen ýapyp gitdiler. Musa alaýhyssalamyň garny aç bolup, bir daragtyň saýasynda otyrdy. Iki gyz bäş-alty top goýny alyp

geldi. Olar görseler, adamlar eýýäm mallaryny suwa ýakyp gidipdirler. Olar: «Indi biz näme alaç ederis?» diýip ýygladylar. Musa alaýhyssalam olardan: «Eý, gyzlar! Siz näme üçin ýyglaýarsyňyz?» diýip habar sorady. Gyzlar: «Biziň goýunlarymyz üç günden bäri teşnedir. Bu ýerde daýaw adamlar bardy. Olar gelip, guýynyň agzyny açyp, mallaryny suwa ýakardylar. Şonda biz hem gelip, malymyzy suwa ýakardyk. Olar gelip, mallaryny suwa ýakyp giden ekenler. Indi biziň malymyz suwsuzlykdan ýaňa heläk bolar» diýip aýtdylar. Musa alaýhyssalam olardan: «Eý, gyzlar! Siz kimiň gyzlary bolarsyňyz?» diýip sorady. Olar: «Biz Şugaýp pygamberiň gyzlarydyrys» diýdiler.

Musa alaýhyssalamyň olara rehimi geldi. Ol guýynyň agzyndaky daşy aýyrdy we gyzlaryň goýunlary ýagşy ganýança suw çekip berdi. Ol goýunlar ömürlerinde hergiz munuň ýaly doýup suw içen däldirler. Gyzlar hoşnut bolup, goýunlaryny alyp gitdiler. Hezreti Musa alaýhyssalam daragtyň astynda oturyp galdy. Ol: «Eý, Taňrym! Maňa bir tagam bermeseň, men näçe günden bäri açdyryn. Men bu beýewanda ýalňyzdyryn» diýip ýyglap Allatagala arz etdi. Allatagala onuň bu dilegini kabul etdi.

Ol gyzlar atalarynyň ýanyna bardylar. Atalary goýunlaryň garnyny sypalap gördi. Gyzlary her gün mallary sähradan alyp gelenlerinde, mallaryň her biriniň garnyny sypalap görmek onuň adatydy. Ol görse bu gün mallar öňküsinden gowy doýupdyr. Olar asla munuň ýaly doýmandylar. Ol gyzlaryndan: «Siziň malyňyz öň munça doýmazdy. Bu gün nähili beýle boldy?» diýip sorady. Gyzlary: «Eý, ata! Biz ol ýere barsak, halk mallaryny suwa ýakyp, guýynyň agzyny berkidip giden ekenler. Guýynyň ýanynda bir mysapyr ýigit oturan eken. Ol guýynyň agzyndan daşy aýyrdy we biziň goýunlarymyzy suwa ýakyp berdi. Onsoň biz öýe tarap gaýtdyk» diýip aýtdylar. Atalary: «Siz gidip, ol ýigidi meniň ýanyma çagyryp geliň. Oňa tagam bereli» diýdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Iki***

***gyzyň biri utanyp Musanyň ýanyna geldi we oňa: «Meniň atam seni biziň goýnumyzy suwa ýakanyň üçin muzduňy bermäge çagyrýar» diýdi»***.

Ol gyzyň ady Safurady. Musa alaýhyssalam ýerinden turdy. Gyz onuň öňünden ýöredi. Musa alaýhyssalam: «Eý, gyz! Men öňden ýöräýin. Siz meniň yzymdan ýöräň. Birden size meniň gözüm düşse, onda biziň ikimiz hem günäkär bolarys. Haçan men ýoly ýalňyşsam, sen meniň yzymdan daş atyp yşarat et» diýdi. Şeýlelikde Musa alaýhyssalam öňden, Safura onuň yzyndan ýöräp, olaryň öýlerine geldiler.

Hezreti Musa Şugaýp alaýhyssalama salam berdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: «Musa alaýhyssalam hezreti Şugaýbyň ýanyna geldi we ol oňa Pyrgaun bilen bolan wakany beýan edip berdi. Şugaýp alaýhyssalam oňa: ***«Sen indi gorkma. Çünki sen zalymlaryň kowumyndan halas bolduň».*** Onuň hökümi bu ýere ýöremez» diýdi. Şugaýp alaýhyssalam hezreti Musa çaý-nahar berdi. Onsoň Musa alaýhyssalam turup gidermen boldy. Şugaýp alaýhyssalamyň gyzlary: «Eý, ata! Bu ýigidi hyzmatkär edip alyp galsaňyz. Ol güýçli, kuwwatly hem şerimhaýaly, ynamdar eken» diýdiler. Şugaýp alaýhyssalamyň gahary gelip: «Siz ony synap görmezden, onuň güýçlüdigini, kuwwatlydygyny nähili bilýärsiňiz?» diýdi. Safura: «Kyrk kişiniň göterip bilmeýän daşyny onuň ýeke özi göterip taşlady. Men ony bu ýere alyp gelýärkäm, ol meni öňden ýöretmedi. Ol maňa: «Meniň size gözüm düşse, onda ikimiz hem günäkär bolarys» diýdi» diýip aýtdy. Gyzynyň bu sözüni Şugaýp alaýhyssalam makul bildi. Ol: «Eý, ogul! Sen keseki ýolagçy bolsaň hem bu ýerde gal. Men saňa iki gyzymyň birini bereýin» diýdi. Bu mazmunyň delili şu aýatdyr: «Şugaýp alaýhyssalam Musa pygambere: ***«Sen maňa sekiz ýyl hyzmatkär bolsaň, men şu iki gyzymyň birini nikalap bermegi niýet edýärin. Sen on ýyl hyzmatkär bolup berseň, ol öz ygtyýaryňdadyr»*** diýdi». Musa alaýhyssalam: «Meniň öýlenmäge ýara-

gym ýokdur. Galyň bereýin diýsem meniň malym ýokdur» diýdi. Şugaýp alaýhyssalam: «Men saňa galyňsyz gyzymy bersem, sen onuň üçin meniň goýnumy sekiz ýyl bakyp ber. Eger sen on ýyl baksaň, men saňa inji hem bereýin» diýdi. Musa alaýhyssalam öz-özüne: «Eger men goýun baksam, Allatagala islese sabyrly bendelerden bolaryn» diýdi.

Elgaraz, Musa alaýhyssalam sekiz ýyl goýun bakdy. Şugaýp alaýhyssalam Safurany oňa nikalap berdi. Bir gün Şugaýp alaýhyssalam Safura gyzyna: «Sen hasahana girip, bir hasa alyp çyk» diýdi. Safura ol ýerden bir hasany alyp çykdy. Şugaýp alaýhyssalam bu hasany sypalap görüp: «Bu hasany yzyna goýup, ol ýerden başgasyny alyp çyk» diýdi. Gyz jaýa girip, ýene bir hasany alyp çykdy. Şugaýp alaýhyssalam: «Bu hasa hem däl. Başgasyny alyp çyk» diýdi. Ol şu tertipde kyrk gezek hasa alyp çykdy. Iň soňunda Şugaýp alaýhyssalam: «Ine, şu hasa bolýar. Bu hasa Adam alaýhyssalamyň hasasydyr. Ol kime ýetse, şol kişi pygamber bolýandyr. Eý, gyzym, belki bu giýew pygamber bolar» diýdi. Şugaýp alaýhyssalam hezreti Musa ýüzlenip: «Goýunlary pylan ýere alyp barmaň. Onda aždarhanyň mekany bardyr. Ol ýere kim barsa heläk bolýandyr» diýdi.

Emma Musa alaýhyssalam goýunlary şol ýere alyp bardy. Ol taýagyny ýanynda goýup uklady. Onuň goýunlaryna şol aždarha kast etdi. Musa alaýhyssalamyň hasasy aždarha öwrülip, ol aždarhany ýuwutdy. Onsoň ol ýene taýak bolup ýerine geldi. Musa alaýhyssalam bu syrly wakany görüp, şady-horram boldy. Ol agşam öýüne gelip ýatdy. Ol günüň ertesi Şugaýp alaýhyssalam: «Eý, Musa! Bu ýyl haýsy goýun ak guzlasa sen ony al» diýdi. Ol ýyl hemme goýunlar ak guzy guzlady. Hezreti Musa olary aldy. Soňky ýyl Şugaýp alaýhyssalam: «Eý, Musa! Bu ýyl haýsy goýun ala guzlasa, sen şony al» diýdi. Bu ýyl goýunlaryň bary ala dogdy. Musa alaýhyssalam olary hem aldy. Tiz wagtda onuň goýun-guzylary köp boldy.

Elkyssa, Musa alaýhyssalam on ýyl goýun bakdy. Ol ene goýunlary sagdy. Hezreti Musa Şugaýp alaýhyssalamdan rugsat sorap, malyny-baýlygyny, bala-çagalaryny alyp göçdi we ol Şamdan Müsür tarapyna ýola rowana boldy.

Ol birnäçe gün ýol ýöredi. Bir gije ýagmyr ýagdy. Safuranyň hamylalyk derdi tutdy. Goýunlara böri degdi. Çakmaklar çyg bolup, ot almady. Hemme zatlar öl boldy. Bu ýagdaýa Musa alaýhyssalam bikarar boldy. Bu dünýä gaty garaňky boldy. Musa alaýhyssalam gorkdy. Onuň gözüne ýakyn ýerde ot göründi. Ol Safura: «Men baryp, ol otdan getireýin. Sen bu ýerde maňa garaşyp dur» diýdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Musa alaýhyssalam öz ähline: «Siz şu ýerde duruň. Men bir ody gördüm. Belki men size şol otdan bir bölek közi getirerin»*** diýdi.

Ol birnäçe ýol ýöräp, ol ýere ýetdi. Olaryň arasy üç ýüz parsahdy. Allatagalanyň permany bilen perişdeler ýeriň tanapyny tartdylar. Musa alaýhyssalam ol ýere bir sagatda ýetdi. Ol görünen ot daragtyň ujunda, Tur dagynyň üstünde eken. Hezreti Musa ol ýere gadam goýdy. Ol bir top tal agajyny gördi. Käbir alymlar: «Ol Eýmen daragtydyr» diýipdirler. Musa alaýhyssalam bir gury zat tapyp, ony hasasynyň ujuna baglap, ol oda tutdy. Ot ýokary howur urdy. Musa alaýhyssalam haýran galdy. Şol wagt ol daragtdan: ***«Men älemleriň hökümdary bolan Allatagaladyryn»***. Hudaýlyk diňe maňa ýaraşar. Ol menden özgä degmez. Barja mahlugy ýaradan mendirin. Menden özge kişi: «Men hem ýaradaryn» diýse, men ony heläk ederin» diýen owaz geldi. Musa alaýhyssalam ýene: ***«Eý, Musa! Men seniň Taňryňdyryn. Sen köwüşleriňi çykar. Sen Tuwa atly päk meýdandasyň»*** diýlen bir owaz eşitdi. Musa alaýhyssalamyň aýaklarynda eşegiň derisinden oňarylan çarygy bardy. «Köwüşleriňi çykaryp taşla» diýmekliginiň sebäbi şunuň üçindir. Ýene bir rowaýatda onuň köwşünden maksat: «Sen hatyn, bala-çagaňy köňlüňden çykar diýmeklikdir» diýlip aýdylýar.

Musa alaýhyssalam ýene: ***«Eý, Musa! Seniň sag eliňdäki zat nämedir?» diýen bir owazy eşitdi***. Musa alaýhyssalam: ***«Ol meniň hasamdyr»*** diýdi. Men oňa daýanýaryn we goýunlaryma ýaprak kakyp berýärin. Ondan başga hem onuň gerekli ýerleri bar» diýdi. Bu ýerde Allatagalanyň maksady: «Musa alaýhyssalamyň köňlündäki haýran galmaklygy bir tarap etmekdir, ýagny aýyrmak, onuň ünsüni jemlemek we ony gorkmaz ýaly etmekdi.

## *ÜÇÜNJI PASYL*
## MUSA ALAÝHYSSALAMYŇ HASASYNYŇ HÄSIÝETLERINIŇ BEÝANY

Ol hasanyň ady Lugbadyr. Eger hezreti Musanyň miwe iýmek ýadyna gelse, ol ony ýere sanjardy. Şol wagt ondan şahalar, her şahasynda bolsa, bir görnüşli miwe peýda bolardy. Ol ondan alyp özi hem iýerdi, başgalara hem bererdi. Ony ýerden alsa, ol ýene hasa öwrülerdi. Ol bir ýere ýola çyksa ony münerdi. Ol atdan ýyndam ýörärdi. Ony ýere goýsa, ol uly gara ýylan bolardy. Onuň gözlerinden çyra ýaly şugla ýanyp, agzyndan ot çykyp, nagra urup durardy. Ol bir garyş ýaly hem bolardy. Eger ol islese, uly daragtlary hem ýumrup alardy. Ol çukurlygy ýüz gulaç ýerden suw çykarardy. Näçe köp adam bolsa sirap kylardy. Ony derýa salsa, köpri bolardy, howa uzatsa, süýnüp buluda ýeterdi. Bu hasa bilen Nuh alaýhyssalam Iwaj bin Ynagyň depesine uranda, ol ölüpdi. Musa alaýhyssalam: «Bu hasanyň her bir işe lazymy bardyr» diýende, Allatagaladan: ***«Eý, Musa! Hasaňy eliňden taşla» diýen bir owaz geldi. Musa alaýhyssalam hasany taşlady welin, ondan dört aýakly uly ýylan peýda boldy we ol töwerege ýöremäge başlady».*** Musa alaýhyssalam ondan gorkdy. Allatagala: ***«Sen ondan gorkma. Sen hasaňy tut. Biz häzir ony öňküsi ýaly hasa ederis»*** diýdi.

*Sowal*: Ybraýym alaýhyssalam Nemrudyň odundan gorkmady. Musa alaýhyssalam hasanyň ýylan bolanyndan gorkdy. Munuň sebäbi nämedir?

*Jogap:* Ol ot mahlugyň işidi. Ybraýym alaýhyssalam Halyga – Ýaradana ynandy. Bu sebäpden onuň köňlüne gorky düşmedi. Emma hasanyň ýylan bolmagy Halygyň görkezen gudratydy. Onuň üçin Musa alaýhyssalam gorkdy. Ol nur onuň goluna gondy. Allatagaladan: ***«Eý, Musa! Eliňi goltugyň aşagyna sal-da çykar. Eliň günüň şöhlesi ýaly ak halda bolar» diýen owaz geldi.*** Onuň bu eline «Ýedun baýza» diýerdiler.

Musa alaýhyssalam bu iki mugjyzany görende, onuň ýüregi togtady. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen maňa bu iki gudraty näme iş üçin berdiň?» diýip sorady. Allatagaladan: «Sen Müsüre baryp, Pyrgauna: «Sen Taňry däl. Sen mahluksyň. Allatagala saňa bendeçilik etmegi we öňki günäleriňden puşman bolup, toba etmegi buýurýar» diý» diýen owaz geldi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men ýalňyzdyryn. Men adam öldüripdim. Pyrgaunyň ýanyna barsam, onuň meni öldürjekdigini özüň bilýärsiň» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Men saňa iki sany hüjjet berdim. Olaryň biri ak el, beýlekisi bolsa hasadyr. Bular sende dursa, hiç kim saňa zyýan edip bilmez. Saňa hiç kim goluny uzadyp bilmez» diýen owaz geldi.

Şol wagt Musa alaýhyssalam dört sany zat diledi. Olaryň biri şu aýatdan mälimdir: ***«Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň köňlüm aç we ony röwşen et. Meniň işimi aňsat et». «Meniň dilimdäki peltekligi aýyr. Olar meniň sözüme pähim etsinler» diýdi. Ýene biri: Ol: «Meniň öz kuwwatymdan doganym Haruny wezir et». Ýene biri: Ol: «Biziň köp ybadat we zikr edip Seni ähli aýplardan päklerimiz ýaly meniň etmeli işlerimde Haruny hem şärik et» diýdi.*** Allatagala Musa alaýhyssalamyň dört dilegini hem kabul etdi. Oňa: «Eý, Musa! Sen Harun bilen baryp Pyrgauny dogry ýola ünde we oňa ýumşak sözläň» diýen perman boldy.

*Sowal:* Allatagala ol ikisine: «Pyrgaun bilen ýumşak sözleşiň» diýdi. Bu ýerde nähili hikmet bardyr?

*Jogap:* «Siz oňa gaty sözlemeseňiz, ol hem size gaty sözlemez. Araňyzda jeň hem göripçilik peýda bolmaz. Şonuň üçin siz ýumşaklyk bilen sözleşiň». Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Belki ol pent-nesihat alar ýa-da ol Allatagalanyň azabyndan gorkar»***.

*Ýene bir jogap*: «Pyrgaunyň sende haky bardy. Ol saňa oglum diýip, ýagşy seretdi. Sen onuň bu hakyny unutma» diýdi.

**Peýda.** Hudaýtagala duşmanyna pygamber iberende «Gaty sözleşme» diýdi. Biz asylara Ezraýyl perişdäni jan almaga iberende oňa: «Bendämi gaty tutma, oňa ýumşaklyk et» diýse rowa dälmi? Ýene Allatagala: «Eý, Musa! Pyrgaun size gaty sözlese, siz: «Lä ilähe illalla» diýiň. Eger ol batyl dawasyndan ýanyp, dogry ýoly kabul etse, siziň pygamberligiňiziň rastlygyna kaýyl bolsa, men oňa üç zady keramat ederin. Ol üç zat bu älemde hiç kime miýesser etmez. Birinji, Men oňa täzeden ýigitlik bereýin; ikinji, ony Günbatardan Gündogara çenli patyşa edeýin; üçünji, oňa öňki gören ömrüçe ömür berýin» diýip aýtdy.

Musa alaýhyssalam bu kelamy eşidip, Tur dagyndan düşüp, Safuranyň ýanyna geldi. Görse, ýagmyr dynypdyr. Safura ýeňillik bilen dogupdyr. Ol goýunlary bakyp durupdyr. Onuň hemme işleri ýerbe-ýer bolupdyr. Musa alaýhyssalam Hudaý-tagala şükür etdi. Daň atdy. Olar Müsür tarapyna göçüp, ýola rowana boldular.

Şol gije Harun düýş gördi. Oňa bir kişi: «Seniň Musa atly doganyň gelýär. Onuň öňünden çyk» diýdi. Ol şol wagt oýan-dy. Şäherden çykdy. Musa alaýhyssalam egnine çäkmen, aýa-gyna bolsa çaryk geýip gelýärdi. Ol Harun alaýhyssalama ýolukdy. Harun alaýhyssalam ony tanamady. Musa alaýhysa-lam ony tanady. Harun alaýhyssalam ondan: «Sen kim bolar-

syň?» diýip sorady. Musa alaýhyssalam oňa: «Men gulduryn» diýip jogap berdi. Harun alaýhyssalam: «Sen kimiň guly bolarsyň?» diýip sorady. Musa alaýhyssalam: «Men Allatagalanyň guludyryn» diýdi. Harun alaýhyssalam: «Allatagala kimdir?» diýip sorady. Musa alaýhyssalam aýtdy: «Ol seni, meni we hemme älem-jahany ýaradandyr» diýdi. Harun alaýhyssalam: «Taňrynyň sypaty nähilidir?» diýip sorady. Musa alaýhyssalam: ***«Ol – özünden başga hudaý bolmadyk Alladyr. Ol gizlin we äşgär zatlary bilijidir. Ol çäksiz mähribandyr we möçbersiz rehimdardyr» diýip aýtdy.*** Harun alaýhyssalam: «Sen nireden gelýärsiň?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men Medýenden gelýärin» diýdi. Harun alaýhyssalam: «Medýen ilinde Musa atly bir kişini görmediňmi?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Ol nähili kişidir?» diýdi. Harun alaýhyssalam: «Ol uzyn boýly, owadan ýüzli we dili peltek kişidir. Ol beni Ysraýyldan garyplyk sebäpli ol ýere düşendir. Ol Şugaýp pygamberiň goýun çopanydyr» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Sen ol garyndaşyňy görseň tanarmyň?» diýdi. Harun alaýhyssalam: «Hawa, men ony görsem tanaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Hany seniň tananyň? Men Musadyryn» diýdi. Harun alaýhyssalam ýyglap turup, onuň bilen görüşdi we oňa: «Seniň hatynyň bilen goýunlaryň nirede?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Olar beýewanda. Men olary Hudaýtagala tabşyryp geldim» diýdi.

Musa alaýhyssalam Müsüre gadam goýanda, onuň hasasyndan başga hiç zady ýokdy. Bu wagt ýassy namazynyň wagtydy. Ol Müsüre girip, enekesiniň işigini kakdy. Onuň enekesi Batşaýyg çykyp: «Sen kimsiň?» diýdi. Ol: «Men myhmandyryn» diýdi. Enekesi içeri girip ýagdaýy onuň enesine aýtdy. Enesi oňa: «Işigi aç» diýdi. Ol işigi açdy. Musa alaýhyssalam garaňkyda otyrdy. Şol wagt Harun ýokdy. Harun gelenden soň çyra ýakdylar. Olar tanyşdylar. Musa alaýhyssalam hemmesi bilen görüşdi. Ol on ýylyň içinde bolan wakalary birin-birin beýan etdi.

Ondan soň Musa alaýhyssalam Harun alaýhyssalama: «Men Tur dagynda Allatagala bilen sözleşdim. Ol seni maňa şärik etdi. Ol ikimizi Pyrgauna ilçi edip iberdi. Biz ertir Pyrgaunyň ýanyna baryp, oňa Hudaýtagalanyň emr-u-permanyny ýetireli» diýdi. Harun alaýhyssalam: «Pyrgaunyň leşgeri köpdür. Biz ikimiz onuň ýanynda ejizdiris. Biz muňa näme alaç ederis?» diýdi. Ol ikisi: «Eý, Taňrymyz! Biz onuň bilen niçik barabarlyk ederis?» diýip mynajat etdiler. Allatagaladan: «Eý, Musa we Harun! Siz hiç gorkmaň. Sizi saklaýjy mendirin» diýen owaz geldi. Harun alaýhyssalam: «Eger ol bizden keramat talap etse, biz näme ederis?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Meniň bu hasam bilen elim ikisi-iki keramatdyr» diýip olary Harun alaýhyssalama görkezdi.

## *DÖRDÜNJI PASYL*
## MUSA WE HARUN ALAÝHYMASSALAMYŇ PYRGAUNYŇ ÝANYNA BARMAKLARYNYŇ BEÝANY

Musa alaýhyssalam egnine çäkmen, aýagyna çaryk, başyna telpek geýip, Pyrgaunyň derwezesinden girdi. Pyrgaunyň ýasawullary köpdi. Olar ony köşge girizmediler. Musa alaýhyssalam haýbat bilen owaz etdi. Olar bihuş bolup ýykyldylar. Musa we Harun alaýhymassalam derwezeden içeri girdiler.

Derwezeden aňyrda bir meýdan bardy. Ol meýdanda şir, peleň we gaplaň bardy. Bu ýerden hiç kim ötüp bilmezdi. Bu wagty janawarlar Harun we Musa alaýhymassalamy görüp, olaryň ýanyna gelip, aýaklaryny ýüzlerine sürtüp, başlaryny ýere goýup ýatdylar. Bu ikisi ol meýdandan ötüp Pyrgaunyň işigine gelip: «Men beýik Taňrynyň ilçisidirin» diýdi. Pyrgaun bu owazy eşidip: «Sen kimsiň?» diýdi. Ol: «Men Musadyryn» diýdi. Pyrgaun Musa alaýhyssalam bilen görüşdi we: «Bu kim?» diýip sorady. Musa alaýhyssalam: «Bu meniň agam Harundyr. Ikimizi Allatagala size ilçi edip iberdi. Biz Allata-

galnyň pygamberidiris. Biz seniň ýanyňa geldik» diýdi. Pyrgaun: «Siz näme iş bilen geldiňiz?» diýdi. Olar: «Hudaýtagalanyň buýrugy şeýle. Siz beni Ysraýyly bize berersiňiz. Seniň özüň biziň ýolumyza düşersiň» diýdiler. Pyrgaun: «Eý, Musa! Men seni bakyp ulaltdym. Men saňa perzendim diýdim. Indi, seniň maňa etjek işiň şeýle boldumy? Sen bu ýerden bir kişini öldürip gaçyp gitdiň» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Meniň ony öldürmegim kastdan däldi. Ol iş säwlik bilen boldy. Men onuň üçin senden gorkup gaçyp gitdim. Hudaýtagala maňa pygamberlik berip, mertebeledi. Ol meni: «Pyrgauny yslama çagyr» diýip, seniň üstüňe iberdi. Sen indi: «Lä ilähe illalahu, Musa kelimullahi» diý» diýdi.

Pyrgaun bu sözlere dergazap bolup, Musa alaýhyssalamy tutmaklygy buýurdy. Şol wagt hezreti Musa alaýhyssalam hasany ýere taşlady. Bir aždarha peýda boldy. Ol her tarapa hemle urup, otuz-kyrk nökeri demine tartyp ýuwutdy. Galanlary gaçyp, hersi bir ýerde gizlendiler. Ondan soň aždarha Pyrgauna hemle urdy. Ol tagtyny taşlap, Musa we Harun alaýhymassalamyň aýagyna ýykylyp, olardan aman diledi. Musa alaýhyssalam hasasyny eline aldy. Pyrgaun haramzada gorkup, zähresi ýarylyp, birnäçe kapyrlaryň arasyna gaçyp girdi. Az pursatdan soň ol huşuna gelip: «Eý, Musa! Sen şu wagta çenli nirede bolduň? Sen meniň ýanyma näme işe geldiň?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men Tur dagyndan Hudaýtagalanyň permanyny saňa ýetirmäge geldim. Sen özüňe men taňrydyryn diýýärsiň. Sen Allatagalanyň bir kemine gulusyň. Sen bu batyl sözüňden dän we eden işleriňe puşman et. Sen: «Lä ilähe illallahu, Musa kelimullahi» diý». Pyrgaun: «Sen özüňe «Musa kelimullahi» diýeniň nämedir?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men Allatagala bilen hiç bir serişdesiz sözleşdim. Men älemjahanlaryň hökümdaryndan söz eşidip, saňa bu zatlary aýdýaryn» diýdi. Pyrgaun: «Sen Ondan maňa näme alyp geldiň?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men saňa Allatagalanyň buýru-

gyny alyp geldim. Sen onuň iberen pygamberine kaýyl bol. Sen hemme eden işleriňden dän. Allatagala seniň günäleriňi ötüp ýalkar» diýdi. Pyrgaun: «Eger men bu kelemäni aýtsam, Allatagala maňa näme berer» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Ol saňa täzeden ýigitlik berer, seni Magrypdan Maşryga çenli patyşa eder, ýene saňa dört ýüz ýyl ömür berer» diýdi. Pyrgauna bu söz ýagşy ýakdy. Bu söz onuň gulagyna hoş geldi. Ol: «Eý, Musa we Harun! Men wezir-beglerim bilen maslahat edeýin. Olar näme diýse, men şol söz bilen bolaýyn. Häzir siz garaşyp duruň» diýdi.

Pyrgaun Hamanyň baştutanlygynda wezir-wekillerini jemledi. Ol: «Musa pygamber bolupdyr. Ol bizi Allatagalanyň tarapyna ündeýär. Ol ýagşy wadalary berýär. Maňa uzak ömür, ýigitlik we patyşalyk wada edýär» diýdi. Haman: «Bu nähili namyssyzlykdyr. Sen men hudaý diýip lap urardyň. Indi, sen bendeligi isleýärmisiň? Eger seniň ýigit bolmaga arzuwyň bar bolsa, men seni ýigit edeýin» diýdi.

Ol onuň sakgalyny gara reňke boýap goýdy. Bu günüň ertesi ol ähline ýigit bolup göründi. Pyrgaun hoşal bolup: «Men ýigit boldum» diýdi. Musa alaýhyssalam gelip: «Eý, Pyrgaun! Men saňa ynamly nesihatçydyryn. Sen öten ömrüňe puşman et. Sen meniň pygamberligimi ykrar et» diýdi. Pyrgaun: «Seniň pygamberligiňe güwälik barmy?» diýdi. Musa alaýhyssalam ýedun baýzany – ak elini görkezdi. Pyrgaun: «Ýene näme güwälik bar?» diýdi. Musa alaýhyssalam hasasyny ýere taşlady. Ol öňküsinden hem haýbatlyrak aždarha boldy. Onuň haýbatyndan asman-u-ýer titredi. Pyrgaun: «Eý, Musa! Hasaňy goluňa al» diýdi. Musa alaýhyssalam hasasyny eline aldy. Ol ýene hasa öwrüldi. Pyrgaun: «Eý, Musa! Siz ertir geliň. Men size ertir jogabymy aýdaýyn» diýdi. Hemme beni Ysraýyl: «Pyrgaun musulman boljak» diýip hoşwagt boldy. Ondan soň Pyrgaun Hamany çagyryp: «Eý, Haman! Meniň Musanyň sözüne köňlüm bar. Onuň sözi maňa makul» diýdi. Nälet siňen

Haman: «Eý, Pyrgaun! Sen näçe ýyldan bäri taňrylyk dawasyny etdiň. Indi, sen bendeligi saýlap alýarmysyň? Sen näme sebäpden Musadan gorkýarsyň? Musa hemmeler ýaly bir kişidir. Ony öldürip bolmazmy? Eger sen ondan gorksaň, bize bu işi buýur. Biz ony öldüreli» diýdi. Pyrgaun: «Onda iki zat bar. Men olardan ýaman gorkýaryn. Onuň biri hasasy, ýene biri eli.

Ol eger elini goýnuna sokup çykarsa, ol aýdan-günden röwşenräk bolýar. Bu dünýäniň adamlary oňa bakyp bilmezler. Olaryň gözleri haýranda bolar. Men ondan gorkýaryn» diýdi. Haman: «Eý, Pyrgaun! Musa bizden gaçyp gidip, jadylygy öwrenipdir. Bizde hem jadygöýler bardyr. Olara buýursak, nähili bolar» diýdi. Ertesi Musa we Harun ýene geldiler. Olar ýene Pyrgauna: «Bu beni Ysraýyl halkyny bize ber. Özüň musulman bol» diýdiler.

Pyrgaun jogap aýtjak bolanda, Haman ýerinden turdy. Musa alaýhyssalam: «Eý, Haman! Hudaýtagala meni Pyrgauna iberdi, saňa ibermedi. Goý, Pyrgaunyň özi jogap bersin» diýdi. Pyrgaun: «Eý, Musa! Sen kimiň ýanyndan geldiň?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Seni, meni we barça mahlukaty ýaradan Biribar Allatalaganyň ýanyndan geldim» diýdi. Pyrgaun: «Taňry mendirin» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Sen ýalan aýdýarsyň. Sen Allatagalanyň bir kemine gulusyň» diýdi. Pyrgaun: «Seniň Taňryň kimdir?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Meniň Taňrym barçany ýaradan zatdyr. Ol islese, olary ýok eder, islese hem barça halaýygyň dilegini berer» diýdi. Pyrgaun ýene kabul etmedi we: «Eý, Musa we Harun! Siz jadylygy ýagşy öwrenipsiňiz. Biz hem jadygöýlerimizi jemläli» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Sen şeýle edäý. Olar pylan güni tapyşaly» diýip aýrylyşdylar.

Pyrgaun hemme jadygöýleri ýygnady. Onuň ýurdunda dört ýüz jadygöý bardy. Her haýsynyň dört ýüzden şägirdi bardy. Olar jemi ýetmiş müň jadygöý boldy. Bularyň iki serdary bardy. Biriniň ady Hathat, beýlekisiniň ady Musally eken. Bu

ikisine: «Bu ýere bir jadygöý gelipdir» diýip, wakany birin-birin beýan etdiler. Eger siz ondan üstün gelseň, men sizi özüme ýakyn adam edeýin, gujak-gujak serpaýlary, tabak-tabak altynlary, jöwherleri bereýin» diýip, hazynasyny açdyryp goýdy. Bu jadygöýler alty aý jadylyga taýýarlanypdyrlar. Olaryň wadalary alty aýdy.

Elkyssa, bu jadygöýler tanaplara simap suwap, dürli tilsimleri etdiler. Pyrgaun leşgerini jemledi. Pyrgaunyň bir rowagy bardy. Onuň beýikligi kyrk gulaçdy. Onuň astynda dört ýüz müň kişi sygar ýaly sahna bardy. Onda tagt gurup, hemme leşgeri bilen gelip oturdy. Ýene jadygöýler hem alty aýyň içinde eden jadylaryny kyrk gatyra ýüküläp alyp geldiler. Olar: «Eger Musany ýeňsek, sen bize näme berersiň?» diýdiler. Pyrgaun olara: «Sizi özüme ýakyn ederin» diýdi. Şol wagt Musa we Harun alaýhyssalam orta girdiler. Musa alaýhyssalam bu jadygöýleri gördi. Olaryň biriniň gözi kördi. Ol: «Musa nähili sypatda geldi?» diýip, şägirtlerinden sorady. Olar: «Onuň başynda külah, egninde kilim, aýagynda çaryk, elinde hasa bar» diýdiler. Jadygöýler: «Eý, Musa! Ilki seniň taýagyňy synasak» diýdiler. Musa alaýhyssalam: «Ilki siz öz işiňizi ediň. Ondan soň biz öz işimizi ederis» diýdi.

Şol zaman Jebraýyl alaýhyssalam howadan: «Eý, jadygöýler! Siz Hudaýtagalanyň pygamberini sylap, dessura rugsat dilediňiz. Hudaýtagala özüniň yzzaty we jelalaty bilen size çaştgähde iman bagyşlar» diýip owaz etdi. Bu owazy diňe Musa we Harun alaýhyssalam eşitdi, başgalar eşitmediler. Jadygöýler özleriniň eden jadylaryny meýdana saldylar. Günüň gyzgyny simaba ýetdi. Tanaplar dolanyp başladylar. Meýdanyň ýüzüni aždarha, ýylan we içýan tutdy. Hemme halky gorky gurşap aldy. Musa we Harun alaýhymassalam hem gorkdular. Allatagaladan: «Eý, Musa! Gorkma, olardan seniň eliňdäki hasa belentdir. Sen goluňdaky hasany ýere taşla. Goý, seniň hasaň olaryň jadylaryny ýuwutsyn» diýen owaz geldi. Musa

alaýhyssalam hasasyny ýere taşlady. Ol ägirt uly aždarha boldy. Ýer-gök bu aždarhanyň haýbatyndan titredi. Dürli-dürli ahwallar peýda bolup, ol aždarha kyrk gatyr jadyny bir dem bilen ýuwutdy. Musa alaýhyssalam hasasyny goluna aldy. Ol öňküsi ýaly taýak boldy.

Jadygöýleriň ulusy: «Bu nähili waka boldy?» diýip sorady. Onuň şägirtleri bolan wakany oňa beýan etdiler. Uly jadygöý: «Olary ýuwdandan soň aždarha öňküsinden ýogyn ýa uzyn boldumy?» diýip sorady. Şägirtleri: «Ýok, bolmady» diýip jogap berdiler. Ol «Beýle bolsa, Musanyň dini hakyky din eken. Men ol dine gol ýapdym» diýip, musulman boldy. Ýetmiş müň jadygöýiň hemmesi Musa alaýhyssalamyň aýagyna ýykylyp musulman boldular. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Soňra jadygöýler Musanyň hasasynyň aždarha bolmagyny jadylyk däl-de, Taňrynyň gudratydygyny bilip, sežde edip ýüzlerini ýere goýdular. Olar: « Biz älem-jahanyň hökümdary bolan Taňra iman getirdik» diýdiler».***

Pyrgaun: «Älem-jahanyň hökümdary bolan taňry mendirin» diýdi. Olar: «Ol sen dälsiň. Ol Musanyň we Harunyň Hudaýy-dyr» diýdiler. Bu mazmuny: ***«Jadygöýler: «Biz Musanyň we Harunyň Taňrysyna iman getirdik» diýip aýtdylar»*** diýen şu aýat tassyklaýar. Pyrgaun: «Siz menden maslahatsyz oňa iman getirdiňiz. Indi, Musanyň jadygöýlikde siziň ussadyňyzdygy mälim boldy» diýdi. Bu mazmuna: ***«Pyrgaun jadygöýlere: «Men size rugsat bermänkäm, siz Musa iman getirdiňiz. Elbetde, Musa siziň ussadyňyzdyr. Ol size jadygöýlik ylmyny öwredendir»*** diýdi diýen şu aýat delildir. Pyrgaun: «Eý, jadygöýler! Musanyň Hudaýy size näme berýär?» diýdi. Olar: «Ol biziň hatalarymyzy geçirýär we biziň günälerimizi ötýär. Sen bolsa zulum we sütem bilen başagaý bolup ýörsüň. Musanyň Hudaýy beýikdir» diýdiler. Pyrgaun: «Men siziň el-aýaklaryňyzy kesip, dara asdyraryn» diýdi. Olar: «Sen bize näme isleseň, şony hem edäý» diýdiler. Pyrgaun olaryň el-

aýaklaryny kesdirip, dara asdyrdy. Olar oňa hergiz ýalbarmadylar. Aýat: ***«Elbetde, biz öz Taňrymyza tarap meýil etdik».*** Biz öň kapyrdyk. Biz guşluk wagtynda musulman bolup, öýle namaz wagtynda şehit bolduk» diýen owaz geldi.

Ondan soňra Pyrgaun: «Indi, men Musa bilen Haruny öldüreýin» diýip, maksat tutundy. Aşýa hatyn: «Eý, Pyrgaun! Sen gaty nadan adam ekeniň. Sen Hudaýtagaladan gorkmaýarsyň. Sen şunça gudrat-keramaty göreniňden soň hem musulman bolmadyň. Sen musulman bolanlary öldürdiň. Ýene sen: «Musa we Harun alaýhymassalamy öldürjek» diýýärsiň» diýdi.

Aşýanyň musulman bolanyna kyrk ýyl bolupdy. Ol Hudaýtagala ybadat edýärdi. Emma Pyrgaunyň bu ýagdaýdan habary ýokdy. Pyrgaun Aşýanyň bu sözünden onuň musulman bolandygyny bildi. Pyrgaun: «Sen Musa bilen bolup, onuň Hudaýyna bulaşarsyň. Sen oňa iman getirdiňmi?» diýdi. Aşýa: «Meniň oňa iman getirenime kyrk ýyl boldy. Taňry birdir» diýdi. Aşýanyň musulman bolany Pyrgauna äşgär boldy. Pyrgaun: «Eý, Aşýa! Men seni hemmelerden ýagşyrak diýip bilýärdim. Sen meni taşlap, Musanyň dinine giripsiň. Häzir hem bolsa maňa ýan. Saňa altyndan öý salyp bereýin» diýip, oňa wada berdi. Aşýa: «Maňa seniň altyn öýüňden ýagşyrak öýi Hudaýtagala jennetde berer. Sen bozuk, ýoldan çykan adamsyň» diýip, imandan dänmäge unamady. Pyrgaun muňa gazaplandy we Aşýa kyrk-gije gündiz aş-suw bermedi. Ol demir gazyk taýýarladyp, ony ýere kakdyrdy we Aşýany onuň üstünde oturtdy. Bu mazmuna: ***«Myhlaryň eýesi Pyrgaun ýurtda eden azgynçylyklary bilen adamkärçilik çäginden çykdy»*** diýen aýat delildir. Aşýa: «Eý, Taňrym! Pyrgaun maňa altyn öýi wada berdi. Emma men Seniň rehmetiňden umydygär boldum» diýdi.

Şol pursatda Allatagala Aşýanyň gözünden hyjabyny göterdi. Asmanyň işigi açyldy we behiştiň köşkleri hem hüýrgulmanlary Aşýanyň gözüne äşgär göründi. Bu hoşallykda ol Pyrgaunyň beren jezasynyň agyrylaryny bilmedi. Ol myhlaryň

üstünde ýatyp teşne boldy. Hudaýtagala oňa jennetiň şerbetinden we nurdan bir gupba iberdi. Ol gupbanyň içinde oturdy. Oňa hiç kimiň gözi düşmedi. Ol kyrk gün azap tartandan soňra Adn jennetine duwlandy.

Elbetde, bu zatlary Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *BÄŞINJI PASYL*
## PYRGAUNYŇ SARHYNYŇ BEÝANY

*Şeýle rowaýat edipdirler:* Pyrgaun adamlary ýygnap, olar bilen maslahatlaşyp: «Men Musa bilen sözleşmegi namys edýärin. Men onuň hudaýy bilen sözleşmekçi» diýdi. Ol Hamana: «Eý, Haman! Sen beýik minara gur. Men onuň üstüne çykyp Musanyň hudaýyny öz gözüm bilen göreýin. Ol barmy ýa-da ýok? Musa dogry aýdýarmy ýa-da ýalan sözleýär?» diýdi. Bu mazmuna: ***«Pyrgaun: «Eý, Haman! Sen çig kerpiçi oda ýak, ony bişir, soňra maňa beýik bir minara gur. Men Musanyň taňrysynyň ýanyna çykaýyn. Men ony ýalançylardan diýip güman edýärin» diýdi*** diýen şu aýat delildir. Haman çig kerpiç guýduryp, ony oda bişirdip, minara meňzeş bir bina gurduryp başlady.

*Bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Pyrgaundan öň hiç kim kerpiji bişirmegi bilmeýärdi. Pyrgaun ymaraty şeýle beýik saldyrdy. Gün gaýdanda onuň kölegesi ýüz parsah ýere barardy. Onuň belentliginiň ýene bir alamaty, minaranyň başyna kerpiç barýança, ol elden ele geçip, iki gije-gündiz aradan öterdi. Haman mundan belent bina salmaklyga ejiz geldi. Onsoň minaranyň gurluşygy tamam boldy diýip Pyrgauna habar berdiler.

Pyrgaun minara çykyp güne bakdy. Ol öň oňa nähili görnen bolsa, häzir hem şonuň ýaly göründi. Oňa bu ýerden dünýäniň hemmesi göründi. Ol gaýdyp ýene ýere düşdi we: «Gökde Hudaý ýok eken. Musa ýalan aýdan eken. Men näçe garasam hem ýokarda Hudaý görünmedi. Ýeriň, gögüň hudaýy

mendirin» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Pyrgaunyň bu minarasyny weýran et!» diýip dileg etdi. Allatagala onuň bu dilegini kabul etdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip, ganatlary bilen minarany urdy. Minara ýykyldy. Köp kapyrlar onuň teýinde galyp öldüler. Olaryň janlary Mälik Dowzaha gitdi. Pyrgaunyň eden zähmeti zaýa boldy.

Nälet siňen Pyrgaunyň beni Ysraýyla berýän zulumy güngünden artdy. Ol biçäreler Musa alaýhyssalamyň ýanyna gelip, ýalbaryp: «Eý, Musa! Siz bize pygamber edilip iberildiňiz. Bu kapyrlaryň bize edýän jebir-sütemleri hetden aşdy. Siz bize Hudaýtagaladan aman diläp berseňiz. Biz olaryň zulumyndan aman bolsak ýa Allatagala bu kapyrlara bir bela inderse, olar heläk bolup, biz olardan halas bolsak» diýdiler. Musa alaýhyssalam: «Eý, ýaranlar! Siziň olardan halas boljakdygyňyza Hudaýtagaladan bir umyt bardyr. Men size Müsüri miras bererin. Men Hudaýtagalanyň wadasyny göz öňünde tutýaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam Pyrgauna gelip: «Eý, Pyrgaun! Sen iman getir. Beni Ysraýyly maňa ber, ýogsa men saňa bet dileg ederin. Saňa azap geler» diýdi. Pyrgaun onuň bu sözüni kabul etmedi. Ol: «Eý, Musa! Sen goluňdan näme gelýän bolsa, şony hem edäý» diýdi. Musa alaýhyssalam kyrk gije-gündiz Hudaýtagala ýalbaryp dileg etdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Musa! Sen köňlüňi hoşwagt tut. Pyrgauna azap ýazyldy» diýdi.

*Rowaýatda aýdylypdyr:* Hudaýtagala Musa alaýhyssalama dokuz zady keramat etdi. Bu mazmuna: ***«Biz Musa dokuz gudraty berdik»*** diýen şu aýat delildir. Olaryň dördüsi onuň özüne we beni Ysraýyla merhemet üçindir. Birinji, hasa; ikinji, nurly el; üçünji, bölünmek; dördünji, ýarylmak. Galan bäş gudrat Pyrgaunylara azap üçin iberilendir. Olaryň birinjisi, tupan; ikinjisi, çekirtge; üçünjisi, güýe; dördünjisi, gurbaga; bäşinjisi, gan. Bu mazmuna: ***«Biz Pyrgaunylaryň üstüne uly ýagmyrlary ýagdyrdyk (ýagny, olaryň üstüne tupan inderdik), çekirtgäni, bitleri, gurbagany we ganly suwy indiki geljek uly***

***azabyň alamaty hökmünde inderdik. Biz bulary azap hökmünde wagtal-wagtal iberdik. Bular Taňrynyň barlygynyň aýry-aýry alamatlarydyr»*** diýen şu aýat delildir.

Owwal tupan geldi. Ýedi gije-gündiz ýagmyr ýagdy. Müsür şäheri suwa doldy. Adamlar gaçyp çöle çykdylar. Pyrgaun: «Men hudaýdyryn» diýdi. Adamlar: «Eger sen hudaý bolsaň, bu belany bizden göter» diýdiler. Pyrgaun: «Bu işi Musa etdi. Siz oňa baryp aýdyň. Eger ol bu belany göterse, biz iman getireli. Beni Ysraýyly oňa bereli» diýdi. Kybtylar gelip Musa alaýhyssalama ýalbardylar. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Tupan ýatdy. Ýer ýüzünde otlar ösüp, güller açyldy. Kybtylar: «Biz muny özümize bela diýip bilýärdik welin, ol bize rahatlyk we merhemet eken» diýip iman getirmediler. Musa alaýhyssalam ýene bet dileg etdi. Hudaýtagala çekirtgäni iberdi. Olar uçan wagty asmanyň ýüzüni tutdylar. Gün görünmedi. Çekirtgeler olaryň azyklaryna ýapyşdylar. Olar dänäni ýalap-ýalmap ýok edip barýardylar. Kybtylar ýyglap, Pyrgaunyň ýanyna geldiler. Pyrgaun: «Müsüriň ululary baryp Musa: «Bu gezek Pyrgaun: «Musa bu belany göterse, beni Ysraýyly oňa bereýin. Özüm hem iman getireýin» diýip äht etdi» diýip aýtsynlar. Müsüriň ululary baryp Musa alaýhyssalama Pyrgaunyň sözlerini aýtdylar. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Çekirtgeler uçup başga ýere gitdiler.

Haçan olaryň gallalary bişende, olar ony orup-ýygyp ambara saldylar. Olar: «Gallalarymyz bu beladan gutuldy» diýip, eden ähtlerini bozdular, iman getirmediler. Musa alaýhyssalam ýene bet dileg etdi. Olaryň ambaryna güýe düşdi. On sagulyk bugdaýdan iki sagu bugdaý galdy. Adamlar Pyrgaunyň ýanyna gelip ýygladylar. Pyrgaun bu gezek hem begleri jemläp, Musa alaýhyssalamyň ýanyna iberdi. Olar onuň ýanyna baryp: «Eý, Musa! Seniň Hudaýyň bu belany göterse, biz hökman iman getireli. Beni Ysraýyly saňa bereli» diýdiler. Musa alaýhyssalam bir dileg etdi. Güýe heläk boldy.

Wehp ibn Munäbbihiň rowaýatynda Pygamber alaýhyssalam: «Allatagala müň dürli mahluk ýaratdy. Olaryň alty ýüzi suwda we dört ýüzi gury ýerdedir. Haçan ahyrzaman bolanda olardan ilki çekirtge heläk bolar. Ol heläk bolandan soňra özge mahluklar heläk bolarlar. Olaryň nyzamly durmuşy ýüp üzülen ýaly bolar» diýipdir.

Indi biz maksada geldik. Olaryň aşlyklaryny güýe iýip gutardy. Olar: «Indi biziň bugdaýymyz galmady. Näme üçin biz musulman bolaly?» diýip musulmançylygy kabul etmediler. Musa alaýhyssalam ýene bet dileg etdi. Derýadaky gurbagalar Müsüre ýygnandylar. Reňki garaňky gijä meňzeş gurbagalar peýda boldy. Gündizi-gijesi olaryň öýleri gurbagadan dolup durardy. Gije ýatan adamyň üstüne gurbagalar ýygylardy. Olar adamyň üstünde üç gulaç bolup durardylar. Eger olar aş iýseler, bir kişi tabagyň üstünde gurbagalardan gorap örüp dik durardy. Olar gurbagalardan ejiz geldiler. Olar Pyrgaunyň ýanyna geldiler. Pyrgaun: «Eý, Haman! Bu gezek Musanyň ýanyna sen bar» diýdi. Haman gelip Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Pyrgaun bu gezek: «Beni Ysraýyly Musa bereýin. Men hem iman getireýin. Pygamberleriň köňli ýumşak bolar» diýip, äht etdi. Sen: «Gurbaga belasy olardan göterilsin» diýip dileg etseň» diýdi. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Olardan gurbaga belasy hem göterildi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Haman! Indi baryp Pyrgauna aýdyň. Goý, ol ähdiniň şertlerini berjaý etsin!» diýdi.

Haman gelip, Musa alaýhyssalamyň sözlerini Pyrgauna ýetirdi. Pyrgaun: «Men seniň bilen haçan äht baglaşdym» diýip, iman getirmedi. Musa alaýhyssalam ýene bet dileg etdi. Hudaýtagala Nil derýasynyň, hemme aryklaryň suwuny gana aýlandyrdy. Diňe Beni Ysraýylyň arygy suw bolup galdy.

Kybtylar gelip beni Ysraýylyň arygyndan suw içdiler we öldüler. Bu gezek Pyrgaunyň özi ata atlanyp, Musa alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Eý, Musa! Bu gan gider ýaly dileg et»

diýdi. Musa alaýhyssalam: «Sen şunça gezek ähdiňi bozduň» diýdi. Şu wagt kybtylaryň biri gelip, beni Ysraýylyň arygyna goluny sokdy. Onuň golunyň duran ýeri gan boldy.

Beni Ysraýyldan biri gelip suw aldy. Ol suwy Pyrgaun diläp aldy. Ol: «Bu suwy men içeýin» diýdi. Emma ol suw hem gana aýlandy. Pyrgaun suwly gaby elinden taşlady. Ol miwe aldyryp getirdi we: «Men muny sykyp içeýin» diýdi. Miwäniň suwy hem Hudaýtagalanyň gudraty bilen gan boldy. Pyrgaun ejizledi we: «Özgeler siziň bilen äht etdi. Olar ähtlerini bozdular. Indi meniň özüm seniň bilen äht edeýin. Beni Ysraýyly saňa bereýin. Özüm hem iman getireýin. Siz dileg etseňiz, bu gan belasy bizden göterilse» diýip aýtdy. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Gan belasy ortadan göterildi. Pyrgaun öz ordasyna gaýdyp geldi.

Ertesi Musa alaýhyssalam Pyrgaunyň ýanyna bardy. Ol Pyrgauna: «Indi sen näme diýýärsiň?» diýdi. Pyrgaun: «Men iman getirmeýärin. Ýöne beni Ysraýyly saňa berýärin. Sen ol halky alyp bu welaýatdan çykyp git» diýdi. Onuň bu sözüni Musa alaýhyssalam kabul etdi. Ol beni Ysraýyly alyp gitmek bilen boldy. Pyrgaun: «Beni Ysraýylyň altyn-kümüşlerini alyp galyň» diýip, höküm etdi. Olaryň baýlyklaryny ellerinden aldylar. Beni Ysraýylyň ulusy gelip, Musa alaýhyssalama: «Biziň monjuklarymyzyň hemmesini aldylar. Indi biz näme ederis?» diýip, arz etdi. Musa alaýhyssalam: «Siziň hatynlaryňyz kybtylaryň hatynlaryna baryp: «Ertir biziň baýramymyz boljak. Bize ol altyn-kümüşleri, hünji-monjuklarymyzy amanat beriň. Biz olary baýram geçenden soň size getirip bereli» diýsinler. Olar şeýle hem etdiler. Hudaýtagala kybtylaryň köňlüne rehim saldy.

Olar bularyň zatlaryny özlerine berdiler. Beni Ysraýylyň hemmesi ýygnandylar. Olar gije göçüp, Müsürden çykyp gitdiler. Hudaýtagala kybtylara gaflat ukusyny berdi. Olaryň hiç biri oýanmady. Musa alaýhyssalam: «Men Ýusup alaýhyssalamyň

süňklerini özüm bilen alyp gitmekçi. Kim onuň gabrynyň nirededigini bilýär?» diýip, beni Ysraýyldan sorady. Bir hatyn: «Men ony bilýärin. Emma men ony bir şert bilen aýtjak» diýdi. Musa alaýhyssalam oňa: «Seniň näme şertiň bar?» diýdi. Ol hatyn: «Men ejiz bendäni kyýamat güni jennetde özüňize hemsaýa etseňiz, men ony size aýdaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam onuň bu şertini kabul etdi. Ol hatyn Ýusup alaýhyssalamyň mazaryny görkezdi. Musa alaýhyssalam onuň süňklerini ýygnap alyp ýola düşdi. Beni Ysraýyldan on iki sibt bardy. Ol sibtde ýigrimi müň erkek bardy. Musa alaýhyssalam bet dileg etdi. Kybtylaryň hemme maly daşa öwrüldi.

Ertesi ir bilen beni Ysraýylyň habary şähere ýaýrady. Pyrgaun: «Goşun ýygylsyn» diýip perman berdi. Ol üç günläp goşun ýygnady. Dördülenji güni Pyrgaun üç ýüz müň goşuny bilen beni Ysraýylyň üstüne atlandy.

Ýene bir rowaýatda aýdypdyrlar: Beni Ysraýylyň ýükleri agyrdy. Olaryň ogul-gyzlary ýyglakdy, ýagny agyr aýak hatynlar, ýaş çagalar köpdi. Olar bu sebäpden uzak ýere ýetip bilmediler we Nil derýasynyň kenaryna baryp ýygnanyp durdular. Pyrgaun gün çykan wagtynda bularyň yzyndan kowuap ýetdi. Hudaýtagala bu aýat bilen olara habar berdi: ***«Pyrgaunylar Musanyň we onuň alyp giden kowumynyň yzyndan gün dogan wagtynda ýetdiler».*** Musa alaýhyssalamyň goşunlary Pyrgaunyň leşgerlerini görüp huşlary başlaryndan uçdy. Olar: «Eý, Musa! Biziň öňümizde derýa, yzymyzda Pyrgaunyň goşunlary bar. Indi biz näme alaç ederis?» diýip aýtdylar. Musa alaýhyssalam: «Siz olardan gorkmaň. Allatagala biziň bilendir. Onuň özi bizi goldap, ýol görkezer. Ol nähili ýol görkezse, biz şonuň ýaly ederis» diýdi. Şol wagt Musa alaýhyssalama: «Hasaňy derýa ur» diýip perman boldy. Musa alaýhyssalam hasasyny derýa urdy. Derýa iki ýaryldy. Onuň düýbünde on iki ýol peýda boldy. Her bir bölek suw uly dag ýaly bolup durdy. Musa alaýhyssalam: «Derýanyň hanasyna giriň» diýdi. Adam-

lar: «Derýanyň düýbi palçykdyr. Onuň içinden ýöräp bolmaz» diýdiler. Hudaýtagala şemala perman berdi. Ol günüň yssysyny üfläp, bir sagatda derýanyň düýbüni guratdy.

Beni Ysraýyl on iki topar bolup, on iki ýoldan girdiler. Olar gorkup: «Eý, Musa! Her bir topar öz ýoluna düşdi. Biz biri-birimiziň ýagdaýyny bilmeris» diýdiler. Musa alaýhyssalam hasasyny suwa sokdy. Suw deşildi. Olar bu deşikden biri-birlerini gözleşip ötdüler. Ondan soň Pyrgaun ýetip geldi. Ol derýanyň on iki ýol bolandygyny gördi. Ony görüp ol gorkdy. Ol munuň Musa alaýhyssalamyň gudratydygyny bildi. Emma ol bu ýagdaýy beglerine bildirmedi. Ol: «Eý, kowum! Meniň uly Hudaý bolandygym üçin derýa bölünip maňa ýol berendigini gördüňizmi?» diýip, yzyna dönmekçi boldy.

Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalamy adam suratynda edip iberdi. Ol bir gysrak at münüp, Pyrgaunyň gözüniň öňünde derýa girdi. Pyrgaun aýgyr atyň üstünde otyrdy. Onuň aty gysragy görüp, onuň yzyndan kowalady. Pyrgaun onuň jylawyny tartdy. Emma aýgyr togtamady. Pyrgaun ygtyýarsyz derýanyň içine girdi. Perişdeler Hudaýtagalanyň emri bilen Pyrgaunyň galan goşunynyň hemmesini sürüp, derýa dykdylar. Pyrgaunyň hemme leşgeri derýanyň içine girdi. Musa alaýhyssalama: «Hasaňy derýa ur» diýip perman boldy. Ol hasany derýa urdy. Öň dag ýaly bolup aýry duran suwlar biri-birine aralaşdy. Pyrgaun gark boljagyny bildi. Ol derrew iman aýdyp başlady. Jebraýyl alaýhyssalam oňa Sagdul-Aglada alan hatyny görkezip, onuň agzyna bir penje palçyk bilen urup: ***«Sen janyň çykyp barýarka iman getirýärmiň, sen öň günä etdiň, ýagny bigünä çagalary öldürdiň we bozuklykda hetden aşanlardan bolduň» diýdi***

*Rowaýatda aýdypdyrlar:*

Bir gün Pyrgaun Nil derýasynyň kenarynda Sagdul-Agla diýen ýerde aw awlap ýördi. Jebraýyl alaýhyssalam adam suratynda bolup, onuň ýanyna geldi we oňa: «Bir gul hojasynyň

emrini tutmasa, onuň buýran işini etmese, oňa näme etmek gerek?» diýip aýtdy. Pyrgaun: «Ony suwa gark etmek gerek» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam oňa: «Sen şu hökmüňe nyşan berseň?» diýdi. Pyrgaun oňa hat ýazyp, möhür basyp berdi. Ol hat Jebraýyl alaýhyssalamdady. Pyrgaun derýanyň içine girende Jebraýyl alaýhyssalam ol haty oňa görkezdi. Pyrgaun öz beren hatyny gördi. Ol hiç bir zat aýdyp bilmedi. Derýanyň suwy garyşdy. Pyrgaun heläk boldy. Bu mazmuna: ***«Biz Pyrgaun we onuň bilen bolanlaryň hemmesini suwa gark etdik»*** diýen şu aýat delildir

*Enes bin Mälik (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir:*

Dowzaha möminler hem girerler, kapyrlar hem girerler. Emma möminler bilen kapyrlaryň arasyndaky tapawut şeýledir. Möminleri ot köýdürmez. Olar dowzahdan salamat çykarlar. Kapyrlary bolsa ot köýdürer. Olar dowzahdan çykman, ol ýerde baky galarlar.

Elkyssa, beni Ysraýyl derýadan salamat çykdylar. Pyrgaun leşgeri bilen heläk boldy. Musa alaýhyssalam kowumy bilen bir belent depä çykyp, Hudaýtagala şükür etdiler. Musa alaýhyssalam: «Eý, Allatagalanyň bendeleri! Siz Taňrynyň emrine sabyrly boluň! Allatagala siziň duşmanyňyzy suwa gark etdi» diýdi.

Pyrgaun nälet siňen dört ýüz ýyllap: «Men taňrydyryn» diýip gezdi. Ol beni Ysraýyla köp zulum we sütemleri görkezdi. Şol sebäpden beni Ysraýyl Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Biz derýadan bir owaz eşitdik. Emma biz Pyrgauny görmedik. Biz ony gözümiz bilen görsedik. Şonda biziň köňlümiz aram tapar» diýdi. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Derýa ölüleri daşyna çykardy.

*Rawylar aýdypdyrlar:*

Adam alaýhyssalamyň zamanyndan tä Musa alaýhyssalamyň wagtyna çenli derýa jesedi daşyna çykarmandy. Ol gün

Musa alaýhyssalamyň dilegi bilen Pyrgaunyň jesedi derýanyň daşyna çykdy. Pyrgaunyň jesedi derýanyň gyrasynda uly sygyr ýaly bolup ýatdy. «Kyýamata çenli ölüni derýanyň daşyna çykarmak ondan galdy» diýipdirler.

*Enes bin Mälik (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat getiripdir:*

Musa alaýhyssalamyň halasynyň Samiri atly bir ogly bardy. Ol zergärligi bilerdi. Ol derýaýdan çykyp duranda bir çapyksuwaryň Pyrgaunyň leşgerinden öň gelýändigini gördi. Onuň atynyň toýnagyndan ot çykyp gelýän eken. Ol suwdan çykdy. Onuň atynyň toýnagy ýere batyp gelýärdi. Ol kişi Jebraýyl alaýhyssalamdy. Ony Samiriden başga hiç kim tanamady. Ol Jebraýyl alaýhyssalamy atynyň toýnagyndan ot çykmagyndan tanady. Ol onuň atynyň toýnak basan ýerinden bir gysym toprak alyp saklady. Şol Adynyň urugyndan bir taýpa bardy. Olar buta sežde ederdiler. Bulary gören adamlar ýagdaýy baryp Musa alaýhyssalama: «Bularyň başga taňrysy bar eken. Biz hem olaryň taňrysy ýaly taňry ýasap, bir daşy öz suratymyzda edip, oňa sežde etsek» diýdiler. Musa alaýhyssalam: ***«Siz bir nadan kowumsyňyz»*** Butlar batyldyr. Oňa sežde edijiler batyldyr. Allatagaladan ýagşy taňry ýokdur. Ol size ne mukdar mähribanlyk we merhemet etdi» diýdi.

## *ALTYNJY PASYL*
## BENI YSRAÝYLYŇ MUSA WE HARUN ALAÝHYMASSALAMYŇ ŞAMA BARMAKLARYNYŇ BEÝANY

Beni Ysraýylyň adamlarynyň Müsürde galan kybtylary tutup, olary özlerine gul etmek we olaryň özlerine beren jepalary üçin ar almak maksady bardy. Olara Allatagalanyň: «Siziň ata-babalaryňyzyň watany Şam welaýatydyr. Siz Şama baryň» diýen perman boldy. Olar Taňrynyň bu permanyna çäre tapyp

bilmediler we Şama göçüp bardylar. Olar Şama ýetenlerinde Allatagaladan: «Siz bu ýurda gireniňizde hemmäňiz sežde we toba ediň» diýen owaz geldi. Siz: ***«Eý, Taňrymyz! Biziň senemleriň ygtyýary bilen eden günälerimizi geçir diýip aýdyň»*** Olaryň ýagşylary bu sözi aýtdylar, ýamanlary bolsa Allatagalanyň bu permanyny berjaý etmediler. Olaryň permany berjaý edenleriniň günäleri geçildi. Emma Allatagalanyň bu buýrugyny tutmadyklar magfyret tapmadylar. Bu mazmuna: ***«Olardan zalymlyk edenler özlerine aýdylan sözlerden başga sözleri aýtdylar. Biz olara zalymlyk edendikleri sebäpleri asmandan azap iberdik»*** diýen şu aýat delildir.

Beni Ysraýylyň halky Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Bize şerigaty öwrediň. Biz oňa laýyk iş edeli» diýip aýtdylar. Musa alaýhyssalam Tur dagyna baryp: «Eý, Taňrym! Beni Ysraýylyň halky menden özlerine şerigaty öwretmegimi soraýar. Men olara näme jogap aýdaýyn?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen sabyrly bol! Men saňa Töwrat atly bir kitap ibererin. Otuz müň pygamber-u-alym ol kitapda beýan bolar. Eý, Musa! Sen beni Ysraýylyň halkyna aýt, olaryň öwlatlaryndan birnäçe kişi pygamber bolar. Käbiriniň oglanlaryndan alymlar çykar. Käbirleriniň perzentleri patyşa bolup, hökümdarlyk ederler. Men olaryň öwlatlaryny özge halaýyklardan mertebesini belent edip hormatladym. Indi meniň permanyma boýun sunanlar Meniň razylygymy isleseler, Ýemen welaýatyndaky duşmanlarynyň üstüne baryp, olar bilen uruş etsinler. Men size bu uruşda ýardam bereýin» diýen owaz geldi. Musa alaýhyssalam yzyna gaýdyp geldi we beni Ysraýylyň halkyna: «Ýemen welaýatynda Amalika atly patyşa siziň ata-babalaryňyzyň duşmanydyr. Siz onuň bilen uruş ediň» diýip aýtdy. Beni Ysraýylyň hemmesi bu söze hoşal we şady-horram bolup kabul etdiler. Batyrlar bu urşuň sapar esbabyny taýýar etmäge başladylar.

*Bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Amalika kowumy uzyn boýly we güýçli adamlardy. Olar Adynyň urugyndandy. Olaryň boýlarynyň uzynlygy üç ýüz garydy, göwüsleriniň ini on ýedi garydy. Olara beni Ysraýyldan güýçli, semiz, uzyn boýly on iki kişini ilçi iberdiler. Bular gije-gündiz ýol ýöräp, Amalikanyň şäherine ýetip bardylar we bir kişiniň bagyna girip, üzüm iýip durdular. Bagyň eýesi gelip, bulary gördi. Ol görse birnäçe adam onuň bagynda ýatyr eken. Ol bulary tutup, olaryň altysyny bir ýanynda, ýene galan altysyny beýleki ýanynda göterip, patyşanyň ýanyna eltip, olary ýere taşlady. Adamlar bulary görüp haýran galdylar. Olar: «Bular nähili elli-aýakly kiçi gurtlar eken» diýip, tomaşa edip gülüşdiler. Olar: «Munuň ýaly uşak gurtlar bolar eken» diýip, olary gerdenlerine göterip masgaraladylar.

Ahyrynda olaryň patyşasy bulardan: «Siz niçik zatsyňyz?» diýip sorady. Bular: «Biz Musa alaýhyssalamyň size iberen ilçileridiris. Musa alaýhyssalam Hudaýtagalanyň uly pygamberidir. Ol Hudaýtagala bilen sözleşdi. Hudaýtagala oňa siziň üstüňize sizi imana çagyrmaklygy buýurdy. Indi siz Hudaýtagalany bir bilip, Musa alaýhyssalamyň onuň pygamberidigini kabul ediň. Ýogsa, ol siziň bilen jeň eder» diýip aýtdylar. Kapyrlar bulary masgara tutup, olaryň üstünden güldüler. Patyşa: «Munuň ýaly uşak adamlar niçik ýurdy tutarlar?» diýdi. Wezir: «Bular uşak hem bolsalar, olaryň akyly-paýhasy köpdür. Olar gaty hilegärdirler. Bulary bir işe buýrup, synap görmek gerek. Olar biziň atlarymyza iým berseler, bulary öz ugurlaryna goýbereli» diýdi.

*Bir rowaýatda aýdylypdyr:*

Bularyň atlary özleri ýaly uludy. Atlaryň ahyrlary hem belentdi. Ilçileriň boýlarynyň uzynlygy olaryň atlarynyň dyzyna ýetmezdi. Ilçiler atlaryň ahyrlarynyň ýanyna gelip, olaryň ambarlaryna gazyk kakyp, ol gazygyň üstüne çykyp, ýene bir gazyk kakdylar. Olar şu usul bilen gazyklary kakyp,

ahyryň üstüne çykdylar. Olar şeýdip atlara ot-iým berdiler. Bular gazykdan gazyga çykyp, bir torba saman salyp, ýene gaýdyp barýançalar atlar samany iýip goýýardylar. Olar atlara iým ýetişdirip bilmediler. Onsoň olar ahyr böwl edip goýdular. Atlar iýmlerini iýmän durdular. Adylar patyşa: «Bular gaty hilegär ekenler» diýidiler. Patyşa bulary öldürmeklige buýurdy. Patyşanyň hatyny: «Bularyň hilegärdiginden saňa näme zyýan ýetýär? Sen bulary goýber. Olar ýurtlaryna baryp, seniň tarypyňy etsinler» diýdi.

Patyşa olary goýberdi. Bularyň ýol azygyna bir däne üzüm berdiler. Ony goýmaga laýyk gap ýokdy. Çünki bular adylaryň gaplaryny göterip bilmeýärdiler. Adylar: «Bular näme ederkäler?» diýip, synap durdular. Olar bir uzyn agajy tapyp, ony üzüme sanjyp, altysy onuň bir ujuny tutup, beýleki altysy bolsa başga ujuny tutup, göterip ýola düşdüler. Adylar bu ýagdaýy görüp haýran galdylar. Olar Amalikanyň ýurdundan çykyp gitdiler. Olar ýolda biri-birine geňeşip: «Biz olaryň kad-kamatyny leşgere aýtmaly. Goý, olar ony özleri görende bilsinler. Biz ony aýtsak, olaryň üstüne jeň bilen barmaga hiç kim unamaz» diýdiler.

Olar öz ýurduna baryp: «Biz olaryň şäherine baryp girdik. Ol ýerde on gün durduk. Olar ýaragly we zor duşmandyr. Emma bu ýagdaýy hatynlarymyza aýtmaly» diýdiler. Şol gije Ýuşag ibn Nun muny hatynyna aýtdy. Ol hatyn başga hatynlara aýtdy. Şeýlelikde bu habar ýurda ýaýrady. Olar gorkdular we Musa alaýhyssalama gelip: «Biz olaryň üstüne uruş bilen barmarys. Adylar zormuşlar. Olar bilen kim garşyma-garşy durup biler?» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Hudaýtagalanyň emri şeýle. Siz baryp ol şähere giriň. Hudaýtagala näpermanlyk etmäň» diýdi.

Beni Ysraýylyň halky: «Eý, Musa! Sen Hudaýtagalanyň pygamberisiň. Sen Hudaýyň bilen iki bolup baryp, olary kowalaň we uruş ediň. Siz gelýänçäňiz biz munda durarys»

diýdi. Musa alaýhyssalam haýran bolup, arz etdi: «Eý, Taňrym! Meniň bulara güýjüm ýetmeýär. Özüm bilen doganym Harun ikimiz adylaryň üstüne baraly. Ýöne bizi bu bozuk kowumyň arasyndan çykar» diýdi. Allatagaladan: «Sen bulardan aýrylma. Olar jeňden ýüz dönderýärler. Emma men olara ýol bermerin. Olar kyrk ýyl çölde galarlar we welaýata barmazlar» diýen owaz geldi. Beni Ysraýylyň halky günde gelip: «Eý, Musa! Bizi bir tarapa alyp baryň ýa-da bize rugsat beriň» diýip aýtdy. Musa alaýhyssalam: «Siziň köňlüňiz niräni islese, şol ýere baryň» diýdi.

Olar göçdüler we agşama çenli ýol ýörediler. Agşam bolanda bir ýerde gondular. Olar erte ir bilen turdular. Özlerini göçen ýerinde gördüler. Olar ýene ýollaryny dowam etdirdiler. Elgaraz, olar dört aý göçdüler. Agşam ýatdylar. Ýene özlerini göçen ýerlerinde gördüler. Olaryň hemmesiniň azyklary tükendi. Ýylky-garalaryny we at-düýelerini iýip gutardylar. Onsoň olar açlyk çekmekden ejiz geldiler we yzlaryna gelip, Musa alaýhyssalama: «Pygamberleriň köňli ýumşak bolar» diýip, ýalbarmaga başladylar. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bularyň hemmesi günäkär bendeleriňdir. Sen bulary heläk etme. Eger olary heläk etseň, Ýakup pygamberiň urugy kesiler. Indi Sen öz mähribanlygyň we jomartlygyň bilen bularyň rysgalyny ber» diýip dileg etdi. Allatagala munuň bu dilegini kabul etdi.

Hudaýtagala olara ýandak şekerini we bedenäni berdi, ýagny asmandan ýandaga şeker ýagdy, hem asmandan bedene ýagdy. Bu zatlar olara owkat boldy. Olar ýene Musa alaýhyssalamdan suw dilediler. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Hasaňy daşa ur!» diýen perman boldy. Musa alaýhyssalam hasasyny daşa urdy. Suw peýda boldy. ***«On iki bulak suw akyp başlady»*** Her taýpa öz arygyny gazdyrdy. Suwy öýlerine akdyryp getirdiler. ***«Her bir adam öz arygyny bilýärdi»*** Olaryň durmuşy bir ýyl şunuň ýaly bolup

durdy. Bir ýyldan soň olaryň donlary ýyrtyldy we ädikleri deşildi.

Olar yssa çydap bilmediler we ýene gelip Musa alaýhyssalama ýalbardylar. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Şol wagt howada bulut peýda boldy. Ol bulutdan köýnek, don, börük we ädik ýagdy. Her biriniň boýuna laýyk, ýaş çagalara çenli lybas ýagdy. Oglanlar ulalsa, geýimleri hem ulalardy. Gijesi bolsa asmanda ýagtylyk peýda bolardy. Gündüzi bolsa bulut gelip saýa bolardy.

Olar kyrk ýyl anyk nygmat iýdiler, taýýar don geýdiler. Her kim şeker iýip, ondan artsa, başgalary çagyryp, olara bererdi. Bir gün bir kişi tagam iýdi. Ol: «Galanyny ertir iýerin» diýip, ýaşyryp goýdy. Ertesi gelip görse, ol tagam zaýalanypdyr. Ol ony iýip bilmedi. «Adam atanyň wagtyndan Musa pygamberiň wagtyna çenli bişen nahar ertire galsa zaýalanmazdy. Etiň porsamagy ondan galdy» diýipdirler.

Olar kyrk ýyl şu hili ömür ötürdiler. Kyrk ýylyň içinde olaryň saç-dyrnagy ösmedi. Olaryň lybaslary kir bolsa, olary oda salardylar. Lybasyň kiri otda köýerdi. Emma onuň özi Allatagalanyň gudraty bilen köýmezdi.

Bir hekaýada olar Musa alaýhyssalamyň «Bolgam Bagur» diýen dilegi bilen kyrk ýylda beýewanda galdylar» diýlipdir. Emma olar özleriniň bipermanlygyndan we şumlugyndan bu beýewanda sergezdan bolup galdylar» diýipdirler.

**Latyfa.** Eý, möminler! Musa alaýhyssalamyň dilegleriniň bereketinden ol asy-günäkärler taýýar don geýip, taýýar tagam iýdiler. Biz asylara hem Muhammet alaýhyssalamyň hormatyndan jennetiň taýýar donlaryny geýip, taýýar tagamlaryny iýmek Hudaýtagalanyň rehmetinden, jomartlygyndan nesip eýlese, Taňrytagalanyň didaryny görmek miýesser etse geň-taňlyk bolmazdy. Inşaallahu tagala.

**Hekaýat.**[2] Beni Ysraýylda Amyl atly bir söwdagär bardy. Onuň bir gyzdan başga hiç perzendi ýokdy. Onuň bir haramza-

da doganoglany bardy. Ol: «Maňa pul ber» diýerdi. Amyl: «Pulum ýok» diýip, oňa hiç zat bermezdi. Ol külpetment bolup ýörerdi. Ol bir gije Amylyň ýanyna geldi we: «Men bir kişiden biraz pul karz aldym. Pylan ýere söwdagär gelipdir. Onuň mata-marlyklary bar» diýip aýdýarlar. Siz hem ol ýere barsaňyz, biz şärik bolup, haryt alsak» diýdi.

Amyl onuň sözüni makul bildi. Ony şunça pul bilen özüne hemra edip ýola düşdi. Ol ýolda Amyly öldürip, onuň baýlygyny öýüne alyp baryp, goýdy. Ol ertesi ölüni baryp görüp, ýakasyny ýyrtyp ýyglady. Ol: «Kim kime töhmet edýär?» diýdi. Beni Ysraýyl bu wakany görüp, Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Sen bir dileg et! Bu kişiniň katyly belli bolsun!» diýip, arz etdiler. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Oňa Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen kowumyňa: «Bir mada sygry soýuň» diýip aýt» diýen bir perman boldy.

Musa alaýhyssalam bu sözi kowumyna aýtdy. Beni Ysraýyl: «Biz saňa: «Ölüni direlt» diýsek, sen bizi masgara edip: «Sygyr soýuň» diýýärsiň» diýdiler. Olar bu ýerde näme hikmet bardygyny bilmeýärdiler. Musa alaýhyssalam: «Sizi masgara etmekden Allatagalanyň özi saklasyn!» diýdi.

Beni Ysraýylyň halky Musa alaýhyssalama: «Siz dileg edip Allatagaladan bu sygyr nähili sygyrdyr diýip soraň. Hudaýtagala ony bize habar bersin» diýdi. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Allatagaladan: «Ol sygyr gaty garry hem, gaty ýaş hem bolmasyn. Orta ýaşly bolsun» diýen perman geldi. Olar ýene: «Eý, Musa! Siz dileg ediň: «Ol sygryň reňki nähili bolmaly?» diýdiler. Musa alaýhyssalam dileg etdi. Taňrydan: «Ol sygryň reňki sary bolsun. Onuň reňkini gören kişiniň gözi dokunsyn» diýen perman boldy. Beni Ysraýylyň halky ýene: «Eý, Musa! Siz dileg ediň. Seniň Hudaýyň ol sygryň iş malydygyny ýa sährada otlap ýören maldygyny bize habar bersin. Inşalla, onsoň biz ony taparys» diýdi.

Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Eger olar şol gün «Inşalla» diýmedik bolsalar, ol sygry hergiz tapmazdylar» diýipdir.

Allatagaladan: «Ol sygyr ýer sürýän bolmasyn. Ol hemme işden boş bolsun. Ol sährada otlap ýören sygyr bolsun» diýen perman geldi. Olar: «Indi biz onuň nähili sygyrdygyny takyk bildik» diýip, hoşwagt boldular.

**Rowaýat.** Beni Ysraýylda bir kişi bardy. Ol çakdanaşa salyh ýagşy adamdy. Onuň bir sygry bardy. Ol: «Menden soň ogluma peýdasy ýetsin» diýip, ony daga ýa-da ýaýla amanat goýdy. Ol kişiniň kazasy ýetip öldi. Onuň ogly uly kişi boldy. Ol atasyndan hem zyýadarak salyh ýagşy adam boldy. Onuň enesi heniz diridi. Ol salyh gündiz jeňňelden odun getirip satardy. Pulunyň ýarysyna enesine owkat getirip bererdi. Galan ýarysyny bolsa derwişlere paýlardy. Ol gijäni üçe bölerdi. Gijäniň bir böleginde ýatardy, bir böleginde enesiniň başynda oturardy, bir böleginde bolsa Hudaýtagala ybadat ederdi.

Bir gün enesi oňa: « Ataň pylan dagda seniň üçin bir inek amanat goýupdyr. Onuň nyşanasy şeýledir. Oňa bakdygyňça ondan röwşenlik peýda bolar. Onuň reňki şeýle gowudyr. Eger sen ony tapsaň, minmän boýnundan tutup, idekläp bu ýere getir» diýdi. Ogly ol sygry yzlap çykdy. Baksa, ol sygyr dagda otlap ýör. Salyh ony: «Hezreti Ysmaýyl Ybraýym alaýhyssalamyň oglunyň hormaty üçin meniň ýanyma gel» diýip çagyrdy. Ol sygyr derhal onuň ýanyna geldi. Ol sygryň boýnundan tutup, idekläp gelýärdi. Birden ol sygyr dile gelip: «Eý, oglan! Meni mün. Saňa bu ýoly ýöremek aňsat bolsun» diýip sözledi. Ol sygry münmegi unamady. Çünki onuň enesi: «Bu sygry münmän getir» diýipdi. Sygyr: «Eger sen maňa münen bolsaň, men şeýle bir gaçardym. Sen meni asla tutup bilmezdiň. Sen eneň permanyny tutup, ony razy edeniň üçin dagy çagyrsaň, ol hem gelerdi» diýdi.

Ol sygry enesiniň ýanyna alyp geldi. Enesi: «Sen muny bazara alyp baryp, ony üç dinara sat. Emma menden soraman söwdalaşma» diýdi. Ol ony bazara alyp bardy. Hudaýtagala bir perişdä buýurdy. Ol gelip sygryň bahasyny sorady. Ol: «Muny üç dinara bererin. Ýöne men ony enemden soramak şerti bilen satjak» diýdi. Perişde: «Sen eneňden sorama. Men oňa alty dinar bereýin» diýdi. Bu ogul onuň teklibini unamady. Enesine gelip: «Bir kişi sygry alty dinara almakçy bolýar» diýdi. Enesi: «Şol baha ber» diýdi. Ol ýene bazara bardy we: «Men enemden sorap geldim. Ony alty dinara berýärin» diýdi. Perişde: «Sen eneňden sorama. Men oňa on iki dinar bereýin» diýdi. Bu oglan unamady. Perişde: «Men oňa ýüz dinar bereýin. Ýöne sen eneňden sorama» diýdi. Ol unamady. Gelip ýagdaýy enesine mälim etdi. Enesi: «Ol adam däldir. Ol perişdedir. Ol seni synamaga gelendir. Sen baryp, ol perişdeden men bu sygry sataýynmy ýa satmaýynmy diýip sora» diýdi. Ol baryp perişdeden sorady. Perişde: «Baryp eneňe aýt, goý, ol sygryny satmasyn» diýdi.

Beni Ysraýylda bir kişini öldürerler. Siziň sygryňyzy öldürip, onuň öpkesi bilen ony urarlar. Merhum direler. Bu sygryň derisini dolduryp altyn bererler» diýdi. Bu oglan gelip, onuň sözüni enesine aýtdy.

Indi maksadymyza geldik. Beni Ysraýylyň halky ol sygry soýup, onuň etiniň bir bölegi bilen ölüni urmaklyk olara buýruldy.

Ýokarda aýdylan alamatly sygyr hiç ýerden tapylmady. Ol şu salyh oglanyň howlusyndan tapyldy. Olar: «Şu sygryň derisini dolduryp altyn bereli» diýip, ony soýdular. Bu mazmuna: ***«Olar bu sygry soýdular. Olar sygryň bahasynyň gymmatlygy sebäpli oňa ýanaşmakçy hem däldiler»*** diýen şu aýat delildir.

Käbir alymlar: «Ölüni onuň öýkeni bilen urdular» diýip, başga bir alymlar: «Ölüni onuň böwregi bilen urdular» diýip, ýene bir alymlar bolsa: «Ony etiň bir bölegi bilen urdular»

diýip aýdypdyrlar. Bu urgudan soň merhum direldi. Adamlar ondan: «Seni kim öldürdi?» diýip soradylar. Ol: «Meni öz doganym öldürdi» diýip jogap berdi. Beni Ysraýylyň halky betnamlykdan halas boldy. Ol haramzadany kasas üçin öldürdiler. Sygryň dilini şahadat sandygyna saldylar. Ol sandyk hezreti Muhammet alaýhyssalamyň döwrüne çenli gelip ýetdi. Ol dili dürre etdiler. Ol dürre hezreti Pygamber alaýhyssalamdan Omar ibn Hattaba (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) miras galdy. Bir sözde «Şol dürre bilen yslam kuwwat tapdy» diýipdirler.

## *ÝEDINJI PASYL*
## MUSA ALAÝHYSSALAMA TÖWRAT INDERILMEGINIŇ BEÝANY

Beni Ysraýylyň halky: «Eý, Musa! Sen bize kitap wada edipdiň. Indi sen Allatagaladan ol kitaby dileseň?!» diýdiler. Musa alaýhyssalam Tur dagyna çykyp: «Eý, Taňrym! Elbetde, Sen danasyň. Sen maňa: «Kitap ibererin» diýip wada edipdiň» diýip, mynajat etdi. Şol zaman Jebraýyl alaýhyssalama: «Jennetul-firdöwsde on iki zümerret tagta bardyr, ony getirip Musa ber» diýip perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam ony Musa alaýhyssalama getirip berdi.

Töwrat kitabynyň müň süresi bardy. Her süre müň aýatdan ybaratdy. Her bir aýat bolsa, «Bakara» süresiçe[3] bardy. Töwrat şol on iki zümerret tagta ýazylgydy. Käbir rowaýatlarda aýdylyşyna görä, ol tagta gyzyl ýakutdandyr. Ol on iki lowhy Musa alaýhyssalama getirdiler. Allatagaladan: «Eý, Musa! Ony göter» diýen owaz boldy. Musa alaýhyssalam özüne şunça zor salsa hem, ony göterip bilmedi. Hudaýtagala hemme süreleriň sanyça perişde iberdi. Olar hem ony göterip bilmediler. Onsoň Allatagala onuň hemme harplarynyň sanyça perişde iberdi. Olar hem ony göterip bilmediler. Allatagaladan: «Eý, Musa!

Sen: «Lä hawle we lä kuwwete illä billähil-azym»[4] diý» diýip owaz geldi. Musa alaýhyssalam bu sözi bir gezek aýtdy. Ol tagta göterildi. Musa alaýhyssalam ony kowumyna alyp geldi.

Ol beni Ysraýylyň halkyny ýygnap: «Ine, Hudaýtagalanyň size iberen kitaby şudur. Bu kitapda ýedi müň emr ýagny, «Tagat et» diýen buýruk bar. Ýene ýedi müň nehi, ýagny günä işlerden saklaýan permanlar bar. Ýene ýedi müň nesihat bar, ýene ýedi müň ýagşylygyň beýany bar. Bularyň jemi ýigrimi sekiz müň sözdür» diýdi.

Beni Ysraýylyň halky: «Munça işi kim berjaý edip biler? Bize beýle kitaply bolanymyzdan kitapsyz bolanymyz ýagşydyr. Biz ol kitaby kabul etmeýäris» diýdiler. Musa alaýhyssalam: «Siz nähili nadan halk ekeniňiz. Kitaby özüňiz dilediňiz. Indi, Allatagala ony size iberse, siz ondan gaçýarmysyňyz?» diýdi. Ol Hudaýtagala: «Eý, Taňrym! Bularyň işinde meniň takatym galmady. Hemme zady Seniň özüň gowy bilýänsiň» diýip, mynajat etdi.

Beni Ysraýylyň köplügi şol derejededi. Olar göçüp bir ýere barsalar, on iki agaçlyk ýeri goş basyp ýatardylar. Ol zaman Jebraýyl alaýhyssalama: «Palestin daglaryndan bir dagy beni Ysraýylyň başyna tutup dur» diýip, perman boldy. Bu mazmuna: ***«Biz jöhitleriň depesine Tur dagyny göterdik. Ol dag olara göýä saýawan ýaly boldy»*** diýen şu aýat delildir. Musa alaýhyssalam: «Eý, halaýyk! Eger siz ol kitaby kabul etmeseňiz, Allatagala ol dagy siziň başyňyza taşlar. Siz daşlaryň aşagynda gömülip galarsyňyz» diýdi. Olar kabul etmediler. Dag olaryň başlaryna degdi. Olar egildiler, arkalaryna degdi. Olar ýüzlerini aşak edip ýatdylar. Olar: «Eger mundan hem beter bassa, onda: «Kabul edýäris» diýip, geňeş etdiler. Dag olaryň ýüzlerini ýere gysyp, ýapyşdyrjak boldy.Çäresiz bolup olar ony kabul etdiler. Olar: «Biziň ata-babalarymyz şunuň ýaly edip beladan halas bolandyrlar» diýdiler.

## *SEKIZINJI PASYL*
## MUSA ALAÝHYSSALAMA BENI YSRAÝYLYŇ AZAR BERMEGINIŇ BEÝANY

Älem-jahanyň guwanjy Muhammet alaýhyssalam Allatagalanyň permanyny ymmatyna ýetirende Allatagaladan: «***Eý, iman getiren kişiler! Siz Musa pygambere azar beren adamlar ýaly bolmaň! Allatagala Musany töhmetden päkledi»***. Siz hem dostum Muhammet meniň permanymy size ýetirse, Musanyň kowumynyň: «Ol ýalan aýtdy» diýişi ýaly, Muhammede töhmet atmaň» diýen perman beripdi.

*Hekaýatda şeýle gürrüň getirilipdir:*

Musa alaýhyssalamyň utanç-haýasy köpdi. Ol bedenini hiç kime görkezmezdi. Beni Ysraýylyň adamlarynyň käbirleri: «Musanyň bedeni aladyr» diýip aýtsalar, başga birler: «Onuň endamy çişdir» diýdiler.

Bir gün Musa alaýhyssalam gusul almak üçin eşigini çykaryp, onuň üstüne daş basdyryp goýdy we suwa girdi. Hudaýtagalanyň permany bilen daş onuň geýmini alyp gaçdy. Musa alaýhyssalam suwdan çykyp: «Eý, daş! Meniň eşigimi taşla!» diýdi. Daş ony taşlaman, iliň arasyna alyp bardy. Musa alaýhyssalamyň gahary geldi. Ol eşigini kowalap, iliň arasyna girenini hem bilmän galdy. Adamlar ýygnandylar. Olar Musa alaýhyssalamyň bedeniniň gaty ak we aýypsyzdygyny gördüler.

Ýene ol iliň öňünden ýörese, oňa ulumsy diýip, ortada ýörese gorkak diýip, yzda ýörese bu onuň goýun çopanlykda, mal sürüp öwrenen käri diýip azar bererdiler. Ýene oňa beren azarlarynyň biri budur Olar Musa alaýhyssalama: «Pygamberlik ýeke özüme galsyn diýip, Harun alaýhyssalamy sen öldürdüň» diýdiler.

Bir gün beni Ysraýylyň halky Harun alaýhyssalamyň mazarynyň ýanyndan ötüp barýardylar. Musa alaýhyssalam: «Eý, beni Ysraýylyň halky! Harun alaýhyssalamyň mazaryna

zyýarat edeli» diýdi. Ol wagt bäş ýüz kişi Musa alaýhyssalam bilen zyýarata geldi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Harun!» diýdi. Şol wagt Harun alaýhyssalamyň gabryndan: «Lepbeýke, ýa ahy!»[5] diýip owaz çykdy. Musa alaýhyssalam: «Eý, Harun! Seni kim öldürdi?» diýdi. Harun alaýhyssalam Allatagalanyň gudraty bilen dile gelip: «Eý, Musa! Men öz ajalym bilen öldüm. Hiç kim meni öldürmedi» diýdi. ***«Allatagala oňa aýdylan töhmetden ony päkledi*»** diýen aýatyň tefsiri şudur. Olar ýene: «Eý, Musa! Sen: «Hudaýtagala bilen sözleşýärin» diýýärsiň. Bizi hem sözleşige alyp barsaň, çünki, biz hem pygamberzadadyrys» diýdi. Musa alaýhyssalam bu söze jogap almak üçin dileg etdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Olaryň ululary gelsin» diýen owaz geldi.

Musa alaýhyssalam beni Ysraýylyň halkyna: «Ýetmiş sany aksakgal ýygnansyn» diýdi. Beni Ysraýyldan altmyş sany aksakgal çykdy. Olaryň sany ýetmişe ýetmedi. Musa alaýhyssalam: «Siziň perzentleriňizden on iki ýigit çyksyn» diýdi. On iki ýigit orta çykdy. Şeýlelikde, olar ýetmiş iki boldular. Musa alaýhyssalam: «Iki kişi yzyna gaýtsyn. Özgeleri meniň bilen ýöresin» diýdi. Ýuşag ibn Nun bilen Kulub ibn Barkyýa yzyna gaýtdy. Olar: «Biz gaýtsak, olara bolan sogap bize hem bolarmy?» diýdiler. Musa alaýhyssalam: «Hawa, bolar» diýdi. Ol wagt Harun alaýhyssalam diridi. Haruny olar halypa etdiler. Musa alaýhyssalam: «Biz otuz günde yzymyza gaýdyp geleris» diýip, olar bilen Tur dagyna geldi.

Olar ol ýerde otuz gün oraza tutdular. Otuz gün tamam bolandan soň: «Allatagala bilen sözleşmegiň wagty geldi» diýip, agzyny açdy. Taňrydan: «Eý, Musa! Sen näme üçin agzyňy açýarsyň?» diýen perman geldi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň agzym yslanypdyr» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Oraza tutup, agzy yslanan bendäniň agzynyň ysy Meniň dergähimde müşk-u-anbardan hoşboýrakdyr. Eý, Musa! Indi on gün oraza tut, kyrk gün bolsun» diýen owaz geldi. Ol on güni

olaryň hemmesi tutdular. Kyrk gün tamam boldy Olar bu dagyň teýinde Allatagala ýalbaryp ýyglamaga meşgul boldular. Musa alaýhyssalam: «Men daga çykyp, Hudaýtagalanyň dergähine barýaryn. Siz az salymdan yzymdan gelip Hudaýtagalanyň kelamyny eşidersiňiz» diýdi.

Musa alaýhyssalam ol ýere bardy. Onuň yzyndan bular bardylar. Musa alaýhyssalam Hudaýtagalanyň kelamyny eşidip, hoşwagt boldy. Olar: «Biz Allatagalany äşgär görýänçäk, saňa ynanmarys» diýdiler. Bu mazmuna: ***«Eý, Musa! Biz Allatagalany gözümiz bilen açyk görmesek, biz saňa ynanmarys»*** diýen şu aýat delildir.

Şol wagt bir ot peýda bolup, olaryň hemmesini köýdürdi. Bu mazmuna: ***«Asmandan ot gelip, sizi öldürdi»*** diýen şu aýat delildir. Olaryň hemmesi heläk boldy. Musa alaýhyssalam gamgyn bolup, Hudaýtagala arz edip: «Eý, Taňrym! Bular öz biedepliklerinden beýle boldular. Emma beni Ysraýylyň halky: «Musa biziň ýagşylarymyzy alyp baryp, öldürdi» diýip, maňa melamat ederler. Eý, Taňrym! Sen ol biedeplere rehim edip, olaryň janlaryny gaýtaryp berseň diýip dileg edýärin» diýdi.

Allatagala öz gudraty bilen olaryň hemmesini direltdi. Bu halk özleriniň ölüp direlenlerini görüp we gara bolup agaranlaryny bilip: «Biz Hudaýtagalanyň gudratlaryny bildik. Biz Hudaýa ynandyk» diýdiler. Bularyň käbirleri beni Ysraýylyň içinde pygamber boldy, käbirleri patyşa boldy, käbirleri öwlüýä we zahyt boldy.

Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi gowy bilýändir!

## *DOKUZYNJY PASYL*
## MUSA ALAÝHYSSALAMYŇ HUDAÝDAN DIDAR DILEMEGINIŇ BEÝANY

*Rawylar şeýle rowaýat edipdirler:*

Bir gün Musa alaýhyssalam Tur dagyna barmakçy bolup Harun alaýhyssalama: «Eý, Harun! Sen bulara men ol ýerden gelýänçäm şerigat ylmyny öwredip dur. Olar ýoldan azmasynlar. Men baryp Hudaýtagala bilen sözleşeýin» diýdi. Harun alaýhyssalam onuň bu teklibini kabul etdi. Musa alaýhyssalam Tur dagyna bardy. Ol Hudaýtagalanyň kelamyny eşidip hoşwagt boldy. Ol öz ýanyndan: «Onuň kelamyny eşitmek şunuň ýaly ýagşy bolsa, didaryny görmeklik nähili bolarka?» diýip hyýal etdi. Ol: «Eý, Taňrym! Men Seniň gaşyňa: «Seni gözläp, Saňa meýil edip, Seni sorap, Saňa ýalbaryp, başgalara bermedik uly nygmatyňy maňa berermikäň» diýip geldim. Eý, ululyk hem soltanlyk eýesi! Maňa jemalyňy görkez. Men Ony bir gezek göreýin»diýip dileg etdi.

Allatagala: ***«Sen meniň jemalymy hiç görüp bilmersiň».*** Eý, Musa! Seniň bu sözüň miýesser boljak zat däl. Didar höwesini köňlüňden çykar. Meniň jemalym, mertebäm we ýeke-täkligim ägirt uly zatdyr. Sen bir ejiz bendesiň. Sen meniň jemalymyň haýbatyna çydap bilmersiň we köýersiň» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men ejiz bende Taňry bilen duşuşmagyň höwesinde ölüp gitsem, bu maňa bagtyň kemallygy dälmidir?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Eger sen Meniň jemalymy görjek bolsaň bu daga bak. Men ol daga görüneýin. Eger oňa ol dag çydap, ornunda durup bilse, sen hem çydap bilersiň. Sen baryp iki dagyň arasynda otur» diýen owaz geldi.

Musa alaýhyssalam gelip, ol iki dagyň arasynda oturdy. Birinji gat asmanyň perişdelerine hytap boldy. Olaryň hemmesi ýere düşüp geldiler. Öküz suratly bu perişdeler ol dagyň

töwereginde oturdylar. Olar dört agaçlyk ýeri tutup durdular. Ýyldyrym çakan ýaly bir şemal geldi, asman kükredi we ýyldyrym çakdy. Perişdeler belent owaz bilen tesbih aýtdylar. Ýene ikinji gat asmanyň perişdeleri ýere düşüp geldiler. Şir suratly bu perişdeler öňki perişdeleriň daşyny gurşap aldylar. Musa alaýhyssalam bulary görüp gorkdy we: «Eý, Taňrym! Meni bu haýbatdan gutar» diýip aýtdy. Ol perişdeleriň ulusy: «Eý, Musa! Entek sen köp haýbatlary görersiň» diýdi. Onsoň üçünji gat asmanyň perişdeleri ýere düşüp geldiler. Bürgüt suratly bu perişdeler hem beýleki perişdeleriň daşyny gurşap aldylar. Olar tesbih aýtdylar. Olaryň agyzlaryndan ot uzalyp çykýardy. Musa alaýhyssalam bulary görüp diriliginden umyt üzdi. Ýene dördünji gat asmanyň perişdeleri düşüp geldiler. Ördek we gaz suratly bu perişdeler hem beýleki perişdeleriň töwereginde düşlediler. Şunuň ýaly bäşinji gat asmanyň, altynjy gat asmanyň, ýedinji gat asmanyň adam suratly perişdeleri gelip düşdüler. Olaryň agyzlary: «Subbuhun, Kuddusun, Rabbul-meläiketi we r-ruh, we lä ýemutu ebeden»[6] diýip gaýtalap tesbih aýdýarlar. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men bu ýerde dursam, ölerin, daşary çyksam köýerin» diýip ýyglaýardy.

Ýene Arşy göterýän perişdeler düşüp geldiler. Hemme perişdeler belent owaz bilen: «Subbuhun, Kuddusun, rabbul-meläiketi we-r-ruh we lä ýemutu ebeden» diýip belent owaz bilen tesbih aýtdylar. Musa alaýhyssalam bihuş boldy. Ol huşuna gelip daga garasa, bir ot çakylan ýaly nur peýda boldy. Dagyň bir bölegi ýüň ýaly asmana tozup gitdi, bir bölegi bolsa suw bolup akyp gitdi. Musa alaýhyssalam bihuş bolup ýykyldy. Bu mazmuna: ***«Musa gorkup, bihuş bolup ýykyldy»*** diýen şu aýat delildir.

Ol gün Sogap günüdi. Ertesi Anna güni bolup, Arafa gurban baýram günüdi. Ol üç güne çenli bihuş bolup ýatdy. Perişdeler gelip oňa: «Eý, aýbaş gören aýalyň ogly! Sen uly

zady Taňryňdan biwagt soradyň» diýdiler. Musa alaýhyssalam üç günden soň huşuna gelip: «Eý, Taňrym! Men hata iş edipdirin. Men ol işime toba etdim. Eý, Taňrym! Seniň jemalyňy perişdeler hem, dag hem görüp bilmeýär eken. Görseler hem bihuş bolup, suw bolup ereýär ekenler» diýdi. Allatagaladan: ***«Eý, Musa! Men seni pygamberlik we kelamym bilen hormatladym. Meniň saňa iberen kitabymy al. Sen Maňa şükür edýänlerden bol»*** diýen owaz geldi.

*Sowal:* Musa alaýhyssalam didar diledi. Emma ony görüp bilmedi. Bu hikmet nämedir?

*Jogap:* Hudaýtagalanyň didary bakydyr. Musa alaýhyssalamyň gözleri panydyr. Pany göz bilen bakyny görüp bolmaz.

*Ýene bir jogap*: Hudaýtagala her dostuna bir zady nesip eýledi. Musa alaýhyssalama kelam nesip eýledi, ýagny: ***«Allatagala Musa pygamber bilen ýüzbe-ýüz gepleşdi».*** Halyllygy Ybraýym alaýhyssalama berdi, ýagny: ***«Allatagala Ybraýymy özüne dost tutundy».*** Didar görmek Muhammet alaýhyssalamyň nesibesidir. Ol bu nesibäni özgelere bermedi.

*Ýene bir rowaýatda aýdypdyrlar:* Allatagala on sebäpden didaryny Musa alaýhyssalama görkezmedi. Birinji, ol ony wagtyndan öň diledi; ikinji, Musa alaýhyssalamyň gözleri pes äleme degişlidi, ol ýokarky äleme degişli däldi. Pes älemiň gözi bilen bolsa beýik älemiň didaryny görüp bolmaz; üçünji, kyýamatda Taňrynyň didaryny ilki görmek Muhammet alaýhyssalama niýetlenilendir. Ondan başga hiç kim ony ilki görüp bilmez; dördünji, hemme zahyr we batyn nygmatlar Allatagaladandyr, didar onuň hemme zatdan beýik nygmatydyr. Musa alaýhyssalam pes nygmatda bolup, beýik nygmaty diledi. Ol oňa miýesser bolmady; bäşinji, pany göz baky didara laýyk däldir; altynjy, Musa alaýhyssalam duşmanyny gördi. Duşmany gören göz dosta mynasyp däldir; ýedinji, biwagt dilenen didar miýesser bolmaz; sekizinji, häzir hem seniň gözüň ýaragsyzdyr. Güni bolar, şonda didar oňa mynasyp bolar,

şonda ol ony görer; dokuzynjy, Eý, Musa! Entek sen biynjalyk bolma. Güni geler, şonda sen ony hemme pygamberler bilen görersiň; onunjy, eý, Musa! Meniň didarym hemme zatdan ezizdir. Dostum Muhammet hemmeden ezizdir. Men didarymy ilki ol ezize görkezip, soňra başgalara görkezerin» diýdi.

*Sowal:* Musa alaýhyssalamyň tejellide bihuş bolmagyna sebäp nämedir?

*Jogap:* «Iki dürlüdir» diýipdirler. Emma ol üç dürli diýseň hem bolar. Birinjisi, Musa alaýhyssalam kelam eşitdi. Musa alaýhyssalam: «Men ýaly Hudaýtagala bilen her gün sözleşýän barmy?» diýdi. Hudaýtagala: «Musa Hudaýyny bilsin» diýip, oňa öz gudratyny bildirdi». Ikinji, Hudaýtagala öz nuruny daga görkezdi. Ol halda Musa alaýhyssalam daga bakdy. Ol özi ýaly ýetmiş müň kişini gördi. Olaryň golunda hasa, egninde bolsa kilim. Olaryň hemmesi: «Eý, Taňrym! Maňa didaryňy görkez. Men oňa nazar salaýyn» diýip dat-perýat edip durlar. Musa alaýhyssalam ony görüp bihuş boldy. Üçünji, Musa alaýhyssalam didar diledi. Allatagala oňa: «Daga bak» diýdi. Ol daga bakanda Muhammet alaýhyssalamyň hemme ummatynyň: «Eý, Taňrymyz! Bize didaryňy görkez» diýip, didar diläp perýat edip durandygyny gördi. Musa alaýhyssalam bulary görüp, haýran galyp bihuş boldy.

Bu ýerden bu dünýäde pany gözler bilen didar görüp bolmajakdygy, emma ahyretde ony görüp boljakdygy mälim boldy. Aýat: ***«Kyýamat gününde (pygamberleriň, welileriň we beýleki musulmanlaryň) ýüzleri ýokary bolar. Olar Taňrysyna perdesiz nazar salarlar».*** Emma kapyrlar didar görmezler. Aýat: ***«Taňrylary bilen olaryň arasynda şol gün perde bolar».***

Musa alaýhyssalam Tur dagyna sapara gidende Allatagaladan kelam eşitdi. Allatagala Musa alaýhyssalama üç sany lowh berdi. Onuň içinde Muhammet alaýhyssalamyň ummatynyň sypaty bardy. Musa alaýhyssalam ony görüp: «Eý, Taňrym! Sen

meniň ummatyma näme berersiň?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Seniň ummatyň ýaman iş etdi. Samiri olary ýoldan azaşdyrdy. Olar gölä sežde etdiler. Onsoň Men olara näme bereýin?» diýen owaz boldy. Musa alaýhyssalam muňa köp gamgyn boldy. Ol wagt onuň il arasyndan çykyp gidenine iki ýüz gün bolupdy. Ol iline gelip görse, hemme halk gölä sežde edipdir.

**Hekaýat.** Samiri diýen bir zergär bardy. Ol Musa alaýhyssalama hala beçedi. Ol beni Ysraýylyň halkyna: «Siz unasaňyz men bir söz aýdaýyn. Men size Musanyň Hudaýyny görkezeýin» diýdi. Bu sözden hemmeler hoşal boldular. Samiri toprakdan göläniň sypatynda bir zat ýasady. Ony ýere gömdi. Ol onuň üstünde köp odun ýakdy we: «Adam başyna bir dinardan bu oduň içine atyň» diýdi. Olar adam başyna bir dinary oda saldylar. Dinarlar eräp ol gölä galyp boldy. Samiri ony üç günden soň açyp aldy. Ol Pyrgaun suwda gark bolanda Jebraýyl alaýhyssalamyň münüp gelen baýtalynyň yzyndan bir gysym toprak alyp, saklap ýördi. Ol topragy göläniň içine saldy. Ondan owaz peýda boldy. Samiri: «Musanyň we siziň Hudaýyňyz ine şudur» diýdi. Beni Ysraýyldan dokuz ýarym taýpa ýoldan azdy. Olar bu gölä sežde etdiler. Harun alaýhyssalam bu işi görüp gamgyn boldy. Onuň häsiýeti gaty ýumşakdy. Ol beni Ysraýyla köp nesihatlar berdi. Olar onuň sözüni kabul etmediler we oňa: «Biz bu işimizi Musa gelýänçä ederis» diýdiler.

Musa alaýhyssalam Tur dagyndan gaýdyp geldi. Ol bu ýagdaýy görüp, Harun alaýhyssalamyň saç-sakgalyndan tutup: «Eý, Harun! Sen men gidenimden soňra nähili halypalyk etdiň? Hemme halk gölä sežde edipdir» diýdi. Aýat: «Harun: ***«Eý, enemiň ogly! Bu kowum meni ejiz gördi we olar permanymy berjaý etmediler. Eger men gaty sözlesem, olar meni öldürerdiler. Sen meniň saç-sakgalymy goýber we duşmanlarymy şat etme»*** diýdi. Musa alaýhyssalamyň Harun alaýhyssalama rehimi geldi we ýyglap: ***«Eý, Taňrym! Sen meniň we doganymyň***

***günäsini geçir Sen bizi öz rehmetiňe sal. Elbetde, Sen rehimdarlardan hem rehimliräksiň»*** diýdi.

*Sowal:* Musa alaýhyssalamyň Harun alaýhyssalama: «Enemiň ogly» diýmegi näme üçindir?

*Jogap:* Musa alaýhyssalam onuň bilen enebir, emma atabaşga garyndaşdyr.

## *ONUNJY PASYL*
## BENI YSRAÝYLYŇ TOBA ETMEKLERINIŇ BEÝANY

*Şeýle rowaýat edipdirler:*

Öňki pygamberleriň ummatlary günä etseler, olaryň özleri toba edenleri bilen tobalary hiç kabul bolmazdy. Olaryň pygamberleri arz edip dileg etseler, olaryň günäleri geçilerdi. Emma Muhammet alaýhyssalamyň ummaty hernäçe günä etse hem, toba etse, tobasy Allatagalanyň dergähinde kabul bolar. Bu iş hezreti Muhammet alaýhyssalamyň bereketindendir.

Elkyssa, Musa alaýhyssalam Tur dagyndan yzyna gaýdyp gelse, beni Ysraýylyň halkynyň hemmesi gölä sežde edip, butparaz bolup gidipdir. Musa alaýhyssalam mynajat edip: «Eý, Taňrym! Ýagşy ediji hem Seniň özüňsiň, ýoldan çykaryp, ýaman ediji hem Seniň özüňsiň. Sen isleseň bossan edersiň, islemeseň ýegsan edersiň. Sen beni Ysraýylyň halkyna ýardam ber» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen kowumyňy Maňa tabşyran bolsaň, Men ony salamat saklap bererdim. Sen ony Haruna tabşyrdyň. Ol ony salamat saklap bilmedi. Olar gölä sežde edip, butparaz bolup gitdiler» diýen owaz geldi. Hezreti Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Eger olar Seniň dergähiňde toba etseler, Sen ony kabul edermiň?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Men olaryň tobasyny eger olar bala-çagalaryny taşlap, garyp bolsalar ýa özlerini pyçak bilen öldürseler kabul ederin» diýen owaz geldi.

Hezreti Musa alaýhyssalam kowumyna gelip: «Siz gölä sežde edip, Hudaýtagalanyň dergähinde günäkär bolduňyz. Indi, siz bu iki işiň birini kabul edip, toba getirseňiz, siziň tobaňyz şonda kabul bolar» diýdi. Olar maslahatlaşyp: «Garyplyk bir ýaman işdir. Bala-çagalarymyzdan aýrylyp ölýänçäk, biri-birimize pyçak urup ölenimiz ýagşyrakdyr» diýdiler.

Ol wagtda beni Ysraýylyň dokuz topary butparaz bolupdy. Üç topary bolsa heniz musulmandy. Her topar on bäş müň kişidi. Olar iki sap bolup durdular. Hezreti Musa alaýhyssalam musulmanlar bilen kapyrlaryň başyna hanjar tartyp geldi. Ata oglundan, ogul atasyndan ýüz görmän, biri-birini çapdylar. Olaryň ganlary derýa bolup akdy. Ýetmiş müň kişi öldi. Hezreti Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen rehim edijileriň ýagşyragydyrsyň. Men Senden olaryň günäsini dileýärin» diýip arz etdi. Hudaýtagala olaryň hemmesiniň günäsini geçdi. Ondan soň ölenler şehitlik derejesinde jennete duwlandy. Galanlaryň tobasy kabul boldy.

Hezreti Musa alaýhyssalamyň köňli karar tapdy. Beni Ysraýylyň halky ybadata meşgul boldylar. Hezreti Musa alaýhyssalam olara: «Siz bu Töwraty okap, ýatlaň. Ony kagyza ýazyň» diýip buýurdy. Olar şeýle hem etdiler. Allatagaladan: «Töwrat ýazylan tagtalara zynat beriň» diýip, perman boldy. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Oňa bezeg berer ýaly hiç zat ýokdur» diýdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Pylan oty mise goşup, köýdürseňiz ol altyn bolar. Onuň bilen zynat beriň» diýdi. Allatagaladan Musa alaýhyssalama: «Eý, Musa! Kimiýagärçiligi halka öwret» diýip perman boldy. Käbir alymlar: «Şu ýol bilen olar bu käri öwrendiler» diýipdirler.

Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi gowy bilýändir!

## *ON BIRINJI PASYL*
## KARUNYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Karun, (goý, oňa nälet bolsun!) Hezreti Musa alaýhyssalamyň ymmatyndandy. Ol köp töwrathondy. Ol kimiýagärligi öwrenip, nebisi semräp, kapyr bolup gitdi. Ol bahyldy we leýimdi[7]. Ol asla haýyr-sahawat etmedi. Hezreti Musa alaýhyssalama Karundan duşmanrak adam ýokdy. Ol Karun bilen hiç bir nukdaýnazardan dost bolmandy.

Bir gün Karunyň ýanyna bir gedaý gelip, ondan sadaka bermegini diledi. Karun oňa: «Sen baryp Musanyň hasasyny ýa köwşüni diläp, meniň ýanyma alyp gel. Men ony senden pulumal berip satyn alaýyn» diýdi. Bu gedaý Musa alaýhyssalamyň ýanyna gelip, ony köp gaýgy-gama batyrdy. Ahyry ol gedaýa tesbisini berdi. Ol tesbini alyp, gelip Karuna satdy.

Bir gün ýene bir gedaý Karunyň ýanyna geldi we ol ondan sadaka diledi. Karun oňa Musa alaýhyssalamyň köwşüni diledip aldyrdy we ony gedaýdan satyn aldy.

Bir gün Musa alaýhyssalam çöl-beýewandan barýardy. Oňa bir gedaý sataşyp: «Eý, Musa! Men bir gedaýdyryn. Meniň öýümde çagalaryma berere owkat ýok» diýdi. Hezreti Musa alaýhyssalam oňa: «Beýle bolsa sen şu beýewandaky daşlary ýygna. Olary oda köýdürseň altyn bolar» diýdi.

Musa alaýhyssalamyň bu sözlerini gapdalda Karun eşidip durdy. Emma Musa alaýhyssalam ony görmedi.

Gedaý ol ýerden daşlary ýygnap başlady. Çünki ol Musa alaýhyssalamyň ýalan söz aýtmajakdygyny bilýärdi.

Karun gedaýyň ýanyna gelip: «Musa saňa näme berdi?» diýdi. Gedaý: «Ol maňa: «Daşlary ýygnap, oda köýdürseň, altyn bolar» diýdi. Karun: «Eý, garyp! Musa senden gutulmak üçin saňa şeýle aýdandyr. Heý, daşyň altyn bolanyny gören barmy? Gowusy, men saňa bir bölek et bilen nan bereýin» diýdi. Ol gedaý bu zatlary alyp, hoşwagt bolup öýüne gitdi.

Karun gullaryna buýrup, kyrk harman daş ýygnatdy we odun getirdip, daşlaryň üstünde ot ýakdyrdy. Daşlar köýüp, altyn-gyzyla öwrüldi. Karun ýedi aýa çenli altyn daşady. Ol uly baýlyga eýe boldy. Ol bir günde dört müň gul satyn aldy. Olaryň hemmesine lybas geýdirdi, at we azyk berdi. Olary öýlendirip, üstlerine öý saldyrdy. Ol dünýäniň ýüzünde adama lazym bolan hemme zat alyp goýdy. Ol kyrk öýi deşiklerine çenli altyn bilen dolduryp goýdy we olara kyrk guly hazynaçy belledi. Bu öýleriň açarlary kyrk pile ýük bolardy. Emma ol hiç bir kişä bir bölek nan hem bermezdi. Onuň özi hem bir bölek nany artyk iýip bilmezdi. Ol ahyry bir köşk saldyrdy. Onuň bir kerpiji altyndan, bir kerpiji bolsa kümüşdendi. Ol onuň diwarlaryna jöwherden zynat berdi. Eger ol bir ýere atlansa, gara göz gatyra münerdi. Onuň öňünden dört müň gul pyýada ýörärdi.

Bir gün Musa alaýhyssalam: «Eý, Karun! Sen bu altyn-kümüşiňe şat bolma. Sen Hudaýtagaladan gorkup, ahyret işiňi oýla. Hudaýtagala saňa ýagşylyk etdi. Sen hem Onuň bendelerine ýagşylyk et» diýdi. Karun (goý, oňa nälet bolsun!): «Eý, Musa! Men bu mallary öz bilimim bilen tapdym. Meniň baýlygymda Hudaýyň hiç bir haky ýokdur» diýdi. Musa alaýhyssalamyň bu doňza gahary gelip: «Hudaýtagalanyň senden beter baýlara we kuwwatly adamlara hem gudraty ýetýändir. Ol islese seni heläk eder» diýdi.

**Rowaýat.** Bir gün Karun betbagt gezmäge çykdy. Dört müň gul dür-jöwherlere bezenip, gymmatbahaly matalardan serpaýlar geýip ýörediler. Beni Ysraýyl muny görüp: «Biziň hem mal-baýlygymyz Karunyňky ýaly köp bolsady» diýip, köňülleri çökdi. Hezreti Musa alaýhyssalam bu sözi eşidip, beni Ysraýyla bu aýaty okap berdi: ***«Ylym berlen adamlar Karunyň maly ýaly baýlygy islän adamlara: «Belent Taňrynyň sogabynyň iman getirenlere we ýagşy işleri edenlere boljakdygyna arman çekiň» diýdiler.***

Bir gün Musa alaýhyssalam beni Ysraýylyň halkyny ýygnap, olara wagyz-nesihat edip durdy. Karun hem altyn kürsüsini göterip gelip, olaryň arasynda oturdy. Özi bolsa nagma-näz bilen şerap içýärdi. Ol Musa alaýhyssalamyň üstünden gülýärdi. Şamyta atly bir bozuk aýal bardy. Karun ony çagyryp, oňa bir bölek altyn berip: «Musa wagyz edende sen baryp: «Eý, Musa! Sen gündizine ile nesihat berýärsiň. Gijesine meniň bilen çakyr içip, betkärlik edýärsiň» diýip aýt. Goý, Musa ýüzügara bolsun» diýdi.

Bu hatyn altyny alyp, ýagşy diýip gitdi. Ertesi Hezreti Musa alaýhyssalam hemme beni Ysraýyly ýygnap, olara öwüt-nesihat berip başlady. Ol hatyn Karunyň aýdan sözüni aýtmak üçin geldi. Hudaýtagala Musa alaýhyssalama ýardam berdi. Ol hatyn: «Eý, Musa! Meni düýn Karun çagyryp: «Ertir il ýygnalanda Musa töhmet at» diýip aýtdy. Eý, Taňrynyň pygamberi, men size niçik töhmet ýapaýyn» diýip, Musa alaýhyssalamyň aýaklaryna ýykylyp, iman aýdyp, musulman boldy. Musa alaýhyssalam beni Ysraýylyň üýşen ýerinde bu sözi eşidip köp gamgyn boldy we: «Eý, Taňrym! Men Karunyň beýle külpetlerine nähili çydam ederin?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen Karuna: «Malyň ýaryny garyp-gasarlara zekat ber» diýip aýt» diýen owaz geldi.

Hezreti Musa alaýhyssalam Hudaýtagalanyň bu sözüni Karuna baryp aýtdy. Karun betbagt oňa: «Eý, Musa! Men seniň Taňryňdan hiç zat almadym. Ol hem menden hiç zat dilemesin» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen Karuna aýt: «Goý, ol malynyň dörtden birini hüşür-zekat bersin» diýen perman boldy. Musa alaýhyssalam bu permany hem Karuna baryp aýtdy. Ol muny hem kabul etmedi. Hezreti Musa: «Eý, Taňrym! Karun Seniň permanyňa boýun sunmady. Men oňa baryp Seniň permanyňy aýtdygymça onuň kapyrlygy artýar. Eý, Taňrym! Maňa Karunyň üstünden ygtyýar berseň» diýip,

dileg etdi. Onuň bu dilegi kabul boldy. Allatagaladan: «Eý, Musa! Men saňa islän zadyňy berdim» diýen owaz geldi.

Şol wagt hezreti Musa alaýhyssalam mübärek hasasyny alyp, gazap bilen Karunyň ýanyna bardy. Karun tagtda tekepbirlik bilen oturypdyr. Onuň yzynda beni Ysraýylyň halky hem bardy. Hezreti Musa alaýhyssalam: «Eý, Karun! Sen öňki wagtda Pyrgauna her gün dört nana işlärdiň. Indi Allatagala saňa munça nan beripdir. Sen muňa şükür edip, hiç musulman bolmaýarsyň?» diýdi. Karun: Eý, Musa! Men seniň hudaýyňdan hiç bir zat dilemedim. Men öz tapan malymy özüm harç ederin» diýdi. Musa alaýhyssalam dergazap bolup, hasasyny göterip: «Eý, ýer! Karuny tut!» diýdi. Şol wagt onuň tagty titräp, ol ondan ýere düşüp galdy. Musa alaýhyssalam ýene: «Eý, ýer! Karuny ýuwut!» diýdi. Şol wagt ýer Karuny aşyklygyna çenli ýuwutdy. Karun permany kabul etmedi. Onsoň ýer ony dyzyna çenli ýuwutdy. Karun ýene göwnemedi. Ahyry ýer ony agzyna çenli ýuwutdy. Karun: «Indi, men kabul etdim» diýdi. Musa alaýhyssalam ýere: «Karuny goýber» diýdi. Ýer ony goýberdi. Karun ýerden çykyp, malynyň kyrkdan birini hasaplap gördi welin, ol mukdar bir giden sährany tutup gitdi. Onsoň ol: «Men zekat berjek däl» diýdi. Hezreti Musa: «Eý, ýer! Karuny ýuwut!» diýdi. Ýer ony biline çenli ýuwutdy. Karun: «Eý, Musa! Sen Pyrgaunyň malyny alyp, lezzet tapdyň. Sen meniň hem malymy özüňe aljak bolýarmysyň?» diýdi. Hezreti Musa: «Eý, Taňrym! Karun maňa malymy aljak bolýarsyň diýýär. Ony hemme maly bilen ýer ýuwutsa?» diýdi.

Allatagaladan: «Eý, Musa! Men saňa onuň özüniň hem, malynyň hem üstünden ygtyýar berdim» diýen owaz geldi. Hezreti Musa: «Eý, ýer! Karuny maly bilen ýuwut!» diýdi. Ýer ony tagty, bagty we saraýlary bilen ýuwutdy. Olar gara ýeriň aşagyna gitdiler we köşgi hiç bir nyşana galmady.

## MUSA ALAÝHYSSALAMYŇ HYDYR ALAÝHYSSALAM BILEN MERTEBESINI DEŇEŞDIRMEGINIŇ BEÝANY

*Ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) aýdypdyr:*[8]

Hezreti Musa alaýhyssalamyň ýat ýurtlarda musapyrçylyk çekip, terkidünýälik etmeginiň sebäbi şudur. Musa alaýhyssalam: «Hudaýtagala menden ýagşyrak, dana-alym kişi ýaratmandyr. Ol maňa Töwraty berdi. Ol meniň bilen howanyň üstünden sözleşýär» diýip buýsanardy.

Ol bir gün: «Eý, Taňrym! Sen maňa ylym berdiň, artykmaçlyk berdiň. Ýene Seniň meniň ýaly ylymly bendäň barmydyr?» diýdi. Hezreti Jebraýyl gelip: «Eý, Musa! Pylan derýanyň kenarynda bir bende bardyr. Seniň ylmyň onuň ylmynyň ýanynda bir damja suw ýalydyr» diýdi. Hezreti Musa: «Eý, Taňrym! Men şol bendäni bir görsem?!» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Ol senden alymrakdyr. Sen ony gözläp tapyp, oňa şägirt bol» diýen owaz geldi. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men ony nireden taparyn?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen ýol azygyňy we şaýyňy tut. Saparyň kynçylyklaryna çydam et» diýen owaz geldi.

Ol bir balygy bişirdi, başga hem azyklardan aldy. Musa alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Ol bendäň hem men ýaly pygambermi ýa sakçy?» diýip sorady. Allatagala: «Ol sakçydyr» diýdi.

Elkyssa, Musa alaýhyssalam Ýuşagy özüne ýola hemra etdi. Ol: «Eý, Taňrym! Men seniň ol bendäňi nireden taparyn» diýip sorady. Taňrydan: «Sen ony Mejmegyl-bahreýnden taparsyň. Bir tarapdan Rum derýasy geler, ol ajydyr. Beýleki tarapdan Pars derýasy geler, ol süýji suwludyr. Bu iki derýanyň goşulan ýerine Mejmegyl-bahreýn diýilýändir» diýen owaz geldi.

Hezreti Musa alaýhyssalam köp wagtlap ýol ýöredi. Ol aýdylan ýeriň golaýyna baryp ýetdi. Ýuşag hem onuň ýanyndady. Mejmegyl-bahreýnden bir ýa iki mil galdy. Olar bu ýerde bir daşyň aşagyndan bir çeşmäniň akyp, onuň baryp derýa guýýandygyny gördüler. Ol çeşmä Aýnul-haýat diýilýärdi. Ol bu ýerde täret almaga durdy, bişirip alan balygyny daşyň üstünde goýdy. Ol balyk direlip çeşmä çümüp gitdi. Ýuşag bu wakany görüp gorkdy. Ol Musa alaýhyssalamyň ýanyna gelip, bu wakany beýan etdi. Hezreti Musa alaýhyssalam daşyň ýanyna gelse, balyk öňküsi ýaly ýerinde ýatyr. Ol balygy alyp iýdi.

Ondan soňra ol birnäçe ýol ýöräp, bir bulagyň ýakasyna geldi. Ol ýerde bir kişi namaz okap oturan eken. Ol namazyny bolandan soň, Musa alaýhyssalam oňa salam berdi. Hezreti Hydyr alaýhyssalam onuň salamyna jogap berdi. Ol kişi: «Hoş geldiňiz! Siz beni Ysraýylyň pygamberi Musasyňyz» diýdi. Hezreti Musa alaýhyssalam ondan: «Meniň bu ýere gelmegimi size kim habar berdi?» diýip sorady. Bu kişi: «Meniň habarymy size aýdan kişi, siziň habaryňyzy maňa aýtmazmy?» diýdi. Hezreti Hydyr: «Eý, Musa! Sen bu ýere näme iş bilen geldiň diýip sorady. Hezerti Musa: «Men sizden ylym öwrenmek üçin geldim» diýdi. Hezreti Hydyr: «Seniň höregiň nirede?» diýip sorady. Hezreti Musa oňa balygyň wakasyny aýtdy. Hezreti Hydyr alaýhyssalam: «Ol balygyň Hudaýtagala şunça zikr aýtmak arzuwy bardy. Ol direlip zikr aýtdy we ýene Hudaýtagalanyň permany bilen suwdan çykdy we ol: «Eý, Musa! Seniň alymlygyň hany? Özüň şunça arzuw etmeseň, haýyş edip, munça ýol azaplaryny tartmazdyň. Sende akyl-ylym bar bolsa, şol balygyň direlen çeşmesinden suw içip, tä kyýamata çenli diri ýörerdiň. Eý, Musa! Sen pygamber-mursel bolduň. Sen Töwrat ýaly kitabyň eýesi bolduň. Ýene sen näme üçin ylym öwrenjek bolýarsyň» diýdi. Hezreti Musa oňa: «Men ony Hudaýtagalanyň permany bilen alýaryn» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Sen meniň bilen hemra bolup bilmersiň» diýdi. Onda

hezreti Musa: «Inşallah, hemra bolaryn. Siz näme diýseňiz, men şony kabul ederin» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Onuň ýaly bolsa, men bir iş etsem, siz oňa garşy bolmaň, onuň sebäbini soramaň» diýdi. Hezreti Musa onuň bu teklibini kabul etdi.

Ol Ýuşaga rugsat berdi. Ol ikisi ýola rowan boldular we iki parsah ýol geçdiler. Hezreti Musa: «Meniň garnym ajykdy we men ýadadym» diýdi. Hudaýtagala hezreti Jebraýyla perman berip, iki tabakda oňa tagam iberdi. Onuň biri bişen et, biri bolsa nandy. Ony Hydyr alaýhyssalamyň öňünde goýdy. Hezreti Hydyr bolsa bir tabakdan çig et bilen uny Musa alaýhyssalamyň öňünde goýdy. Hezret Musa undan hamyr ýugrup, ondan nan bişirdi. Hezreti Musa ony iýdigiçe, gözünden ýaş geldi. Hezreti Hydyr bu ýagdaýa güldi. Hezreti Musa: «Sen meni masgara tutup gülýärmisiň?» diýdi. Hezreti Hydyr: «Bir kişi sabyr edip, taýýar nahar iýdi. Bir kişi bolsa sabyr etmän, ýüz müň muşakgat tartdy, ýene ol taýýar edip iýmeýär» diýdi.

Olar ýöräp ertesi bir derýanyň kenaryna bardylar we bir daragtyň astynda oturdylar. Bir janawar gelip, suw içip, tumşugyna suw aldy we ýola düşdi. Hydyr alaýhyssalam: «Eý, Musa! Sen ol janawaryň: «Hydyryň ylmy derýaça bardyr, Musanyň ylmy tumşugymdaky suw ýalydyr» diýýändigini bilýärmisiň?» diýdi.

Olar ýene bir derýanyň kenaryna geldiler. Hezreti Hydyr bu ýerde bir gäminiň burçuny deşip goýdy. Mellahlar perýat edip: «Bu niçik kişidir, gämiden mugt ötüp, ýene gämini deşip goýýar» diýdiler. Hezreti Musa alaýhyssalam: «Bu gämiçiler bizden hiç zat alman mugt derýadan geçirdiler. Sen näme üçin olaryň gämisini deşip goýduň? Gämi suwa gark bolsa, sen bu halka näme alaç taparsyň?» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Doganda eneň seni ot ýanyp duran tamdyra taşlady. Şol otda Hudaýtagala seni köýdürmedi. Ol seni salamat saklady. Ol bu halky gark bolmakdan salamat saklamazmy?» diýdi.

Olar derýadan ötüp, gury ýere düşdüler, soňra ýene ýola rowana boldular. Bir ýerde bäş-alty çaga oýnap ýördi. Hydyr alaýhyssalam olaryň birini tutup öldürdi. Musa alaýhyssalam ondan: «Seniň ol bigünä çagany tutup öldürmegiň sebäbi nämedir?» diýip sorady. Hydyr alaýhyssalam: «Men saňa men bir iş etsem, oňa garşy bolma, onuň sebäbini sorama diýip aýtmanmydym. Indi men seniň bilen hemra bolmaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men muhatyrymdan çykarypdyryn. Men ony unudypdyryn. Indi men beýle iş etmerin» diýdi. Olar bir ýere gelip, halkdan tagam dilediler. Olara hiç kim hiç zat bermedi. Olar gijesi bilen aç ýatdylar. Görseler, galanyň bir diwary ýykylmaga ýakyn bolupdyr. Olar laý bilen diwaryň teýini düzedip goýdular. Hezreti Musa: «Bu halk bize tagam bermedi. Biz köçede ýatyp galdyk. Biz ýene bularyň diwaryny düzetdik» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Eý, Musa! Sen her bir iş etseň hem oňa närazy bolmajakdygyňy aýtdyň. Indi ýene närazyçylyk bildirseň, men seniň bilen hemra bolmaryn» diýdi. Hezreti Musa: «Indi, asla närazy bolmaryn» diýdi.

Olar bu gije bir kempiriň öýünde boldular. Ol kempir bulary ýagşy kabul etdi. Ol daň atýança bularyň öňüňden ýagsüýdi aýyrmady. Ertesi olar kempirden: «Seniň näçe malyň bar?» diýip soradylar. Kempir: «Meniň bir geçim bar» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Ol geçini böri iýsin» diýip dileg etdi.

Olar ýene bir gije bir banynyň öýünde ýatdylar. Olar işikde oturdylar. Bany: «Siz niçik kişisiňiz?» diýip, olara tagam bermedi. Olar açlyk bilen ýatyp galdylar. Hydyr alaýhyssalam ertesi turup: «Seniň malyň on esse zyýada bolsun» diýip, bana dileg etdi. Musa alaýhyssalam hezreti Hydyryň bu işlerine haýran galyp, asla takat edip bilmedi. Ahyrynda ol: «Eý, Hydyr! Siziň eden işleriňizi hiç kim etmez» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Eý, Musa! Men saňa meniň eden işlerime närazyçylyk bildirme» diýip, aýdypdym. Indi, men senden jyda bolaryn» diýdi.

Ondan soň ol ýene: «Eý, Musa! Ol gämini deşenimiň sebäbi. Ol gämi on sany ejiz mirasdüşer garyndaşlaryň gämisidi. Gämi olara atalaryndan galypdy. Olaryň bäşisi gämide işleýärdi, bäşisi bolsa işlemeýärdi. Işleýän bäşisiniň biri golak, biri akly kelte, biri agsak, biri çişik, biri bolsa kerdi. Işlemeýän bäşisiniň biri kör, biri kiçi ýaşly, biri ýaman, biri çolak, biri ýöräp bilmeýärdi. Bularyň hemmesiniň rysgaly şol gämidendi we ol gämi ortakdy. Bu şäheriň patyşasy zalymdy we sütemkärdi. Ertir ol balyk tutmaga çykyp, hemme gämileri eýeleriniň elinden alar. Bularyň gämisi deşik bolandygy sebäpli, ony almaz. Onsoň gämiçiler gämisini bejerip, rysgallaryny taparlar. Şonuň üçin men ony deşip goýdum.

Ol çagany öldürenimiň sebäbi. Ol çaga ulalsa, müň kişini nähak öldürer. Onuň üçin men ony öldürdim. Ol oglanyň atasy musulmandy. Ol oglanyň enesini talak edipdi. Onuň atasy başga ýerde ýaşaýardy. Ol oglan atasynyň ýanyna baryp gelende ogurlyk ederdi. Onuň ata-enesi bilmän: «Oglumyz ogurlyk etmez» diýip ant içerdiler. Men ony öldürdim. Allatagaladan bulara: «Ýagşy ogul ber» diýip diledim.

Bize tagam bermedik halkyň diwarynyň aşagynda bir hum altyn bardy. Ol humy iki ogluň atasy bu ýere gömüpdi. Eger ol diwar ýykylsa, humuň üsti açylyp, ol başga biriniň goluna düşerdi. Indi, ol diwar ýykylýança ol oglanlar uly bolup ony tapyp alarlar.

Ol bize tagam bermedik bana biz: «Malyň on esse zyýada bolsun» diýip dileg etdik. Ol bu dünýäniň malyna gyzygyp, Hudaýtagaladan gapyldyr. Oňa bu dünýäde mal berler, emma onuň ahyreti gömükdir. Şonuň üçin oňa şeýle dileg etdik.

Biz ol kempiriň öýünde ýatdyk. Ol bize köp hyzmat etdi. Ol kempir Hudaýtagala aşykdyr. Ol käwagt, geçisine meşgul bolýar. Eger onuň ol geçisi bolmasa, ol diňe Hudaýtagalanyň ybadatyna meşgul bolar. Men onuň üçin: «Geçini böri iýsin» diýip dileg etdim» diýdi.

Hezreti Musa alaýhyssalam: «Eý, Hydyr! Siz maňa bir nesihat berseňiz, men onuň bilen amal etsem» diýdi. Hydyr alaýhyssalam: «Ölümi ýatlap durýan kişi şatlyk etmez. Hudaýtagalanyň bendelerine rysgal berijidigini bilýän kişi Ondan rysgal dilemegi ajapdyr. Eý, Musa! Diliňi bihuda sözleri aýtmakdan sakla. Hajatyňy asla mahlukatdan dileme. Adamlaryň kemçiliklerine gülme. Hatalara tagna etme. Özüňi günä ýakyn tutma. Adamlara peýda etmäge çalyş. Zeruryýet bolmasa kişiniň öýüne barma. Bahyldan bir zat tama etme» diýip nesihatyny tamam edip, gözden gaýyp boldy.

Ondan soň Musa alaýhyssalam beni Ysraýylyň ýanyna gaýdyp geldi. Ol Harun alaýhyssalam bilen tapyşyp, bolup geçen wakalary oňa beýan etdi. Harun: «Men sizden aýrylyp köp perişan boldum. Hudaýa şükür, men sizi salamatlykda gördüm. Indi, men ölsem armanym ýok» diýdi. Harun bu sözleri aýdyp otyrdy. Birden Ezraýyl gelip, onuň ruhuny aldy. Hezreti Musa alaýhyssalam öz ýerine Ýuşagy halypa etdi. Musa alaýhyssalamyň ömri ýüz elli ýaşa ýetipdi. Ol kyrk ýyl Pyrgauny yslama çagyrdy, kyrk ýyl çöl-beýewanda durdy, altmyş ýyl Müsürde gezdi we on ýyl Medinede boldy.

Bir gün hezreti Ezraýyl alaýhyssalam gelip, Musa alaýhyssalama salam berdi. Hezreti Musa alaýhyssalam: «Eý, Ezraýyl! Sen meniň janymy nähili ýol bilen alarsyň?» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Agzyňyzdan alaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men agzym bilen Hudaýtagalanyň sözlerini aýdýaryn» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Men ony gulagyňyzdan alaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men gulagym bilen Hudaýtagalanyň sözüni eşidýäirin» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Men ony gözüňizden alaryn» diýdi. Musa alaýhyssalam: «Men gözüm bilen Hudaýtagalanyň ýaradan zatlaryny görýärin» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam onuň haýsy tarapyndan ruhuny almaga barsa, ol oňa şonuň ýaly delil tapdy. Ahyrynda Ezraýyl alaýhyssalam Hudaýtagala: «Eý, Taňrym! Men Musanyň janyny

haýsy ýol bilen alaryn?» diýip arz etdi. Allatagaladan: «Eý, Ezraýyl! Sen oňa: «Dostuň çagyrýar» diý» diýen owaz geldi. Ezraýyl alaýhyssalam oňa: «Seni dostuň çagyrýar» diýdi. Onda Musa alaýhyssalam hoşwagt bolup: «Eý, Taňrym! Men maksadyma ýetdim. Emma meniň perzentlerim ejizdir hem biçäredir. Men olary size tabşyrdym» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Musa! Hasaň bilen derýa yşarat et» diýen owaz geldi. Ol yşarat etdi. Derýa ikä bölündi. Ondan bir uly daş çykdy. Daş ýaryldy. Onuň içinden bir gurt gök ot dişläp çykdy we bu: «Subhäne men ýerani we ýesme‘u kelami we ýa‘rifu makami we ýerzukuni we lä ýensäni»[9] diýen tesbihi aýtdy. Ýene: «Eý, Musa! Men şol gurda daşyň arasynda rysgal berýärin. Sen meniň pygamberimsiň. Men seniň perzentleriňi aç-ýalaňaç goýmaryn» diýen bir owaz geldi. Musa alaýhyssalam bu sözden razy boldy.

Musa alaýhyssalam bir ýere gelse, dört kişi gabyr gazýardylar. Bu dört kişi mukarrap – Allatagalanyň ýakyn perişdeleridi. Musa alaýhyssalam olara: «Siz kime gabyr gazýarsyňyz?» diýdi. Olar: «Kime dogry gelse, şoňa gazýarys» diýdiler. Musa alaýhyssalam: «Men oňa girip göreýin» diýdi. Ol gabyra girdi. Bu gabyr oňa laýyk geldi. Ezraýyl alaýhyssalam elinde bir alma tutup geldi. Musa alaýhyssalam ol almany ysgap jan berdi. Aýat: ***«Biz Allatagalanyň mülkündediris. Biz onuň huzuryna baryjydyrys».*** Perişdeler Musa alaýhyssalamyň ruhuny ýokarky äleme eltdiler. Onuň jesedi gabyrda galdy. Musa alaýhyssalamyň kowumy ýetmiş dört ýyldan soň jöhitlige girdiler. Ondan soň Daniýal alaýhyssalam pygamber bolup orta çykdy. Bu zatlary Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!



**Sunt dagy.** *Mäterguly Orazberdiýewyň çeken suraty.*

## *ÝIGRIMINJI KYSSA*
## DANYÝAL ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Beni Ysraýyl pygambersiz galyp, köp ahy-nala etdi. Olaryň suwy kemelip, akar suwsuz galdylar. Olar ahyry maslahat edip, bir guýy gazdylar. Ondan suw çykdy. Olar daragtlar ekdiler, ymaratlar saldylar, islän ýerlerine suwy akdyrdylar we ekinler ekdiler. Orak wagty gelende bir şemal gelip, däneleri samanyndan aýryp, her kimiň nesibesini öýüne eltip goýdy. Olar zähmetsiz we muşakgatsyz hasyl aldylar. Ýüz ýyl wagt şunuň ýaly bolup, aýşy-eşretde geçdi. Beni Ysraýylyň perzentleri çenden köpeldi. Şu müddetde hiç kim ölmedi. Ýurt adamdan dolup gitdi. Olar ertir bilen iki rekagat namaz, gijesine hem iki rekagat namaz okap ybadat ederdiler. Beni Ysraýyl adamlary guýynyň töweregine abnus agajyny ekmek bilen berkitdiler. Oňa altyn-kümüşden bent etdiler. Ondan soňra olar pyssy-pyjur işlere meşgul boldular. Olar şeraphorluk edip başladylar. Şeýtan betbagt bulara sakylyk edip başlady.

Bir gün şeýtan (oňa nälet bolsun!): «Siz kime sežde edýärsiňiz?» diýip sorady. Bular: «Biz Hudaýtagala sežde edýäris» diýip aýtdylar. Şeýtan (oňa nälet bolsun!): «Siz Hudaýtagalany gördüňizmi?» diýdi. Olar: «Biz asla ony görmedik» diýdiler. Şeýtan betbagt: «Men siziň Hudaýyňyzyň suratyny ýasap görkezeýinmi?» diýdi. Olar onuň bu teklibine hoşallyk bilen razy boldular. Şeýtan: «Beýle bolsa, ertir siziň hemmäňiz

ýagşy eşikler geýnip, hoşboý ysly zatlary sepinip, pylan sähra çykyň» diýdi. Emma beni Ysraýylda adamlara nesihat berer ýaly hiç bir alym kişi ýokdy. Şeýtan (oňa nälet bolsun!) bir ogluny, dürli reňkli bezegler bilen bezedi we ony altyn tagtyň üstüne çykardy. Ony butlaryň ýanynda goýup: «Eý, halaýyk! Siz gelip, muňa sežde ediň» diýip perýat etdi. Hemme halk gelip oňa sežde etdi. Şeýtan (oňa nälet bolsun!) perzentlerine tagty göterip, howa çykarmaklygy buýurdy. Onuň perzentleri tagty howa göterip çykardylar. Olaryň hemmesi şeýtanyň sözüne gidip, kapyr boldular. Şeýtan: «Hemmäňiz but ýasap, ony boýnuňyza asyň» diýdi. Olaryň hemmesi but ýasap, ony boýunlaryna asdylar. Olar şäheriň içinde bir buthana saldylar.

Hezreti Daniýal alaýhyssalam Hudaýtagalanyň emri bilen bulary imana çagyrmalydy. Emma ol wagtda Daniýal alaýhyssalam entek çagady. Oňa heniz pygamberlige habar gelmändi. Ol: «Eý, halaýyk! Siz Allatagala sežde ediň. Buta sežde etmek nälet siňen şeýtanyň işidir. Ol siziň hemmäňizi dowzaha elter» diýdi. Bular onuň bu sözüni asla kabul etmediler. Bularyň patyşalarynyň ady Taýfurdy. Ol hezreti Daniýaly öldürmekçi boldy. Hudaýtagala Daniýal alaýhyssalamy gaýyp etdi. Olar ony gözläp tapyp bilmediler.

Ýene bir gün Daniýal alaýhyssalam gelip, olary imana çagyrdy. Bular muňa göwnemediler. Onda hezreti Daniýal: «Men sizi şunça wagtlap imana çagyrdym. Emma siz meniň sözümi kabul etmediňiz. Indi men size ölümi alyp gelerin» diýdi. Bu halk ölüm diýlen zady bilmeýärdi. Birden olara ölüm gelip ýetdi. Adamlar ölmäge başladylar. Bular jemlenip, patyşalarynyň ýanyna geldiler we: «Eý, patyşamyz! Daniýal ölümi alyp geldi. Adamlar ölüp ugradylar» diýip aýtdylar. Patyşa: «Olar gaty uklandyrlar. Siz ot ýakyň» diýdi. Olar ot ýakyp başladylar. Ölen adamlar hergiz oýanmadylar. Patyşa: «Indi ol ölümi alyp gelse, men oňa ýol bermerin» diýdi. Ol uly

saraý saldyryp, onuň işiginde köp adamlara gylyç-hanjar berip, garawul goýdy. Ol: «Jan alyjy gelse, siz ony saraýa girizmäň. Meniň ölüm bilen hiç işim ýok» diýdi. Özi bolsa, bir öýüň içine girip oturdy. Patyşa bir gün uklapdy. Ukudan turup garasa, öňünde bir haýbatly kişi dur. Ol aljyrap: «Siz kim bolarsyňyz?» diýdi. Ol kişi: «Men jan alyjydyryn» diýdi. Patyşa ýalbaryp: «Siz meni bu gün ugruma goýuň. Men seni ertir kabul edeýin» diýdi. Onuň ömründen bir gün galypdy. Ezraýyl alaýhyssalam ol gün gitdi. Patyşa daşary çykyp, garawullara gaharlanyp: «Siz näme üçin jan alyjyny içeri goýberdiňiz?» diýdi. Patyşa bularyň hemmesini jellada buýrup öldürtdi. Ol: «Gümmeziň bir deşigi bar bolsa, onuň içini-daşyny suwaň» diýip buýurdy. Derwezä pälwan kapyrlardan garawul goýdy. Özi köşgünde oturdy. Ondan soň hezreti Ezraýyl gelip, ýüz müň azaplar bilen ol haramzadanyň janyny aldy. Onuň jany dowzaha gitdi. Ondan soňra Daniýal alaýhyssalam gelip: «Indi siz musulman bolup, ölümden halaslyk tapyň» diýdi. Bu kapyrlar ony tutup alyp: «Sen bize ölümi alyp geldiň. Sen atadan ogly, eneden gyzy aýyrdyň» diýip, ony daş, kerpiç bilen urup, şehit edip öldürdiler. Ondan soň Hudaýtagala bu kapyrlara bir ýylany iberdi. Ol şähere halka bolup, gurşap alyp, gysyp, ýenjip, olaryň hemmesini heläk etdi. Ondan soňra Amalika diýen kapyr taýpa dünýä dolup galdy. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *ÝIGRIMI BIRINJI KYSSA*
## HEZRETI EŞMUÝYL ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Musa alaýhyssalamdan soňra beni Ysraýyl günäkärçilige ýüz urdy. Allatagala olara Bahtun-nasry musallat etdi. Bahtun-nasr ýaman kapyrdy. Ol gelip beni Ysraýyly ýesir aldy.

Ýene Amalika taýpasyndan Jalut diýen patyşa beni Ysraýyla duşmandy. Jalut adylar urugyndandy. Ol zamananyň pygamberiniň ady Eşmuýyldy. Beni Ysraýyl Eşmuýyl alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Eý, Eşmuýyl! Siz Hudaýtagaladan bir dileg ediň. Goý, ol bize bir patyşa ibersin» diýdi. Eşmuýyl alaýhyssalam dileg etdi. Hudaýtagala onuň dilegini kabul etdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam jennetden bir gamyş alyp gelip, ony Eşmuýyl alaýhyssalama berdi we: «Eý, Eşmuýyl! Kimiň boýuna bu gamyş barabar gelse, goý, ol patyşa bolsun!» diýip aýtdy. Hezreti Eşmuýyl alaýhyssalam ol gamşy ölçäp, onuň ölçeginde her taýpa üçin bir agaç taýýarlady. Soňra ol agaçlary taýpalaryň üstüne iberdi. Ol ilçilerine: «Kimiň boýuna bu agaç barabar bolsa, ony meniň ýanyma alyp geliň. Onuň size patyşa bolmagyna Allatagalanyň permany bar» diýip aýtdy. Emma beni Ysraýylyň taýpalarynyň içinde onuň ýaly hiç bir adam tapylmady.

Beni Ysraýylda Talut atly bir sygyr çopan bardy. Bir gün ol bir gölesini ýitirdi. Ol ýiten gölesini gözläp ýördi. Oňa hezreti

Eşmuýyl alaýhyssalam ýolukdy. Görse, Talut uzyn boýly bir kişi eken. Ol oňa: «Eý, Talut! Sen bu ýerde näme idäp ýörsüň?» diýdi. Talut oňa: «Men bir göle ýitirdim. Şony gözläp ýörün» diýdi. Eşmuýyl alaýhyssalam oňa: «Eý, Talut! Sen meniň bilen ýöre, meniň öýüme baraly» diýdi.

Şeýlelikde, olar Eşmuýyl alaýhyssalamyň öýüne bardylar. Talut ýadawdy. Ol bir salymdan uklap galdy. Eşmuýyl alaýhyssalam gamşy alyp, onuň boýuna ölçäp gördi. Gamyş onuň boýuna laýyk geldi. Eşmuýyl alaýhyssalam öz-özüne: «Bu kişi patyşa bolmaga mynasyp eken» diýdi. Şol wagt Talut oýandy. Eşmuýyl alaýhyssalam oňa: «Eý, Talut! Saňa söýünji bolsun! Sen patyşa bolarsyň» diýdi. Talut: «Men bir sygyr çopanydyryn. Men patyşa bolmaga mynasyp däldirin» diýdi. Eşmuýyl alaýhyssalam oňa: «Seniň patyşa bolmagyňy Hudaýtagala isledi. Sen indi sygyr çopanlykdan gutuldyň» diýdi. Ir bilen Eşmuýyl alaýhyssalam Taluty öýünden daşary çykardy. Ol beni Ysraýyla: «Men gamşa boýy laýyk gelýän kişini tapdym. Ol size patyşa bolar» diýip, Hudaýtagalanyň erk-islegini olara beýan etdi. Bu mazmuna: ***«Olaryň pygamberi (Eşmuýyl) olara: «Eý, beni Ysraýyl! Allatagala size Taluty patyşa edip iberdi» diýdi*** diýen» şu aýat delil bolup indi. Beni Ysraýylyň halky Eşmuýyl alaýhyssalamyň bu sözüni kabul etmediler. Olar: «Talut biziň sygyr çopanymyzdyr. Onuň maly-mülki ýok. Ol bize nähili patyşa bolar? Bizde patyşa bolmak üçin gelip çykyşy boýunça ondan has asylly kişiler bardyr» diýip aýtdylar. Eşmuýyl alaýhyssalam olara: «Ýurduň mülki Hudaýtagala degişlidir. Ol patyşalygy kime islese, şoňa hem berýär. Aýat: ***«Allatagala öz mülküni islän bendesine berer».*** Allatagala Taluty sizden beter sylady. Ol bedeniniň kuwwatlygy we ylmynyň köplügi bilen sizden has artykdyr». Aýat: ***«Allatagala Taluty patyşalyga sizden has mynasyp gördi. Ol oňa ylymda we jisimde (beden gurluşynda) artykmaçlyk berdi»*** diýdi. Beni

Ysraýyl: «Eý, Eşmuýyl! Biz onuň patyşalyga ýarajakdygyny nähili bileli? Onuň patyşalyga näme alamaty bar?» diýdi. Eşmuýyl alaýhyssalam dileg etdi. Allatagaladan: «Eý, Eşmuýyl! Sen beni Ysraýylyň halkyna: «Talutyň patyşalyga hüküm edilendigi barada tabut sekineden soraň» diýip aýt» diýdi. Aýat: «Eşmuýyl olara: ***«Talutyň patyşalygynyň alamaty size asmandan sandygyň gelmegidir. Şol sandygyň içinde size aram tapmaga sebäp zatlar bardyr»*** diýdi».

«Tabut sekine» diýilýän zat Allatagalanyň Ýusup alaýhyssalama iberen daşydyr. Ýusup alaýhyssalam ol daşdan bir zat sorasa, ol oňa onuň jogabyny aýdyp bererdi. Ol agalaryndan sowal edende hem sandyk onuň ýanyndady. Ol daş hezreti Musa alaýhyssalama miras galypdy. Ol pişik suratyndady. «Şahadat sandygy» diýilýän hem şu daşdy. Onda atamyz Adam alaýhyssalamdan tä Muhammet alaýhyssalama çenli hemme pygamberleriň suratlary bardy. Ol hemişe Musa alaýhyssalamyň ýanyndady. Musa alaýhyssalam ömrüni tamamlan wagtynda: «Eý, Taňrym! Beni Ysraýyla bir keramatly zat ber. Goý, ol menden soň olara ýadygärlik galsyn. Olaryň başyna bir kynçylyk düşse, olara şepagatçy bolsun. Goý, olaryň müşgil işleri ýeňil bolsun!» diýip aýtdy. Allatagaladan: «Eý, Musa! Sen beni Ysraýyla: «Siz bir sandyk ýasaň we ol daşy onuň içine salyň» diý. Şeýle hem olar onda hatly tagtanyň bir bölegini, seniň hasaňy we Harunyň sellesini goýsunlar. Olar her wagt ony şepagatçy tutunyp, dileg etseler, men olaryň hajatyny bitirerin» diýen bir owaz geldi.

Elkyssa, beni Ysraýyl Talutyň patyşalygy barada bu sandykdan sorady. Ondan: «Talutyň patyşalygyna perman boldy» diýen bir owaz geldi. Mundan soň beni Ysraýyl halky çäresiz Taluty kabul etdi. Talut bulara patyşa boldy. Ol sansyz goşun ýygnady we Amalikanyň patyşasy Jalut bilen jeň edermen boldy. Talut leşgeri bilen hezreti Eşmuýyl alaýhyssalamyň

ýanyna geldi. Talut: «Eý, Hudaýtagalanyň pygamberi! Sen biziň üçin Hudaýtagaladan Jalutyň üstünden ýeňşe ýardam bermegini diläp ber» diýip aýtdy. Hezreti Eşmuýyl alaýhyssalam dileg etdi. Hemme beni Ysraýyl muňa «Ämin» diýdiler. Onuň bu dilegi Allatagalanyň dergähinde kabul boldy. Olar Jalut bilen söweşmäge ugradylar.

Allatagaladan Eşmuýyl alaýhyssalama: «Men sizi Palestin aryklary bilen synap görmekçi bolýaryn. Siz üç gün suwsuz galarsyňyz. Siz meniň permanymy berjaý etmeýärsiňiz» diýen perman geldi. Eşmuýyl alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bu nähili permandyr?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Eşmuýyl! Kim ol suwdan köňlüniň isläniçe içse, men ony heläk ederin. Kim ondan bir owurt içip kanagat etse, men ony geçirerin» diýen owaz geldi. Aýat: ***«Kim şol derýanyň suwundan (ýatyp agzy bilen) içse, ol meniň ýoldaşlarymdan däldir. Kim ol suwdan diňe datsa, ol meniň nökerlerimdendir».*** Olar bu suwa ýetdiler. Talut olara: «Bu suwdan bir owurtdan artyk içmäň» diýdi. Olar: «Sen patyşa bolup, biziň içjek suwumyza hem erkli bolduňmy?» diýip aýtdylar. Olaryň köpüsi suwy ýüzin düşüp, ýylky-gara mal ýaly hopurdadyp içmäge başladylar. Olaryň garynlary gerildi we ýüzleri saraldy. Emma olar suwdan ganman öldüler. Olar kyrk müň kişidi. Olardan buýrugy eşidip, bir owurt içenler suwdan gandylar we ölmediler.

Aýdylyşyna görä, suw içenler birbada ölmediler, emma olaryň garynlary çişdi. Talut olara: «Siz Taňrynyň buýrugyny tutmadyňyz. Siz söweşde nähili duşmana hötde gelip bilersiňiz?» diýdi we olary yzyna gaýtardy. Ol ýüz ýetmiş är bilen Jalutyň üstüne gitdi. Hudaýtagala olaryň köňlüni hoş etdi we ýalkady. Bu mazmuna delil bolup: ***«Az adam köp adamlary Allatagalanyň kömegi bilen ýeňendir»*** diýen şu aýat indi. Talut söweşip, Jalutdan üstün çykdy. Elbetde, ýardam bermeklik Allatagalanyň öz ygtyýary bilendir.

## *ÝIGRIMI IKINJI KYSSA*
## DAWUT ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Allatagala hezreti Dawuda bir goýun, onuň dawagärine bolsa, togsan dokuz goýun bermek bilen, ony synagdan geçirdi. Bu mazmuna delil hökmünde: ***«Meniň (din ýolundaky) doganymyň togsan dokuz goýny, meniň bolsa (bary-ýogy) ýekeje goýnym bar»*** diýen şu aýat indi. Dawut alaýhyssalam Allatagalanyň özüni synandygyny bildi. Aýat: ***«Ol Allatagala sežde edip, başyny egdi».*** Dawut alaýhyssalam ikinji bir dawagäre «Sen sütemkär» diýdi. Emma ol soň bu sözüni nähak aýdandygyna düşündi. Onsoň ol Allatagaladan bu günäsiniň geçilmegini sorady. Aýat: ***«Biz onuň günäsini bagyşladyk»***. Hudaýtagala ony mertebeledi we oňa halat-serpaý geýdirdi. Ol beýik Taňrynyň: ***«Eý, Dawut! Biz seni ýeriň ýüzünde halypa etdik»*** diýen sözüni eşitdi. Oňa Allatagala: ***«Eý, Dawut! Sen adamlaryň arasynda dogruçyllyk bilen höküm et»*** diýip perman berdi. Ol Hudaýtagalanyň: ***«Sen nebsiň ugruna gitme»*** diýen tabşyrygyny berjaý edip, nebis isleglerinden geçdi.

### Nazm

Gel, ne dek erdi ki bil Dawut ýalawaç işleri,
Bir Ogana hamd aýurda kimler erer eşleri?

Özi atlyg, orny tatlyg, kez ýüreklik alpagut,
Tekmeleriň kaýda erdi otru-turgu işleri?

Tesbih aýtsa birle bolup, üýn tüzüp eňreşdiler,
Ýerdäki kezikleri, hem gökde uçan guşlary,

Hak ytaby degdi, erse ýyglady inçikleýu,
Akdy ýol dek, doldy köller gözleriniň ýaşlary.

Dawut alaýhyssalam Ýehudanyň neslindendi. Ol kiçiliginden başlap, dagda goýun bakardy. Onuň atasynyň ady Işagdy. Emma Işagyň köp ogly bardy. Olaryň içinde hezreti Dawut uly pälwandy.

Bir gün hezreti Dawut atasyna: «Eý, ata! Men sapan bilen bir zat atsam, ol oňa degmän galmaýar. Bir gezek dagda gezip ýörkäm, maňa şir gabat geldi. Men ony tutup mündüm. Ol maňa asla haýbat atmady» diýip aýtdy. Atasy oňa: «Eý, oglum! Hudaýtagala seniň rysgalyňy sapandan açar. Ol saňa bir ýagşylyk bagyş eder» diýdi.

Ol ýene bir gün: «Eý, ata! Men daglarda tesbih aýdyp ýörsem, daşlar maňa ergeşýär» diýdi. Bu söz bu ýerde dursun. Habary Talutdan alalyň. Talut Jalut bilen urşarman boldy. Allatagaladan Eşmuýyl alaýhyssalama: «Jalut Işagyň oglanlarynyň golundan heläk bolar» diýip owaz geldi. Eşmuýyl alaýhyssalam: «Eý, Talut! Sen Allatagaladan ýardam dile. Ol ýardam soranlary goldaýandyr» diýdi. Aýat: ***«Ençe azlyk topar köp topary Allatagalanyň goldawy bilen ýeňendir. Elbetde, Allatagala sabyrlylar bilendir».*** Talut Işagy çagyrtdy. Işagy onuň ýanyna alyp geldiler. Talut ondan: «Seniň näçe ogluň bar?» diýip sorady. Işag: «Meniň on oglum bar. Olaryň dokuzsy daşarda garaşyp durlar» diýip aýtdy. Talut Eşmuýyl alaýhyssalamdan: «Eý, Eşmuýyl! Bu Işagyň Jaluty öldürjek

ogly haýsy?» diýip sorady. Eşmuýyl alaýhyssalam bir dileg etdi. Asmandan bir ýaryk, bir ýaşyk düşdi. Eşmuýyl alaýhyssalam: «Eý, Talut! Işagyň oglanlarynyň her biriniň boýuna ýaryk geýdiriň, başyna ýaşyk goýuň. Ýaryk kimiň boýuna ýaraşsa, ýaşykdan ýag bildirse, olary şoňa ber. Jaluty öldürjek ýigit şol bolar» diýdi.

Ýaryk bilen ýaşygy Işagyň dokuz ogluna geýdirip gördüler. Olaryň hiç birine ýaraşmady, ýag bildirmedi. Adamlar haýran galdylar. Bularyň arasynda hezreti Dawut ýokdy. Talut Işagdan: «Seniň başga ogluň barmy?» diýip sorady. Ol: «Meniň ýene bir oglum bar. Belki, ol bu işe ýaramaz» diýdi. Talut: «Sen ony bu ýere getir. Belki, ol işe ýarar» diýdi.

Aýdylyşyna görä, hezreti Dawut maşgaladaky on sany erkek doganyň iň kiçisidi. Onuň agalarynyň hemmesi Talutyň goşunyna nöker bolup gitdiler. Olar hezreti Dawuda: «Sen entek ýaşsyň. Bu işe ýaramarsyň» diýip aýtdylar. Hezreti Dawut goýun saklap galdy. Agalary gidenden soň, ol goýny başga birine tabşyrdy we ol leşgeriň yzyndan ýöräberdi. Işag ogluny gözläp tapdy we ony Talutyň ýanyna alyp geldi. Işag: «Eý, patyşa! Ine, meniň kiçi oglum şu ýigitdir» diýip aýtdy. Talut oňa ýarygy geýdirdi. Ýaryk oňa az-kem uzynrak geldi. Hezreti Dawut bir gezek silkindi. Ýaryk onuň boýuna laýyk boldy. Talut onuň başyna ýaşygy geýdirdi. Onuň başyndan ýag bildirdi. Adamlar şat boldular. Olar Jalut tarapa ýola rowan boldular.

Jalut güýçli kişidi. Ol üç batman palas geýip, bir gatyra münüp geldi. Jalut Taluta: «Gel, ikimiz sanjyşaly» diýip aýtdy. Talut gorkdy. Ol: «Kim bu gün Jalut bilen urşup, ony öldürse, men oňa ýarym mülkümi we gyzymy berjek» diýdi. Ol wagt hezreti Dawudy hiç kim bilmezdi. Dawut: «Onuň bilen men sanjyşaýyn» diýdi. Talut onuň bu sözüni eşitmedi. Talut ikinji gezek sorady. Dawut ýene jogap berdi. Ol eşitmedi. Talut

üçünji gezek sorady. Dawut jogap berdi, ol eşitmedi. Talut dördünji gezek aýtdy. Dawut bu sapar gaty ses bilen jogap berdi. Talut ony eşitdi. Talut: «Men dört ýola soradym. Öňki saparlarda sen näme üçin jogap bermediň» diýdi. Dawut: «Men ähli leşger bilsin, seniň meni çagyranyň olara mälim bolsun» diýip, başda onuň jogabyny aýtmadym» diýdi. Talut: «Sen mundan öň özüňi synap gördüňmi?» diýip sorady. Hezreti Dawut: «Bir wagt meniň sürüme böri geldi. Men ony tutup, boýnuny üzüp taşladym» diýdi. Talut: «Sen ondan başga gezek özüňi synap gördüňmi?» diýdi. Hezreti Dawut: «Ýene bir gün sürä arslan geldi. Men ony tutup, onuň eňegini syndyrdym» diýdi. Talut: «Boldy. Indi söweşe çyk» diýdi. Ol Hezreti Dawuda ýaryg berdi. Hezreti Dawut: «Men ýarag bilen sanjyşyp belmeýärin» diýdi. Ol ýarygy taşlady, sapany aldy we öňe ýöredi. Ol ýoldan üç sany daş alyp, Jalutyň garşysyna gelip durdy. Görse, Jalut söweşe taýýar bolup dur. Jalut hezreti Dawuda: «Sen näme iş bilen bu ýere geldiň?» diýdi. Hezreti Dawut: «Men seni öldürip, tabyda salmak üçin geldim» diýdi. Jalut: «Sen meniň bilen nähili urşarsyň? Seniň uruş ýaraglaryň ýokdur» diýdi. Hezreti Dawut: «Men daş bilen urşaryn» diýdi. Jalut: «Daş bilen iti urarlar» diýdi. Hezreti Dawut: «Sen hem bir itsiň» diýdi. Jalut: «Meniň saňa rehmim gelýär. Ýogsam, men seni agzymdaky tüýkülik bilen heläk ederin» diýdi. Hezreti Dawut: «Bu sözüňden saňa peýda bolmaz. Seniň bagtyň bar bolsa, Hudaýtagala saňa ýar bolar, meniň bagtym bar bolsa, ol maňa ýar bolar» diýdi.

Jalutyň boýy altmyş gezdi. Ol özüniň pälwanlygyna buýsanyp: «Bar, sen öz işiň bilen bol» diýdi. Hezreti Dawut sapanyna daş salyp, meýdana girdi we Allatagala sena aýtdy. Uruş ýaragy ýaý bilen okdy. Dawut sapanyny aýlap, daş atdy. Daş Jaluta ýetmezden öň, Allatagalanyň gudraty bilen onuň

başyndaky ýaşygyna ýel düşürdi. Daş gelip, onuň maňlaýyna degdi we ol onuň ýeňsesinden deşip çykdy.

*Aýdypdyrlar:* Ol daşy Allatagala öz gudraty bilen Dawudyň elinde gataltdy. Hezreti Dawut ýene bir daşy sapana salyp atdy. Ol howada üç bölek boldy. Bir daş Jaluty, iki daş onuň ýanyndaky leşgeri heläk etdi. Hezreti Dawut Jaluty aýagyndan süýräp getirdi. Möminler bir ýola tekbir aýtdylar. Olar Jalutyň heläk bolmagyna begendiler we kapyrlaryň üstüne süründiler. Olaryň birnäçesini öldürdiler, galanlaryny ýesir aldylar. Aýat: ***«Soňra musulmanlar Allatagalanyň ýardamy bilen kapyrlary ýeňdiler. Dawut Jaluty öldürdi».*** Hemmeler hezreti Dawuda rehmet aýtdylar. Oňa halat-serpaý berdiler. Olar: «Sen biziň uly duşmanymyzy öldürdiň» diýdiler.

Olar gelip şähere girdiler. Hezreti Dawut gelip, Taluta: «Eý, Talut! Indi wadaňa wepaly bol!» diýdi. Talut: «Eý, Dawut! Patyşalygy ýeňillik bilen ele alyp bolarmy?» diýdi. Talut oňa bir dagy görkezip: «Bu dagyň halky bize duşmandyr. Sen baryp olary öldürip gel. Ondan soň men wadama wepadar bolaýyn» diýdi. Hezreti Dawut ol ýere gidip, iki ýüz kapyry öldürip geldi. Ondan soň Talut alaçsyz bolup, hezreti Dawudy patyşalyga şärik etdi we gyzyny oňa berdi. Hemme halk hezreti Dawuda maýyl boldy. Bu işe Talut dergazap boldy. Ol hezreti Dawuda göripçilik edip, ony öldürmekçi. Talutyň gyzy hezreti Dawuda: «Eý, Dawut! Atam seni öldürmekçi bolýar» diýdi. Hezreti Dawut: «Her wagt kaza ýetse, biz oňa razy bolarys. Ondan gaçyp gutulmak ýokdur» diýdi. Hatyny: «Her bir işe çäre bardyr. Sen ýatar wagtyňda tagtyňa bir meşik suw çykaryp, onuň üstüne bir zat ýapyp goý. Özüň başga ýerde ýat» diýdi. Hezreti Dawut hatynynyň aýdyşy ýaly etdi. Ol gije ýatar wagtynda jaýyna bir meşik alyp girdi. Onuň içini suw bilen doldurdy. Onuň üstüni bolsa, düşek bilen ýapyp goýdy. Adamlar Dawudyň jaýyna girenini gördüler. Ol adam görmejek

wagty öýden çykdy. Talut onuň gapysynda garawul goýdy. Gije Talut hezreti Dawudyň jaýyna girip, onuň goýan düşegine gylyç urdy. Meşik ýarylyp, ondan suw syçrap çykdy. Talut ol suwy gan diýip oýlap, bu ýerden çykyp gitdi. Ol: «Dawudy öldürdim» diýip pikir etdi. Çünki jaýyň içi garaňkydy. Ertesi Talut hezreti Dawudyň diridigini bildi. Talut: «Men Dawuda ýaman göz bilen garadym. Indi Dawut meni öldürer» diýdi.

Gije Talut uklanda hezreti Dawut onuň köşgüne gelip girdi. Ol Talutyň başujuna bir ok, aýakujuna bir ok sanjyp gitdi. Talut ukudan turup, bu oklary gördi. Ol: «Bu ýere Dawut gelipdir. Emma ol maňa zeper ýetirmän gidipdir. Eger ol ýaman hyýalda bolan bolsa, meni öldürerdi» diýip, eden işine puşman etdi.

Emma halaýyk Dawuda mähribanlyk ederdi. Bir gün Talut göripçilik edip, hezreti Dawudyň üstüne köp adam ýygnap geldi. Hezreti Dawut gaçyp, bir gowaga girdi. Talut ony yzlap, bu gowaga geldi. Ol ýerde köp abytlar bardy. Talut olardan: «Siz Dawudy gördüňizmi?» diýip sorady. Olar: «Ol ine, şu gowakdadyr» diýip aýtdylar. Talut gowaga girdi. Emma ol bu ýerden ony tapmady. Talut: «Siz meniň üstümden gülýärsiňiz» diýip, olary öldürdi. Diňe bir abyt diri galdy. Talut gahary öçüşensoň, oňa: «Eger men toba etsem, kabul bolarmy?» diýip sorady. Abyt: «Men ony bilmeýärin. Ýöne pylan ýerde beni Ysraýyldan bir aýal bar. Ol menden alymrakdyr. Pygamberler hem onuň bilen görşüp durýarlar» diýdi. Talut: «Onuň ýanyna baraly» diýdi. Bu ikisi ol aýalyň ýanyna gitdiler. Abyt baryp, onuň gapysyny kakdy. Ol aýal: «Sen kimsiň?» diýdi. Ol: «Men pylan abytdyryn» diýdi. Ol: «Sen Talut zalymdan nähili gutuldyň?» diýip sorady. Abyt: «Assarak geple. Gapyda Talut dur» diýdi. Ol aýal: «Ol meniň egindeşlerimi öldürdi. Indi ol meni hem öldürmäge geldimi?» diýdi. Abyt: «Ýok, ol toba etmäge geldi» diýdi. Ol aýal işigi açdy. Olar içeri girdiler.

Wagt gijedi. Talut: «Gijäniň näçe ülüşi geçdi?» diýip sorady. Ol aýal: «Sen gijeleri oýalyk bilen geçirýänleri öldürdiň. Indi ony kim biler?» diýdi. Bu sözden Talutyň gaýgysy köpeldi. Ol aýal ýene: «Sen Eşmuýyl pygamberiň topragyna bar. Ol ýerde namaz oka. Seniň toba edeniň üçin bir owaz geler. Sen ondan isleýän zadyňy eşidersiň» diýdi. Talut hezreti Eşmuýylyň topragyna gelip dileg etdi. Ol: «Sen näme iş etdiň?» diýen bir owaz eşitdi. Talut: «Men ýaman iş etdim» diýdi. Ýene: «Eý, Talut! Dawudy Hudaýtagalanyň mülkünden kowan senmi?» diýen bir owaz geldi. Talut oňa: «Hawa, men» diýip jogap berdi. Ýene-de: «Eý, Talut! Sen oglanlaryň bilen pylan gala baryp, kapyrlar bilen jeň et. Sen şonda ölseň hem, diri galsaň hem seniň tobaň kabul bolar» diýen bir owaz geldi.

Talut oglanlarynyň ýanyna gelip: «Eý, oglanlar! Eger siz meni ýanyp duran oduň içinde görseňiz, maňa kömek edersiňizmi?» diýdi. Oglanlary: «Hawa, biz saňa kömek ederis» diýdiler. Talut: «Onda siz maňa pylan galany basyp almaga kömek beriň. Ýogsam, men ebedi oduň içinde galaryn» diýdi. Oglanlary Talut bilen ol gala bardylar we kapyrlar bilen sanjyşdylar. Onuň oglanlary hem, Talut hem öldi. Mülk hezreti Dawuda galdy. Hudaýtagala oňa parasatlyk ylmyny, patyşalygy, pygamberligi we aheňgirligi berdi. Hudaýtagala mundan öň hiç kime hezreti Dawudyňky ýaly mertebe bermändi. Ol her wagt Zebur okasa, ynsu-haýwan ýygnanardy we olar munuň hoş owazyna bihuş bolup ýykylardylar. Uçup barýan janawarlar hem onuň owazyna togtap galardylar. Aýat: ***«Biz olara parasatlyk ylmyny we patyşalyk mülkini berdik».***

**Hekaýat.** Dawut alaýhyssalam köşgüniň işiginde bir zynjyr asyp goýupdyr. Her wagt iki kişi dawalaşyp gelseler, ol zynjyra gol uzadardylar. Haýsysynyň sözi dogry bolsa, onuň goly zynjyra ýeterdi. Bir gün iki sany dawagär bu ýere geldi. Olaryň biri: «Men bu kişä ýüz mysgal altyny amanat goýupdym» diýip

dawa etdi. Ol kişi ýüz mysgal altyny bir hasanyň içine jaýlap goýupdy. Ol hasany tutup geldi we ol hasany amanat puluň eýesiniň goluna berip, zynjyra gol uzatdy. Onuň goly zynjyra ýetdi. Ondan soň ol ýene hasany goluna aldy. Dawagär hem zynjyra goluny uzatdy. Onuň hem goly zynjyra ýetdi. Bu işe haýran galdylar. Olar: «Bu ýerde bir hile bardyr. Zynjyr peýdasyz boldy» diýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Dawut pygamberiň köşgüniň işiginde her gije üç müň pygamberzada urugyndan bolan kişiler sakçy bolup ýatardy. Hezreti Dawut gijelerine özüni adamlara bildirmän köçelerde gezerdi. Ol özüne duşan adamdan: «Siziň patyşaňyz nähili?» diýip sorardy. Ol bir gije bu soragy bir aýala berdi. Ol aýal: «Patyşa adyldyr. Ýöne ol iliň hakyny iýýär» diýip aýtdy. Hezreti Dawut bu sözi eşidip: «Eý, Taňrym! Maňa bir hünär berseň, men kesp edip, halal rysgalymy iýsem?» diýip dileg etdi. Hudaýtagala oňa demirçilik senedini berdi. Demir hezreti Dawudyň golunda hamyryň hatynlaryň elinde ýumşak bolşy ýaly, mum dek mylaýym bolardy. Bu mazmuna: ***«Biz Dawuda demir don ýasamagy öwretdik»*** diýen şu aýat delil bolup indi. Aýat: ***«Biz oňa demri elinde palçyk oýnan ýaly ýumşak etdik».*** Hezreti Dawut her güni üç bölege bölerdi. Ol onuň bir böleginde ybadat ederdi, bir böleginde patyşalygyny ýörederdi, bir böleginde bolsa, halal rysgal üçin kesp ederdi.

Bir gün hezreti Dawut ýarag ýasap otyrdy. Birden onuň oýuna: «Hudaýtagaladan her bir pygambere bela gelipdir we olar oňa sabyr edipdirler. Maňa hiç bir bela, mähnet we muşakgat ýetmedi. Eger maňa bela ýetse hem men oňa sabyrly bolup çydardym» diýen pikir geldi.

Dawut alaýhyssalam ýazykly bolanlary gargady. Şu sebäpden Allatagala oňa bela berdi. Bir gün ol: «Eý, Taňrym! Näme üçin halaýyk sena okanda saňa: «Ybraýymyň taňrysy» diýýär. Näme üçin olar: «Dawudyň taňrysy» diýmeýärler» diýip dileg

etdi. Allatagaladan: «Men olara bela iberdim. Olar bela sabyrly boldular» diýen owaz geldi. Hezreti Dawut: «Eý, Taňrym! Maňa hem bela iber. Men hem oňa sabyr edeýin» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Dawut günä geçmegi soraman, bela dilegini etdi. Oňa: «Eý, Dawut! Men olara bela berdim. Emma men ony olara haçan berjekdigimi habar bermedim. Saňa hem men bela bererin» diýen habar geldi.

*Ýene bir rowaýatda:* Taňry: «Men ony pylan ýylda, pylan aýda, pylan günde ibererin» diýdi diýilýär. Hezreti Dawut bu taryhy ýazyp, belläp goýdy. Haçan şol gün gelende Hezreti Dawut gapy garawullaryna: «Gapyny berkidiň, hiç kimi içeri girizmäň» diýip aýtdy. Özi öýde Zebur okamaga başlady.

Iblis kepderi suratynda bolup gelip, onuň ýanynda gondy. Onuň başy hünji, gözleri gyzyl ýakut, aýaklary ýaşyl zeberjet, ganatlary bolsa altyn bilen bezelendi. Ol guşy tutjak boldy. Guş uçup, aňry gondy. Dawut alaýhyssalam ýerinden turdy we guşy tutjak bolup, onuň ýanyna bardy. Guş ýene uçup aňry gondy. Ol hezreti Dawudy näumyt edýän ýaly bolup gitmedi. Hezreti Dawut ýene ony tutjak bolup, onuň ýanyna bardy. Bu sapar guş uçup daşary çykdy. Hezreti Dawudyň gözi daşary düşdi. Ol daşarda bir gyzy gördi. Özi hem ol gyz başy açyk dur. Ol haýran galyp: «Bu nämedir?» diýip durdy. Hezreti Dawudyň kölegesi ol gyza düşdi. Gyz kölegäni görüp utandy. Başyny yralap, saçy bilen tutuş endamyny ýapdy. Hezreti Dawut ol saçy we ol gyzyň görküni görüp, oňa köňül aldyrdy.

Ol gyz Ýusup alaýhyssalamyň urugyndandy. Ol beni Ysraýylyň içinde atly gyzdy. Onuň ady Bitşanigdi. Hezreti Dawut bu gyza jany-dili bilen aşyk boldy. Gyz Ibn Ýemin urugyndan Urýa atly kişiniň aýalydy. Hezreti Dawut Urýany özüne nöker edip aldy. Soňra ony leşgerbaşy edip, urşa iberdi. Urýa uruşda öldi. Onsoň Hezreti Dawut Bitşanige sawçy iberdi. Bitşanig onuň sözüni kabul etdi we: «Men bir şert bilen

Dawuda bararyn. Eger menden ogul dogsa, ol patyşalygyny oňa bersin» diýip aýtdy. Hezreti Dawut onuň bu şertini kabul etdi. Ol Bitşanigi nika gyýyp aldy, oňa köňül berdi. Hezreti Dawut belanyň geljekdigini unutdy.

*Aýdypdyrlar:* Bir gün ol namaz okady. Ol mährapda otyrdy. Birden iki kişi gelip girdi. Aýat: ***«Gapy goragly bolansoň, olar diwary ýaryp girdiler».*** Dawut alaýhyssalam ol ikisini görüp gorkdy. Aýat: ***«Olar Dawudyň üstüne girdiler. Dawut olardan gorkdy».*** Olar: «Eý, Dawut! Sen bizden gorkma! Biz iki sany dawagärdiris. Biz dawany çözmek üçin seniň ýanyňa geldik» diýip aýtdylar.

*Sowal*: Hezreti Dawut näme üçin gorkdy?

*Jogap:* Hezreti Dawudyň ýanyna bir kişi gelse, ol rugsat sorap gelerdi. Bu ikisi gapydan girmediler. Olar mährap tarapdan geldiler. Şonuň üçin ol olardan gorkdy.

Olaryň biri: «Bu meniň garyndaşymdyr. Onuň togsan dokuz goýny, meniň bolsa bir goýnum bar. Ol bir goýny hem bu kişi tutup aldy. Meniň oňa güýjüm ýetmedi» diýip aýtdy. Aýat: ***«Bu meniň doganymdyr. Onuň togsan dokuz goýny we meniň bir goýnum bar».***

Dawut alaýhyssalam bu sözi eşidip, sabyr edip bilmedi. Ol: «Meniň zamanamda beýle zulum bolarmy? Sen näme üçin beýle etdiň?» diýip, dergazap boldy. Olar: «Eý, Dawut! Siz beýle dergazap bolmaň. Siz bizden beter zulum etmediňizmi? Siziň togsan dokuz hatynyňyz bardy. Onuň üstüne Urýany urşa iberip, ony ol ýerde öldürip, onuň hatynyny özüňize aldyňyz. Mundan artyk zulum bolarmy?» diýip gözden gaýyp boldular. Hezreti Dawut bularyň perişdelerdigini bildi. Bu ýerde ol özüniň günäkär bolandygyndan habardar boldy. Ol başyny sejdä goýup köp ýyglady. Ondan soň ol bir sähra baryp, kyrk gije-gündiz başyny seždeden götermedi. Onuň ýyglamagyndan ýaňa akan ýaşlardan töweregine ot çykyp, ol onuň içinde

görünmedi. Hezreti Dawudyň on iki ýyl ömri şunuň ýaly bolup geçdi. Ol Allatagala arz etdi. Allatagaladan: «Eý, Dawut! Sen näme dileýärsiň?» diýip, bir owaz geldi. Hezreti Dawut: «Hemme ýaradylan zatlar bir sagat hiç zat dilemän dursalar, ol wagtda diňe men dileg etsem?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Dawut! Meniň mähribanlygym we merhemetim hemmelere deňdir» diýen owaz geldi. Ol ondan soň başyny seždeden göterip: «Eý, Taňrym! Men bu işimiň günäsinden näme etsem halas bolup bilerin?» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Dawut! Sen gözüň ýaşyny pişe edinýärsiň. Emma Urýa razy bolýança, seniň bu günäň geçilmez» diýdi. Hezreti Dawut şol wagt Urýanyň mazaryna baryp, ony çagyrdy we: «Men Hudaýtagalanyň dergähinde seniň hatynyň sebäpli günäkär boldum. Sen meniň günämi ötýänçäň, ol meniň günämi bagyşlamaýar» diýdi. Mazardan: «Ol sebäpden sen günäkär bolýan bolsaň, men razydyryn» diýen owaz çykdy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Dawut! Hudaýtagala seniň günäňi geçdi» diýip habar berdi. Aýat: ***«Dawut bu iki perişde bilen özüni synandygymyzy gümansyz bildi. Soňra ol toba etdi we Hudaýtagalanyň günäsini geçmegini isledi. Ol sežde edip, başyny egdi we Taňrynyň diýeni bilen boldy. Soňra biz onuň bu günäsini geçirdik».*** Hezreti Dawut şol wagt bu sözüň şükranasyna sežde etdi. Taňrydan: «Eý, Dawut! Indi sen patyşalygyňy ýöret» diýip perman boldy. Ol şähere girip, patyşalyk tagtyna geçip oturdy.

**Hekaýat.** Dawut alaýhyssalamyň on ogly bardy. Onuň kiçisi hezreti Süleýmandy. Ol ýedi ýaşyndaka onuň atasyna iki kişi arz edip geldi. Olaryň biri: «Bu kişiniň goýny meniň ekinimi iýipdir» diýip aýtdy. Dawut alaýhyssalam: «Sen munuň goýnuny al. Sen bolsa onuň ekinini al» diýdi. Goýnuň eýesi närazy bolup, işige çykdy. Oňa hezreti Süleýman sataşdy.

Ol bu çopandan: «Atam nähili hüküm etdi?» diýip sorady. Ol kişi oňa wakany beýan edip berdi. Hezreti Süleýman: «Bu höküm adyl bolmandyr. Siz onuň ýanyna ýene bir gezek giriň»diýip aýtdy. Olar hezreti Dawudyň ýanyna täzeden girdiler. Hezreti Dawut olara: «Siz näme üçin ýene geldiňiz?» diýdi. Olar: «Siziň perzendiňiz Süleýman: «Bu höküm adyl bolmandyr» diýip, bizi yza gaýtardy» diýdiler.

Hezreti Dawut hezreti Sülemany çagyryp: «Eý, perzent! Bulara nähili höküm çykarsa bolar?» diýdi. Hezreti Süleýman: «Seniň bu hökümiňde bularyň birine zyýan, beýlekisine peýda bar. Ol goýny bir ýyla çenli daýhan alsyn. Ol ondan bir ýylda näme peýda görse görsün. Ekini bolsa goýnuň eýesi alsyn. Ol ekiniň näme peýda-zyýany bolsa görsün» diýdi. Onuň bu sözi hemmä makul boldy. Olar şu hökümi berjaý etdiler. Bir ýyldan soň goýnuň eýesi goýny, ýeriň eýesi ýeri gaýdyp aldy. Aýat: ***«Dawut bilen Süleýman ekin hakynda bir höküm çykardylar. Gije bir kowumyň goýunlary olaryň ekinlerine girdi we ony doly suratda iýdi. Biz olaryň hökümlerini bilýärdik. Biz bu mesele barada Süleýmana tälim berdik».*** Hezreti Dawut şol wagt hezreti Süleýmana dileg etdi. Onuň bu dilegi Allatagalanyň dergähinde kabul boldy. Allatagala hezreti Süleýmana hikmet (parasatlyk) ylmyny berdi. Dura-bara Dawut alaýhyssalama biri arz edip gelse, ol hezreti Süleýmany ýanynda oturdyp başlady.

Elkyssa, ol bir gün atasynyň dört hökümini bozdy. Onuň biri – bir kişi hatyna zyna teklip etdi. Hatyn göwnemedi. Bu kişi: «Eger sen maňa boýun sunmasaň, men ýalan şaýat tapyp, saňa dürre urduraryn» diýdi. Hatyn haku-nähak bu işe göwnemedi. Ol kişi bu hatyny Dawut alaýhyssalamyň ýanyna alyp baryp: «Bu hatyn zyna etdi» diýip, dört ýalan şaýat getirdi. Dawut alaýhyssalam bu hatyny dürrä buýurdy. Süleýman alaýhyssalam: «Eý, ata! Bu işde köp ätiýaçly bolmak gerek»

diýdi. Hezreti Dawut: «Dört kişi güwälik berenden soňra, ýene näme etse bolar?» diýdi. Süleýman alaýhyssalam: «Her näme bolsa hem, men bu şaýatlardan sorag edip göreýin» diýdi. Ol olary bir-birinden aýryp, ýeke-ýekeden sorap başlady. Olaryň biri: «Ol hatyn bu işi daşarda etdi» diýdi. Biri «gije etdi» diýdi. Ýene biri: «gündiz etdi» diýdi. Şeýlelikde, şaýatlaryň sözleri bir-birine ters geldi. Olaryň şaýatlygy ýalan bolup çykdy. Süleýman alaýhyssalam: «Bu hatynda günä ýok» diýdi. Ol dört şaýada dürre urdurdy. Bu hatyn halas boldy. Hak nähak bolmady.

Ýene biri, Beni Ysraýylyň halky: «Eý, Dawut! Sen hoş owazyň bilen Zebur okasaň, biz ony eşitsek» diýdiler. Dawut alaýhyssalam Zebur okamaga meşgul boldy. Öýle namazynyň wagty boldy. Süleýman alaýhyssalam: «Eý, ata! Indi okamagyňyzy tamam etseňiz. Namaz wagty boldy» diýdi. Dört müň adam bu ýere garynja dek üýşüpdir. Eger hezreti Süleýman şu ýerde atasyny saklamadyk bolsa, şunça halk günäkär bolardy. Köňli hernäçe gaty adam bolsa, hezreti Dawudyň owazyny eşidip ýumşardy.

Ýene bir gün bir kempir şemala dawa edip geldi. Kempir: «Men degirmende bugdaý üwedip, un alyp gelýärdim. Ýolda şemal turup, meniň unumy uçurdy» diýdi. Hezreti Dawut: «Meniň hökümim şemala ýöremeýär. Emma seniň ol unuňy özüm bereýin» diýdi. Ol hatyn tagzym edip, daşary çykdy. Oňa hezreti Süleýman sataşdy. Ol hatyndan näme sebäp bilen bu ýere gelenini sorady. Hatyn wakany aýdyp berdi. Onda ol: «Eý, Hatyn! Sen yzyňa dolanyp: «Eý, Dawut! Men ýelden ar alynmagyny talap edýärin» diý» diýdi. Ol hatyn aýdylyşy ýaly etdi. Hezreti Dawut hezreti Süleýmany çagyryp: «Eý, Süleýman! Şemala näme etse bolar?» diýdi. Hezreti Süleýman: «Siz Hudaýtagalanyň uly pygamberisiňiz. Siz dileg etseňiz, şemal siziň hyzmatyňyza geler» diýdi. Hezret Dawut dileg etdi.

Şemal bir guş suratynda bolup geldi. Hezreti Dawut: «Eý, Şemal! Sen bu hatynyň ununy näme üçin alyp gitdiň?» diýdi. Şemal: «Men ony Hudaýtagalanyň permany bilen alyp gitdim» diýdi. Hezreti Dawut ondan: «Onuň sebäbi nämedir?» diýip sorady. Şemal: «Pylan derýada gämide söwdagärler bardy. Gämi deşilip, gark bolmak derejesine ýetdi. Gäminiň içindäki halk: «Eger biz bu beladan salamat çyksak, malymyzyň ondan birini garyp-gasarlara bereli» diýdi. Hudaýtagala maňa: «Eý, Şemal! Sen baryp ol kempiriň ununy alyp gelip, gäminiň deşigine dyk» diýip buýurdy. Men şonuň üçin bu kempiriň ununy alyp baryp, gäminiň deşigine saldym. Suw togtap, ol halk salamat galdy» diýdi.

Elkyssa, ençe wagtdan soň, söwdagärler gämiden salamat çykyp, bu ýere geldiler. Hezreti Dawut olardan ýoluň wakalaryny sorady. Bular oňa gämide bolan wakany aýdyp berdiler. Dawut alaýhyssalam olardan: «Beýle bolsa, siz mallaryňyzyň ondan birini garyp-gasarlara berdiňizmi?» diýip sorady. Olar: «Entek biz ony bermedik. Indi berer is» diýdiler. Olar öýlerine gidip, mallaryny hasaplap, onuň ondan birini alyp geldiler. Hezreti Dawut garyp-gasarlary çagyryp, bularyň sadakalaryny olara bermekçi boldy. Şol wagt hezreti Süleýman gelip girdi we ol: «Eý, ata! Bu sadaka ol kempiriň hakydyr. Ony oňa bermek lazymdyr» diýip aýtdy. Hezreti Süleýman atasynyň bu hökümini yzyna gaýtardy. Soňra ol kempiri çagyrtdy. Ol sadakanyň ýarysyny ol kempire berdi. Galan ýarysyny bolsa, garyp-gasarlara paýlady. Bu sebäp bilen ol kempir baý bolup galdy. Hezreti Süleýman ondan: «Eý, kempir! Hudaýtagala saňa munça mal berer ýaly sen näme iş edipdiň?» diýip sorady. Kempir: «Men degirmende otyrkam bir gedaý geldi we ol maňa: «Meniň garnym aç» diýdi. Men oňa bir kişiden nan karz alyp berdim. Ol: «Bu nan bilen doýmadym» diýdi. Men oňa: «Meniň bilen öýüme baraly. Men nan bişirip, seniň garnyňy

doýraýyn» diýdim. Ýolda meniň unumy şemal uçuryp alyp gitdi. Men bu gedaýa ýalançy bolmajak bolup, ýene bir kişiden nan karz alyp, oňa berdim. Men ol gedaýy şeýdip razy edip goýberdim» diýdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Süleýman! Sen ol kempire: «Saňa şu dünýäde her nanyňa ýetmiş müň dirhem, ýene ahyretde ýetmiş müň esse sogap bar» diýip aýt» diýdi. Hezreti Süleýman gelip, bu sözi ol kempire aýtdy. Kempir hoşal bolup, öýüne gitdi.

**Hekaýat.** Bir gün Beni Ysraýyl hezreti Dawudyň ýanyna gelip: «Eý, Dawut! Kyýamatyň wakasyny bize bu dünýäde görkezseňiz?» diýdi. Dawut alaýhyssalam olara: «Men ony baýram güni görkezeýin» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Raýys diýen bir kişi bardy. Ol köp altyny bar bolan bir döwletli adamdy. Onuň bir öküzi bardy. Ol oňa köp mähribandy. Ol onuň şahlaryna altyn gaplap, ony dürri-ýakut bilen bezäpdi. Ol öküz her bir adamyň ekininde ýörerdi.

Ýene bu şäherde bir derwüş hatyn bardy. Onuň bir ýagşy ogly bardy. Eneli-ogul bir ýerde tagat-ybadat ederdiler. Olaryň ybadathanalarynyň öňünde bir çeşme bilen bir düýp nar agajy bardy. Ondan her gün iki nar peýda bolardy. Olar ony iýip, tagat-ybadata meşgul bolardylar. Bir gün ogly: «Beýtil-mukaddesiň bazarynda dürli nygmatlar bar eken. Meniň şolardan iýmäge arzuwym bar» diýdi. Enesi: «Eý, oglum! Sen beýle diýme! Hudaýtagalanyň her günde bize berýän iki naryna şükür edenimiz ondan ýagşyrakdyr» diýdi. Oglunyň bu sözi bilen nar miwe bermegini kesdi. Eneli-ogul dört güne çenli aç galdylar. Ogly bitakat bolup: «Eý, ene! Sen bir dileg etseň, Hudaýtagala bize bir nygmat berse. Men mundan soň Hudaýtagalanyň beren nygmatyna näşükürlik etmesem» diýdi. Onuň enesi dileg etdi. Ogly: «Ämin» diýdi. Ol oglan ýerinden turdy. Görse, işikden Raýysyň öküzi gelip, öýe girip durupdyr. Öküze Hudaýtagalanyň gudraty bilen dil berlip: «Eý, abytlar! Hudaýtagala meni

size iberdi. Men size halal rysgaldyryn» diýdi. Oglanyň enesi dilegini tamam edip: «Bu öküzi öýden çykar» diýdi. Ol oglan öküzi öýden kowalap çykardy. Ol ýene öýe girdi. Ol öküz: «Hudaýtagalanyň permany bolmasa, men sözlärinmi?» diýdi. Olar bu öküzi soýup, onuň etini derisine salyp goýdular. Onuň bagyr-öýkenini kebap edip iýdiler.

Elkyssa, bu öküziň ýok bolanyna üç gün boldy. Raýys ony yzlap, hiç ýerden tapmady. Emma ybadathanadaky aýaldan beýle zady hiç kim güman etmedi. Raýysyň Firuza atly hatyny bardy. Firuzanyň bir işi bolup, ol aýalyň ybadathanasyna geldi. Görse, Raýysyň öküzini bu ýerde soýupdyrlar. Firuza öýüne gelip, bu wakany Raýysa habar berdi. Raýys bu ýagdaýy baryp, Dawut alaýhyssalama aýtdy. Ol: «Öküziň kellesi bilen derisini bu ýere alyp geliň» diýdi. Öküziň derisini we kellesini alyp geldiler. Beni Ysraýylyň halky bu habary eşidip, eneli-ogly öldürmekçi boldular. Ol aýal köp gyjalata galdy. Ahyrynda hezreti Dawut alaýhyssalam ol aýaldan: «Siz öküzi näme sebäpden soýduňyz?» diýip sorady. Ol aýal öküziň öýüne girip, özüne sözlän zatlaryny bir-bir beýan etdi. Raýys: «Bu aýal ýalan sözleýär. Öküz hem bir sözlärmi?» diýdi.

Hezreti Dawut alaýhyssalam: «Allatagalanyň emri bolsa, daş hem sözlär. Munda bir hikmet bardyr. Ol ahyry mälim bolsa gerek» diýdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: « Eý, Dawut! Sen Raýysa: «Sen pylan wagtda Müsürden Şama barýarkaň hiç zadyň ýokdy we çopançylyk edýärdiň. Birden saňa bir kişi hemra boldy. Ol kişiniň bäş müň dinary bardy. Sen ony öldürip, pylan daşyň aşagyna gömdüň. Seniň şol öldüreniň bu hatynyň äridi. Bu oglan bolsa, onuň ogludyr. Seniň malyň bolsa, munuň malydyr. Sen onuň puluny alyp, halka meşhur bolup, beni Ysraýyla ketde bolup, «reýis adyny göterdiň» diýip aýt» diýdi. Hezreti Dawut bu zatlary reýise aýdyp berdi. Ol asla günäsini boýun almady. Hudaýtagalanyň

permany bilen reýisiň goly: «Ol meniň bilen ony tutdy. Ol adam köp nala etdi. Emma reýis oňa rehim etmedi» diýip aýtdy. Onuň gulagy: «Onuň nalasyny men hem eşitdim» diýip aýtdy. Onuň aýagy: «Ol ony meniň bilen kowalap tutdy» diýip aýtdy. Allatagaladan: «Eý, Dawut! Ol ogul reýisi öldürip, onuň malyny alsyn» diýýip bir owaz geldi. Tomaşaçylar bu wakany görüp, haýran galdylar we olaryň hemmesi toba etdiler. Bu oglan reýisi öldürip, onuň hemme malyna eýeçilik etdi. Ol oglan döwletli kişi boldy. Hezreti Dawut belent owaz bilen adamlary çagyryp: «Siz kyýamatyň nähili boljakdygyny bize görkez» diýipdiňiz. Kyýamat güni, ine, şunuň ýaly bolar. Onda siziň eden işleriňize el-aýaklaryňyz şaýatlyk eder» diýdi. Hemme adamlar bu wakany gözleri bilen görüp, gulaklary bilen eşidip: «Biz iman getirdik we Allatagala ynandyk» diýdiler.

**Rowaýat.** Bir gün hezreti Dawut ybadathanada otyrdy. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam onuň ýanyna gelip: «Eý, Dawut! Seniň ömrüň ahyryna ýetdi. Siz dört ýüz ýyl ýaşadyňyz. Men size bäş mesele alyp geldim. Şol bäş meselä haýsy ogluňyz jogap berse, ol pygamber we patyşa bolsun» diýip gitdi. Hezreti Dawut hemme ogullaryny ýygnady we olara: «Eý, perzentlerim! Meniň ömrüm ahyryna ýetdi. Men sizden bäş sany meseläni sorajak. Haýsy biriňiz oňa jogap berseňiz, ol meniň ornuma geçer. Ol meseleler şulardyr: şerim-haýa nirede, muhabbet (söýgi) nirede, akyl nirede, iman nirede we güýç-kuwwat nirede?» diýdi. Olaryň hiç biri bu meselelere jogap berip bilmedi. Süleýman alaýhyssalam ýerinden turup: «Eý, ata! Bu sowala men jogap bersem» diýip rugsat diledi. Hezreti Dawut oňa sözlemäge rugsat berdi. Hezreti Süleýman: «Iman köňülde, muhabbet köňlüň nogtasynda, şerim-haýa gözde, akyl başda, güýç-kuwwat süňkde bolýandyr» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Ol dogry aýdýar» diýdi.

Bu ýerde oturan alymlar olardan bir mesele soradylar. Bu meselä hem hezreti Süleýman jogap berdi. Hemme adamlar oňa haýran galdylar. Şol wagt hezreti Süleýman gaty ses bilen güldi. Agalary: «Bu patyşalyga ýaramaz. Siz ondan meseleleri soradyňyz. Ol bolsa sizi masgaralap gülýär» diýdiler. Hezreti Süleýman: «Meniň gaty ses bilen gülmegimiň sebäbi, menden uly alymlar sowal etdiler. Olaryň biri, men bularyň ylmyny ýaragsyz (esasyz) gördüm. Ýene bir sebäbi, bir agaçdan iki garynja gidip barýar. Olaryň biri beýlekisne: «Bir salym dur. Biz bu meseläniň jogabyny eşidip gideli» diýip aýdýar. Men muňa hem güldüm. Ýene biri, bu ýerde Allatagalanyň uly pygamberi otyr. Onuň üstünde oturmaklyk uly edepsizlikdir. Bu ýerden tizräk gideli diýip aýdýar. Men muňa hem güldüm diýdi. Dawut alaýhyssalam hoşal boldy.

Bir gün hezreti Dawut ybadathanada ybadat edip otyrdy. Birden hezreti Ezraýyl gelip: «Eý, Dawut! Men seniň amanatyňy almaga geldim» diýdi. Hesreti Dawut ony kabul etdi. Hezreti Ezraýyl onuň ruhuny ýokarky älemlere alyp gitdi. Oglanlary onuň jesedini kepene saldylar, namazyny okadylar we mübärek jesedini jaýladylar. Hökümet etmeklik wezipesi hezreti Süleýmana galdy. Elbetde, ýardam bermeklik Allatagalanyň öz erki bilendir!

## *ÝIGRIMI ÜÇÜNJI KYSSA*
## HEZRETI SÜLEÝMAN ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Süleýman: ***«Eý, Taňrym! Maňa özümden soň hiç kime nesip etmejek gudratly patyşalyk mülküni ber»*** diýip, mülk diledi. Onuň bu dilegi kabul boldy we ol: ***«Bu biziň oňa bagyşlan zadymyzdyr. Sen ondan her kime ber, adamlara ýagşylyk et we ony sakla. Ol mülk biziň ýanymyzda hasapsyzdyr»*** diýen jogaby eşitdi. Hezreti Süleýmana: ***«Şemalyň säherde ýöreýän ýoly bir aýlyk aralykdyr, agşam ýöreýän ýoly hem bir aýlykdyr»*** diýen aýatyň hökümi bilen aralygy tiz geçmek keramaty berlendir. Hezreti Süleýmany: ***«Biz oňa bu meseläni düşündirdik. Biz olaryň her birine pygamberlik hökümini we din ylmyny bilmegi berdik»*** diýen aýat bilen hormatly etdik.

### Nazm

Dawut ogly ol Süleýman Taňrymyzyň sawçysy,
Ýel ulaglyk şa idi-ýu hem uçar guş ilçisi.

Adamy, uçan, ýüwüren döw-peri hem ýel, bulut,
Agulug bolsun, azyglyk barça onuň işçisi.

Tözi dört ýüz kaňly erdi günde guşlug aşyga,
Ýargusynda kör arslan, böri gaplaň goýçusy.

Tupuçak atyň urugy galdy ondan dünýäde,
Tilde hüjjet, tende hyzmat, golda mülket gamçysy.

Özi «nygmal-abd» atandy, hem ýalawaç, hem melik,
Ýoldan azanlara erdi özi uçmah ýolçysy.

Hezreti Süleýman hezreti Dawutdan patyşalygy miras aldy. Bu mazmunyň şanyna: ***«Süleýman Dawudyň mirasdary boldy (yzyny tutdy)»*** diýen şu aýat indi.

Bir gün Dawut alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň oglum Süleýmany mülk barada meniň ýaly et» diýip dileg etdi. Allatagaladan: «Eý, Dawut! Sen meniň hyzmatymda nähili bolan bolsaň, Süleýman hem şonuň ýaly bolsun. Men oňa senden artyk mähribanlyk we merhemet görkezeýin» diýen bir owaz geldi. Süleýmanyň patyşalygy hemmeleriňkiden artyk boldy.

**Rowaýat.** Hezreti Dawut hezreti Süleýmany tagtyna çykaryp, ony hemme halka halypa etdi. Hudaýtagalanyň permany bilen hezreti Süleýman hemme haýwanyň dilini bildi. Aýat: ***«Eý, adamlar! Süleýmana guşlaryň seslerine düşünmegi berildi».***

Hezreti Süleýman ýetmiş gije-gündiz: «Eý, Taňrym! Maňa hiç kime berilmeýän mülk ber» diýip dileg etdi. Bu mazmuna şu aýat delildir: ***«Eý, Taňrym! Meniň günämi geç! Maňa mülk ber. Onuň ýaly mülk menden soň hiç kime berilmesin».*** Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Men hemme patyşalaryň janyny alaryn. Ýer ýüzünde senden özge patyşa bolmaz» diýen owaz geldi.

Elkyssa, Süleýman alaýhyssalam bu magfyretden günbatardan gündogara çenli patyşa boldy. Bir gün ol Şamdan Ajama

gelip, ýetmiş gije-gündiz: «Eý, Taňrym! Meniň patyşalygymy hemmeleriňkiden artyk et!» diýip dileg etdi. Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Men döw-perileri we jynlary seniň permanyňda etdim» diýip, owaz geldi. Ertesi hemme ynsu-jyn, döw-perileriň patyşasy görnüşe geldi. Süleýman alaýhyssalam ýene ýetmiş gije-gündiz dileg etdi: Allatagala oňa şemaly boýun etdi. Oňa berlen ýene bir keramat şeýledi: «Eger ol dagdan ötse, dagdan: «Mende dürri-jowahyrlar bardyr» diýen owaz gelerdi.

Süleýman alaýhyssalam: «Eý, dag! Sabyrly bol. Men wagty gelende olary senden alaryn» diýerdi. Ol eger lazym bolsa, döwleri işledip, dürri-jöwher alardy. Ol adamlara ymaratlary salmagy buýursa, guşlara olaryň üstüne saýa bolup durmagy buýrardy. Süleýman alaýhyssalam perilere: «Bir ýagşy kilim dokaň. Ony geýip, onda hemme yns-jyn we döw-periler bilen otyraýyn» diýip buýurdy. Olar onuň her tarapyny dört parsahlyk edip gyzyl-altyndan bir kilim dokadylar. Onuň ortasynda özüne bir tagt goýdular. Onuň her etrapynda dört müň altyn kürsi we dört müň kümüş kürsi goýdular. Altyn kürside hemme pygamberzadalar, kümüş kürside jyn-periler we şeýtanlar otyrdylar. Onuň üstüne guşlar saýa salyp durardylar. Ol kilimi şemal göterip ýörerdi. Ol bir günde bir aýlyk ýoly geçerdi, ýene yzyna alyp gelerdi. Süleýman alaýhyssalamyň müň öýi bardy. Her öýünde bir ybadathanasy bardy. Onuň üç ýüz nikalap alan hatyny, ýene ýedi ýüz satyn alan kenizegi bardy. Onuň her öýünde bir tagt, her tagtyň küňresinde bir haýwanyň suraty bardy. Onuň içini gowak edip, altynlardan doldurypdy.

Kagbul-ahbar şeýle rowaýat edipdir: Süleýman alaýhyssalam on iki günlük ýeri meýdan etdirdi. Ol dört parsah ýere tagt goýdurdy. Onuň iki ýüz weziri bardy. Olaryň hemmesiniň ulusy Asyf bin Berhyýady. Ýigrimi bäş müň pygamberzada,

alymlar we serkerdeler adamlaryň öňünde, ýigrimi bäş müň perizat, Asyf bin Berhyýa sag golunda, ýigrimi bäş müň jyn çep golunda, ýigrimi müň döw bolsa yzynda oturardy. Ol howa çykyp ýörese, patyşalyk tagtyna çykyp otursa, soltanlyk üçin gymmat bahaly serpaýlar geýerdi. Emma ol köýnek-azary gara örmekden geýerdi. Her gün ertir namazyndan soň öýle namazyna çenli il bilen oturyp, ýurduň işiniň maslahatyny ederdi. Ondan soň ol ybadathanada tagat ederdi. Olara her gün ýedi müň batman un, on müň goýun bilen aş taýýarlap bererdi. Özi haly dokap, satyp, onuň ýaryna un alyp, duzsuz owmaç edip içerdi. Onuň galan ýarysyny bolsa hudaýyň ýoluna haýyr-sahawat ederdi. Eger gije bolsa, ol gara köýnek geýip tä daň atýança ybadat ederdi. Ol döwlere buýrup, ýedi ýüz dagy ornundan göterip, olaryň ýerini meýdan etdi. Ol meýdanyň ýüzüne altyn çaýyp arassalatdy. Şol meýdanda oturyp, şüle-aş bererdi. Ol islän wagty özi bilen müň hatyny leşgerler tagty bilen şemala göterdip, bir aýlyk ýere bir gijede baryp, ýene yzyna gaýdyp gelerdi. Guşlar ganatlaryny birleşdirip, onuň üstüne saýa bolup ýörerdiler. Şemal onuň tagtyny şunça ýere göterip barsa hem, ony yrgyldatmazdy. Döwler onuň buýrugyny berjaý etmese, ol olaryň synasyna gamçy urardy.

Eger Süleýman alaýhyssalam bir ýere leşgeri bilen baryp düşse, ýigrimi parsah ýere adamlar, ýigrimi bäş parsa ýere guşlar, ýigrimi bäş parsa ýere bolsa döwler düşerdiler. Ol bir gün leşgerleri bilen barýardy. Ol bir ýerde düşledi. Şol wagt wezirler, alymlar we serkerdeler ondan: «Eý, Süleýman! Sen näme üçin bu ýere düşdüň?» diýip sorapdyrlar. Süleýman alaýhyssalam: «Bu gün meniň öňümden bir guş çykyp: «Eý, Süleýman! Bu gün men balalarymy uçurýaryn. Olar siziň leşgeriňizden gorkar» diýip arz etdi. Ol sebäpden men bu ýere düşdüm» diýip aýtdy. Hezreti Süleýman beni Ysraýylyň abytlaryna üç müň öýi ybadathana edip berdi. Bir gün hezreti

Süleýman: «Eý, Taňrym! Men pygamberler bilen pygamberdirin, patyşalar bilen patyşadyryn, derwüşler bilen derwüşdirin. Men haýsy biriniň şükürini berjaý edeýin?» diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Bu nygmatlaryň hemmesi meniň engamymdyr. Sen olaryň hemmesine şükür etseň, men saňa kyýamatda mundan hem zyýadarak nygmatlary bererin» diýen owaz geldi.

## HEZRETI SÜLEÝMANYŇ GARYNJA BILEN SÖZLEŞMEGINIŇ BEÝANY

Bir gün hezreti Süleýman tagty bilen howada uçup barýardy. Görse, ýer ýüzünde bir garynja nala edip duran eken. Ol garynja: «Eý, meniň golastymdaky garynjalar! Siz ýeriň astyna gaçyp giriň. Bolmasa siz heläk bolarsyňyz. Bu gün hezreti Süleýmanyň leşgeri bu ýerden geçer. Siz birden aýak astynda galaýmaň» diýdi. Bu mazmunyň şanyna: «Süleýman leşgeri bilen (Taýyf şäheriniň günortasynda) garynjalaryň oýyna golaý gelende garynjalaryň hany (Menzere bir beýik ýere çykyp): ***«Eý, garynjalar! Siz öz hinleriňize giriň! Sizi Süleýman pygamber we onuň leşgeri basyp mynjyradaýmasynlar. Çünki olar sizi bilmezler»*** diýdi» diýen şu aýat indi. Hezreti Süleýman bu owazy eşidip, howadan ýer ýüzüne düşdi. Ol gülüp: «Eý, Taňrym! Maňa ýardam ber. Men sen hoşal bolar ýaly işleri edeýin» diýdi. Aýat: ***«Onuň sözünden Süleýman ýylgyryp güldi we: «Eý, Taňrym! Maňa we ata-eneme beren nygmatyňa şükür etmekligi we sen maňa ýagşy amallar işläp, Seni razy etmegimi nesip eýle» diýip aýtdy.***

Bir ak garynja gelip, hezreti Süleýmana salam berdi. Hezreti Süleýman onuň salamyna jogap aýtdy. Hezreti Süleýman ondan: «Seniň adyň nämedir?» diýip sorady. Ol garynja: «Meniň adym Menzere» diýdi. Hezreti Süleýman ondan: «Sen

näme üçin garynjalary gaçyrdyň?» diýip sorady. Menzere: «Siz hemmelere patyşasyňyz. Men bolsa öz jynsymyzyň patyşasydyryn. Maňa Hudaýtagala ýeriň astyndan şalyk berdi. Ýeriň aşagynda kyrk gat, her gatda kyrk topar, her toparda kyrk müň leşgerim bar. Hemmesiniň patyşasy mendirin» diýdi. Hezreti Süleýman: «Sen näme üçin garynjalary gaçyryp, özüň gaçmadyň?» diýdi. Ol garynja: «Men olar heläk bolar diýip gaçyrdym. Men olaryň ulusydyryn. Men olaryň şepagatçysydyryn. Şonuň üçin men olara bela gelende, özümi belanyň öňüne tutýaryn» diýdi.

Hezreti Süleýman: «Sen bu bilimi nireden öwrendiň?» diýdi. Garynja: «Eý, Süleýman! Sen hemme älemiň bilimi özümdedir öýdýärsiňmi?» diýdi. Hudaýtagala bilimi diňe bir kişä bermedi. Indi rugsat berseň, men senden birnäçe sowal soraýyn» diýdi. Hezreti Süleýman oňa rugsat berdi. Garynja: «Eý, Süleýman! Siz Hudaýtagaladan nämeilediňiz?» diýdi. Hezreti Süleýman: «Men ondan:»Onuň ýaly mülk başga hiç kime berilmesin» diýip bir mülk diledim» diýdi. Garynja: «Eý, Süleýman! Siz bahyl ekeniňiz. Siz: «Menden özge hiç patyşa bolmasyn» diýipsiňiz. Siziň döwletiňiziň ýüz bölegini müň kişä berseň hem, Hudaýtagalanyň hazynasy kem bolmaz. Siz Hudaýtagalanyň ululygyny bilmänsiňiz. Ol siziň şunça dilegiňize ýene näme berdi?» diýdi. Hezreti Süleýman: «Men ýeli erkime bermegini soradym. Ol meniň munça wezir-wekillerim, leşgerim, tagtym bilen göterýär. Men ony münüp ýöreýärin. Ol bir günde bir aýlyk ýoly geçýär. Astahardan Şama, Şamdan Astahara çenli bir aýlyk ýoldur. Men ol ýere bir günde barýaryn hem gelýärin» diýdi. Garynja: «Seniň eliňdäki mülküň hemmesi ýeldir. Sen ol ýeli münýänçäň, magryfet merkebini münen bolsaň, saňa ýagşy bolardy. Sen göz-açyp ýumasy salymda Arşyň teýine ýeterdiň. Sen ýene näme dilediň?» diýdi. Hezreti Süleýman: «Men ondan tagt diledim. Ol maňa tagt berdi»

diýdi. Aýat: ***«Biz ýeri suwuň üstüne düşedik. Biz nähili ýagşy düşeýjilerdiris».*** Garynja: «Saňa bu giň ýer ýeterlik bolmadymy? Hudaýtagala saňa ýene näme berdi?» diýip sorady. Hezreti Süleýman: «Hudaýtagala uçar guşlara perman etdi. Olar howada durup, başyma kölege bolýarlar» diýdi. Garynja: «Saňa beýik gögüň kölegesi ýeterlik bolmadymy? Hudaýtagala saňa başga näme berdi?» diýdi. Hezret Süleýman: «Ol maňa bir ýüzük berdi. Men ol ýüzük bilen hemme mahluklary özüme boýun edýärin» diýdi. Garynja: «Allatagala saňa ýerden göge çenli, gündogardan günbatara çenli mülk beripdir. Munuň bilen Hudaýtagala: «Onuň bahasynyň bir kesek daşa deňdigini, halaýyk onuň gymmatynyň ýokdugyny bilsin» diýipdir. Hakyky mülk jennet mülkidir. Hudaýtagala saňa başga näme berdi?» diýdi. Süleýman alaýhyssalam: «Ol meniň ygtyýaryma döwperileri berdi» diýdi. Garynja: «Eger sen sähel sabyr etseň, Hudaýtagala seniň ygtyýaryňa perişdeleri bererdi. Zamananyň ahyrynda Muhammet atly pygamber geler. Allatagala hemme perişdeleri onuň ygtyýaryna berer» diýdi.

Hezreti Süleýman: «Sen bu bilimi kimden öwrendiň?» diýdi. Garynja: «Ony maňa Hudaýtagala öwretdi» diýdi. Menzere: «Eý, Süleýman! Bu gün biziň jaýymyza (ýurdumyza) gonuň» diýdi. Hezreti Süleýman ol gün bu ýere gondy. Menzere çekirtgäniň bir goluny alyp çykdy. Hezreti Süleýman: «Eý, Menzere! Siz muny näme edýärsiňiz?» diýdi. Menzere: «Men bu eti leşgerime berýärin» diýdi. Hezreti Süleýman: «Sen bu eti kime ýetirersiň?» diýip, Menzeräni masgaralap güldi. Menzere: «Eý, Süleýman! Munuň kiçiligine garama. Allatagalanyň ululygyna gara. Meniň ynanjymyň päkligine gara» diýdi.

Ol bu çekirtgäni bişirip, bir aýagyny öz leşgerlerine üleşdirip berdi. Beýleki bir bölegini hezerti Süleýmanyň leşgerlerine berdi. Ol etden doýman galan hiç bir adam galmady. Men-

zere leşgerlerine: «Bularyň atlaryna iým getiriň» diýip buýurdy. Garynjalar bir däneden arpa alyp çykdylar. Harman-harman arpa boldy. Hemme leşger ony atyna berdiler. Arpa artyp galdy. Hezreti Süleýman: «Eý, Menzere! Sen şunça arpany nireden aldyň?» diýip sorady. Menzere: «Sizden öň hem bu ýerde Süleýman atly patyşa düşläp, bu ýerden geçipdi. Men ony olaryň atlarynyň torbasyndan dökülen arpadan ýygnadym. Olar bu ýerde üç gün durdular» diýdi. Hezreti Süleýman: «Eý, Menzere! Seniň leşgeriň näçedir?» diýip sorady. Menzere: «Siziň leşgeriňizden on esse artykdyr. Emma men olaryň biri kesel bolsa, baryp dileg edýärin. Eger kazasy ýetip ölse, men ony göre goýaryn» diýdi.

Elkyssa, Menzere hezreti Süleýmanyň şunça leşgeri bilen oňa üç gün myhmandarlyk etdi. Hezreti Süleýman muny görüp: «Bir garynja meni şunça leşgerim bilen üç gün myhman aldy. Men şunça döwletim bilen jandarlary näme üçin myhman almaýaryn» diýip, hemme jandarlary myhman almakçy boldy. Ol: «Eý, Taňrym! Maňa hemme jandarlary bir gün myhman almaga rugsat berseň?!» diýip dileg etdi. Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Eger seniň goluňdan gelse, ol işi et!» diýip, owaz geldi. Hezreti Süleýman şol wagt döwlere buýurdy. Olar daglary deşip, gazan atardylar. Olar kyrk gün aş bişirdiler. Soýulan at-goýunlaryň hasaby ýokdy. Ol sekiz aýlyk ýere aşnan ýygnatdy. Ýeriň ýüzündäki adamlary jemlemegi şemala buýurdy we: «Pylan güni symrugdan başlap, çybyna çenli, wagşy haýwanlardan başlap, pile, garynja çenli, hemme adam perzentlerine çenli ýygnaň. Men şol gün olaryň rysgalyny berjek» diýdi. Onuň özi tagtyna çykyp oturdy.

Ertesi derýadan bir balyk başyny çykaryp: «Eý, Süleýman! Bu gün meniň rysgalymy sen berjek ekeniň. Meniň nahar iýer wagtym boldy. Maňa tagam beriň» diýdi. Hezreti Süleýman: «Sen şu tagamlardan geregiňçe iý» diýdi. Ýerdäki tagamlar ol

balygyň içine girip gitdi. Ol balyk bir demde sekiz aýlyk ýerde taýýarlanylan tagamlaryň barysyny garnyna tartdy. Tagamlardan hiç bir yz galmady. Hezreti Süleýman haýran bolup durdy. Ol balyk: «Maňa ýene owkat beriň» diýdi.

Hezreti Süleýman: «Sen sekiz aýlyk ýerdäki tagamlary iýdiň. Başga myhmanlara hiç zat goýmadyň. Men bu tagamlar bilen hemme janly-jandarlary naharlap, olara myhmandarçylyk ederdim. Sen ýene näme nahar soraýarsyň?» diýdi. Balyk: «Eý, Süleýman! Sen meniň günäme galdyň. Bu gün men aç galdym. Men her günde ýedi lukma tagam iýerdim. Bu gün men onuň iki lukmasyny iýdim. Ýene onuň bäş lukmasy galdy. Indi men tä daň atýança aç galaryn» diýdi. Hemme janawarlar: «Eý, Süleýman! Öz ýagdaýyňyzyň çakyny bilmän, sen bizi hem aç goýduň» diýdiler. Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Rysgal bermek Meniň öz işimdir. Seniň işiň bolsa, iýmek-içmekdir» diýen bir owaz geldi. Hezreti Süleýman iki tarapdan gyjalata galdy. Ol bu ýüzügaralykdan başyny sejdä goýdy we: «Eý, Taňrym! Men bilmändirin. Men hata iş edipdirin» diýip ýalbardy. Ol kyrk gije-gündiz ýyglady. Hemme janly-jandarlar ol gün aç galdylar.

*Aýdypdyrlar:* «Hezreti Süleýmanyň köňlünden ol gyjalat tä kyýamat gününe çenli çykmaz». Hudaýtagala hezreti Süleýmanyň ulumsylygyny peseltdi. Ondan soň ol hiç ulumsylyk etmedi.

**Hekaýat.** Hezreti Süleýmanyň hyzmatyna bir kişi girip geldi we ol: «Eý, Süleýman! Maňa haýwanlaryň dilini öwretseň» diýip aýtdy. Hezreti Süleýman: «Ol sen öwrener ýaly zat däldir. Eger sen ony öwrenip, ony başga kişä aýtsaň, ölersiň» diýdi. Ol kişi: «Men siziň emriňizden asla dänmerin. Eger siz maňa haýwanlaryň dilini öwretseňiz, men ony ile paş etmerin» diýdi. Hezreti Süleýman onuň agzyna tüýkürdi. Ol zaman onuň arzuwy hasyl boldy.

Ol kişi şol gün öýüne bardy. Onuň öýünde bir öküzi bilen bir eşegi bardy. Ol öküzi agşam namazyna çenli goşa goşup, eşegini ota baglady. Eşek öküziň halyny sorady. Öküz oňa çeken azaplaryny beýan etdi. Eşek: «Beýle bolsa, sen bu gün sabyr edip, saman iýme, suw içme. Eýämiz: «Öküz nähoşlapdyr» diýip, ol ertir seni goşa goşmaz» diýdi. Bu kişi öküz bilen eşegiň sözüni eşidip durdy. Ol öküziň ahyryna ot, saman saldy. Öküz hiç zat iýmedi. Ertesi bu kişi: «Öküzim keselläpdir» diýip, eşegi alyp gidip, goşa goşdy. Ol kişi eşegi tä agşam namazyna çenli işletdi. Eşegiň müň janyndan bir jany hem galmady. Ol gaty ýadady. Ýedi gezek aňňyrýan eşek agşamara zordan ýataga girdi. Öküz ondan: «Eý, eşek! Seniň halyň niçik?» diýip sorady. Eşek: «Meniň halym ýagşydyr. Ýöne seniň halyň teň bolaýmasa?! Men şoňa hapa bolýaryn» diýdi. Öküz: «Eý, eşek! Näme waka boldy? Sen ony maňa aýdyp ber» diýdi. Eşek: «Eýämiz: «Öküzim ýaman kesel bolupdyr» diýip, ýolda bir gassap bilen sözleşdi» diýdi. Öküz bu sözi eşidip gorkdy we: «Eý, eşek! Men bu ýagdaýa näme alaç taparyn?» diýdi. Eşek: «Sen eýämizi göreňde suw içip, saman iýip dur. Ol: «Öküzim gutulypdyr» diýip, seni gassaba satmaz» diýdi. Eşegiň bu çäresi bilen öküz düzelip turdy. Eýeleri olaryň bu sözlerini eşidip güldi. Onuň hatyny oňa: «Sen näme üçin gülýärsiň?» diýdi. Ol aýal: «Ärim bir ýaman hyýal edýändir» diýip oýlady. Ol äri bilen köp çekeleşdi. Ahyry äri: «Eger men gülenimiň sebäbini aýtsam, ölmeli bolýaryn. Sen maňa üç gün möhlet ber» diýdi. Ol aýalyndan möhlet aldy.

Ol kişiniň ýene bir horazy, birnäçe towugy bardy. Horaz daragtdan düşüp, towuklary bir-bir basdy. Ol kişiniň bir iti hem bardy. It: «Eý, horaz! Sen bir utançsyz-haýasyz ekeniň. Eýämiziň öler wagty ýakyn ýetip geldi. Sen bolsa oýunlaryňy goýmaýarsyň» diýdi. Horaz: «Eýämiziň keseli ýokdur. Ol sagatdyr. Ol näme sebäpden ölsün?» diýdi. It eşek bilen öküziň wakasy-

ny, eýeleriniň gülenini, onuň aýaly bilen arasyndaky bolan wakalary bir-bir aýdyp berdi. Horaz: «Eýämiz ölse saňa, maňa, onuň hatynyna ne gamdyr? Saňa ýuwundyny kim guýup berse, sen şoňa ynanýarsyň. Maňa kim däne berse tapawudy ýok. Äri ölse, hatynyna hem är tapylar. Men bir gysym däne bilen dok bolýaryn. Bu halym bilen ýigrimi-otuz sany towuga baş bolup ýörün. Ol aýalyny urup bilmeýän bolsa, nämä är bolup ýörkä? Eger eýämiz hatyny sebäpli ölse, meniň oýlanmagym ýagşydyr. Eýämiň hatyny güleniniň sebäbini sorasa, ol ony bir taýak alyp ursun. Şonda ol ölümden gutular» diýdi.

Ol kişi it bilen horazdan bu sözi eşidip: «Men muňa ýagşy çäre tapdym» diýdi. Şol wagt onuň hatyny gelip: «Seniň güleniň sebäbi nämedir?» diýip sorady. Ol kişi bir taýak alyp: «Ine, gülenimiň sebäbi şudur» diýip, birnäçe sapar taýak bilen ony urdy. Hatyny gorkup, demini alyp bilmedi. Ol kişi şeýdip ölümden gutuldy.

**Hekaýat.** Bir gün hezreti Süleýman baýguşdan: «Sen näme üçin hemişe weýranlyk ýeri isleýärsiň?» diýip sorady. Baýguş: «Ol meniň bu älemdäki mirasymdyr» diýdi. Hezreti Süleýman ýene: «Eý, baýguş! Sen näme üçin halkyň arasynda ýöremeýärsiň?» diýip sorady. Baýguş: «Men adam perzentleriniň bir-birine edýän zulumyndan gorkýaryn» diýdi. Hezreti Süleýman ýene: «Eý, baýguş! Sen näme üçin bugdaýy iýmeýärsiň?» diýip sorady. Baýguş: «Hezreti Adam bugdaýy iýip günäkär boldy» diýdi. Hezreti Süleýman ýene: «Eý, baýguş! Sen näme üçin suw içmeýärsiň?» diýip sorady. Baýguş: «Hezreti Nuhuň kowumy suwda heläk boldy. Onuň üçin men ony içmeýärin» diýdi. Hezreti Süleýman ýene: «Eý, baýguş! Sen mekanyňda näme iş edýärsiň?» diýip sorady. Baýguş: «Men: «Eý, gezip ýören adamlar! Siziň hemmäňiz ölersiňiz. Ölmäňkäňiz ahyret ýaragyňyzy taýýar ediň» diýýärin» diýdi. Hezreti Süleýman ýene: «Eý, baýguş! Sen näme üçin adamy görseň, gözüňi ýum-

ýarsyň?» diýip sorady. Baýguş: «Men kyýamatda onuň bilen duşman bolmaýyn diýýärin» diýdi.

**Argamak atlar hakynda hekaýat.** Bir gün Süleýman alaýhyssalam bir tarapa atlanyp barýardy. Ol Kawan atly ada baryp ýetdi. Ol bu ýerde otlap ýören atlary gördi. Olaryň iki tarapynda ganatlary bar eken. Hezreti Süleýman bu atlary tutmaga meýil etdi. Atlar hezreti Süleýmany görüp, howa uçup gitdiler. Hezreti Süleýman muňa haýran galdy. Entek hiç kim onuň ýaly atlary görmändi. Hezreti Süleýman ol atlara höwes edip galdy. Ol gün ol öýüne gaýdyp geldi. Kawus atly bir döw bardy. Hezreti Süleýman Kawusy çagyryp, oňa: «Men Kawan adasynda müň sany ganatly at gördüm. Ol atlardan birini maňa tutup getirseň» diýdi. Kawus: «Eý, patyşahy älem! Men ol atlary tutup bilmeýärin. Samdun diýen bir döw bardyr. Ol Iblisiň perzendindendir. Ol tutup biler. Emma ol size garaşly däldir» diýdi. Hezreti Süleýman: «Ol döw nirededir?» diýdi. Kawus: «Siz birnäçe gün hassa bolan boluň. Biz: «Süleýman tapsyz» diýip gep ýaýradarys. Birnäçe günden soň, «Süleýman öldi» diýsinler. Samdun meniň sözümden başga hiç kimiň sözüne ynanmaýar. Siz maňa ýüz döw beriň. Olar bir ýerde busup otursynlar. Men ýeke özüm onuň ýanyna baraýyn. Seniň ölümiň baradaky ýalan gürrüň iliň içine ýaýylsyn. Ol habar bize hem gelip ýetsin. Samdun bize gelip, bu habar barada sorasa, men ony tassyklaýyn. Ondan soň men ony al bilen döwleriň busup ýatan ýerine getireýin» diýdi.

Hezreti Süleýman Kawusa ýüz döw berdi. Hezreti Süleýman gaty hassa bolan boldy. Döwler onuň tapsyzlygyny äleme ýaýdylar. Samdun bu habary eşidip: «Men bu habary takyklaýyn» diýip çykdy. Kawus Samduny gözläp, onuň ýanyna geldi. Samdun oňa: «Eý, Kawus! Bu nähili habardyr?» diýdi. Kawus: «Eý, Samdun! Biz Süleýmandan gutuldyk» diýdi. Samdun begendi. Kawus: «Eý, Samdun! Süleýman öldi. Hemme döwler,

periler ondan gutuldylar. Biz ol ýere baryp tomaşa edeli!» diýdi. Kawus Samduny yzyna düşürip, döwleriň busup oturan ýerine alyp geldi. Ýüz döw ýerlerinden çykyp, Samduny basyp tutdy. Ony hezreti Süleýmanyň ýanyna alyp geldiler. Samdun hezreti Süleýmandan gaty gorkdy. Hezreti Süleýman: «Eý, Samdun! Indi sen meniň goluma düşdüň. Indi sen näme alaç edersiň?» diýdi. Samdun: «Sen Hudaýtagalanyň pygamberisiň. Seniň meni gynamaga-da, ýalkamaga-da hakyň bardyr» diýdi. Hezreti Süleýman: «Men bir şert bilen seniň günäňi geçeýin. Men Kawan adasynda ganatly atlary gördüm. Olar meni görüp, howa uçdular. Sen olary tutup, maňa getirip ber» diýdi. Samdun: «Sen maňa müň döw, müň batman ýüň, müň küýze suwa meňzeýän çakyr ber. Onsoň men olary tutup getirip bereýin» diýdi.

Hezreti Süleýman: «Eý, Samdun! Sen bu zatlary näme edersiň?» diýdi. Samdun: «Ýüňleri çeşmeleriň gözlerine dykdyraryn. Ol müň döwe bulaklaryň suwuny çykardaryn. Çakyry suwuň deregine guýduraryn. Atlar suwa gelseler, çäresiz suw ornuna çakyr içmeli bolarlar. Olar mes bolarlar. Onsoň men her döwe bir at tutduryp, olary siziň ýanyňyza alyp gelerin» diýdi. Hezreti Süleýman Samdunyň soran zatlaryny berdi. Samdun ol ada baryp, çeşmeleriň gözlerine ýüň dykdyrdy. Bulaklaryň suwlaryny çykartdy. Suw ýerine çakyr guýdurdy. Ol atlar teşne bolup, suw içmäge geldiler. Olar çakyryň ysyny alyp, ony içmediler. Başga ýerden suw gözlediler, tapmadylar. Olar yzyna gaýdyp geldiler we alaçsyz çakyrdan içdiler. Olar mes boldular we uçup bilmediler. Samdun müň döw bilen gelip, olary tutyp, hezreti Süleýmana getirip berdi. Ol wagt hezreti Süleýman öýle namazyny okap otyrdy. Namazdan soň oňa atlaryň getirilendigini habar berdiler. Ol Asyf bin Barzyýa ýüzlenip: «Maňa atlary görkez» diýdi. Aýat: ***«Ikindi namaz wagtynda Süleýmana argamak atlary görkezildi».*** Hezreti Süleýman

atlary görüp hoşnut boldy. Ol atlara güýmenip, ikindi namazyny unutdy. Namazyň wagtynyň ötendigi onuň ýadyna düşdi. Ol namazyny kaza etdi. Ony namazdan daşgary wagtda okady. Ol muňa gahary gelip, dokuz ýüz atyň aýak-boýnuny çapdy. Aýat: ***«Men argamagyň höwesini Taňrymyň zikrinden artyk görüpdirin, hatda gün hem perdäniň aňyrsyna ýaşyp gidipdir».***

*Aýdypdyrlar:* Ikindi namazy kaza boldy. Hezreti Süleýman Hudaýtagala ýalbaryp (Aýat): ***«Maňa güni yzyna gaýtaryp beriň»*** diýip dileg etdi. Perişdeler güni yzyna gaýtaryp, edil ikindi wagty ýaly edip goýdular. Hezreti Süleýman ikindi namazyny wagtynda okady. Onsoň ol çapan atlarynyň ýanyna bardy. Aýat: ***«Olaryň aýaklaryny we boýunlaryny sypalamaga başlady».*** Hezreti Süleýman bu atlaryň etini adamlara sadaka berdi. Galan ýüz aty hezreti Süleýman weziri Asyf bin Berhyýa ibn Hinukime tabşyrdy. Dünýäniň ýyndam atlary olardan ýaýrady.

*Aýdypdyrlar:* Muhammet alaýhyssalam hezreti Süleýman üçin günüň gaýtarylandygyny eşidip gaýratlandy. Ol Allatagaladan: «Eý, Taňrym! Meniň asy ummatymyň namazy kaza bolsa, näme alaç ederler?»diýip sorady. Allatagaladan: «Eý, dostum Muhammet! Men Süleýman üçin güni yzyna gaýtardym. Emma seniň ummatyň namazy kaza bolsa, olar ony ölýänçäler her wagt okasalar hem wagtynda okan ýaly kabul ederin» diýen owaz geldi. Muhammet alaýhyssalam bu wadany eşidip hoşwagt boldy.

*Hezreti Süleýmanyň kürsüsi hakynda hekaýat.* Bir gün hezreti Süleýman hemme adamlary, döwleri, perileri ýygnady we şeýle diýdi: ***«Maňa ajaýyp bir kürsi gerek. Kim kürsini ýasap biler?» (Sahr atly) bir peri bardy. Ol ifritlerdendi***. Ol: «Men ýasaýyn. Ýöne sen maňa onuň esbabyny ber» diýdi. Hezreti Süleýman: «Onuň üçin näme gerek?» diýdi. Sahr ondan altyn, kümüş, jöwherler diledi. Hezreti Süleýman oňa bu

zatlary berdi. Sahr bu zatlardan dört aýakly bir kürsi ýasady. Onuň bir burçunda altyndan dört sany arslan bejerdi.

Ol kürsi tilsim bilen öwrülýärdi. Arslanlaryň agyzlaryndan ot çykýardy. Eger hezreti Süleýman kürsisine tarap ýörese, ol oňa müşk-anbar saçardy. Başga biri oňa tarap ýörese, ol ot saçardy. Sahr kürsiniň ikinji burçunda uly arslan ýasady. Onuň üçünji burçunda karkas goýdy. Onuň gözlerini ýakutdan, ganatlaryny hünjüden bejerdi. Haçan hezreti Süleýman ol guşa tarap ýörese, ol ganatlaryny ýazyp, agzyny açyp, gülap saçardy. Ol müşk-anbarlary beni Ysraýylyň alymlarynyň üstüne hem saçardy.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýmanyň sag tarapynda ýetmiş altyn kürsi, çep tarapynda hem şonça kürsi bar. Hezreti Süleýman ol kürsüde on üç ýyl oturdy. Haçan hezreti Suleýman dünýäden ötende ol kürsini Beýtil-Mukaddese eltip, bir daşyň düýbünde gizlediler. Bahtun-nasr gelip, Beýtil-Mukaddesi alanda, ol kürsini çykardy. Ol kürsä münmekçi boldy. Emma kürsi ony ýykdy we onuň aýagy döwüldi. Kim aýak goýjak ýerini bilmese şeýle bolar. Emma hezreti Süleýman bilýärdi. Bahtun-nasryň gahary gelip, kürsini para-para etdi. Ol ony deňze zyňdyrdy.

**Hekaýat.** Bir gün alty aýlyk çaga degirmeniň nowasynyň ýanyna emedekläp bardy. Hezreti Süleýman ony gaýtarjak bolup, hernäçe jan çekse hem ol yzyna gaýtmady. Hezreti Süleýman bu çaganyň howply ýagdaýa barýandygyny gördi we ony ol ýerden aldyryp, özi ýaly çagalaryň arasyna eltdirdi. Çaga özi ýalylara tarap döndi. Bu wakany görüp, hezreti Süleýman dileg etdi. Hudaýtagala öz gudraty bilen ol çaga dil berdi. Hezreti Süleýman ondan: «Sen näme üçin ölüm howpy bar ýere bardyň?» diýip sorady. Ol çaga: «Meniň päklik wagtymda ölenim ýagşydyr» diýdi. Hezreti Süleýman: «Sen indi göz açypsyň. Birnäçe zaman dünýäniň rahatyny görseň

ýagşy bolmazmy?» diýdi. Ol çaga: «Behiştiň eşretleri ondan ýagşyrakdyr» diýdi. Hezreti Süleýman: «Beýle bolsa, sen näme üçin ölüm ýerinden yzyňa gaýtdyň? Näme üçin sen gelip çagalara goşuldyň?» diýdi.Ol çaga: «Hudaýtagala meni baky behişti etdi. Şol sebäpden men ölüme sabyr edip bilmedim. Ikinjiden, bular hem meniň bilen barabar ekeni. Birnäçe gün bu çagalara hemra bolaýyn» diýdi. Hezreti Süleýman: «Beni Ysraýylda şunuň ýaly artyk mertebeli çaga ýok» diýdi.

Eý, ýaranlar, bilmek lazymdyr: bu çaga alty aýlyk eken. Ol Hudaýtagalanyň razylygyny isläp, bu dünýäden umyt üzüp, Hudaýtagaladan söýünji wadasyny eşidipdir. Bizi hezreti Muhammet alaýhyssalamyň hormatyndan, elbetde, jennetden mahrum etmegeý.

**Hekaýat.** Bir gün hezerti Süleýmanyň kabulhanasyna bir büre gelýärdi. Ýolda oňa garlawaç uçrady we: «Men hezreti Süleýmanyň gaşyna arza barýaryn. Ol ýerde Asyf bin Berhyýa barmy?» diýdi. Garlawaç: «Onuň ýaly bolsa, men baryp habar alaýyn» diýdi. Garlawaç baryp gelip: «Asyf bin Berhyýa ýok. Ol bir ýere gidipdir» diýip, bürä habar berdi. Büre hezreti Süleýmanyň ýanyna gelip: «Eý, patyşahy älem! Barça gezendeleri bir gysyp öldürýärler. Emma meni ýenjip hem gysyp öldürýärler. Patyşa muňa bir höküm etse!» diýdi. Şol wagt Asyf bin Berhyýa häzir boldy. Ol: «Bar gezendeler bir hünär bilen kesp edýärler. Emma bu haramzada hem çokýar, hem gyrmyldaýar. Bu hem bir zat etsin, biz hem bir höküm çykaraly» diýdi. Büre muňa asla jogap berip bilmedi. Ol gaçyp gitdi. Şu sebäpden büre adam perzendine öçli boldy.

**Hekaýat.** Bir gün hezreti Süleýman Samduna: «Sen maňa dünýäniň geň-taň zatlaryny aýdyp berseň» diýdi. Samdun: «Eý, Allanyň resuly! Men senden gaçyp ýörkäm bir ada bardym. Onuň giňligi kyrk agaç eken. Ol ýer bag-bossana bürelip otyr eken. Men özümi adam suratyna salyp, ol ada girdim. Onda bir

adama duşup: «Bu ýer kime garaşly?» diýip soradym. Ol adam: «Bu ýeriň patyşasyna Akuz diýerler» diýdi.

Men uçup beýik dagyň üstüne gondum. Adanyň ortasynda bir şäher gördüm. Onuň uzynlygy iki agaç ýerdi. Ol şäheriň hemme tamlary daşdan salnypdyr. Ol tamlaryň uzynlygy segsen gary, ini bolsa ýigrimi gary. Her bir burçy on iki gary. Şäheriň diwarlarynyň sekiz müň küňresi bar. Her küňräniň üstünde bir horaz bar. Her burçda bir horaz, bir towuk bar. Ol şäheriň ortasynda bir minara gördüm. Ol mermer daşyndan salnypdyr. Onuň uzynlygy ýüz gary, ini otuz gary. Ol minaranyň depesinde bir kürsi bar, ol kürsiniň üstünde bir horaz bar. Onuň tumşugy, ganatlary, gözleri gyzyl ýakutdan. Ol horazyň sag ýanynda altyndan bir arslan bar.

Men özümi adam suratyna salyp bir kişiden: «Bu şäheriň ady nämedir?» diýip soradym. Ol: «Bu şäheriň adyna Sundurna diýerler» diýdi. Men ýene: «Bu halk kime sežde edýär?» diýip soradym. Ol: «Olar bu minaranyň üstündäki horaza sežde edýärler» diýdi. Gün çykan wagty bu horaz gygyrýar. Onuň üýnüni eşidip, iki müň horaz gygyrýar. Şol wagt hemme halaýyk bu horaza sežde edýärler. Men her günde iki gezek bu horazyň sesini eşitdim. Onsoň men uçup, horazyň, arslanyň ýanyna gondum. Men ýedi müň ýedi ýüz jadylygy gördüm. Men olardan bäşisini öwrendim. Seniň eliňe düşmedik bolsam, men olaryň hemmesini öwrenerdim. Kim ol horazdan rugsatsyz geçjek bolsa, arslan oňa topulýar. Olar ony gylyç bilen çapyp öldürýärler. Men ondan tilsim bilen, jadylyk bilen geçdim.

Onsoň men patyşanyň ýanyna ugradym. Ol ýerde men uly köşk gördüm. Onuň giňligi dört agaç eken. Men onuň patyşalygy ýaly patyşalyk, onuň leşgeri ýaly leşger hiç haçan görmändim. Patyşa altyn tagtyň üstünde oturýar eken. Men adamda we peride onuň ýaly görkli kişi görmändim. Men ýene özümi adam suratyna salyp, bir kişiden: «Bu patyşanyň ady

nämedir?» diýip soradym. Ol: «Onuň ady Akuzdyr» diýdi. Men ondan ýene: «Bu gyz kimdir?» diýip soradym. Ol: «Ol patyşanyň gyzydyr. Onuň ady Kunadyr» diýdi. Men ýene: «Ol her horazyň ýanyndaky nagaralar nämedir?» diýip soradym. Ol: «Haçan patyşanyň başyna bir iş düşse, ol nagaralary kakýarlar. Olaryň sesine on iki müň leşger ýygnanýar» diýdi. Men ýene: «Bu patyşanyň şu adadan başga ýerde mülki, goşuny barmy?» diýip soradym. Ol: «Ene ol kyrk ada patyşadyr» diýdi.

Samdun: «Eý, Allanyň resuly! Allatagala maňa iki müň bir ýüz ýigrimi ýyl ömür berdi. Men onuň iki müň bir ýüz ýylyny bu jahany gezdim. Munuň ýaly ajaýyp zatlaryny görmedim» diýdi. Süleýman: «Eý, Samdun! Seniň bu sözüň rastmydyr?» diýdi. Samdun: «Eşiden gulak gören göz bilen deň bolmaz. Eger meniň sözümi barlamak isleseň, ol ýere baryp gör» diýdi.

*Soňra Samdun şygyr aýtdy:*

Ajap näzenin gördüm, ýüzidir rownak- gülzar,
Kamar- talgat, peri-peýker, perişte hüý, gül-ruhsar.

Dişidur hünji ýa göwher, sözi dur şähdi ýa şeker,
Ki agzy çeşmeýi-Köwser, behişti tehtel-enhar.

Buýy- berr, desteýi güldür, sözi göýä ki bilbildir,
Jahan halky oňa guldur, hemme hoşroý hyzmatkär.

Lebi ýakut merjendir, ýüzi hurşyd-tabandyr,
Kaddy-serwi haramandyr, ýörüşlik hoşreftar.

Dolan aý dek ýüzi röwşen, lebi gunça, ýüzi gülşen,
Gözi ahüýi çadyrdyr, ajap mekkäreýi-aýýar.

Onuň başdan aýagy hup, ajaýyp näzenin mahbup,
Ne ilde takatu-Eýýup, ne onda rehm ýok, hunhor,

Nigara kylmagyl zaýyg janu-dilim tabyg,
Huda-ýa bolmasun şaýyg hemme älemge bu esrar.

Geçip janu-jahanymdan, bolup ejiz kelamymdan,
Galyp sözler zybanymdan, seni diýip halatyn duşwar.

Eger sen kim Süleýman sen, Hudaga bende perman sen.
Pida kyl ýar üçün jan sen, men aýdyp men gazal bisýar.

Hezreti Süleýman buýruk berdi. Onuň dört agaçlyk halysy bardy. Onuň on müň altyn kürsi sagynda, on müň kümüş kürsi çepinde goýlan. Öňünde-yzynda periler, serkerdeler, ýüz müň adam öňünde, ýüz müň peri yzynda, Asyf bin Barhyýa on iki är bilen sagynda, Mirbat ibn Sahara on iki är bilen çepinde, Bugat ibn Zubiga ibn Iblis yzynda dur. Süleýman: «Ol ýer näçe aýlyk ýerdir?» diýip sorady. Samdun: «Ýedi aýlyk ýerdir» diýdi. Süleýman ýele: «Bizi şol ýere ýetir» diýdi. Ýel olary üç ýarym günde ol ýere ýetirdi. Aýat: ***«Biz Süleýmana ýeli hyzmatkär etdik. Süleýman şol tagtyny göteren ýel bilen ertirden öýläne çenli bir aýlyk ýoly we öýleden agşama çenli hem bir aýlyk ýoly geçýärdi».***

Süleýman Asyfa: «Eý, Asyf! Leşgeri sapa düz!» diýdi. Asyf sag golunda ýüz müň döw bilen Bugat Zubigany we çep golunda ýüz müň döw bilen Mirbat ibn Sahrany goýdy. Adam leşgeri bilen Asyf bin Berhyýanyň özi ortada durdy. Akuz Mälik ibn Mariha urşa çykmak üçin habar iberdiler. Iki tarap leşger tartyp uruşdylar. Hezreti Süleýmanyň goşuny syndy. Samdun geldi, hezreti Süleýman goldaw tapdy. Hezreti Süleýman ýüz müň arslan, ýüz müň bars, ýüz müň gaplaň, ýüz

müň böri, ýüz müň şagal kömek iberdi. Bu leşger birnäçe wagtdan soň gelip ýetdi. Hezreti Süleýmana: «Eý, Allanyň resuly, kömek gerek» diýip habar geldi. Ol hemme guşlardan iberdi we: «Siz baryp, duşmanyň leşgeriniň gözlerini ganatlaryňyz bilen tutuň, çüňküňiz bilen olaryň etlerini çekeläň» diýip aýtdy. Guşlar baryp aýdylyşy ýaly etdiler, emma olar duşmany ýeňip bilmediler. Ondan soň hezreti Süleýman ýele buýurdy. Ýel gelip olaryň ýüz-gözlerine toprak sowurdy. Döw-periler döwüşdiler. Akuzyň leşgeri syndy. Hezreti Süleýman öz gamçysyny Asyfa berdi. Ol kime gamçy ursa, şol diri galmady.

Akuzyň özi atlanyp çykdy. Bir arslan baryp Akuza topuldy, ol onuň boýnuny syndyrdy. Onuň başyny kesip, hezreti Süleýmana getirdiler. Ony bir agaçdan asdylar. Asyf ibn Barhyýa Sundurna şäherine girdi. Ol onuň burçlaryny bozdy. Ol horazlaryň, arslanlaryň, tilsimleriň hemmesini oda köýdürdi. Ol mallary we ýylky-garalary hezreti Süleýmana sürüp getirdi. Hezreti Süleýman Samduna: «Seniň aýdan gyzyň nirededir? Oňa adamyň, döwüň we periniň eli degmesin» diýip aýtdy. Samdun gülüp: «Oňa el degirmän nähili seniň ýanyňa getirse bolar?» diýdi. Hezreti Süleýman: «Bir çäresini-hilesini tapyň» diýdi. Hiç kim jogap aýtmady. Samdun: «Eý, Süleýman, buluda aýdyň. Ol deňziň düýbünden hünjüleri alsyn. Ol hünjüleri Kunanyň gapysyna ýagmyr dek ýagdyrsyn. Gyz olary görüp, öýden çykar. Şol wagt bulut gyzy saňa getirip bersin. Ol şeýle etse, gyzyň köşgüne hiç kim girmez» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* «Döwler her gün ir bilen deňiziň aşagyndan hünji ýygnardy. Aýat: ***«Biz ymarat gurujy we suwuň aşagyna çümüji şeýtanlary (döwleri) Süleýmana boýun etdik».***

Bulut deňziň düýbünden hünjüleri alyp geldi. Ol Kunanyň saraýynyň gapysyna hünji ýagdyryp başlady. Köşk mermer daşyndandy. Hünjüler daşa degip, un ýaly boldy. Kuna köşgüň gapysyna çykyp hünjüleri ýygnap başlady. Garawullar ýüwrüp çykdylar. Olar hem hünji çöpläp, gyza getirip berdiler. Olar:

«Bulutdan munça hünji ýagýar» diýdiler. Gyz buludy diňläp görmekçi bolup, öňe çykdy. Ýel bilen bulut gyzy asmana göterip, hezreti Süleýmana getirip berdi. Hezreti Süleýmanyň hatyny bardy. Ol bu gyzy görüp öldi. Hezreti Süleýman Kunany hemmeden gowy gördi.

*Aýdypdyrlar:* Kuna yslamy kabul etdi. Hezreti Süleýman onuň söýgüsinden yslamsyz galdy. Ýene aýdypdyrlar: Bu söz dürs däldir. Emma halk dilinde bu sözi ýöredýär. Şeýtanyň alyna ynanmak gerek däl zatdyr. Hatasy köp küpür sözler hem bardyr. Ol sözüň näçe hatasy, näçe küpüri (ýalany) bar hem bolsa, biz ony şu ýerde unudalyň. Hatany sowapdan (dogry sözden) aýryp bilseňiz ýagşydyr. Elbetde, Allatagalanyň özi dogry ýola gönükdirijidir. Bir gün Iblis (oňa nälet bolsun!) Kunanyň bir enekesiniň suratynda bolup, onuň ýanyna geldi we: «Eý, Kuna! Äriň ataňy öldürdi, ilini harap etdi we şäherini bozdy» diýip ýyglady. Kuna hem zar-zar ýyglady. Iblis: «Eý, Kuna! Sen äriňe aýt. Goý, ol ataň suratyny ýasatsyn. Ony görüp, meniň köňlüm guwansyn» diýip aýt» diýdi. Ol şeýdip bu sözi oňa öwredip gitdi. Hezreti Süleýman girip geldi. Kuna ondan ýüz öwürdi. Hezreti Süleýman oňa: «Näme boldy?» diýdi. Kuna: «Siz meniň atamy öldürdiňiz. Men atamyň ölümi üçin ýyglaýaryn» diýdi. Hezreti Süleýman: «Seniň ataň kapyrdy. Men ony şonuň üçin öldürdim. Sen hem iman getir. Bolmasa, men seni hem öldürerin» diýdi. Kuna: «Maňa atamyň suratyny ýasap ber. Onsoň men iman getireýin» diýdi.

Hezreti Süleýman oňa Akuzyň suratyny ýasap berdi. Hezreti Süleýman ony söýerdi. Ol onuň sözüni ret edip bilmedi. Ol: «Kuna iman getirdi» diýip ynandy. Hezreti Süleýmanyň döwrüne çenli pygamberlerden hiç biri öýünde surat goýmandy. Surat Süleýman pygamberiň öýünde peýda boldy.

Elkyssa, hezreti Süleýmanyň öýüne surat getirilenine kyrk gün bolupdy. Iblis (oňa nälet bolsun!) ýene ol eneke suratynda bolup gelip: «Eý, Kuna! Bu gün gurban baýram günüdir.

Süleýman öz taňrysyna gurbanlyk berýär. Sen hem ataň üçin gurbanlyk etseň, ataň ruhy senden hoşal bolardy» diýdi. Hezreti Süleýman baýramçylyga gidermen boldy. Emma ol Kunanyň gamgyn oturandygyny gördi. Hezerti Süleýman ondan gamgynlygynyň sebäbini sorady. Ol jogap bermedi. Ol ýene: «Eý, Kuna! Sen näme üçin beýle gamgyn bolýarsyň?» diýip sorady. Kuna: «Maňa hem bir zat berseňiz. Men atam üçin gurbanlyk etsem» diýdi. Hezreti Süleýman: «Gurbanlyk Hudaýtagaladan özgä rowa däldir» diýdi. Kuna: «Bir goýun berseň?» diýdi. Ol bermedi. Onsoň Kuna bir towuk diledi. Hezreti Süleýman ony hem bermedi. Şol wagt tüýnükden bir çekirtge uçup gelip, öýe girdi. Kuna: «Bolmasa, bu çekirtgäni beriň» diýdi. Hezreti Süleýman çekirtgäni sähel bilip: «Alaý» diýdi. Onuň özi namaza çykyp gitdi. Kuna ol çekirtgäni suratyň öňünde gurbanlyk etdi.

Asyf bin Berhyýa hatypdy. Ol minbere çykdy. Ol ilki Hudaýtagala hamd aýtdy. Ondan soň ol pygamberleriň atlaryny ýatlady. Ol hezreti Süleýmanyň adyny hutba goşmady. Hezreti Süleýman: «Näme üçin meniň adymy hutba goşmadyň?» diýdi. Asyf bin Berhyýa: «Öýünde surat bolan kişini pygamberleriň hataryna goýmak nädürsdür» diýdi. Hezreti Süleýman: «Meniň öýümde kim buta sežde edýär?» diýdi. Ol: «Seniň Kuna aýalyň butparaz» diýdi. Hezreti Süleýman gamgyn bolup öýüne gaýtdy. Görse, Kuna çekirtgäni soýup, ony surata ýalbarýan halda göterip dur. Hezreti Süleýman oňa söýgüsi sebäpli ony bu işden saklamady. Ol ikindi namazyna täret almak üçin turdy. Ol ýüzügini Emine kenizege tabşyrdy.

Kunany butdan saklamadygy sebäpli Hafyf atly bir döwi hezreti Süleýmanyň suratynda bolup geldi. Ol gelip, Emine kenizekden ýüzügi aldy we tagta münüp otyrdy. Hezreti Süleýman täretden boşap gelip, Emine kenizekden ýüzügini sorady. Emine: «Sen ne kişisiň? Ýüzügi hezreti Süleýman aldy we ol tagta mündi» diýdi. Hezreti Süleýman bir hata bolandygyny bildi. Ol haýran boldy we şäherden çykyp, ýola rowan

boldy. Onuň üstünde köýnekden başga lybasy ýokdy. Onuň ýöräp, aýaklary gabardy. Ol dynç almak isledi. Emma Hudaýtagalanyň gudraty bilen oňa miýesser bolmady. Ýer titredi. Ol ýedi gije-gündiz ýol ýöredi. Ol ahyry bir gyşlaga gelip ýetdi. Ol örän açdy. Ol bir işige baryp oturdy. Bir hatyn çykyp: «Häzir meniň ärim öýde ýok. Sen biraz sabyr etseň, ol geler. Onsoň biz seni myhman alarys» diýdi. Ol bularyň bagyna baryp girdi. Ol gaty ýadawdy. Şonuň üçin ol derrew uklap galdy. Şu arada bir ýylan onuň ýanyna geldi. Ol ýylan hezreti Süleýmany tanady we oňa azar bermän öz ugruna gitdi.

Hatynyň äri öýüne geldi. Hatyn oňa: «Bagda bir kişi uklap ýatyr. Sen ony baryp gör» diýdi. Öýüň eýesi baga girip görse, dogrudan hem bir adam uklap ýatyr eken. Är-aýal bu ýere bile geldiler. Aýaly ärine: «Bu kişi mertebeli, ýagşy adama meňzeýär» diýdi. Är-aýal maslahatlaşyp, ony oýatdylar. Öýüň eýesi onuň öňünde ýagşy tagamlar goýdy. Hezreti Süleýman ony iýdi. Ol turup täret aldy we namaz okady. Öý eýeleri är-hatyn: «Bu kişi bize laýyk giýew eken» diýdiler. Olar hezreti Süleýmana: «Biziň bir gyzymyz bar. Biz ony size bereli. Siz ony kabul etseňiz» diýip aýtdylar. Hezreti Süleýman: «Men bir welaýatdan gaçyp geldim. Meniň malym ýok. Onsaň men gyzy niçik alaýyn. Size başga giýew tapylar. Siz maňa bu sözi teklip etmäň» diýdi. Olar hezreti Süleýmana köp ýalbardylar. Ol ahyry bularyň teklibini alaçsyz kabul etdi. Olar gyzyny hezreti Süleýmana nikalap berdiler. Ol gije hezreti Süleýman daň atýança namaz okady. Ol gyza hiç bakmady. Ertesi gün gyz enesine ýagdaýy habar berdi. Gyzyň ýanyna bir kempir goşdular. Ol kempir: «Men giýewini göreýin» diýip, onuň ýanyna geldi. Görse, hezreti Süleýmanyň egninde dony ýokdy, onuň aýaklary ýalaňaç, egninde diňe köýnegi bar. Kempir: «Sen hünärment kişä meňzeýärsiň. Bar sen don, ädik tik» diýdi. Hezreti Süleýman: «Men hünär bilmeýärin» diýdi. Kempir: «Beýle bolsa, sen deňziň gyrasyndaky balykçylaryň ýany-

na git. Ol ýere baryp hammalçylyk et» diýdi. Ol deňziň gyrasyna geldi. Ol ýerde agşama çenli oturdy. Hiç kim oňa iş buýurmady. Gije ol öýüne eli boş gaýdyp geldi. Ertesi ol kempir onuň ýanyna ýene geldi. Ol oňa: «Näme getirdiň?» diýdi. Ol: «Men hiç zat getirmedim» diýdi. Kempir hezreti Süleýmana gaty sözläp: «Eý, kişi, bar sen işiňi işle» diýdi. Hezreti Süleýman öz mülküni ýatlady. Ol köp ýyglady. Ol ýene deňziň kenaryna bardy. Bir atly daýhan guly bilen gelip balyk satyn aldy. Onuň balygynyň bir bölegini guly göterdi, bir bölegini hezreti Süleýman göterdi. Olar daýhanyň öýüne ýetip bardylar. Daýhan: «Allatagalanyň we Süleýmanyň haky üçin aýdýaryn, bu kişi hammal däldir» diýdi. Ol muny hezreti Süleýmandan sorady. Hezreti Süleýman: «Men şu wagta çenli hiç wagt hammalçylyk edip görmändim. Bu ýere zeruryýet bilen düşdüm. Men garypdyryn. Men bu ýere biriniň gapysyna geldim. Ol meni myhman aldy we güýç bilen maňa gyzyny berdi» diýdi. Daýhan: «Bu ýetmiş bölek ilde ol är-aýalyň gyzy ýaly görkli gyz ýokdur. Emma ol kempir murdardyr» diýdi. Daýhan guluna ýüzlenip: «Bu balygy bişirip, başga tagamlar bilen bu kişiniň öňüne getir» diýdi. Ol gul iýim-içim alyp geldi. Hezreti Süleýmanyň agzy orazady. Ol bu sebäpden hiç zat iýmedi. Daýhan hezreti Süleýmana bäş batman nan, bäş batman et, bäş batman un, bäş batman kümüş pul we bir balyk berdi. Ol daýhan: «Eý, ýigit! Sen her gün işlemäge meniň ýanyma gel. Men saňa her gün şunça zatlary bereýin. Eger men diri bolsam senden hiç zady gaýgyrmaryn» diýdi. Hezreti Süleýman öýüne geldi. Ol getiren zatlaryny aýalynyň öňünde goýdy. Özi bolsa namaza meşgul boldy. Ol daň atýança namaz okady.

Ertesi kempir gelip, gyzdan: «Giýewi näme getirdi?» diýip sorady. Ol onuň getiren zatlaryny kempire görkezdi. Kempir: «Ol bu zatlary başga ýerde ýygşyryp goýandyr» diýdi. Hezreti Süleýman ýigrimi günde bu töwerekde şöhrat tapdy. Ol hassa

dem ursa, gutulardy. Işi şöhrat tapdygyça ol köp pikirlendi. Ol: «Meni tanamasynlar» diýip, bu ýerden gitdi.

Oňa dagda iki sany bir erkek, bir urkaçy arslan duşdy. Urkaçy arslan: «Gel, biz bu adamy iýeli» diýdi. Erkek arslan gelip, Hezreti Süleýmany gördi we ony tanady. Ol iki bükülip, hezreti Süleýmana salam berdi we onuň aýagyny öpdi. Hezreti Süleýmanyň mülkünden aýrylanyna otuz ýedi gün geçipdi. Süleýmanyň tagtynda Hafyf atly döw oturdy. Ony gören kişiler oňa Süleýmandyr öýderdiler. Onuň ýanyna bir kişi gelip: «Süleýman kapyr bolupdyr» diýdi. Bu söz il içine ýaýrady. Aýat: ***«Olar Süleýman pygamberiň zamanynda şeýtanlaryň okan bozuk kitaplaryna eýerdiler».*** Netijede, gowga gopdy. Ol döw şerigat ylmyny ýok etdi. Ol hemme halka jadylygy öwretdi. Ol şerigata ters gelýän hökümleri çykardy.

Hezreti Süleýmanyň bir aýaly Asyf bin Berhyýanyň gyzydy. Ol atasy bilen ikisi: «Bu Süleýman däldir. Onuň ýüzi Süleýmana meňzese hem, işi onuňka asla meňzemeýär» diýip oýladylar. Hemme alymlar, ýagşyzadalar ýygnanyp, Asyf bin Barhyýanyň ýanyna geldiler we: «Eý, wezir! Köp günden bäri Süleýman kapyrlaryň we döwleriň işini edýär. Bu nähili ýagdaýdyr?» diýip aýtdylar. Asyf bin Barhyýa: «Bu gün otuz ýedi gün boldy. Men hem siz bilen bir pikirdedirin. Men hem bu ýagdaýa haýrandyryn» diýdi. Olar üýşüp maslahat etdiler. Ahyry olar: «Biz kitap açyp, ondan mesele sorap göreliň. Eger ol döw bolsa, oňa jogap berip bilmez» diýen pikire geldiler.

Elkyssa, olar ol döwüň öňünde Zebury okadylar. Ondan bir kyn sözüň manysyny soradylar. Ol döw muňa jogap berip bilmedi. Olar bu ýerden onuň döwdügini bildiler. Asyf bin Barhaýanyň başlyklygynda hemme halk tagtyň ýanyna gelip, belent owaz bilen ismagzam dogasyny okadylar. Ony bir mertebe okanlarynda ol döw ornundan gozgandy, iki mertebe okanlarynda ol ýerinden turdy, üç mertebe okanlarynda ol tagtdan düşdi we gaçyp, köşkden çykdy.

Ol döw gaçyp deňziň gyrasyna geldi. Ol elindäki ýüzügi çykaryp, suwa zyňdy. Hudaýtagala Arham atly balyga: «Eý, Arham! Bu ýüzügi ýuwdup, baryp Süleýmanyň toruna gir» diýip perman berdi. Ol balyk: «Eý, Taňrym! Bu ýüzük meniň rysgalymmy?» diýdi. Hudaýtagala: «Ol seniň rysgalyň däldir. Menden saňa buýruk bolýança, sen ony içiňde sakla» diýdi. Balyk: «Eý, Taňrym! Men ony saklanym üçin, sen maňa näme berersiň?» diýdi. Allatagaladan: «Sen balyklara patyşa bolarsyň!» diýen owaz geldi. Arham bu söze şat boldy. Ondan soň hezreti Süleýman şol oba geldi. Ony bu ýerde hormatladylar we: «Seniň bize işlemegiň hökman däl. Biz bu gün näçe balyk tutsak, ony saňa bereli» diýip aýtdylar. Olar tor saldylar, oňa hiç zat düşmedi. Olaryň ululary: «Bu gün hem ony hormatlaň. Onuň adyna tor atyň» diýdi. Olar on bir tor saldylar. Agşama çenli olara hiç zat düşmedi. Üçünji gün hem olaryň toruna hiç zat düşmedi. Dördünji gün hezreti Süleýmanyň mülkünden aýrylanyna kyrk birinji gündi. Olar hezreti Süleýmana: «Bu gün tory seniň özüň at» diýip aýtdylar. Hezreti Süleýman dik durdy. Ol on tor atdy.

Deňze erkli bolan Fikaýyl atly perişdä perman boldy. Ol balyklary sürüp, tora getirdi. Olar hezreti Süleýmana «Sen ýene tor sal» diýdiler. Hezreti Süleýman tor atdy. Arham gelip, tora girdi. Arhamyň nurundan jahan röwşen boldy. Hudaýtagala Arhama dil berdi. Ol hezreti Süleýmana: «Sen meniň agzyma goluňy sal» diýip aýtdy. Hezreti Süleman onuň agzyna goluny saldy. Ýüzük onuň barmagyna girdi. Hemme döwler, periler, guşlar, hezreti Süleýmanyň daşyna ýygnandylar. Balykçylar oňa: «Sen kimsiň?» diýdiler. Ol: «Men Süleýman pygamberdirin» diýdi. Olar: «Eý, Allanyň resuly! Bu niçik ahwalat boldy?» diýip aýtdylar. Hezreti Süleýman: «Men muny Hudaýtagaladan soradym. Ol meni gynamak bilen synady» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam oňa Hudaýtagalanyň salamyny getirdi. Hudaýtagaladan: «Eý, Süleýman! Sen dört sany hata iş etdiň.

Men olary senden geçirdim. Birinji, sen Kunany yslama girizmän aldyň. Ikinji, kapyr gyzy nikaňa aldyň. Üçünji, onuň üçin but ýasatdyň. Dördünji, çekirtgäni gurbanlyk berdiň» diýen owaz geldi. Hezreti Süleýman bu hatalaryň hemmesini bilip, ötünç sorap, başyny sejdä goýdy. Hudaýtagala ony ýene ýurduna ýetirdi. Hudaýtagala ýele perman berdi. Ol bir serçeden gupba iberdi. Hezreti Süleýman ony hatynynyň başyna geýdirdi. Onsoň ol Kunany sähra alyp geldi. Hezreti Süleýman bir tabyt ýasatdy. Ol Kunany oňa saldy we tabydy deňze atdy. Şeýle hem Hakyk döwi tutdy. Onuň boýnuna müň batman demri asyp, onuň gol-aýagyny baglap, deňze salyp, ony heläk etdi. Onsoň ol öz tagtyna geçip oturdy.

Eý, eziz (adam)! Bilgilki, hezreti Süleýmanyň kyssasynda telim hata bardyr.

*Aýdypdyrlar:* Bir hata Kuna atly gyzyň hekaýatyndadyr. Ony biz aýdyp geçdik. Bu nadanlaryň sözüdir. Birinji hata, ol uly ýazykdyr. Pygamberiň öýünde buta sežde edilse, ol ony bilmese, sen hatynyň haýyz gelen halyny[10] bilmeseň, pasyk bolarsyň. Sen: «Hezreti Süleýmanyň öýünde buta sežde edildi. Ol muny bilmedi» diýersiň. Ikinji hata, hezreti Süleýmanyň hatyny buta sežde etse, ol kapyr aýal bolar. Hezreti Süleýman ony nikasyna almady. Eger ol hatynynyň kapyrdygyny bilmedik bolsa, Allatagala oňa habar bererdi. Üçünji hata, şeýtan hezreti Süleýmanyň suratyna girip, onuň ýüzügini aldy diýýärler. Beýle bolsa Allatagalanyň seniň suratyňa başga bir adamyny öwürmäge gudraty ýokmy? Dördünji hata, hezreti Süleýmanyň suraty şeýtana öwrüldi diýerler. Surat öwrülse mesh bolar. Kim muny rowa tutsa, şeýtany pygamberlige rowa gördügi bolar. Bäşinji hata, döw Süleýmanyň hatynlary bilen hylwat etdi diýerler. Beýle bolsa haýsy gyz ärine gyzlygy bilen geler? Hudaýtagalanyň hökümi bilen möminleriň malynyň üstünden şeýtanyň hiç ygtyýary ýokdur. Bu sözleriň hemmesi ýalandyr. Ol sözler kapyrlardan musulmanlaryň diline düşdi. Altynjy ha-

ta, pygamberleriň hatynlary nika bilen başgalara haramdyr. Ýedinji hata, şeýtan hezreti Süleýmanyň tagtynda oturdy diýýärler. Muňa aýat delildir, ýagny onuň tagty, mülki aýat bilen berlendir. Döwler hem oňa aýat bilen boýun edilendir. Eger tagt bolmasa, uly mülk bolmasa, döwler boýun bolmasa, onuň ýüzügini kim alar. Ýene bir delil: Hezreti Süleýman bu wakalaryň hemmesinden soň: ***«Eý, Taňrym! Meniň hatalarymy geçir. Sen maňa özümden soň hiç kime berilmejek mülk ber! Elbetde, sen mülk berijisiň»*** diýip dileg etdi.

Indi bolsa bu aýatyň dürs tefsirini beýan edeliň. Inşallah (Eger Allatagala islese).

**Rowaýat.** Ymam Ýakup Sufýan öz «Tefsiriniň» içinde, şeýle hem Keffal Şamy ( goý, Allatagala olara rehmet etsin!) Abu Hüreýradan (goý, Allatagala ondan razy bolsun!), ol bolsa Muhammet Mustapadan şeýle rowaýat edipdir: «Süleýmanyň pitnesi bardyr. Bu tagta kim göripçilik etdi?» Pygamber alaýhyssalam: «Hudaýtagala Süleýmana kapyrlar bilen sanjyşmagy perman berdi. Ol wagtda Süleýmanyň ýetmiş hatyny bardy» diýip aýtdy. Ýene bir rowaýatda: Onuň togsan hatyny bardy. Süleýmanyň leşgerbaşysy ýokdy. Onuň köňlüne şeýle pikir geldi: «Men bir gijede bu togsan hatynym bilen söhbet edeýin. Hudaýtagala olaryň hersinden bir ogul berse, olar goşunbaşy beglerim bolar. Onsoň men älemiň dört tarapy bilen soweş ederin» diýdi. Emma ol»: «Inşallah («Eger Alla islese») diýmekligi unutdy.

Ol bir gijede hemme hatynlaryna bardy. Onuň segsen dokuz hatyny hamyla bolmady, diňe bir hatyny hamyla boldy. Ondan bir ogul dogdy. Ol aglak, golak we ker bolup doguldy. Şeýle hem bolsa Süleýman ony gowy görerdi. Emma ol oglan öldi. Süleýman ony tagtyň üstünde goýdy. Pygamber alaýhyssalam: «Hudaýtagala meni dogrulyk üçin halaýyga iberdi. Eger Süleýman «Inşallah» diýen bolsady, onuň her hatynyndan bir ogul dogardy. Olaryň her biri goşunbaşy bolardy. Süleýman

onuň nämeden bolanyny bilmedi» diýip aýtdy. ***«Eý, Taňrym! Meniň günälerimi geçir! Maňa ölümden soň hiç kime berilmejek mülk ber! Elbetde sen mülk berijisiň»*** Aýat: ***«Biz Süleýmanyň bir eden ýalňyşy sebäpli ony synadyk we jynlar tarapyndan öldürilen oglunyň jesedini onuň kürsüsiniň üstüne taşladyk. Soňra ol toba edip patyşalygyna gaýdyp geldi».***

Süleýman Dawut pygamberiň tagtyny miras aldy. Aýat: **«Süleýman Dawudyň mirasdary boldy».** Süleýman toba etdi we taňrysyna ýandy. Ol: «Eý, Taňrym! Eger men seniň zikriňi etmegi unutsam, sen meni geçir» diýdi. Hudaýtagala onuň günäsini geçdi we oňa uly mülk berdi. Aýat: ***«Biz Süleýmana ýeli boýun etdik».*** Gündogardan günbatara çenli kim Süleýmanyň garşysyna sözlese, ýel ony oňa ýetirerdi. Käbir alymlar aýdypdyrlar: «Süleýman: «Men bu dilegi onuň şükürini özgeler ödäp bilmezler, men ödärin» diýip edipdir». Emma bu sözüň ygtybarlylygy gowşakdyr. Munuň özi: «Älemde ondan uly şäkyr ýok» diýmek bolar. Hemme pygamberlerden Muhammet alaýhyssalamyň mertebesiniň artykmaçdygy mälimdir. Käbir alymlar şeýle aýdypdyrlar: «Bu dilegdäki «min ba‘di (menden soň) «ma‘i» (meniň bilen) diýmeklik bolar». Emma olar bu sözi ýalňyş aýdypdyrlar: «Onuň üçin pygamber alaýhyssalam aýdypdyr: «Men namaz okap durkam, namazym orta bolanda bir döw gelip girdi. Men ony tutup daňdym. Meniň garyndaşym Süleýmanyň «Min ba‘di» diýen dilegi köňlüme gelip, men ony bagladym. Bu gün siz ony gördüňiz». Aýat: «Biz oňa ýeli ulag edip berdik». Biz ýene onuň ygtyýaryna döwleri berdik. Olar daşlary gopardylar we ymaratlary saldylar. Olaryň birnäçeleri deňziň düýbünden göwher hünjüleri çykardylar. Aýat: ***«Biz oňa dürli ymaratlary (jaýlary) gurujy we deňziň aşagyndan lagly-jöwheri çykaryjy döwleri, başga bir döwleri halka azar bermez ýaly zynjyrlarda daňylgy edip, oňa boýun edip berdik».*** Habarda aýdylyşyna görä, olaryň hemmesi

ahyrzaman gelende synag üçin, halaýygy was-wasa salmak üçin zynjyrlardan boşanarlar. Aýat: **«Eý, Süleýman bu biziň saňa bagyş eden zadymyzdyr. Sen isleseň, ony özüň al. Isleseň, başgalara ber. Kyýamat güni biziň seniň bilen hasabymyz ýok. Saňa emgek hem ýok. Süleýmana biziň ýanymyzda ýakynlyk we kyýamat güni belent dereje bardyr».**

**Hekaýat.** Hezreti Süleýmanyň müň hatyny bardy. Onuň maksady şeýledi: Ol: «Bu hatynlaryň hersinden bir oglum bolsa, meniň müň perzendim bolardy. Meniň hatynym köp bolsa, perzendim hem köp bolar» diýdi. Emma onuň bir hatyny hem dogurmady.

Bir gün ol Hudaýtagala: «Eý, Taňrym! Meniň göwrämden maňa bir zat berseň?» diýip arz etdi. Ondan soň ol hatynlary bilen ýakynlyk etdi. Wagty ýetip, onuň diňe bir hatynyndan bir çaga dogdy. Onda ne baş bar, ne aýak bar, ne gulak bar. Ondan hiç bir zat mälim bolmady. Ol göýä bir sanaja meňzeýär. Onuň erkek-gyzlygy hem mälim däl. Muny hezreti Süleýman görüp: «Eý, Taňrym! Bu niçik zatdyr. Munuň agzalaryny berseň?!» diýdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Süleýman! Sen: «Meniň göwrämden bir zat berseň» diýip Hudaýtagladan dileg etdiň. Seniň bir zat diýeniň şu zatdyr. Indi hatynyň Bylkys, weziriň Asyf bin Barhyýa, özüň – üçüňiz bir ýerde oturup syr aýdyşyň» diýdi.

Hezreti Süleýman: «Men pygamberdirin we patyşadyryn. Emma işikden bir kişi gelse, men ilki bilen onuň eline bakýaryn. Eger ol bir zat getirse, hatda alma ýaly zat bilen gelse hem, ol maňa hoş ýakýar» diýdi. Ol zaman çagada baş peýda boldy.

Asyf bin Barhyýa: «Men bu patyşalygyň baş weziridirin. Meniň köňlüme: «Eger Süleýman ölse, onuň hatynlary bilen patyşalygy maňa galsa» diýen pikir bar» diýdi. Ol zaman çagada gol-aýak peýda boldy.

Bylkys: «Men ähli janly-jandaryň patyşasy bolan Süleýmanyň söýgüli hatynydyryn. Men mydama: «Süleýman ölse, men bir ýaş ýigide ýetsem, men onuň bilen aýşy-eşretde bolsam» diýip hyýal edýärin» diýdi. Ol zaman çagada göz-gulak, burun, kirpik-gaş peýda boldy. Şeýlelikde, ol çaganyň hemme agzalary abat boldy. Ol çaga gyz eken. Dogry söz bilen direlen çaga budur.

**Hüýpüýpik barada hekaýat.**

*Aýdypdyrlar:* barça guşlar hezreti Süleýmanyň başyna kölege salyp durardylar. Her bir görnüşdäki guşlar bir guşluk ýeri tutardylar. Ymam Kelbiniň sözüne görä, olar kyrk guşluk ýeri tutardylar.

Bir gün Süleýmanyň tagtyna günüň bir bölek şöhlesi düşdi. Ol seredip göpse, bir guş ornundan gidipdir. Ol ýene bakdy we hüýpüýpigi ýerinde görmedi. Süleýman guşlardan: «Men hüýpüýpigi görmeýärin. Oňa näme boldy?» diýip sorady. Aýat: ***«Süleýman guşlary gözden geçirdi. Ol: «Maňa näme boldy? Men hüýpüýpigi görmeýärin» diýdi».*** Guşlar oňa onuň üç günden bäri ornunda ýokdugyny habar berdiler. Hezreti Süleýman gaharlanyp: «Men onuň perlerini ýolup, garynjalara hörek ederin, ýa-da ony kapasa salyp gynaryn, ýa-da onuň damagyny çalaryn. Ony tapyp, meniň ýanyma alyp geliň. Ol menden diňe ýok bolmagynyň anyk sebäbini aýdyp gutular» diýdi. Aýat: ***«Elbetde, men hüýpüýpige gaty azap bererin, ýa-da men onuň ganatlaryny gyryp günüň astyna taşlaryn, ýa-da men ony duşmany bilen bir kapasada salakryn, ýa-da men ony bogazlaryn, ýa-da ol ýitirim bolmagynyň äşgär delilini maňa aýdar».***

Hezreti Jebraýyl gelip: «Eý, Süleýman! Hüýpüýpik seniň hyzmatyňa bardy. Indi sen onuň bir ýa-da üç gün ýok bolanyna gahar edýärsiňmi? Sen: «Men sabyrly bolaýyn. Oňa bir zat bolan bolaýmasyn. Eger bir zat bolan bolsa, men onuň bu ýazygyny geçeýin» diýmeýärsiň. Meni, seni we ähli jandary

ýaradan Hudaý bendesi ýazyk etse, oňa gahar etmeýär» diýdi. Hezreti Süleýman durnany, bürgüdi we ankany hüýpüýpigiň gözlegine iberdi we olara: «Siz baryň, hüýpüýpigi tapyp meniň ýanyma getiriň» diýdi. Olar onuň gözlegine çykdylar. Hüýpüýpigi olar ýolda gördüler. Görseler, ol aryp, agzyny açyp gelýär. Olar oňa: «Süleýman saňa gaharlanýar we seni: «Gaty gynaryn» diýýär» diýip aýtdylar. Hüýpüýpik: «Ol «inşallah» diýdimi?» diýdi. Olar: «Ýok» diýip aýtdylar.

Hezreti Süleýmanyň gaty azaby şeýledi: Ol ýazykly guşlaryň ganatyny, perini ýolup, günüň aşagynda goýardy. Ol guşuň kyrk günden soň perileri, ganaty ösüp, bu azapdan gutulardy.

Hüýpüýpik yzyna dönüp, hezreti Süleýmanyň ýanyna geldi we onuň tagtyna gondy. Hezreti Süleýman oňa: «Sen ornuňdan gaçyp gitdiň. Hyzmatyňda ýazyk etdiň. Indi bolsa tagtyma daýanyp oturýarmyň? Sen nirä ýok bolduň?» diýdi. Hüýpüýpik ötünç sorap: «Eý, patyşahy älem! Men görmedik ýerlerimi gördüm, men seniň görmedik zatlaryňdan habar getirdim» diýdi. Aýat: ***«Men saňa mälim bolmadyk bir zadyň habaryny aýdaýyn. Men Saba ýurdundan anyk bir habar getirdim».*** Hezreti Süleýman: «Ol nähili habar?» diýip sorady. Hüýpüýpik: «Men ony saňa başdan aýdyp bereýin: «Sen sapara gidipdiň, men suwa mätäç boldum we suw gözläp, howa çykdym» diýdi.

Ibn Apbas (Allatagala ondan razy bolsun!): «Hüýpüýpik guşy suwuň nirede bardygyny bilýär» diýip aýdypdyr. Şeýle hem: «Hüýpüýpik daşyň içindäki suwy hem görýär» diýip aýdypdyrlar.

«Men ýigrimi agaç belentligine çykdym. Aşak bakdym, seniň leşgeriňi görmedim. Öňe bakdym, bir dag gördüm. Men ol daga baryp gondum. Ol ýerde men bir garyp hüýpüýpigi gördüm. Ol menden: «Seniň adyň näme?» diýip sorady. Men oňa: «Meniň adym Ýakup, men Pars welaýatyndan gelýärin. Meniň Süleýman atly patyşam bar. Ol döwleriň, perileriň guşlaryň, haýwanlaryň, adamlaryň we ähli janly-jandarlaryň

patyşasydyr» diýip jogap berdim. Ol: «Meniň adym Akbadyr. Biziň aýal patyşamyz bar. Onuň adyna Bylkys diýerler. Onuň mülküniň waspyny aýdyp tükedip bolmaz» diýdi. Men oňa: «Beýle bolsa, sen maňa onuň mülküni görkez» diýip aýtdym. Onsoň ol meni Bylkysyň welaýatyna eltdi. Ol welaýata Saba diýýär ekenler».

*Aýdypdyrlar:* Ol welaýat on üç şäherdi. Bylkys Marap atly şäherde oturýardy.

«Men Bylkysy we onuň saraýyny gördüm. Onuň köşgi örän owadan. Ýer ýüzünde oňa meňzeş köşk ýokdur. Bir gyz tagtyň üstünde otyr eken. Ol tagtyň uzynlygy kyrk gary, ini bolsa on iki gary. Ol altyndan. Onuň dört aýagy bolsa mermer bilen bezelen. Ol gyzyň başynda arassa ýakutdan bir gül bar. Onuň boýnunda bir hünji bar. Ol hünji ýumurtgadan ulurak. Ol tagtyň göwher bilen bezelen dört gapysy bar. Her bir gapy gymmat bahaly zat bilen bezelen. Tagtyň ortasynda ýaşyl parçadan on arşynlyk gupba bar. Bu gupbanyň altmyş tüýnügi bar. Haçan ol tüýnüklerden gün düşse ol göwherler şöhle saçýar. Ol tüýnüklerden düşen güne Bylkys sejde edýär eken».

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýman hüýpüýpigiň ýokdugyny bilenden soňra, günüň yssysynda günortan çagy onuň tagtyna gün düşdi we hüýpüýpik suwsady. Ol suw tapman barýarka, bir garynjany gördi. Ol garynja: «Eý, Taňrym! Sen meni ýaratdyň men seniň bir bendäňdirin. Men suwsadym. Maňa suw ber. Eger ajalym ýakyn gelse, maňa ölüm ber. Men bu teşnelikden gutulaýyn» diýdi. Hezreti Süleýman onuň dilegini eşidip: «Ämin» diýdi. Hudaýtagala onuň bu dilegini kabul etdi. Bulut geldi we ýagyş ýagdy. Dag-dereler suwdan doldy. Şondan soň hezreti Süleýman bürgüdi, durnany we ankany hüýpüýpigiň gözlegine iberdi.

Hüýpüýpik sözüni dowam etdirdi: «Ol gyzyň görküniň ýanynda seniň hemme aýallaryň bir ýana, onuň ýeke özi hem bir ýana. Oňa hemme zat berlipdir. Onuň tagty hem, leşgeri

hem, baýlygy hem seniňkiden artyk bolmasa, kem däl. Aýat: ***«Men Bylkys atly patyşa hatyny gördüm. Oňa patyşalyk etmek üçin gerek bolan hemme zat berlipdir. Onuň uly tagty bar».*** Aýat: ***«Men ol hatynyň öz kowumy bilen Hudaýtagala derek güne sežde edýändigini gördüm». Hezreti Süleýman: «Hany, göreli bakaly, sen dogry sözleýärmikäň ýa-da ýalan sözleýärmikäň?» diýdi.*** Hezreti Süleýman Bylkyse: ***«(Eý, Bylkys!) Sen tekepbirlik etme, meniň permanyma kaýyl bolup, musulmançylygy kabul edip, meniň ýanyma gel» diýip bir hat ýazdy.*** Hezreti Süleýman bu hata möhürini basdy we hüýpüýpige: ***«Meniň hatymy alyp Bylkysyň we kowumynyň üstüne git. Sen bu haty olaryň göräýjek ýerine taşla. Özüň olardan çeträk bir ýerde dur. Soňra olaryň näme jogap gaýtarýandygyna seret» diýip aýtdy.*** Hüýpüýpik çüňki bilen haty tutup, yssy howada Bylkysyň köşgüne geldi. Bylkys köşgüniň gapylaryny bagladyp, gapylary garawullara sakladyp, özi içeri girip, tagtynyň üstünde ak ýüpege örtünip ýatdy. Bylkysyň köşgi gymmatbahaly daşlardan salnandy. Onuň ini kyrk sekiz gary, uzynlygy altmyş gary we beýikligi otuz gary. Onuň bir tüýnügi gündogar tarapdady, beýleki tüýnügi bolsa günbatar tarapdady. Bylkys uklap ýatan wagty hüýpüýpik tüýnükden girip, haty onun öňünde goýdy. Ol oýanmady. Hüýpüýpik onuň kükregine gonup, onuň iki mämesiniň arasyna çüňki bilen kakdy. Ol onuň agyrsyndan oýandy. Bylkys ýerinden turup oturdy. Emma ol hiç kimi görmedi.

Onun ýanyna on ýaşly oglanlardan, on üç ýaşly gyzlardan başga hiç kim girmezdi. Ol gapy garawullaryny ýygnady we olardan: «Bu haty kim getirdi?» diýip sorady. Hiç kim ony bilmedi. Hüýpüýpik tüýnükden ses çykardy. Bylkys ol haty: «Taňrydan gelen» diýip oýlady. Ol ony ak ýüpege çolady we ony başyna sanjyp, tagtyna çykyp oturdy. Ol Dagyn atly wezirine buýrup, hemme begleri we leşgerleri ýygnady. Ol haty eline alyp: «Eý, halk uluglary! Bu guş maňa bir hat

getirdi. Men ony Hudaýtagalanyň permany diýip bilýärin» diýdi. Aýat: ***«Eý, wezir-wekiller! Meniň üstüme hormat bilen ýazylan hat taşlandy». Begler: «Eý, patyşa! Sen ony oka, biz onun nämedigini bileli» diýdiler. Bylkys ony: «Bu hat Süleýmanyň tarapyndandyr. Bu hat Allatagalanyň çäksiz mähriban, möçbersiz rehimdar atlary bilen ýazylandyr. Siz tekepbirlik etmäň. Meniň permanyma kaýyl boluň. Menin ýanyma musulman bolup geliň» diýip okady.*** Begler: «Eý, patyşa! Size telim patyşalar hat ýazdylar. Siz olardan gorkmadyňyz. Indi size näme boldy?» diýip aýtdylar. Bylkys: «Başga patyşalar mülk dawasyny etdiler, bu kişi bolsa pygamberlik dawasyny edýär. Men siz beglerden geňeşsiz aýratyn iş etmerin» diýdi. Aýat: ***«Bylkys olara: «Eý, begler! Meniň bu işim hakynda maslahat beriň. Siz meniň ýanymda bolmasaňyz, maňa siziň maslahatyňyz bolmasa, men hiç bir işi etmerin» diýdi».*** Olar: «Siz bizden güýçli we erkli patyşasyňyz. Siz öz raýyňyza bakyň. Biz siz näme buýursaňyz şony hem edeli» diýdiler. Bylkys bularyň sözüni eşidip şat boldy. Ol: «Bu är bilen sanjyşmak ýagşy däl. Ol bizden üstün bolsa, ili-güni bizden alar» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Bylkysyň musulman bolmaga köňli bardy. Ol: «Leşger hem muňa uýarmy ýa-da uýmazmy, belli däl» diýip oýlandy. Ol: «Eger siz onuň bilen sanjyşanyňyzda ol ýeňse, ol sizi öldürer» diýip begleri gorkuzdy». Aýat: ***«Bylkys: «Patyşalar bir şähere girseler, ony weýran edýärler we onuň eziz halkyny hary-zar edýärler» diýip aýtdy.*** Allatagaladan: ***«(Boýun bolmasaňyz), elbetde, olar şeýle hem ederler»*** diýen owaz geldi.

Bylkys: «Men oňa mal ibereýin. Eger ol mal alsa, biziň elimiz üstün bolar» diýdi. Aýat: ***«Men ilçiler bilen sowgat ibereýin. Men ilçileriň näme jogap bilen yzyna gaýtjakdyklaryny bilerin. Eger Süleýman biziň iberen sowgadymyzy alsa, ol patyşadyr. Eger ol ony almasa, ol pygamberdir».*** Ol gym-

matbahaly sowgatlary getirmegi buýurdy. Nökerler iki sany altyn kerpiç alyp geldiler. Olaryň her biriniň agramy müň batman bardy. Olaryň her birini bir düýä ýüklediler. Ýene ol bäş ýüz altyn tabak bäş ýüz kümüş tabak bir altyn täç, müň sany altyn gazan, on bäş sany gyz sypatly gul oglan, on bäş sany oglan sypatly kenizek gyz, elli gysrak (baýtal), on göle, on sygyr, on öküz, Zuýag atly kazyny, Rafyk atly wezirini, Dagyn atly baş wezirini bu mallar bilen iberdi.

Bylkys: «Hezreti Süleýmana menden salam ýetiriň. Şeýle hem, eger ol pygamber bolsa, bu deşik hünjä el degirmän ýüp ötürsin. Şeýle hem bu deşigi ýok hünjini adam, döw, peri eli degmezden deşsin. Şeýle hem bu gul-kenizekleriň haýsy gyz, haýsy oglandygyny bilsin. Ýene bu iki gaby el degirmän suwdan doldursyn. Ol suw ýerden çykan, gökden inen bolmasyn. Bu üsti örtülgi atlaryň tüýsiniň (jynsy) nähilidigini bilsin» diýdi.

Ilçiler ýola düşdüler. Döwler olaryň habaryny hezreti Süleýmana aýtdylar. Hezreti Süleýman döwlere buýruk berdi. Olar bir meýdan taýýarladylar. Ol meýdan hezreti Süleýmanyň köşgüniň gapysyna çenli dört agaçlyk ýer tutýardy. Döwler hezreti Süleýmanyň permany bilen daglardan ýasy daşlary getirdiler we olary ol meýdana düşediler. Ýene bir ýörite meýdan taýýarladylar. Onuň bir kerpijini altyndan, bir kerpijiny kümüşden goýdular. Hezreti Süleýmanyň buýrugy bilen döwler ýene altyndan dört müň kerpiç goýdular. Olaryň her biriniň agramy iki ýüz batman. Özleri hem gymmatbaha daşlar bilen bezelen. Dört kerpijiň ýerini boş goýdular. Dört müň atyň toýnagyna altyn nal kakdylar. Olaryň hemmesi altyn eýerli. Dört müň sygry burunlaryna çenli altyn bilen bezediler. Dört müň guly patyşahananyň gapysynda täze lybaslar geýdirip duruzdylar. Dört müň altyn kürsini sagda, on müň kümüş kürsini çepde goýdular. Hezreti Süleýmanyň özi ortada tagt üstüne mündi. Adam serkerdeler sagdan, periler çepden, döw-

ler öňden, batyrlar yzdan, uçar guşlar howada ganat-ganata tutup, tagta kölege berip durdular. Hezreti Süleýman buluda buýurdy. Ol müşk-anbar suwuny getirip hezreti Süleýmanaň daş-töweregine sepdi. Onuň degre-daşynda düýbi kümüşden, ýapraklary altyndan, pudaklary ýaşyl zeberjetden, miweleri ýakutdan, hünjiden bolan daragtlary oturtdylar. Hezreti Süleýman bir syrçadan gupba içinde oturdy. Onuň beýikligi altmyş gary.

Bylkysyň ilçileri gelip ýetdiler. Olar tagzym bilen meýdana girdiler we bu uly dabarany görüp haýran galdylar. Ilçiler hezreti Süleýmana: «Biziň patyşamyz Bylkys size salam gönderdi. Patyşamyz: «Eger Süleýman pygamber bolsa, ol bu deşik hünjä el degirmän ýüp ötürsin. Deşiksiz hünjüni adamlaryň, döwleriň, perileriň goluny degirmän deşsin. Erkek oglanlary gyz oglanlardan el degirmän tapawutlandyrsyn. Bu gaplary ýerden çykmadyk, gökden inmedik suw bilen doldursyn. Atlaryň üsti örtülgi ýerinden jynsyny tapawutlandyrsyn» diýdi» diýip aýtdylar. Hezreti Süleýman öz leşgerine: «Kim bu hünjüleri adam, döw, peri eli degmezden deşip bilýär?» diýdi. Agajy iýýän güýe gelip, hünjini deşdi. Palçykda ýatan gyzyl gurçuk hünjülere ýüp ötürdi. Hezreti Süleýman oglan haýsy, gyz haýsydygyny bilmek üçin olaryň özlerine eline suw guýdurdy. Ol suwy az guýanlara «ogul», köp guýanlara bolsa, «gyz» diýdi. Ol otlary çapdyrdy. Otlaryň şireleri bilen gaplary suwdan doldurdy. Atlaryň jynsyny Jebraýyl alaýhyssalam aýdyp berdi. Hünjüni deşen gurçuk: «Eý, Süleýman! Maňa Hudaýtagaladan rysgal dile» diýdi. Hezreti Süleýman dileg etdi. Hudaýtagala oňa agaç iýmekligi rysgal etdi. Ýene hünjä ýüp ötüren gurçuk rysgal diledi. Hezreti Süleýman dileg etdi. Onuň rysgaly palçykda boldy. Bylkysyň ilçileri: «Biz seniň Taňryňa iman getirdik» diýdiler. Hezreti Süleýman gaharlanyp: «Siz meni mal bilen götergileýärsiňizmi? Allatagalanyň maňa beren mülki siziň getiren zatlaryňyzdan artygrakdyr» diýdi. Aýat: ***«Hezreti Süleýman: «Siz maňa mal bilen kömek etmekçi***

***bolýarsyňyzmy? Hudaýtagalanyň maňa beren pygamberligi, ylmy, mülki size berlen dünýä malyndan has ýagşydyr» diýip aýtdy.*** Ýene hezreti Süleýman ilçilere: «Siz Bylkyse baryp aýdyň. Ol meniň tarapyma geçsin. Bolmasa, men leşger bilen baryp kimi öldürerin, kimi hory-zar ederin» diýdi. Aýat: ***«Eý, ilçi! Sen getiren sowgadyň bilen Bylkysyň we onuň kowumynyň üstüne git. Aýt: «Eger olar bize gelmeseler, onda biz olara güýçli goşunlar bilen bararys. Olar biziň garşymyza durup bilmezler. Elbetde, biz olary Saba şäherinden çykararys, onsoň olar hormatsyz bolarlar».***

Ilçiler mallaryny alyp, yzlaryna döndüler. Olar baryp, Bylkysa Süleýmanyň sözüni ýetirdiler. Bylkys: «Süleýman çyn pygamberdir. Oňa barmasaň bolmaz» diýdi. Ol dört garabaşy altyn-hünjüleri bilen bezedi. Dört ýüz düýä altyn-kümüş ýaly ajaýyp zatlar ýükledi. Dört müň är atlandyryp, Saba welaýatyndan ugratdy.

*Aýdypdyrlar:* Bylkys örän göpklüdi. Ol hezreti Süleýmana köňülli bolup, onuň üstüne ýöredi. Aýdypdyrlar, ol hazynalarynyň gapysyny berkitdi. Ol ýene daşdan bir öý saldyrdy. Onuň üstüni demir bilen ýapdyrdy we gurşun bilen suwatdy. Bylkys tagtyny onuň içinde goýdy. Her gün oňa müň sany ýaragly sakçy goýdy.

*Aýdypdyrlar:* On iki müň serheň, on iki müň gul, on iki müň nöker, on iki müň hyzmatkär atlaryna münüp, Sabadan çykyp, ýola girdiler. Hüýpüýpik ilki gelip habar getirdi. Periler gorkdular. Çünki Bylkys periler urugundandy. Olar: «Hezreti Süleýman: «Maňa näme üçin Bylkysdan habar getirmediňiz?» diýip sorasa, biz oňa näme jogap bereliň?» diýişdiler we biz: «Bylkysyň aýagy eşegiň aýagy ýaly bolandygy üçin habar bermedik» diýeliň. Şunuň ýaly diýmesek, Süleýman Bylkysy alar. Bize emgek artar» diýdiler.

Olar bu sözi hezreti Süleýmana aýtdylar. Hezreti Süleýman bu söze haýran galyp: «Men onuň aýagyny nähili ýol bilen

görüp bilerin»diýdi. Ol Asyf bin Barhyýa bilen geňeşdi. Asyf bu işi Myrbat ibn Sähra buýurdy. Ol bir öý saldy. Onuň on iki burçy bar. Her bir burçdan hem syrçadan öý saldy. Ol öýüň içinde bir howuz ýasady. Ony suw bilen doldurdy. Onuň içine suw janawarlaryny saldy. Sekiz günlik ýere çuz we atlaz düşediler. Ol buluda buýurdy. Ol olaryň başlaryna kümüş, şeker ýagdyrdy.

Hezreti Süleýman hüýpüýpikden: «Bylkys tagtyny getirdimi?» diýip sorady. Çünki hezreti Süleýman ol tagta tamakin boldy. Ol Asyf bin Barhyýa bilen geňeşdi we Bylkysyň ilçisine: «Bylkys gelmezden öň özüniň tagtyny bu ýere getirsin»diýip aýtdy. Bir Ifrit atly döw: «Maňa buýursaňyz men onuň tagtyny sen ýeriňden gozganýançaň bu ýere alyp geleýin. Bu işe men gaýratlydyryn» diýdi. Aýat: ***«Jynlardan bir güýçli, bet jyn: «Sen ýeriňden turýançaň, men onuň tagtyny seniň ýanyňa alyp geleýin» diýip aýtdy.*»** Hezreti Süleýman: «Ol maňa ondan hem tiz gerek» diýdi. Asyf bin Barhyýa hezreti Süleýmanyň has (aýratyn ygtyýarly) weziridir. Ol: «Men ony sen göz açyp-ýumýançaň getireýin» diýdi. Aýat: «Soňra Taňrynyň kitabyndan ylmy bar bolan bir kişi (Asyf bin Barhyýa): «Eý, Taňrynyň pygamberi! Sen sagyňa seredip, çep tarapyňa seretmänkäň, men ol tagty saňa getirerin» diýip aýtdy. Hezreti Süleýman gözüni ýumdy. Asyf: «Ýa haýý, ýa kaýýum»[11] diýdi. Allatagala Mikaýyl perişdä buýurdy. Ol Bylkysyň tagtyny Asyfyň goluna getirip berdi. Hezreti Süleýman gözüni açdy. Ol tagty öňünde gördi. Aýat: ***«Hezreti Süleýman tagtyň öňünde hereketsiz durandygyny gördi».*** Hezreti Süleýman ol tagty özgertmegi buýurdy. Onuň altynyny kümüş bilen, kümşüni altyn bilen, ýakutyny hünji bilen, hünjüsini ýakut bilen çalşyrdylar.

Hezreti Süleýman: «Indi göreýin, Bylkys tagtyny tanarmyka ýa-da tanamazmyka?» diýdi. Aýat: ***«Süleýman nökerlerine: «Bylkys üçin onuň tagtyny üýtgedip, ýokarsyny aşak,***

***aşagyny ýokaryk we öňüni yzyna, yzyny öňüne geçiriň. Onsoň biz göreliň, Bylkys tagtyny tanamaga ýol taparmy ýa-da ol ýol tapmaýan adamlardan bolarmy?» diýdi».***

Ertesi Bylkys şähere girdi. Ol pyýada ýöredi. Hezreti Süleýman muny eşidip: «Ony ata mündüriň» diýip perman berdi. Hezreti Süleýman buluda buýurdy welin, Bylkysyň depesine hünji, ýakut, şeker, anbar ýagdy. Bylkys bu keramatlar bilen hezreti Süleýmanyň gaşyna geldi. Ol görse, hezreti Süleýman soltanlyk tagtynda otyr. Adamlar, döwler, periler, uçar guşlar, ýel, bulut – hemmesi onuň hyzmatynda durlar. Bylkys ony görüp ýyglady we öz mülküni unutdy. Asyf gelip, Bylkysy tagtyň üstünde oturtdy. Hezreti Süleýman: «Eý, Bylkys! Ýüzüňi aç»diýdi. Ol ýüzünden nikaby göterdi. Hezreti Süleýman onun ýüzüni gördi. Ol entek beýle owadan ýüzli aýaly görmändi. Hezreti Süleýman: «Eý, Bylkys! Sen Taňrynyň bendesi bolup, güne çokunmaga utanmaýarsyňmy?» diýdi. Bylkys: «Eý, Süleýman! Taňry aýply bendäni paş etmez, sen hem meni paş etme!» diýdi. Hezreti Süleýman bu sözüne puşman etdi. Bylkys ýyglady. Ol: «Men özüme zulum eden ekenim. Indi men seniň Taňryňa ýandym. Men seniň diniňi kabul etdim» diýip, gelip hezreti Süleýmanyň tagtynyň aýagyny öpdi. Jebraýyl alaýhyssalam Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Men Bylkysyň eden günälerini geçirdim. Onuň tobasyny kabul etdim» diýip habar getirdi.

Hezreti Süleýman ony söýünjiledi. Bylkys şatlandy. Onuň gözi öz tagtyna düşdi. Hezreti Süleýman: «Bu seniň tagtyňmy?» diýdi. Aýat: «Göýäki, şol tagt ýaly».Hezreti Süleýman Bylkysyň düşbüligine haýran galdy. Ol: «Bu tagty uzak ýerden kim getirdi. Bu meniň tagtymdyr» diýmedi. Ol: «Göýä, meniňki ýaly» diýdi.

Hezreti Süleýman: «Onun aýagy perileriň aýdyşy ýalymyka» diýip, Bylkysyň aýagyny görmäge howlukdy.

Hezreti Süleýman: «Ol syrçadan öý seniňkidir, sen oňa gir» diýdi. Bylkys onuň içine girdi we ol ýerde suwy, onuň içinde janawarlary gördi. Ol syrça (aýna) bardygyny bilmedi we: «Süleýman meni bu suwda öldürer» diýip pikir etdi. Ol: «Meni öldürjek bolsaň, saňa mal bereýin. Sen meni suwda öldürme» diýdi. Süleýman: «Gir» diýdi. Bylkys ädigini çykaryp, aýagyny ýalaňaçlady. «Suw» diýip oňa aýagyny basdy. Beýleki aýagyny ol ýere goýjak wagty, ol onuň suw däl-de aýnadygyny bildi. Hezreti Süleýmanyň maksady onuň aýagynyň nähilidigini görmekdi. Aýat: «Bylkys ony gören wagtynda: «Ol suwly howuzdyr» diýip güman etdi. Onsoň, ol eteklerini göterip, aýaklaryny baldyryna çenli açdy. ***Şonda Süleýman: «Bu çüýşelerden bezelip ýasalan köşkdür» diýip aýtdy».***

Bylkys serkerdeleri bilen ol öýe girdi. Hezreti Süleýman: «Eý, Bylkys! Eger sen isleseň, men saňa öz begleriňi bereýin, eger olary islemeseň men öz beglerimi bereýin» diýdi. Bylkys: «Meniň beglerim mydam meniň ýanymda bile boldular. Goý, indi hem olar meniň bilen bile bolsunlar. Maňa seniň begleriň gerek däl. Men olara mätäç däl. Eger sen meni aljak bolsaň, men saňa bararyn» diýdi. Hezreti Süleýman Bylkysy aldy.

*Aýdypdyrlar:* Bylkys hakynda iki söz sözlediler. Birinji, onuň aýagy eşegiňki ýalydyr diýdiler. Ikinji, injigi tüýlüdir diýdiler. Bylkys ädigini çykaryp suwa girdi, hezreti Süleýman onuň aýagyny gördi. Onuň aýagy olaryň aýdany ýaly däl eken. Onuň aýagynyň haly bar eken.

*Sowal:* Ak etiň ýüzünde gara aýyp bolmaz. Arap hem ak ýüzdäki garany söýer. Süleýman muny unamady. Näme hikmet bar?

*Jogap:* Arap ak üstündäki garany söýer. Muhammet alaýhyssalam arap bolandygy üçin ony söýdi. Emma hezreti Süleýman siryanydy. Olar ak üstündäki saryny söýýärler.

Bir gün Bylkys Süleýmandan: «Senden soň geljek pygamberlerde senden pazylyragy bolarmy?» diýip sorady.

Hezreti Süleýman: «Menden soň meniň keramatym hiç pygambere ýetmez. Emma hem menden soň Muhammet atly bir pygamber bolar. Ol menden hem, ähli ýer-gök halkyndan artygrak bolar» diýdi. Bylkys: «Men ony görerinmi?» diýdi. Hezreti Süleýmana bu söz ýakmady. Ol ogly hakynda sözledi.

*Aýdypdyrlar:* Ol bu sözden Bylkysy öz mülküne gaýtardy.

*Aýdypdyrlar:* Bylkysdan Süleýmanyň on iki ogly boldy. Olaryň hemmesi ýaş wagty öldüler.

*Aýdypdyrlar:* Bylkys ýüz ýyl öz mülkünde ömrüni musulmanlyk bilen ötürdi.

### Nazm

Bylkys men kim sapar etsem, eger terki watan kylsam,
Pyrak otyn wujudym keşweride şuglawer kylsam.

Menzillere ýetsem, ýat edip gülçähreler bezelsin,
Saçyp gülgün ýaşymny ol seri güllük çemen kylsam.

Tama kylgunça tama Alladan ýagşy ermesmu?
Jahanda men özümi tagmaýy zag zagan kylsam.

Tirik bolsam, ýetip ölsem, onda häkirah olsam,
Eger ölsem, gubary häk paýydan kepen kylsam.

Ki Bylkys ýar üçin gül zowkyda perýat ederdim,
Esiri hijr mendir men, gerek perýat men kylsam.

**Hekaýat.** Bylkysyň atasy adam, enesi bolsa peridi. Bu waka şeýle bolup geçipdi. Bir gün Ahmar patyşa diýeni şikara çykypdyr. Emma ol leşgerinden aýrylyp, bir guly bilen galypdyr. Olar bir ýerde bir gara ýylan bilen ak ýylanyň urşup

duranyny gördüler. Gara ýylan üstün gelip, ak ýylany öldürmekçi boldy.

Patyşa guluna: «Gara ýylany öldürip, ak ýylany halas et» diýip buýurdy. Ol gul bu buýrugy aýdylyşy ýaly berjaý etdi. Ertesi patyşa çarbagyna tomaşa üçin bardy. Oňa bir ýigit gelip salam berdi. Patyşa görse, bir näzik ýigit öňünde dur. Ol: «Sen niçik ýigitsiň?» diýip sorady. Ýigit: «Düýnki ak ýylan mendim, gara ýylan bir döwdi. Ol hemişe meniň kastymda ýörerdi. Ol gün ol meniň ýeke özümi tapyp, tasdan meni öldüripdi. Siz ýetişip, meni halas etdiňiz. Men siziň guluňyz boldum. Meniň size üç sözüm bar. Siz onuň birini kabul ediň» diýdi. Patyşa: «Beýan ediň» diýdi. Ol ýigit: «Eý, patyşahy älem! Eger siz isleseňiz, men size tebipçiligi ýagşy öwredeýin ýa-da ýeriň astyndaky humlary görkezeýin. Siz olary alsaňyz ýa-da bir hemşiräm bar. Şony size bereýin. Ol hemme älemiň bahasydyr» diýdi. Patyşa onuň hemşiresini almaklyk hoş göründi. Ol ýigit: «Beýle bolsa, meniň bilen öýüme baralyň» diýdi. Patyşa munuň teklibini kabul edip, ýola düşmekçi boldy. Ol ýigit onuň golundan tutup: «Gözüňizi ýumuň» diýdi. Az pursatdan soň ol oňa: «Gözüňizi açyň» diýdi. Patyşa gözüni açdy. Görse, ol bir bossanda durupdyr. Ol göýäki Erem bagyna meňzeýär. Onda dürli miweler, dürli reňkli güller we çeşmeler bar. Hoşroý gyzlar, mahy-talgat kenizekler, reňbe-reň serpaýlar geýip, ellerinde şerbetleri tutup dur. Emma olaryň ortasynda tagtda bir gyz oturypdyr. Onuň hoşroýlygy güne aňry dur diýýär. Bu ýigit: «Eý, patyşa! Meniň size aýdan hemşiräm ine, şudur. Emma munuň şertleri bardyr. Sen munuň sözüni hergiz ret etme. Ol her iş buýursa, ony berjaý et. Ol her hili ýagşy-ýaman iş etse, sen ony ýazgarma. Çünki siziň aslyňyz toprakdandyr, biziň aslymyz otdandyr we ýeldendir. Mümkinçiligi bar bolsa, sabyr ediň, ony gaçyrmaň. Ol bihikmet iş etmez.» diýdi. Patyşa onuň şertlerini kabul etdi. Ondan soň patyşa, ony alyp öýüne gaýtdy.

Köp wagtdan soň, ondan bir hoşroý ogul dogdy. Aýaly on güne çenli oňa terbiýe berdi we bakdy. Ondan soň ony bir ýüpek letdä orap, odunyň arasynda goýdy we ot ýakdy. Patyşa muny görüp, köp gamgyn boldy. Emma onuň sebäbini soramady.

Ýene birnäçe wagtdan soň ýüzi aý ýaly owadan bir gyz dogdy. Ol oňa hem on gün seretdi. Soňra bir iti çagyryp, ol gyzy onuň öňüne atdy. Ol it ony dişläp alyp gitdi. Patyşa ýene geplemegiň alajyny tapmady, sebäbini sorap bilmän galdy. Ol bitakatlyk bilen ýyglady. Emma ol muny hergiz hatynyna bildirmedi. Birnäçe wagtdan soňra onuň ýurdunda ýagy peýda boldy. Bir weziri ol ýagy bilen dilleşip, patyşany öldürmäge äht etdi. Patyşa urşa barýarka onuň naharyna zäher goşup berdi. Onuň hatyny gelip, ony döküp goýberdi. Ol ýene gamgyn bolup: «Bu maňa nähili hatyndyr? Bu maňa diňe duşmanlyk işini edýär» diýdi. Onda onuň hatyny: «Beýle bolsa, bu nahardan Sarýa iýdirip görüň» diýdi. Ol weziriň ady Sarýady. Ol Sarýa nahardan bir çemçe iýdirdi. Sarýa şol wagt öldi. Hatyny: «Sarýa: «Siz ölsün» diýip bu işi edipdi. Onsoň men nahary döküp goýberdim» diýdi. Patyşa: «Sen meniň oglumy näme üçin oda köýdürdiň?» diýip sorady. Hatyny: «Biziň ogul perzendimiz otda terbiýe tapýar» diýdi. Patyşa ýene: «Sen gyzymyzy näme üçin itiň öňüne taşladyň?» diýýip sorady. Hatyny: «Biziň gyzymyzy itler terbiýelýär» diýdi. Hatyny bir iti çagyrdy. Ol it häzir bolup, gyzy alyp geldi. Patyşa gyzy görüp şat boldy. It dile gelip: «Seniň ogluň gaýyp bolandyr» diýdi. Ondan soň onuň hatyny hem äri bilen hoşlaşyp gaýyp boldy. Emma onuň ogly periler bilen gelip, ýagyny gaýtardy.

Patyşa hatynyndan aýrylanynyň derdini gyzynyň jemaly bilen köşeşdirdi. Ol gyzyny gowy görerdi we oňa uly hormat sylag ederdi. Patyşa gyzyna Bylkys diýip at goýdy. Patyşa gyzy ulalandan soňra patyşalygyny gyzyna berdi. Onuň özi dünýäden ötdi. Bu taýpa güne sežde ederdi. Bu ýurt örän uly

döwletdi. Halkyň bir bölegi maslahat edip: «Biz ata-enesiz gyzy patyşa etmeýäris» diýip, başga bir kişini patyşa bellediler. Bylkys hem muňa şat bolup, ol patyşa ilçi iberip: «Men ata-enemden aýrylyp ýetim galdym. Meniň aga-inim ýok. Siz meniň halymdan habar almaýarsyňyz. Meniň köňlüm sizi isleýär» diýdi. Ol patyşa bu sözi eşdip, şatlygyndan bihuş boldy. Bir sagatdan soň huşuna gelip: «Men bu dünýäniň işine meşgul bolup sizi ýadymdan çykarypdyryn. Indi, siz meni kabul etseňiz ýagşy bolar. Bolmasa, biz bir-birimize duşman bolarys» diýip, oňa jogap hatyny ýazdy. Ondan soň Bylkys: «Goý, ol toý esbaplaryny tutsun» diýdi. Ol patyşa halkyny ýygnap, toý tutdy. Ol şeýdip Bylkysy aýallyga aldy. Bylkys patyşany bir hylwathana getirip: «Şerap içeli» diýdi. Bylkys şol ýerde patyşany serhoş edip, başyny kesdi. Ol onuň kellesini asyp goýdy. Ertesi: «Bylkys şeýle iş edipdir» diýip, köşge habar ýaýrady. Halk şat bolup, Bylkysy mübärekledi. Ony ýene täzeden patyşa etdiler. Olar şondan soň Bylkys bir höküm çykarsa, oňa hiç garşy bolmadylar.

**Beýtil - Mukaddesiň sypatynyň beýany.** Kagbul-Ahbar aýdypdyr: «Allatagala hezreti Süleýmana: «Eý, Süleýman! Sen Beýtil-Mukaddesi sal» diýip wahy iberdi. Hezreti Süleýman döwlere perman berdi. Olar daglardan daşlary gopardylar. Mermer daşyndan sütünler ýasadylar. Deňziň düýbünden göwher, hünji alyp geldiler. Olar bir öýi bezäp saldylar. Ol hemme halky çagyryp, ol ýerde gurbanlyk berdi.

Hezreti Süleýman dik durup: «Eý, Taňrym! Meniň bäş hajatym bar. Sen olary rowa et! Birinji, haýsy ýazykly bende bu öýe toba edip gelse, olaryň tobasyny kabul et we ony ýalka. Ikinji, bir dertli kişi bu öýe gelip, şypa dilese, ony ber. Üçünji, bir kişi duşmanyndan halas bolmagy bu öýden dilese, oňa üstünlik ber. Dördünji, bir kişi hajatyny diläp gelse, ony bitir. Bäşinji, meniň beren gurbanlygymyň we bu dileglerimiň kabul bolanlygynyň alamaty hökmünde ony köýdür» diýip dileg etdi.

Ol zaman asmandan ot gelip, onuň gurbanlygyny köýdürdi. Hezreti Süleýmanyň dileginiň kabul bolandygy mälim boldy.

**Hezreti süleýmanyň wepatynyň (ölüminiň) beýany.**

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýmanyň mülki tamam boldy. Ondan ýigrimi oglan we kyrk üç gyz dogdy. Olardan üç gyz we bir oglan Bylkysdan boldy.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýmanyň ömri ahyrlanda döwlere: «Geliň, siz iman getiriň» diýdi. Olaryň barysy iman getirdiler. Ol ýene barça döwlere: «Siz menden soň adam ogluna apat ýetirmejekdigiňize äht ediň» diýdi. Olaryň barçasy äht etdiler.

Hezreti Süleýman bir gün mährapda ybadata meşgul bolup otyrdy. Ol döwlere: «Bu deňzi toprak bilen gömüň. Goý, onda hiç bir kişi gark bolmasyn» diýdi.

*Emma aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýman Pars welaýatyna ugrady. Ol Kirman welaýatyna bardy. Döwler onuň permany bilen deňzi ýigrimi agaja çenli daglardan daş daşap gömdüler.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýman ömrüniň ahyrynda dört aý hassa bolup ýatdy. Bir gün ol mährapdan ýatýan ýerine gelýärdi. Ezraýyl alaýhyssalam gelip, onuň janyny aldy.

*Başga bir rowaýatda şeýle aýdylypdyr:* Bir gün hezreti Süleýman ybadathanasynda otyrdy. Onuň bu ybadathanasy çüýşeden salnandy. Onuň içindäki adamlar açyk görünerdi. Ezraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Süleýman! Siziň ömrüňiz tamam boldy. Men siziň janyňyzy almaga geldim» diýdi. Hezreti Süleýman: «Eý, Taňrym! Indi bu ymarat tamam bolman galarmy?» diýip arz etdi. Allatagaladan: «Eý, Süleýman! Sen hasaňa daýanyp dur» diýen owaz geldi. Hezreti Süleýman hasasyna daýanyp, dik durdy. Ezraýyl alaýhyssalam gelip, onuň teninden ruhuny aldy. Aýat: ***«Biz Allatagalanyň mülkündediris we biz oňa dolanyp bararys».***

Hudaýtagala Süleýman alaýhyssalamyň ölenini hiç kime bildirmedi. Eger hezreti Süleýmanyň ölendigini bilseler, hemme döwler Beýtil-Mukaddesiň gurluşygyny taşlap giderdiler

we onuň binasy tamam bolmazdy. Emma bu ýagdaýy diňe Asyf bilýärdi. Şeýle hem bolsa, ol döwlere, perilere we adamlara iş buýurýardy. Ol halka: «Süleýman ybadata meşgul bolýar. Ol ybadatdan bir ýyllap boşanmaz» diýip aýdýardy.

Süleýmanyň haýbatyndan gorkup, onuň ýanyna hiç kim gelip bilmezdi. Hezreti Süleýman bir ýyllap ol taýaga daýanyp durdy. Onuň ölendigini hiç bir kişi bilmedi. Ahyry bu ýagdaýy döwler syzdy. Olar agaç iýýän gurda: «Sen baryp Süleýmanyň taýagyny iý» diýip aýtdylar. Gurt: «Men agaç iýemde suwsuz oňup bilmeýärin» diýdi. Periler: «Biz saňa suw getirip bereli!» diýip aýtdylar. Ol gurt agajy iýip gutardy. Hezreti Süleýmanyň göwresi ýüzin ýykyldy. Aýat: ***«Biz Süleýmana ölümi höküm edenimizde, Süleýman bir ýyl ýykylman hasasyna daýanyp durdy. Hiç kim onuň ölümini jynlara habar bermedi. Jynlaryň özleri hem muny bilmediler. Emma sary garynjalar onuň hasasyny iýdiler».***

Bu ýerden perileriň gaýyp ylmy bilmeýändikleri mälim boldy. Eger olar gaýyp zatlary bilýän bolsalar, olar bir ýyllap azapda bolmazdylar. Bilgilki, gaýyp zatlary Hudaýtagaladan başga hiç bir biliji ýokdur. Aýat: ***«Süleýman öli halynda ýykylan wagty jynlar onuň ölenini anyk bildiler we ýüzleri nirä bolsa, şol tarapa dagadylar».*** Hezreti Süleýmany ol ýerde jaýladylar.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Süleýman otuz iki ýyl patyşalyk etdi. Onuň ömri altmyş bir ýyl boldy.

## *ÝIGRIMI DÖRDÜNJI KYSSA*
## HEZRETI ÝUNUS ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol ***«Elbetde, Ýunus pygamberlerdendir»*** diýen aýat bilen dereje tapandyr. Ol ***«Kowumynyň diýen etmänligi üçin olara gahar edip gaçyp gitdi»*** diýen aýat bilen ýazgarylandyr. Ol **«Lä ilähe illä ente, subhaneke»** diýen tesbihi aýdandyr.[12] «***Eger Ýunus balygyň garnynda dileg etmedik bolsa***» ol Hudaýtagalanyň hormatyna mynasyp bolmazdy. ***«Biz Ýunusy balygyň garnyndan çykaryp, deryanyň kenaryna bir takyr ýere taşladyk. Ol özüni bilmeýän hassa ýalydy»*** diýen aýatyň keramaty bilen keramatly bolandyr. Ol kyrk gün balygyň garnynda galan Ýunus pygamberdir.

### Nazm

Ninewa şährine ýalawaç Ýunus erdi ýalguzun,
Ýüz müň öýlük il üze ýarlyk ýetirdi hak sözün.

Munça sanlyg halk içinde biri ýola gönmedi,
Haka ýazyp, ýoldan azyp ýöridiler ýolsuzyn.

Çykdy ilden öfke birle ötru geldi bir teňiz,
Ýedi suw batdy, balyk garnyga düşdi ýüzün.

Iki ogly birle erdi, böri iýdi birisin,
Birni balyk eltdi, gördi ony özi öz gözün.

Iç garaňgulukda balyk garnyny mährap edip,
Haka ýanyp kyldy tagat, tesbih aýdy tün gunun.

Halkdan azarlandy, çykdy girdi balyk garnyga
Tün-gün onda eňrenibän galdy gije-gündüzin.

Rebb Ogan gutardy andan kawy iman gelturup,
Geldi ýüz müň är kamu bäşin-onun ötuzyn.

**Hekaýat.** Neýnewa diýen şäher bardy. Onuň patyşasyna Berşam diýerdiler. Ýüz ýetmiş patyşa onuň golastyndady. Berşam patyşa deňiz gyrasynda Matlaw atly şäherde buta sežde ederdi. Ol butuň ady Balasdy. Onuň ini ýigrimi üç gary, uzynlygy bolsa ýüz garydy. Onuň başy kümüşden, dişleri altyndan, gözleri hünji-ýakutdan, täji gyzyl ýakut, gök, sary, ýaşyl zeberjet bilen bezelendi. Onuň gollary-aýaklary altyndan ýasalandy.

Berşam patyşa bir gün ýüz müň leşger bilen atlanyp, Mosul şäherine gelip oturdy. Ol şäherde pygamberleriň perzentleri köpdi. Olaryň hemmesi zahyt, abyt kişilerdi.

Olar Beýtil-Mukaddese geldiler. Ol ýerde ýigrimi müň zahyt we ýigrimi müň abyt ýignandy. Ol gün Beýtil-Mukaddesde bir ýalawaç bardy. Onuň adyna Maharkyýa diýerdiler. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, oňa: «Eý, Maharkyýa! Hudaýtagala saňa salam iberdi. Ol saňa: «Bu ýigrimi müň zahyt-abytlardan maňa mynasyp birini saýla» diýip perman berýär» diýdi. Maharkyýa: «Eý, Taňrym! Men olaryň haýsysynyň saňa ýarajakdygyny nähili bileýin?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam oňa bir gamyş getirip berip: «Hudaýtagala: «Bu gamyş kimiň boýuna deň gelse, men oňa pygamberligi berdim» diýip per-

man berdi. Sen oňa baryp: «Sen indi Taňrynyň pygamberisiň» diýip aýt» diýdi.

Maharkyýa ol gamşy hemme zahytlaryň we abytlaryň boýuna deňäp çykdy. Ol olaryň hiç biriniň boýuna deň gelmedi. Maharkyýa: «Eý, Taňrym! Sen eşidijisiň we bilijisiň» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* «Beýtil-Mukaddesde Mana atly bir zahyt bardy. Ol her günde dört ýüz rekagat namaz okardy. Onuň Hüthüt atly bir hatyny bardy. Oňa her gije bir perişde gökden tagam getirip bererdi. Onuň bir ogly boldy. Oňa Ýunus diýip at goýdular. Ol hatynyň göwsünde Ýunusa doýarlyk süýt ýokdy. Atasy Mana Ýunusy daga eltdi. Dagda goýun çopanlar bardy. Mana olara: «Siz bu oglana goýnuň süýdüni beriň» diýip aýtdy. Süýtli goýunlar süýt bermediler. Bir süýtsüz goýun oňa süýdüni berdi. Mana «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýip, ol goýnuň emjegini Ýunusyň agzyna sokdy.

Hudaýtagalanyň gudraty bilen onuň emjeginden süýt akyp, Ýunus onuň süýdüni emip başlady. Onsoň Mana: «Alhamdulillähi rebbil älemin»[13] diýdi. Goýun çopanlar: «Sen bu şüküri kime aýdýarsyň?» diýip soradylar. Mana: «Men ony Hudaýtagala aýdýaryn» diýdi. Ol goýun çopanlar ýetmiş kişidi. Olaryň hemmesi bu gudraty görüp iman getirdiler. Ýunus ulaldy. Ol tagata meşgul boldy we hemme zahytlardan artykmajrak bolup ýetişdi. Ýunusyň bir ady Zunnundy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Maharkyýa! Hudaýtagala saňa salam iberdi. Şeýle hem ol saňa: «Hira dagyna barsyn. Onda biziň bir bendämiz bardyr. Ol gamşy onuň boýuna ölçesin» diýip perman berdi» diýdi. Maharkyýa ol ýere gelip, gamşy Ýunusyň boýuna ölçedi. Gamyş onuň boýuna deň geldi. Maharkyýa: «Eý, Ýunus! Söýünji bolsun! Saňa Hudaýtagala pygamberlik berdi» diýdi. Ondan soň Jebraýyl alaýhyssalam geldi we: «Eý, Ýunus! Hudaýtagala saňa salam iberdi» diýdi. Hezreti Ýunus: «Sen kimsiň?» diýip sorady. Ol: «Men Jebraýyl perişdedirin. Hudaýtagala saňa: «Mosul iline barsyn. Ol ýerde meniň

Berşam atly bendäm bardyr. Ol buta sežde etmesin. Oňa meniň ýeke-täk Taňrydygymy, seniň onuň pygamberidigiňi aýtsyn» diýip perman berdi» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* «Ýunus dar köňülli kişidi». Ol: «Eý, Taňrym! Men ony nähili imana çagyraýyn?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ýunus! Haýsy ýerde halk köpräk bolsa, sen ol ýerde bol. Sen olara: «Üç sany zady aýt. Goý, olar: «Allatagala ýeke täkdir. Ýunus onuň pygamberidir» diýsinler. Şonda olara hiç wagt gahatlyk zulum bolmaz» diýip, Hudaýtagalanyň permanyny oňa getirdi. Hezreti Ýunus: «Eý, Taňrym! Men olary haçana çenli ündäýin?» diýip sorady. Allatagaladan: «Sen olary bir ýyla çenli ünde» diýen owaz geldi. Hezreti Ýunus: «Eý, Taňrym! Eger olar meniň ündewimi kabul etmeseler, näme edeýin?» diýip sorady. Hudaýtagaladan: «Biziň hazynamyzda dürli bela-beterler az däldir. Men olaryň üstüne bela ibererin. Men olaryň hemmesini bir sagatda ýok ederin» diýen bir owaz geldi.

Hezreti Ýunus öýüne geldi. Onuň Safan bint Safun atly aýaly bardy. Hezreti Ýunus oňa: «Meni Hudaýtagala hemmeden ýowuz halka iberýär» diýdi. Hatyny: «Ol seni haýsy halka iberýär?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Mosul halkyna iberýär» diýdi. Hatyny: «Men saňa boýun sunýaryn, sen hem Hudaýtagala boýun sun» diýdi. Olaryň biri ýedi ýaşynda, beýlekisi bolsa bäş ýaşynda iki ogly bardy. Hezreti Ýunus uly ogluny göterdi. Hatyny kiçi ogluny göterdi. Olar köçä çykdylar. Allatagala bir perişdäni iberdi. Ol Ýunusy, hatyny we oglanlary bilen göterip, olary Mosul şäheriniň on agaçlyk ýanyna getirip goýdy. Olar ertesi oýandylar. Özlerini Mosul şäheriniň ýanynda gördüler. Hezreti Ýunus agaç-çöp getirdi. Oglanlary kölege etdiler. Hezreti Ýunus hatynyna: «Men Mosul şäherine baryp, Taňrynyň permanyny onuň iline ýetireýin. Eger men esen galsam gelerin, gelmesem, siz özüňiz ýaragyňyzy kylyň» diýdi.

Bu ýerden Mosul bir agaç ýerdi. Ol ile girdi. Halk ony galada gördi. Hezreti Ýunus gaty ses bilen: «Birini berip, üçüni alýan kim bolar?» diýdi. Olar: «Eý, telbe! Ol bir haýsydyr?» diýip aýtdylar. Hezreti Ýunus: «Ol bir «Lä ilähe illallahu, Ýunusu resulullahi» bolar» diýdi. Olar: «Eý, telbe! Bu bir uly işdir. Ol üç haýsydyr?» diýdiler, Hezreti Ýunus: «Birinji, size keselçilik bolmaz, ikinji, size gahatlyk bolmaz, üçünji, size zulum bolmaz» diýdi. Olar: «Eý, telbe! Biz hiç keselçilik, açlyk we zulum göremzok» diýip, ony daş we toprak bilen urdular. Şeýle hem olar öz patyşalaryna baryp, bu wakany aýtdylar. Patyşa: «Bu nämäniň gohudyr?» diýip sorady. Olar: «Bir är geldi. Ol göräýmäge mylaýym we görmegeý adam ýaly. Emma onuň özi telbe» diýdiler.

Patyşa hezreti Ýunusy ýanyna getirtdi. Patyşa ondan gorkup: «Sen kimsiň?» diýdi. Ol: «Men seniň ýaly bir adamdyryn» diýdi. Patyşa: «Seniň adyň nämedir?» diýip sorady Ol: «Meniň adym Ýunusdyr» diýdi. Patyşa ýene: «Seniň başga adyň barmy?» diýip sorady. Ol: «Meniň ýene bir adym Zunnun» diýdi. Patyşa barmagyny dişledi. Ol kitap okan we akylly kişidi. Ol: «Sen kimden geldiň?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Men Allatagaladan geldim» diýdi. Ol: «Haýsy Allatagaladan?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Seni, meni, şeýle hem hemme älemleri ýaradan Allatagaladan» diýdi. Ol: «Sen näme işe geldiň?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Siziň hemmäňiz: «Lä ilähe illallahu we inne Ýunusu resulallahi»[14] diýip aýdyň» diýdi. Patyşa başyny aşak saldy. Hezreti Ýunus: «Eý, Berşam? Ony bir ýola aýdyp, üç zady al» diýdi. Ol: «Ol üç zat nämedir?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Keselçilige, açlyga we zuluma ilinmersiň» diýdi. Patyşa: «Sen telbemisiň?» diýdi. Hezreti Ýunus: «Sen näme üçin maňa telbe diýýärsiň?» diýdi. Patyşa: «Haýsy bir patyşanyň zulumy menden artygrak we leşgeri köpräk? Meniň şunça nygmatymyň köplüginde gahatlyk nireden gelsin? Biz keselçilik göremzok. Bu üç zat baradaky

söz dogry däldir» diýdi. Hezreti Ýunus: «Allatagala ýeke-täkdir, men onuň pygamberidirin. Siz buta sežde etmäň» diýdi. Patyşa: «Bu söze güwäligiň barmy?» diýdi. Saraýyň ortasynda sygyr suratly bir daş bardy. Patyşa onuň üstüne münüp, suw guýunardy. Ýunus: «Eý, daş, bäri gel!» diýdi. Daş onuň ýanyna geldi. Hezreti Ýunus: «Bu daş güwädir» diýdi. Patyşa: «Daş hem bir güwä bolarmy?» diýdi. Hezreti Ýunus: «Eý, daş! Güwälik berýärsiňmi?» diýdi. Ol daş Taňrynyň gudraty bilen dile gelip: «Lä ilähe illallahu we inne Ýunusu resulallahi» diýdi. Patyşa haýran galdy we: «Eý, Ýunus! Ýene kim güwälik berýär?» diýdi. Saraýda öýde saklanýan keýik owlagy bardy. Hezreti Ýunus: «Bu owlak güwälik berer» diýdi. Patyşa: «Oňa aýt, goý, ol güwälik bersin» diýdi. Hezreti Ýunus aýtdy: «Eý, owlak! Bäri gel!» Owlak hezreti Ýunusyň ýanyna geldi. Hezreti Ýunus: «Eý, owlak! Sen güwälik berýärsiňmi?» diýdi. Owlak Taňrynyň gudraty bilen dile gelip: «Hawa, men güwädirin. Allatagala ýeke-täkdir, Ýunus bolsa onuň pygamberidir» diýdi. Patyşa sagyna we çepine bakyp wezir-wekillerine: «Siz muňa näme diýýärsiňiz?» diýdi. Olar: «Bu zatlar göwne jaýdyr» diýdiler. Patyşa: «Eý, Ýunus! Men seniň ýaly uly jadygöý görmedim. Sen menden uzaga git» diýdi. Hezreti Ýunus patyşanyň ýanyndan çykdy. Ol agşama çenli halaýygy Hudaýtagala ündedi. Ol gije oglanlarynyň ýanyna geldi. Ol her gün şunuň ýaly ündew geçdi. Olar her sapar hezreti Ýunusy daş-toprak bilen urardylar. Ýigrimi günden soň, ol ýene patyşanyň ýanyna bardy. Patyşa: «Eý, Ýunus! Sen äre meňzeseň hem seniň gylygyň telbeleriňki ýaly. Gel, sen bu sözüňi goý. Men seni mülkümiň içinde wezir edeýin» diýdi. Hezreti Ýunus: «Maňa seniň mülküň gerek däl. Sen: «Lä ilähe illallahu we inne Ýunusu resulallahi»[15] diýip aýt» diýdi. Patyşa: «Eý, Ýunus! Sen meniň Taňrymy gördüňmi?» diýdi. Hezreti Ýunus: «Ýok, men ony görmedim» diýdi. Patyşa: «Bar, sen meniň Taňrymy gör. Seniň Taňryň görklümi ýa-da meniň taňrym?» diýdi.

Hezreti Ýunus: «Eý, kapyr! Meniň Taňrym altyn-kümüşden däl. Ol hemme zady ýaradandyr, ol ähli zada erklidir» diýdi. Patyşa: «Eý, Ýunus! Meniň saňa rehimim gelýär. Sen özüňi ölüme salýarsyň» diýdi. Hezreti Ýunus: «Eý, patyşa! Sen meniň gamymy iýme. Taňrym meni ýamanlardan saklaýar» diýip, patyşanyň ýanyndan çykdy. Patyşa: «Kim Ýunusy ursa, oňa emgek berse, men ony heläk ederin» diýip jar çekdirdi.

Hezreti Ýunus halaýygy ündäp başlady. Şeýlelikde, kyrk gün geçdi. Kyrk birinji gün ol patyşanyň ýanyna geldi we: «Eý, patyşa! Taňrynyň maňa permanynyň möhleti kyrk gündi. Men kyrk gün halaýyga iman ündedim. Bir kişi imana gelmedi. Indi sen Hudaýtagalanyň belasyna anyk çydap dur» diýdi. Patyşa: «Ol belanyň belgisi nämedir?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Daň bilen tursaňyz, ýüzüňiz gyzarar, ikinji gün saralar, üçünji gün garalar. Onunjy gün bolsa bela geler» diýip, patyşanyň ýanyndan çykdy. Ol gijä çenli halka iman ündedi. Agşam oglanlarynyň ýanyna geldi we namazyna durdy. Ol ondan soň, başga hiç bir ýere gitmedi.

Şäheriň halky ertir turdy. Olaryň ýüzi gyzardy, ikinji gün saraldy, üçünji gün garaldy. Olar patyşa: «Ýunusyň sözi rast geldi» diýdiler. Patyşa: «Biz ertir näme boljakdygyna garaşyp göreliň» diýdi. Dördünji gün hem, bäşinji gün hem şunuň ýaly gap-gara boldy. Patyşa: «Biz indi näme boljakdygyny göreliň» diýdi. Onunjy gün Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Allatagala dowzaha erkli perişdä: «Ýunusyň kowumyna elli müň ýyl mundan öň ýaradan azabymy iberiň. Goý, olar meniň gudratymy görsünler» diýdi. Ol perişde üç dürli azap çykardy: sary, gyzyl we gara. Her bir buluda ýetmiş müň perişde wekilçilik edýärdi. Ol perişde bulutlary çagyrdy. Olar Mosul welaýatynyň üstüni tutdular. Jebraýyl perişde bir ses etdi. Hemme guşlar, ýylkylar-garamallar welaýatdan çykdylar. Bela welaýatyň daşyny gurşap aldy. Patyşa: «Siz Ýunusy meniň ýanyma çagyryň» diýdi.

Adamlar ony idäp tapmadylar. Patyşa: «Ýunus ýok bolsa, onuň Taňrysy bar» diýdi. Adamlar: «Eý, Hudaý! Biz seniň birligiňi, Ýunusyň bolsa pygamberiňdigini ykrar etdik» diýdiler. Olar butlaryny syndyrdylar we olary oda goýdular. Patyşanyň özi bir palas geýdi. Boýnuna zynjyr, aýaklaryna bukaw urdy. Ol bir zeňňi gula: «Bu ýüpi meniň boýnuma bagla, meni ýüzin ýyk, soňra: «Bu öz taňrysyndan ýüz öwüreniň jezasydyr» diýip aýt» diýip buýurdy. Ondan soň patyşa ärleri hatynlardan, ýaş çagalary enelerinden aýyrdy. Halkyň hemmesi köçä çykdy. Olar Hudaýtagala ýalbardylar. Ol bela bularyň başlarynyň üstünde durdy. Howa garaldy. Olar bir-birlerini görmez ýaly boldular. On gün geçdi. Är hatyna, hatyn äre ýakynlaşmady. Olar iýip-içmegi islemediler. Ýaş oglanlar enelerini emmediler. Hemmeler başlaryny ýere goýup, Hudaýtagala ýalbardylar. Patyşa gaty ses bilen: «Lä ilähe illallahu»[16] diýdi. Üç günden soň perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Sen biziň eýämizsiň. Sen iň rehimdarlardan hem rehimliräkdirsiň. Bu adamlaryň hemmesi Seniň bendeleriňdir» diýip, olara geçirimlik soradylar. Allatagaladan bir: «Eý, perişdeler! Bu gullaryň dilleri bilen köňüleri düz däldir» diýen owaz geldi.

Hezreti Ýunusa kyrk gün emgek berenleri üçin bu halaýyk şunuň ýaly belada boldy. Kyrk gün tamam bolandan soň, Jebraýyl alaýhyssalam: «Meniň bu gullarymyň dilleri bilen köňülleri düzeldi. Olardan azaby ýandyr (gaýtar)» diýen perman bilen geldi. Kyrk birinji gün ýandyrdy. Patyşa we hemme halk musulman boldy.

*Aýdypdyrlar:* «Hudaýtagala belalary Ýunusyň kowumyndan başga hiç bir kowumdan ýandyrmady (gaýtarmady)». Aýat: ***«Olar iman getirenlerinden soň, bu dünýäde olardan ryswalyk azabyny göterdik».*** Hezreti Ýunusyň bu işlerden habary ýokdy. Patyşa musulman bolansoň: «Kim maňa Ýunusy tapyp getirse ýa-da onuň habaryny berse, men oňa ýarym mülkümi bererin» diýip jar çekdirdi.

Onda Iblis bir garry kişi suratynda hezreti Ýunusyň ýanyna geldi. Hezreti Ýunus oňa: «Sen nireden gelýärsiň?» diýip sorady. Iblis oňa: «Ýalançy Ýunus sen bolarsyňmy? Bela gelmedi. Patyşa dar agajyny dikip, seni oňa asaýyn» diýýär. Ol muny: «Özgeler munuň ýaly ýalan sözlemesin» diýip, adamlara göz etjek bolýar» diýdi. Hezreti Ýunus Iblisiň bu sözüni eşidip, öýkeledi we hatyny birle oglanlaryny alyp, ýola rowan boldy. Aýat: ***«Balyk eýesi Ýunus öz kowumynyň diýenini etmänligi sebäpli olara gaharlanyp gaçyp gitdi we ol özüne güýjümiz çatmaz» diýip oýlady.***

*Aýdypdyrlar:*

Hezreti Ýunusyň öýkesi Jebraýyl alaýhyssalamady. Jebraýyl alaýhyssalam oňa gelip: «Eý, Ýunus! Taňry Neýnewa barmaklygy we onuň halkyny imana çagyrmaklygy buýurýar» diýdi. Ol hezreti Ýunus palas donludy, gyz börüklidi, aýagynda eýlenmedik eşek derisinden çarygy bardy. Hezreti Ýunus: «Eý, Jebraýyl! Maňa bir möhlet ber. Hudaýtagalanyň sözi bilen beýle ýöremek maňa laýyk däldir» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Taňrynyň permanyny berjaý etmekde zaman bermek ýok» diýdi. Hezreti Ýunus ondan öýkeläp çykyp gitdi.

*Aýdypdyrlar:* Ol döwürde pygamberler köpdi. Bir pygambere: «Sen zamananyň patyşasyna pygamberlerden birini iber. Ol Neýnewa baryp, permany ýetirsin» diýip perman geldi. Ol pygamber patyşa hezreti Ýunusa aýtdy. Hezreti Ýunus aýtdy: «Men barmaly diýip perman barmy?» diýdi. Patyşa: «Sen barsyn diýip perman ýok. Emma perman, men kimi ibersem, ol barar» diýdi. Hezreti Ýunus: «Men barsyn diýip perman ýok. Ol halaýyk gaty erbetdir. Meni iberýänçäň başga birini iber» diýdi. Patyşa muny unamady. Hezreti Ýunus patyşadan öýkeläp, ýurtdan çykyp gitdi.

Ol hatyny we oglanlary bilen Hutam dagyna ugrady. Ol dagda börüden, arslandan, gaplaňdan başga janawar ýokdy. Ol ýerde ýetmiş bäş abyt: «Bizi hiç kim görmesin» diýip, ybadata

meşgul bolýardy. Hezreti Ýunus olardan gaçdy. Ol dagyň bir burçy deňizdi. Hudaýtagala ýere erkli Sarsabil atly perişdä perman berdi. Ol gelip hezreti Ýunusa salam berdi. Hezreti Ýunus onuň salamyna jogap gaýtardy. Sarsabil ondan: «Sen nirä barýarsyň?» diýip sorady. Hezreti Ýunus: «Men nirä barýanymy bilmeýärin. Hudaýtagala men pakyry iň erbet halaýyga iberdi. Ol olara bela ibererin diýip, maňa wada beripdi. Emma ol belany ibermedi. Olar maňa ýalançy diýip at berdiler we meni dar agajyny dikip asarys» diýdiler. Şonuň üçin men olardan gaçyp barýaryn» diýdi. Sarsabil: «Eger seniň kalbyň Allatagaladan gorkýanlaryň kalby bolan bolsa, sabryň sabyrlylaryň sabry bolan bolsa, älemleri ýaradan Taňrydan gaçmazdyň» diýdi. Hezreti Ýunus ondan gaçyp, bir abydyň ýanyna geldi.

Ol abyt namaz okap durdy. Abyt namazdan boşansoň, hezreti Ýunus oňa salam berdi. Ol abyt salamy aldy. Hezreti Ýunus: «Seniň adyň nämedir?» diýdi. Ol: «Meniň adym Hamamdyr» diýdi. Hezreti Ýunus: «Eý, Hamam! Maňa seniň ýanyňda orun bolarmy?» diýdi. Hamam: «Sen Hudaýtagaladan gaçyp gelýäne meňzeýärsiň. Sen meniň ýanymdan git» diýdi. Hezreti Ýunus ýene bir abydyň ýanyna bardy. Ol abyda salam berdi. Abyt salama jogap gaýtardy. Hezreti Ýunus ondan: «Seniň adyň näme?» diýip sorady. Abyt: «Meniň adym Hammatdyr» diýdi. Hezreti Ýunus: «Seniň bu ýerde duranyňa näçe ýyl boldy?» diýdi. Abyt: «Üç ýüz ýyl boldy» diýdi. Hezreti Ýunus: «Seniň ýanyňda maňa orun bolarmy?» diýdi. Abyt: «Sen Hudaýtagaladan gaçana meňzeýärsiň. Sen bu ýerden git. Sen meniň işime päsgel berme» diýdi.

Ol ýene bir abydyň ýanyna bardy. Hezreti Ýunus: «Seniň adyň näme?» diýip sorady. Ol: «Meniň adym Salyhdyr» diýdi. Hezreti Ýunus: «Seniň munda ybadat edýäniňe näçe ýyl boldy?» diýip sorady. Abyt: «Dört ýüz ýyl boldy» diýdi. Hezreti Ýunus: «Seniň ýanyňda maňa orun bolarmy?» diýdi. Bu abyt hem onuň sowalyna öňki abytlar ýaly jogap berdi.

Hezreti Ýunus ýene bir abydyň ýanyna bardy. Ol sežde etmek bilen gijelerini oýa geçirerdi. Hezreti Ýunus munuň hem adyny sorady. Ol: «Meniň adym Abdyrahmandyr. Men bu ýerde bäş ýüz ýyldan bäri bolýaryn» diýdi. Hezreti Ýunus: «Men tagama mätäçdirin» diýdi. Ol abydyň ýanynda bir ak daş bardy. Ol ony eli bilen sypalady. Ondan gyzgyn çörek peýda boldy. Hezreti Ýunus ondan bir bölek iýdi, galanyny bolsa oglanlaryna berdi. Ol bu abytdan hem orun diledi. Abyt: «Men bäş ýüz ýyl bäri Hudaýtagala dynman sežde edýärin. Şonda hem men ornumyň jennetdedigini ýa-da dowzahdadygyny bilmeýärin» diýdi.

Hezreti Ýunus ýene bir abydyň ýanyna baryp: «Seniň adyň näme?» diýdi. Abyt: «Meniň adym Munisdir. Men alty ýüz ýyl bäri bu ýerde ybadat edýärin. Sen bu ýerden git. Meni öz gaýgym bilen goý» diýdi. Hezreti Ýunus: «Seniň näme gaýgyň bar?» diýdi. Abyt: «Men iki ýüz ýyl bäri bir hajatymy dileýärin. Men Hudaýtagala: «Ölmezimden öň meniň bu hajatymy bitir» diýýärin. Bu gün men eşitdim: «Seniň ajalyň ýakyn gelip ýetdi. Bu gün sen ölersiň» diýip eşitdim. Indi men Hudaýtagalanyň menden razy boljagyny ýa-da bolmajagyny bilmeýärin» diýdi. Hezreti Ýunus: «Eý, abyt! Seniň bu hajatyň rowa bolar» diýdi. Abyt: «Sen kimsiň?» diýip sorady. Ol: «Men Ýunusdyryn, meniň ýene bir adym Zunnundyr» diýdi. Abyt: «Sen Ýunus pygambermisiň?» diýip, onuň aýagyna ýykyldy we: «Eý, Ýunus! Sen bir sagat sabyr et! Haçan ajalym ýetip ölsem, sen meni topraga goýarsyň» diýdi. Hezreti Ýunus namaza durdy. Munis başyny sejdä goýdy. Ol sežde içinde janyny tabşyrdy. Hezreti Ýunus Munisi ýuwdy. Ony ýere gömdi.

Ol ondan soň ýene bir abydy gördi. Ol dik dur, emma deprenmeýär. Hezreti Ýunus oňa salam berdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip oňa: «Eý, Ýunus! Onuň bilen sözleşme!» diýdi. Hezreti Ýunus: «Bu kimdir?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu Mikaýyl atly abytdyr» . «Bu abydyň Hudaýtagala sežde edýänine dokuz ýüz ýetmiş ýyl boldy» diýdi. Hezreti

Ýunus: «Onuň iýeni-içeni nämedir?»diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Tesbih (Subhanallah) we tehlil (Lä ilähe illallah). Şeýle hem Hudaýtagala oňa jennetden her ýylda bir hülle iberýär. Men gelip, onuň könesini çykaryp, täzesini geýdirýärin. Ol hiç haçan tagatdan boş däldir» diýdi.

Hezreti Süleýman mundan soň ýene bir abydyň ýanyna geldi. Onuň ýüzi gün ýaly şugla saçýar. Hezreti Ýunus oňa salam berdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Ýunus! Sen muňa hem söz gatma» diýdi. Hezreti Ýunus: «Bu kimdir?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu perileriň ulugydyr. Onuň ady Jahmandyr. Ol hezreti adamyň elinde musulman boldy. Ol dört müň ýyldan bäri ybadat edýär. Ol hiç deprenmeýär. Ahyrzaman bolsa, ol Muhammet alaýhyssalamyň ýanyna barar. Ol kapyrlar bilen döwüş eder» diýdi. Hezreti Ýunus: «Onuň iýeni-içeni näme?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Onuň iýmiti tesbih we tehlildir» diýdi.

Hudaýtagala hezreti Ýunusa dürli abytlary görkezdi we aýtdy: «Eý, Ýunus! Biziň dergähimizde senden artyk mertebesi bolan bendeleriň bardygyny bil» diýdi.

Ondan soň daglar tükendi. Ol bir deňziň üstünden geldi. Uzakdan bir gämi göründi. Hezreti Ýunus hatyny bilen ogluny deňziň gyrasynda goýdy. Ol gämiçi bilen sözleşmäge bardy. Ol onuň ýanyna baranda kiçi ogly deňziň gyrasyna geldi. Deňizden bir balyk başyny çykaryp, Allatagalanyň permany bilen ol oglany ýuwutdy. Enesi onuň yzyndan ýüwürdi. Balyk ony hem ýuwutdy. Bir böri gelip, onuň uly ogluny alyp gitdi.

Şol wagt söwda kerweni gelip ýetdi. Olaryň hemmesi jöhitlerdi. Hezreti Ýunus hatynyny we oglanlaryny almak üçin geldi. Emma olary tapmady. Ol ýyglap, gämä geldi. Bir balyk suwdan başyny çykaryp: «Eý, Ýunus! Sen näme üçin ýyglaýarsyň? Olary saňa Taňry beripdi. Ol hem olary aldy» diýdi. Hezreti Ýunus gämä girdi. Gämi deňziň ortasyna ýetende suwa erkli perişdä Allatagaladan perman boldy. Ol dört sany bir-

birine garşylykly ýeli turuzdy. Olaryň atlary: akym, sarsar, jenup, şemal. Ol ýeller dört tarapdan gämini oýnap başladylar. Halaýyk gorkdy. Gämide bir garry gämiçi bardy. Ol: «Eý, musulmanlar! Haçanda gämide bir ýazykly adam bar bolsa, ol şeýle bolýar. Ol ýazykly kişini gämiden düşürip, suwa salynýança gämi karar tapmaz» diýdi. Adamlar: «Nähili ýazygy bolan kişini suwa atýarsyňyz?» diýip soradylar. Ol: «Hojasyndan (eýesinden) gaçan gul bolsa we ata-enä azar beren kişi bolsa» diýdi. Adamlar: «Taňrytagalanyň haky üçin, Ýunus pygamberiň haky üçin kim ýazykly bolsa, ol gämiden çyksyn» diýdiler. Hiç kim jogap bermedi. Hezreti Ýunus öre gopdy we: «Eý, musulmanlar! Hojasyndan gaçan gul mendirin. Meni suwa salyň» diýdi. Olar: «Eý, ýigit, sen kimsiň?» diýip soradylar. Ol: «Men Ýunus pygamberdirin» diýdi. Gäminiň hemme halky hezreti Ýunusyň aýagyna ýykyldylar. Olar: «Eý, Allanyň resuly! Eger biz bu gün bu beladan gutulsak, diňe seniň bereketiňden gutularys» diýdiler. Suwuň joşmagy has güýçlendi. Hezreti Ýunus özüni suwa taşlamak üçin ugrady. Olar muny unamadylar. Hezreti Ýunus: «Siz bije atyň. Ol kimiň adyna çyksa, şol kişi ýazykly bolar» diýdi. Olaryň her biri bir daşa atlaryny ýazdylar we ol daşlary suwa saldylar. Hemmäniň daşy suwa batdy. Emma hezreti Ýunusyň daşy suwa batmady. Hezreti Ýunus: «Siz gördüňizmi? Ýazykly kişi mendirin» diýdi. Olar: «Bije ýalňyş boldy. Ony täzeden taşlaň» diýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Bijäni üç gezek atdylar. Her sapar ol hezreti Ýunusyň adyna çykdy. Hezreti Ýunus dikeldi. Ol donuny kepen edindi. Özüni suwa taşlamak üçin gäminiň gyrasyna geldi. Zaluja atly balyga Taňrytagaladan: «Sen Ýunusy tut. Ol biziň pygamberimizdir» diýen perman boldy. Zaluja hezreti Ýunusy tutaýyn diýse, Hezreti Ýunus gorkup, bir ýana çekildi. Balyk ol tarapa bardy. Onsoň Ýunus başga tarapa bardy. Balyk hem şol tarapa bardy. Hezreti Ýunus bilen ol balyk dört tarapa öwrülip durdy. Balyk: «Eý, Ýunus! Sen haçana çenli

gaçarsyň?» diýdi. Hezreti Ýunus bu ýagdaýyň Hudaýtagalanyň permany bilen bolýandygyny bildi. Ol iki eli bilen ýüzüni tutdy. Ol balyk: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýip, hezreti Ýunusy agzyna saldy. Aýat: ***«Elbetde, Ýunus biziň iberen pygamberimizdir. Ol öz kowumyndan gaçyp gämä baryp mündi we (togtap duranda) gämi ähli bije atdylar. Bije Ýunusyň adyna çykdy. Ony suwa taşladylar. Ony läheň balyk ýuwdup goýberdi. Ýunus gämä birugsat münüp, öz janyna sütem ediji boldy».***

Zaluja: «Men seniň garnyňy Ýunusa zyndan etdim. Ony iýmekligi saňa haram etdim. Sen oňa emgek berme» diýen perman boldy.

Bu ýerde birnäçe sowallar bardyr:

*Sowal:* Hezreti Ýunusa näme üçin «Zunnun» («Balygyň eýesi») diýip at berildi? Nun balygyň adydyr.

*Jogap:* Biz Ýunusa pygamberligimizi we sawçylygymyzy berdik. Ol bir sagat bizden gapyl boldy, ýagny ol bizi bir salym unutdy. Hudaýtagala onuň ybadatda ýazyk edenini halka görkezdi.

*Ýene bir jogap*: Ol mydama bize sežde ederdi. Balygyň suraty hem sežde edýäne meňzeşdir. Şonuň üçin bu at oňa berildi. Aýat: «Ýunus öýkeledi. **Ol: «Biziň oňa güýjümiz ýetmez» diýip hyýal etdi».**

*Sowal:* Taňrynyň pygamberini şeýle saýmak rowa bolarmy?

*Jogap:* Hudaýtagala muny Gurhanda: ***«Seni saklamaga biziň güýjümiz ýetmezmikä diýip hasapladyňmy?»*** Hudaýtagalanyň gudraty çäksizdir» diýip aýtdy. Onuň gudratynyň çäksizligi barada Gurhanyň telim ýerinde aýatlar bardyr.

*Ýene bir jogap*: Ol: «Biz oňa permanymyzdan çykmaga ýol goýarys. Onuň üçin biz oňa azabyny bereris» diýip hasaplady.

*Ýene bir jogap:* Magrypet eýeleri aýdypdyrlar: «Takdyryň manysy şeýledir: Ol: «Kapyrlaryň emgegini özüne berip bilmeris» diýip saýdy». Aýat: ***«Ol garaňkylykda: «Eý, Taňrym!***

***Senden başga ybadat edilýän zat ýokdur. Sen hemme aýyplardan päksiň. Hakykatdan hem öz janyma zulum eden ekenim» diýdi».***

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Ýunus üçin dört garaňkylyk bardy: Zillet garaňkylygy, gije garaňkylygy, suw garaňkylygy, balygyň garnynyň garaňkylygy. Bu söze delil bardyr. Hezreti Ýunus bu garaňkylyklardan gutulansoň, dört rekagat namaz okady. Ol ikindi namazydy. Allatagala ondan bu namazy kabul etdi. Ol bize parz boldy.

*Aýdypdyrlar:* Ol balyk: «Hezreti Ýunusyň demi tutulmasyn» diýip agzyny gije-gündiz ýummady. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, ol balygyň burnuna burundyk dikdi. Ol balygy deňziň içinde gezdirdi. Ol balygyň garnyny gözgi ýaly etdi. Onuň daşy içinden, içi daşyndan görnüp durdy. Ol hezreti Ýunusa suwuň aşagyndaky ajaýyp zatlary görkezdi. Ol kürsüniň üstünde oturan bir perişdäni gördi we ol: «Bu kim?» diýip sorady. Hezreti Jebraýyl: «Bu deňze erkli perişdedir. Ol ähli suw jandarlaryny we suw damjalaryny bilýär» diýip jogap berdi.

Ol ýerden geçip, otly kürsiniň üstünde oturan bir kişini gördi. Onuň sagynda we solunda bir kişini gördi. Onuň lybasy hem otdan. Bir kişi onuň depesinde ot ýakyp: «Sen: «Men Taňry» diýip, Hudaýlyk dawasyny etmäge utanmadyňmy?» diýýär. Hezreti Ýunus: «Bu kim?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu Pyrgaundyr, onuň sagyndaky Haman, çepindäki Harundyr « diýdi. Onuň öňünde goldaşlary bar. Ol ýene bir begenip, bir gynanyp duran kişini gördi. Hezreti Ýunus: «Bu kim?» diýip sorady. Hezreti Jebraýyl: «Bu Iblisdir. Ol bir kişi toba etse gynanýar, emma bir kişi ýazyk etse begenýär» diýdi. Ol ondan bir üýn (ses) eşitdi we: «Bu nähili üýndür?» diýip sorady. Hezreti Jebraýyl: «Derýa halklary Hudaýtagala tesbih, takdys aýdýarlar» diýdi.

«Hezreti Ýunus: «Eý, Taňrym! Meni daglardan ötürdiň, çöl-beýewandan çykardyň, suwa çümdürdiň we balyk garnyna

saldyň. Seniň birligiň haky üçin men hiç kimiň ybadat etmedik ýerinde ybadata meşgul bolaýyn» diýip, ybadat etmäge başlady. Onuň üýnüni perişdeler eşidip: «Eý, Taňrymyz! Biz bilmeýäris, ses gelmejek ýerden bir ses gelýär. Bu kimiň sesidir?» diýip aýtdylar. Allatagaladan: «Bu balygyň garnyndaky Ýunus pygamberiň sesidir» diýen owaz geldi. Perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Siz Ýunusa: «Abyt» diýerdiňiz. Sen bu gün oňa şatlyk ber. Sen onuň bu emgegini geçir. Ony balygyň garnyndan çykar» diýip şepagat dilediler. Hudaýtagala olaryň şepagatyny kabul etdi. Eger hezreti Ýunus balygyň garnynda namaz okamadyk we tesbih aýtmadyk bolsa, kyýamat gününe çenli ol ýerde galardy. Ol kyrk gün balygyň garnynda boldy.

Jebraýyl alaýhyssalama: «Zaluja aýt. Ol Ýunusy garnyndan çykarsyn» diýen perman boldy. Zaluja derýanyň gyrasyna gelip, agzyny açyp durdy. Hezreti Ýunus balygyň içinden daşary çykdy. Hezreti Ýunus göýä ganaty ýolunan guş ýaly ysgynsyz ýatdy. Hezreti Ýunusyň balygyň içinde tüýleri dökülipdi. Ol göýä gyzyl et ýaly bolup galypdy. Ol indi günüň yssysyna çydap bilmedi. Aýat: ***«Soňra biz Ýunusy balygyň içinden çykaryp, derýanyň kenaryndaky bir takyr ýere taşladyk. Ol özüni bilmeýän hassa ýalydy».*** Hudaýtagala onuň üçin gabak agajyny ösdürdi. Aýat: ***«Biz Ýunusyň üstüne gabak agajyny ösdürdik».***

*Sowal:* Hezreti Ýunusyň üstüne başga agajyň däl-de, diňe gabak agajynyň kölegisini berdi. Bu ýerde näme hikmet bar?

*Jogap*: Gabak agajyna siňek az gonýar. Hezreti Ýunusyň ysgyny gaçypdy. Hudaýtagala: «Oňa siňek azar bermesin» diýip, gabak agajyny gögertdi. Ýene Jebraýyl alaýhyssalam ganatyny ýere degirdi. Şeýdip, oňa ýerde lezzetli akar suw bardygyny bildirdi. Hudaýtagala bir keýige perman berdi. Ol keýik günde gelip, hezreti Ýunusa süýt berdi. Onuň teni güýçlendi we kuwwatyna girdi. Bir gün keýik gitdi, suw çekildi we gabak agajy gurady. Hezreti Ýunus bu zatlary görüp:

«Eý, Taňry! Sen maňa dünýä nygmatyndan köp zatlary beripdiň. Indi bolsa sen olary menden aldyň» diýdi. Hudaýtagaladan: «Eý, Ýunus! Sen agajyň guramagyna we suwuň çekilmegine gynanýarsyň. Emma sen şunça halaýygyň heläk bolmagy üçin bet dileg etdiň. Sen olara näme üçin gynanmadyň? Indi Neýnewa şäherine bar. Sen ol ýerde adamlary meniň ýeketäkligime ünde» diýen owaz geldi.

Hezreti Ýunus bu ýerden gitdi. Ol Neýnewa bardy. Ol ýerde bir goýun çopana sataşdy. Ol goýun çopandan süýt diledi. Goýun çopan: «Eý, Ýunus! Sen biziň aramyzdan çykyp git. Eger sen bu ýerde bolsaň, gökden ýagyş ýagmaz we ýerden ot önmez. Biziň goýunlarymyzyň süýdi kesiler» diýdi.

Hezreti Ýunus bir sagymlyk goýny ündedi (çagyrdy). Ol goýun geldi. Hezreti Ýunus onuň emjegini sypalady. Onuň emjeklerine süýt dolup geldi. Ol çopandan bir gap alyp bu goýny sagyp süýdüni içdi. Ol süýtli gaby bir daşyň üstünde goýdy we çopana: «Sen ol ile baryp Ýunus geldi diýip aýt» diýdi. Çopan: «Men gorkýaryn» diýdi. Hezreti Ýunus: «Sen näme üçin gorkýarsyň?» diýdi. Çopan: «Birnäçe kişiler Ýunusy gördüm» diýip geldiler. Emma olar sözlerine delil getirmediler. Patyşa: «Siz ýalan aýdýarsyňyz» diýip, olary öldürtdi» diýdi. Hezreti Ýunus: «Sen gorkma. Bu sagymlyk goýny, bu gaby we bu daşy alyp patyşanyň ýanyna bar. Olar saňa men barada güwälik berer» diýdi. Çopan bu üç zady alyp gitdi.

Çopan ol ile bardy. Ony patyşanyň ýanyna eltdiler. Ol patyşa hezreti Ýunusyň habaryny berdi. Patyşa: «Seniň ony göreniňe şaýadyň barmy?» diýdi. Çopan bu üç sany zady patyşanyň öňünde goýdy we: «Ine, meniň şaýatlarym şu üç sany zatdyr» diýdi. Goýun: «Ol meni sagdy» diýdi. Gap: «Ol meniň içime süýt saldy» diýdi. Daş: «Ol şu gapdan süýt içip, ony meniň üstümde goýdy» diýdi. Patyşa hemme leşgeri bilen atlanyp, Ýunus pygamberiň üstüne geldi. Hezreti Ýunus namaz okap durdy. Ol namazdan boşanda, olar oňa tahiýýat (salam)

seždesini etdiler. Olar onuň aýagyny öpüp, uzr (ötünç) soradylar. Ol arabanyň üstüne münende howadan: «Eý, Ýunus! Siziň biziň dergähimizde eden günäleriň ýeterlik bolmadymy? Indi sen patyşalyk merkebine[17] münersiň» diýen bir ses eşidildi. Bu sesi eşidip, ol arabadan özüni taşlady. Ol aýakýalaň öýe girdi. Bu iliň hemmesi hezreti Ýunus bu ýere gelmezden öň musulman bolupdylar. Patyşa öz mülküni çopana berdi.

Ol hezreti Ýunus bilen ybadata meşgul boldy. Hudaýtagala hezreti Ýunusyň hatyny bilen iki ogluny direltdi. Olary hezreti Ýunusa gowuşdyrdy. Hezreti Ýunus gidende onuň kowumy iman getirdi. Hudaýtagala onuň adyny olaryň aýasyna ýazdy. Olar el göterip, Taňra ýalbardylar. Olardan azap göterildi.

Eý, mömin muwahhid, saňa iman getireniň üçin söýünji bolsun! Hudaýtagala gudrat galamy bilen köňülde: «Ulä’ike ketebe fi kulubihimil-iman»[18] diýen ýazgy ýazandyr.

**Hekaýat.** bir gün Pygamber alaýhyssalam gabak agajyny taryplady. Sahabalar ondan: «Eý, Allanyň resuly! Sen gabak agajynyň saýasyny näme üçin özüňe dost tutýarsyň?» diýip soradylar. Pygamber alaýhyssalam: «Ol akyly zyýada edýär we gözi röwşen edýär» diýip aýtdy.

## *ÝIGRIMI BÄŞINJI KYSSA*
## HEZRETI YLÝAS ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol ***«Elbetde, Ylýas pygamberlerdendir»*** diýen aýat bilen pygamberlik halatyny geýendir. Ol Hydyr alaýhyssalam bilen hemra bolup, dagy-düzi gezendir. Ol tagat etmegi arzuwlap, uzak ömür diländir. Onuň bu dilegi kabul bolup, ol tä kyýamat gününe çenli diri galan Ylýas alaýhyssalamdyr.

### Nazm

Aňlagyl Ylýas ýalawaç sözlerini, eý aky,
Aýdaýyn men, sen eşit ýa eşdeý men, sen oky.

Halk üze ýawlak, bagyrsak erdi, belgülik nebi,
Möwlaga artyk, tapgusak abyt erdi muttaky.

«Hakga iman gelturuň» diýp köp öwüt berdi ile,
Ol öwütni almaýyn emgetdiler, gören şaky.

Ezraýyl janyn alarda ýyglady tagat üçin,
Hak bagyşlady oňa jan, boldy ýaş uzunlygy.

Mursal erdi Möwlaga ol mengu ýaşap ýöriýur,
Tag-deňizde seýr eder, tirik turar ol hem taky.

*Aýdypdyrlar:* Beni Ysraýylda Ajap ibn Amr atly bir patyşa bardy. Şam welaýatynyň Baglabakka şäherinde onuň Armala bint Eflatun ibn Guş atly hatyny bardy. Ol buta sežde ederdi. Ol butuň ady Bagldy. Bu Armala üç ýüz ýetmiş Taňrynyň wekilini öldürdi. Olaryň üç ýüzi pygamberdi, ýetmişi bolsa sawçydy. Bu welaýatda iki musulman galdy. Olaryň biriniň ady Ylýasdy, beýlekisiniň ady bolsa Ýasagdy. Bu patyşanyň diriliginde Mardaky atly bir abyt bardy. Armala ony hem öldürmekçi boldy. Äri Ajap oňa: «Sen bu kişä azar berme. Sen muny öldürmeseň salamat galarsyň» diýip aýtdy.

Bir gün Mardaky Armalanyň ýanyna girdi we: «Eý, pasyka! Sen: «Lä ilähe illala»[19] diýip aýt» diýdi. Armala buýruk berip ony öldürtdi. Äri: «Sen ony meniň diýenimi etmän öldürtdiň. Indi sen anyk geljek bela garaş!» diýdi.

Hudaýtagala Ylýas atly äre wahy iberdi. Ylýasyň ýene bir ady Ýuşandy. Jebraýyl alaýhyssalam oňa gelip: «Eý, Ýuşan! Hudaýtagala saňa salam izdi. Sen baryp meniň gulum Ajaba, onuň hatyny Armala aýt, olar: «Lä ilähe illallahu, Ylýasu resulullahi»[20] diýip aýtsynlar» diýdi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Sen meni olaryň üstüne iberýärsiň. Olardan başga ýowuz bir kişi ýokdur» diýdi. Jebarýyl alaýhyssalam gelip, oňa aýtdy: «Eý, Ylýas! Haktagala saňa: «Men ony ýaratdym. Ol maňa ybadat etsin» diýýär diýdi. Hezreti Ylýas: «Eý, Jebraýyl! Ol üç ýüz pygamberi öldürdi. Men bir ejiz bendedirin. Ol meni hem öldürer» diýdi. Hudaýtagaladan: «Eý, Ylýas! Sen meniň ylmym bilen özüňi kyýas edýärmiň? Kyýasy Meniň özüm ýaratdym» diýen owaz geldi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Meniň ajalym ýeten bolsa, men ony isleýärin. Emma men bu zalymdan gaty gorkýaryn» diýdi. Taňrytagaladan: «Eý, Ýuşan! Halk çäresiz Meniň gudratymdadyr» diýen owaz geldi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Maňa leşger ber» diýdi. Allatagaladan:

«Ýer ýüzünde näçe arslan bar bolsa, men olary seniň ygtyýaryňa berdim» diýen owaz geldi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Men olary nähili ýygnaryn?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Ylýas! Olary çagyrmak seniň bilen, ýygnamak meniň bilen» diýen owaz geldi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Meniň ygtyýarymy artdyr» diýdi. Allatagaladan: «Men seniň ygtyýaryňa deňzi berdim» diýen owaz geldi.

Hezreti Ylýas daglarda, sähralarda pyýada gezerdi. Ol hiç bir ulaga münmezdi. Mundan öň ol dagdan ýykylyp, onuň boýun süňki we sag goly döwlüpdi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Maňa bir zady münmäge ulag edip ber!» diýip dileg etdi. Hudaýtagala oňa gulan iberdi. Hezreti Ylýas ony münüp, patyşanyň saraýyna geldi. Gapy garawuly hezreti Ylýasy görüp, ony dilegçi diýip oýlady. Ol etmek we ýarmak çykaryp, hezreti Ylýasa berdi. Hezreti Ylýas: «Men bu zatlary alyp, saraýa gireýin» diýdi.

Bir gul çykyp, hezreti Ylýasyň elinden tutup, gapydan uzaga äkitdi we ony girmäge goýmady. Ol gul gitdi. Hezreti Ylýas ýene gapa geldi. Gapyçy gaharlandy. Öňki gul gelip: «Biz seni näçe kowduk. Sen bolsa bu ýerden gitmediň» diýip, ony isledigiçe urdy. Bir gowga gopdy. Nökerler patyşanyň ýanyna baryp: «Eý, melike! Bir kişi köşge girjek bolýar. Biz ony girizmeýäris. Emma ol bir alajyny tapyp girerin diýýär» diýip aýtdylar.

Patyşa garawulbaşyny gapa iberdi. Ol baryp hezreti Ylýasy köşge girizdi we ony patyşanyň ýanyna alyp geldi. Patyşa ony görüp gorkdy. Onuň meňzi saraldy. Patyşa: «Eý, garawulbaşy! Sen näme üçin bu görksüz kişini meniň ýanyma getirdiň?» diýdi. Ol hezreti Ylýasdan: «Sen nähili kişisiň?» diýip sorady. Hezreti Ylýas: «Men bir adamdyryn» diýdi. Patyşa: «Sen nireden we näme üçin geldiň?» diýdi. Hezreti Ylýas: «Men ata arkasyndan we ene rehminden geldim» diýdi. Armala: «Seniň

özüň geldiňmi ýa-da başga biriniň ündewi bilen geldiňmi?» diýdi.

Hezreti Ylýas: «Eý, pasyka! Saňa menden duşmanrak kişi ýokdur. Men seniň ýüzüňi görmäge gelmedim. Meni Hudaýtagala iberdi. Şonuň üçin men seniň ýanyňa geldim» diýdi. Armala: «Hudaýtagala kimdir?» diýdi. Hezreti Ylýas: «Ol Alladyr» diýdi. Armala: «Sen haýsy Allany aýdýarsyň?» diýdi. Hezreti Ylýas: «Men seni, meni we hemme halklary ýaradan Allany aýdýaryn» diýdi. Armala: «Ol seni näme üçin iberdi?» diýdi. Hezreti Ylýas «Sen: «Lä ilähe illalahu, Ylýasu resulullahi» diýip aýt» diýdi. Armala: «Sen Jelil dagynda duran Ylýasmy?» diýdi. Hezreti Ylýas: «Hawa, men şoldyryn» diýdi. Armala: «Men seniň sözlän sözüň bilen üç ýüz ýetmiş pygamberi öldürdim. Olaryň hemmesiniň başy sensiň men seni «öldi» diýip hasaplap ýördüm. Indi sen bu ýere öz aýagyň bilen ölümiňe geldiň» diýdi. Armalanyň Ýahnun atly weziri bardy. Ol ýaşrynlyk bilen musulman bolupdy. Armala: «Muny bu ýerden çykaryp, başyny kes» diýdi. Ýahnun hezreti Ylýasyň elinden tutup, şäherden çykardy we: «Eý, Allanyň resuly! Bu Armala üç ýüz ýetmiş pygamberi öldürdi. Olaryň hiç biriniň ölümini maňa buýurmady. Bu gün seni öldürmekligi maňa tabşyrdy. Men seni gynamaryn» diýip, ol hezreti Ylýasyň aýagyna ýykyldy. Ol soňra ýene: «Eý, Ylýas! Sen bu ýerden git. Bu melgun seni öldürmesin» diýdi. Ýahnun ony bu ýerde goýup gitdi. Hudaýtagaladan: «Eý, Ylýas! Sen ol aýalyň ýanyna ýene baryp, Allanyň birdigini we seniň meniň pygamberimdigiňi aýt» diýen owaz geldi.

Hezreti Ylýas patyşanyň ýanyna baryp: «Eý, pasyk! Sen: «Lä ilähe illallahu, Ylýasu resulallahi» diýip aýt» diýdi. Armala: «Seniň taňryň şunça jepalar berdi. Men oňa sežde etmerin. Ol maňa näme edýän bolsa edibersin» diýdi. Hezreti Ylýas ony ýene imana çagyrdy. Armala oňa öňki jogabyny

gaýtardy. Hezreti Ylýas onuň kowumyna: «Siz Bagla sežde edip, Ahsanyl-halygy taşlapsyňyz» diýdi. Aýat: ***«Siz Bagl atly buta sežde edip, hemmeden gowy ýaradyjyny taşlaýarsyňyz-my?»***

Olar: «Biz Bagly bilýäris. Biziň ondan başga taňrymyz ýok» diýdiler. Hezreti Ylýas: «Siziň taňryňyz Alladyr, siziň ata-babaňyzyň taňrysy hem Oldur» diýdi. Aýat: ***«Allatagala siziň terbiýeçiňizdir. Ol siziň ata-babaňyzyň hem terbiýeçi-sidir».*** Armala: «Eý, Ylýas! Sen öz taňryňy öwýärsiň, biziň taňrymyzy bolsa döwýärsiň. Indi sen taňryňa: «Biz sanjyşaly» diýip aýt. Ol bizi ýeňse, ol gutulsyn» diýdi. Hezreti Ylýas: «Eý, Taňrym! Bulardan bizi gutar!» diýdi. Hezreti Jebraýyl gelip: «Eý, Ylýas! Taňrytagala: «Men mähribandyryn. Men hiç wagt ýatýan däldirin. Sen meniň ol guluma aýt. Ol haýsy wagtda sanjyşmak isleýär?» diýýär» diýdi. Hezreti Ylýas bu habary oňa ýetirdi. Armala: «Men ertir sanjyşmagy isleýärin» diýdi.

Ertesi Armala leşgerini çykardy. Olar ýedi topar boldy. Her bir topar ýüz müň ärden ybarat. Olar üç agaç ýerde sap tut-dular. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Ylýas, sawmadan çyk. Armalanyň leşgerini gör» diýdi. Hezreti Ylýas: «Meniň leş-gerim hany?» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Ylýas! Sen arslan-laryňy çagyr» diýen perman geldi. Hezreti Ylýas bir ses etdi. Onuň bu sesini şemal alyp gidip, dünýä ýaýratdy.

Gündogardan günbatara çenli bir ýerde arslan bar bolsa, göz açyp-ýumýança ýygnandy. Olar hezreti Ylýasyň sag tarapynda durdular. Hezreti Ylýas: «Eý, halaýyk! Hudaýtagala iman getiriň, bolmasa, siz heläk bolarsyňyz» diýdi. Olar: «Eý, Ylýas! Bizi bu sözden gorkar öýdýärsiňmi?» diýdiler. Hezreti Ylýas: «Siz Allatagala höküm edýänçä sabyr ediň. Ol hemme häkimlerden ýagşyrakdyr» diýdi. Aýat: ***«Siz Allatagala höküm edýänçä sabyr ediň. Ol höküm edijileriň iň ýagşysydyr».***

Hezreti Ylýas: «Meni bu zalymlardan gutar» diýip arz etdi. Hezreti Ylýas Allatagalanyň gudraty bilen arslanlardan sap düzdi. Arslanlar duşman leşgeriniň üstüne topuldylar. Her bir äre bir arslan ýapyşdy. Göz açyp-ýumýança ýedi ýüz müň ärden biri galmady. Bir tişi arslan Armalanyň donundan dişläp, süýräp getirdi. Arslanlar ony ölüleriň arasynda para-para etdiler. Gije boldy. Hudaýtagala bir ot iberdi. Ol ot şäher halkyny köýdürdi. Ol ýerde iki öý abat galdy. Biri Ýahnunyň öýi, ýene biri bolsa Ýasganyň öýi. Ondan başga öýleriň hemmesi köýdi.

## *ÝIGRIMI ALTYNJY KYSSA*
## HEZRETI HYDYR ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

«Hydyr» sözüniň manysy «ýaşyl» diýmeklik bolýar. Hezreti Hydyr haýsy bir daşyň üstünde otursa, onda ot gögerip, ýaşyl bolardy.

*Aýdypdyrlar:* Hydyr alaýhyssalam haýsy ýerde bolsa, ol ýerde ot gögerip, ýaşyl öwserdi. Onuň üçin oňa Hydyr diýip at goýuldy.

Käbir alymlar: «Hydyr pygamberdir» diýip, beýleki bir alymlar bolsa: «Hydyr salyhdyr» diýip aýdypdyrlar.

Ol beni Ysraýylda ösüp ulaldy we bakylyk suwuny içip, tä kyýamat gününe çenli diri galdy. Emma Hydyr pygamberdir. Aýat: ***«Elbetde, Hydyr pygamberlerdendir».***

*Aýdypdyrlar:* Hydyr alaýhyssalam telim ýyllar tagat etdi. Hezreti Ezraýyl onuň janyny almaga geldi. Hydyr alaýhyssalam gaty üýn (ses) bilen ýyglady. Hezreti Ezraýyl: «Eý, Hydyr! Sen Taňrynyň huzuryna barmak üçin ýyglaýarsyňmy?» diýdi. Hezreti Hydyr: «Men: «Tagat-ybadatdan mahrum galaryn, özgeler tagat ederler» diýip ýyglaýaryn» diýdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Hydyryň sözi rastdyr. Ol jan üçin däl-de, tagat üçin ýyglaýar. Ezraýyl, sen yzyňa gaýt. Biz oňa uzyn ýaş keramat etdik (berdik)» diýen perman getirdi. Onuň uzak wagtlap diri galany bu sebäpdendi.

*Aýdypdyrlar:* Onuň bir ady Ýasagdy. Bu söz arap dilinde «giň» diýen manyny berýär. Beýle at oňa ylmy giň bolandygy sebäpli berildi.

Käbir alymlar aýdypdyrlar: «Hezreti Ylýas bilen hezreti Hydyr bakylyk suwuny içdiler. Şonuň üçin ol ikisi tä kyýamat gününe çenli ölmezler. Hezreti Hydyr deryalarda, hezreti Ylýas bolsa sähralarda ýörär. Olar ýoldan azanlara ýol görkezerler. Olaryň işleri şeýledir. Olar gije bolsa Ýajuj, Majujyň ýerine bararlar. Olaryň iýmitleri gök otdur».

Allatagala ol ikisini buta çokunan kowuma iberdi. Olar gelip: «Eý, kowum! Siz buta sežde etmäň we şerap içmäň» diýdiler. Ol halk olary patyşalaryna alyp bardy. Patyşa olardan: «Siziň mugjyzyňyz (keramatyňyz) barmy?» diýip sorady. Olar: «Sen nähili mugjyza isleýärsiň?» diýip aýtdylar. Patyşa: «Telim ýyllar boldy, meniň gyzym öldi. Ony direltseň, men iman getireýin» diýdi. Taňrynyň permany bilen onuň bu gyzy direldi. Ol gyzdan: «Bularyň sözi dogrumy?» diýip soradylar. Gyz: «Bularyň sözi rastdyr. Siz buta sežde etmäň. Siz bir we bar Taňra ybadat ediň. Seni Taňry ýaratdy. Ol saňa mülk berdi. Sen kowumyňa aýt. Goý, olar iman getirsinler» diýdi. Patyşa: «Howlukma! Men pikir edip göreýin» diýdi. Gyzy: «Eý, melgun! Nämä pikir etjeksiň. Saňa mundan telim ýyl öň ölüp, direlen ahyretden habar berýär. Onsoň, seniň näme sözüň bar?» diýdi. Gyz atasyndan ýüz öwrip: «Eý, Taňrym! Meniň janymy ýene al. Men öňki ýagdaýymy isleýärin» diýdi. Hudaýtagala ol gyzyň janyny aldy. Atasy iman getirmedi. Onsoň hezreti Hydyr we hezreti Ylýas heläket dilegini etdiler. Taňrytagaladan: «Men olary derhal helak etmerin» diýen owaz geldi. Ol ikisi: «Eý, Taňrymyz! Onda biziň ygtyýarymyza buludy ber» diýip aýtdylar. Hudaýtagaladan: «Men size buludy boýun etdim» diýen owaz geldi. Olar buluda: «Ýagma» diýdiler. Sekiz ýyl ýagyş ýagmady. Ol halk bu belany çekmäge ejiz boldy. Patyşa

hezreti Hydyryň we hezreti Ylýasyň diýenini olara ündedi. Kowum: «Biz bilýäris, butlara sežde edenimizde ýazykly bolduk. Ol sebäpden butlar bizden öýke edip, ýagyn bermediler» diýdi. Patyşa olara: «Indi biz näme edeliň?» diýdi. Kowum: «Biz butlara düýeleri gurban edeliň. Şonda butlar bizden hoşnut bolarlar» diýdi. Olar düýeleri gurban berdiler, emma ýagyş ýagmady. Onsoň olar: «Butlary meýdana çykaryp, olara gymmatbahaly serpaýlar ýapyň. Hamr (şerap) içiň. Butlara sežde edip ýalbaryň. Butlar hoşal bolarlar we ýagyş ibererler» diýdiler. Ýene gahatlyk boldy. Olar Hudaýtagala iman getirmedikleri üçin ýagyş ýagmady.

Hezreti Hydyr we hezreti Ylýas daga çykdylar. Ol ýerde ybadata meşgul boldular. Olara her günde uçmahdan tagam gelerdi. Patyşa ýüz sany garryny hezreti Hydyryň we hezreti Ylýasyň ýanyna iberdi we: «Siz olardan ötünç sorap, ile alyp geliň» diýdi. Olar bu ikisiniň ýanyna geldiler. Ol ikisi: «Siz ejizländigiňiz üçin biziň üstümize geldiňiz» diýip heläket dilegini etdiler. Hudaýtagala olaryň hemmesini heläk etdi. Patyşa olaryň üstüne ýene on kişi iberdi. Olar daga ýakyn bardylar. Olaryň biri: «Siz bu ýerde duruň. Men olaryň ýanyna ýeke özüm baraýyn. Olardan ötünç soraýyn. Kabul etseler, olary özüm bilen alyp gaýdaýyn. Eger kabul etmeseler, siz bir heläk bolmaň» diýdi. Onuň ýeke özi olaryň ýanyna bardy. Hezreti Hydyryň we hezreti Ylýasyň dilegi bilen bu kişi hem heläk boldy. Olaryň galanlary yzlaryna gaýtdylar. Olar: «Geliň, biz Allatagala ýanalyň (döneliň)» diýip, Hudaýtagalany ykrar etdiler. Allatagala olara ýagyş iberdi. Olar galla ekdiler. Gahatlykdan gutuldylar. Hezreti Hydyryň we hezreti Ylýasyň suw içýän arygy gurady. Uçmahdan tagam gelmegi kesildi. Olar hiç bir çäre tapman, ile gelip girdiler. Olar bir kempiriň öýüne geldiler. Olar ondan tagam dilediler. Kempir: «Ýedi gün boldy patyşanyň öýünde hem tagam tapylmaýar» diýdi. Ol

azrak tagam tapyp getirdi. Oňa suw degip yslanypdyr. Hezreti Hydyr we hezreti Ylýas ony ellerine alyp üwediler. Ol ak boldy. Ony hamyr etdiler, tamdyry gyzdyrdylar. Kempir: «Men gorkýaryn» diýdi. Olar: «Sen näme üçin gorkýarsyň?» diýdiler. Kempir: «Tamdyrdan tütün çyksa ähli il ýygnanar we olar hemme nany iýip gutararlar» diýdi. Olar oňa: «Gorkma» diýdiler. Kempir nan bişirdi. Il tütüni görüp ýygnandy. Olar bu ýagdaýy patyşa habar berdiler. Patyşa bu ýere kişi iberdi. Bular gapyny bagladylar. Patyşa atlanyp, kempiriň öýüne geldi. Ol kempirden hezreti Hydyryň we hezreti Ylýasyň gelen habaryny eşitdi. Ol leşgerleri bilen olary gözledi. Ol ikisini namazda tapdylar. Kowum olaryň aýagyna ýykylyp, ötünç soradylar we iman getirdiler. Ol ikisini hormatlap, ile kabul etdiler. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagala ýagşy bilýändir!

## *ÝIGRIMI ÝEDINJI KYSSA*
## HEZRETI JIRJIS ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol dünýäniň gyzygyndan geçen, Allatagala uýan, söwda bilen halal mal ýygnan, garyplara sadaka beren, Allatagalanyň razylygy üçin kyn günleri gören, dürli gynalmaklar bilen ýedi ýola ölen, alty ýola direlen Jirjis alaýhyssalamdyr.

### Şygyr

Jirjis atly bir satygçy ezgu mömin erdi ol,
Şam mäligin görgeli köp maly birle geldi ol.

Afgun atlyg butga topunur kapyr ermiş sawmadan,
Bermedi malyn oňa ýoksuz, çigaýga berdi ol.

Jebraýyl indi ýalawaçylyk tegurdy Möwladan,
«Haka ýangyl», diýu terkin mülkde girdi, bardy ol.

Gynaýu öldürdi ony, gaýra geldi direlip,
Hiç ýalawaç görmegen kynlar azabyn gördi ol.

Ýedi ýola, ýedi dürli kyn bukaguda ölüp,
Alty ýola direlip, ýedide ýol göndürdi ol.

Wähp ibn Munabbih Ýemeni (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir:

Şam welaýatynda Dadbana atly bir kapyr patyşa bardy. Onuň altyna gaplanan Artmyş atly bir buty bardy. Ol Afgun atly bir buty ak daşdan ýasatdy. Ony göwher bilen bezetdi. Ol hemme butlaryň ulusydy. Bu Dadbany butlaryny çaksyz söýerdi.

Palestin welaýatynda Jirjis atly parsa bardy. Ol gije-gündiz ybadata meşgul bolardy we söwda ederdi. Ol Dadbana patyşanyň at-owazasyny eşidip: «Onuň bilen dost bolaýyn» diýip, özi bilen köp mal-baýlyklar alyp, ýigrimi günde Palestinden Şama geldi. Ol ýolda bir kişiden: «Bu ýurduň patyşasy musulmanmy ýa-da kapyrmy?» diýip sorady. Ol: «Patyşa buta sežde edýär. Ol kapyrdyr» diýdi. Ol bu söze gamgyn bolup, yzyna Palestine dönmekçi boldy. Ol özi bilen getiren malyny derwüşlere sadaka berdi. Şeýlelikde, ol yzyna gaýtdy. Patyşanyň ýanyna baryp: «Bir bezirgen saňa hedýe getirdi. Ol birnäçe gün bu ýerde durup, seni sorady. Ol saňa getiren sowgadyny derwüşlere sadaka berip gitdi» diýip aýtdylar. Patyşa onuň bu hereketinden öýkeläp, kişi iberip, ony getirtdi. Patyşa: «Sen meniň ilime girip, meni görmän, näme üçin yzyňa gaýtdyň? Sen maňa dogryňy aýt. Eger sen dogryňy sözlemeseň, men seni gaty gynap öldürerin» diýdi. Hezreti Jirjis: «Men dogrymy aýdaýyn. Men palestinli satyjy gulduryn. Sen hem Taňra gulsuň. Men seniň üçin sowgatlar alyp gelipdim. Seniň bilen dostluk açmakçydym. Men bu ýere gelip, seniň buta topunýandygyňy eşitdim. Men: «Bu malym kapyra nesip etmesin» diýip, ony ýoksul musulman garyplara berdim» diýdi. Patyşa: «Men öz taňrym Afgunyň haky üçin seni gynap öldürerin. Goý, mundan hemme dünýä ybrat alsyn. Gowusy, sen Afguna sežde edip, bu azapdan gutul. Seniň Taňryň bar eken. Şu wagta çenli Ol näme üçin pygamber ibermedi?» diýdi.

Hezreti Jirjis: «Eý, kapyr! Hudaýtagala telim pygamberleri iberdi. Olara Hudaýtagaladan perman geldi. Kim ol permany kabul etdi, kim ony kabul etmedi. Ony kim kabul eden bolsa, ol azapdan gutuldy. Kim ony kabul etmedik bolsa, ol bir bela sataşdy we heläk boldy. Nuh pygamber, Ybraýym pygamber, Musa pygamber ençe butlary syndyrdylar. Olar Nemrut, Şetdat, Pyrgaun, Karun ýaly sansyz kapyrlary heläk etdiler. Eý, kapyr! Sen Taňrynyň gazabyndan gork. Sen Taňrynyň gullaryna azar berme! Sen musulman bol! Sen bu butlary syndyr! Bulardan saňa zyýan bar, emma peýda ýok» diýdi. Dadbana patyşa: «Men Nuhy, Ybraýymy, Musany bilmeýärin» diýdi. Ol jellatlary çagyrdy. Olar hezreti Jirjisi tutup, donuny çykaryp, elini, aýagyny baglap howa göterdiler. Ony ilerden, gaýradan urdular. Oňa: «Bu sözüňden ýan (dän), sen Afguna sežde et» diýdiler. Ol özüni her uranlarynda: «Lä ilähe illallahu, wahduhu lä şerike lehu»[21] diýdi. Ony ertirden günorta çenli iki kişi, günortadan agşama çenli hem iki kişi urdy. Olar oňa: «öldi» diýdiler. Emma ol ölmedi. Dadbana gazaplanyp: «Eý, Jirjis! Sen bu sözüňden dän. Sen Afguna sežde et» diýdi. Hezreti Jirjis: «Eý, melgun! Sen Taňrynyň gazabyndan gork! Sen musulman bol! Sen dowzahyň azabyndan gutulyp, uçmaha gir. Sen butlaryňy syndyr» diýdi. Dadbana: «Ýigrimi demir gazyk kakyň. Onuň etini demir darak, demir bukaw bilen daraň» diýdi. Jellatlar gurşun eredip, onuň agzyna guýdular. Ony bogazlap öldürdiler. Ony il ortasyna çykaryp, uzyn agaçdan asdylar. Dadbana başga patyşalary ýygnady. Ol: «Köňlümi dyndyrdym» diýip, çakyr içip, oýun-gülkä meşgul bolup oturdy.

Hudaýtagalanyň gudraty bilen howadan bir owaz geldi. Gorkudan ýaňa hemmeler bihuş boldular. Ýer titredi. Ol agaçdaky hezreti Jirjis direldi. Ol patyşanyň ýanyna gelip: «Eý, melgun! Sen: «Lä ilähe illallahu, Jirjisun resuluallahi[22] diýip

aýt» diýdi. Patyşa bu ahwalata haýran galdy. Ol: «Men seni gynamak bilen öldürdim, emma sen jadylyk bilen özüňi direltdiň» diýdi. Ony tutup, ýene urdular. Onadan soň ony zyndana saldylar. Zyndanyň agzyna bir uly daşy basdyrdylar. Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalamyň üsti bilen hezreti Jirjise pygamberlik habaryny ýetirdi. Hezreti Jebraýyl: «Eý, Jirjis Hudaýtagala saňa uçmahda öz gudraty bilen ýakut, zeberjetden müň saraý ýaratdy. Sen ýene bu emgege ýedi ýyl sabyr et! Sen ondan soň rahatlyk taparsyň. Bu kapyrlar seni ýedi ýola öldürerler. Her sapar olar öldürenlerinde, Taňry seni ýene direlder. Taňry saňa bu emgekleriň muzduny kyýamat güni berer» diýdi.

Şol günüň ertesi patyşa jadygöýleri ýygnady. Patyşa olaryň ulusyna: «Biz palestinli bir jadygöýi tutup öldürdik. Ol özüni direltdi. Siz hem onuň ýaly ölini direldiň. Men size mülkümiň ýarsyny bereýin» diýdi. Jadygöýler: «Eý, patyşa! Biz ondan hem geňräk zat görkezeris» diýdiler. Patyşa bir sygyr getirtdi. Ony ortasyndan çapdyrtdy. Jadygöýler onuň, ýarsyny alyp, beýleki ýarymynyň içine saldylar. Ol iki sygyr boldy. Patyşa muny görüp, haýran galdy. Jadygöýleriň ulusy: «Eý, patyşa! Jirjisi biziň ýanymyza getiriň. Biz onuň bilen güýjümizi synaşyp göreli» diýdi.

Hezreti Jirjisi zyndandan çykaryp jadygöýleriň ýanyna alyp geldiler. Jadygöýler hezreti Jirjise: «Eý, Jirjis! Sen nähili jadylary bilýärsiň? Sen öz işiňi bize görkez» diýdiler. Hezreti Jirjis: «Men jadygöý däl. Men Hudaýtagalanyň ejiz bendesidirin» diýdi. Jadygöýler: «Eý, Jirjis! Onuň ýaly bolsa, indi sen biziň oýnumyza tomaşa et» diýdiler. Jadygöýler ýere däne sepdiler. Ol şol zaman gögerip çykdy we ýetişip bişdi. Olar dört öküziň boýnuna boýuntyryk salyp, ony ordular, döwdüler, un etdiler, bişirip nan etdiler we ony iýdiler. Jadygöýler hezreti Jirjise ýene: «Sen biziň eden jadymyzy gör-

düň. Indi biz seniň etjek jadyňy göreli» diýdiler. Hezreti Jirjis: «Men jady bilmeýärin, men Taňrynyň ejiz bendesidirin» diýdi. Jadygöýler: «Seniň Taňryň haýsy taňrydyr?» diýdiler. Hezreti Jirjis: «Meniň Taňrym hemme äleme rysgal berýär. Ol hemmäni öldürýär we ýene olary kyýamat güni direldýär. Ol agyra şypa berýär. Ol ýeri we gögi ýaratdy. Ol islänini eziz edýär we islemedigini hor-homsy edýär» diýdi. Patyşa: «Men seni ýene synaýyn. Men saňa hamr (şerap) bereýin. Eger sen ony içip ölmeseň, men toba getireýin» diýdi. Hezreti Jirjis: «Getiriň! Men ony içeýin» diýdi. Hamryň içine köp awy salyp getirdiler.

Hezreti Jirjis ony: «Bismilähi-r-rahmany-r-rahym» diýip içdi. Soňra ol: «Alhamdulilläh» diýdi. Ol ýene: «Men suwsap durdum. Indi men gandym» diýdi. Ol ölmedi. Jadygöýler bu ahwalaty görüp haýran galdylar we: «Eý, patyşa! Bu awyny şamlylaryň hemmesine bölüp berseň, olaryň biri hem diri galmazdy. Bu mahlugyň işi däldir. Bu bir we bar Ýaradanyň işidir. Biziň barymyz Jirjisiň Taňrysyna iman getirdik. Biz Afgundan bizardyrys»diýdiler. Jadygöýler musulman boldular.

Patyşa gazgulyk bolup meňzi sargardy. Hezreti Jirjis patyşa: «Eý, melgun! Sen: «Lä ilähe illallahu, Jirjisun resulallahi» diýip aýt». Köp adamlar ýyglap: «Biz ony telim ýola öldürsek hem ol direldi. Ol awy içip hem ölmedi. Bu Halygyň işidir. Jijris onuň pygamberidir» diýip iman getirdiler. Patyşa buýruk berip, olaryň hemmesini öldürtdi. Olar Hudaýtagalanyň dergähine ulandylar. Bir beg patyşa bilen adamlary öldürerdi. Ol: «Eý, Jirjis! Seniň Taňryň hak bolsa, ondan bir delil getirip, keramat görkez. Seniň Taňryň bu şäherdäki gury, kesik agaçlary, odunlary gögerdip, miweli agaç etsin. Onsoň biz iman getireli» diýdi.

Hezreti Jirjis namaza durdy. Ol iki rekagat namaz okady. Soňra: «Eý, taňrym! Sen hemmäniň syryny bilýänsiň» diýdi. Hezreti Jirjis namazdan soň dileg etdi. Hemme synyk agaçlar

gögerip, miweler görkezdi. Patyşa: «Eý, Jirjis! Sen ussat jadygöý ekeniň. Men seni öldüreýin. Seniň nähili direlýändigiňi göreýin» diýdi. Ol ýiti pyçak getirdi. Ol hezreti Jirjisiň depesinden başlap, tä dabanyna çenli pyçak bilen derisini ýirdi. Onuň göwresini bölek-bölek edip, gazana salyp gaýnatdy. Ýer titredi. Hudaýtagala Mikaýyl alaýhyssalama gazany düňdermeklige perman berdi. Hudaýtagaladan hezreti Jirjise: «Eý, Jirjis, direl!» diýen owaz geldi.

Taňrynyň bu permanynyň gudraty bilen hezreti Jirjis direldi. Patyşa gaýgy-gama batdy. Wezir: «Eý, patyşa! Men hem ondan bir hajat diläýin. Eger ol meniň bu hajatymy bitirip bilmese, biz ondan gutularys» diýdi. Wezir hezreti Jirjise ýüzlenip: «Eý, Jirjis! Bu obanyň gyrasynda bir sin bar. On ýedi kişi onda gömülen. Eger sen olaryň hemmesiniu direltseň, biz saňa iman getireli» diýdi. Hezreti Jirjis: «Ol mazary maňa görkeziň» diýdi. Patyşa hezreti Jirjisi alyp, ol ýere atlandy.

Olar mazaryň başyna geldiler. Hezreti Jirjis ol ýerde iki rekagat namaz okady. Onuň yzyndan dileg etdi we: «Eý, Taňrym! Sen syrlary bilijisiň. Seniň hemme zada güýjüň ýetýändir» diýip aýtdy. Onuň dilegi tamam bolup bolmanka, olaryň görleri ýarylyp, ondan on ýedi kişi turup geldi. Olar – bäş är, üç oglan, dokuz aýal. Hezreti Jirjis bu bäş äriň birinden: «Seniň adyň näme?» diýip sorady. Ol: «Meniň adym Burkaýyl» diýdi. Ol atasynyň adyny hem aýdyp berdi. Wezir ondan: «Siziň öleliňiz bäri näçe wagt geçdi?» diýip sorady. Ol: «Müň ýyl boldy» diýdi. Patyşa: «Siz nämä çokunýardyňyz?» diýdi. Ol: «Biz buta sežde ederdik. Ölenimizden soňra, Hudaýtagala bizi dowzaha eltdi. Ol ýerde bize köp azaplar berildi. Biz onda köp ökündik. Emma bu öküňç bize peýda bermedi» diýdi. Ol görden çykanlar: «Lä ilähe illallah»[23] diýip ýene öldüler. Olaryň hemmesi hezreti Jirjisiň berekedinden Hudaýtagalanyň

dergähine iman bilen gowuşdylar. Wezir: «Eý, patyşa! Jirjis müň ýyllyk ölini direltdi. Bu kişi jadygöý däl» diýdi.

Patyşa hezreti Jirjisi ýene jellada buýurdy. Ony baglap, üç gije-gündiz urdular. Onuň etleri para-para boldy. Ony bir agaç dikip asdylar. Hezreti Jirjis: «Lä ilähe illallahu, wahdahu lä şerike lähu»[24] diýip gaýtalap durdy.

Ol gije öldi. Ony dardan düşürip, dagyň başyna eltip goýdular. Onuň etiniň, derisiniň, süňkleriniň hemmesi ýenjildi. Olar gitdi. Hudaýtagala özüniň gudraty bilen ony ýene direltdi. Oňa Hudaýtagaladan: «Eý, Jirjis! Sen baryp, patyşa aýt. Ol: «Lä ilähe illallahu, Jirjisun resulallahi» diýsin» diýen owaz geldi. Jirjis patyşanyň ýanyna gelip: «Eý, melgun! Sen Taňrynyň ýeke täkligini, meniň onuň pygamberidigimi ykrar et» diýip aýtdy. Jirjisi ýene diri gören adamlar derhal iman getirdiler. Olar: «Biz butdan bizardyrys» diýip, patyşanyň ýanyna geldiler we: «Biz sen näme diýseň, ony etdik. Jirjisi näçe ýola öldürdik. Ol ýene direldi. Munuň ýaly gudrat diňe ýeke-täk Taňrynyň özünden başga hiç kimde ýok. Jirjis hak pygamber eken» diýip, päk köňül bilen: «Lä ilähe illallahu, Jirjisun resulallahi[25]» diýip iman getirdiler. Patyşa olardan bu sözleri eşidip, olaryň hemmesini öldürtdi. Olar uçmaha gowuşdylar. Patyşa: «Jirjisi tutuň» diýdi. Ony elli är bolup tutdular we ilden çykardylar. Ony öldürmekçi boldular. Hezreti Jirjis: «Eý, Taňrym! Öz merhemetiň bilen maňa rehmet et. Bu kapyry öz azabyň bilen heläk et. Meni indi dünýäde direltme» diýdi. Hudaýtagalanyň gudraty bilen asmandan ot indi. Ol ot şäheri köýdürdi. Ol elli är hezreti Jirjisi gylyç bilen ura-ura öldürdiler. Olar özlerini Tamuga sezewar etdiler.

Olardan ýüz müň är we otuz müň hatyn musulman boldy. Olaryň galanlary kapyrlyk bilen heläk boldular. Elbetde, Allatagalanyň özi dogry ýola gönükdirijidir.

## *ÝIGRIMI SEKIZINJI KYSSA*
## HEZRETI LUKMANYŇ WAKALARNYŇ BEÝANY

Hezreti Lukman hebeşi guldy. Onuň hojasy ýonaçydy. Ol hezreti Dawut alaýhyssalamyň döwründe bir müň bäş ýüz ýaşlaryndandy.

*Bir rowaýatda aýdylypdyr:* Hudaýtagala köp ybadat edendigi sebäpli üç müň bäş ýüz ýylda onuň ömri tamam boldy.

Bir gün günorta wagtynda Hudaýtagala oňa iki sany perişde iberdi. Olar gelip: «Eý, Lukman! Sen isleseň pygamber bol, isleseň hem biz saňa hikmet (parasatlylyk) ylmyny öwredeli» diýdiler. Hezreti Lukman: «Pygamberlik bir uly ýoldur. Hikmet ylmyndan köp kişiniň hajaty bitýär» diýdi. Şonuň üçin bu perişdeler oňa hikmet ylmyny öwretdiler. Hemmeler, patyşalar we alymlar onuň hyzmatyna mätäç boldular.

**Hekaýat.** Bir gün hezreti Lukman halaýyga öwüt-nesihat berip otyrdy. Beni Ysraýylyň uluglarynyň (taýpa serdarlarynyň) biri gelip: «Eý, Lukman! Sen uly mertebäni nireden tapdyň?» diýdi. Hezreti Lukman: «Men diňe dogry ýoldan ýöredim. Haka ýaramajak işi goýdum. Diňe dogry sözleri aýtmak bilen bu amanady ödedim» diýdi.

**Hekaýat.** Bir gün hojasy hezreti Lukmany bugdaý ekmäge iberdi. Hezreti Lukman ekin meýdanyna baryp, ol ýerde arpa ekdi. Onuň hojasy gelip: «Men saňa: «bugdaý ek» diýipdim. Sen näme üçin arpa ekipsiň?» diýdi. Hezreti Lukman: «Arpa

ekseň bugdaý önmezmi?» diýdi. Hojasy: «Önmez» diýdi. Hezreti Lukman: «Beýle bolsa, sen hem ýamanlyk edip, ýagşylyk umyt etme» diýdi. Onuň bu sözleri bilen hojasy toba etdi we günä işleri etmegini taşlady.Ol hezreti Lukmany gulçulykdan azat etdi.

**Hekaýat.** Hezreti Lukman halka köp ýagşylyklar ederdi. Ol bir kişi karz sorasa, oňa şaýatsyz pul bererdi. Bir gün bir adam gelip, ondan müň altyn karz pul aldy. Ol adam köňlünde: «Bu puly men oňa gaýtaryp bermäýin» diýip, ýaman niýet tutdy. Ol puly bir letdä dolap gitdi. Ýolda ol täret almaga oturdy. Pully düwünçegi bolsa gapdalynda goýdy. Bir garga howadan uçup gelýärdi. Garga onuň düwünçegini görüp: «Onuň içinde et bardyr» diýip oýlady. Ol gelip düwünçegi penjesi bilen tutup, göterip alyp asmana galdy. Ol hezreti Lukmanyň öýüniň duşuna gelende düwünçegi penjesinden gaçyrdy. Hezreti Lukman altyny tanap, ony öýüne getirip goýdy.

Ol kişi ýene hezreti Lukmanyň ýanyna gelip, müň altyn pul karz alyp gitdi. Onuň köňlünde öňki ýaman hyýaly bardy. Ol ýolda bir ýapdan geçmeli boldy. Onuň ýanyndaky altyny suwa gaçdy. Ol suw hezreti Lukmanyň öýüniň ýanyndan akyp geçýärdi. Hezreti Lukman suwdaky altyny gördi we ony tanap alyp, öýünde goýdy.

Ol kişi üçünji gezek gelip, hezreti Lukmandan müň altyn pul karz aldy. Ol heniz öňki ýaman niýeti bilen gelipdi. Ýolda ol bu puly hem ýitirdi. Ol pul bir sebäp bilen hezreti Lukmanyň eline gowuşdy.

Ol kişi dördünji sapar gelip, hezreti Lukmandan müň altyn pul karz aldy. Emma ol bu sapar: «Men bu pul bilen söwda edeýin. Hudaýtgalanyň erki bilen men peýda görsem, dört müň altyn puly Lukmana gaýtaryp bereýin» diýip, ýagşy niýet etdi.

Ol kişi söwdasynda köp peýdalary gördi. Ol dört müň altyn puly hezreti Lukmana getirip, onuň öňünde goýdy. Hezreti Lukman bir müň altyn puly alyp, üç müň altyn puly ol kişä

gaýtaryp berdi. Bu kişi haýran galyp ondan: «Siz näme üçin beýle edýärsiňiz?» diýip sorady. Hezreti Lukman: «Men seniň menden alan puluňy ornuna goýdum. Meniň sende müň altyn pul hakym bardy. Men senden ony aldym»diýdi. Ol kişi hezerti Lukmandan hoşal bolup, üç müň teňňäni alyp çykyp gitdi.

**Hekayat:** Bir gün hojasy hezreti Lukmana: «Bar, sen bir goýun bogazlap, onuň etiniň haýsy ýeri ýagşy bolsa, ony maňa alyp gel» diýdi. Ol goýny soýup, onuň dili bilen ýüregini hojasyna getirip berdi. Hojasy oňa: «Sen bulary maňa näme üçin getirip berdiň?» diýdi. Hezreti Lukman: «Goýunda ýürekden we dilden ýagşy ýer ýokdur. Eger ýowuz bolsa, dilden we ýürekden ýaman zat ýokdur» diýdi.

Bir gün hezreti Lukman şeýle jar çekdirdi: «Kim karz pul aljak bolsa, meniň ýanyma gelsin!» diýdi. Bir adam gelip, ondan karz pul alyp gitdi. Emma kişi karzyny wagtynda getirip bermedi. Hezreti Lukman ol adamdan algysyny almaga perzendini ibermekligi ýüregine düwdi. Ol ogluny ýanyna çagyryp: «Eý, perzent! Sen ýolda barýarkaň saňa bir merdi-kelan hemra bolar. Sen onuň sözünden asla çykma. Ýene, ýeke daragtyň düýbünde uklama. Sen şähere gireňde, saňa bir hatyn görkezerler. Sen ony hergiz alma. Ýene, karz alan kişiniň öýünde gonma» diýdi. Ol perzent ýola rowana boldy. Ol bir parsah ýol ýöräpdi. Oňa bir merdi-kelan hemra boldy. Olar birnäçe ýol ýöräp, bir daragta baryp ýetdiler. Pir: «Biz şu daragtyň düýbünde bir salym dynç alyp ýataly» diýdi. Ol perzent: «Meniň atam ýalňyz daragytyň düýbünde ýatma diýip tabşyrypdy» diýdi. Pir: «Ataň saňa: «Ýolda bir pir-kelan duçar bolar. Sen onuň sözünden çykma» diýip, nesihat aýtmandymy?» diýdi. Ol piriň bu sözünden soň, bu ýerde düşläp, ol daragtyň saýasynda ýatdy. Birden daragtdan bir ýylan düşüp, bu oglana kast etjek boldy. Oglan ýylany öldürip, onuň başyny kesip, ony torba salyp goýdy.

Olar bu daragtdan ötüp, şähere girdiler. Ol ýerde oňa: «Sen bu hoşroý hatyny al» diýip köp ýalbardylar. Ol bu sözi kabul etmedi. Pir oňa: «Sen ony al. Emma sen menden birugsat oňa ýakynlyk etme» diýdi. Oglan ol hatyny aldy. Pir ýylanyň başyny oňa berip: «Sen muny oda köýdürip, onuň külüni hatynyň teýine dök» diýdi. Oglan piriň aýdyşy ýaly etdi. Ol hatynyň içinden bir ýylan çykyp öldi. Bu ýylan ol hatynyň ýatgysynda mekan tutupdy. Her kim ol hatyna ýakynlyk etse, ol ýylan zäherini döküp, ony öldürerdi. Şunuň ýaly bolup, ençe kişi ölüpdi. Her ýerden mysapyr söwdagär gelse, ol hatyn bilen ýakynlyk etdirip, ol ölenden soň, onuň malyny alardylar.

Elkyssa, bu ýigit hatyna ýakynlyk etdi. Ertesi ol hatynyň kowum-garyndaşlary: «Ýigit ölendir» diýşip gelseler, ol ölmändir. Olar haýran galdylar. Olar hatyndan: «Ýigidiň ölmän galmagynyň sebäbi näme?» diýip soradylar. Hatyn olara wakany beýan edip berdi.

Elkyssa, oglan pul karz alan kişiniň ýanyna bardy. Ol: «Siz bu gün bu ýerde boluň. Men puly erte bilen bereýin» diýdi. Oglan bu sözi kabul etmedi. Pir-kelan: «Bu gün sen bu ýerde bol» diýdi. Oglan bu ýerde galdy. Ol kişi bulara deryanyň kenaryndan ýer salyp berdi. Emma ol özüniň ogluna deryanyň kenaryndan uzakda ýer salyp berdi. Ol merdi-kelan oglana: «Onuň öz ogly üçin salan ýerinde ýat» diýdi. Oglan baryp, ol ýerde ýatdy. Karzdaryň öz ogly bolsa, deryanyň kenarynda salnan ýerde ýatdy. Gijesi derýa möwç urup, karzdaryň ogluny alyp gitdi. Hezreti Lukmanyň ogly salamat galdy. Ol ertesi puly alyp, ýene şol merdi-kelan bilen ýola rowana boldular. Ol pir: «Eý, ogul! Meniň maslahatym bilen ölümden gutuldyň. Indi sen maňa näme berersiň?» diýdi. Ol oglan: «Siz menden näme isleseňiz, şony hem alyň» diýdi. Ol pir: «Maňa senden hiç zat derkar däl. Men Hydyrdyryn» diýip, gözden gaýyp boldy.

**Hekaýat.** Hezreti Lukman ogluna üç sany wesýet etdi. Birinji, hatynyňa hergiz syryňy aýtma, ikinji, nowkisadan hergiz karz alma, üçünji, awan bilen hergiz dost bolma.

Hezreti Lukman ölenden soňra onuň ogly atasynyň özüne beren wesýetlerini synap görmek üçin bazara bardy. Ol bu ýerden bir goýun satyn aldy. Ony soýup, bir haltaň içine saldy. Ol hatynynyň ýanyna baryp: «Men bir adam bilen uruşdym. Men ony urdum weli, ol ölüp galdy. Men muňa haýran bolup, gorkup, ony bu ýere getirdim we athanada gömdüm, sen muny hiç kime aýtma» diýdi. Ondan soň ol bir näkesden pul karz aldy. Ondan soň baryp bir emeldar bilen aşna boldy.

Ol öýüne gelip, bir bahana tapyp hatynyny urdy. Ol hatynyna: «Men seni öldürerin» diýdi. Onuň hatyny perýat edip, patyşanyň kabulhanasyna baryp: «Meniň ärim gije bir adamy öldürip, ony athanada gömüpdir. Ol bu gün meni hem öldürjek boldy. Onsoň men ondan gaçyp, bu ýere arz etmäge geldim» diýip arz etdi. Patyşa: «Ol kişi gaçmanka tutup, bu ýere getiriň. Ony kim getirjek?» diýdi. Onuň emeldar dosty: «Ony men bu ýere getireýin. Men onuň öýüni bilýärin» diýdi. Emeldar dostunyň öýüne baryp, ony tutup alyp gaýtdy. Ol ýolda emeldara: «Eý, dostum! Sen meni goýber! Men gaçaýyn, bolmasa meni ol ýerde öldürerler» diýdi. Ol emeldara näçe ýalbarasa hem ony goýbermedi. Gaýta emeldar ony başgalardan has gaty tutdy. Emeldar ony alyp gelýärkä, bulara näkes duşup, onuň ýakasyndan aslyşyp: «Sen meniň algymy ber. Sen ölersiň, meniň pulum bolsa köýüp galar» diýdi.

Emeldar ony patyşanyň ýanyna eltdi. Patyşanyň gözi hezreti Lukmanyň ogluna düşüp: «Sen Lukmanyň oglusyň. Saňa beýle iş etmek ýaraşmaz» diýdi. Lukmanyň ogly: «Eý, patyşa! Seniň ömrüň uzyn bolsun! Bir kişi öýüme baryp, meniň öldürenimi getirsin» diýdi. Onuň öýüne bardylar. Ol ýerden agzy boguk çuwaly alyp geldiler. Onuň agzyny patyşanyň gözüniň öňünde açdylar. Ondan soýlan bir goýun çykdy. Patyşa:

«Bu ne ahwalatdyr? Ony maňa aýdyp ber» diýdi. Ol kişi başyndan geçen wakany: «Atam maňa üç sany nesihat edipdi. Men olary synap görmek üçin bu işi etdim. Atamyň sözi dogry çykdy» diýip aýdyp berdi.

**Hekaýat.** Hezreti Lukmanyň wagtyndaky soltan gazaplanyp, ony iki ogly bilen diriligine şäheriň daşynda bir guýa saldyrdy. Olaryň niredendigini halaýyk bilmez ýaly ol guýynyň agzyny ýapyp, üstüne bugdaý ekdirdi. Hezreti Lukman ol guýa girende kyrk batman gury üzüm (kişmiş) alyp girdi. Olar bu ýerde telim ýyl galdylar. Ol soltan ölüp, onuň tagtyna başga soltan oturdy. Ol hem telim ýyllap, soltanlyk etdi. Bir garry kişi bu soltanyň ýanyna baryp: «Eý, patyşa! Senden öňki soltan hezreti Lukmany iki ogly bilen ýeri gazyp, diriligine gömdüripdi. Emma hezreti Lukman bu ýere birnäçe wagtlyk owkatyny alyp giripdi. Olara ýeriň aşagynda näme bolduka? Şonuň üstüni siz açyp göräýseňiz ýagşy bolardy» diýip aýtdy. Soltan şol zaman adam ýygnap, ol ýere atlandy. Adamlar gözläp, ol guýynyň agzyny tapdylar. Bir kişi eline çyra alyp, tanap bilen sallanyp, guýynyň içine girdi.

Ol kişi guýynyň düýbüne düşüp: «Bir kişiniň süňkleri bar eken. Emma diri kişi ýok eken» diýip çykdy. Ýene bir kişini guýa salladylar. Ol ýany bilen çyra aldy. Ol kişi guýydan çykyp patyşa: «Onuň ogullary ölüpdir. Özi diri. Entek onuň jany bar. Ol guýynyň içinde ýalaňaç tapsyz ýatyr. Onuň eti we derisi ýukalypdyr. Oňa el degirseň pytrap gitjek» diýip habar berdi.

Adamlar ony bu ýerden çykarmagyň maslahatyny etdiler. Bir halynyň üstüne endigan pagta ýazdylar. Ol halyny guýa sallap, hezreti Lukmany oňa togalap mündürdiler we ony guýydan çekip çykardylar. Olar: «Onuň endamyna gün degse heläk bolar» diýip, guýynyň howasynda asyp goýdular. Üç günden soň onuň ýüregi tebrendi. Dördünji gün saryýag bilen şiräni garyp, üç wagtyna onuň agzyna damdyrdylar. Ol ýedi günde gözüni açdy. On günden soň janyna derman girip, ol: «Iki gyz

bolsa, men olary guçup ýatsam» diýip sözledi. Oňa iki gyz getirip berdiler. Ol olary guçup ýatdy. Ol bir aýdan soň turup oturdy. Patyşa: «Gyz guçup ýatanyň näme peýdasy bar?» diýip sorady. Hezreti Lukman: «Bu ýere ýaş gyz guçan bir garry bilen, bir garry hatyn guçan ýaş ýigit alyp geliň» diýdi. Olary alyp geldiler. Ol: «Synag üçin gyz alan garrynyň hem, garry hatyn alan ýigidiň hem injigini syndyryp, ýiligini görüň. Şonda siz ony bilersiňiz» diýdi. Bularyň injiklerini syndyrdylar. Gyz alan garrynyň ýiligi ýag ýaly eken, garry hatyn alan ýigidiň ýiligi suw ýaly eken. Muny görüp adamlar garry aýal bilen ýaş gyzyň tapawudyny bildiler.

## *ÝIGRIMI DOKUZYNJY KYSSA*
## HEZRETI UZAÝR ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Uzaýr alaýhyssalamyň pygamberliginde yhtylaf bardyr, ýagny käbir alymlar: «Ol pygamberdir» diýse, beýleki birleri bolsa: «Ol salyhdyr» diýýärler. Zülkarneýn we Zul-kefl babatda aýdylanda hem alymlaryň arasyndaky sözler şeýle hylafa eýedir.

Uzaýr Şarhaýanyň ogludy.

*Aýdypdyrlar*: Hasur atly ilde beni Ysraýyl on üç pygamber öldürdiler. Haktagala olara nusrat berdi. Olaryň hemmesini sungu we gylyç bilen sançdylar. Ýaş oglanlary beşiklerinden çykaryp, ortalaryndan çapdylar. Aýallaryny bulnadylar we ellerinden mallaryny aldylar. Uzaýr hem olaryň arasyndady. Ol Töwraty ýat tutardy. Bahtun-nasr beni Ysraýyldan bir gyz aldy. Ol gyz: «Senden bir hajatym bar» diýdi. Ol: «Seniň näme hajatyň bar?» diýdi. Ol gyz: «Sen beni Ysraýyldan hiç kimsäni öldürme. Sen olary azat et» diýdi. Olar ile ýandylar. Uzaýr ilden çykdy. Ol il oňa Şabirabat diýerdi. Ol özge ile barar boldy. Bu iki kendiň arasynda Watr Hawkala ýetmiş äri öldüripdi. Kim bolsa hem oňa tapawudy ýokdy. Ol ýolda bir obada düşledi we eşegini bir agaja baglady. Bir sözde: «Bu kent Beýtil-Mukaddesdi» diýip aýdypdyrlar. Aýat: ***«Ýa-da jaýlary ýykylan obanyň deňinden ötüp barýan kişi aýtdy»*** Uzaýryň ýanynda süýji üzüm suwy bardy. Ol gün Uzaýr kyrk

ýaşly gara sakally adamdy. Ol namaz okady. Ilimiň öňki ölülerini gördi we: «***Taňry bulary ölenden soň nähili direlderkä?»*** diýip aýtdy. Aýat: **«Allatagala ony ýüz ýyl öldürdi, soňra ol ony direltdi».** Allatagala özüniň direltmek gudratyny görkezmek üçin hezreti Uzaýryň janyny aldy. Uzaýr şu ýatyşyna ýüz ýyl ýatdi. Soňra Allatagala ony direltdi.

*Aýdypdyrlar:* Bu hal onuň üçin ajal ölümi däl-de, synag ölümidi. Eger ajal ölümi bolan bolsa, ol ahyretden habar tapardy. Ol ondan hiç bir habar tapmady. Allatagaladan: ***«Eý, Uzaýr! Seniň bu ýerde ýatanyňa näçe wagt boldy?»*** diýen owaz geldi. Hezreti Uzaýr: ***«Bir gün boldy»*** diýdi. Çünki ukynyň çägi bir gün bolýar. Ol güne tarap bakdy. Görse kölege gaýdypdyr. Uzaýr: «Ýene günüň birnäçe wagty bolupdyryn» diýip aýtdy. Allatagaladan: «Sen ýüz ýyldan bäri ýatyrsyň. Sen iýen azygyňa bak» diýen owaz geldi. «Onuň azygy injir bilen üzümiň süýji suwudy». Allatagaladan: ***«Az günde seniň agzyň üýtgär, emma ol üýtgemedi. Sen eşegiňe bak»*** diýien owaz geldi. Ol eşegine bakdy. Ol ölüpdir. Onuň süňkleri çüýräp gidipdir. Allatagaladan: «Hudaýtagala seni hemmelere nusga etdi» diýen owaz geldi. Aýatda: ***«Biz adamlaryň ölüp, kyýamatda direljekdigine müňkir adamlar üçin seni nusga edip öldürip direltdik»*** diýilýär.

Hasan Basry (goý, Alltagala oňa rehmet etsin!): «Bu süňk, hezreti Uzaýryň süňküdi. Hudaýtagala ilki bilen onuň gözlerine, soňra onuň süňklerine we beýleki agzalaryna jan berdi. Ol muny: «Gözleri bilen özüniň nähili direldilýändigini görmegi üçin etdi» diýip aýdypdyr.

Abdylla ibn Apbasyň aýtmagyna görä, ol eşegiň süňkleridi. Hudaýtagala ýele perman berdi. Ol älemi gezdi. Ol onuň eti, derisi, süňki nirede bolsa, olary ýygnap getirdi. Olaryň baryny ýerbe-ýer edip goýdy. Onuň hiç bir zady üýtgeşik bolmady. Eşek ýerinden turdy we bir gezek aňňyrdy. Hezreti Uzaýr

muny görüp, Hudaýtagala sežde etdi. Hezreti Uzaýr Allatagalanyň hemme zada hudaýdygyny bildi we: ***«Indi men Allatagalanyň hemme zada güýç-gudratynyň ýetýändigini bilýärin» diýdi.*** Ondan soň hezreti Uzaýr eşegine mündi. Öýüne geldi we gapysyny kakdy. Öýden onuň ogly çykdy. Ol ak sakallydy. Hezreti Uzaýr: «Essalamu aleýkum, eý, oglum!» diýdi. Ogly: «Sen näme meniň üstümden gülýärsiňmi?» diýip aýtdy. Onuň ogly bu wagt ýüz ýigrimi ýaşyndady. Hezreti Uzaýr bu waka bolanda kyrk ýaşyndady. Bu wakadan öň onuň ogly ýigrimi ýaşyndady. Ýüz ýyllap hezreti Uzaýr ölüp ýatdy. Şeýlelikde, onuň ogly ýüz ýigrimi ýaşynda we atasy kyrk ýaşynda boldy. Munuň dek ajap zady dünýäde hiç kim görmedi. Uzaýr: «Men Uzaýrdyryn» diýdi. Adamlar Uzaýryň sözüne ynanmadylar. Garrylar ýygnandylar. Olar: «Uzaýr Töwraty ýat tutardy. Ol ony imla kylardy. Sen Töwraty aýdyp berseň, biz saňa ynanaly» diýip aýtdylar. Ol Töwraty başdan ahyryna çenli ýatdan aýdyp berdi we kagyza ýazdy. Şonda hem olaryň köňülleri ynanmady. Çünki ol wagt Töwraty olaryň hiç biri hem ýagşy bilmeýärdi. Olaryň biri: «Men pylan ýerde Töwraty gizläp goýupdym» diýip, ol kitaby alyp geldi. Hezreti Uzaýr Töwraty täzeden okady. Onuň okanyndan kitabyň bir harpy egsik ýa-da artyk gelmedi. Bu ahwalaty görüp olar: «Hudaýtagala biziň aramyzdan Töwraty göteripdi. Şonuň üçin ol biziň hiçimiziň köňlümizde ýokdy. Bu gün hezreti Uzaýryň köňlünde hasyl boldy» diýip aýtdylar. Olar ýene: «Hudaýtagala üçin Uzaýr biziň hemmämizden dostrak eken» diýdiler. Aýat: ***«Uzaýr Taňrynyň ogly eken»***. Muny aýdanlaryň hemmesi ýoldan azaşanlardy.

**Hekaýat.** Hezreti Uzaýr: «Eý, Taňrym! Sen gullaryňa ýazyk etmegiňi takdyr etdiň. Seniň kazaň özge bolmaz. Näme üçin sen guluň ýazygy seniň emriň bilen etse, ony günäkär edýärsiň» diýip dileg etdi. Allatagaladan: «Eý, Uzaýr! Bu

meniň ylmymyň aslydyr, sen ony menden sorama. Sen bu dilegiňi goý» diýen owaz geldi. Ol bu dilegi üç gezek etdi. Allatagaladan: «Men saňa bu dilegi goý» diýip aýdypdym. Emma şonda hem sen ony ýene iki gezek aýtdyň. Men seniň adyňy pygamberleriň diwanyndan (kitabyndan) çykararyn» diýen owaz geldi. Hezreti Uzaýr bu dilegi ýene etdi. Hudaýtagala onuň adyny pygamberleriň diwanyndan çykardy. Onuň ady syddyklaryň diwanynda ýazyldy.

*Aýdypdyrlar:* «Şu sebäpden onuň pygamberliginde yhtylaf bardyr».

## *OTUZYNJY KYSSA*
## HEZRETI ERMIÝA ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Beni Ysraýylyň halky günä we bozuk işlere meşgul boldular. Olar ýagşy işleri etmekden saklandylar. Hezreti Ermiýa alaýhyssalam olaryň üstüne geldi we: «Siz köp günä iş etdiňiz. Indi size Hudaýtagala Bahtun-nasry iberer. Ol siziň ketdeleriňizi öldürer, kiçileriňizi kowalar, Töwraty oda köýdürer we Beýtil-Mukaddesi bozar» diýip aýtdy. Olar Ermiýa alaýhyssalamy tutup, zyndana saldylar.

Ondan soňra Bahtun-nasr geldi. Ol hezreti Ermiýanyň aýdany ýaly işleri etdi. Olar aýtdylar: «Eý, patyşa! Sen bize patyşa bolup gelmeziňden öň, bu boljak işleri öňünden habar eden bir adam bar. Biz onuň sözüne ynanmadyk» diýip aýtdylar. Bahtun-nasr: «Beýle bolsa, siz ony meniň ýanyma getiriň» diýdi. Adamlar ony patyşanyň ýanyna alyp geldiler. Patyşa hezreti Ermiýadan sorady: «Bu işlerden kim saňa habar berdi?» diýdi. Hezreti Ermiýa: «Hudaýtagala habar berdi» diýdi. Bahtun-nasr: «Sen meniň hyzmatymda bol. Men saňa hezzet-döwlet görkezeýin» diýdi. Hezreti Ermiýa: «Men Hudaýtagalanyň bendesidirin. Men onuň hyzmatyny edýärin» diýdi. Ondan soň Bahtun-nasr köp kişileri öldürip, olaryň pullaryny alyp gitdi. Beni Ysraýyl halkynyň galanlary hezreti Ermiýa alaýhyssalamyň ýanyna gelip, iman getirdiler. Olar öňki eden işlerine toba etdiler.

## *OTUZ BIRINJI KYSSA*
## ZEKERÝA WE ÝAHÝA ALAÝHYMASSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Ol ***«Hudaýtagalany çagyryp, öz kowumyndan gizlin dileg etdi»*** diýen aýat bilen haladyny geýen, ***«Meniň süňňümiň süňkleri ejizläp inçeldi»*** diýip, Hudaýtagaladan töwella eden, ***«Men senden dileg edip, onuň netijesinden hiç haçan mahrum bolmandym»*** diýip şükür eden, ***din emrlerini ýöreder ýaly sen maňa öz dergähiňden ýagşy ogul ber»*** diýip ogul soran, ***«Eý, Zekerýa! Biz Ýahýa atly ogul perzent bermek bilen söýünjileýäris»*** hoş habary eşiden Zekerýa alaýhyssalamdyr. Aýat: ***«Taňry seni ýalkar» diýip, aýdan Ymranyň aýalydyr».*** Bu Ymran hezreti Musanyň atasy bolan Ymran däldir. Abdylla ibn Apbasyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) sözüne görä, Musanyň atasy Ymrandan bu Ymrana çenli bir müň sekiz ýüz ýyl geçendir. Bu Ymran ýawlak salyh we muttaky ärdi. Onuň hatynynyň ady Hannady.

Hanna bir gün bir garga gördi. Ol onuň çagalaryny däne berip terbiýeledi. Hanna: «Hudaýtagala maňa bir perzent berse, men bulary azat ederin» diýip aýtdy.

Ol halkyň bir adaty bardy. Perzent dogan güni, ony enesinden aýryp, Beýtil-Mukaddese hyzmatkärlige tabşyrardylar. Ol ýerde ony ösdürip we terbiýeläp hyzmata salardylar. Olar on iki ýaşa baranda metjidi süpürip, gije çyra ýakyp,

hyzmat ederdiler. Ol balyg bolansoň, islese metjidiň hyzmatynda bolardy, islese hem başga işleri işlärdi.

Hanna garnynda oglan bildirende ärine: «Men bu çagany Beýtil-Mukaddese hyzmata bermekligi nezr etdim», diýip aýtdy. Ymran: «Sen entek sabyr et. Ol çaganyň heniz ogul ýa-da gyz dogjagynyň bellisi ýok. Eger ol gyz bolsa, ol metjidiň hyzmatyna ýaramaz» diýdi. Hanna: «Men eýýäm nezr etdim, galanyny bolsa Hudaýtagalanyň özi biler» diýdi. Hanna ýene: ***«Eý, Taňrym! Menden bu nezri kabul et. Sen eşidiji hem bilijisiň» diýdi.***

Hannanyň aýy-güni ýetip, gyz dogurdy. Ol: «Eý, Taňrym! Men: «Ogul dogsam, ony metjide hyzmata bererin» diýip, nezr edipdim. Indi meniň bary-bir oňa garşylygym ýok» diýdi. Aýat: «Hanna göwresindäki ýüküni goýan wagty: «Eý, Taňrym! Men gyz dogdum» diýdi. Taňry: ***«Men ol gyza Merýem diýip at goýdum***» diýip aýtdy. Ibriý dilinde «Merýem» sözi «hadym» diýmekligi aňladýar. Hanna ýene «Eý, Taňrym! Men: «Merýemi we onuň urugyny şeýtanyň şerinden sakla» diýip saňa sygynýaryn» diýdi. Hudaýtagala Hannanyň bu dilegini kabul etdi. Ol Merýemi Beýtil-Mukaddese eltip goýdy. Enekeleriň hemmesi Merýemi saklamaga höwes etdiler. Zekerýa: «Merýemi saklamaga men laýykdyryn. Çünki onuň halasy meniň nikamda durýar» diýdi. Aýat: ***«Hudaýtagala Merýemi terbiýelemegi Zekerýa tabşyrdy».***

*Aýdypdyrlar:* «Ýaş çagany terbiýelemek, elbetde, enä ýagşy bolar». Emma Merýemiň terbiýesini kimiň öz üstüne almaldygyny bilmek üçin: «Oňa karga atyň. Bije kimiň adyna çyksa, onuň terbiýesini şol boýnuna alsyn» diýdiler. Aýdylyşyna görä, ol döwürde bije demirdendi. Olar demire atlaryny ýazyp, ony suwa saldylar. Hemmäniň bijesi suwa batdy. Emma Zekerýanyň bijesi suwa batmady. Zekerýa Merýemi öýlerine eltdi.

Merýem ulaldy. Olar: «Ony giýewe alyp bereliň» diýdiler. Merýem muňa göwnemedi.

*Sowal:* Merýem muny näme üçin unamady?

*Jogap:* Aýala är üç sebäden gerek. Birinji, iýmek-içmek üçin, ikinji, ogul-gyz öndürmek üçin, üçünji, jübütlik mazasy üçin. Hudaýtagala Merýeme sawmanyň içinde emgeksiz rysgal berdi. Aýat: ***«Zekerýa her sapar Merýemiň ýanyna mähraba baranda ol ýerde dürli tagamlary tapdy».*** Ogul-gyz ärden bolýan bolsa, Merýeme Isa dek ogul atasyz berildi. Jübütlik mazasy diýseň, Hudaýtagala Merýeme ybadat içinde maza berdi. Är mazasy onuň ýanynda ýoga çykdy. Merýem gije-gündiz mährapda namaz okardy. Zekerýa Merýemiň ýanyna girdigi saýy onuň öňünde dürli nygmatlary görerdi. ***Ol: «Eý, Merýem! Bu rysgal saňa nireden gelýär?» diýdi. Ol: «Bu nygmatlar maňa Hudaýtagalanyň dergähinden gelýär. Allatagala kime islese, sansyz rysgal berýär» diýdi.*** Hezreti Zekerýa Merýemi bu ýagdaýda görüp: ***«Eý, Taňrym! Sen Merýeme gyş gününde ýaz nygmatyny berýärsiň. Maňa garran çagym öz dergähiňden bir päkize oglan ber. Elbetde dilegleri eşidijisiň» diýip dileg etdi.*** Hezreti Zekerýa üç ýüz ýaşapdy. Ol Hudaýtagala: ***«Eý, Taňrym! Meniň süňklerim garrady, saçlarym agardy. Sen maňa dergähiňden näme dilesem ony berdiň. Indi, meniň ogul-gyz dogmadyk kempirimden maňa bir ogul ber. Ol ogul menden we Ýakubyň perzentlerinden galan zatlara eýe bolsun. Eý, Taňrym! Sen onuň eden amalyndan, aýdan sözünden razy bol!» diýip ýalbardy***.

**Hekaýat.** Bir kişi Taňrydan ogul diledi. Hudaýtagala oňa muhannas çaga berdi. Ol: «Eý, Taňrym! Men senden ogul diledim. Sen bolsa maňa muhannas berdiň» diýdi. Hudaýtagaladan: «Biz saňa ogul berdik. Sen dilemegiň ugruny bilmediň. Eý, mömin! Sen ogul dileseň mutlak dileme. Ogul ýagşy hem, ýaman hem bolar. Eýse sen Zekerýanyň mutlak

ogul dilemändigini bilmeýärsiňmi? Ol: «Eý, Taňrym! Maňa mülküme mirasdüşer boljak we seni razy etjek ýagşy ogul ber!» diýip, şertlerini atlandyryp dileg etdi. Şonuň üçin men oňa Ýahýany berdim» diýen bir owaz geldi. Aýat: ***«Eý, Zekerýa! Biz saňa Ýahýa atly bir ogul bermek bilen söýünjileýäris».***

Hezreti Zekerýa gije-gündiz tagat-ybadatda meşgul bolardy. Hezreti Zekerýa: «Eý, Taňrym! Men senden ogul diledim. Sen ony maňa berdiň» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Zekerýa! Sen ogul dilediň. Biz saňa öz emrimizi berjaý edip, bize ýakynlyk tapjak ogul berdik. Ogul diýeniň şunuň ýaly bolar» diýen owaz geldi. Zekerýa ogul dilegini edenden soňra, mahrapda namaza durdy. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip, bir owaz etdi. Aýat: ***«Perişdeler Zekerýa mährapda namaz okap duran wagty owaz etdiler».*** Eý, Zekerýa! «Allatagala seni ýalkar. Çünki sen mährapda namaz okap durkaň dileg etdiň. Sen bazarda dileg etmediň». Bu ýerde mälim boldy, dilegi mährapda okalan namazdan soň dilemek gerek. Şeýle hem mähraba bakyp durmak lazym. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Zekerýa! Hudaýtagala saňa Ýahýa atly oguldan hoş habar berer. Ol Isa pygamberi dogry ýola gönükdirer. Ol päk gylykly oglan bolar. Ol sawçy bolar. Aýat: «Perişdeler: «Hudaýtagla saňa Ýahýa atly ogul bilen hoş habar berdi. Ol Allatagalanyň sözi bilen Isanyň hak pygamberdigini tassyklar. Ol seýitlerdendir. Onuň aýallara gyzykmasy bolmaz. ***Ol ýagşy bendelerden bolan pygamberdir»*** diýip aýtdylar. Şeýle hem başga bir aýatda:: ***«Eý, Zekerýa! Biz saňa Ýahýa atly ogul bermek bilen hoş habar berýäris. Biz mundan öň Ýahýanyň atdaşyny ýaratmadyk» diýip Hudaýtagala seni ýalkar» diýilýär.***

*Aýdypdyrlar:* Ýahýa hergiz ýazyk etmedi. Ol ýazygy köňlüne hem getirmedi.

*Aýdypdyrlar:* Ýahýanyň enesi Isanyň enesi bilen garyndaşdy. Olaryň ikisi hem birden hamyladar boldular. Bu iki aýal bir gün ikisi bile otyrdylar. Ýahýanyň enesi Isanyň enesine: «Saňa söýünji bolsun! Seniň süňňüňdäki ogul meniň süňňümdäki oguldan artykdyr. Men ony meniň içimdäki oglan seniň içiňdäki oglana sežde edeninden bildim» diýip aýtdy. Ol wagtda tahyýat seždesini etmek döwrüň şerigaty boýunça dürsdi.

Zekerýa: «Eý, Taňrym! Men garradym. Jübütim hem ogulgyz dogurmady. Biz ikimizden nähili ogul bolar? Indi biz başdan ýigit bolmarys. Iki garrydan bolsa çaga dogmaz» diýdi. Aýat: «Zekerýa: ***«Eý, Taňrym! Maňa garrylyk ýetişipdir. Meniň aýalym hem çagalamakdan galan. Onsoň maňa nireden çaga bolsun» diýýip aýtdy.*** Jebraýyl alaýhyssalam: ***«Şunuň ýalydyr. Hudaýtagala nähili islese, şonuň ýaly hem berýär»*** diýdi. ***Zekerýa: «Eý, Taňrym! Hatynymdan oglan boljagynyň alamatlaryny maňa bildir» diýdi.*** Aýat: ***«Jebraýyl perişde Allatagalanyň emri bilen oňa: «Hudaýtagala islän zadyny şonuň ýaly eder» diýdi.*** Aýat: ***«Hudaýtagala oňa: «Seniň aýalyň ýükli bolmagynyň alamaty: sen üç gije-gündiz adamlar bilen sözleşmersiň, meger sen el, göz, gaş, başyň bilen yşarat edersiň. Sen Taňryny köp ýatla we gije-gündiz onuň tesbihini (tarypyny) et» diýip aýtdy».***

*Aýdypdyrlar:* «Ýahýa ýawlak muttaky we zahyt kişidi. Ol kiçiliginden tagat etmeklige höwesjeňdi, öz deň-duş oglanlary bilen oýna goşulmazdy we ýeke özi daglara baryp, ybadata meşgul bolardy. Zekerýa enesi bilen ikisi derhast kylyp, ony ile goşardylar. Zekerýa halaýyga wagz edip, mejlis tutardy. Ol köp nesihatlary aýdardy. Ýahýa ony eşidip: «Ah» diýip, huşuny ýitirip ýykyldy, soňra ol ýene turup gitdi. Ata-ene ikisi baryp, ony tutdular. Ol köp ýyglady. Onuň gözleriniň ýaşy iki ýaňagyndan aryk dek akardy. Ýaşyň akan ýollaryndan ýara döräp, gan akardy. Enesi ak mata bilen onuň ýaňaklarynyň ýarasyny

süpürerdi. Ol şonuň ýaly dürli gorkular bilen Hudaýtagala ybadat ederdi.

*Aýdypdyrlar:* «Şol döwrüň patyşasy bir aýaly jübütlik üçin aldy. Ol aýalyň öňki ärinden bir gyzy bardy. Ol gyz ese-boýa ýetişdi. Gyzyň enesi dünýäniň gyzygyna köňül berip, gyzyny nika birle patyşa berer boldy. Ol gyza päk donlar geýdirip, üstüne ýypar (müşk-anbar) sepip, patyşanyň ýanyna iberdi. Patyşa onuň görküne höwesi gidip, köňül berdi. Gyz hem oňa göwnedi. Bu ikisine nika gyýmakçy boldular. Emma olara nika gyýmaklyga höküm tapmadylar. Gyzyň enesi patyşa: «Bu ýere Ýahýany getiriň» diýdi. Ýahýany getirip, ondan soradylar. Ýahýa: «Bu nika rowa däl we düşmeýär»diýdi. Bu sowaly başga alymlardan soradylar. Olar patyşadan gorkup: «Nika rowa bolar» diýdiler. Patyşa Ýahýa gazaplanyp, gyza meýil etdi. Gyz: «Eý, patyşa! Eger sen Zekerýany we Ýahýany öldürmeseň, men saňa boýun sunmaryn» diýdi. Patyşa Ýahýany öldürmekçi boldy. Emma ulamalar: «Ýahýanyň gany ýere damsa, ol ýerden tä kyýamata çenli ot önmez» diýip aýtdylar. Patyşa Ýahýany öldürmekligi buýurdy. Ýahýany gazanyň içine salyp bogazladylar. Onuň gany dynmady. Gazanyň içi gandan doldy. Gan gazandan agyp çykyp, saraýa akyp başlady. Öýüň içi hem gandan dolup, daşaryk çykdy. Gan iliň içine ýaýrady. Il ganyň astynda galdy. Adamlar gorkup ejizlediler. Hukumalar aýtdylar: «Ol gyzy öldürýänçäňiz, bu gan dynmaz». Her hili hile etdiler. Gan dynmady. Adamlar dermende boldular. Ahyrynda patyşa gyzy getirip, gazanyň içinde bogazlatdy. Ondan soň Ýahýanyň gany dyndy. Kesilen baş gazanyň içinden gaty üýn (ses) bilen: «Enesini alana gyzyny almaklyk rowa bolmaz» diýip aýtdy.

Zekerýa bu ýerden gaçdy. Gaçyp barýarka oňa ýaş agaç ýolukdy. Zekerýa ol agaçdan gizlenmäge ýer sorady. Hudaýtagalanyň gudraty bilen agaç iki ýaryldy. Zekerýa ol ýere girdi.

Agajyň iki ýarygy bir-birine gowuşdy. Onuň yzyndan gözläp geldiler. Olara Iblis (oňa nälet bolsun!) ýolukdy. Olar ondan: «Sen Zekerýany gördüňmi?» diýip soradylar. Iblis: «Ol şu agajyň arasyna girdi» diýip aýtdy. Hezreti Zekerýanyň sellesiniň ujy agajyň daşynda galypdy. Iblis olara ony görkezdi. Olar: «Biz bu agajyň düýbüni kessek, ol onuň başyndan çykar, başyndan kessek, düýbünden çykar» diýip aýtdylar. Olar erre getirip, agajyň depesinden iki ýardylar. Erre hezreti Zekerýanyň başyna ýetende, ol özüne: «Men perýat edip gygyraýyn» diýip aýtdy. Şol wagt hezreti Jebraýyl gelip: «Eý, Zekerýa! Hudaýtagala saňa: «Sabyr etsin» diýip perman berýär. Eger sen perýat etseň, seniň sesiňden ýedi gat ýer bozular. Ýer-ýere gatyşar para-para bolar» diýdi. Hezreti Zekerýa sabyr etdi. Hezreti Zekerýany agaç bilen ýardylar. Habarda aýdylyşyna görä, haçan pygamber öldürilse, pitne (gowga) goparmyş. Ol pitne ýetmiş müň är ölmeýänçä gitmeýärmiş. Zekerýa üçin pitne gopdy we ýetmiş müň är öldi. Ýahýa üçin hem ýetmiş müň är öldi. Ondan soň pitne gitdi. Bir sözde: «Möminleriň emiri Osmanyň ölümi üçin hem ýetmiş müň är öldi» diýip aýdypdyrlar.

## *OTUZ IKINJI KYSSA*
## HEZRETI BIBI MERÝEMIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Aýat: ***«Eý, Muhammet! Gurhandaky Merýemiň kyssasyny adamlara mälim et. Şol wagt Merýem aýdaky görümden päklenmek üçin öz daýzasynyň saraýyndan bir çete – Beýtil-Mukaddesden gündogara bir ýere çykdy».***

*Aýdypdyrlar:* Bibi Merýem haýz gördi. Haçan onuň aýbaşysy gutaranda ol gündogara tarap ýöredi. Bibi Merýem ilki aýbaşy gören aýaldy. Ondan öň hiç bir aýal aýbaşy görmändi. Ol: «Menden başga hiç kim aýbaşy görmesin» diýip köp gyjalat çekdi. Aýat: ***«Merýem bir ýakyn ýerde adamlar bilen arasyna tuty tutup, ýuwunmaga oturdy»***. Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalamy iberdi. Ol bir ýigit suratynda bolup geldi. Bibi Merýem ondan utanyp: «Eý, ýigit! Menden daşrakda dur» diýdi. Hezreti Jebraýyl: ***«Eý, Merýem! Gorkma, men adam däldirin. Men Allatagalanyň ilçisi bolan Jebraýyl perişdedirin. Men seniň ýanyňa Allatagalanyň permany bilen ýagşy perzent bagyşlamak üçin geldim». Bibi Merýem: «Menden ogul nireden bolsun? Men hiç bir adam görmedim. Men zyna hem etmedim» diýdi.*** Jebraýyl alaýhyssalam: «Eger Hudaýtagala islese, hemme zat bolar» diýdi.

*Sowal:* Hezreti Jebraýylyň: «ogul bagyşlaryn» diýmegi nähili bolýar? Hemme zady bagyşlaýan Allatagalanyň özüdir.

*Jogap:* Bu ýere Jebraýyl alaýhyssalam diňe habar bermäge gelýär. Ol: «Men saňa Allatagalanyň: «Eý, Merýem! Men saňa päkize ogul bagyşlaýaryn» diýen habaryny aýtmaga geldim» diýdi. Hezreti Jebraýyl Bibi Merýemiň ýakasyny tutup, agzyna dem urdy. Aýat: ***«Biziň emrimiz bilen Jebraýyl alaýhyssalam Isanyň ruhuny hezreti Bibi Merýeme üfledi».*** Bibi Merýem şol zaman bir lezzet tapdy. Şu ýerden Bibi Merýem hezreti Isa alaýhyssalama hamyladar boldy.

*Bir rowaýatda aýdylyşyna görä:* «Hezreti Isa şol zaman dogdy», käbir alymlaryň aýtmagyna görä bolsa: «Ol alty aýdan soň dogdy» diýip aýdylýar. Çünki alty aýda dogsa oglan direlýär, ol sekiz aýda dogsa, direlmeýär. Emma Isa alty aýda doglup direldi. Bu Hudaýtagalanyň bir gudratydy. Ol enesiniň garnyndaka, enesi bilen sözleşerdi. Şeýle hem alymlar: «Isa bilen Ýahýa eneleriniň garynlarynda sözleşerdiler» diýip aýdypdyrlar. Isa enesiniň garnyndaka boljak zatlary aýdardy.

Haçan Bibi Merýemiň aýy-güni dolanda, ol oglanyň agyrsyny duýdy. Bibi Merýem ýerinden turup, çagalamagyň kynçylygyndan ýaňa, şäherden çykyp, hurma agajynyň ýanyna bardy. Ol bir gury agaçdy. Ol agaç Bibi Merýemiň berekedinden gögerdi we hurma getirdi. Käbir alymlar: «Bibi Merýem hezreti Isany agzyndan dogurdy» diýip, başga bir alymlar: «Bibi Merýem ony kindiginden dogurdy» diýip aýdypdyrlar. Bibi Merýem halkdan utanjyna: ***«Käşki, men muny dogurmazdan öň ölen bolsam ýagşy bolardy. Men bir wagt unudylan bolardym»*** diýdi.

Hezreti Isa Bibi Merýemiň göwresinden aýryldy. Aýat: «Merýemiň oturan ýeriniň aşagyndan oňa bir perişde: ***«Eý, Merýem! Sen gamgyn bolma! Hudaýtagala saňa aýagyň aşagyndan akar çeşmäni peýda etdi»*** diýip seslendi»

*Sowal:* Hudaýtagala Bibi Merýeme uly hem däl, kiçi hem däl, orta çeşmäni berdi. Oňa orta çeşme bermekde näme hikmet bar?

*Jogap*: Eger ol çeşme uly bolsa, Bibi Merýem oňa girip ýuwunmaga gorkardy. Eger ol çeşme kiçi bolsa, ol ýuwunmaga ýaramazdy. Ol perişde ýene oňa: «Eý, Merýem! Bu gury hurma agajany özüňe tarap yrgyldat. Ol seniň üstüňe täze bişen hurmany döker. Sen çeşmeden suw iç we hurmadan iý. Seniň gözüň Isa dek ogluň bolandygyny görüp aram tapsyn. Eger biri saňa: «Bu atasyz ogly nireden aldyň?» diýse, sen oňa: ***«Ony maňa Hudaýtagala berdi. Men bu gün Taňrym üçin oraza tutmaklygy nezr etdim. Şonuň üçin men bu gün hiç kim bilen gepleşmerin» diý» diýip aýtdy.***

Soňra Bibi Merýem bu ýerde nefasdan päkleňýänçä kyrk gün durdy. Ondan soň ol ýola rowana boldy. Bibi Merýem ýolda gelýärkä oňa adamlar sataşdylar. Ol olardan ýol sorady. Olar oňa tikenli ýoly salgy berdiler. Bibi Merýem bu ýol bilen ýöräp emgendi. Ol bulara: «Eý, Taňrym! Bulardan hünär berekedini göter» diýip, gargyş dilegini etdi. Aýat: ***«Ondan soň Bibi Merýem ogly Isa bilen öz kowumy bolan jöhütleriň ýanyna geldi».*** Ol özüne: «Atasyz ogly nirden aldyň?» diýilmezligi üçin ony gizledi. Bibi Merýemiň ogluny alyp gelen kowumy ýagşy ahlakly halkdy. Olar Bibi Merýemiň bir çagany gundoglap gelenini gördüler. Aýat: **«Eý, Merýem! Sen nesliňde bolmadyk ýaman işi edip geldiň»** Aýat: ***«Eý, Harunyň aýal dogany! Seniň kakaň Ymran zyna eden kişi däldi. Seniň ejeň Hanna hem zynakeş bozuk aýal däldi. Sen bu oglany nireden tapdyň?» diýdiler. Bibi Merýem oglany görkezip: «Siz jogaby şu oglandan alyň» diýdi. Olar: «Biz sallançakdaky oglan bilen nähili gepleşeli?» diýip aýtdylar. Hezreti Isa emmesini kesip, ýüzüni olara tarap öwrüp: «Men Allatagalanyň bendesidirin. Hudaýtagala maňa Injil atly kitaby iberer. Ol***

***maňa pygamberlik berer. Men nirede bolsam hem ol meniň işimi rowaç eder. Ol maňa diri wagtymda namaz okamaklygy we zekat bermekligi buýurdy» diýdi.*** Ol bu sözleri aýdandan soň, tä özüne dil çykýança gaýdyp geplemedi.

Hezreti Isa Bibi Merýemiň ogludy. Emma onuň dogluşynyň täsin ýagdaýda bolup geçmegi adamlaryň arasynda bir-birine çapraz gelýän ters düşünjeleriň döremegine sebäp boldy. Olaryň käbirleri «Isa Taňrynyň ogludyr» diýdiler. Aýat: ***«Hristianlar (nasranylar): «Isa Mesih Taňrynyň ogludyr» diýdiler. Bu söz, elbetde, olaryň agyzlary bilen aýdýan sözleridir.*** (ýagny, olaryň öz akyly bilen oýlap tapýan sözleridir. Allatagalanyň aýdan sözi däldir)».

Beýleki birleri bolsa: «Ol Taňrydyr» diýdiler. Aýat: ***«Allatagala uýmadyk adamlar: «Ol Merýemiň ogly Isa Mesihdir» diýdiler. Isanyň özi bolsa: «Eý, Ysraýylyň perzentleri! Siz Allatagala ybadat ediň. Ol meniň, siziň we hemmämiziň Taňrymyzdyr» diýdi».*** Başga birleri bolsa: «Hudaýtagala üçdür (Isa, Merýem, Allanyň özi)». Aýat: ***«Tersalar (haçparazlar): «Allatagala üç Taňrynyň biridir» diýdiler. Emma Allatagalanyň ýeke özünden başga Taňry ýokdur».***

## *OTUZ ÜÇÜNJI KYSSA*
## HEZRETI ISA ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Hezreti Isa ösüp ulaldy. Ol bir gün enesinden: «Hudaýtagala bizi näme üçin ýaratdy?» diýip sorady. Enesi «Ol bizi özüne ybadat etmegimiz üçin ýaratdy» diýip aýtdy.. Hezreti Isa enesine: «Biz bu ýerde ybadata meşgul bolsak, halaýyk bize köp tagna eder. Şonuň üçin biz dagyň gowagyna gidip ybadat edeli» diýdi. Enesi onuň bu sözüni kabul etdi. Olar iki bolup şäherden çykdylar we daga gitdiler.

Eneli ogul dagda gündizine oraza tutardylar, gijesine bolsa ybadat ederdiler. Olar agşam düşse, judy oty bilen agyz açardylar. Bir gün hezreti Isa ol oty ýygnamaga gitdi. Ezraýyl alaýhyssalam bibi Merýemiň ýanyna geldi we oňa salam berdi. Bibi Merýem onuň salamyna jogap berdi. Bibi Merýem ondan: «Siz kim?» diýip sorady. Ezraýyl alaýhyssalam: «Men melekul-möwtdirin» diýip aýtdy. Bibi Merýem: «Siz bu ýere näme iş bilen geldiňiz?» diýip sorady. Ezraýyl alaýhyssalam: «Men siziň janyňyzy almaga geldim» diýdi. Bibi Merýem: «Siz bir sagat sabyr ediň. Isa gelsin. Men onuň bilen hoşlaşaýyn» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Meniň Isanyň gelerine wagtym ýok» diýip, onuň janyny aldy.

Ondan soň hezreti Isa ýetip geldi. Ol: «Enem uklapdyr» diýip hyýal etdi. Gün ýaşyp, agzaçar wagty geldi. Hezreti Isa: «Eý, ene! Indi turuň. Agz açar wagty boldy. Birden agşam

namazyňyz kaza bolaýmasyn!» diýdi. Emma enesi onuň bu sözüne jogap gaýtarmady. Howadan bir: «Eý, Isa! Seniň eneň öldi» diýen owaz eşidildi. Hezreti Isa bu habary eşidip ýyglady. Ol: «Enem agzyny açmady» diýip, özi hem hiç zat datmady. Howadan: «Eý, Isa! Sen ýyglamagyňy bes et» diýen owaz geldi. Hezreti Isa ýyglamagyny kesdi. Ol gije hezreti Isa enesiniň ýanynda ýatdy we ukudaka bir düýş gördi. Enesi uçmahyň içinde halat-serpaý geýip, tagtyň üstünde otyr. Onuň daş töweregini hüýrler gurşap alyp, oňa hyzmat edýärler. Enesi: «Eý, Isa! Sen «Enem meniň bilen dünýäde agzyny açman gitdi» diýip gynanma! Hudaýtagala bu rysgaly jennetde berdi. Ol meniň agzymy uçmahda açdy» diýip aýtdy.

Hezreti Isa ertesi hoşal bolup oýandy. Soňra ol şähere gitdi. Ol enesiniň ýanyna birnäçe salyha alyp geldi. Olar Bibi Merýemi ýuwdular, onuň namazyny okadylar we jesedini topraga tabşyrdylar.

Hezreti Isa ile gaýdyp geldi. Ol halaýygy imana çagyrdy. Ol özüniň pygamberligini ile äşgär etdi. Olar: «Eger sen pygamber bolýan bolsaň, sen bize keramat görkez» diýdiler. ***Hezreti Isa: «Meniň dürli keramatym bardyr. Men Taňrynyň erki bilen ölini direldýärin, hassany sagaldýaryn, pisi bejerýärin we köri görer ýaly edýärin» diýip aýtdy.***

*Aýdypdyrlar:* Adamlar pygamberleriň ussat jadygöýlerden ýa-da ökde tebiplerden üstün çykyp, keramat görkezmeklerini talap ederdiler. Hezreti Ybraýymyň döwründe ussatlar jadylyk bilen buýsanardylar. Onsoň Allatagala pygamberleriň her birine dürli keramatlary bererdi. Hudaýtagala hezreti Musa hasany keramat edip berdi. Ol hezreti Isa hem keramatlar eçildi. Hemme tebipler ondan ejiz geldiler. Onuň bir mysaly tebipler ölini direldip bilmediler. Aýat: ***«Hezreti Isa: «Men Allatagalanyň erki bilen doga köri gözli ederin, pisi düzederin we ölini direlderin» diýip aýtdy.*** Olar: «Bize palçykdan guş

ýasa. Goý, ol tüýsüz ganatly bolsun. Oňa agzyň bilen dem sal. Ol biziň gözümiziň öňünde uçsun» diýdiler. ***Hezreti Isa palçykdan guş etdi we oňa agzy bilen dem urdy. Ol guş howa uçdy.*** Aýdylyşyna görä, ol guş gündizkördir.

*Sowal:* Olar hezreti Isanyň gündizkör guşy ýasamagyny islediler. Başga guşy islemediler. Muňa sebäp nämedir?

*Jogap*: Gündizkör täsin guşdur. Onuň täsinligi tüýi ýokdur. Ol et ganat bilen uçar. Başga guşlaryň çagasy ýumurtgadan çykar. Gündizkör çagasyny ýylky, gara mal ýaly dograr. Ol çagasyny hatyn ýaly bir emjek bilen süýt emdirip ulaldýar. Ol hatyn ýaly aýbaşy görýär. Ol aýal maşgala ýaly bolýar. Ol gündizine hiç zat görmeýär. Onuň çagasy bir emjeginden süýt içýär, beýleki emjeginden bolsa suw içýär. Onuň dişleri bardyr. Hezreti Isa olara şunuň ýaly keramaty görkezdi. Emma olar ondan ýene keramat görkezmegini islediler.

*Sowal:* Ölini direltmek keramat bolar. Emma köri we pisi tebipler dermanlar bilen bejerip bilýärler. Hezreti Isa bulary dileg bilen bejerse, ol nähili keramat bolýar?

*Jogap:* Isa alaýhyssalam körüň gözüni açardy. Pis iki hili bolýandyr. Pisleriň bir görnüşine derman ýaraýar, olaryň beýleki bir görnüşine bolsa derman ýaramaýar. Derman ýaraýan pise iňňe sançsaň, ondan gan çykar. Derman ýaramaýan pise iňňe sançsaň, ondan gan çykmaz. Isa alaýhyssalam şunuň ýaly pisi sagaldardy. Ol sekiz kişini dileg bilen direltdi. Bir kempir Isa alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Meniň oglum öldi. Onuň oglanlary yzynda galdy. Meniň olary bakmaga güýjüm ýok» diýip aglady

Hezreti Isa dileg etdi. Kempiriň ogly direlip toprakdan turdy. Ýyllar geçip, ol direlen kişiniň ýene oglanlary boldy. Isa alaýhyssalamyň kowumy: «Eý, Isa! Sen düýnki ölini direldýärsiň. Onuň ýaly öliniň entek jany hem doly çykýan däldir. Sen bize köne ölini direlt» diýip aýtdy. Isa alaýhyssalam: «Siz

kimi isleseňiz, men şony hem direldeýin» diýdi. Olar: «Sen bize Nuhuň ogly Samy direlt» diýip aýtdylar. Hezreti Isa: «Onuň mazary nirede?» diýip sorady. Olar onuň mazaryny hezreti Isa görkezdiler. Hezreti Isa iki rekagat namaz okady. Soňra: «Eý, Sam! Allatagalanyň erki bilen ýeriňden direlip tur» diýip aýtdy.

Allatagalanyň gudraty bilen gör ýarylyp, ondan Sam dikelip turdy we ol hezreti Isanyň ýanyna gelip: «Eý, Allatagalanyň pygamberi! Men seniň öňüňde hyzmatyňa taýýar bolup durun» diýdi. Görseler, onuň saçy-sakgaly agarypdyr. Adamlar: «Sam ölende ýigitdi. Indi biz ony ak sakally görýäris» diýip aýtdylar. Sam: «Maňa: »Ýeriňden tur» diýen owazy eşidilende men: «Kyýamat bolandyr, bu Ysrapylyň surunyň owazydyr» diýip gaty gorkdum. Şol sebäpden meniň saçym-sakgalym agardy» diýip aýtdy.

Hezreti Isa: «Eý, Sam! Indi sen ölümi ýa-da diriligi isleýärsiň?» diýdi. Sam: «Eý, Allatagalanyň pygamberi! Men dirilik dilesem, soň maňa ýene ölüm barmy?» diýip sorady. Hezreti Isa alaýhyssalam: «Howa, bar» diýdi. Sam: «Beýle bolsa, heniz jan ajysy gidenok» diýip, ýene öldi. Adamlar ýyllary sanadylar. Samyň öleni bäri artyk-egsik dört müň ýyl aradan geçen ekeni.

**Hekaýat.** Bir gün hezreti Isa sähra çykdy we ol hin gazyp duran tilkini gördi. Hezreti Isa: «Tilkiniň öýi bar, emma Isanyň öýi ýok» diýdi. Şägirtleri onuň bu sözüni eşidip: «Eý, Isa! Biz saňa bir öý salyp bereli» diýdiler. Hezreti Isa: «Meniň hiç zadym ýok» diýdi. Adamlar pul ýygnadylar we: «Eý, Isa! Biz saňa nireden öý salyp bereli?» diýip aýtdylar. Hezreti Isa olary deňziň gyrasyna alyp bardy we: «Gumuň üstünde öý salalyň» diýdi. Olar: «Bu ýerde öý durarmy? Ony tolkun alyp gider» diýdiler. Hezreti Isa: «Dünýä hem pany zatdyr. Akylly adam

dünýäde öý salarmy?» diýdi. Şägirtleri onuň bu sözüni eşidip, ümsüm boldular.

**Hekaýat.**

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Isa az oturardy. Çünki ol ýöräp, adamlara tebipçilik ederdi. Bir gün hezreti Isa ýöräp barýarka teşne bolup, bir humdan suw içdi. Ol: «Munuň ýaly ajy suw hem bolar eken. Bu ne hikmet boldy?» diýdi. Hudaýtagaladan: «Eý, Isa! Sen ony humdan sora» diýen owaz geldi. Hezreti Isa bu sowaly gapdan sorady. Ol huma Hudaýtagalanyň gudraty bilen dil berlip: «Men öň adamdym. Soňra men öldüm. Telim ýyllar geçdi. Meniň etim, süňküm çüýredi we olar toprak boldy. Ol toprakdan küýzegär alyp, meni – humy ýasady. Ol suwuň ajysy jan ajysydyr» diýip jogap berdi.

**Hekaýat.** Isa pygamberiň goldaşlary bardy. Olara hawarylar diýerdiler. Olar ak eşik geýerdiler. Şonuň üçin halaýyk ak nana «hawarylaryň nany» diýerdiler. «Hüýr» diýmek hem «ak» diýmek bolar. Uçmahyň hüýrleri ak bolanlary üçin olara «hüýr» diýip at berdiler.

Bir gün hezreti Isanyň enesi ony mekdebe iberdi. Ol mollasy aýtmazdan öň aýdardy. Mollasy Hezreti Isany enesine gaýtaryp getirdi we: «Bu oglan menden ýagşy bilýär» diýip aýtdy.

Ondan soň enesi ony boýagçylara şägirtlige berdi. Ussa öýden çykanda hezreti Isa hemme eşikleri bir gaba saldy. Ussa dükana girdi, emma ol eşikleri görmedi. Ol hezreti Isadan: «Eşikler nirede?» diýip sorady. Hezreti Isa: «Olary men şu gaba saldym»diýdi. Ussa: «Her bir eşige bir reňk bermelidi. Emma sen olaryň hemmesini bir gaba salypsyň» diýdi. Hezreti Isa: «Haýsy eşige nähili reňk gerekdigini aýdyň. Men size ol eşigi şol reňk bilen çykaraýyn» diýdi. Ussa her bir eşigiň reňkiniň nähili bolmalydygyny oňa aýdyp berdi. Hezreti Isa eşikleriň her haýsyny onuň diýen reňki bilen çykaryp berdi. Ussa hezreti Isanyň bu işine haýran galdy we ol: «Bu kişi

jadygöýdir» diýip aýtdy. Ol bu eşikleri suwa saldy we olary suwdan çykaryp, daşa urdy. Emma bu eşikleriň boýagy goýy we ýagty boldy. Adamlar: «Bu kişi jadygöý däl. Ol Taňrynyň pygamberidir» diýip aýtdylar. Bu sözi aýdanlar hawarylardyr.

Soňra köp halaýyk gelip, hawarylara: «Eý, Isa! Seniň Taňryň bize gökden saçak ibersin» diýdiler. Hezreti Isa: «Hudaýtagaladan gorkuň. Eger siz möminler bolsaňyz, onda pitne turuzmaň» diýdi. Aýat: ***«Eger siz iman getiren kişiler bolsaňyz, Allatagaladan gorkuň».*** Olar: «Biz pitne turuzmaýarys. Biz gökden inen saçakdan tagam iýmek isleýäris» diýip aýtdylar. Hezreti Isa: «Eý, Taňrym! Sen bize gökden saçak iber. Ol biziň öňki-soňkularymyza baýram bolsun» diýip dileg etdi. Hudaýtagaladan: «Eý, Isa! Men saňa saçak ibererin. Emma ol saçagy görüp kim iman getirmese, men oňa bir azap bererin. Ýöne hemme adamlara azap gelmez» diýen bir owaz geldi. Aýat: ***«Allatagala: «Men size tagamly saçagy ibererin. Ol saçak inenden soň sizden kim oňa müňkürçilik etse, men oňa heniz hiç kimiň görmedik azabyny bererin» diýip aýtdy.***

Asmandan bir saçak geldi. Onuň aýaklary howada. Onuň içinde ak nanlar, bişen balyklar, narlar, bişen etler bar. Halaýyk bu saçagyň düşüşini gördi. Ol ýere düşüp, hezreti Isanyň öňünde ýazylyp durdy. Dokuz ýüz är-aýal ol saçakdan tagam iýdiler. Olaryň hemmesi doýdular. Ondan iýen adamlar her hili dertli bolsa hem sagaldy. Ol saçak üç günläp, düşüp durdy. Olar üç gün ol saçakdan iýdiler. Emma olardan hiç kim iman getirmedi. Dördünji gün ol saçak asmana göterildi. Hudaýtagala olaryň hemmesiniň keşbini doňuz suratyna öwürdi. Bäşinji gün olaryň hemmesini ýer ýuwutdy. Hudaýtagala bu işi ybrat üçin etdi.

**Hekaýat.** Hezreti Isanyň wagtynda bir ýagşy aýal bardy. Ol tamdyryň başyna nan bişirmek üçin goluna ogluny alyp geldi. Namazyň wagty geldi. Ol aýal bu ýerde ogluny goýup, namazyny okamaga durdy. Oglan onuň yzynda emedekläp, tamdy-

ryň içine düşdi. Emma ol aýal namazyny bozmady. Ol aýalyň äri geldi. Görse, aýaly namaz okap dur, ogly bolsa tamdyryň içinde oturyp oýnaýar.

Oglanyň atasy bu ýagdaýy görüp, ony hezreti Isa beýan etdi. Hezreti Isa: «Sen baryp aýalyňdan onuň näme iş edendigini sora» diýip aýtdy. Äri gelip aýalyndan bu sowaly sorady. Aýaly oňa: «Men dört iş edipdim. Birinjisi, men Hudaýtagalanyň özüme beren nygmatyna şükür etdim. Ikinjisi, men onuň maňa iberen belasyna sabyr etdim. Üçünjisi, men onuň kazasyna razy boldum. Dördünjisi, men dünýä işini ahyret işine çalyşdym» diýip jogap berdi. Onuň äri gelip, aýalynyň sözüni hezreti Isa aýtdy. Hezreti Isa oňa: «Eger seniň hatynyň erkek bolan bolsa, ol pygamber bolardy» diýdi.

**Hekaýat.** Hezreti Isa bir gün görüstanlygyň üstünden geçip barýardy. Ol bir görden nur çykyp duranyny gördi. Hezreti Isa: «Eý, Taňrym! Sen şu ölini direldip, oňa dil berseň!? Men onuň bilen sözleşip görsem!» diýip, bir dileg etdi. Şol wagt gör ýaryldy. Ondan bir kişi çykdy. Onuň başynda bir tabakda nur bar. Hezreti Isa ondan: «Bu nähili nur? Sen nähili bu derejä ýetdiň?» diýip sorady. Ol kişi: «Meniň hiç ýagşy amalym ýok. Meniň ýeke oglum bardy. Men ony okadyp ylym berdim. Ol erte giç maňa dileg etdi. Men onuň dilegi bilen bu nura şaýysta boldum» diýip aýtdy. Hezreti Isa: «Dirileriň dilegi ölülere degermi?» diýip sorady. Ol kişi: «Siz pygamberligiňize nähili guwanýan bolsaňyz, biz ölüler hem dirilerimiziň özümize eden aýat-dogalaryna şonça guwanýarys» diýip aýtdy.

**Hekaýat. «**Enesi hezreti Isany kiçiliginden molla berdi we oňa: «Eý, molla! Meniň ogluma köp öwret we ony az ur» diýip aýtdy. Mollasy hezreti Isa: «Sen ebjed diý» diýdi». Hezreti Isa oňa: «Ebjed diýmegiň manysy näme bolar?» diýdi. Mollasy: «Sen ilki sözi aýtmagy öwren, onsoň onuň manysyny sora» diýdi. Hezreti Isa: «Eý, ussat! Men bilýän zadymy öwrenmerin» diýdi. Mollasy: «Aýt» diýip urdy. Hezreti Isa aýtmady. Ol

gije öýüne gaýtmakçy bolanda mollasyna: «Eý, ussat! Sen meniň enemiň wesýetini tutmadyň. Sen maňa az öwretdiň, köp urduň. Sen maňa ebjed sözüniň manysyny aýtmadyň. Ony men saňa aýdaýyn» diýdi. Mollasy: «aýt» diýdi. Hezreti Isa: «Elip – Taňrynyň ýylasy, bi – onuň bakylygy, jim – onuň jemaly, dal – onuň mülkiniň dowamlylygy. Höwwez – amile bihewan nefsihi. Hutty-hutta anni zunubi. Kelemen-kelamullahi men tekelleme bihi fe gafara lehu[26]. Sa‘hfas-saýun bisaýin, eý kemä tudinu tudänu. Mollasy hezreti Isany Bibi Merýemiň ýanyna alyp geldi we oňa: «Eý, Merýem! Seniň ogluň menden ylym öwrenmedi. Men ondan ylym öwrendim» diýdi.

**Hekaýat.** Bir gün hezreti Isa ýoldan geçip barýarka, bir kişi oňa: «Bozuk eneli jadygöý geldi» diýip, tagna etdi. Hezreti Isa bu söze gynandy we: «Eý, Taňrym! Seniň özüň meniň enemiň bikrdigini bilýärsiň. Sen bu kişini heläk et» diýip dileg etdi. Hezreti Isanyň bu dilegi Taňrynyň dergähinde kabul boldy we ol kişi şol wagt heläk bolup öldi.

Adamlar bu wakany patyşa baryp aýtdylar. Patyşa: «Bu jadygöýiň elinden köp kişi öldi. Ony tutup öldüriň» diýip buýurdy. Patyşanyň leşgerleri onuň öýüne geldiler. Hezreti Isa öýüne gaçyp girdi. Leşger onuň öýüniň daşyny gabap aldy. Jöhitler onuň öýüne girmäge gorkup durdular. Jöhitleriň serdary Matluş atly bir kişidi. Ol: «Men onuň öýüne girip, Isany tutup çykaraýyn. Ol jadygöý özüni meniň suratymda edip gaçmasyn. Eger ol meniň suratymda bolup çyksa hem, ony siz uruň» diýdi. Ol öýe girdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hezreti Isany asmana alyp çykyp gitdi. Matluş: «Isa öýde ýok eken» diýip daşary çykdy. Adamlar ony urup başladylar. Ol: «Men Matluş» diýip, olara hernäçe ýalbarsa hem hiç kişi oňa ynanmady. Ol taýak astynda ölüp, dowzaha düşdi. Ol ölenden soň, adamlar öýe girip, hezreti Isanyň çykyp gidenini bildiler. Olar: «Biz ýalňyşyp Matluşy öldüren ekenimiz» diýdi-

ler. Olar bu işlerine ökündiler. Emma bu ökünjiň hiç peýdasy bolmady.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Isa dördünji gat asmandadyr. Näletsiňen Dejjal çykanda, dünýäni ýaramaz işler tutar. Möminler keramatly Mekgä we nurly Medinä jemlenerler. Ol betbagt, melgun Dejjal dünýäni gezer. Emma ol bu iki şähere barmaz. Haçan Dejjal bu iki şähere kast etmekçi bolsa, hezreti Isa asmandan ýere düşer we ol Dejjaly öldürer.

*Ýene aýdypdyrlar:* «Bir jarçy perişde: «Hezreti Isa asmandan ýere düşdi» diýip jar çeker. Dejjal bu sözi eşidip, duzuň suwda ereýşi ýaly erär.

**Rowaýat.** Dejjalyň jöhitlerden ýetmiş müň leşgeri bolar. Hezreti Isa Dejjaly öldürer. Jöhitler gaçar. Möminler ol jöhitleri kowalarlar. Jöhitler gaçyp, daglarda gizlenerler. Möminlere dag-daşlar habar berer. Möminler gelip, olary öldürerler. Ondan soň eshabul-kähfiň ýigitleri direlerler. Olar gowakdan çykarlar we hezreti Isanyň ýanyna gelerler. Hezreti Isa olary öz leşgerine goşar. Haýsy gala boýun bolmasa, ol ýere eshabul-kähfiň ýigitleri gelip, galanyň derwezesini açarlar we ol galany basyp alarlar. Olar gündogardan günbatara çenli Muhammet alaýhyssalamyň mömin ummatyny kapyrlardan halas ederler. Hezreti Isa kyrk ýyl patyşalyk eder. Ol öýlenip, ogul-gyzly bolar. Özi Gurhany hemişe okar we ybadata meşgul bolar. Hemme halaýyk tagat-ybadata meýil eder.

Hezreti Isa Muhammet alaýhyssalamyň ummaty bilen jemagat namazyna durar. Ol: «Men hem kyýamatda Muhammet bilen duraryn» diýip aýdar. Hezreti Isa halklary Muhammet alaýhyssalamyň şerigatyna ündär. Ol şerigat ýoluny abat edip, abadanlyk bilen kyrk ýyl ömür sürüp, dünýäden ahyrete barar. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *OTUZ DÖRDÜNJI KYSSA*
## HEZRETI ŞEMGUN ALAÝHYSSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Allatagaladan: ***«Eý, Isa! Men seni iberdim we men seni ýokary göterijidirin»*** diýen bir owaz geldi. Hezreti Isa bu owazy eşidip, ýaranlaryna: «Meniň sizden aýrylyşmaly wagtym gelip ýetdi. Men size Hudaýtagalanyň iberen nesihatçysydyryn. Meniň size köp nesihatlarym bardyr. Siz Hudaýtagala tagat ediň. Onuň erkine boýun sunuň. Her hili muşakgat çekseňiz hem, oňa sabyr ediň. Dünýä malyna kowalaşyp birbiriňize duşman bolmaň. Yslamy hergiz taşlamaň. Işleriňizde Hudaýtagala bil baglaýjylardan boluň. Patyşalardan zulum gelse, Hudaýtagala sygynyň. Her bir ýere barsaňyz, halka öwüt-nesihat beriň. Siziň araňyzda Şemgun ulug (ýolbaşçy) bolsun» diýip aýtdy.

Ol Şemguna: «Sen Ruma tabyn bolan Antakyýa şäherine bar» diýdi. Şemgun: «Beýle bolsa, maňa hemra beriň. Mende güýç-kuwwat ýokdur» diýdi. Hezreti Isa: «Saňa Taňry güýç-kuwwat berer. Sen ol ýere git» diýdi. Hezreti Isa oňa hawarylardan Zeýdiň ogly Ýahýany goşdy. Fuleýsi Hebeşe iberdi. Olaryň beýlekilerini bolsa Hindistana iberdi. Olar hezreti Isadan rugsat sorap, onuň bilen hoşlaşyp, ýola rowan boldular. Olaryň hemmesi: «Indi biz bir-birimizden aýrylyşmaly bolduk. Bu gije barymyz bir ýerde ýatalyň. Ertesi her birimiz öz tarapymyza gideliň» diýip, üsti ýapyk bir öýe girip ýatdylar. Ol

gije Hudaýtagala bir perişdäni iberdi. Ol Ýahýa bilen Şemguny Antakyýa şäheriniň ýanyna eltip goýdy. Olar säher wagty oýansalar, bir sährada ýatyr ekenler. Olar: «Biz agşam hemmämiz bir ýerde ýatypdyk. Bu nähili waka boldy?» diýip haýran galdylar. Olar biraz ýöräp, hiç bir kynçylyk görmän Antakyýa şäherine ýetdiler.

Wähb bin Ýemin, Wähb bin Munabbihe (goý, Allatagala olardan razy bolsun!) aýdypdyr: «Ýahýa bilen Şemgun pygamberdirler. Olaryň ýüzleri hem pygamber meňizlidi». Olar ertesi turdular we bir gala gördüler. Şemgun: «Eý, Ýahýa! Sen bu galanyň haýsy şäherdigini bil» diýip, ol ýere ony iberdi. Ýahýa bir ýere barsa birnäçe kişi ekin ekip ýörler. Ýahýa bulardan: «Bu haýsy şäherdir?» diýip sorady. Olar: «Bu kişi uzak ýerden gelýän jasusdyr» diýip, ony tutup, patyşanyň ýanyna eltdiler. Ol ýerde Ýahýany köp urup, oňa külpet baryny berdiler. Ýahýa: «Isa alaýhyssalamyň haky we hormaty üçin men jasus däldirin» diýdi. Ony ýene urdular. Ýahýa: «Hudaýtagalanyň haky we hormaty üçin men jasus däldirin» diýdi. Olar: «Biz Hudaýtagalany hem, Isany hem bilmeýäris» diýip aýtdylar. Olar Ýahýa ýene köp jebir-sütem berdiler. Ondan soň ony öz ugruna goýdular. Ýahýa bu ýerden bir emel bilen gaçyp, Şemgunyň ýanyna bardy. Ol: «Eý, Şemgun! Biz ýaman halkyň arasyna gelipdiris. Olar Hudaýtagalany hem, hezreti Isany hem bilmeýärler. Biziň ölümimiz bu halkyň elinden bolaýmasa ýagşydyr? Men köp ýalbaryp, olardan zordan gutuldym» diýdi.

Hezreti Şemgun: «Biz bu ýere öz erkimiz bilen gelmedik. Biz Hudaýtagalanyň permany bilen geldik. Näme etjekdigini onuň özi bilýär. Aýat: ***«Allatagalanyň rehimdarlygyndan hergiz umydyňyzy üzmäň».*** Biz Hudaýtagala ynanyp geldik. Şunuň özi bize ýeterlikdir» diýip aýtdy.

Olar Antakyýa şäherine girdiler. Olar şäheriň halkyny imana çagyryp başladylar we: «Eý, halaýyk! Siz Hudaýtagalany

bir biliň. Hezreti Isanyň pygamberiligine kaýyl boluň. Butparazlylykdan däniň. Günä işleriňizden toba ediň. Günä işleriňize puşman boluň. Butlar siziň Taňryňyz däldir. Olardan size hiç hili peýda ýokdur. Olardan size diňe zyýan gelýändir. Hemme älem-jahany ýaradan Hudaýtagaladyr» diýip aýtdylar. Hiç bir kişi bularyň sözüni kabul etmedi. Olar bu ikisini tutup güýçleri ýetdigiçe jebir-sütem berdiler. Olary zyndana saldylar. Ikisi ol gije bu ýerde ýatyp oýansalar, özleriniň hiç bir ýeriniň agyrmandygyny bildiler. Olar sagdyn bolup galypdyrlar. Zyndanyň hem gapysy açylypdyr.

Olar zyndandan çykyp gaty owaz bilen halky imana çagyryp başladylar. Şemgun bazarda ýörkä teşne boldy. Ol bir işige girip, öý eýesinden suw sorady. Öýüň eýesi suw berip, oňa: «Men hem, meniň gyzym hem agsakdyr» diýdi. Hezreti Şemgun: «Bu siziň buta sežde edendigiňiziň jezasydyr» diýdi. Öýüň eýesi bu sözi eşidip: «Beýle bolsa, men nämä sežde edeýin?» diýdi. Hezreti Şemgun: «Sen Hudaýtagala sežde et» diýdi. Ol kişi: «Men oňa sežde etsem, meniň aýagym gutularmy?» diýip sorady. Hezreti Şemgun: «Hawa, seniň aýagyň düzeler» diýip jogap berdi. Ol kişi: «Eý, Şemgun! Sen dileg etseň, meniň aýagym sagalsa?!» diýdi.

Hezreti Şemgun dileg etdi. Ol kişi «Ämin» diýip aýtdy. Hudaýtagala ol kişä afyýet berdi. Ol kişi şol wagt iman getirip, musulman boldy. Adamlar bu wakany patyşanyň ýanyna baryp aýtdylar. Patyşa: «Olary tutup, bu ýere getiriň» diýip buýurdy. Patyşa çuňlugy elli gary, ini bolsa otuz gary zyndan gazdyrtdy. Onuň işigini kyrk kişi zordan göterip açýardy. Hezreti Şemgun bilen hezreti Ýahýany ol zyndana saldylar.

Hudaýtagaladan Fuleýse: «Sen Antakyýa baryp, Şemgun bilen Ýahýany zyndandan çykar we adamlary imana çagyr» diýip perman boldy. Aýat: ***«Biz Antakyýa şäheriniň halkyna Isa pygamberiň iki sany ilçisini iberdik. Adamlar olary ýalan-***

***çylar hasapladylar. Onsoň biz ol ikisine kömekçi edip üçünji ilçini iberdik».***

Elkyssa, Fuleýs ýola düşdi. Ol şäheriň derwezesine ýetende Allatagala bir perişdäni iberdi. Ol perişde oňa derwezäni we zyndanyň işigini açyp berdi. Fuleýs zyndanyň içine girdi. Onuň bu ýere girenini hiç kim bilmedi. Fuleýs Ýahýa bilen Şemguna: «Bu uly işdir. Siz ilki bilen patyşanyň ynamyna ýakyn bolup, soňra onuň bilen sözleşseňiz ýagşy bolardy. Siz onuň bilen wagtyndan öň sözleşipsiňiz. Heniz hem bolsa, siz sabyrly boluň. Men bu işiň bir çäresini göreýin»diýip aýtdy.

Ertesi Fuleýs patyşanyň buthanasyna girip, ybadata meşgul boldy. Adamlar patyşanyň ýanyna baryp: «Bir kişi gelip ybadathanada birnäçe günden bäri butlara tagat edýär. Ol ybadatdan asla togtamaýar» diýip habar berdiler. Patyşa bir adama Fuleýsi öz ýanyna alyp gelmegi buýurdy. Ony patyşanyň gaşyna getirdiler. Patyşa ondan: «Sen nähili kişisiň?» diýip sorady. Fuleýs: «Men beni Ysraýyldandyryn. Meniň ýaranlarym bardy. Men olardan aýryldym. Men bu ýere seniň ýagşy adyňy eşidip geldim» diýip aýtdy. Fuleýsiň bu sözi patyşanyň göwnüne hoş geldi we: «Sen bu ýerde gal» diýip aýtdy. Fuleýs: «Men ýene buthana baryp ybadat edeýin» diýdi. Patyşa muny göwnemedi we: «Sen bu ýerde durmasaň bolmaýar» diýdi. Fuleýs patyşanyň gapdalynda ençe gün durdy. Patyşa oňa köp hezzet-hormat etdi. Kapyrlaryň Fuleýse ynamy güýçlendi.

Bir gün Fuleýs patyşa: «Men: «Zyndanda iki kişi ýatyr» diýip eşitdim. Olar adamlary dine çagyrýar eken. Siz rugsat berseňiz, men olary görsem» diýip aýtdy. Patyşa: «Men olary bu ýere getirdeýin. Ýöne olar jadygöýdir» diýdi. Patyşa buýruk berip, Şemgun bilen Ýahýany getirtdi. Fuleýs olara: «Siziň taňryňyzyň hünäri näme? Gudraty näme?» diýdi. Olar: «Onuň islän zadyny etmäge güýç-kuwwaty ýetijidir» diýdiler. Fuleýs bu sözi eşidip, patyşanyň ýanynda bularyň ýüzüni almady we:

«Siz uly sözlediňiz. Eger bu sözüňiz rast bolsa, siz ony subut ediň, oňa delil getiriň. Eger siziň bu sözüňiz dogry bolsa, biz siziň diniňize gireli. Bolmasa, biz sizi her gün sütem edip, gynap öldüreris» diýip aýtdy. Olar: «Siz näme hüjjet isleýärsiňiz?» diýdiler. Fuleýs: «Siz biziň gözümiziň alnynda palçykdan guş ýasap, ony direldiň» diýdi.

Ýahýa bir owuç toprak, Şemgun bir owuç toprak aldy. Olar topragy aýagy bilen basalap laý etdiler we ol palçykdan guşuň suratyny ýasadylar. Soňra olar bir dileg etdiler we «Ämin» diýdiler. Hudaýtagalanyň gudraty bilen ol guş uçup gelip, patyşanyň öňüne gondy. Patyşa bu ahwalata haýran galdy. Ol Fuleýse garap: «Bular jadygöými?» diýdi. Fuleýs: «Eý, patyşa! Siz bulara ölini direltmegi buýruň. Eger bular ölini direldip bilmeseler, onda olar jadygöýlerdir» diýdi. Patyşa: «Meniň bir daýhanym bar. Onuň oglunyň ölenine sekiz gün boldy. Goý, bular ony direltsinler» diýdi. Bu ikisi bir dileg etdiler. Hudaýtagalanyň gudraty bilen ol öli direlip, bularyň ýanyna geldi. Şemgun ölüden: «Sen öleniňden soň nämeleri gördüň?» diýip sorady. Ol öli: «Ölenimden soň meni dowzaha alyp bardylar. Men ol ýerde otdan jülgeleri gördüm. Meni olara salmadylar. Çünki maňa: «Ol entek kiçi ýaşly oglan» diýdiler. Eý, patyşa! Sen: «Allatagala birdir, Isa onuň pygamberidir» diýip aýt. Bular bolsa hezreti Isanyň ýaranlarydyr» diýip aýtdy.

Patyşa gaýgy-gama batdy. Halaýyk iman getirdi. Fuleýs: «Eý, patyşa! Siz butlara buýursaňyz, olar hem ölini direltseler? Şonda siziň diliňiz uzyn bolar» diýip aýtdy. Patyşa: «Eý, Fuleýs! Men senden bu syry ýaşyrjak däl. Sen biziň butlarymyzyň ýagdaýyny bil. Olaryň dili sözlemeýär, elleri tutmaýar we aýaklary ýöremeýär. Onsoň olar bu işi niçik etsinler?» diýip aýtdy.

Şol wagt ölüp-direlen oglanyň atasy geldi. Onuň ogly: «Eý, ata! Men ölüpdim. Meni dowzaha alyp bardylar. Bu gün

hezreti Isanyň ýaranlary dileg etdiler. Hudaýtagala meni direltdi. Sen şu wagt musulman bolup azapdan gutul» diýip aýtdy. Şol wagt ol daýhan: «Lä ilähe illallahu we enne Isa resulullah»[27] diýip musulmançylygy kabul etdi. Patyşa buýrup, ony öldürtdi. Fuleýs ýerinden turup geldi we: «Eý, melgun! Öz gözüň bilen öliniň direlenini gördüň. Ol ahyretden habar berdi. Ölini direltmek Hudaýtagalanyň işidir. Sen nadanlyk edip musulman bolmaýarsyň» diýdi. Patyşa: «Eý, Fuleýs! Sen hem bu jadygöýlerdenmi?» diýdi. Patyşa nökerlerine: «Bulary tutuň» diýip buýurdy. Emma patyşanyň sözüne hiç kim gulak salmady.

Fuleýs, Ýahýa we Şemgun üçüsi daşary çykdylar. Olar baryp bazara girdiler. Ol bazarda Habyp Neçjar diýen bir kişi bardy. Ol gije onuň ogly ölüpdi. Ertesi Habyp Neçjar bularyň habaryny eşidip, şäheriň gyrasyndan olaryň ýanyna geldi. Aýat: ***«Şäheriň çetinden bir adam gyssagly ylgap geldi»***. Ol bu üçüsine: «Siz meniň ölen oglumy direltseňiz, men iman getireýin» diýip aýtdy. Käbir alymlar: «Habyp Neçjar öňden musulmandy. Emma ol muny heniz daşyna çykarman gelýärdi» diýip aýdypdyrlar.

Bu ýaranlar dileg etdiler. Habyp Neçjaryň ogly asgyryp ýerinden turup bularyň ýanyna geldi. Habyp Neçjar bulara köp mal getirip berdi. Olar ony almadylar. Habyp Neçjar gaty ses bilen jar çekip: «Eý, halaýyk! Bular sizi mal üçin imana çagyrmaýan eken. Olar sizi ýagşy ýola ündeýär. Siz bu ýola girseňiz, dogry ýolly bolarsyňyz. Aýat: «(Habyp Neçjar): ***«Eý, meniň kowumym! Siz Isa pygamberiň ilçilerine eýeriň. Siz olara boýun boluň. Olar Taňrynyň hökümini size aýdandyklary üçin onuň muzduny islemeýärler»*** diýip aýtdy. Onuň bu sözlerini patyşa gelip aýtdylar. Patyşa Habyp Neçjary we ol üç ýarany öldürtdi.

Gije boldy. Asmandan bir owaz geldi. Ol şäherdäki at, düýeler şäherden daşary gaçyp çykdylar. Azap perişdeleri gelip, hemme kapyrlary heläk etdiler. Aýat: ***«Olaryň ýok bolmagy diňe Jebraýyl perişdäniň bir gezek çirkin gygyrmagy bilen boldy. Şonuň bilen olaryň hemmesiniň ýüregi ýarylyp duýdansyz ölüp galdylar»***. Hudaýtagala kyrk ýyla çenli ol ýere hiç kimi ibermedi. Haçan perişdeler ol şäherden ötseler: Aýat: ***«Olar pygamberlerden biri gelse, ony diňe masgara ederler. Olara gelip masgara edilmedik pygamber ýokdur»*** diýip aýdardylar. Kyrk ýyldan soň bu şäher abadan boldy. Heniz hem onda jöhitler bardyr. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *OTUZ BÄŞINJI KYSSA*
## HEZRETI HANTALA WE KAHAFA ALAÝHYMASSALAMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Beni Ysraýylda bir kapyr patyşa bardy. Onuň Seýal diýen bir musulman weziri bardy. Bu wezir patyşanyň ýanynda köp hormatly adamdy. Ol wezir patyşa bir iş buýursa, ony ýagşy berjaý ederdi. Ol wezir çaksyz köp baýlykly, döwletli adamdy. Ol bir gün: «Men patyşany imana çagyraýyn» diýip hyýal etdi we: «Eý, patyşa! Siz butlardan keramat gördüňizmi?» diýip sorady. Patyşa oňa: «Ýok» diýip jogap berdi. Wezir: «Eý, patyşa! Siz butlara keramat görkezmegi buýruň» diýdi. Patyşa: «Men olara iş buýrup bilmeýärin. Çünki olar hiç bir işi bitirip bilmeýär» diýdi. Wezir: «Beýle bolsa, siz her näme iş bolsa, bitirip biljek kişä sežde ediň» diýdi. Patyşa: «Beýle kişi kimdir?» diýdi. Wezir: «Ol meni hem, sizi hem ýaradan Allatagaladyr» diýdi. Patyşa: «Eý, wezir! Men seni «özüme dost» diýip oýlap ýörsem, sen maňa duşman ekeniň. Sen meni atamyň dininden aýryp, özge dine çagyrýarsyň» diýdi. Wezir bu söze hapa bolup, daşary çykdy. Ol gije dört müň atly bilen şäherden çykyp, ýola rowan boldy.

Wezir täze bir ýere baryp düşledi. Ol ýerde guýy gazdyrdy. Guýydan suw çykdy. Ol ýerde ymaratlary saldyrdy we daragtlary ekdirdi. Köp kişiler ol ýerde jemlendiler. Emma guýydan çykan suw ajydy. Adamlar: «Hudaýtagala bize süýji suw berse, biz oňa şükür ederdik» diýip aýtdylar. Hudaýtagala

olara süýji suw bar ýerini bildirdi. Olar bu ýeri aýlanyp gördüler. Olar bir daşyň arasyndan bir guýy gazdylar. Ol ýerden süýji suw çykdy. Olar guýynyň töwereginde dört öý saldylar. Olar her gün ol öýüň işigini iki gezek açyp, suw alardylar.

Bir gün näletsiňen Iblis bir telbe mamanyň keşbinde baş ýalaňaç bolup, Seýalyň ötýän ýolunda oturdy. Ony: «Bu bir baş ýalaňaç telbe mama eken» diýip tutup, zyndana saldylar. Iblis melgun zyndanda ybadata meşgul boldy. Muny görüp adamlar patyşa: «Bu mama zahyt (ybadatçy) eken» diýýip habar berdiler. Patyşa ol betbagty öz ýanyna getirip, ondan hikmet ylmyndan sorady. Iblis oňa ol ylmy ýagşy beýan edip berdi. Patyşa onuň düşünjesine haýran galdy. Patyşa: «Bu bir salyha (ýagşy işleri edýän) kempir eken» diýip, ony zyndandan çykardy. Iblis şähere girdi. Şäheriň hatynlary oňa eýerdiler. Bir gün bir uly wezipeli bir kişiniň aýaly: «Eý, abyda! Meniň ärim garrydyr. Maňa şöhwet keýpi ýetmeýär. Munuň alajy näme bolar?» diýdi. Iblis: «Onda sen mumdan adamyň jyns agzasyna meňzeş bir zat ýasa. Ony öz jyns agzaňa göwnüň hoş bolýança sokup çykar. Ýat erkekler bilen zyna edeniňden şeýle etseň, sogaply bolar» diýdi. Ol aýal Iblisiň aýdyşy ýaly etdi. Soňra bu iş hatynlaryň arasynda adat boldy. Bu wakadan soň Iblis olaryň arasyndan gaýyp boldy.

Ol ýene bir zahyt( takwa) adam suratynda bolup, goluna hasa alyp, patyşanyň saraýynyň (galasynyň) öňüne baryp namaza durdy. Patyşa ony görüp: «Ol zahydy meniň ýanyma getiriň» diýdi. Ony patyşanyň ýanyna getirdiler. Patyşa ondan köp meseleleri sorady. Ol meseleleri düşündirip berdi. Patyşa muňa haýran galdy. Patyşa: «Bu kişi köp ybadathon eken» diýip, Iblisi özüne mugallym etdi.

Bir gün Iblis bazara bardy. Halaýyk: «Zahyt geldi» diýip, oňa köp hezzet-hormat etdi. Ondan adamlar: «Biz sapara çykanymyzda şöhwetimiz erkimizden üstün gelýär. Biz muňa

näme alaç edeli?» diýip soradylar. Iblis: «Bu işiň alajy aňsatdyr. Siz bu ýagdaýda düýä, eşege, baýtala baryp şöhwetiňizi ýatyryň» diýip jogap berdi. Halaýyk onuň sözüni dogry hasaplap, bu işi adat edindi. Şundan soň Iblis ýene olaryň arasyndan gaýyp boldy.

Hudaýtagala Hantala we Kahafa atly iki sany pygamberi bu kowumyň üstüne iberdi. Ol ikisi bu kowuma gelip: «Siz bu iki bozuk işi taşlaň. Siz Hudaýtagaladan günäňizi geçmegini soraň» diýip aýtdylar. Olar: «Bu iki işi bize bir salyha aýal bilen bir zahyt adam öwretdi» diýdiler. Kahafa pygamber: «Hudaýtagala size musulmanlygyňyz üçin süýji suw berdi. Indi ol ony sizden alar» diýdi. Olar: «Biz bu guýyny pul harç edip gazdyrdyk. Ony bize Hudaýtagala bermedi» diýip aýtdylar. Hudaýtagaladan hezreti Jebraýyla perman geldi. Ol bularyň guýysyny guratdy. Iblis (oňa nälet bolsun!) ýene öňki zahydyň suratynda bolup geldi. Ol bulara söz öwredip: «Siz Kahafa ýalbaryň. Ol: «Suw ýene aksyn» diýip bir dileg etsin. Ondan soň siz ol guýyny ýagşy saklaň. Hiç kime ony bozmaga ýol bermäň» diýdi.

Adamlar hezreti Kahafanyň ýanyna gelip, hajatlaryny aýdyp ýalbardylar. Ol bir dileg etdi. Suw ýene peýda boldy. Olar ätiýaçlyk üçin gije-gündiz bäş ýüz kişini guýynyň ýakasynda garawul goýdular. Hudaýtagalanyň permany bilen hezreti Jebraýyl gelip, ýene guýyny guratdy. Ýene Iblis öňki zahydyň suratynda bolup gelip göründi. Adamlar oňa ahy-perýat edip ýapyşdylar. Ol betbagt Iblis: «Geliň, men size Hudaýtagalany görkezeýin. Hudaýtagala nähili buýursa, biz şonuň ýaly hem edeliň» diýdi. Iblis olary sähra alyp çykdy. Iblis döwlere buýurdy. Olar ak bulut getirip, ony howada tutdular. Ol buludyň üstünde bir tagt goýup, onuň üstünde bir döwi oturtdy. Iblis bir çyrany ýakdy. Adamlar ol döwi görüp, oňa sežde edip, ahy-nala etdiler. Ol döw owaz etdi we: «Men

sizden hoşaldyryn. Bu meniň pygamberimdir. Siz onuň sözünden çykmaň. Meniň ornuma bu zada sežde ediň» diýip olara but berdi. Adamlar öýlerine gaýdyp gelip, ol buta sežde etdiler. Kahafa bilen Hantala bulara köp öwüt-nesihat berdiler. Emma adamlar olaryň sözüni kabul etmediler. Patyşa: «Bize ýedi ýyl, ýedi aý, ýedi gýn we ýedi sagat möhlet beriň. Biz ondan soň musulman bolaly» diýip aýtdy. Bu ikisi olara alaçsyz möhlet berdiler. Ondan soň patyşa ýeri gazdyryp, ýeriň aşagyndan özüne saraý saldyrdy. Onuň üstünden bolsa demirden köşk gurdurdy. Bu binalar ýedi ýylda tamam boldy. Kahafa bilen Hantala bulara: «Indi siz iman getiriň. Bolmasa, siz heläk bolarsyňyz» diýdiler. Bihaýa kapyrlar bu söze hergiz unamadylar. Patyşanyň leşgeri gala girdi. Patyşanyň özi köşge girip, onuň deşiklerini ýapdyrdy. Ol goluna gylyç alyp oturdy. Ol köşgüň işiginde köp leşgeri garawul goýdy. Şol wagtda Ezraýyl alaýhyssalam bir gaty owaz etdi. Olaryň hemmesi heläk boldular. Hezreti Ezraýyl patyşanyň gurduran galasyny we köşgüni ganatlary bilen urdy. Patyşa hemme köşgi, galasy leşgeri bilen ýere girip gitdi.

## *OTUZ ALTYNJY KYSSA*
## KOWUMY TUBBAGYŇ[28] WAKALARYNYŇ BEÝANY

Bu Tubbagyň çyn adyna Asgat diýerdiler. Onuň atasynyň ady Mukribdi. Olar Ýemen welatyna tabyndylar. Onuň üçin olara «Tubbag» diýip at berdiler. Ol köp şäherleri basyp aldy. Ol bu şäherleriň her birine öz gullaryndan bir patyşa goýdy. Ol bu dessur bilen Medinä bardy. Ol ony hem basyp aldy. Ol bu ýerde ogluny häkim edip goýdy. Ol bu ýerden ötüp, Mekgä geldi. Medinäniň halky ýygnanyp onuň ogluny öldürdi. Bu habar Tubbaga gelip ýetdi. Ol leşger tartyp, ýene Medinä geldi. Tubbag bular bilen jeň etdi. Medinäniň uluglary gündizine jeň ederdiler, gijesi bolsa atlaryna gonalga bererdiler. Tubbag bularyň juwanmertligine haýran galdy. Bu Medinäniň musulman halkynda ýedi sany mubaryz ýigit bardy. Olar adamlara jar çekip: «Bu Medinede Muhammet atly bir şerapatly bir är dogular. Ol dünýäniň guwanjy bolar. Eý, patyşa! Sen bu Medinä kast etme. Biz bu şäheri Muhammet alaýhyssalamyň hormaty üçin ony saňa bermeris» diýip aýtdylar.

Tubbag bu sözi eşidip, hezreti Pygamber alaýhyssalamyň hormaty üçin Medinä girmedi we yzyna gaýtdy. Ol beni Huzeýliň üstüne bardy. Patyşa ol ýigitleri: «Geliň, biz ýaraşalyň» diýip çagyrtdy. Ol ýigitler gelip patyşa salam berdiler. Patyşa bularyň salamyny aldy. Ol bulara köp hezzet-hormat etdi. Patyşa olardan: «Muhammet alaýhyssalam nähili kişidir?» diýip sorady. Olar Injilde we Töwratda Muhammet alaýhyssala-

myň sypatlary barada aýdylan sözleri oňa bir-bir beýan etdiler. Tubbag bularyň sözlerine haýran galdy.

Gije boldy. Bu ýigitler geňeşdiler we: «Biz bu Tubbaga bir oglan ibereli. Ol ony imana çagyrsyn. Eger ol onuň sözüni kabul etmese, biziň özümiz onuň üstüne bu söz bilen baralyň» diýip aýtdylar. Olar ertesi bir oglany onuň üstüne iberdiler. Ol oglan Tubbagyň ýanyna baryp: «Eý, patyşa! Sen: «Lä ilähe illallahu, Muhammed resulallah[29]» diýip aýt». Tubbag Muhammet alaýhyssalamyň dinine ragbat etdi. Ol gülüp: «Seni ol ýigitler iberendir. Sen baryp, ol ýigitleri bu ýere alyp gel» diýdi. Ol oglan ýigitleri patyşanyň ýanyna alyp geldi. Tubbag: «Men siziň sözüňizi kabul edýärin» diýip aýtdy. Patyşa iman getirdi. Ol çakyrlary dökdi, butlaryny syndyrdy we yzyna gaýdyp, Ýemene geldi. Ýemeniň halky ony şähere goýbermedi. Tubbag olaryň butlaryny alyp çykyp, olara sežde edýändiklerini gördi. Tubbagyň tarapynda ýedi ýigit Töwrat okap durdular. Şol wagt asmandan ot peýda boldy. Ol otdan Tubbagyň leşgerine hiç bir zeper ýetmedi. Emma Ýemen halkynyň hemmesi köýüp heläk boldy.

Patyşa hezreti Muhammet alaýhyssalama: «Eý, Allanyň pygamberi! Men siziň mübärek adyňyzy we sypatyňyzy eşdip iman getirdim. Men özümi ummatyňa kabul etmekligiňden umydygärdirin» diýip nama ýazdy. Ol köp mal-baýlyk bilen bu haty Medinä iberdi. Tubbag patyşa ilçilerine: «Menden soň Muhammet alaýhyssalam bu jahana geler. Bu haty oňa beriň. Eger ol siziň wagtyňyzda dünýä inmese, ol haty oňa bermekligi perzentleriňize wesýet ediň. Ol hat neslinden nesle geçip, oňa ýetip barsyn» diýip nesihat etdi.

Ilçiler Medinä baryp, ol ýerde ymarat salyp oturdylar. Wagty gelip, Muhammet alaýhyssalam Mekgeden Medinä hijret edende hezreti Abu Bekr Syddyk (Allatagala ondan razy bolsun!): «Eý, Allatagalanyň resuly! Biz bu ýere mysapyr

bolup geldik. Indi biz nirede gonarys?» diýip aýtdy. Resul alaýhyssalam: «Meniň düýäm nirede çökse, biz şol ýerde hem gonarys» diýdi. Onuň düýesi gelip Abu Eýýup Ensarynyň işiginde çökdi. Olar bu ýerde düşlediler. Ol Tubbagyň hat beren kişisiniň nebiresidi. Abu Eýýup Ensary bu haty Pygamber alaýhyssalama berdi. Pygamber alaýhyssalam bu haty okap görüp, Tubbaga we onuň öwlatlaryna ýagşy dileg etdi. Hudaýtagala onuň bu dilegini kabul etdi we olary öz merhemetine girizdi. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi gowy bilýändir!

## *OTUZ ÝEDINJI KYSSA*
## ESHABUL-UHDUDYŇ[30] WAKALARYNYŇ BEÝANY

*Aýdypdyrlar:* Beni Ysraýylda bir şäheriň halky musulmandy, ýene bir şäheriň halky bolsa kapyrdy. Musulmanlaryň şäherinde açlyk we gahar höküm sürdi. Olar gaçyp, kapyrlaryň şäherine girdiler. Kapyrlar patyşalaryna: «Bu halkdan bize we şäherimize gahatlyk (açlyk) belasy ýokar» diýip aýtdylar. Olar maslahatlaşyp, şäheriň daş-töwereginde çuň garym-çukurlary gazyp, olaryň içinde ot ýakdylar. Olaryň bir ýerinde geçer ýaly ýol we onuň üstüne bir but goýdular. Patyşa: «Kim bu buta sežde etse, ol şähere girsin. Oňa sygynmadyklary çukurlaryň içindäki oda taşlaň» diýdi. Patyşanyň nökerleri onuň bu buýrugyny berjaý edip, köp adamlary oda taşladylar. Bir gün bu şähere bir bölek musulman geldi. Kapyrlar olara: «Siz bu buta sežde edip, şähere giriň» diýdiler. Musulmanlar kapyrlaryň bu teklibini berjaý etmäge göwnemediler. Olar bularyň hemmesini oda taşladylar.

Bularyň yz ýanyndan eli çagaly bir aýal geldi. Kapyrlar bu aýala hem buta sežde etmegi buýurdylar. Bu aýal bolsa buta sežde etmekligi unamady. Kapyrlar: «Bu aýalyň çagasyny oda taşlasak, ol gorkup buta sežde eder» diýip, onuň çagasyny alyp oda taşladylar. Emma ol aýal barybir buta sežde etmedi. Onsoň, kapyrlar bu aýaly hem oda taşladylar. Onuň balasy gygyryp: «Eý, ene! Sen otdan gorkup, buta sežde etme. Bu ot

däl. Ol gülüstandyr» diýip aýtdy. Bu aýal Hudaýtagala: «Eý, Taňrym! Bu kapyrlar maňa zulum etdiler» diýip arz etdi.

Hudaýtagalanyň gudraty bilen howa ot uçup gitdi. Şol wagt bir boran turup, ody göterip kapyrlara urdy. Hemme kapyrlar heläk boldular. Ol aýal ogly bilen oda köýmän salamat galdy. Şu otda heläk bolanlar eshabyl-uhduddyr.

Başga bir kowlda şeýle aýdylypdyr: «Beni Ysraýylda bir patyşa bardy. Onuň ady Ymran ibn Ýezitdi. Onuň bir jadygöýi bardy. Patyşa hemme işi onuň bilen geňeşip ederdi. Bir gün bu jadygöý patyşa ýüzlenip: «Men indi garradym. Siz maňa bir düşbi oglan tapyp berseňiz, men oňa öz jadygöýlik ylmymy öwretsem» diýip aýtdy.

Patyşa bir oglany tapyp, ony oňa şägirt etdi. Bu oglan her gün ussadynyň ýanyna baryp, jadygöýlik ylmyny öwrenip, agşam öýüne gaýdardy. Bu oglanyň ötýän ýolunda bir zahydyň ybadathanasy bardy. Bir gün bu oglan bu zahydyň ybadathanasynyň ýanyndan ötüp barýardy. Ol wagt bu zahyt Hudaýtagala sena aýdyp durdy. Onuň senasy bu oglana hoş gelip, ol ybadathana girdi. Zahyt ondan: «Sen her gün bu ýerden ötüp nirä barýarsyň?» diýip sorady. Bu oglan: «Men jadygöýligi öwrenmäge barýaryn» diýdi. Zahyt: «Jadygöýligi öwrenmek bir ýaman zatdyr. Sen Hudaýtagalanyň gazabyna duçar bolarsyň. Sen musulmanlyk ýoluna gir» diýdi. Ol zahyt bu oglana imanyslamy öwretdi. Ol oňa musulmanlaryň jennete girjekdigini, kapyrlaryň bolsa, dowzaha düşjekdigini düşündirdi. Bu oglanyň köňli azaşmak ýolundan yzyna gaýdyp, yslam tarapa maýyl boldy. Ol her gün bu zahytdan ylym öwrenip, soňra sahyryň ýanyna barardy we ondan jadygöýlik öwrenerdi.

Bir gün ol: «Men bu iki ylmyň haýsynyň ýagşydygyny synap göreýin» diýip oýlandy. Ol ýolda barýarka bir ýylany gördi. Ol jadygöýiň öwreden ylmyndan okady. Ýylan hergiz ýerinden deprenmedi. Ondan soň ol zahydyň öwreden dilegini

okady. Ýylan ýüwrüp gelip sežde etdi. Ondan soň bu oglan jadygöýiň ýanyna barmady. Ol diňe zahydyň ýanyna gatnady. Bu habar patyşa baryp ýetdi. Patyşa ol oglany çagyrdyp, oňa zahytdan ylym öwrenmegi gadagan etdi. Ol oglan: «Zahydyň dini hak dindir. Men ondan gaýtmaryn. Eý, patyşa! Sen bu batyl butdan dänip, galan ömrüňi eden günäleriňe toba edip geçir» diýdi. Patyşa oglanyň bu sözüne dergazap bolup, ony öldürmeklige buýurdy. Patyşa bir garym gyzdyrdy. Onuň içine ot ýakdyrdy. Ol imana gelenleri oda taşlatdy. Bu oglan üçin bir çukur gazdyryp, ony bir agaja asdyrdy we çukurda gömdürdi.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Omar Hattap (Allatagala ondan razy bolsun!) halypa bolan zamanynda ýagmyr ýagyp, sil gelip, sähralary jar etdi. Ol jarlaryň birinden bir belent agaç çykypdyr. Onuň üstünde bir ýaş oglan bar eken. Onuň agzalary salamat galypdyr. Onuň ýüzünden Hudaýtagalanyň nury şugla saçyp duran eken.

*Aýdypdyrlar:* Eshabyl-uhdudyň öldüren oglany şu oglandyr. Bu wakany Allatagala hezreti Muhammet alaýhyssalama Gurhanda habar beripdir. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *OTUZ SEKIZINJI KYSSA*
## ÄHLI SEBANYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Aýat: ***«Neşjubyň ogly Sebanyň nesilleri üçin olaryň mesgenlerinde Hudaýtagalanyň barlygyna we gudratyna delil bolýan alamatlar bardy. Iki sany miweli bossançylyk, biri olaryň mesgenleriniň sagynda, biri bolsa onuň çepinde ýerleşýärdi»***.

*Aýdypdyrlar:* Seba atly bir kişi bardy. Onuň ýedi ogly bardy.

*Aýdypdyrlar:* Olaryň hersi bir taýpady. Olar Hymýar ibn Seba diýip atlandyrylýardy.

Hudaýtagala olaryň üstüne pygamber iberdi. Ol pygamber bulara: «Hudaýtagala size bu nygmatly we akar suwly şäheri berdi. Siz Hudaýtagala şükür ediň. Şonda Hudaýtagala sizi ýalkar, günäleriňizi geçirer. Ol günä geçijidir» diỳdi. Aýat: ***«Pygamber olara: «Siz öz Taňryňyzyň beren rysgalyndan iýip-içiň we oňa şükür ediň»***. Aýat: ***«Siziň şäheriňiz päkize şäherdir, Taňryňyz bolsa günä geçijidir»***.

Olar pygamberiň sözüni unamadylar. Aýat: ***«Olar pygamberiň diýenini kabul etmediler»***. Hudaýtagala olara azap iberdi. Olaryň şäheri çukurlykdady, suwlary bolsa belent ýerdedi. Hudaýtagala iki sany syçana buýurdy. Olar ýerden suw çykar ýaly deşikleri gazdylar. Ol şäher suwdan doldy. Adamlar gaçyp, şäherden çykdylar. Öňki daragtlaryň ýerine başga ajy miweli daragtlar gögerdi. Ol ýerler şor hem duzly boldy.

*Käbir alymlar aýdypdyrlar:* Ol ýerde ýylgyn we borjak ösdi.

*Başga bir alymlar aýdypdyrlar:* Ol ýerde sidir agajy ösdi. Ol agaç az we ajy miweli agaçdyr. Aýat: ***«Biz olaryň (süýji miweli) iki bossançylygyny (ajy tagamly miweli) iki bossançylyk bilen çalyşdyk»***. Aýat: ***«Biz olara ajy we şor tagamly agaçlary we az sanly sidir agajyny içine alýan baglygy berdik»***. Aýat: ***«Bu biziň nygmatymyza şükür etmändikleri üçin olara beren jezamyzdyr»***. Aýat: ***«Biz ol jezany her kime däl-de, diňe azgynçylykda hetden aşanlara bereris»***.

Olar bu ýagdaýa düşensoň, Hudaýtagala: «Eý, Taňrymyz! Sen biziň bozulan ymaratlarymyzy we bagy-bossanlarymyzy öňküsi ýaly edip ber. Onsoň biz älemde hiç kimiň etmedik ybadatyny edeli» diýip ýalbardylar. Olar bu sözlerini pygamberlerine hem aýtdylar. Ol bulara dileg edip berdi. Allatagaladan: «Men bularyň öňki nygmatly bossançylygyny gaýtaryp berjek däl. Men olary başga bir nygmatly ýerde duruzaryn. Men bu ýerde başga nygmatlara bereket bererin. Ol nygmatly şäherler Şam hem keramatly Palestindir» diýen owaz geldi. Aýat: «Biz Seba şäheri bilen biziň bereketli eden şäherlerimiziň (Şam we Palestin) arasynda biri-birine goşulyp duran abadançylykly şäherleri peýda etdik». Olaryň ýollary bu şäherden başga bir şähere barardy, baglary bu bagdan ol baga sepleşip giderdi. Hudaýtagala olaryň bu täze ýurdunda öňküden hem nygmatly şäherleri, bossanlary berdi. Her kim ol ýerden ýörese, lezzetli nygmatlary iýerdi. Ol şäheriň arasyndaky ýol iki dagyň arasyndan bossançylygyň üsti bilen geçerdi. Ýolagçylar ogrudan we garakçydan amandady.

Ol pygamber ýene olaryň üstüne gelip: «Siz Hudaýtagala iman getiriň we meniň pygamberligime kaýyl boluň» diýdi. Kapyrlar: «Siz bize öňki bag-bossanlygymyzy bermediňiz» diýip, onuň bu sözüni kabul etmediler. Bu sebäpden Hudaýtagala

bu pygamberi olaryň gözünden gaýyp etdi, bu halky bolsa garyplyga saldy. Taňry bu kyssanyň içinde gaýratlary bar şükür edijilere we sabyrlylara pent-nesihatlar berdi. Aýat: ***«Biziň aýdanymyza sabyr edijiler üçin we ýagşy durmuşa şükür edijiler üçin bu kyssada öwüt-nesihatlar bardyr»***.

*Aýdypdyrlar:* Uweýs Hazraj Medinä düşdi. Soňra ol Omana, Şama bardy. Ondan ol keramatly Mekgä girdi. Ol: «Hudaýtagala bu bossançylygy başga taýpa berdi» diýip aýtdy. Bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *OTUZ DOKUZYNJY KYSSA*
## BAHTUN-NASRYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Bahtun-nasr weleduz-zynady gaty hilegärdi. Ol Hudaýtagala hemmeden beter duşmanrakdy. Bahtun-nasr ömrüniň ahyrynda patyşa boldy we uly leşgere hem wezir-wekillere eýe boldy. Ol Töwraty okardy. Töwratda: «Bir oglan doglar. Ol zalym bolar. Ol Beýtil-Mukaddesi harap eýlär» diýen jümläniň üstünden bardy.

Ol oglan doguldy. Bahtun-nasr: «Meniň Töwratda waspyny okan oglanym doglupdyr. Baryp ony öldür» diýip, pälwan nökerleriniň birine buýurdy. Ol bu oglanyň ýanyna gelip, ony öldürmekçi boldy. Hudaýtagalanyň permany bilen Jebraýyl alaýhyssalam gelip, ony öldürmäge goýmady. Hudaýtagala her hili günäkärleriň üstüne Bahtun-nasry musallat ederdi. Ahyry oňa Hudaýtagalanyň näleti boldy. Onuň keşbi urkaçy doňuz suratyna aýlandy. Erkek doňuzlar ony kowaladylar. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *KYRKYNJY KYSSA*
## BEDDAT KAPYRYŇ BUTA SEŽDE ETMEGINIŇ WAKASYNYŇ BEÝANY

Bu waka hezreti Idris asmana çykyp gidensoň bolup geçdi. Hezreti Idrisiň bir dosty bardy. Ol Hudaýtagala köp sygynyp, köp bitakat bolardy.

Bir gün şeýtan (oňa nälet bolsun!) adam suratyna girip gelip, Idrisiň dostyna: «Sen näme üçin beýle perişan bolýarsyň?» diýip sorady. Ol kişi: «Hezreti Idris asmana çykyp gitdi. Men Hudaýtagala dostum üçin sygynyp ýyglaýaryn» diýip aýtdy. Şeýtan: «Beýle bolsa, men ökde suratkeşdirin. Men saňa onuň suratyny çekip bereýin. Sen ol surata seredip, dostuňy gören ýaly bolarsyň» diýdi. Ol bu söz bilen ylalaşdy. Şeýtan oňa hezreti Idrisiň suratyny çekip berdi. Bu kişi her gün onuň ýüzüne-gözüne seredip, oňa hezzet-hormat ederdi. Ol kişi perzendine: «Eý, oglum! Bu kişi ýagşy adamdyr. Sen onuň suratyna hormat et» diýip wesýet etdi. Onuň ogly ulaldy. Ol bu suraty mertebeläp ýörerdi. Şeýtan bu adaty hemme halka öwredip, olara surat çekip berdi. Soňra Beddat diýen patyşa bu suraty but etdirdi. Ol: «Her kim öýüne bir but ýasatsyn» diýip jar çekdirdi. Bara-bara bu adat hemme halkyň akydasyna girdi. Butparazlyk bu ýerden miras bolup galdy. Bu ýerden buta sežde etmek hem adat boldy. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *KYRK BIRINJI KYSSA*
## ADAMLARYŇ ODA SEŽDE ETMEKLERINIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Beni Ysraýylda bir patyşa bardy. Ol siňlisine aşyk boldy. Ol oňa kast etdi. Bu işi halaýyk eşidip, patyşany öldürmekçi boldylar. Patyşa: «Siz maňa üç gün möhlet beriň. Men bu işe şerigatdan aklaýjy delil tapaýyn. Onsoň bolmasa, siz meni öldüräýiň» diýip aýtdy. Halaýyk onuň bu sözüni kabul etdi. Şol üç günüň birinde patyşanyň ýanyna şeýtan betbagt geldi we oňa: «Eý, patyşa! Sen olara: Biziň hemmämiz Adam atanyň öwladydyrys. Ol wagtda bir garyndan düşenler bir-birini almadymy?» diýip aýt» diýip, bu işiň tedbirini görkezdi. Üç günden soň halyýyk ýene ýygnandy. Patyşa olara bu jogaby aýtdy. Olar patyşa hiç zat diýip bilmediler. Ahyry-emr patyşa hemşiresini özüne aýal edip aldy. Bu iş ol halkyň içinde adata öwrüldi. Hudaýtagala bularyň ýüreginden magrypeti göterdi. Olaryň hemmesi kapyr bolup gitdiler. Hezreti Isa alaýhyssalam wujuda gelende käbir halk musulman boldy, käbir halk bolsa musulman bolmady. Bir gün şeýtan (oňa nälet bolsun!) gelip: «Eý, halaýyk! Her kişiniň bir zada sežde etmegi gerek» diýip aýtdy. Halaýyk: «Biz nämä sežde edeli?» diýip sorady. Şeýtan betbagt: «Bu jahanda otdan päk zat ýokdur. Siz şoňa sežde ediň» diýip aýtdy. Şondan soň tamam halaýyk ataşparaz bolup gitdi. Olar ot öçse, ýyglaşdylar.

Beni Ysraýylda bir patyşa bardy. Ol hezreti Isa göge uçandan soňra kowumlary bilen jeň etdiler. Musulmanlar üstün çykdylar. Jöhitleriň ululary Tüleýsdi. Ol: «Men musulmanlaryň içine bir pitne salaýyn» diýip, patyşadan rugsat alyp, ýüzüne gara sürtüp, ýol üstüne baryp oturdy. Ertesi Tüleýse musulmanlar: «Sen barça jöhitleriň ulusydyň. Saňa näme boldy?» diýip aýtdylar. Ol: «Men bu gije hezreti Isany düýşümde gördüm. Ol asmandan düşüp, maňa: «Musulman bol» diýip, bir güýç urdy. Meniň ýüzüm gara, gözüm bolsa kör boldy. Men onuň aýaklaryna ýykyldym. Ol dileg etdi. Gözüm gutuldy. Indi men siziň aldyňyzda gelip tagat edýärin. Ol maňa ybadathana salyp berdi. Men oňa girip, tagat-ybadata meşgul boldum.

Ol hiç ýere barmady. Munuň ryýazat hemmä mälim boldy.

Bir gün ol ybadathanadan çykyp gelýärdi. Ol: «Eý, halaýyk! Başy pil, aýagy mürçe ähli jandary kim ýaratdy?» diýdi. Olar: «Hudaýtagala ýaradandyr» diýdiler. Ol: «Onuň ýaly bolsa otuň päkizesini iýen, suwuň ýagşysyny içen doňuzy näme üçin siz iýmeýärsiňiz?» diýip sorady. Onuň bu sözi bilen olar doňzy iýdiler.

Ol ýene birnäçe günden soň: «Eý, halaýyk! Patyşa kaýda bolsa, nökerler hem şol ýerde bolmazmy? Taňry günçykarda eken. Gün hem Taňrynyň gaşyndan çykar eken. Biz bilmän magryp – günbatar tarapa bakyp, sežde kylýar ekenimiz. Indi siz günçykar tarapa sežde ediň» diýdi. Ol ybadathanasyna girip ýatdy. Näçe mahaldan soň: «Her haýsyňyzdan bir-birden dört ýagşylaryňyz meniň ýanyma geliň» diýdi. Bulardan dört kişi gelip girdi. Ol: «Siz Isanyň kimdigini bilýärsiňizmi? Siz Isanyň kimdigini bilmeýärsiňiz. Isa ýaly ketde adam bolmaz» diýdi. Ol çykyp gitdi. Ol ýene birini çagyryp: «Isa Taňrynyň özüdir. Ol dünýä gelip, seýr-tomaşa edip gitdi» diýdi. Ol ýene birini çagyryp: «Isa Taňry däldi. Ol Taňrynyň ilçisidir» diýdi. Ol

ýene birini çagyryp: «Isa Taňrynyň ogludyr» diýdi. Ol ýene birine: «Isa Taňrynyň ýerdäki orunbasarydyr» diýdi. Ol olaryň her birine başga-başga sözler aýtdy. Adamlar ertesi bu dürli sözleriň üstünde dalaşyp jeň etdiler. Arada gowga-pisat peýda boldy. Tüleýs bir derde sataşyp, özüni özi öldürdi. Adamlar: «Ertir bu sözüň dogrusyny, galatyny Tüleýsden eşideris» diýip gelseler, ol ölüp galypdyr. Bularyň her biri bir taýpanyň ulugydy. Olaryň her haýsy özüne aýdylan söz bilen iş etdi we öz kadalaryny bozdy. «Jöhit halky olardan tamam äleme meşhur boldy» diýipdirler. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## *KYRK IKINJI KYSSA*
## ISGENDER ZÜLKARNEÝNIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Aýat: ***«Olar senden Zülkarneýn barada soraýarlar».*** Sen: «Men size ondan habar bererin» diýip aýt».

Zülkarneýn Isgenderiýa atly şäherdendi. Onuň üçin oňa Isgender diýip at berildi. Emma Zülkarneýn ady oňa iki karna, ýagny gündogara we günbatara baryp ýetendendigi üçin galdy. «Karn» sözi arap dilinde «şah» diýmeklik, «Zul-karneýn» sözi «iki şahly» diýmeklik bolýar». Onuň başynda iki şahly altyn täji bardy. Hudaýtagala oňa pygamberlik berdi. Ol halky imana çagyryp ýördi. Kapyrlar urup, onuň şahlaryny döwdüler. Ol iki karn ýaşady. Munuň üçin hem oňa Zülkarneýn diýip at berdi.

Käbir alymlar oňa: «pygamberdir», beýleki birleri bolsa oňa: «patyşadyr» diýdiler. Olar bu aýaty delil getirdiler: Aýat: ***«Biz oňa: «Eý, Zülkarneýn! Sen halka: «Siz musulman boluň» diý. Eger olar seniň bu sözüňi berjaý etmeseler, sen olara azap bermäge hem, ýagşylyk etmäge hem ygtyýarlysyň» diýdik».*** Hudaýtagala oňa uly mülk berdi. Ol Kafdan Kafa ýetdi (ýagny dünýäniň hemme ýerini basyp alyp, ýene aýlanyp öz ýurduna geldi). Aýat: ***«Biz oňa ýeriň üstünde ýeňillik bilen gezmäge kuwwat berdik. Biz oňa her bir mätäç bolan zadynyň sebäbini öwretdik. Ol şu sebäplerden biriniň yzyna düşüp (ýagny günüň batýan ýerine barmak arzuwyna eýerip), ýola***

***çykdy»***. Hudaýtagala oňa ýollary bilmegi öwretidi. Ol dünýäni gezdi we şäherleri basyp aldy.

*Habarda şeýle aýdylypdyr:* «Mekgäniň halky Muhammet alaýhyssalama müňkür boldular. Olar Hijaza kişi iberdiler. Ol kişi hijazlylara: «Bu Muhammet: «Men ýalawaçdyryn» diýýär. Biz onuň sözüniň dogrudygyny ýa-da ýalandygyny bilmeýäris. Siz jöhitlerde Töwrat bardyr. Goý, siziň alymlaryňyz ondan bize onuň pygamberdigine hüjjet çykaryp bersinler. Siz onuň pygamberdigini anyklap beriň» diýip aýtdy. Jöhitler Abu Jähli (oňa nälet bolsun!) çagyrdylar. Ol Töwraty açyp, ondan üç sany meseläni saýlap çykardy. Olaryň biri siz ondan: «Ruh nähili zatdyr?» diýip soraň. Çünki Töwratda ruh barada, onuň sypaty barada hiç zat aýdylmaýar. Eger ol: «Ruh sypatdyr» diýse, ol pygamber däldir, ol ýalançydyr. Ýene ondan Eshabyl-kähf we Zülkarneýn barada soraň» diýip aýtdy. Arap müşrikleri Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Eý, Muhammet! Seniň Musanyňky ýaly kitabyň bar bolsa, sen Töwratdyky sowallara jogap berseň, biz saňa iman getireli» diýdiler. Hudaýtagala bu kyssalardan Muhammet alaýhyssalama heniz habar bermändi. Pygamber alaýhyssalam: «Hudaýtagala olary maňa habar berse, men hem size aýdaryn» diýdi. Emma ol inşalla diýmedi.

*Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle aýdypdyr:* «Hezreti Jebraýyl on güne çenli gelmedi. Kapyrlar ondan jogap isläp, günde gelip ony bizar etdiler. Olar: «Taňry Muhammedi unutdy» diýip aýtdylar. Pygamber alaýhyssalam bu gepi eşidip gaýgylandy. Anna güni guşluk wagtynda Jebraýyl alaýhyssalam gelip ýetdi. Ol pygamber alaýhyssalama Allatagalanyň salamyny ýetirdi. Allatagala: «Müşrikler ýalan aýdýarlar. Men seni unutmadym. Men seni duşman tutmadym. Aýat: ***«Men günüň asmana göterilip, nurunyň artýan guşluk wagty bilen hemme zady öz garaňkylygy bilen örtýän gije bilen kasam edýärin. Eý, Muhammet! Seniň***

***Taňryň seni taşlan däldir. Ol seni duşman hasaplan däldir» diýdi.*** Jebraýyl alaýhyssalam ýene: «Eý, Muhammet! Senden: «Ruh nämedir?» diýip soraýarlar. Sen olara: «Ony meniň Taňrym bilýär» diýip aýt. Emma sen olara eshabyl-kähfiň sözlerini aýdyp ber. Bylkysyň habaryny aýdyp ber. Zülkarneýn barada men saňa aýdyp bereýin». Aýat: ***«Sen olara: «Men size Zülkarneýn barada habar bereýin» diýip aýt»***.

Zülkarneýni Hudaýtagala ýalkady. Aýat: ***«Biz oňa her bir zadyň sebäbini öwretdik. Ol şol sebäpleriň birini yzlap ýola düşdi»***. Zülkarneýn ýola girdi. Ol ençe ýol ýöräp, günbatara bardy. Aýat: ***«Ol günüň batýan ýerine çenli bardy»***. Ol ýerde bir oýuk ýere ýetdi. Aýat: ***«Ol Günüň gara palçykly suw görnüşindäki zada batýandygyny gördi»***.

*Sowal*: Gündogardan günbatara çenli bäş ýüz ýyllyk ýol diýýärler. Zülkarneýn günbatara nähili bardy?

*Jogap:* Adam aýagy gündogardan günbatara ýetip bilmez. Emma Zülkarneýn ençe ýol ýöredi. Onuň gözüne ýoluň içinde gün batan ýaly bolup göründi. Ol bir şähere geldi. Ol daşdan we demirden salnan. Onuň gapysy ýok. Ondan aňyrda ýol ýok. Onuň diwarlaryna hile edip, tanaplar saldylar. Bir kişini tamyň başyna mündürdiler. Ondan: «Munuň aňyrsynda nämäni görýärsiň?» diýip soradylar. Ol gören zadyny aýtman özüni aňry atdy. Ýene birini onuň üstüne mündürdiler. Ol hem öňki münen bilen dilleşip, özüni aňry taşlady. Onsoň bularyň yzyndan üçünji birini iberdiler. Ol hem hiç zat sözlemän aňry düşüp gitdi. Şeýlelikde, olar bu şäheriň syryny bilip bilmediler.

Hezreti Zülkarneýn ol ýerden yzyna gündogara döndi. Ol bir ada baryp ýetdi. Oňa gämisiz girip boljak däldi. Adanyň adamlary hezreti Zülkarneýniň geljegini bilip, gämilerini ýygnap goýdular. Hezreti Zülkarneýn ada ötmegiň alajyny tapmady. Hezreti Zülkarneýn deňziň gyrasynda bir minara gurdurdy. Ol odun ýygnadyp, ot ýakdyrdy. Ol ot tutaşdy, şuglasy, çogy şähere urdy. Saraýlar we öýler ýandy. Adamlar

oduň yssysyndan gorkup, hezreti Zülkarneýne ýol berdiler. Ol şähere girdi we adamlaryň gurap galan jesetlerini gördi. Ol jesetler yslanman galypdyr.

Hezreti Zülkarneýn bir kişiden: «Bu jesetleriň porsaman galmagynyň sebäbi nämedir?» diýip sorady. Ol: «Biziň hemmämiziň iýmitimiz hikmetdir (ylymdyr)» diýip aýtdy. Hezreti Zülkarneýn ol gije bulara myhman bolmak üçin bu ýere gondy. Olar hezreti Zülkarneýniň öňüne altyn-kümüş we jöwher getirdiler. Hezreti Zülkarneýn we onuň leşgeri bu zatlardan iýmediler. Ol halkyň özleri bolsa olardan iýdiler.

Ertesi hezreti Zülkarneýn goşunyny alyp, Hindistana tarap gitdi. Ol bu iliň gyrasyna ýetip, olaryň üstüne ilçi iberdi. Ilçi olaryň patyşasyna baryp: «Zülkarneýniň leşgeri köpdür. Siziň ýurduňyz bolsa akar suwly, bag-bossanly bir abadan ildir. Eger siz Zülkarneýne boýun bolmasaňyz ýurduňyz harap, iliňiz heläk bolar. Şonuň üçin siz Zülkarneýne gepleşik üçin ilçi iberiň» diýip aýtdy. Hindistanyň patyşasy hezreti Zülkarneýne ilçi iberdi. Ilçi onuň ýanyna gelende hezreti Zülkarneýn başyny ýokary tutup durdy. Ilçi bolsa başyny aşak saldy. Ilçi bir barmagyny burnuna goýup, daşary çykdy. Bu ikisi hiç bir söz sözlemediler. Adamlar hezreti Zülkarneýnden: «Sen oňa näme diýdiň, ol saňa näme diýdi?» diýip soradylar. Hezreti Zülkarneýn: «Men: «Sen bir ulumsy ilçi ekeniň. Senden hiç kime peýda bolmaz» diýdim. Ol bolsa maňa: «Men bir ylymly kişidirin. Nähili sowal bolsa, men jogabyny taparyn» diýdi. Ondan soň ilçä bir küýze ýag berdiler. Ilçi küýzä köp iňňe salyp, hezreti Zülkarneýne iberdi.

Hezreti Zülkarneýn iňňeleriň ornuna gözgi goýup, küýzäni ilçä iberdi. Ilçi aýnany röwşen edip, hezerti Zülkarneýne gaýtardy. Hezreti Zülkarneýnden bu zatlaryň manysyny soradylar. Ol: «Men oňa küýzäni ýagdan dolduryp: «Seniň ýanyňa ylymdan doly är geldi» diýip, ilçä iberdim. Ilçi bolsa küýzäniň içine iňňeleri salyp: «Men ylymda senden artyk-

dyryn» diýip, ony yzyna gaýtardy. Men iňňeleriň ornuna aýna goýup: «Siziň ylmyňyz gara, ol hiç bir zada ýaramaz» diýip, küýzäni oňa dönderdim. Ilçi bolsa ol aýnany şöhlelendirip: «Beýle däldir, meniň ylmym ýol görkeziji şöhle ýaly ýagtydyr» diýdi. Ilçi yzyna gaýdar boldy. Hezreti Zülkarneýn: «Sen ylymly kişi ekeniň. Meniň ýanymda hyzmata dur» diýip, ony goýbermedi. Hindistanyň patyşasy: «Meniň ilçimi yzyna goýbersin» diýip, hezreti Zülkarneýniň üstüne ýene bir ilçi iberdi. Hezreti Zülkarneýn onuň ilçisini goýbermedi.

Bir gün hezreti Zülkarneýn bir ýere girdi we ol ýerde bir surat gördi. Ol gorkdy, meňizi saraldy. Ilçi bu ýagdaýy görüp: «Saňa näme boldy?» diýip, ondan sorady. Hezreti Zülkarneýn oňa gören zadyny aýdyp berdi. Ilçi: «Däri getiriň. Men ony alaç edeýin» diýdi. Ilçä däri getirip berdiler. Zülkarneýn ýazylmak hajaty üçin daşary çykdy we ol meýdana oturdy. Bir zat gelip, oňa çyrmaşdy. Onuň ýüzi saraldy. Ilçi oňa bir şerbet taýýar etdi. Patyşa öýe girdi we ol şerbeti içdi. Ol öňki suraty gördi. Surat: «Men seni goýýaryn we men senden gidýärin» diýdi. Ilçi hezreti Zülkarneýniň gözüniň öňünde ol şerbeti döküp goýberdi. Hezreti Zülkarneýn ondan: «Eý, ilçi! Siz näme üçin därini dökdüňiz?» diýip sorady. Ilçi: «Ol däri diňe siziň üçindir. Indi siz keseliňizden gutuldyňyz. Ol başga biriniň derdine ýaramaz, men şonuň üçin ony dökdüm» diýdi.

Hezreti Zülkarneýn atlanyp, ýene gündogara ugrady. Ol ýolda hemmesi ýalaňaç bolan bir halka sataşdy. Olar bir-biriniň gözüniň öňünde jimag edýärler we ýoluň üstünde ýazylýarlar. Gün dogsa olara asaýyş bolýar, gün batsa ertesi gün dogýança teşwiş bolýar. Aýat: ***«Zülkarneýn günüň dogýan ýerine baran wagtynda öýsüz-öwzarsyz we geýimsiz çuw ýalaňaç kowumyň üstüne günüň iň ilki dogýanyny gördi. Biz olara günden başga perde etmedik».***

Ondan soň ol iki sany belent daga baryp ýetdi. Hezreti Zülkarneýn ol ýerde bir musulman halk gördi. Olar hezreti

Zülkarneýne boýun boldular. Hezreti Zülkarneýn olara hezzet-hormat etdi we ýagşy wadalary berdi. Aýat: ***«Ol iki dagyň arasyna baranda ol bir halky gördi. Ol bulara hiç bir söz düşündirip bilmedi».*** Hezreti Zülkarneýn bularyň sözüne asla düşnüp bilmedi. Olar hem onuň sözüne düşünmediler. Olaryň terjimeçisi: «Bu dagyň aňyrsyndan Ýajuj we Majuj diýen bir taýpa bar. Olar her ýylda bir gezek çykyp gelip, bizi ýesir edip, mal-baýlyklarymyzy alyp, hemme ekinlerimizi iýip, bizi aç goýýarlar» diýip aýtdy. Aýat: ***Ol kowumyň dilmajy: «Eý, Zülkarneýn! Ýajuj-Majuj bir bozgaklardandyr» diýdi.***

*Aýdypdyrlar:* Bular iki bölek urugdy. Olaryň her haýsy müň ogly bolýança ölmeýärdiler. Şonuň üçin olaryň hetdi-hasaby ýokdy. Olaryň hatynlary hem şunuň ýalydyr.

*Hatyja (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir:* Bir gün men Pygamber alaýhyssalamdan: «Eý, Allanyň resuly! Ýajuj we Majuj nämedir?» diýip soradym. Pygamber alaýhyssalam: «Ýajuj bir ummatdyr we Majuj bir ummatdyr. Olaryň her biri dört görnüşli topardyr. Olaryň her biri müň perzent öndürýänçäler ölmeýärler» diýdi. Men ýene: «Eý, Allanyň resuly! Olaryň ululygy nähilidir?» diýip soradym. Pygamber alaýhyssalam: «Olaryň käbiriniň boýy hem ýüz ýigrimi gez, ini hem ýüz ýigrimi gez. Olara hiç zat täsir edip bilmez. Ýene bir bölegi bir gulagyny astyna salyp, beýleki gulagyny bolsa üstüne ýapyp ýatýar. Başga bir böleginiň boýy bir garyş, sakgaly iki garyş bolar. Olar öňlerinden doňuz, pil, gaplaň, böri, arslan çyksa olary tutup iýýärler. Olar özlerinden başga zatlary iýýärler. Olaryň dyrnaklary arslanyň we böründiň dyrnaklary ýaly bolýar. Olaryň bedenleri dürli bolar. Olara yssy-sowuk kär etmeýär. Olar çykanlarynda öňi Şamda, soňy Balhda bolýar. Olar deňiz-derýalaryň suwlaryny içýärler». Möminleriň emiri Aly (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Olaryň käbiriniň boýy bir garyş, käbiriniň boýy bolsa örän

uzyndyr. Olaryň dyrnaklary ýitidir. Endamlary sowukdan goranmak üçin tüýler bilen örtülendir» diýip aýdypdyr.

Olar Nuh alaýhyssalamyň ogly Ýafesiň urugyndandyr. Ibn Apbasyň rowaýatyna görä, hezreti Adam alaýhyssalam ihtilam boldy. Onuň nutfasy ýere akdy we köl boldy. Hudaýtagala ol nutfadan Ýajujy we Majujy ýaratdy. Olar bize Adam atamyzdan urug bolar. Emma olar bize How enemizden urug bolmaz. Olaryň köplügi şeýledir: tamam älem bir bölek bolsa, olar on bölekdir. Olar hiç bir zady iýip doýmazlar, mydama nebisleriniň küýünde bolarlar, Hudaýtagalany bilmezler we hiç bir zady tanamazlar. Her ýylda asmandan bir zat düşer. Hatynlary ony iýip, hamyladar bolarlar. Olar öz ölülerini özleri iýerler. Şeýle hem aýdypdyrlar: «Her ýylda asmandan bir ýylan düşer. Olaryň hemmesi ony iýerler. Eger iki ýylan düşäýse, olar üçin dokluk bolar, bir ýylan düşse olara açlyk bolar».

Ol ýeriň halky hezreti Zülkarneýne: «Biz bilen olaryň arasynda beýik diwar gurup berseňiz. Olar biziň üstümize gelip bilmeseler, biz olardan gutulsak, biz ol diwaryň harajatyny çekeli» diýip aýtdylar. Aýat: ***«Biz saňa olar bilen biziň aramyzda diwar gurmak üçin gerek bolan çykdaýjyny toplamalymy?».*** Hezreti Zülkarneýn: «Hudaýtagalanyň maňa beren nygmaty siziňkiden has artykdyr. Men siziň zadyňyza mätäç däldirin. Meniň malym gündogardan günbatara çenlidir. Siz maňa ýardam beriň. Men siziň araňyza olar üstüňize gelmez ýaly diwar salyp bereýin» diýip aýtdy. Aýat***: «Zülkarneýn: «Maňa Taňrym mal-mülkde goly giňlik berdi. Siziň maňa tölejek zadyňyzdan öz güýjüm ýagşyrakdyr. Ýöne siz maňa gerek bolaýjak zat bilen ýardam ediň. Onsoň men siz bilen olaryň arasyna mäkäm diwar salaýyn» diýdi»***. Olar hezreti Zülkarneýniň bu sözüni kabul etdiler. Hezreti Zülkarneýn: «Baryň siz kerpiç we demir getiriň» diýdi. Aýat: ***«Siz maňa demir böleklerini getiriň»***. Olar demir böleklerini getirip, iki dagyň arasynda odun bilen garyp üýşürdiler. Aýat: ***«Ol***

***demir böleklerini iki dagyň arasyna barabar bolýança ýygnatdy»***. Olaryň aşagyna bolsa kömür goýdular. Aýat: ***«Zülkarneýn körükçilerine: «Körügiňizi dym-gyzyl ot bolýança işlediň» diýip aýtdy»***. Soňra ol ýene: Aýat: ***«Maňa ergin misi getiriň, ony gyzaran demiriň üstüne guýuň» diýdi***. Olar mis bilen demri goşup mäkäm daşa öwürdiler. Aýat: ***«Zülkarneýn: «Indi Ýajujyň we Majujyň bu dagyň depesine çykmaga we diwaryň düýbüni gazyp deşmäge güýji ýetmez» diýdi»***.

Aýdylyşyna görä, iki dagyň arasy ýüz agaçlyk ýerdi. Hezreti Zülkarneýn suwa çenli ýeri gazdyrdy. Elli agaç bir diwaryň ýeri boldy. Ol diwaryň ýüzüni demir we gurşun bilen suwatdy. Diwar tamam bolansoň, hezreti Zülkarneýn: Aýat: ***«Bu zatlara meniň güýjüm-kuwwatym ýetmezdi. Ol Hudaýtagalamyň rehmetindendir» diýdi***.

Möwlana Mejdeddin Andigany (goý, Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!) «Tefsir» atly kitabynda şeýle aýdypdyr: Abu Ýakup Terjumany Bagdada patyşa bolan wagtynda bäş gatyra altyn ýükläp, elli kişi bilen: «Zülkarneýniň diwaryny görüp geliň» diýip iberdi. Olar bu ýere ýetip geldiler. Olar hezreti Zülkarneýniň salan diwaryny görüp haýran galdylar. Olar onuň gurşun ereden gazanlaryny gördüler. Ol diwaryň belentligi segsen gez, işikleriniň belentligi we ini kyrk gezden köp. Ol işigi baglap, açaryny bir ýerde goýupdyrlar. Ol açaryň on sekiz dişi bar. Onuň hemme ýeri demirden. Olar iki ýarym ýylda ýene Bagdada yzyna gaýdyp geldiler. Olar halypa: «Biz gaýdanymyzda Semizkende sekiz agaçlyk ýerden geçip geldik» diýip aýtdylar.

*Aýdypdyrlar:* Olar dört dürli bolarlar: biri Ýajuj, biri Masmag, biri Majuj we biri Kimit. Olar gije bu ýere gelip, Isgenderiň diwarynyň düýbüni daň atýança uzak gije gazýarlar. Olar ertir namazynyň azanynyň sesini eşidip gaçyp gidýärler. Olar: «Indi biz ýadadyk. Galanyny ertir agşam gelip gazarys» diýýärler. Ertesi gelseler, Allatagalanyň gudraty bilen olaryň

gazan ýerleri ýene öňküsi ýaly bolup durýar. Bularyň işleri her gün şunuň ýaly bolýar. Emma olar işlänlerinde: «Inşallah» diýmeýärler. Olar tä kyýamat gününe çenli şeýle işe meşgul bolarlar. Aýat: ***«Meniň Taňrymyň kyýamat baradaky wadasy gelende, ol bendi ýer bilen ýegsan eder we Ýajuj, Majujyň ýoluny açar. Meniň Taňrymyň wadasy hakdyr»***.

Olar ondan soň ýer ýüzüne ýaýrarlar. Aýat: ***«Kyýamatyň bir alamaty – Isgenderiň diwary açylan wagtynda Ýajujyň we Majujyň nesilleri her bir depeden ylgaşyp gelerler»***. Onsoň olar ýer ýüzüne ýaýrarlar. Olar özlerine sataşanlary iýerler. Olar derýalaryň suwlaryny içip gutararlar. Şol wagt Isa pygamber gökden ýere düşer. Ol Dejjaly öldürer. Halaýyk Dejjaldan gutulyp, öýlerine gaýdanlarynda ýolda Ýajuj-Majuja ýolugar. Ýajuj-Majujlar dagdan aşyp, aşak inerler. Hezreti Isa bir dileg eder. Olaryň barysy ölerler we porsarlar. Hezreti Isa ýene bir dileg eder. Allatagala suw iberer, ölüleri muhyta salar, daglary ýerine goýar we ýeri ýazar.

*Aýdypdyrlar:* Pygamber alaýhyssalam müşriklere ilki bu kyssany soň bolsa eshabyl-kähfiň kyssasyny aýdyp berdi. Olar bu gürrüňleri Töwratyň içindäki kyssalar bilen ölçäp gördüler. Bir harp artyk ýa-da egsik gelmedi. Abu Jähl (oňa nälet bolsun!): «Iki sany jadygöý ýüze çykdy. Olaryň biri Musa, beýlekisi bolsa Muhammet. Biz olaryň ikisini hem inkär edýäris. Siziň ikiňiz hem jadygöýsiňiz. Şonuň üçin siziň sözleriňiz bir gelýär» diýip aýtdy.

Hezreti Zülkarneýn ol ýerden ýene deprendi. Ol gündogara tarap kişi iberdi we ulamalary we mälikleri ýygnady. Hezreti Zülkarneýn olara: «Siziň içiňizde kitapdan ýaş uzaltmaga hile tapýanyňyz ýokmy? Siz ony aýdyň. Biz oňa hile edeliň. Hudaýtagala boýun sunalyň» diýip, sowal berdi. Bir ýigit ýerinden turup: «Men Adam atanyň wesýet eden kitabynda gördüm. Kap dagynyň aňyrsynda garaňkylykda bir çeşme bar. Onuň suwy süýtden agrak, asaldan süýjüräk we sary ýagdan

ýumşagrak. Kim ondan bir owurt içse, ol tä kyýamat gününe çenli ölmez» diýdi. Hezreti Zülkarneýn alymlara: «Siz meniň bilen ýöräň. Biz bileleşip, ol suwy gözläliň» diýdi. Alymlar: «Eý, patyşa! Bizi özüň bilen alyp gitme. Biz ol ýere barsak gaýtmarys. Bir alym ol ýerde galsa, onda älem-jahan garaňky we haraplyk bolar» diýdiler.

Hezreti Zülkarneýn olary galdyrdy. Ol ýene: «Ýylkygaradan hemmeden ýagşyrak haýsydyr?» diýip sorady. Olar: «Olaryň hemmeden ýagşyragy tetik we ýiti gözli gulunlamadyk gysrakdyr» diýip aýtdy. Hezreti Zülkarneýn alty müň gysrak taýýar etdi. Ol Hydyry iki müň är bilen iberdi. Hydyr: «Men garaňkylykda leşgerden aýrylsam näme edeýin?» diýdi. Hezreti Zülkarneýn hazynadan bir göwher çykaryp, Hydyra berdi we oňa: «Eý, Hydyr! Sen haçan leşgerden aýrylsaň, şu göwheri çykar. Onuň ýagtylygy bilen sen leşgeri taparsyň» diýdi. Hydyr gitdi. Ondan soň hezreti Zülkarneýn dört müň är bilen atlandy. Ol öz ornuna ogluny oturtdy. Ol özi bilen on iki ýyllyk azyk göterdi. Ol ýurtda galanlara: «Eger men on ýylda gelmesem, siz öz alajyňyzy özüňiz görüň» diýip aýtdy.

Hydyr ol ýere baryp, garaňkyda gezip ýörkä, ýoldan azaşdy. Ol göwheri çykaryp, ýokary göterdi. Ol bir bulak gördi. Ol baryp, suwa girdi, gusul aldy we suw içdi. Ol Hudaýtagala şükür edip, ýola düşdi. Ol birnäçe ýoly garaňkylykda ýöräp, ýene göwheri çykardy. Ol onuň ýaruklygynda çerigi tapdy. Ol leşgere gaýdyp geldi. Ol garaňkylykda ýöräp barýarka günüň ýagtysyny gördi. Ol leşgere: «Eý, Isgender! Siz bu ýerde duruň. Men baryp, nähili ajaýyp zatlar bardygyny göreýin» diýdi. Ol birnäçe ýol ýöräp, bir belent saraý gördi, baryp onuň içine girdi we bu ýerde garlawaç sypatly bir guş gördi. Munuň yzy bilen hezreti Zülkarneýn hem gelip ýetdi. Ol guş hezreti Zülkarneýne: «Eý, Isgender! Sen ýagty jahany goýup, bu ýere näme üçin geldiň? Sen näme üçin ýagty jahan mülküne kanagat etmediň? Näme üçin sen onuň gadyryny bilmediň?» diýdi.

Hezreti Zülkarneýn: «Men bakylyk suwuny gözläp, bu ýere geldim» diýdi. Ol guş aýtdy: «Eý, Isgender! Ýagty jahanda ýagşy ymaratlar salmak, gowy geýimler geýmek halaýyk arasynda resm boldumy?» diýdi. Hezreti Zülkarneýn: «Hawa, adat boldy» diýdi. Ol guş bir silkinip, uly bolup, öýüň üçden birine ýetdi.

Ol guş ýene: «Eý, Isgender! Onda arak-çakyr içmek adat boldymy?» diýdi .Hezreti Zülkarneýn: «Hawa, adat boldy» diýdi. Ol guş bir silkindi. Öýüň üçden iki bölegini ol guş tutdy. Guş ýene: «Eý, Isgender! Halk iman-yslamy taşladymy?» diýip sorady. Hezreti Zülkarneýn: «Halkda entek iman-yslam bar» diýdi. Guş bir esse kiçeldi. Guş ýene: «Eý, Isgender! Adamlar namaz okaýarmy?» diýip sorady. Hezreti Zülkarneýn: «Halk namaz okap, oraza tutýar. Olar bir-birlerine haýyr-yhsan, mähir-muhabbet edýärler» diýdi. Guş öňki durkuna bardy.

Ol guş: «Eý, Isgender! Sen bu öýüň üstüne çyk» diýdi. Hezreti Zülkarneýn ol öýüň üstüne çykdy. Ol hezreti Ysrapylyň sury agzyna tutup duranyny gördi. Emma bu guş şeýtandy. Ysrapyl alaýhyssalam: «Eý, Isgender! Sen ýagty jahandan doýman, näme üçin bu garaňky dünýä geldiň?» diýdi. Hezreti Zülkarneýn: «Men bu ýere bakylyk suwuny isläp geldim» diýdi. Hezreti Ysrapyl şol wagt oňa pişigiň başy ýaly daşy berdi we: «Mundan saňa ylym hasyl bolar» diýdi. Hezreti Zülkarneýn ol ýerden gaýdyp, zulmata girdi. Onuň atynyň aýagy bir hili gaty daşa degdi. Ol: «Bu nähili daş?» diýdi. «Bu daşdan alan hem, almadyk hem puşman eder» diýen owaz geldi. Ol daşdan onuň leşgerinden käbirleri aldylar, käbirleri bolsa almadylar.

Elkyssa, olar garaňkylyga girip, aby-haýatdan içdiler. Soňra olar ýagty jahana çykdylar. Görseler, ol daş lagly-göwher, ýakut-zümerret, zeberjet eken. Ondan alanlar: «Men köp almadym» diýip, almadyklar bolsa: «Men hiç zat almadym» diýip puşman etdiler. Olar Hezreti Ysrapylyň beren bu daşlaryny

alymlara görkezdiler we: «Bu daşda näme hikmet bar?» diýip soradylar. Alymlar: «Bu daşy tereziniň bir tarapyna goýuň, tereziniň beýleki tarapyna başga zatlary goýuň. Ony ölçäp göreliň» diýip aýtdylar. Onsoň adamlar tereziniň bir tarapyna ol daşy saldylar, beýleki tarapyna bolsa, demir goýdular. Daş agyr geldi. Zatlary hernäçe köp goýsalar hem, ol daş agyr geldi. Adamlar bu ahwalata haýran galdylar we: «Bu nähili gudratdyr?» diýdiler. Hezreti Hydyr: «Bu daşlaryň hemmesini getirip, tereziniň bir tarapyna salyň, onuň beýleki tarapyna bolsa, bir owuç toprak goýuň» diýdi.

Adamlar hezreti Hydyryň aýdyşy ýaly edip gördüler weli, tereziniň iki tarapy deň geldi. Adamlar: «Bu nähili keramat-dyr?» diýip soradylar. Hezreti Hydyr: «Allatagala size dünýä-niň kamug mülküni berdi. Şonda hem siz doýmaýarsyňyz. Siz göre gireňizde bir owuç toprak bilen doýarsyňyz. Bar keramat şundadyr» diýdi. Hezreti Zülkarneýn bu sözden pent aldy. Ol dünýäni goýdy we zahyt (terkidünýä) boldy. Ol leşgerine rugsat berdi.

*Bir sözde şeýle aýdylypdyr:* «Haçan oňa dünýä malyny tabşyranlarynda enesi oňa: «Eý, patyşa! Sen illeri goşun bilen aldyň. Emma sen ýürekleri ýagşylyk bilen aljak bolup yhlas et» diýip, bir hat iberdi»

Ondan soňra hezreti Zülkarneýn Zarat al-Jendele bardy we ol ýerde Allatagalanyň ybadatyna meşgul boldy. Ol şol ýerde hem aradan çykdy. Ony altyndan sandygyň içine salyp, Isgenderiýa şäherine iberdiler.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Zülkarneýn älem-jahanda köp ýerlerde abadançylyk etdi. Ol Kustantiniýada bir gala gurdy. Ýedi ýola öwrülmeýänçäň, onuň içine girip bolmaz, ýagny ýedi gat gala bir derweze goýdy. Onuň içi alty aýlyk ýoldur. Onuň ýaly uly we gözel şäher bolmaz.

## *KYRK ÜÇÜNJI KYSSA*
## ESHABYL KÄHEFIŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

*Aýdypdyrlar*: Rumda Dakýanus diýen ýawlak jepbar mälik bardy. Onuň bir weziri bardy. Çerigi köpdi. Dakýanus bir patyşa bilen uruşdy. Olar söweşdiler. Dakýanus bu jeňde üstün çykdy we ol patyşany öldürdi. Bu öldürilen patyşanyň alty ogly bardy. Olary özüne hemneşin etdi. Ol özüni: «Men taňry» diýip yglan etdi. Ol adamlary özüne sežde etdirdi.

Bir gün Dakýanusa: «Ýagy gelýär» diýip habar geldi. Dakýanus bu habary eşidip, gorkup titredi. Ol köşkde tagtynyň üstünde oturan wagty iki pişik urşup, harlaşyp tüýnükden aşak düşdüler. Dakýanus pişikleriň üýnünden gorkup bihuş boldy. Alty dogan muny görüp, bir-birine: «Bu taňry däldir. Bolmasa ol pişikden näme üçin gorkar? Biz bu ýerden gideliň. Hakyky taňryny gözläliň. Biz muňa hyzmat edenimizden Hudaýtagalanyň gullugyny edenimiz ýagşydyr» diýip aýtdylar. Olar köşkden çykyp gaçmagyň ýoluny geňeşdiler. Olar köşk lybaslaryny taşlap, köne geýimleri geýip, bu ýerden çykyp, ýola rowan boldular. Olar aýak ýalaňaç çykdylar. Ýolda olara goýun çopan sataşdy. Onuň Kytmyr atly iti hem bardy. Goýun çopan olardan: «Siz nirä barýarsyňyz?» diýip sorady. Olar: «Biz Taňryny gözlemäge barýarys» diýip aýtdylar. Goýun çopan: «Men hem siziň bilen gitjek. Ýöne siz biraz sabyr ediň. Men goýunlary eýesine tabşyryp geleýin» diýdi. Olar munuň bilen razylaşdy-

lar. Çopan goýunlary eýesine tabşyryp geldi. Bular ýola rowan boldular. Çopanyň iti hem bularyň yzyna düşdi.

*Aýdypdyrlar:* «Olaryň atlary – Tamliha, Igsig, Mina, Martalus, Sarrinius, Zu Anas, Mekselmiýa, goýun çopan Kafittinius, onuň iti Kytmyr». Doganlar goýun çopana: «Sen itiňi kow. Ony yzyna gaýtar. Biz gizlenenimizde it üýrse, onuň sesini eşidip bizi taparlar» diýip aýtdylar. Iti daş-kesek bilen urdular. Emma ol yzyna gaýtmady. Hudaýtagala öz gudraty bilen ol ite dil berdi. It: «Siz meni näme üçin yzyma gaýtarýarsyňyz? Siz meniň aýagymy syndyrdyňyz. Men hem Taňrynyň ýanyna barýaryn» diýip aýtdy. Olar itden bu sözi eşidip, iti tutup, boýunlaryna göterdiler. Olar daga baryp, gowaga girdiler we ol ýerde ukladylar. It iki aýagyny gowagyň işigine goýup uklady.

Dakýanus bulary gözläp tapmady. Ol bir gün awa çykdy. Ol uzakdan gaçgaklaryň ýatan gowagyny gördi. Aýat: ***«Biz birnäçe ýylyň dowamynda gowagyň içinde olaryň gulagyna perde goýduk»***.

Dakýanus gowaga baryp, bulary gördi. Bularyň aýaklary gabarypdyr. Olaryň daşyna kerep düşüp gidipdir. Patyşa bulary ölen hasaplady.

Dakýanus: «Hemme halk ýygnansa hem, bulara beýle iş edip bilmezdi. Bular muny öz-özlerine etdiler» diýip, yzyna gaýtdy. Olar Allatagalanyň gudraty bilen üç ýüz ýyl we ýene dokuz ýyl gowakda galdylar. Aýat: ***«Olar gowaklarynda üç ýüz ýyl uklap ýatdylar we ýene dokuz ýyly goşupdyrlar»***. Käbir alymlar ony: «dokuz aýdyr», başga bir alymlar bolsa ony: «dokuz gündür» diýip aýdypdyrlar. Olar oýandylar we biri-birinden: «Biziň bu ýerde ýatanymyza näçe wagt bolduka?» diýip soradylar. Tamliha: «Bir gün boldy» diýdi. Olar güne bakdylar. Olar ýatanda gün gündogar tarapdady, häzir bolsa gün gaýdypdyr. Aýat: ***«Olardan biri: «Siz şu gowakda näçe wagt ýatdyňyz?» diýip sorady. Beýlekileri: «Biz gowakda bir***

***gün ýa-da bir günüň bir bölegini ýatdyk» diýip aýtdylar. Olar: «Biziň bu ýerde näçe wagt ýatanymyzy Taňrymyz gowy bilýändir» diýdiler***. Olaryň garynlary açdy. Aýat: ***«Olar: «Biz birimizi şu pul bilen şähere ibereliň. Ol şähere baryp haýsy tagam ýagşy bolsa, şony satyn alyp getirsin. Olar bilen ol öz dilinde gepleşsin. Goý, ol olar bilen sadalyk we ýumşaklyk etsin. Ol siz hakda hiç kime aýtmasyn» diýip aýtdylar***.

*Aýdypdyrlar:* «Kurralar Gurhanyň hemme harplaryny hasaplap: «Welýetalattaf» («goý, ol ýumşaklyk etsin») sözüniň ikinji «lamynda» Gurhanyň ýarysy bolýar» diýipdirler».

Aýat: ***Olar: «Biziň iberen adamymyzy şäher halky tanasa, ony daş bilen urarlar ýa-da olar sizi hem öz dinlerine salarlar. Ondan soň siz olardan gutulmaga hiç alaç tapmarsyňyz» diýip aýtdylar***.

Tamliha puly alyp, gowakdan çykyp gitdi. Aradan köp ýyllar geçendigi sebäpli ol pul özgeripdir. Ol bazaryň ýoluny bilmedi we öz-özüne: «Men heniz hem ukuda ýörmükäm?» diýdi. Ol bazara girdi we çörekçä pul berdi. Ony terezide çekdiler weli agramy alty batman geldi. Çörekçi Tamliha bakyp: «Sen altyny gowy tanaýar ekeniň. Eger sen meni hem ortak etmeseň, men seni patyşa aýdaryn» diýdi. Tamliha: «Bu nähili söz bolar? Biz düýnki gün daga çykypdyk. Biziň garnymyz açdyr. Şonuň üçin men: «Çörek satyn alaýyn» diýip geldim. Sen puly al-da, maňa çörek ber» diýdi. Çörekçi onuň bu sözüni unamady. Ol Tamlihany patyşanyň ýanyna alyp bardy.

Patyşa Ýastagad atly bir musulmandy. Tamliha bu patyşany Dakýanusdyr diýip hasaplady. Patyşa ondan: «Sen kimsiň?» diýip sorady. Tamliha öz ýagdaýyny aýdyp berdi. Patyşa onuň sözlerine haýran galdy. Ol alymlary ýygnady we olardan: «Kitaplarda bu söz barmy?» diýip sorady. Bir ýigit: «Men kitabyň içinde: «Dakýanusyň wagtynda ondan alty sany ýigit gaçyp, daga baryp, gowagyň içinde gizlenip galypdyr» diýen sözi

tapdym» diýip aýtdy. Ýastagad patyşa: «Biz atlanyp baryp, olary göreliň» diýdi.

Patyşa atlanyp gowaga ýakyn geldi. Tamliha: «Men olara siziň Dakýanus däldigiňizi aýdaýyn. Olar sizden gorkmasynlar» diýdi. Patyşa onuň bu sözi bilen ylalaşdy. Tamliha baryp gowaga girdi we: «Patyşa geldi» diýip aýtdy. Olar bu patyşany Dakýanus hasaplap, bary bihuş boldular.

*Ýene bir rowaýatda aýdylypdyr:* «Hemmeler gowaga girdiler. Olar bilen sözleşdiler. Olar jogap aýtdylar we öňki hallaryna bardylar» (ýagny, «öňküleri ýaly uklap galdylar»).

*Aýdypdyrlar:* Ol ilde iki dürli halaýyk bardy. Olaryň biri: «Hudaýtagala jany (ruhy) direldýär, jesedi direltmeýär» diýerdiler. Beýleki biri bolsa: «Hudaýtagala jany hem, jesedi hem direldýär» diýerdiler. Olar bu gowak eýelerini diri görüp: «Hudaýtagala jesedi hem direldýän eken» diýip bildiler. Olaryň birinjisi: «Bu gowagyň üstünde gala salalyň» diýdiler. Ikinjisi bolsa: «Ol gowakdan metjit salalyň» diýdiler. Aýat: ***«Öli jeset ruh bilen görden bile direlip turar» diýip dawada üstün çykan halaýyk: «Biz ol gowagyň üstüne metjit gurarys» diýdiler»***.

Hezreti Ýakubyň ýörelgesine uýýanlar: «Olar üçdüler, dördünjileri itdir»diýdiler. Nestury dinine uýýanlar: «Olar bäş adamdyrlar, altynjysy itleridir» diýdiler. Olar gaýybana şeýle güman etdiler. Emma musulmanlar Pygamber alaýhyssalamyň sözüne esaslanyp: «Gowak eýeleri ýedidir. Olaryň sekizinjisi itleridir» diýýärler. Aýat: ***Eý, Muhammet! Sen olara: «Meniň Taňrym olaryň sanyny ýagşy bilýär. Başga hiç kim ony anyk bilmeýär» diýip aýt»***.

Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Men şol musulmanlardandyryn we olaryň sanynyň ýedidigini, sekizinjileriniň itleridigini bilýärin» diýip aýdypdyr.

Olaryň ýedi adamdygyna Allatagalanyň (Aýat): ***«Olardan biri: «Siz gowakda näçe wagt uklap ýatdyňyz?»*** diýdi.

(Olardan üçüsi): «Biz bir gün ýatdyk» diýip aýtdylar» diýen sözi delildir. «Kalu» («aýtdylar») sözi köplük san üçin ulanylýar. Ýene Allatagala: ***«Siziň näçe ýatanyňyzy Taňryňyz ýagşy bilýändir»*** diýip aýtdy. Iki «kalu» sözüni goşsaň, sorag beren bilen ýedi bolar.[31]

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Jebraýyl ýylda iki gezek gelip, «olaryň gapdallary çüýremesin» diýip, gowak eýelerini sagdan çepe öwrerdi.

*Aýdypdyrlar:* Gowagyň agzy demirgazyk tarapa garap durandyr. Olaryň üstüne gün düşýän däldir. Olar kölegede ýatandyrlar.

*Aýdypdyrlar:* Hudaýtagala ol dagda gorkunç haýbat ýaratdy.

*Aýdypdyrlar:* Gowak eýelerine hadymlar (hyzmatkärler) hyzmat ederdiler. Olaryň dyrnaklaryny alardylar we saçlaryny syrardylar.

*Aýdypdyrlar:* Mugawyýa: «Olary göreýin» diýip, ol ýere ugrady. Ol gowaga ýakyn gelende, hyzmatkärler oňa daş zyňdylar. Onsoň ol hiç kimi görmän yzyna gaýtdy.

## *KYRK DÖRDÜNJI KYSSA*
## ESHABUR-RAKYMYŇ WAKALARYNYŇ BEÝANY

Kapyrlar Resul alaýhyssalamdan eshabur-rakym barada soradylar.[32] Hezreti Resul alaýhyssalam olara bu wakany beýan edip berdi: «Olar üç kişidi. Olar göwün açmak üçin sähra çykdylar. Köp ýagmyr ýagdy. Onsoň olar ezilmezlik üçin bir gowaga girdiler. Ýokardan daşlar gaçyp, ol gowagyň agzy ýapylyp galdy. Olar gowagyň içine gabaldylar we: «Eý, Taňrymyz! Köp ýagmyr ýagdy. Biz ýagmyrdan gaçyp bu gara (gowaga) girdik. Suw daşlary getirip gowagyň agzyny ýapyp goýdy. Biz gowakdan çykyp bilmän galdyk. Bizi bu ýerden öz rehmetiň bilen çykarsaň?!» diýip dileg etdiler.

Olaryň biri: «Eý, Taňrym! Bir gün meniň öýüme merdi-kär (işeňňir adam) geldi. Men ony işletdim. Emma onuň işiniň muzduny bermedim we oňa: «Eý, dogan, sen ertir gel» diýip aýtdym. Ol kişi: «Ýagşy» diýip gitdi.

Emma ol kişi ertesi gelmedi. Men ony gözläp tapyp bilmedim. Men ol kişä niýetläp bir towuk alyp goýdum. Men ol towguň ýumurtgasyny satyp, bir sygyr aldym. Ol sygyrdan köp göleler aldym. Bir gün ýoldan geçip barýardym. Görsem, ol ýigit gedaý bolup ýör. Men sygyrlary ol ýigide berdim. Eý, Taňrym! Meniň bu işim seniň dergähiňde kabul bolan bolsa, şonuň haky we hormaty üçin güşatlyk (giňlik) berip, gowakdan çykar?!» diýdi. Gowagyň agzynyň üçden biri açyldy.

Olaryň ikinjisi: «Eý, Taňrym! Biziň şäherimizde gahatlyk boldy. Halk hory-zarlyga düşdi. Bir gün meniň öýüme hoşroý hatyn dilegçilik edip geldi. Men onuň elinden tutdum. Ol: «Maňa hyýal etme. Haktagalanyň gaharyndan gork» diýdi. Şonda men seniň gaharyňdan gorkup, ol aýaldan elimi çekdim. Eger meniň şol eden işim seniň dergähiňde kabul bolan bolsa, onuň hormatyndan gowagyň agzyny aç» diýdi. Gowagyň agzynyň ýarysy açyldy.

Olaryň üçünjisi: «Eý, Taňrym! Men her gün atama bir küýze suw getirip bererdim. Bir gün ir bilen suw alyp gelsem, ol uklap ýatan eken. Men işigi açsam: «Ol oýanar» diýip işikde garaşyp oturdym. Howanyň sowuklygyndan küýzedäki suw doňup galdy. Meniň özüm hem sowukdan gaty üşedim. Eger meniň şol işim seniň dergähiňde kabul bolsa, onuň hak-hormatyndan gowagyň agzyny açyp ber» diýdi. Gowagyň agzynyň hemmesi açyldy. Bu üçüsi gowakdan sag-aman çykyp, öýlerine gelip, tagat-ybadata meşgul boldylar».

## *KYRK BÄŞINJI KYSSA*
## ESHABYL-FILIŇ WAKALARYNYŇ[33] BEÝANY

*Aýdypdyrlar:* Mekgeden Şam welaýatyna bir argyş (söwda kerweni) geldi. Olar bu ýerde söwda-satyk edip, yzyna döndüler. Ýolda bulardan birnäçe biedep oglanlar şamlylaryň Sarjan atly butuny oda köýdürdiler. Olar ony kast edip köýdürmediler. Emma olar ýaraglaryny oda tutanlarynda buta ot syçramak bilen köýdi. Çünki ol but agaçdan ýasalyp, onuň daşy altyn-kümüş bilen nagyşlanandy. Şamlylaryň patyşasynyň ady Asmahady, onuň künýeti (lakamy) Ýakşumdy. Ýemeniň leşgeriniň ulugy (serdary) gelip: «Eý, patyşa! Siz gaýgylanmaň. Biz size öz malymyzdan öňküden hem ýagşy but ýasap bereli. Şeýle hem biz Mekgä baryp, bize bu işi edendikleri üçin, olaryň Käbe atly öýüni harap edeli, mallaryny alaly we ogul-gyzlaryny ýesir edip getireli» diýdi. Patyşa köp goşun ýygnady. Ol goşuna Abraha ibn Asramy serkerde etdi. Oňa: «Söweşe ýardam bersin» diýip, ýaganlary berdiler. Abraha leşgeri alyp ýola rowan boldy. Ol Mekgä bir günlük ýol galanda düşledi.

Ol ýerde Abdylmuttalybyň düýeleri bardy. Bular düýeleri aldylar. Düýe çopan gaçyp, Mekgä geldi we: «Eý, Mekgäniň ähli (adamlary)! Siziň üstüňize Käbäni bozmaga we ogul-gyzlaryňyzy ýesir etmäge sany-sakyşy (hasaby) ýok leşger geldi» diýdi. Abdylmuttalyp atlandy we ol leşgeriň üstüne bardy. Abdylmuttalybyň ol leşgerde birnäçe dosty bardy. Ol olara: «Siz ilki bilen menden başladyňyz. Siz meniň düýelerimi

özüme gaýtaryp beriň» diýdi. Olar: «Biz olary bu gün gaýtaryp bersek hem, ertir ýene gaýdyp alarys. Biz Käbäni bozmaga we ogul-gyzlaryňyzy ýesir etmäge geldik. Sen öz düýeleriň aladasyny edýärsiň. Emma näme üçin sen Käbäniň aladasyny etmeýärsiň» diýdiler. Abdylmuttalyp: «Men özüm üçin düýeleriň aladasyny edýärin. Emma Käbäniň öz Eýesi bardyr. Ol ony sizden gorap saklar» diýdi. Abdylmuttalybyň düýelerini özüne gaýtaryp berdiler. Ol olary alyp, Mekgä gaýdyp geldi. Abdylmuttalybyň elinden nur çykyp, Käbe tarapa düşdi. Ol: «Eý, kowumym! Size söýünji bolsun! Hudaýtagala Käbe halkyna nusrat (ýardam) berer» diýdi. Olar: «Sen muny nämeden bildiň?» diýdiler. Ol: «Bu nur kimde bolsa, Hudaýtagala oňa nusrat berýär» diýdi. Ondan soň kuraýYş uluglary Abdylmuttalybyň ýanyna ýygnandylar. Olar: «Biz ony beg edeliň» diýip geňeşdiler. Olaryň her biri bir söz aýtdy. Abdylmuttalyp: «Meniň sözüm şeýledir: «Biziň her birimiz bir düýe çykaralyň. Ony Mekge üçin leşgere ibereliň. Olar düýeleri bogazlap iýsinler. Bu Hudaýtagala üçin bizden kifaýat (eterlik sadaka) bolar» diýdi. Beýlekiler hem bu teklibi dogry tapdylar. Olaryň her biri bir düýe çykaryp, olary goşun tarapa iberdiler. Hebeşiler jemlenip, düýeleri paýlaşdylar. Olar düýeleri bogazlamazdan öň, gylyç bilen çapdylar we olary para-para edip taladylar. Olar bu gün bu işe meşgul boldular.

Mekgäniň halkynyň hemmesi şäherden çykyp gaçdy. Ertesi Mekgede Abdylmuttalyp bilen bir kör kişiden başga hiç kim galmady. Adamlaryň hemmesi daglaryň içine girip gizlendiler. Abdylmuttalyp ol körüň golundan tutup, Hyra dagyna çykdy. Olar bu ýerde bir gije towakkuf kyldylar (durdular).

Duşman leşgeri atlanyp, Käbäni harap etmäge ugrady. Ol zaman asmanda sansyz-hasapsyz guşlar göründi. Olaryň aýaklary, çüňkleri gyzyldy. Olaryň her biriniň çüňkünde toprakdan bişirilen bir daş bardy. Olar uçup baryp, Käbäniň üstünden bir

gezek aýlandylar. Ondan soň olar howada ýygnandylar. Abdylmuttalyp: «Men munuň ýaly guşlary entek görmändim. Olar näme üçin geldilerkä?» diýdi. Kör kişi: «Bular Mekgä kömek bermäge gelen bolmaly?» diýdi. Ol guşlar leşger tarapa uçdular. Bu wagt gün ýokary çykypdy. Abdylmuttalyp: «Leşger giç galdy. Olar heläk boldumyka?» diýdi. Ol kör bilen Mekgä girdi. Olar leşgeriň düşen ýerine baryp gördüler. Leşgeriň hemmesi ölüpdir. Hiç bir diri kişi galmandyr. Olaryň hemmesi guran ýaprak ýaly bolupdyr. Aýat: ***«Guşlar olary daşlar bilen mallaryň iýip taşlan otlary ýaly etdi»***.

*Aýdypdyrlar:* Allatagala olaryň hemmesini heläk etdi. Olaryň ýylky-garalary hem galmady.

**Rowaýat edipdirler:** Abdylla ibn Apbas (goý, Allatagala ondan razy bolsun!): «Men Ummahanynyň öýüne girdim. Men bir gapda ol daşlardan gördüm. Olaryň käbiriniň ululygy nohutdan uly, käbiri nohut ýaly, käbiri nohutdan kiçi eken» diýip aýdypdyr. Bir sözde: «Ol daşlaryň ýüzünde sary reňk bilen bir hat ýazylgydy. Her bir nökere bir guş tumşugynda daş alyp gelipdi. Her bir nökeriň ady ýazylan bir daş bardy. Ol daş diňe şol nökeri we onuň atyny heläk etdi» diýip aýdylypdyr.

*Aýdypdyrlar:* Abdylmuttalyp olaryň eşiklerini, ýaraglaryny, altyn-kümüşlerini ýygnadyp, iki ülüş etdi. Onuň bir ülüşini köre berdi, beýlekisini özi aldy. Olaryň jesetlerini bolsa, çukur gazyp gömdürdi. Ondan soň olar Mekgä geldiler we: «Eý, halaýyk! Hudaýtagalanyň siziň duşmanlaryňyzy nähili heläk edendigini gelip görüň!» diýip jar çekdiler. Hemme Mekge halky geldi we olaryň mallaryny aldy».

*Aýdypdyrlar:* Eshabyl-filiň leşgerinden galan agaçlar hezreti Pygamber alaýhyssalamyň zamanynda hem tükenmedi. Ol agaçlar möminleriň emiri Omaryň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) halypalyk eden wagtynda gutardy. Aýat: ***«Eý, Muhammet! Sen Käbäni ýykmaga gelen Mahmyt atly piliň eýesi***

***Abrahany we onuň leşgerini seniň Taňryň nähili heläk edendigi barada arkaba-arka gelýän habary eşitmediňmi?»***.

*Aýdypdyrlar:* Ol äpet Mahmyt atly pil Abdylmuttalyba sežde edipdir. Hemmeler muňa haýran galypdyr. Çünki ol pil öz patyşasyndan başga hiç kime sežde etmezdi. Emma alymlar: «Ol pil Abdylmuttalyba däl-de, onuň elindäki nura sežde edipdir. Ol Muhammet alaýhyssalamyň nurudy» diýip aýdypdyrlar.

Bir sözde: «Bu waka Muhammet alaýhyssalamyň dogulmagyndan ýigrimi üç ýyl öň bolup geçipdir» diýip aýdypdyrlar.



**Garrygalanyň daglary.** *Mäterguly Orazberdiýeyň çeken suraty.*

## *KYRK ALTYNJY KYSSA*
## MUHAMMET ALAÝHYSSALAMYŇ DOGULMAGYNYŇ BEÝANY

Ol Allatagalanyň **«Seniň ömrüň haky üçin»** sözi bilen mertebe täjini geýendir. Ol Taňrynyň: ***«Eger sen bolmadyk bolsaň, men pelekleri (älem-jahany) ýaratmazdym» diýen sözi bilen belent mertebä mynasyp bolandyr. Ol «Sen kapyrlara we munapyklara (ikiýüzlülere) garşy söweş!»*** diýen permany Taňrysyndan alandyr. Ol Taňrynyň: ***«Ýakyn wagtda Taňryň günäkär musulmanlaryň günäsini diläp almaga saňa doly ygtyýary berer. Şonda sen Taňryňdan razy bolarsyň»*** diýen wadasyny alandyr. Ol: ***«Siz saçyňyzy aldyran halyňyzda Käbä gorkusyz girersiňiz»*** diýen aýat bilen haja saçsyz baran başlydyr. Ol: «Adam ata palçyk suwuň arasynda ýatanda hem men pygamberdim» diýen söz bilen uzyn ömürlidir. Ol: ***«Çäş wagty bilen kasam edýärin»*** diýen sözüň eýesidir. Ol: ***«Hemme zady öz garaňkylygy bilen örten gije bilen kasam edýärin»*** diýen söz bilen dogruçyldyr. Ol: ***«Olar aýtdylar: «Muhammet biziň geplerimizi eşidiji gulakdyr»*** diýen söz bilen gulaklydyr. Ol: ***«Onuň üçin rahatlyk we hoşboý ysly zatlar bardyr»*** diýen söz bilen burunlydyr. Ol: ***«Elbetde, biz seniň gözüňi asmana dikýäniňi görýäris»*** diýen söz bilen ýüzlüdir. Ol: ***«Özünden toslap sözlemez (ýagny Gurhanyň sözi bilen sözlär)»*** diýen söz bilen sözlüdir. Ol: ***«Seniň gözleriň hetdinden aşmasyn (ýagny: «Sen ummatyňa diňe mähribanlyk gözi***

***bilen gara»)»*** diýen söz bilen gözlüdir. Ol: ***«Ummatyňy dogry ýola çagyrmak üçin seniň kükregiňi giň edip açmadykmy?»*** diýen söz bilen kükreklidir. Ol: ***«Biz ummatyň günäsi seniň arkaňa agyr ýük boldy»*** diýen söz bilen arkalydyr. Ol ***«Taha.***[34] ***Biz saňa Gurhany muşakgatlyk çekmek üçin ibermedik»*** diýen söz bilen gadamlydyr. Ol: ***«Sen eliňi boýnuňa baglap goýma (ýagny «gysganç bolma)»*** diýen söz bilen acyk ellidir. Ol: ***«Men şu Mekge şäheriniň haky üçin kasam içýärin»*** diýen söz bilen illidir. Ol: ***«Sap arap dilinde»*** diýen söz bilen arassa gepleýjidir. Ol: ***«Allatagalanyň bendesi ybadat etmek üçin dik durdy»*** diýen söz bilen boýludyr. Aýat: ***«Biz asmany öz gudrat golumyz bilen bina etdik. Elbetde, biz her bir zady ýaratmaga gudratlydyrys»***. Aýat: ***«Biz ýeri düşedik. Gör, biz nähili ökde düşeýjidiris»***. Şonuň ýaly gudraty çäksiz bolan Taňrynyň iň ýakyn dosty Muhammet alaýhyssalama salam bolsun!

**Şygyr**

Aldy terkin, berdi erse hak risalat halatyn,
Atlanyp gezdi tün içre iki älem mülketin.

Dört bulun, alty jihatdan, sekiz uçmah bölguga,
Ýedi yklymda urarlar günde beşer nobatyn.

Gökdäki jümle melaýyk gije-gündiz rowzasyn,
Öwrülip aý-gün kylarlar gije-gündiz hyzmatyn.

Bir yşarat birle ýardy aýyň ernin tebretip,
«Sözleri çyn» diýp tanuklyk berdi Gurhan ummatyn.

Kaba-kowseýnde Buragyn buldy erse razlaşyp,
Kab kaýaşyn arturuban goldy asy ummatyn.

Küýseýär erdi jemalyn enbiýa mursal kamug,
Özi dek özge ýalawaç bulmady Hak kurbatyn.

Owwal «Allahümmasalli» diýgil eşdip adyny,
Ýaryn onda içer erseň Köwseriniň şerbetin.

## Pygamber alaýhyssalamyň nagty (tarypy)

Taňrymyzga çyn topugsak adamylar bilgesi,
Düýp ýalawaç ulugy hem sawçylar tamgasy.

Enbiýa-mürsel kamugny öňi hem soňy üçün,
Ilgeriden görmişi dek gördi onuň arkasy.

Ýüz öwrüp ýarlygyndan ýandy erse tüň arap,
Dil açyp, berdi tanuklyk ineni hem bugrasy.

Işleri birle umansa Mekge içre ýygylyşyp,
Özi dolan aý meňizlik, ýyldyz erdi degresi.

Tüň biliklik aç geçiren, gursagyna daş dykyp,
Bulmady bugdaý aşyny hem, ýok erdi arpasy.

Özi ferşde, ady Arşda, himmeti ondan adiz,
Ýüzi günden köp ýarugrak, alny aýyň egmesi.

Golgany magşar gününde ummatynyň ýazygy,
Müneni magraj tüninde erdi Uçmah ýorgasy.

«Rahmeten lil-älemin» diýp aýdy Rahman rehmetin,
Tekmeler kaýda bilerler hem Resulyň yzzatyn.

Öwdi: «Mä zagal-basar» diýp öz kelamy içre Hak,
Enbiýa-mürsel kamugdan onuň agla himmetin.

«Uýuklaýurda Mustapany eltguçy men» diýguçy,
Sidreden ötmişde haýran galdy, bildi hormatyn.

Geldi köwneýni geziban, tapdy yssyg ornyny,
Taňlaşyp galdy halaýyk kadyr Allah gudratyn.

«Men Muhammet ummaty men» diýu ýalan sözleme,
Ne Ogan tapugyn kylar sen, ne Resulyň sünnetin.

«Fagsilu» Onuň emrini tut, «hafizu» hökmi gezer,
Ondan onyň ummaty bol, tap sahaba söhbetin.

Turma faryg günde «sallu hamsakum» işin bitir,
Görme dünýä emgegin sen, hem kyýamat haýbatyn.

Uşbu muňlug asylara ol netek ýapyşmasyn,
Bäş namazy ödeýurlar, hem buýuran sünnetin.

«Ýa Ilähi! Ahmet atly Mustapanyň hormaty,
Ol öler halda aýyrma bizden iman döwletin.

Görmedik görklük jemalyň küýsegen dünýäde hem,
Ruzy kyl, ýa Rebb, göreliň ýaryn onuň ruwýetin»,

Kim bu gün jan birle diýse: «Allahümme sallini»
Ýaryn uçmah içre iýsin dürli elwan nygmatyn.

Barmagy syndusy birle aý likasyn ýarguçy,
Geçmedi Çyn-Maçyn içre özi dek çyn ýarguçy.

Ol duman dek köp tümen tug turuzyp ýüz müň arap,
Gelmişinde bir owuç toprak atyban targuçy.

Ol gatyglyk içre daşman ýaňly duşman köňlüni,
Ezguluk birle on üç ýyl Mekge içre turguçy.

Ol görüp müň mugjyzany ýüz çöwüren duşmanyn
Aňsyzyn ol gany birle topragyny garguçy.

## Pygamber alaýhyssalamyň nesepnamasy (nesil daragty)

Muhammet ibn Abdylla ibn Abdylmuttalyp ibn Haşym ibn Mannaf ibn Kusaý ibn Kilab ibn Murra ibn Kagb ibn Luwaý ibn Ady ibn Galyb ibn Fihr ibn Mälik ibn Nazr ibn Huzeýma ibn Mudrika ibn Ilýas ibn Mudir ibn Nizar ibn Adnan ibn Aden ibn Arded ibn Ýasag ibn Benet ibn Jemil ibn Kaýzar ibn Ysmaýyl ibn Ybraýym ibn Azer ibn Aşdag ibn Argan ibn Şalyh ibn Abir ibn Hud ibn Arfahaşad ibn Aram ibn Nuh ibn Lemek ibn Matuşlah ibn Ahnuh ibn Idris ibn Mehlaýyl ibn Kaýnan ibn Anuş ibn Şis ibn hezreti Adam alaýhyssalam.

**Hekaýat.** Bir gün pygamber alaýhyssalam hezreti Jebraýyldan: «Eý, doganym Jebraýyl! Ýaşda sen ulumy ýa men?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhysalam: «Eý, Allanyň resuly! Men öz ýaşymy hasaplap görmedim. Emma asmanda Naşrdamuk atly bir ýyldyz bar. Şol ýyldyz otuz müň ýyldan bir gezek dogýar. Men onuň otuz müň gezek doganyny gördüm» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Onda meniň ýaşym seniň ýaşyňdan ulurak eken. Çünki Hudaýtagala hemme zatlary meniň nurumdan ýaratdy. Ol hemme zatlardan öň ilki bilen meniň nurumy ýaratdy. Allatagalanyň ilki ýaradan zady meniň nurumdyr. Ol ýyldyz meniň nurumdyr. Hudaýtagala ony ýaradandan soňra ol elli müň gezek çykandyr» diýdi.

Muhammet alaýhyssalamyň nurunyň sypaty hezreti Adam atanyň kyssasynda beýan edildi. Ol nur ilki bilen jennetde Adam alaýhyssalamyň elindedi. Ol onuň elinden hezreti Howanyň rehmine (ýatgysyna) geçdi. Ol soňra Şis pygamberiň eline geldi. Ol şeýlelik bilen atalar elinden eneler rehmine, eneler rehminden ogullaryň eline geçip geldi. Ol nobaty bilen Abdylla ýetdi. Ol nury kamug (hemmeler) bilerdiler. Kähinler (žresler) we müneçjimler: «Ol bu zamanda çykar» diýip aýdardylar. Hemme är-hatyn ol nury küýsärdiler.

**Hekaýat.** Şam welaýatyndaky patyşanyň Patma atly bir gyzy bardy. Ol gaty Töwrathon aýaldy. Ol bu kitapdan Muhammet alaýhyssalamyň doguljak wagtyny bildi. Ol: «Bu perzent menden önse, men abraý tapardym» diýip, öz-özüne aýtdy. Ol telim mal ýygnap, gullary bilen Mekgä geldi. Ol iliň gyrasynda çadyr dikip oturdy.

Abdylla bir gün awa çykdy. Ol yzyna gaýdyp gelýärkä, ol çadyry gördi. Ol: «Bu kimiň çadyrydygyny göreýin» diýip, ol ýere geldi. Bu şamly Patma Abdyllanyň elindäki nury gördi. Ol Abdyllany çadyra girizdi we ony myhman aldy. Patma bir düýe soýdy. Abdylla tagam iýeninden soňra, Patma ötünç sorap: «Men Şam welaýatyndan saňa sataşaýyn diýip geldim. Sen meniň sözümi kabul et. Sen meni nikalap al» diýdi. Abdylla: «Men bu wagt awdan gelýärin. Men öýe baraýyn. Eminäni göreýin. Ondan rugsat sorap, seni alaýyn. Patma bu söze şat boldy. Ol nika şaýyny tutup başlady. Abdylla öýüne baryp, Eminä gowuşdy. Ol şöhbetde (ýakynlyk edende) nur Eminäniň rehmine geçdi. Ondan soň Abdylla Patmanyň sözüni Abdylmuttalyba aýtdy. Abdylmuttalyp: «Al» diýdi. Abdylla atlanyp, Patmanyň ýanyna geldi. Patma ol nury Abdyllanyň elinde görmedi we: «Eý, Abdylla! Şam patyşalary meni sorap geldiler. Men olary kabul etmedim. Olar maňa köp mal wada berdiler. Men seniň üçin gelmändim. Men seniň eliňdäki nura umyt baglap gelipdim. Men indi ol nurdan mahrum boldum»

diýdi. Patma ah çekip, eňräp, atlanyp öz ýoluna gitdi. Ol wagtda Emine Muhammet alaýhyssalama ýüklük (göwreli) boldy. Aradan alty aý geçdi. Abdylla öldi. Emine dul galdy. Ol başyna toprak saçyp ýyglady. Ol: «Men süňňümdäki ezizi näme edeýin? Men ony dogandan soň nähili saklaýyn? Ony: «oglum» diýip meniň elimden kim alar? Ol ulalanda kime: «Atam» diýer?» diýdi. Abdylmuttalyp her gün Eminäniň ýanyna gelip oturardy we: «Eý, eziz gelnim! Sen özüňi beýle köp gynama! Biziň hemmämiziň hezzet-hormatymyz ol sendäki ezizdir. Atasy Abdylla öldi. Emma men oňa köp mähribanlyk ederin. Men her gün Käbä baryp, Hudaýtagaladan: «Ol ezizi bize salamat tabşyr» diýip dileýärin» diýip aýdardy.

Dokuz aý, dokuz gün tamam boldy. Başgünüň gijesi Abdylmuttalyp Eminäniň öýüne girdi. Görse, Eminäniň ýalňyz özi gaýgyly otyr. Abdylmuttalyp: «Sen näme üçin gaýgylanyp otyrsyň?» diýdi. Emine: «Men nähili gaýgyly bolmaýyn? Bir kişi gelip maňa: «Bu gije ol eziziň doguljak günüdir. Sen turup, başyňy, boýuňy ýuw. Hiç kimi ýanyňa girizme» diýip aýtdy» diýdi. Abdylmuttalyp: «Eý, gyzym! Ol kişi saňa näme diýen bolsa, sen şony et. Men Käbä baryp, onuň halkasyny tutaýyn. Onuň işigine başymy goýaýyn. Men Käbäniň Taňrysyndan: «Ol ezizi bize sag-aman gowşur» diýip dileg edeýin. Gyzym Atyka seniň ýanyňda bolmagy tabşyraýyn» diýip bu ýerden çykyp gitdi. Emine başyny ýuwdy, päk geýimler geýdi we ýyglap oturdy. Gijäniň ýary boldy. Onuň endamynda agyry syzlag ýokdy. Jaýyň sakfy (petigi) howa göterildi. Älem röwşen boldy. Ol jümle (hemme) mahlukatyň howada ýygnanyp duranyny gördi. Olaryň barysy Abdylla ibn Abdylmennafyň gyzlaryna meňzeýärler. Emine: «Men olaryň jemalyny görüp, taňladym (haýran galdym) we özümden gitdim» diýdi. Olaryň birisi: «Sen bize näme üçin bakýarsyň? Biziň hemmämiz ýumuşçy perişdelerdiris. Biz Adn jennetinden geldik. Bizi ugrumyza goý. Ol älemiň guwanjydyr. Biz oňa bakaly. Biziň

hemmämiziň barlygymyz ol sebäplidir. Sen onuň bilen gözüňi açarsyň» diýdi. Men baksam, bir oglan dogupdyr. Ol çaga sag eli bilen men özüni «Görmesin» diýip, ot tutupdyr, çep eli bilen özi: «Meni görmäýin» diýip gözüni örtüpdir. Ol çaga şol wagt başyny sejdä goýup, sejdäniň içinde sözläp başlady. Men onuň sözlerine gulak goýsam, ol: «Ummatym, ummatym» diýýär. Men elimi uzadyp: «Ony ýuwaýyn» diýdim. Öýüň müňüşinden (burçundan): «Eý, Emine! Ol päkdir, ýuwulgydyr, süpürilgidir. Eliňi çek» diýen bir ses geldi. Üstün (ýokary) bakdym. Öýüň sakfy (petigi) açylypdyr. Bir bölek ak bulut indi. Ol oglany alyp howa aşyrdy. Olar görünmez boldular» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Ol bulut pygamber alaýhyssalama has mugjyzady (keramatdy). Töwratda, Zeburda we Injilde Resul alaýhyssalamyň sypaty ýazylgydy. Ol bulut owwaldan ahyra çenli pygamber alaýhyssalam bilendi. Haçan pygamber alaýhyssalam kazaýy hajata (ýazylmaga) mätäç bolsa, ol bulut ony büräp gizlärdi. Ony uçmah hüllesine (halatyna) örterdi. Ol onuň saçlaryny örüp, üstüne hoşboý yslar sepip, ýene ony enesiniň öňüne getirip goýardy.

*Aýdypdyrlar:* Hiç kim pygamber alaýhyssalamyň oglan wagtynda hajatyny (giňelmegini, ýazylmagyny) görmedi. Ol ulalanda onuň hajatyny ýer ýuwdardy. Ol bulut howa yssy bolsa, onuň depesinde kölege bolardy. Ol suwsasa, oňa suw getirip bererdi. Onuň ýeke özi galsa, ol bulut selleli başa meňzäp, dik durup sözleşerdi. Bu tersalaryň (haçparazlaryň) we jöhitleriň pygamber alaýhyssalamyň dünýä gelmegini biljek bolup garaşýan alamatlarynyň biridi.

Ol wagtda Resul alaýhyssalamyň ammasy (ejekesi) Atyka gelip, daşarda oturdy. Ol ondan: «Halyň niçik?» diýip sorady. Emine: «Eý, Atyka! Oglum boldy. Öýe gir. Sen ajaýyp zatlary gör. Men öz gören zatlarymy aýdyp bereýin» diýdi. Atyka öýe girdi. Emine gören zatlaryny, hüýrleriň gelenini, öýüň sakfynyň (petiginiň) açylyşyny, oglany buludyň göterip alyp

gidenini aýdyp berdi. Atyka: «Oglan hany?» diýdi. Emine: «Iň geň ýeri, ony elime almaga maňa ýol bermediler. Ýokardan bir ak bulut aşak indi. Ol oglany alyp gitdi. Men ol buludyň ony nirä äkidendigini bilmeýärin» diýdi.

Emine bu sözi aýdan wagty ol bulut ýanyp (gaýdyp) geldi. Ol bulut oglany Köwseriň suwy bilen ýuwup, gözüne sürme tartyp, uçmahyň hoşboý yslaryny üstüne sepip, ýüpege dolap getirip, Eminäniň öňünde goýdy. Atyka: «Men begenjimden ýaňa ýerimden syçrap gopdum. Oglany gujagyma aldym. Men ondan hoşboý yslary ysgadym. Men munuň ýaly ýakymly yslary dünýäde hiç görmändim. Şol tün (gije)[35] ýaly gije dünýäde hiç bolmady.

Ol gije kesralaryň (Eýran şalarynyň) küňreleri (goranyş diňleri) ýykyldy. Şam mälikleriniň (patyşalarynyň) eýwanlary (galalary) ýumruldy. Kaýsarlaryň (Rumuň hökümdarlarynyň) kasrlary (köşkleri) bozuldy. Hemmeleriň ody öçdi. Ýer ýüzünde bir but bar bolsa, olaryň hemmesi ýykylyp, ýüzün düşdi. Hemme şeýtanlar ýeriň ýüzünden älemiň dürli etraplaryna gaçdylar. Ýer titredi. Adamlar gorkup, Kap dagyna sygyndylar. Näpäkler ýygnanyp, Iblisiň ýanyna geldiler. Olar ondan: «Bu nähili ýagdaýdyr?» diýip soradylar. Iblis: «Men bu gije Hudaýtagalanyň ýakyn perişdeleriniň Tahama tarapa düşendiklerini gördüm. Muhammet dünýä gelen bolaýmasa?! Baryň, habar getiriň» diýdi. Şeýtanlar Tahama tarapa gitdiler. Olar görseler, perişdeler ganatlaryny ganatlaryna birleşdirip, howada durlar. Olaryň arasyndan iňňe geçmäge ýer ýok.

Şeýtanlar ýakyn barmakçy bolsalar, perişdeler olary otly topazlar (tokmaklar) bilen urup kowdular. Şeýtanlar gören zatlaryny Iblise gelip aýtdylar. Ol melgun: «Bu Muhammediň dogulmagynyň nyşanasydyr» diýdi. Olar: «Muhammet kim bolar? Onuň gelmegine sen näme üçin gynanýarsyň?» diýip soradylar. Ol näletsiňen: «Meniň üçin bu gijeden gatyrak gije ýokdur. Ol pygamberdir. Ol müň ýedi ýüz milletden kibrligi

(ulumsylygy) ýok eder. Hemme pygamberiň şerigaty onuň bilen mensuh ediler (ulanmakdan galar). Ol şeýle ärdir: Hudaýtagalanyň gullaryndan biri ömürboýy ýa-da on ýyl kapyrlyk etse, ol bir sagat onuň ýoluna girse, onuň hemme kapyrlygy ýok bolar. Onuň ummatynda bir kişi bize eýerse we ömrüni batyl (bozuk) iş bilen geçirse, bir wagt ol işlerine ökünse, bir gezek ol Muhammet alaýhyssalama salawat aýtsa, Hudaýtagala onuň hemme ýazyklaryny geçirer. Kyýamat güni adamlar: «Biz Hudaýtagala iman getirdik we Muhammet alaýhyssalamyň aýdan sözlerine ynandyk» diýip dodaklaryny tebretseler, Hudaýtagala ýüzlerçe müň adamy ýalkar» diýip jogap berdi.

Indi biz «Bulut Muhammedi getirdi» diýen baýaky sözümize gaýdyp geleliň. Emine ogluna emmesini bermekçi boldy. Emma ol ony almady. Atyka soň: «Men Muhammet alaýhyssalamdan pygamber bolandan soň: «Eý, Allanyň resuly! Sen eneň süýdüni näme üçin emmediň?» diýip soradym. Pygamber alaýhyssalam oňa aýdar: «Men enemden aýryljakdygymy öňünden bildim. Onuň üçin onuň süýdüni emmedim. Men: «Onuň ýüzüni görmäýin» diýdim» diýip aýdar.

*Aýdypdyrlar:* Ýedi gün geçdi. Emma ol enesiniň süýdüni emmedi.

*Ýene aýdypdyrlar:* Ýigrimi bäş gün geçdi. Ol süýt emmedi. Abdylmuttalyp haýran galdy. Emine gaýgydan hassa bolup galdy we öldi. Pygamber alaýhyssalam doglanda onuň atasy dirilikde ýokdy. Doglandan soň ol tiz wagtda enesinden hem aýryldy. Ýagty jahan Abdylmuttalyba garaňky bolup göründi. Ol: «Oglum hem, gelnim hem öldi. Atasyz, enesiz oglany men nähili terbiýeläýin?» diýip ýyglady.

## *KYRK ÝEDINJI KYSSA*
## HEZRETI RESUL ALAÝHYSSALAMYŇ ENEKÄ BERILMEGINIŇ BEÝANY

Araplarda beni sagt diýen bir kabyla bardy. Her ýyl olardan uragutlar (aýallar) gelip, Mekge halkyndan süýt emdirip, terbiýeläp ýetişdirmäge oglan alardylar. Olar bu ýyl hem oglan aldylar. «Muhammedi atasyz-enesiz» diýip, ony hiç kim kabul etmedi. Abdylmuttalyp ony bakmaga ejiz boldy.

Beni sagtda Harys we Halyma atly är-aýal bir maşgala bardy. Bularyň köp çagasy bardy. Olaryň bir süýtli, gotur açan düýesi bardy. Olaryň hemmesi bu düýäniň süýdi bilen iýmitlenerdiler. Abdylmuttalyp: «Eý, Halyma! Sen meniň bu oglumy alyp, oňa süýt ber. Men saňa onuň üçin köp mal bererin. Onsoň sen menden hoşal bolarsyň» diýdi. Halyma: «Eý, araplaryň seýidi! Sen maňa hiç zat bermeseň hem, men seniň bu ogluňy janym bilen bakaýyn. Men muny seniň hezzet-hormatyň üçin edeýin. Men öýe baryp, ärim bilen maslahatlaşaýyn. Çünki men ärime: «Oglan alaýyn» diýip aýtmandym» diýdi.

Halyma öýüne baryp, bu maslahaty ärine saldy. Harys oňa: «Al» diýdi. Ol ikisi Abdylmuttalybyň ýanyna bardylar. Görseler, Abdylmuttalyp ýigrimi bäş günlük oglany gujagyna alyp otyr eken. Abdylmuttalyp: «Eý, Halyma! Sen bu oglana: «Atasyz-enesiz» diýme. Sen wadaňa wepaly bol. Sen meniň ogluma süýt ber. Men oňa hem atadyryn, hem enedirin» diýdi. Halymanyň gözi oglana düşüp: «Meniň janym bu oglana pida

bolsun! Munuň ýaly yssyg (mähriban) ýüzli oglany men heniz görmändim» diýdi. Halymanyň sag emmesi eneden doglany bäri kördi we oglanlaryna çep emmesi bilen süýt bererdi. Ol oglany gujagyna aldy we oňa süýt emdirmek üçin çep emmesini berdi. Emma oglan ony almady. Atyka: «Eý, Halyma! Bu oglana ýigrimi bäş gün boldy. Ol entek süýt emmedi. Ol açdyr. Biz bu oglanda täsin zatlary görýäris» diýdi. Halyma oňa sag emmesini berdi. Oglan ony aldy. Hudaýtagalanyň gudraty bilen gury emmeden süýt gelip başlady.

*Sowal:* Oglanyň çep emmäni almazlygyna sebäp nämedir?

*Jogap*: Oglan: «Eger men çep emmäni alsam, bu aýalyň oglanlaryna gonak (myhman) bolan ýaly bolaryn. Şonuň üçin men sag emmeden emeýin. Bu emme diňe meniňkidir. Olar sag emmeden hem emsinler we olar maňa gonak bolsunlar» diýip pikirlendi.

Halyma oglandan bu mugjyzany görüp, ony gelip ärine aýtdy. Olar oglany terbiýelemäge aldylar we oglany düýelerine mündürdiler. Düýäniň ýerinden gopandan gotury döküldi. Ol düýe arrykdy, birden semiz boldy. Onuň süýdi gelip başlady. Olar ýola düşdiler we argyşyň (kerweniň) düşlän ýerine bardylar. Adamlar bu düýäni görüp taňladylar (geň galdylar). Olar: «Bu düýe şol gotur, süýtsüz düýe dälmi?» diýip soradylar. Är-aýal: «Hawa, bu düýe şu oglanyň berekedinden şunuň ýaly süýtli, guýrukly (semiz) boldy» diýdiler. Olar her ýyl oglany Mekgä getirerdiler. Abdylmuttalyp olara sylag-serpaýlar ýapyp, yzyna gaýtarardy. Şeýlelik bilen oglan dört ýaşady.

Halyma oglanlaryny ýazyna goýun-guzy bakmaga ibererdi. Emma ol Muhammedi öýünde alyp galardy. Muhammet alaýhyssalam: «Eý, ene! Meniň bu garyndaşlarym günde nirä gidýärler?» diýdi. Halyma: «Olar goýun-guzy bakmaga gidýärler» diýdi. Muhammet alaýhyssalam: «Eý, ene! Meni hem olar bilen iber. Men hem garyndaşlarym bilen gideýin» diýdi.

Halyma: «Men seni ýaza (ýaýlaga) iberjek däldim. Emma seniň özüň «gideýin» diýseň men seni olar bilen ibereýin» diýdi. Halyma ony oglanlaryna goşup iberdi. Ol oglanlaryna: «Siz Muhammedi emgetmäň (kösemäň), ony aç goýmaň. Ol irikse (irse), ony maňa getirip beriň» diýip tabşyrdy.

Olar bir agaç uzaklyk meýdana çykdylar. Iki sany ak guş asmandan inip, Muhammedi oglanlaryň arasyndan alyp, howa aşyrdylar. Olar ony bir beýik ýere eltip goýdular, ony arkan ýatyryp, kükregini ýardylar. Olar onuň ýüregini çykaryp, ony bir altyn taştyň (legeniň) içinde ýuwdular, soňra ony ýene öňki ýerine ornatdylar (goýdular), altyn iňňe bilen ýarasyny tikdiler we ganatlary bilen suwadylar. Ol iki guşuň biri hezreti Jebraýyldy, beýlekisi bolsa hezreti Mikaýyldy.

Halymanyň oglanlary bu wakany görüp gorkdular. Olar eneleriniň ýanyna gelip, ýyglap: «Eý, ene! Iki kişi gelip Muhammedi bizden aýyrdylar. Olar ony bir ýere eltip, garnyny ýaryp öldürdiler» diýdiler. Halyma ýüzüni ýyrtyp, perýat edip, baş-aýak ýalaň bolup, bu ýere geldi. Ol görse, Muhammet bihuş bolup ýatyr. Onuň öňünde suw guýulan ýer öl bolup dur, garnynyň ýarylandygy bildirip dur. Kuraýyşlar bu wakany eşidip, atlanyp geldiler. Olar bu waka haýran galdylar.

Allatagaladan Muhammet alaýhyssalama: ***«Eý, Muhammet! Biz seniň ýüregiňi ýamanlyklar gider ýaly açmadykmy?»*** diýen bir owaz geldi.

Şu wakadan soň Halyma Muhammet alaýhyssalamy öz ýanynda saklamaga gorkdy. Ol ony getirip Abdylmuttalyba tabşyrdy. Abdylmuttalyp Halyma köp halat-serpaý etdi. Halyma köp ötünç sorap ony yzyna gaýtardy. Abdylmuttalyp Muhammet alaýhyssalamy eziz görýärdi. Ol Käbä gitse, Muhammedi öz ýany bilen äkiderdi.

*Aýdypdyrlar:* Bir gün Abdylmuttalyp Muhammet bilen Käbä geldi. Muhammet baryp Abdylmuttalybyň oturýan

ýerinde oturdy. Hadymlar (hyzmatkärler) ony turuzmaga ýürek edip bilmediler. Abdylmuttalyp geldi. Hadymlar Muhammedi onuň ýerinden turuzmakçy boldular. Abdylmuttalyp olary saklap: «Ony ugruna goýuň. Ol bu ýere mynasypdyr» diýdi.

Muhammet alaýhyssalam dört ýaşanda Abdylmuttalyba agryk (hassalyk) ýetişdi. Abdylmuttalyp bu derdiň ölüm derdidigini bildi. Onuň dünýäden öter wagty geldi. Ol dört ogluny[36] ündedi (çagyrdy): Abu Läheb, Apbas, Hemze, Abu Talyp. Ol Muhammedi öz ýassygynyň ýanynda oturtdy. Ol oglanlaryna bakyp: «Eý, perzentlerim! Meniň bu dünýäden gitmeli wagtym boldy. Meniň şu Muhammetden başga hiç hesretim (gaýgym) ýok. Käşgi, ömrüm wepa berse, men munuň hormatyny, hezzetini görerdim we oňa guwanardym. Indi men bu hesret bilen ötüp barýaryn. Muhammet ýetimi terbiýelemegi haýsyňyz üstüňize kabul edip alýarsyňyz? Men şonuň bilen äht baglaşaýyn» diýdi.

Abu Läheb ýerinden turdy. Ol oglanlaryň iň ulusydy. Ol dyzyna çöküp: «Eý, arabyň mäligi (patyşasy)! Taňry saňa Muhammediň hezzetini görýänçäň uzyn ýaş bersin! Eger siz Muhammedi maňa berseňiz, men ony jan bilen kabul edeýin» diýdi. Abdylmuttalyp: «Eý, Abu Läheb! Sen hemmeden ulusyň. Seniň hormatyň bar. Emma sen gaty köňüllisiň. Sen rehimsiz kişisiň. Sen ýetimi terbiýelemäge ýaramarsyň» diýdi.

Ondan soň Hemze ýükündi we: «Bu işi men kabul edýärin» diýdi. Abdylmuttalyp: «Sen meniň üçin hemmeden artyksyň. Sen maňa gereklisiň. Emma seniň ogul-gyzyň ýok. Ogul-gyzsyz kişi ýene biriniň ogul-gyzynyň gadyryny bilmez. Şeýle hem sen awçysyň. Sen awa gideňde hyzmatkärleriň yzyňda Muhammede azar bererler» diýdi.

Ondan soň Apbas ýükündi we «Men Muhammedi kabul edýärin» diýdi. Abdylmuttalyp: «Eý, Apbas! Sen ýaraglysyň

(harajatlysyň). Emma seniň oglan-uşagyň köpdür. Köp oglan-uşakly kişiniň ýaragy (harajaty) ýeter-ýetmez bolar» diýdi.

Ondan soň Abu Talyp ýükündi we: «Eý, araplaryň seýidi! Men: «Muhammediň terbiýesini üstüme alaýyn» diýip, meýil edip durdum. Emma men agalarymyň hormatyny tutup, olardan öň sözlemekden saklandym. Şeýle hem men malsyz garypdyryn» diýdi. Abdylmuttalyp: «Eý, Abu Talyp! Muhammedi terbiýelemäge sen laýyksyň. Çünki sen ýumşak köňüllisiň. Eý, Abu Talyp! Muhammet danadyr. Onuň bilýän zatlaryny men hem bilmeýärin. Men haýsy bir işi etmekçi bolsam, ol maňa ýol görkezýär. Onuň sözi bilen eden işim ýerine düşýär. Indi biz onuň özüne geňeşeliň. Onuň özi kimi saýlasa, ony şoňa tabşyralyň» diýdi.

Abdylmuttalyp Muhammede bakyp: «Eý, oglum! Men dünýäden gidip barýaryn. Sen ataň garyndaşlaryndan haýsy birini saýlaýarsyň?» diýdi. Resul alaýhyssalam ör turup, Abu Talybyň boýnuny guçdy we onuň öňünde oturdy. Abdylmuttalyp: «Meniň ygtyýarym (saýlanym) dogry çykdy. Munuň üçin Allatagala hamd bolsun» diýdi. Ol Muhammedi Abu Talyba tabşyrdy we Käbäniň Taňrysyny bu işe tanuk (şaýat) etdi. Ol: «Eý, Abu Talyp! Men seniň bilen äht baglaşýaryn. Sen Muhammedi ýagşy sakla. Baýram günleri bolsa, sen ony täze donsuz goýma. Sen supranyň başynda oturaňda Muhammedi öz ýanyňa alyp otur. Oglanlaryňy ondan artyk tutma. Sen Muhammedi hiç zada mätäç etme! Sen meniň bu şertimi kabul etdiňmi?» diýdi. Abu Talyp: «Hawa, men kabul etdim» diýdi. Abdylmuttalyp: «Eý, Abu Talyp! Sen Mekgäniň Taňrysyny bu ähde şaýat tutduňmy? Eger sen bu ähdi bozsaň, Allatagala saňa hasm (duşman) bolsunmy?» diýdi. Abu Talyp: «Hawa, şeýle hem bolsun» diýdi.

Bu äht baglaşylandan soň tizlikde Abdylmuttalyp dünýäden ötdi.[37] Abu Talyp Muhammedi öýüne eltdi. Ol öýden çykyp,

ýene öýe gelse, oglanlary öňünden çyksalar, ol ilki bilen Muhammedi guçardy (gujaklardy). Ol saçagyň başynda Muhammet bilen bile oturardy. Ol baýram günleri Muhammede täze eşikleri geýdirerdi. Muhammet ýetişdi. Ol rehimdarlykda we ýagşy işleri etmekde meşhurlyk tapdy. Hemme kuraýyşlar, şeýle hem Abdylmennafyň nesilleri Muhammedi «Emin (ynamly)» diýip atlandyrdylar.

Ol on sekiz ýaşady we görk-görmegi hem aň-düşünjesiniň kemaly bilen bezendi. Älem halky oňa haýran galdylar. Onuň ýüzüne hiç kim dikanlap garap bilmezdi. Onuň görki günsaýyn günden zyýada boldy.

## *KYRK SEKIZINJI KYSSA*
## HEZRETI PYGAMBER ALAÝHYSSALAMYŇ BIBI HATYJANY ALMAGYNYŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam on sekiz ýaşa baranda Abu Talyp onuň ammasy Atykanyň ýanyna gelip: «Eý, aýal dogan! Biziň Muhammedimiz ulaldy. Onuň gyz alar wagty boldy. Sen bu iş barada näme pikir edýärsiň?» diýip sorady. Abu Talyp göz ýaş edip: «Men gije-gündiz bu gazguda gezýärin. Oňa mynasyp gyz almaga biziň güýjümiz ýetmeýär. Deňini almasak hem bize uslyp däl. Men näme etmelidigini bilmeýärin» diýdi. Atyka: «Mende bir teklip bar. Eger kabul etseňiz, biz şony edeliň» diýdi. Abu Talyp: «Eý, Atyka! Sen näme pikir edýän bolsaň, ony maňa aýt» diýdi.

Atyka: «Men Hatyja Şam welaýatyna söwda etmek üçin argyş (kerwen) iberýär diýip eşitdim. Men baryp Hatyja bilen geňeşeýin. Muhammedi onuň hyzmatyna bersek, ol öýlenmäge bir zat tapyp geler. Onuň gazanan maly gyzyň galyňy bolar» diýdi. Abu Talyp ýyglap: «Eý, Atyka! Nähili kynçylykda bolsalar hem, biziň ata-babalarymyz hyzmatkär bolmandyrlar. Biz nähili ýoksuz (garyp) bolsak hem, Muhammedi hyzmatkärlige bermegi özümize rowa görmerýäris. Emma sen ilki ýagşy pikirlenip gör. Ondan soň sen Hatyjanyň ýanyna baryp sözleş. Ol näme diýse, sen ony bize habar ber» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Hatyja arap melikesidi. Ol zamanda ondan baýrak kişi ýokdy. Ol dört müň düýä haryt ýükläp söwda

ederdi. Onuň her bir ýedi düýä bir guly bardy. Onuň kerweni Şama baryp söwda ederdi we ol ýerden Mekgä aşlyk (bugdaý) getirerdi. Hatyjanyň düýeleri tebrese, hemme kuraýyşlar argyş bilen giderdiler. Hatyja ýylda iki gezek – gyşda we ýaýda (tomusda) tijarat argyşyny ibererdi. Aýat: ***«Kuraýyş taýpasynyň birleşmegi üçin Hudaýtagala ýemenli Abrahanyň goşunlaryny ýok etdi. Bu taýpanyň adamlary gyşyna Ýemene we tomsuna Şama söwda etmek üçin kerwen tutup sapara giderdiler»***.

Hatyja töwrathon aýaldy. Onuň özi ylymlydy we äri ölüp, dul galypdy. Arap serdarlary oňa söz aýtdyryp ilçi iberdiler. Emma ol olaryň hiç biriniň sözüni kabul etmedi.

Hatyja bir gije düýş gördi. Aý gökden inip, onuň goýnuna girdi. Onuň goýnundan nur çykyp, hemme kowuma, şeýle hem ýer ýüzüne ýaýyldy. Älem ýüzi röwşen boldy. Hatyja oýandy. Hatyjanyň Bahyra atly ýakyn geňeşçisi bardy. Hatyja oňa düýşüni beýan etdi we: «Eý, Bahyra! Sen maňa düýşümi ýorup ber» diýdi. Bahyra: «Eý, Hatyja! Bu düýşüň ýorgudy şeýledir: «Ol Aý ahyrzaman pygamberi Muhammet Mustapadyr. Ol dünýäde peýda bolandyr. Ol seni alar. Ol seniň goýnuňa girende oňa wahy (Allatagaladan owaz) geler. Allatagala oňa pygamberlik berer. Älem-jahan onuň nury bilen röwşen bolar. Aýallardan senden öň iman getiren aýal bolmaz. Bu zatlar Töwratda ýazylgydyr. Ol pygamber kuraýşylar taýpasynyň haşym urugyndan bolar» diýdi. Hatyja bu söze söwünçli boldy (begendi). Ol mundan soň Hudaýtagalanyň bu hökümininiň berjaý bolmagyna garaşyp ýördi.

Bir gün baýaky söz üçin Hatyjanyň öýüne Atyka girip geldi. Hatyja ony garşylady. Ol Atykany agyrlap, öz ýanyndan orun berdi. Hatyja heniz hiç kime munuň ýaly hormat-sylag etmändi. Çünki Atyka Abdylmuttalybyň gyzydy. Atyka Muhammet alaýhyssalam hakda aýtmakçydy. Emma ol

Muhammet alaýhyssalamy onuň ýumuşçylygyna teklip etmäge utanýardy.

Hatyja Atykanyň bir söz bilen gelendigini, utanyp, ony aýdyp bilmeýändigini aňyp: «Eý, araplaryň seýidi! Sen menden näme dilegiň bar bolsa, utanman sözle» diýdi. Atyka: «Eý, Hatyja! Meniň saňa bir sözüm bar. Emma men ony aýtmaga utanýaryn» diýdi. Hatyja: «Eý, Atyka! Sen sözüňi utanman aýt» diýdi. Atyka: «Biziň Abdylladan bir oglanyň galandygyny sen eşiden bolsaň gerek. Atamyz Abdylmuttalyp onuň üçin bize köp wesýetler edip gitdi. Indi Muhammet ýigit çykdy. Biziň oňa gyz almak köňlümiz bar. Emma agam Abu Talybyň elinde galyň tölemäge hiç zat ýok. Onuň öz oglanlary hem telimdir. Biz: «Siziň argyşlaryňyz Şama gidýär» diýip eşitdik. Siz Muhammedi ýumuşçy edip alsaňyz, ol siziň düýeleriňiz bilen argyşa gitse bolmazmy? Ol bir kişiniň ornunda siziň hyzmatyňyzy etse, bir zatlar gazansa, öýlenmegiň harajatyny tutsa» diýdi. Hatyja köňlünden: «Meniň düýşümiň ýorgudynyň başy şu bolsa gerek?» diýdi. Onuň begenjinden meňzi gyzardy. Ol: «Eý, Atyka! Sen näme diýseň, men şonuň ýaly edeýin. Emma argyş bilen gitmek agyr işdir. Sen öýüňe baryp, Muhammedi meniň ýanyma getir. Biz onuň bu işe ýarajagyny ýa-da ýaramajagyny göreli» diýdi. Atyka gitdi.

Hatyja ýerinden turdy, suwa ýuwundy, aryldy (arassalandy) we Töwraty goluna aldy. Ol bu kitapdan Muhammediň nagtyny (tarypyny) we sypatyny okady. Ol gözüni ýola dikip oturdy. Atyka Muhammedi alyp geldi. Hatyja hajyba (gapy saklaýja): «Eý, hajyp! Muhammedi öýe hormat-hezzet bilen giriz we ony mertebeläp ýokary geçirip oturt» diýdi. Hajyp onuň buýrugyny aýdyşy ýaly berjaý etdi. Hatyjanyň özi perdäniň içinde oturdy. Ol bir Muhammede, bir Töwrata bakýardy. Ol Töwratda okap gören sypaty bilen Muhammediň görküniň arasynda hiç hili tapawut tapmady. Onuň saçy

garady, gözi, gaşy, hemme bedeni nurludy. Muhammet alaýhyssalam bir ýerde otursa, ol ýerden kyrk günläp, ýyparyň (müşküň) ysy gelip durýardy. Muhammediň keşbi onuň Töwratda okan waspy bilen rast geldi. Ol öz ýanyndan endişe (pikir) edip: «Eý, Hatyja! Seniň düýşüň dogry bolup çykdy. Saňa laýyk jübüt hasyl boldy. Emma bu wagt ony ýüze çykarmagyň wagty däl. Bolmasa, maňa araplar tagna ederler. Goý, ol birnäçe gün ýumuşçy bolup ýöresin we halaýygyň maňa tagnasy gitsin» diýdi.

Atyka resula işçi, ýumuşçy donuny geýdirdi. Atyka Abu Talybyň ýanyna gelip, Hatyjanyň Muhammedi ýumuşçy edip, işe almaga razydygyny aýtdy. Ol ikisi Muhammede: «Eý, Muhammet! Sen bu işde işlemäge razymysyň?» diýip aýtdylar. Resul: «Siziň göwnüňize jaý bolan işe men razydyryn» diýdi. Muhammedi ýene Hatyjanyň ýanyna eltdiler we: «Eý, Hatyja! Sen munuň ýumuşçylygyna näme tölärsiň?» diýip aýtdylar. Hatyja: «Özge ýumuşçylara men üç altyn berýärin. Emma Muhammediň haky elli altyn bolsun» diýdi. Hezreti Muhammediň gözüne begenjinden ýaş aýlandy. Ony Hatyjanyň saraýynyň (galasynyň) işiginde goýdular. Hatyja saraýyň içinde Muhammede guwanyp durdy. Hatyjanyň Mubaşşira atly guly bardy. Hatyjanyň kamug maly onuň golundady. Ol argyşa ýolbaşçylyk ederdi. Hatyja kerwenbaşylygy Muhammede tabşyrdy we: «Eý, Mubaşşira! Sen bu Muhammediň aslyny hem neslini ýagşy bilýärsiň. Muhammet seniň bilen barýarka, sen ony köňlüň bilen saklap, emgetmän, salamat getir. Sen meni haşym urugyna uýatly etme» diýdi.

**Peýda.**

Hatyjanyň hezreti Muhammedi «işçi», «ýumuşçy» diýip atlandyryp, oňa sapar emgegini çekdirmeginden, ýene argyş ulusyna (kerwenbaşa): «Muňa ýagşy seret» diýmeginden onuň maksady hezreti Muhammediň ýumuşçylygy däldi. Onuň bu

sözünde syr bardy. Bu syr Züleýhanyň Ýusuby ibermeginde bar bolan syra meňzeşdir. Züleýha zyndançyny çagyryp: «Ýusuby hiç urma. Onuň elini, aýagyny baglama» diýdi.

Munda bize beşarat (ýagşy zady habar bermeklik) bar. Beşarat şeýledir: Kyýamat güni (Biz ol günüň hakdygyna iman getirýäris we ynanýarys) bir mömini tamuga girizerler. Taňrydan: «Eý, Mälik dowzah! Sen bu mömininiň ýüzüni köýdürme, ol ýüzi bilen maňa sežde etdi. Onuň gulagyny köýdürme, ol gulagy bilen hikmet (parasat) we ylym sözlerini eşitdi. Onuň gözüni köýdürme, ol gözi bilen Kelamulla (Gurhana) bakdy. Onuň dilini köýdürme, ol dili meniň tarypymy diýdi. Onuň köňlüni köýdürme, ol köňli bilen Meni tanady. Onuň elini köýdürme, ol eli bilen sadaka berdi. Onuň aýagyny köýdürme, ol aýagy bilen jemagata, ylym mejlisine gatnady. Biziň dowzaha ibermegimiz ony köýdürmek üçin däldir. Onuň günälerini ýuwup, olary geçirmegimiz üçindir» diýen bir owaz geler.

Hatyja ýene Mubaşşira: «Daň bilen tebl (deprek) kakyp, argyş deprese (ugrasa) Muhammedi saraýyň işigine getirip, düýeçiler donuny geýdirip, düýäniň burundygyny onuň biline bagla. Onuň bir goluna taýak ber. Ol bu sypat bilen ýola girsin. Kerwen mekgelileriň gözünden uzaga baransoň, düýeçiler onuň donuny çykaryp, oňa başga täze eşikleri geýdirsinler, onuň münen düýesini bezesinler. Olar Muhammedi soltan ýaly agyrlap (hormatlap), ol düýä mündürsinler. Sen guş ýaly bolup, düýäniň burundygyny alyp ýüwür. Sen näme iş etseň, onuň bilen geňeşip et. Sen ony salamat getirip maňa tabşyrsaň, men seni öz malymdan (gulçulygyňdan) azat edeýin, şeýle hem seni baý edeýin» diýdi. Argyş ýerinden gozgandy. Mekge halky argyşy görmäge çykdy. Abu Talyp garyndaşlary bilen: «Muhammediň ene-atasy ýok» diýip özleri üýşüp çykdylar.

Olar Muhammediň düýeçileriň donuny geýendigini gördüler. Ol biline düýäniň nogtasyny baglapdyr, eline taýak

alypdyr. Olar onuň bu ýagdaýyny görüp ýyglaşdylar. Atyka başyna toprak sowurdy we: «Eý, Abdylla! Sen başyňy lahadyň (görüň) topragyndan ýokary göter. Muhammet ýumuşçy bolup, düýe idip barýar. Sen ony gör» diýdi. Atyka donuny para-para edip bihuş boldy. Mustapanyň urugy perýat bilen ýyglaşdylar. Hemme perişdeler: «Eý, Taňrymyz! Bu kyýamatyň görki, imanyň açary Muhammet dälmidir? Ol älemdäkilere rehmet dälmi? Ol pygamberleriň täji dälmi? Oňa munça emgek bermek näme üçin gerek boldy?» diýip mynajat etdiler. Allatagaladan: «Ol munuň ýaly bolup galmaz. Men oňa kamug (hemme) älem-jahany musahhar ederin. Men ony hemme ýalawaçlara (pygamberlere) ulug (serdar) ederin. Men oňa makamy mahmydy (taryply mertebäni) bererin» diýen owaz geldi.

Ondan soň hezreti Muhammet ammasyna garap: «Men indi ýola düşdüm. Siz esen galyň. Ýöne siz meni unutmaň. Bir ýerde bir garyp görseňiz, men garyby ýatlaň» diýip aýtdy.

Bir sözde: «Gidip aýrylan ýene görşer» diýip aýdypdyrlar. Muhammet alaýhyssalam urugyndan aýryldy, ýene olar bilen görüşdi. Ýusup pygamber hem atasyndan aýryldy, ýene onuň bilen görüşdi. Muhammet alaýhyssalam Käbeden aýryldy, ol ony ýene kyýamat güni görer. Emma bir aýrylyşmak bar, özge görüşmek ýok. Ol kyýamat güni iki ýoluň başyndaky aýrylyşmakdyr. Aýat: ***«Ol ýerden kim uçmaha, kim bolsa dowzaha barar»***. Bu ýagdaýdan şeýle hekaýat edipdirler. Aýat: ***«Eý, günäkärler! Siz imanly kişilerden aýrylyň diýen bir owaz geler»***. Siz bir-biriňizden aýrylyň! Çünki möminler maksatlaryna ýetdiler. Eý, munapyklar (ikiýüzlüler) siz magsadyňyza ýetip bilmersiňiz.Siz bu ýerden aýrylyň! Sebäbi diňe Allatagala bolan ynamy bilen yhlaslylar dowzahdan gutulyp bilerler.

**Mynajat.** Ol mysak gününde biz möminleri kapyrlardan seçip, uçmah tarapynda duruzanyňyzda: «Ine, bu kişiler dowzahda: «Biz özümiziň jenneti bolandygymyza şükür edýäris» diýip aýdarys. Bizde tagat-ybadat ýok eken. Emma sen öz rehmetiň we jomartlygyň bilen bizi olardan aýryp ýalkadyň. Kyýamat güni ýoluň başlanýan ýerinde bizi kapyrlara goşman, olardan aýryp, ***«Jennetdäki toparyň»*** jemagatyndan bolmaklygy eý, Taňrymyz, nesip eýläwer!

Mekgäniň halky Muhammet alaýhyssalamy ýola gönderdi. Mubaşşira adamlara görünmän, düýäniň nogtasyny Muhammet alaýhyssalamyň bilinden çözüp, onuň üstünden düýeçileriň donuny çykardy. Ol hezreti Muhammede täze don geýdirdi we ony hezzet-hormat bilen düýä mündürdi. Onuň özi düýäniň nogtasyny tutup, ýola girdi.

Ataba, Abu Jehl, Şiba (bularyň hemmesine nälet bolsun!) – bu üçüsi hem argyşdady. Olar Mubaşşira: «Bu ýetime ýyrtyk don geýdir. Oňa täze don geýdirme. Oňa agyr işlerini buýur. Goý, ol iş öwrensin» diýip aýtdylar. Mubaşşira: «Hatyja maňa şeýle tabşyrdy. Ol muny düýä mündürmekligi buýurdy. Şonuň üçin men ony düýä mündürdim» diýdi. Şol wagt bir bölek ak bulut Hudaýtagalanyň buýrugy bilen Resul alaýhyssalamyň başyna kölege boldy. Argyşyň hemme halky günüň yssysynda, Mustapa bolsa kölegede ýöredi.

Abu Bekr Syddyk ( goý, Allatagala ondan razy bolsun!) hem şol argyşdady. Ol Mubaşşira: «Sen Muhammediň hormatyny görýärsiňmi? Onuň duşmanlary bar. Sen düýä münüp, öňden ýöre, men soňdan ýöräýin. Birden oňa duşman kast etse, biz ony goraly» diýdi. Abu Bekr dostluk bildirdi. «Gün dogmazdan öň daň agarýar, onsoň gün dogýar»diýip aýdypdyrlar. Şunuň ýaly Resul alaýhyssalamyň pygamberligi mälim bolmazdan öň, Abu Bekr Syddyk onuň daňyny bildirdi, hoş habaryny berdi.

Abu Bekr Resulyň dostudy. Ol Muhammede pygamberlik gelmezden öň dostlugyny bildirdi. Ol dünýäde pygamberden hiç aýrylmady, ahyretde hem ondan aýrylmaz. Hatyja hem onuň pygamberligini görmezden öň, Muhammedi söýdi. Taňry: «Men Hatyjany Muhammetden aýyrmadym. Mömin bendelerim meni söýdüler. Men beýle bendelerimi rehmetimden aýyrsam, onda meniň jomartlygymdan ne peýda! Men bendämi öz rehmetim bilen ýalkaryn» diýdi. Allatagala bize we size öz rehmetini nesip eýlesin!

Olar birnäçe gün ýöräp, bir otly suwlaga gelip ýetdiler. Ol ýerde Bahira atly rahyp bardy. Ol bir beýik ýere baryp oturardy. Ol Mekgeden bir argyşyň gelýändigini gördi. Bir bölek ak bulut biriniň başyna saýa bolup gelýär. Töwratda we Injilde ahyrzaman pygamberiniň nagty (waspy), sypaty bitilgidigini ol görüpdi. Bahira: «Şol waspy edilýän pygamber şu kişi bolsa gerek. Men bu argyşy gonak (myhman) alaýyn» diýip, olary garşylap, öňlerinden çykdy. Ol kerwen halkyna: «Siz bu ýerden ötseňiz, ot, suw tapmarsyňyz» diýip kerweni düşürdi. Ol tagamlar anyklap, argyş halkyny öýüne çagyrdy. Abu Jähl: «Biziň barymyz barsak, ýüklerimiz zaýa bolar» diýip aýtdy.

Olar Muhammedi goşda galdyryp, Bahiranyň öýüne tarap ýörediler. Bahira rahyp ybadathanadan çykyp, bularyň öňünden çykdy. Ol Töwratda we Injilde gören sypatly kişisini bularyň arasyndan tapmady. Ak bulut hem bularyň üstünde ýok. Bahira: «Sizden goşuňyzda galan adam barmy?» diýip sorady. Abu Jähl: «Biz bir oglany goşumyzda goýup gaýtdyk» diýdi. Bahira: «Ol oglan haýsy kabyladan (taýpadan)?» diýip sorady. Abu Jähl: «Ol kuraýyş taýpasynyň haşym urugyndan» diýdi. Bahira: «Serdar oldur, siziň hemmäňiz oňa tabynsyňyz. Meniň maksadym oldur, siz dälsiňiz» diýdi. Ondan soň olar Muhammedi çagyryp alyp geldiler. Bahyra onuň öňünden çykdy, oňa salam berdi, elini öpdi we öýüne eltip, oňa ýokardan orun

berdi. Olar tagam iýdiler. Bahira: «Eý, Muhammet sallallahu aleýhi wesellem![38] Meniň senden bir haýyşym bar» diýdi. Hezreti Resul: «Aýdyň» diýdi. Bahira: «Donuňyzy çykaryň» diýdi. Hezreti Resul donuny çykardy. Bahira onuň iki ýagyrnysynyň arasynda pygamberlik möhürini gördi. Ol bu möhüri öpüp, ýüzüne sürtdi we: «Eý, Muhammet! Men saňa wahy (pygamberlik habary) gelýänçä ömrüm wepa bermän ölerin. Bu gün men tanuklyk (şaýatlyk) berýärin: Allatagala birdir, sen onuň resuly bolarsyň. Sen memleket (ýurt) gözgisisiň (aýnasysyň). Sen ummatyň salary (başlygy), nubuwwat (pygamberleriň) täjisiň» diýdi. Bahira sözüni tüketdi. Bahira hezreti Abu Bekre bakyp: «Ilki bilen siz iman getirersiňiz. Siz Muhammet alaýhyssalamyň uly weziri bolarsyňyz. Siz Mubaşşira ikiňiz Muhammet alaýhyssalama köp hormat-hezzet ediň. Kyýamatda onuň şepagatyna mynasyp boluň» diýdi.

Kerwen ýola düşdi we Şama bardy. Mubaşşira hezreti Muhammetden: «Biz söwdany nähili ýol bilen ederis?» diýip sorady. Hezreti Muhammet: «Eý, Mubaşşira! Sen bu ýerde bir öý tut. Sen entek söwda etmeklige howlukma. Harytlaryňy satman dur» diýip aýtdy.

Şamlylaryň arasynda: «Mekgeden kerwen gelipdir» diýen habar ýaýrady. Şamlylar mekgelileriň harydyny satyn aldylar. Başga ýük galmady. Mubaşşira howlukmady Şamlylar bularyň ýanyna gelip, harytlaryny ýokary baha diläp başladylar. Hezreti Muhammet Mubaşşira rugsat berdi. Olar harytlaryny gymmat bahadan satdylar. Iki esse peýda hasyl boldy. Hezreti Resul Mubaşşira ýük (haryt) aldyrmady. Olar garaşyp durdular. Hemme mekgeliler ýük alandan soňra nyrh aşak düşüp galdy. Hezreti Muhammet bu wagt Mubaşşira: «Indi ýük al» diýdi. Olar iki baha aljak harytlaryny bir baha aldylar. Iki ýandan peýda boldy. Abu Bekr Mubaşşira bilen hezreti Muhammedi jöhitleriň magbadyna eltdi. Onuň içinde üç ýüz kandyl

asylgydy. Hezreti Muhammet ybadathana girdi. Onuň gutlug (mübärek) gözi kandyllara düşdi. Ol kandyllaryň zynjyrlary sökülip, ýere gaçdy.

«Eý, möminler! Sizlere beşarat (söýünji) bar. Ybraýym pygamber haladyny Nemrudyň oduna saldy. Nemrudyň ody öçdi. Muhammet alaýhyssalamyň gözi jöhitleriň kandylyna düşdi. Olar ýere gaçyp, para-para boldular. Allatagala her gün üç ýüz altmyş nazar bilen garaýar. Eger ol bir rehmet nazary bilen bakyp, tamug (dowzah) oduny olara öwrüp, bizi ýalkap, dowzah odundan azat etse, ne ajap bolardy».[39]

**Hekaýat.** Hezreti Resul alaýhyssalam her gün goşda galardy. Ol söwda etmäge çykmazdy. Bir gün ol adamlara: «Bu gün men siziň bilen çykyp bazary göreýin» diýdi. Hezreti Abu Bekr Syddyk emegi Harys, ýene birnäçe mekgeli Muhammet alaýhyssalam bilen Şamyň bazaryna girdiler. Bu gün juma günüdi. Olar köp ýerlere baryp gördüler. Olar bir tersa (haçparaz) demirçiniň ýanyna geldiler. Demirçi demir gyzdyryp durdy. Ol: «Siz musapyra (çet ýurtly ýolagça) meňzeýärsiňiz. Siz haýsy ýerden geldiňiz?» diýip aýtdy. Hezreti Resulalla: «Biz Mekgeden geldik» diýip jogap gaýtardy. Demirçi: «Siz otdan naryrak duruň. Bolmasa, lybasyňyza ot düşüp, ol sizi köýdüräýmesin» diýdi. Hezreti Resulalla: «Seniň oduň meni köýdürip bilmez» diýdi. Demirçiniň ajygy geldi we Resulallanyň mübärek ýüzüne garap, dikanlap durdy. Ol demirçi injilhondy we kitaplarda Resulallanyň hemme nyşanalaryny okap görüpdi. Demirçi: «Sen haýsy kabyladan bolarsyň?» diýdi. Hezreti Resulalla: «Men kuraýyş taýpasynyň haşym urugyndan bolaryn» diýdi. Demirçi: «Seniň adyň nämedir?» diýip sorady. Hezreti Resulalla: «Meniň adym Muhammetdir» diýdi. Şol wagt ol jöhit ornundan syçrap turup, gaty ses bilen: «Eý, adamlar! Siz bu kişiniň özüňize duşmandygyny biliň! Siz ondan ägä boluň! Ol biziň kowumymyzyň dinini bozar» diýip jar çekip aýtdy.

Bir sözde: «Bu waka kandyllar ýere gaçyp döwlenden soň bolup geçdi. Olaryň buthanalaryndaky hemme butlary toban ýykyldylar» diýip aýdypdyrlar. Şamdaky injilhonlar: «Muhammet Şama gelipdir» diýip aýtdylar. Emma olar ony tanamaýardylar. Ol demirçi: «Ine, şu Muhammet» diýip gygyrandan soň, ol hezreti Resulallany tutdular. «Biziň ata-babamyzyň dinini bozjak kişini tutupdyrlar» diýip, onuň owazasy Şam halkyna ýaýrady. Bu habar kerweniň adamlaryna hem baryp ýetdi. Olar: «Biz Muhammedi jöhitlerden urşup alalyň» diýip geldiler. Emma bu habar üçin Abu Jähl we Şeýbe – iki näletsiňen gaýtmady.

Jöhitler hezreti resulallany dokuz gat öýe gabap, onuň daşyna üç ýüz kişini garawul goýdular. Emma Hudaýtagalanyň gudraty bilen ol öýüň işigi açyldy. Hezreti resulalla bu öýden çykyp gitdi we kerweniň ýanyna geldi. Hezreti Abu Bekr we Mubaşşira onuň sag-aman gelmegine şat boldular.

Bu günüň ertesi Şam halkynyň baýram günüdi. Jöhitler buthana geldiler. Görseler, kandyllaryň zynjyrlary üzülipdir we olar ýere düşüp döwlüpdir. Jöhitler muňa haýran galdylar. Jöhitleriň alymlary Töwrata bakyp: «Bu ahyrzaman pygamberi Muhammediň nyşanasydyr. Ol gaçypdyr. Biz ony tapyp öldüreliň» diýdiler. Hezreti Abu Bekr Syddyk we Mubaşşira ikisi bu sözi eşidip, Resul alaýhyssalamy gizlediler. Olar ony düýelere ýük ýükläp gitjek bolanlarynda çykardylar. Jöhitler ony gözläp kerwene geldiler. Näletsiňen Abu Jähl jöhitlere: «Siziň gözleýän kişiňiz kerwendedir. Siz ýaragly kişileri taýýar edip duruň. Siz ýoly tutup, kerweni saklaň. Men size ony görkezeýin. Siz ony tutup öldüriň» diýip aýtdy. Üç ýüz sany ýaragly jöhit geldi we olar kerweniň degre-daşyny gabap aldylar. Abu Jähl lagyn yşarat bilen hezreti resulallany görkezdi. Jöhitler onuň düýesini tutup aldylar we ony gylyç bilen çapmakçy boldular. Şol wagt Jepbary älem Mikaýyl

alaýhyssalama perman berdi. Ol bir bölek buludy alyp geldi. Gara bulut gelip, dünýäni garaňky etdi. Gök kükräp, ýaşyn ýaşnady we gaty ýel turdy. Düýeler nogtasyny üzdüler we hatarlaryny bozdular. Olar esrek bugra dek jöhitlere hemle atdylar. Jöhitler gaçdylar. Düýeler kowup ýetip, üç ýüz jöhüdiň başyny üzüp taşladylar. Ondan soň ýel dyndy. Älem ýarudy we düýeler köşeşdiler.

Kerwen halky düýeleri tutup, olary burunduklap ýola düşdüler. Olar Mekgäniň alty menzil ýakynyna geldiler. Bu menzile gelip ýetenlerinde kerwen halky söýünjilemäge adam ibererdi. Hatyja söýünjilemäge barana halat-serpaý ýapardy. Mubaşşira hezreti Abu Bekre: «Kişi ibereýin» diýip aýtdy. Hezreti Abu Bekr: «Sen Muhammedi iber. Söýünji halaty oňa bolsun» diýdi. Mubaşşira: «Men şonuň ýaly edeýin» diýip jemmazalaryň ýagşysyny bezedi. Hezreti Abu Bekr: «Eý, Mubaşşira! Söýünjiläp baran kişä jemmazany bezegi bilen peşgeş bermek Hatyjanyň adatydyr. Sen ol jemmazany ýagşy bezediňmi?» diýdi. Mubaşşira düýäni ýagşy bezändigini aýtdy. Hezreti Muhammet iberiljek düýä mündi. Abu Jähl: «Bu bir oglandyr. Ol ýolda azaşar» diýdi. Hezreti Abu Bekr bilen Mubaşşira onuň bu sözüni diňlemediler. Olar hezreti Muhammedi ýola düşürip ugratdylar.

Hezreti Muhammet birnäçe ýol ýöredi. Howa yssydy. Hezreti Muhammet düýäniň üstünde uklady. Düýe ýoldan çykdy we otlamaga başlady. Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalama: «Eý, Jebraýyl! Sen baryp, Muhammediň düýesini dogry ýola sal» diýip perman berdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, düýäniň burundugyndan tutup, ony ýola saldy. Hezreti Resul ukudan oýandy. Görse, düýesiniň nogtasyndan tutup, bir kişi idip barýar. Hezreti resul: «Siz meni dört ýaşymdakam guş bolup alyp gaçyp, içimi arassalapdyňyz. Siz nähili kişisiňiz? Siz ýene meniň ýanyma gelipsiňiz» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Men

älemleriň hökümdary bolan Taňrynyň ilçisi Jebraýyldyryn. Sen ýolda azaşan ekeniň. Hudaýtagaladan seni dogry ýola salmaklyga perman boldy. Men şonuň üçin seniň ýanyňa geldim» diýdi. Hezreti resul: «Men düýeden düşeýin» diýip pikirlendi. Emma Jebraýyl alaýhyssalam onuň bu pikirini aňyp: «Düşme» diýip, düýäniň nogtasyny alyp, ýola rowan boldy.

Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Men saňa bir hekaýat aýdyp bereýin. Bir gezek men Ezraýyldan: «Sen jan aljak wagtyňda bir kişä rehim edipmidiň?» diýip soradym. Ezraýyl: «Meniň iki kişä rehimim geldi. Olaryň biri – bir gezek derýa bilen gämide köp kişi barýardy. Birden güýçli şemal turup, gämi para-para boldy. Gäminiň içinde bir göwreli aýal bardy. Ol aýal gämi heläk bolanda dogurdy. Çaga ýaňy emmesini alypdy. Maňa perman boldy. Meniň ol çaga rehimim geldi. Allatagaladan: «Meniň bir adym Rahymdyr (Rehimdardyr). Men ajaýyp işleri edýändirin» diýen owaz geldi. Çaga tagtanyň bir bölegine ýapyşyp, diri galdy. Tagta derýanyň kenaryna baryp saklandy. Derýanyň kenaryna her gün keýikler suw içmäge gelerdiler. Olar çaga süýt emdirip ulaltdylar. Ol çaga bäş ýyla çenli ol ýerde ýatdy. Ondan soň ol iliň içine düşüp ösdi we bir welaýata patyşa boldy. Ol Hud pygamberiň zamanynda ýaşap öten Şetdatdyr.

Soňra ol gündogardan günbatara çenli patyşa boldy we hudaýlyk dawasyny edip, bir behişt (bag-bossançylyk) ýetişdirdi. Ol bu ymaraty dört ýüz ýyllap saldy. Ol oňa hemme mülküni sarp etdi we oňa: «Erem bagy» diýip at goýdy. Ol ymarat bitýänçä ony hiç kim baryp görmedi. Ol ymarat tamam bolanda Şetdat ony görmek üçin leşgeri bilen gelýärdi. Maňa: «Onuň janyny al» diýip perman boldy. Men onuň janyny almak üçin bardym. Ol maňa ýalbaryp: «Men dört ýüz ýyldan bäri salan ymaratymy göreýin. Şoňa çenli maňa aman ber» diýdi. Men oňa aman bermän, janyny aldym. Emma oňa rehimim geldi.

Allatagaladan maňa owaz geldi: «Eý, Ezraýyl! Sen bir jana iki gezek rehim edýärsiňmi? Şol tagtanyň bölegindäki çaga şu kişidir. Men ony şunça wagtlap tamam äleme patyşa etdim. Ol şu ýagdaýy bilen gitdi. Meniň täsin gudratlarym bardyr»diýip owaz geldi» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam bu hekaýasyny tamam edip, gözden gaýyp boldy.

*Habarda şeýle aýdylypdyr*: Pygamber alaýhyssalam: «Men Allatagaladan başga pygamberleriň soramadyk zadyny diläp: «Eý, Taňrym! Sen Musa bilen syrlaşyp gepleşdiň. Süleýmana uly mülk berdiň. Sen olara bereniň ýaly maňa näme berdiň?» diýdim. (Aýat) ***Allatagala: «(Eý, Muhammet!) Men seni ýetim galaňda tapyp (Abdylmuttalybyň we Abu Talybyň elinde) ösdürip terbiýelemedimmi? Sen Şamdan gelýärkäň ýoldan azaşaňda göni ýola göndermedimi? Sen ýoksuz çigaýdyň. Şonda seni tapyp, Hatyjanyň maly bilen seni baýatmadymy?»*** Şol wagt ýere erkli perişdä: «Ýeriň damaryny tart» diýip perman boldy. Ol perişde ýeriň damaryny tartdy. Hezreti Muhammet ýarym günde Mekgä ýakyn gelip ýetdi.

Hatyja hezreti Muhammediň jemalyny arzuwlap, garabaşlaryny (kenizlerini) bir belent ýere çykaryp, olary ýola garadyp goýdy. Şäheriň daşynda bir kişi göründi. Ol düýäniň üstünde otyr. Onuň ýokarsynda bir ak bulut kölege bolup gelýär. Garabaşlar Hatyja: «Eý, araplaryň seýidi! Siz näme üçin Muhammede bolan söýgüňizi bizden gizleýärsiňiz? Onuň nyşanasy seniň ýüzüňden belli bolup görnüp dur» diýdiler. Bu wagt hezreti Muhammet gapydan girip geldi. Bir garabaş: «Muhammet geldi» diýip habar berdi. Hezreti Muhammet Hatyja salam berdi, habarlaryny aýtdy we Mubaşşiranyň hatyny berdi. Ol hatda: «Eý, araplaryň seýidi! Biziň hiç wagt söwdamyz munuň ýaly rowaç bolmandy. Bu ýyl ol bize Muhammediň berekedinden boldy» diýip ýazylypdy. Hatyja bu ýagdaýa begendi. Ol Mubaşşiranyň hatyna jogap ýazdy. Ol bu

haty hezreti resuldan iberdi. Ol alty menzil ýoly ýarym günde geçdi, hem yzyna gaýdyp geldi.

Kerwendäkiler Muhammedi uzakdan gördüler. Abu Jähl: «Eý, Mubaşşira! Men saňa: «Muhammedi iberme. Ol ýolundan azaşyp yzyna gaýdyp geler» diýip aýtmanmydym» diýdi. Hezreti Abu Bekr bilen Mubaşşira gynandylar. Abu Jähl bolsa begendi. Hezreti resul ýetip gelip, Hatyjanyň hatyny Mubaşşira berdi. Mubaşşira ol haty okap görüp: «Eý, Abu Jähl! Bu hat Hatyjanyň bize iberen haty. Muhammediň azaşmandygyny indi bildiňmi?» diýdi. Abu Jähl: «Men bu söze ynanmaýaryn. Men öz golum bilen hat ýazyp ibereýin. Goý, ol oňa jogap getirsin» diýdi. Ol hat ýazyp hezreti resulyň eline berdi. Hezreti resul onuň hatyny alty günde Hatyja getirip berdi. Hatyja onuň hatyny bölek-bölek edip ýyrtdy. Ol Abu Jähle: «Seniň bu hatyňdan alty gün burun Muhammet maňa hat getirdi» diýip, hat ýazdy. Hezreti Muhammet ol haty Abu Jähle eltip berdi.

Argyş Mekgä ýetip geldi. Bir hepdeden soň, Atyka bilen Abu Talyp hezreti Muhammedi Hatyjanyň ýanyna: «Sen baryp ondan hakyňy dile. Ol maňa gyzyň galyňy bolsun. Men onuň üçin geldim» diýip aýt» diýip iberdiler. Hatyja: «Eý, Muhammet! Seniň doganoglan agaň we ejekäň bu işiňi bitirmezler. Sen meniň ýanyma gel. Men seniň bu işiňi bitireýin. Eý, Muhammet! Men saňa bir jübüt göz öňüne tutýaryn. Onuň maly-baýlygy köp. Emma onuň bir aýby – ol gyz däl. Eger sen ony bu aýby bilen kabul etseň, ol seni derwüşligiň (garyplygyň) bilen kabul edýär» diýdi. Hezreti resul bu sözi eşidip, gözi ýaşly bolup, ejekesiniň ýanyna geldi. Ol: «Eý, Muhammet! Saňa näme boldy?» diýdi. Hezreti resul: «Hatyja meni masgara edip, şunuň ýaly sözler aýtdy» diýip, Hatyjanyň özüne aýdan sözlerini oňa birme-bir aýdyp berdi. Atyka: «Eý, Allanyň resuly! Beýle sözlerde beşarat (hoş habar) bardyr» diýdi.

Möminlere beşarat şeýledir: Pygamber alaýhyssalam: «Kyýamat güni bolsa (Biz ol günüň haklygyna iman getirýäris we oňa ynanýarys) bir perişde gelip, mömünleriň gollaryna olaryň amal depderlerini berer. Mömin depderinde diňe doly tagat we ybadat ýazylgy görer. Ol näçe baksa, onda ýazyk (günä işleri) görmez. Ol bende: «Eý, perişde! Sen başga depderi getiripsiň. Bu meniň depderim däl. Men telim ýazyk edipdim. Olaryň biri hem bu depderde ýok» diýip aýdar. Ol perişde: «Eý, mömin! Bu depder seniňkidir» diýer. Ol mömin ýyglap: «Eý, Taňrym! Bu perişde meni masgara tutýar» diýer. Pygamber alaýhyssalam: «Hatyja meni masgara tutýar» diýip ýyglady. Allatagaladan: «Eý, bendäm! Bu depder seniňkidir. Sen ýazyk etdiň. Emma sen oňa puşman bolup, ah çekdiň. Ol ah çekeniň üçin men seniň hem ýazygyňy geçirdim we olary seniň depderiňden öçürdim. Men seniň günä işleriňi tagata çalyşdym» diýen owaz geler. Aýat: ***«Allatagala olaryň ýaman işlerini ýagşy amallara çalşyryp goýdy»***. Sen özüňden maňa geljegini etdiň, men hem özümden saňa barjagyny etdim». Aýat: ***«Eý, Muhammet! Sen olara: «Her kim öz ýoluna görä iş eder» diýip aýt»***.

Abu Talyp gazgulug (gaýgyly) bolup: «Muhammediň maly bolmasa hem onuň jahy (mertebesi), jemaly (görki) bar. Gaýratda, asyl-nesepde bizden artyk ýok. Eger Hatyja munuň ýaly aýdan bolsa, meniň onuň kowumyna nämeler etjekdigimi görersiň» diýdi. Atyka: «Eý, garyndaş! Sen bu zatlary köňlüňe alma. Men Hatyjanyň ýanyna baryp, bu sözüň hakykatyny anyklaýyn» diýdi. Atyka Hatyjanyň ýanyna geldi. Hatyja oňa tagzym bilen: «Sen näme maslahata geldiň?» diýdi. Atyka oňa hezreti Muhammediň sözlerini aýdyp berdi: «Ol: «Hatyja meni masgara tutdy» diýip ýyglady» diýdi. Hatyja: «Eý, Atyka! Sen maňa beýle sözleri hiç aýtma! Men oňa guwanýaryn. Onuň aýdan sözleriniň hemmesi dogrudyr. Men şu wagta çenli bu syrymy gizläp geldim. Indi men ony açyk aýdýaryn. Men

özümi Muhammede teklip etdim. Eger Muhammet meniň sözümi kabul etse, men tenim, hemme malym bilen onuňkydyryn» diýdi. Atyka: «Ol seni kabul etse, sen ony unarsyňmy?» diýdi. Hatyja: «Näme üçin men ony unamaýyn? Eýse, onuň asly-nesebi ýokmy, atly ata-babalary ýokmy, görmäge görki ýokmy?» diýdi. Atyka: «Onda bu zatlaryň hemmesi bar. Emma onuň maly ýok» diýdi. Hatyja: «Onuň maly bolmasa, meniň malym bar» diýdi.

Bu sözde beşarat (hoş habar) bar. Ol şeýledir: Kyýamat güni (Biz ol güne iman getirdik we ol günüň boljakdygyna ynanýarys) Muhammet alaýhyssalam Arşyň üstünde ummatyna şepagat eder. Ol: «Eý, Taňrym! Asy (günäkär) ummatymyň günälerini geçir. Meniň şepagatymy dergähiňde kabul et» diýip aýdar. Allatagaladan: «Eý, Muhammet! Men seniň şepagatyňy näme üçin kabul etmäýin? Eýse, seniň diliňde şahadat, köňlüňde tassyk ýokmy?» diýen owaz geler. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Emma olaryň tagatlary ýok» diýip aýdar. Allatagaladan: «Eý, Muhammet! Eger olarda tagat ýok bolsa, mende rehmet bar» diýen owaz geler.

Hatyjanyň bu sözüni araplar eşitdiler we ondan: «Eý, Hatyja! Seni uly mälikler (patyşalar) dilediler. Sen olara barmadyň. Sen Muhammedi saýladyň. Munda seniň maksadyň näme?» diýip soradylar. Hatyja: «Meniň myradym soň mälim bolar. Men öz myradymy gördüm, siz bolsa ony görmersiňiz. Meniň eşiden sözümi siz eşitmersiňiz» diýdi. Atyka: «Sen bu sözi oňlaýarsyň, emma seniň doganoglan agaň Waraka ibn Nowfyl ony oňlarmyka?» diýdi. Hatyja: «Bu işiň bir çäresi bar. Abu Talyp myhmandarlyk edip, Warakany çagyrsyn. Ol oňa şerap içirsin. Ol esrände (serhoş bolanda) ondan meni Muhammet üçin dilesin. Galan ýaragyny (çäresini) meniň özüm bilerin» diýdi. Atyka bu sözi baryp, Abu Talyba aýtdy.

Abu Talyp myhmandarlyk edip, uluglary (taýpalaryň aksakallaryny) ýygnady. Warakany hem çagyrdy. Ol oňa şerap

içirdi. Waraka serhoş boldy. Abu Talyp Hatyjany hezreti Muhammet üçin diledi. Waraka: «Hatyjanyň özünden sorap göreliň» diýdi. Ol Hatyjanyň ýanyna geldi we: «Abu Talyp seni Muhammet üçin dileýär. Sen muňa näme diýýärsiň?» diýdi. Hatyja: «Onuň asly, nesli, görki, hünäri, harydy, amanaty, diýanaty (dini) bar» diýdi. Waraka: «Onda bu zatlaryň hemmesi bar. Emma onuň maly ýok» diýdi. Hatyja: «Onuň kem zady şol bolsa, meniň malym bar» diýdi. Waraka öýkeläp, elini dyzyna urup: «Arap we ajam patyşalary seni dilediler, sen olara göwnemediň. Indi sen Abu Talybyň ýetimini oňlaýarsyňmy?» diýdi. Waraka serhoşdy. Hatyja garabaşlaryna (nökerlerine): «Altyn idişlere (gaplara) zagpyran ezip goýuň» diýip buýrupdy. Ol wagtda gyza sawçy gelse, gyzyň wekili razy bolsa, wekiliň donuna zagpyran seperdiler. Waraka öýkeläp çykyp barýarka, garabaşlar onuň donuna zagpyran sepdiler. Ol şerabyň serhoşlygyndan aýňaldy. Oňa tabak getirip berdiler. Waraka: «Bu nämedir?» diýdi. Oňa: «Sen Hatyjany Muhammede berdiň» diýip aýtdylar. Waraka: «Men bermedim» diýdi. Olar: «Onda seniň donuňdaky zagpyran näme?» diýdiler. Waraka donuna bakdy. Ol onda zagpyrany gördi. Şeýle bolansoň onuň hüjjeti (çäresi) galmady. Ol başga söz sözlemedi.

*Aýdypdyrlar:* Hatyja Muhammede: «Pylan gün men Waraka ibn Nowfyly myhmançylyga çagyrjak. Men oňa şerap bererin. Sen pylan uluglary (aksakallary) onuň ýanyna iber. Sen Warakanyň keýpi kök bolanda gel» diýdi. Hezreti Muhammet onuň bu sözüni kabul etdi. Waraka şerap içip, wagty hoş bolanda Hatyja: «Eý, agam! Bu ýyl bezirgenlerimiz gaty köp peýda gazanyp geldiler. Muhammediň ugurtapyjylygyndan köp mal hasyl boldy» diýip, hezreti resuly öwüp başlady. Şol wagt hezreti Muhammet işigi kakdy. Hatyja oňa: «gir» diýdi. Resul alaýhyssalam uluglar bilen girip geldi. Waraka ibn Nowfylyň gözi hezreti Muhammede düşdi. Ol:

«Eý, Muhammet! Hatyja senden ezguluk (ýagşylyk) gören ýaly sözleýär. Biz hem seni ýagşy göreli. Biz bu gün seniň näme dilegiň bar bolsa bereli. Men saňa Hatyja gerek bolsa hem bereýin» diýdi. Hatyja perdeden çykyp: «Muhammet meniň üçin gelip dur» diýdi. Waraka bu ýere gelen uluglara: «Siz tanuk (şaýat) boluň. Men Hatyjany Muhammede berdim» diýdi. Ol hezreti Muhammede garap: «Sen Hatyjany kabul etdiňmi?» diýdi. Hezreti resul: «Kabul etdim» diýdi. Waraka hezreti resula: «Sen bir düýe bogazla, men hem bir düýe bogazlaýyn» diýdi. Ol ikisi iki düýe bogazladylar. Toý etdiler we dep kakdylar. Ol wagtda resm (adat) şeýledi. Waraka: «Adamlar munuň sypah (zyna) däl-de, nikadygyny bilsinler» diýdi.

Waraka şerapdan aýyldy. Ol öz egninde iki gat don gördi. Ol wagtyň adaty boýunça gyz beren kişä iki gat don geýdirerdiler. Ol depiň sesini eşidip: «Bu ne üýndür (sesdir)?» diýip sorady. Hatyja: «Sen meni Muhammede berdiň» diýdi. Waraka: «Sen razylyk berdiňmi?» diýdi. Hatyja: «Berdim» diýdi. Waraka: «Sen arap we ajam uruglaryna göwnemediň. Abu Talybyň ýetimini unadyň» diýdi. Hatyja: «Ol ýetim bolsa bolsun. Onuň kuwwaty, jemaly, fesahaty (dilewarlygy), hasaby, nesebi bar. Onuň maly ýok bolsa, ony oňa men bererin» diýdi. Hatyja hazynany açdy. Altyn, kümüş çykardy we: «Bu malyň hemmesini men Muhammede bagyşlaýaryn. Munça maly bar bolan adam garyp bolmaz. «We wejedeke a’ilen we agnä» aýatyň manysy ine şudur: ***«Eý, Muhammet! Hudaýtagala seni garyp ýagdaýda tapdy we ol hezreti Hatyjanyň maly bilen baý etdi»***.

Hezreti resulyň doganoglan agasy Abu Talyp hem düýe bogazlady. Araplar ýygnandylar. Olar uly toý etdiler. Altyn-kümüş saçdylar. Abu Talyp nika gyýdy:

## Hatyjanyň Muhammet alaýhyssalama äre barmagynyň nikasynyň hutbasy (arapçadan terjime)

Hemme öwgi-taryp Allatagala bolsun! Ol Käbäni uly mertebeli etdi, Beýtillany haram işlerden päkledi, Zemzem çeşmesiniň suwuny akdyryp goýdy, Ybraýym pygamberiň makamyny (aýak yzy bar bolan ýeri) adamlaryň zyýarata ýygnalýan ýeri etdi, Sapa dagyny belli ýer etdi, Merwa dagyny adamlaryň zyýarat edýän ýeri etdi. Ol nikany adamlaryň maşgala gatnaşygyny mäkämleýän ýüp etdi. Ol nikadaky halallygy zerur şertlerden etdi. Meniň doganymyň ogly Ahmedi hormatly we mertebeli etdi. Men bütin dünýä hatynlarynyň seýidi Huwaýlid gyzy Hatyja bilen ýer ýüzüniň adamlarynyň seýidi, doganymyň ogly Ahmet bilen aralarynda ikisiniň razylyklary bilen belli mehr (galyň) bilen nika ähdini gyýdym. Bu müňlerden kyrkysydyr. Eý, adamlar! Siz ýagşy niýetiňizi aýdyň. Siz bu nikany mübärekläň. Bu nikany eşidenlere hem bereket bolsun, şatlyk bolsun. Olar zelel görmesinler. Biziň Käbäniň Taňrysyna ygtykadymyz bar. Allatagalanyň dosty biziň babamyz Ybraýym alaýhyssalama Allatagalanyň ýalkawy we salamy bolsun. Şunuň ýaly onuň ogly we gara gözi Ysmaýyla hem bolsun. Eý, Taňrymyz! Olara biziň çyn salamymyzy ýetir!

Ondan soň Hatyja bir kişini: «Muhammedi öýe alyp gel» diýip iberdi. Abu Talyp garyndaşlary bilen: «Muhammediň geýip barara ýararly dony ýok» diýip gaýgylandylar. Şol wagt hezreti Abu Bekr Syddyk girip geldi. Ol hezreti resuly gaýgyly gördi we: «Saňa näme boldy? Eger menden bitjek iş bolsa, men ony bitireýin. Eger mal bilen bitjek bolsa, ine, mal. Eger ten bilen bitjek bolsa, ine, ten. Meniň tenim, janym saňa pida bolsun» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Meniň gaýgym şeýledir: Hatyja bilen meniň nikam boldy. Ol maňa: «Öýe gelsin» diýip, kişi iberipdir. Indi, meniň geýip barara donum ýok. Şeýle hem

Hatyja alyp barmaga ýarajak zadym ýok» diýdi. Hezreti Abu Bekr: «Sende ýok bolsa, mende seniň malyň bar. Uly ataň Abdylmuttalyp dirikä maňa kyrk müň altyn berdi. Ol maňa: «Sende amanat dursun, sen gerek bolanda Muhammede berersiň» diýip, her dürli zatlardan berdi. Men häzir ol zatlary saňa getirip bereýin» diýdi. Hezreti Abu Bekr Syddyk olary: «Men bu gün oglanlaryma bersem, olar: «Atamyzyň maly diýip Muhammede bermezler» diýip öz ýanynda saklap goýupdy.

Bir sözde: «Ol zatlaryň hemmesi Abu Bekriňkidi. Emma ol: «Eger meniňki» diýip harç etsem, meniň minnet etdigim bolar» diýdi. Resul minnet götermesin hem utanmasyn» diýip: «Abdylmuttalyp berdi» diýip, bahana etdi» diýip aýdypdyrlar.

Ol ondan soň hezreti resulyň öňüne üç don getirdi. Olaryň her biriniň bäş ýüz altyn gymmaty bar. Hezreti resul: «Eý, Abu Bekr! Hemme wagt sen maňa ýagşylyk etdiň. Sen bu gije näme emgek ýetse, meniň bilen bar. Sen bu haklary adamlara paýla» diýdi. Hezreti Abu Bekr Syddyk: «Men janym bilen baraýyn» diýdi. Bu wagt Mubaşşira birnäçe garabaşlar (nökerler) bilen gelip girdi. Ol bir gat patyşahana donlary getirdi. Hezreti resul: «Abu Bekriň dony bar eken. Maňa Hatyjanyň iberen dony gerek däl» diýip, hezreti Abu Bekriň getiren donuny geýdi.

Olar Abu Bekr bilen Hatyjanyň saraýyna bardylar. Ol müň altyny Hatyjanyň öňünde goýdy. Hatyja saraýyny bezedi. Garabaşlar ellerinde altyndan doly tabaklar tutup durdular. Hezreti resul girip geldi. Garabaşlar tabakdaky altynlary onuň mübärek gadamyna seçdiler. Olara uly myhmandarlyk etdiler. Hezreti Abu Bekr tagam iýip çykarda Hatyja oňa gymmat zerli don geýdirdi. Şeýle hem ondan ötünç sorady. Hezreti Abu Bekr yzyna gaýtdy. Hezreti resul Hatyja bilen galdy. Hatyja: «Eý, Muhammet! Meniň tasarrufymda (ygtyýarymda) bir zat bar bolsa, olaryň baryny men saňa bagyşladym. Men seniň minnetiňde bolaýyn, sen meniň minnetimde bolma» diýdi. Mal-mülk, hemme zat hezreti resulyňky boldy. Ymamlaryň mährapda,

karylaryň (Gurhan okaýanlaryň) döwrede (mejlislerde, ýygnanşyklarda), oglanlaryň derslerde ***«Eý, Muhammet! Hudaýtagala seni garyp ýagdaýyňda tapdy we Ol seni (Hatyjanyň maly bilen) baý etdi»*** diýip okamaklarynyň sebäbi şunuň üçindir.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti resula Jebraýyl alaýhyssalam wahy bilen gelse, ol Hatyja Taňrynyň salamyny ýetirerdi, Äşä bolsa öz salamyny bererdi. Hezreti resul Jebraýyl alaýhyssalama: «Eý, doganym Jebraýyl! Sen Äşä öz salamyňy aýdýarsyň, Hatyja bolsa Taňrynyň salamyny aýdýarsyň. Äşe maňa hemme kişiden söýgüliräkdir. Munuň sebäbi nämedir?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam;: «Äşe seni hormatda, pygamberlikde, risalatda (Gurhan inderilende) kabul etdi. Emma Hatyja seni garyplykda, hormat-sylagyň ýok wagtynda kabul etdi. Ol saňa mal-mülk berdi. Ol sebäpden Hatyjanyň ýoly artykdyr» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Hatyjanyň (goý, Allatagala ondan razy bolsun!) ömri ahyr bolanda, ol hezreti resula adam iberdi we: «Men saňa gelenimde altyn-kümüş, mal-esbap, gul, garabaş berdim» diýdi. Hezreti resul muny eşidip, ýürek agyryly ýaly bolup: «Hatyja baryp: «Sen malyňy öz ygtyýaryň bilen berdiň. Bu gün sen puşman edip, maňa minnet edýärsiňmi?» diýdi. Bu söz Hatyja baryp ýetdi. Hatyja: «Baryp resula aýdyň: «Men ol sözi minnet üçin aýtmadym. Emma meniň bir maksadym bar. Ol pygamberlik habary gelende bürenip ýatan kilimini maňa bersin. Ol meniň ahyret kepenim bolsun!» diýdi. Pygamber alaýhyssalam oňa ol kilimi iberdi. Hatyja ony kepen etdiler.

*Aýdypdyrlar:* Äriň ýedi ýaşynda dişi düşer, on ýaşa baranda balyg (etişen) bolar, otuz ýaşanda boýy togtar, kyrk ýaşa baranda akyly kämil bolar. Hezreti resul kyrk ýaşady. Jebraýyl alaýhyssalam oňa pygamberlik getirdi.

## *KYRK DOKUZYNJY KYSSA*
## HEZRETI RESUL ALAÝHYSSALAMA PYGAMBERLIK WAHYNYŇ GELŞINIŇ BEÝANY

Ol zamanda Allatagalanyň pygamber ibermegi kesilipdi. Hezreti resulda emri magruf we nehi münker, namaz we tagat ýokdy. Ol tagaty göwnüne geldigiçe ederdi. Hezreti resul Hira dagyna çykyp, uzyn gün tefekkur kylardy. Onuň kyrk ýaşy tamam boldy.

Bir gün ol Hira dagyna çykdy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, oňa özüni görkezdi we: «Ikra» diýdi. Hezreti resul gorkup, öýüne titräp gaýdyp geldi. Ertesi hem ol Hira dagyna çykdy welin, bu waka gaýtalandy. Jebraýyl alaýhyssalam oňa ýene: «Ikra» diýdi. Hezreti resul gorkup, Hatyjanyň öýüne gelip ýatdy. Bibi Hatyja: «Eý, Allanyň resuly! Saňa näme boldy?» diýdi. Hezreti resul: «Eý, Hatyja! Iki gün boldy. Bir kişi gelip, maňa: «Ikra» diýýär, soňra bolsa ol gözden gaýyp bolýar. Men onuň kimdigini bilmeýärin» diýdi. Hatyja: «Ol ýene gelse, sen maňa ony habar ber» diýdi.

Üçünji gün ol kişi ýene geldi. Hezreti resul ony bibi Hatyja habar berdi. Bibi Hatyja başyny açyp: «Ol saňa görünýärmi?» diýdi. Hezreti resul: «Ol gözden gaýyp bolup gitdi» diýdi. Bibi Hatyja: «Saňa mužda bolsun, eý Muhammet! Sen pygamber bolarsyň» diýdi. Hezreti resul: «Sen ony näme sebäpden aýdýarsyň?» diýdi. Bibi Hatyja: «Sen: «Ol geldi» diýeniňden men başymy açdym. Onsoň sen: «Ol gitdi» diýdiň. Men bu

sebäpden onuň perişdedigini bildim. Ol adam ýa-da şeýtan bolsa gitmezdi. Perişde haram zada bakmaz. Ol owrat ýerleri we ýalaňaç aýaly görse, gaçyp gider. Eger ol ýene gelip, saňa «Ikra» diýse, sen oňa: «Men näme okaýyn?» diýip aýt» diýdi.

Bibi Hatyja Waraka ibn Nowfylyň öýüne gitdi. Waraka tersady we Injili arap dilinde bilerdi. Ol gartaýypdy. Bibi Hatyja oňa: «Eý, agam! Muhammede pygamberlik ýoly bildirdi. Onuň gözüne bir kişi görünýär» diýip, hezreti Muhammediň başyndan geçen wakalary birme-bir beýan etdi. Waraka: «Eý, Hatyja! Eger Muhammediň sözi rast bolsa, ol «Namusy Ekberdir (Uly Namys)». Jebraýyl alaýhyssalamyň ady Zeburda Namusy Ekberdi. Ol hezreti Isa göge uçandan soňra, hiç kime inmedi. Ol indi inse, halaýygyň ýegrägi Muhammet Mustapa geler. Sen baryp Muhammede aýt. Ol indi gelse, goý, maňa habar bersin. Eger Muhammet: «Ol geldi» diýse, onda sen başyňy aç. Eger ol perişde bolsa, owrata bakmaz» diýdi.

Bibi Hatyja öýüne gaýdyp geldi. Ol hezreti resula: «Ol ýene gelse, maňa aýt» diýdi. Aradan birnäçe wagt geçdi. Hezreti resul: «Ol geldi» diýdi. Hezreti resul mübärek başyny bibi Hatyjanyň dyzyna goýdy. Bibi Hatyja başyny ýalaňaçlady we: «Eý, Muhammet! Indi sen ony görýärsiňmi?» diýdi. Hezreti resul: «Ol görünmeýär» diýdi. Bibi Hatyja başyny örtdi. Hezreti resul: «Indi ol görünýär» diýdi. Bibi Hatyja üç gezek şunuň ýaly etdi. Ol şeýdip, bu kişiniň şeýtan däl-de, perişdedigini bildi.

Bibi Hatyja ýene Warakanyň ýanyna bardy. Ol oňa hezreti resulyň habaryny berdi. Waraka: «Ol Namusy Ekberdir. Käşgä, meniň ömrüm wepa berse, seni Mekgeden çykaran günlerinde saňa ak pata bererdim. Eý, Hatyja! Ol Namusy Ekber oňa ýene geler. Goý, Muhammet onuň aýdan sözlerini gaýtalap aýtsyn» diýdi. Köp wagt geçmän Waraka ibn Nowfyl öldi.

Bibi Hatyja öýüne gaýdyp geldi we: «Eý, Muhammet! Indi ol gelip saňa «Ikra» diýse, sen oňa: «Men näme okaýyn?» diýip aýt» diýdi.

Hezreti resul kilime bürenip ýatyrka, Jebraýyl alaýhyssalam ýene geldi we ol «Ikra» diýdi. Hezreti resul: «Men nämäni okaýyn? Men doga sowatsyzdyryn» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: ***«Eý, Muhammet! Özüňi ýaradan Taňryň ady bilen Gurhan oka. Ol ynsany bir lagta gandan ýaratdy. Eý, Muhammet! Sen Gurhany oka! Seniň mertebesi beýik Taňryň galam bilen hat ýazmagy öwretdi. Ol ynsana bilmeýän zadyny öwretdi»*** diýdi.

**Hekaýat.** Bir gün resul alaýhyssalam Hira dagyndan ýüzi saralyp geldi. Bibi Hatyja ondan: «Saňa näme boldy?» diýip sorady. Hezreti resul: «Jebraýyl alaýhyssalam gelip, meni dagdan düşürdi. Ol aýagy bilen ýeri depdi. Ol ýerden bulak (çeşme) akyp çykdy. Ondan ilki onuň özi täret aldy, soňra maňa täret aldyrdy. Ol iki rekagat namaz okady, men hem onuň bilen namaza durdum. Ondan soň ol maňa: «Eý, Muhammet! Ine, bu namazdyr» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalamyň ýaşyl dony bardy» diýip aýtdy. Ol wagt bibi Hatyja iman getirdi. Üç günden soň bu habar Mekgä ýaýrady. Hezerti Aly geldi we: «Eý, Muhammet! Bu nähili işdir?» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Bu Allatagalanyň dinidir. Sen bu dine girmersiňmi?» diýdi. Hezreti Aly: «Bu din biziň ata-babalarymyzyň dinine hylafmydyr?» diýdi. Hezreti pygamber: «Hylafdyr» diýdi. Hezreti Aly: «Onda men bir az wagt garaşyp göreýin» diýip, ol çykyp gitdi. Ol bir zamandan soň ýene yzyna dolanyp gelip, iman getirdi. Mekgäniň halky: «Muhammet telbe bolupdyr» diýdi. Ol wagt: Aýat: ***«Nun. Lowhul-Mahfuzy ýazan galamyň haky üçin kasam bolsun!***[40] ***Eý, Muhammet! Sen Allatagalanyň merhemeti bilen pygambersiň, sen dälirän kişi dälsiň»*** diýen aýat indi. Ondan soň pygamber alaýhyssalam iki rekagat

namaz okady. Bu waka[41] pygamber alaýhyssalam Mekgeden Medinä hijret etmezinden iki ýyl burun bolup geçipdi. Ondan soň ol magraç (asmana göterilen) gijesinde bäş rekagat namaz okady.

**Hekaýat.** Muhammet ibn Yshak (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle aýdypdyr: «Jebraýyl alaýhyssalam hezreti resula görnen güni: «Eý, Muhammet! Saňa söýünji bolsun! Allatagala saňa beýleki pygamberlere berilmedik on sany zat berdi:

Birinji, nirede Allatagalanyň ady agzalsa, seniň adyň bilen bile tutular. Aýat: ***«Biz seniň mertebäňi belent etmek üçin seniň adyňy ýatlamagy belent wezipe etdik»***.

Ikinji, Seniň ummatyňy beýleki ummatlardan ýagşyrak etdi. Aýat: ***«Seniň ummatyň ynsanlary dogry ýola gönükdirmek üçin iberilen ummatlaryň iň ýagşysydyr»***.

Üçünji, ýer ýüzüni saňa we seniň ummatyňa metjit etdi, ýagny siz nirede namaz okasaňyz, kabul bolar. Taňry: «Men saňa ýer ýüzüniň her ýerini namaz okamaga ýaramly we päk etdim» diýdi.

Dördünji, seniň ummatyň Gurhany köňül bilen okarlar.

Bäşinji, Hudaýtagala hemme perişdeler bilen seniň ummatyňa salawat iberer, ýagny Allatagalanyň özi hem, onuň perişdeleri hem seniň ummatyň günäleriniň geçilmeginiň isleginde bolarlar. Aýat: ***«Allatagala size rehim eder, onuň perişdeleri hem siziň günäleriňiziň geçilmegini sorar»***.

Altynjy, seniň diniňi, mezhebiňi hemme şerigatdan artyk etdi. Aýat: ***«Allatagala hemme dinlerden üstün etmek üçin müşrikler yslamy söýmeseler hem öz dininiň artykmaçdygyny aýan eder»***.

Ýedinji, seniň ummatyň namazynyň wagtyny ötürse, onuň kazasyny her wagt okasa bolar.

Sekizinji, seniň ummatyňa olja malyny halal etdi. Senden öňki pygamberleriň ummatlaryna olja halal däldi.

Dokuzynjy, seniň ummatyňa gurbanlyk etini iýmekligi halal etdi. Öňki ummatlaryň gurbanlyk etini ot iýerdi.

Onunjy, Seniň kölegäňi ýere düşürmedi, ýagny hemme mahlukatyň kölegesi bolar, seniň kölegäň bolmaz. Barça mahlukatlar gözleri bilen görerler, sen köňlüň bilen görersiň» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam bu hoş habarlara şat boldy we bu zatlaryň şükranasyna sežde etdi.

Şol wagt hezreti resul hezreti Abu Bekri gördi we: «Men Taňrynyň pygamberidirin» diýdi. Hezreti Abu Bekr: «Sen dogry aýdýarsyň» diýip iman getirdi. Başga adamlar bir-birlerine maslahat saldylar, ondan soň iman getirdiler. Hezreti Abu Bekr oýlanmazdan Pygamber alaýhyssalamyň sözüni dogry bildi, iman getirdi. Onuň üçin ol «Syddyk[42]» adyny aldy, ýagny bu sözüň manysy «göni köňülli» diýmek bolar. Ondan soň hezreti resul adamlary imana görnetin çagyryp başlady. Garyplar birbada iman getirdiler. Baýlar hezreti resula sütem görkezip başladylar. Arap kapyrlary oňa duşman boldular.

**Hekaýat.** Bir gün möminleriň emiri Omar (Allatagala ondan razy bolsun!) hezreti Abu Bekr bilen sözleşende oňa gatyrak söz aýtdy. Hezreti Abu Bekriň köňli agyryp, hezreti pygamberiň ýanyna bardy we hezreti Omardan öýkeländigini aýtdy. Hezreti Omar: «Abu Bekr pygambere baryp, oňa menden kine edendigini aýdar. Men onuň kinesini soň ýazaryn» diýip oýlady. Hezreti resul: «Omar nirede?» diýen wagty hezreti Omar girip geldi. Hezreti resul: «Eý, Omar! Men kimi yslama ündesem Abu Bekrden başgasy ýüzüni ajytdy. Diňe Abu Bekr ýüzüni ajytmady. Başgalar maňa «Sen ýalan aýdýarsyň. Sen kezzapsyň» diýdiler. Abu Bekr bolsa maňa: «Sen dogry aýdýarsyň» diýdi. Eý, Omar! Sen Abu Bekriň göwnüne degipsiň, ony öýkeledipsiň. Sen onuň öýkesini ýazmaly bolarsyň» diýdi. Hezreti Omar hezreti Abu Bekrden

ötünç sorady. Hezreti Abu Bekr onuň ötünjini kabul etdi. Onuň öýkesi ýazyldy.

*Aýdypdyrlar:* Erkeklerde ilkinji iman getiren hezreti Abu Bekrdir (Allatagala ondan razy bolsun!), aýallardan ilkinji iman getiren bibi Hatyjadyr (Allatagala ondan razy bolsun!), oglanlardan ilkinji iman getiren hezreti Alydyr (Allatagala ondan razy bolsun!). Iman getirenleriň sany otuz dokuza ýetdi. Olar namazy gizlin okardylar. Kapyrlar möminlere sütem görkezip başladylar. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Yslama şu iki äriň – Abu Bekriň ýa-da Abu Jähliň biri bilen kuwwat ber» diýip dileg etdi.

*Sowal:* Resul alaýhyssalam: «Bu ikisinden biri bilen yslama kuwwat ber» diýip dileg etdi. Onuň bu dilegi hezreti Omar hakynda kabul boldy. Abu Jähl hakynda bolsa kabul bolmady. Munuň sebäbi nämedir?

*Jogap:* Resul alaýhyssalam dilinde öň Omaryň adyny tutdy. Onuň üçin hezreti Omar yslamy tapdy. Abu Jähl yslamy tapmady.

**Hekaýat.** Bir gün resul alaýhyssalam metjitde otyrdy. Dahýa atly bir sahaba bardy. Ol uly pälwandy. Ol her gezek pygamber alaýhyssalamyň hyzmatyna gelende ymamzadalara goýnuna salyp, miwe alyp gelerdi.

Her gezek ol gelende hezreti ymam Hasan bilen ymam Hüseýin onuň goýnuna gol salyp, miwe alyp iýerdiler. Bir gün sahabalar metjitde otyrdylar. Jebraýyl alaýhyssalam Dahýanyň suratynda bolup geldi. Ymamzadalar ýüwrüp, onuň gujagyna çykyp, goýnuna gollaryny saldylar. Hezreti resul alaýhyssalam melul bolup: «Eý, doganym Jebraýyl! Kiçi çagalar sizi tanaman, Dahýadyr diýip hyýal edip, gujagyňyza çykdylar. Siz olaryň bu ýazygyny ötüň» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Aly we Patma uklanlarynda gijesine «Bularyň bişiklerini (sallançaklaryny) üwre» diýip, maňa Allatagala

buýurdy. Men sidretul-muntehadan gelip, olaryň sallançaklaryny üwrärdim. Siz olaryň meniň gujagyma çykanlaryna darygýarsyňyzmy?» diýdi.

Hezreti Jebraýyl gol uzadyp, behiştden bir baş üzüm we bir nar alyp, olary ymamzadalara berdi. Şol wagt şeýtan bir gedaý suratynda bolup, işige gelip: «Eý, Allanyň resuly! Şol üzümi maňa berseňiz. Men oňa mätäçdirin» diýdi. Pygamber alaýhyssalam üzümi oňa bermekçi boldy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Siz näme ony tanamadyňyzmy? Ol şeýtandyr. Oňa behiştiň nygmaty haramdyr» diýip, hezreti pygamberi saklady. Onsoň pygamber alaýhyssalam üzümi ymam Hasana, nary bolsa ymam Hüseýine berdi.

Elkyssa, ymamzadalar şol günüň ertesi gelip: «Eý, baba! Ertir baýramdyr. Mekgedäki barça oglanlar täze don geýerler. Bize hem täze don beriň» diýip aýtdylar. Pygamber alaýhyssalam perişan hala düşdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Muhammet! Näme üçin sen gaýgyly görünýärsiň? Men olara täze geýim bererin» diýip, behişte gol sunup, iki ak haryr lybas alyp, Pygamber alaýhyssalamyň öňünde goýdy. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl! Ýaş çagalara reňkli geýim ýagşy bolardy» diýdi. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam bir tabakda reňk taýýar etdi. Ol ýüpek geýimleri tabaga saldy. Ymam Hasan: «Maňa ýaşyl geýim bolsun» diýdi. Pygamber alaýhyssalam suw guýdy. Jebraýyl alaýhyssalam ony reňkledi. Ol ak geýim ýaşyl boldy. Ony ymam Hasana berdiler. Ymam Hüseýin: «Maňa gyzyl geýim bolsun» diýdi. Ýene ol ikisi öňki ýaly ak geýimi reňklediler. Ol geýim gyzyl boldy. Ony ymam Hüseýine berdiler. Pygamber alaýhyssalam ilki şat boldy, soňra bolsa gaýgylandy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Siz ilki begendiňiz, soňra bolsa gaýgylandyňyz» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl! Meniň gaýgylanmagymyň bagysy nämedir?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý,

Muhammet! Ýaşyl dony saýlamagyň sebäbi şeýledir: şazada Hasana duşmanlar zäher berip öldürerler. Gyzyl don saýlamagyň sebäbi şeýledir: Kerbela deştinde ymam Hüseýini goýun ýaly bogazlap, şehit edip öldürerler» diýdi. Pygamber alaýhyssalam bu sözi eşidip, köp ýyglady we: «Eý, Jebraýyl! Meniň perzentlerime kim şunuň ýaly jepa eder?» diýdi.

Jebraýyl alaýhyssalam: «Hoja Mugawyýadan Ýezit atly bir ogul dogar. Ol ymam Hüseýini Kerbela çölünde şehit edip öldürer» diýdi. Bu sözi hoja Mugawyýa eşidip: «Men diri bolsam, asla hatyn almaryn» diýip, kasam-ýat etdi. Birnäçe müddetden soň, hoja Mugawyýanyň ujydyndan bir içýan çakdy. Tebipler her näçe däri-derman etseler hem, oňa peýda etmedi. Ahyry tebipler oňa: «Bu kişi hatyna ýakynlyk etmese, bu dertden gutulmaz» diýip aýtdylar. Hoja Mugawyýa: «Meniň hatyna ýakynlyk etmezlige ähdim bar» diýdi. Oňa: «Erkegiň ýaşy ýetmişden artyk bolsa, ondan çaga önmez» diýdiler. Ol ýetmiş iki ýaşyndady.

Hoja Mugawyýa tebipleriň teklibini bu sözüň sebäbinden kabul etdi. Onuň bir kenizegi bardy. Ol altmyş sekiz ýaşyndady. Hoja Mugawyýa ol kenizek bilen ýakynlyk etdi. Hudaýtagalanyň gudraty bilen bu kenizek hamyladar boldy. Onuň aýygüni dolup, ol bir oglan dogdy. Oňa Ýezit diýip at goýdular. Bir gün hoja Mugawyýa Ýezidi boýnuna mündürip gelýärdi. Oňa pygamber alaýhyssalam sataşyp: «Dowzah behiştiň üstüne münüp gelýär» diýdi. Sahabalar hezreti resulyň bu sözüne haýran galdylar.

## *ELLINJI KYSSA*
## HEZRETI OMARYŇ YSLAMA GIRMEGINIŇ BEÝANY

Abu Jähliň başlyklygynda kuraýyş taýpasynyň kapyrlary pygamber alaýhyssalama duşmançylyk edip başladylar. Bular pygamber alaýhyssalama şyltak atýardylar. Hezreti Omar muňa: «Bu ärleriň işi däldir, belki namartlaryň işidir» diýýärdi. Bir gün kapyrlar Käbä ýygnandylar. Bu ýerde hezreti Omar hem bardy. Olar oňa: «Eý, Omar! Biz saňa ýüz gara göz düýe we ýüz mysgal altyn bereli. Eger sen är bolsaň, Muhammedi öldür we onuň ýaranlaryny tutup, biziň ýanymyza getir» diýip aýtdylar.

Hezerti Omar bu işe meýil etdi. Hezreti Omar olar butlarynyň ýanyna barmazdan öň şerap içdi. Butparazlaryň butlaryň ýanyna baryp, olaryň ýanynda äht etmek adaty bardy. Olar äht baglaşanlarynda butlary şaýat edinip, eden ähtlerini bozmazdylar. Olaryň hemmesi Latyň, Uzzanyň we Hubalyň ýanyna bardylar. Ol wagt hemme butlar Käbäniň içindedi. Hudaýtagala Hubala: «Bir ynamly we dogry sözli adam seni yslama çagyrýar. Sen bolsa ony öldürip, ganyny dökmekçi bolýarsyň. Hudaýtagalanyň haky üçin bu iş seniň goluňdan gelmez» diýdi. Hezreti Omar bu sözi eşidip, sözüni bozmaga ragbat etdi. Şeýtan: «Sen munça altyndan hem düýeden mahrum boljakmy?» diýip, ony was-wasa saldy. Hudaýtagala Uzza: «Eý, Omar! Sen: «Lä ilähe ilalla, Muhammet resulalla» diýip aýt» diýip, dil berdi. Hezreti Omar ony aýtdy. Ol öz-

özüne: «Bu butlaryň jany ýok. Men olara sežde edýärin. Olar bolsa Hudaýtagalanyň birligine, Muhammediň hak pygamberligine güwälik berýärler. Men Muhammediň ganyny dökmäge barýaryn. Bu nähili bolýar?» diýdi.

*Sowal:* Hudaýtagalanyň rehmeti bilen pygamber alaýhyssalam hezreti Omara dileg etdi. Ol hezreti Omar bilen Abu Jähl ikisine dileg etmedi. Muňa sebäp nämedi?

*Jogap*: Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam Muhammet alaýhyssalama: «Bu ikisiniň biri iman getirer» diýip habar beripdi. Onuň üçin ol hezreti Omaryň adyny dilegde ilki agzady. Şonuň üçin onuň Omar hakynda eden dilegi kabul boldy.

**Beşarat (hoş habar).** Muhammet alaýhyssalam hezreti Omara bir gezek dileg etdi. Ol ummatyna bolsa ýigrimi üç ýyl dileg etdi. Onuň ummatyna eden dilegleri kabul bolsa ne ajap bolardy. Hezreti Omar butlaryň öňünden köňülsiz (göwünli-göwünsiz) çykdy. Ony ýaman ýoldaşlary ugruna goýmadylar. Onsoň ol hezreti Muhammedi öldürmekligi kast (niýet) etdi.

**Pent we nesihat**[43]**.** Eý, musulmanlar! Ýaman işde goldaş (dost) bolmaň. Ertir olar bilen bile dowzaha bararsyňyz. Bu günki ýaman işdäki goldaşlar ertir barçasy duşman bolarlar. Aýat: ***«Hudaýdan gorkandan başgalar kyýamat güni bir-birine duşman bolarlar»***. Olar bir-birlerine: «Käşgä, meniň seniň bilen aram gündogar bilen günbataryň arasy ýaly uzak bolsa ýagşy bolardy» diýip aýdarlar. Aýat: ***«Olar bir-birine: «Seniň bilen meniň aram käşgä günüň batýan ýerinden günüň çykýan ýerine çenli ýaly daş bolan bolsa bolmaýarmy» diýerler»***.

Ýene butlaryň ýanyna hezreti Omar bilen Abu Jähl girdi. Hudaýtagala öz gudraty bilen Lata dil berdi we ol: «Sen butlara ybadat edýärsiň. Adamlaryň iň ýagşysy Muhammet pygamber imana çagyrmak bilen ýüze çykdy. Ol seni jennete çagyrýar» diýdi. Bu sözi hezreti Omar hem, Abu Jähl hem eşitdi. Abu

Jähl: «Eý, Omar! Butdan bu sözi eşitseler, Mekge halkynyň hemmesi iman getirer. Biz hezzet-hormatsyz bolarys» diýdi. Omar munça ýyl kapyrlyk etdi. Ol mundan açylmady. Ol ýüz düýe üçin Muhammedi öldürmekligi ýüregine düwdi. Ol Abu Jähliň sözüne aldandy, eline gylyç aldy we ýola girdi. Ol bu işe Laty we Uzzany şaýat tutundy. Ol: «Meniň gylyjym Muhammedi öldürýänçä gynyna girmesin» diýdi. Şol wagt Allatagaladan: «Meniň sylagymyň we mertebämiň haky-hormaty üçin köňlüňi küpürlikden arytmaýançaň (arassalamaýançaň) men seni oňa ýakynlaşdyrmaryn» diýip owaz geldi.

Hezreti Omar ýolda barýarka, birnäçe ýigidiň donlaryny bir ýerde çykaryp goýup, bir göläni kowalap ýörenlerini gördi. Olar ol göläni şunça kowalasalar hem tutup bilmediler. Hezreti Omar hem ony kowalap tutup bilmedi. Ol göle durdy we Hudaýtagalanyň gudraty bilen dile gelip: «Eý, Omar! Muhammet Allatagalanyň pygamberidir. Siz munça kişi bolup meniň ýaly ejiz haýwany kowalap tutup bilmeýärsiňiz. Seniň Muhammede nähili güýjüň ýetjek? Siz onuň ýaly keramatly kişiniň tüýünden bir taryny hem ýolup bilmersiňiz. Sen onuň başyny nähili kesersiň?» diýdi. Hezreti Omar göleden bu sözi eşidip, haýran bolup, pikire gümra boldy.

**Peýda.** Haçan Hudaýtagalanyň rehmetiniň täsiri peýda bolsa, ol Hudaýtagala topungyjy bolar. Hudaýtagala öz merhemetiniň täsirini aýan eden wagty, daşa sežde eden Omary özüne sežde etdirer. Hezreti Omar ýolda barýarka Hubap ibn Arasa sataşdy. Hubap hezreti Omaryň aýal doganyny alypdy. Ol hezreti Omardan: «Sen nirä barýarsyň?» diýip sorady. Hezreti Omar: «Men Muhammediň başyny kesmäge barýaryn» diýdi. Hubap ilkibaşda hezreti pesula gaty duşmandy. Ol onuň adyny agzyna almazdy. Emma ol imana girip, onuň bilen dost bolupdy. Hubap: «Eý, Omar! Sen ilki gyz doganyňdan we giýe-

wiňden başla. Soňra Muhammediň üstüne ugra. Seniň giýewiň we gyz doganyň Muhammede iman getiripdirler» diýdi.

Onuň maksady Omary özlerine döndürmekdi we Muhammedi öldürtmezlikdi. Hezreti Omar: «Siz şonuň ýaly bolduňyzmy?» diýdi. Hubap: «Eger sen ynanmasaň baryp aýal doganyňy gör. Sen oňa bir towuk öldürip ber. Ol murdary (haramy) iýermi ýa-da iýmez? Sen ony synap gör» diýdi. Onuň aýal dogany binowalara (garyplara) tagam bererdi.

Hezreti Omar aýal doganynyň öýüne gelip girdi. Ol bir towugy öldürip, iki bölek edip aýal doganyna: «Sen munuň ýelegini ütüp, ony maňa bişirip ber» diýdi. Ol towugyň ýelegini ütdi, ony bişirip, hezreti Omaryň öňünde goýdy. Hezreti Omar: «Gel, sen hem biz bilen bu towukdan iý» diýdi. Aýal dogany: «Men halallap öldürilmedik towugy iýmerin» diýdi. Hezreti Omar ony gylyjyň ujy bilen sançdy. Ol iýmedi we hiç demini çykarmady. Hezreti Omar: «Sen näme üçin sözlemeýärsiň?» diýdi. Aýal dogany: «Meniň sözüm Biribar Ýaradan bilendir. Kim dostuny söýse, onuň balasyny hem söýer» diýdi. Hezreti Omar bu wagt usrukdy. Şonuň üçin ol uklady.

Ol ukudan oýandy. Görse, giýewsi bilen aýal dogany Gurhan okap otyr. Hezreti Omar ýerinden gopdy (turdy). «Men ony göreýin» diýdi. Gyz garyndaşy: «Sen ýarygsyz. Şonuň üçin ony eliňe alma» diýdi. Hezreti Omar: «Onda siz ony okaň, men bolsa eşideýin» diýdi. Aýal dogany Gurhany okap başlady. Aýat: ***«Taha! Biz Gurhany saňa muşakgat çekdirmek üçin indermedik»***. «Taý» harpy tärete, «hä» harpy hidaýata (dogry ýola gönükmäge) sebäp boldy. Hezreti Omar aýtdy: «Eý, uýam! Gurhanyň haky üçin ýene oka» diýdi. Aýal dogany: «Allatagala kerimdir (sahydyr), ol seniň tobaňy kabul eder» diýdi.

**Beşarat.** Bu iki harp hezreti Omaryň imana girmegine sebäp boldy. Gurhany musulmanlar ýetmiş, segsen ýyl

okaýarlar. Ol olara uçmaha girmäge sebäp bolsa, ne ajap bolar?!

Hezreti Omar aýal doganyna: «Meni Muhammediň ýanyna elt. Men ony göreýin» diýdi. Olar ýerlerinden gopdular we ýola girdiler. Aýal dogany öňden, hezreti Omar bolsa onuň yzyndan ýöräp barýardylar. Aýdypdyr, Allatagalanyň lutfunyň (mähribanlygynyň) täsiri peýda bolsa, arslana tilki başçy bolar. Hezreti Omar aýal dogany bilen barýardy.

*Aýdypdyrlar:* Kyýamat güni erkek dogan gyz garyndaşyndan, ata-eneden, ogul gyzdan, är jübtünden gaçar. Aýat: ***«Şol kyýamat güni (her bir adam sogabyndan dilär öýdüp) özüniň doganyndan, ejesinden, kakasyndan, aýalyndan we ogul-gyzyndan gaçar»***. Emma hezreti Omaryň bereketinden erkek dogan gyz doganyndan gaçmaz. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Allanyň resuly! Hudaýtagalanyň dergähinde Omaryň ady kapyrlaryň depderinden bozuldy. Ony seniň ýanyňa getirerler. Sen onuň öňünden arzylap, çyk» diýdi. Pygamber alaýhyssalam onuň öňünden çykyp garşylady.

Hezreti Omaryň gözi resul alaýhyssalamyň jemalyna düşdi we: «Men ony «öldüreýin» diýip gelýärkäm, maňa Muhammetden duşmanrak kişi ýokdy. Indi men onuň jemalyny gördüm weli, maňa Muhammetden dostrak kişi ýok. Men onuň başyny almaga gelipdim, emma indi men onuň üçin öz başymy bermäge taýýar» diýip, topraga ýüzüni tutup öwrülip gelip, pygamber alaýhyssalamyň aýagyna ýykyldy we: «Sen maňa näme diýjek bolsaň, diý» diýdi. Pygamber alaýhyssalam şaýatlyk sözüni hezreti Omaryň diline saldy. Hezreti Omar dilewar dil bilen we göni köňül bilen: «Lä ilähe ilalla, Muhammet resulalla» diýip aýtdy.

Pygamber alaýhyssalam hezreti Omary gujaklady we elinden tutup silkeledi. Hezreti Omar gury agaç ýalydy. Ol kapyrlyk ýüki bilen ýüklenipdi. Hezreti pygamber ony

silkelände onuň bu ýüki ondan döküldi. Ol yslam hurmalary bilen görklendi we yslama kuwwat boldy. Oňa Muizziddin diýen lakam berildi. Yslama girenleriň sany otuz dokuzdy. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!) bilen olar kyrk boldular.[44] Onuň üçin onuň doly lakamy tutulanda «Indatul-arbain» diýýärler. Şol wagt namaz wagty boldy. Namazy musulmanlar öýde gizlenip okardylar. Hezreti Omar: «Kapyrlar batyn (bozuk) dini äşkäre edýärler. Biz näme üçin hak dini gizlenip berjaý edýäris? Turuň. Käbä baralyň. Biz ol ýerde jemagat bolup namaz okalyň» diýdi. Hezreti Jebraýyl alaýhyssalam bu aýaty getirdi. Aýat: ***«Eý, pygamber! Hudaýtagala saňa we erenlere ýardam berer»***.

Ondan soň resul alaýhyssalam hezreti Omar we hemme musulmanlar bilen Käbä geldiler. Abu Jähl arap uruglarynyň kapyrlary bilen: «Omar näme üçin giç galdy?» diýip, gaýgylanyp ýola bakyp durdular. Olar uzakdan bulary görüp begendiler we: «Omar Muhammedi öldürip, onuň ýaranlaryny bu ýere alyp gelýär» diýip aýtdylar. Olar ýakyn gelende: «Bularyň işi başga hili bolup görünýän ýaly. Bularyň arasynda Muhammet hem bar» diýdiler. Olaryň hemmesi bu ýagdaýa haýran galdylar. Olar Muhammet resulallany gördüler. Ol hezreti Omar ýaranlary bilen el-ele alşyp gelýär. Hezreti Omar gylyjyny eline aldy, öňe ýöredi we şu şygry aýtdy:

### Şygyr[45]

Ne boldy, görer men sizleri öre?
Doňuz dek ýygylyp aşbahda gany.

Gylyç birle gyram kamugny bu gün
Tirik goýmagam bir ini-agany.

Başymyz ýok erdi Muhammetni Hak,
Ata kyldy, mundag, aryg är kany?

Abu Jähl hemme kapyrlar bilen gaçdylar. Musulmanlar Käbäniň gapysyny açdylar we oňa girdiler. Ol gün Käbäniň içinde üç ýüz altmyş but bardy. Olar demir gazyklar bilen Käbäniň diwaryna berkidilipdi. Hezreti Omar: «Eý, senemler (butlar)! Ine, bu Ahmetdir. Eger onuň aýdany rast bolsa, siz Hudaýtagala sežde ediň» diýdi.

Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!): «Hezreti Omar butlara bu sözi aýdan wagty meniň tenimdäki hemme tüýler öre gopdy (dim-dik) boldy. Eger hezreti Omaryň bu sözi bilen butlar ýüzün ýykylyp düşmedik bolsalar, hezreti Omar yslamyň içinde şekli bolardy, ol hemme musulmanlary gylyç tartyp gyrardy» diýdi. Hezreti Abu Bekr Omaryň bu sözleri bilen butlaryň ýüzün ýykylandygyny gördi. Hezreti Omar eline palta alyp, hemme butlary syndyrdy. Olary daşary çykardylar. Käbäniň içini butlardan arassaladylar. Käbede kapyrlar bir buty örän adiz (belent) ýere çykaryp, berkidip goýupdylar. Oňa hiç kimiň eli ýetmezdi. Resul alaýhyssalam: «Eý, Aly! Sen meniň egnime münüp, ol buty syndyr» diýdi.

Hezreti Aly: «Eý, Allanyň resuly! Men seniň egniňe nähili aýak goýaýyn?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Aly! Sen meniň sözümi aýak astyna alýançaň, egnimi aýak astyna alsaň, ýagşy bolar» diýdi. Hezreti Aly resul alaýhyssalamyň egnine aýak goýup, buty almakçy bolanda pygamber alaýhyssalam: «Eý, Aly! Seniň eliň buta ýetdimi?» diýdi. Hezreti Aly: «Eý, Allanyň resuly! Meniň aýak goýan ýerimden elimi sunsam, elim Arşa ýetjek» diýdi. Hezreti Aly buty aşak inderdi.

*Sowal:* Resul alaýhyssalam Alydan fazylrakdy (mertebesi artykdy). Näme üçin hezreti resul hezreti Alynyň egnine münmedi? Hezreti Aly onuň egnine mündi.

*Jogap:* Pygamber alaýhyssalam düýä münüp, sapara çykanda Jebraýyl alaýhyssalam wahy (habar) getirse derlärdi. Inen wahynyň ýüküni göterip bilmän çökerdi. Resul alaýhyssalamyň agyrlygy beýle bolsa hezreti Aly ony nähili götererdi? Emma hezreti Aly hem şeýle bir ärdi, ony resul alaýhyssalamdan başga hiç kim göterip bilmezdi.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Alynyň agyrlygy piliň boýnuna ýaraşjak ýük bolardy.

Hezreti Omar Käbäni arytdy (arassalady) we butlary syndyrdy. Hiç kim oňa ýowumady (erjeşmedi).

*Sowal:* Hezreti Omar şeýle haýbatly bolsa, ol nähili gyz doganynyň sözüne boýun sundy?

*Jogap:* Aýdypdyrlar, Rum welaýatynyň bir adaty bardy. Olaryň düýeleri esräp, burunduklatmasalar (nogta saldyrmasalar), täze düşen gelinleri getirip, olara ses etdirerdiler. Düýeler olaryň seslerine hoşlanyp, özlerinden geçerdiler we ele düşerdiler. Hezreti Omar hem araplaryň arasynda esrän bugra ýalydy. Onuň gyz dogany hoş owaz bilen Gurhan okady. Onsoň hezreti Omar imana boýun sundy.

**Mynajat**. «Eý, Taňrym! Hezreti Omar pygamber alaýhyssalamy öldürmäge gelende, oňa iman berdiň. Biziň Muhammet alaýhyssalamyň pygamberligini ykrar edenimize telim ýyl boldy. Sen bize ahyr demde iman bilen barmak we kyýamatda didaryňy görmegiňi nesip eýle».

## *ELLI BIRINJI KYSSA*
## HEZRETI RESUL ALAÝHYSSALAMYŇ NESEBINIŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalamyň ata-babalarynyň atlary kyssanyň başynda ýatlanyp geçilipdi. Köp pygamberler hezreti Yshagyň urugyndandyr. Hezreti Ysmaýylyň urugyndan ýalňyz Muhammet Mustapadyr. Pygamber alaýhyssalam: «Hudaýtagala hezreti Ysmaýylyň urugyndan kengan kowumyny üzdürdi (bölüp aýyrdy). Kengan urugyndan kuraýyş urugyny, ondan haşym urugyny çykardy. Haşym urugyndan meni ýaratdy» diýdi.

Hezreti Resulyň enesi Emine bint Wähep. Atasy (kakasy) Abdylla özünden başga bir atadan dokuz dogandylar. Olaryň hemmesinden öňürti Apbas we Hemze musulman boldy. Abdylla Muhammet enesiniň garnynda alty aýlyk wagtynda öldi. Muhammet Mekgede doguldy. Emine Muhammet dogulanyndan ýigrimi bäş gün soň öldi. Atasy Abdylmuttalyp Muhammet sekiz ýaşanda öldi. Onsoň ony Abu Talyp ekledi. Muhammet kyrk ýaşynda Jebraýyl alaýhyssalam oňa pygamberlik habaryny getirdi.

Ondan soň ol üç ýyl Mekgede durdy. Soňra ol Medinä hijret kylyp (göçüp) geldi. Ol on ýyl Medinede durdy. Ol altmyş üç ýaşady. Rabygylowwal aýynyň on üçünji güni duşenbe güni dünýäden ötdi. Emma onuň hatynlaryndan dul Hatyjady. Hatyjadan üç ogul boldy: Kasym, Tahyr we Taýyyp. Ondan dört gyz boldy. Patma, Zeýnep, Rukaýýa, Ummu Gülsüm. Oglan-

lary ýaşlykda öldüler. Patmany Aly ibn Abu Talyba berdiler. Zeýnebi Abul Asa berdiler. Rukaýýany hezreti Osmana berdiler. Rukaýýa ölensoň, oňa Ummu Gülsümi berdiler.

Resul alaýhyssalam ölende, onuň yzynda dokuz hatyny galdy. Sawda bint Zama, Äşe bint Abu Bekr Saddyk, Hafza bint Omar ibn el-Hattap, Ummi Salama bint Abu Umaýýa, Zeýnep bint Jahi, Ummu Habiba bint Abu Sufýan, Meýmuna bintul-Harys, Safiýýa bint Huaýýi ibn Ahtap, Jarira bintul-Harys (Allatagala olaryň barysyndan razy bolsun!).

Emma Ybraýym atly ogly Mariýa bint Kobtyýadan boldy. Ol oglan dört ýaşynda öldi.

Emma hezreti Muhammediň pygamberlik nyşanalary telimdi. Ymamlar uly kitap ýazdylar we oňa «Delaýyl an-nubuwwa[46]» diýip at berdiler. Bu kitap gaty uly kitapdyr. Ol kitabyň sözlerini bu ýerde getirjek bolsak, biz maksatdan daş düşeris.

Pygamber alaýhyssalamyň ýagşy gylyklarynyň soňy ýokdur, olary sanap tükedip bolmaz. Emma olardan birnäçesini aýdalyň: Pygamber alaýhyssalam daýym tefekkur (pikirlenmekdedi), daýym dek durmakdady, haýbatlydy, açyk ýüzli, süýji sözlüdi, juwanmert (sahy, eli açyk), dinli, ýumşak köňüllidi, jedel etmezdi, aýyply kişiniň aýbyny ýaşyrardy we gybat etmezdi. Onuň mejlisi ylym amanat we sabyr mejlisidi. Ol uly ýaşlylary agyrlardy (sylardy), kiçi ýaşlylara ýarlykardy (mähribanlyk ederdi), garyplary we pakyrlary özünden ileri tutardy.

Pygamber alaýhyssalam kapyrlar özüne hupbat baryny görkezenlerinde hem: «Eý, Taňrym! Meniň bu kowumymy dogry ýola gönükdir. Çünki olar hiç bir zady bilmeýärler» diýip, olara ýagşy dileg etdi. Ol duşmanlaryna şunuň ýaly dileg edensoň, dostlaryna nähili şefket (rehim) etmesin?

Taňry: ***Ybraýym pygamberi: «Men seni hemme adamlara ýolbaşçy edýärin»*** diýen sözüm bilen halklara ymam (öňbaşçy) eden bolsam, Muhammet Mustapany magraç (asmana göterilmek) tününde (gijesinde) Beýtil-Mukaddesde hemme

pygamberlere, ýedi gat gögüň perişdelerine ymam etdim. Men Nemrudyň oduny Ybraýyma sowadan bolsam, Muhammet alaýhyssalamyň ummatyna dowzahyň oduny näme üçin sowatmaýyn? «Mömin kişi Syrat köprüsiniň üstüne gadam goýsa, onuň gadamynyň astyndaky ot öçüp galar». Eger men Süleýman pygambere mülk berip, ýeli oňa boýun eden bolsam, Muhammet alaýhyssalamyň ummatyna şeýle bir mülk berdim, haçan köňli synyk, içi bitik mazlum (sütem gören) mömin: «Ah» diýip içinden sowuk dem ursa, ol şahadat kelimesini özüne goldaş (ýardamçy) etse, ol göz-açyp ýumýança ýalkanar. Eger Musa alaýhyssalamyň kowumynyň aýaklaryny öl etmän Nil derýasyndan geçiren bolsam, Muhammet alaýhyssalamyň ummatyny dowzahyň odundan aýaklaryny köýdürmän geçirerin. Olaryň öl etekleri derden hem guramaz. «Meniň ummatymyň bir taýpasy Syrat köprüsiniň üstünden derden öl bolan geýimleri guramanka öterler». Eger men Isa alaýhyssalamy dördünji gat göge göteren bolsam, Muhammet alaýhyssalam: ***«Jebraýyl alaýhyssalam bilen Muhammediň arasy ýaýyň iki tarynyň arasy ýaly ýa-da ondan hem ýakyn boldy»*** diýen makama (mertebä) ýetdi» diýdi.

Eý, mömin! Kim iki jahanda hezzet-hormat diläp, tapan bolsa, ony Muhammet alaýhyssalamyň hormatyndan tapandygyny bisin! Eýse, sen bilmeýärsiňmi, Adam alaýhyssalam üç ýüz ýyl ýyglady. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, oňa: «Eý, Adam! «Tobam kabul bolsun» diýseň, sen Muhammet resulallany şefyg (şepagatçy) tutun» diýdi. Hezreti Adam ony şefyg getirdi. Hudaýtagala onuň tobasyny kabul etdi.

Eger Nemrut hezreti Ybraýymy oda salan bolsa, Jebraýyl alaýhyssalam oňa uçmahyň hüllesini (haladyny) getirip berdi. Ol halada: «Lä ilähe illalla, Muhammet resullalla» diýip ýazylandygy sebäpli, ol ot ony köýdürmedi.

Hezreti Musa derýa girjek bolanda gorkdy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip oňa: ***«Muhammedi şefyg getirdi. Derýanyň***

***suwy ýaryldy we oňa ýol berdi. «Derýa ýaryldy, suw belent dag bolup aýrylyp durdy we iki sany ýol peýda boldy».***

Dawut alaýhyssalam demirden sowut ýasardy. Ol Muhammet alaýhyssalamyň adyny şefyg getirdi. Sowuk demir ýumşak boldy. Kyýamat güni Allatagalanyň dergähinde Muhammet alaýhyssalam Taňrydan möminlere şepagat dileýänçä, hiç kim sözlemez. Muhammet alaýhyssalam Allatagalanyň didaryny görýänçä, hiç kim ony görüp bilmez. Muhammet alaýhyssalam we onuň ummaty uçmaha girýänçä, oňa hiç kim girmez. «Jennetiň gapysyny ilki bilen kakjak Bilal bolar».

**Hekaýat.** Bir gün Äşe (Allatagala ondan razy bolsun!): «Eý, Allanyň resuly! Sen görklümi ýa-da Ýusup pygamber?» diýip sorady. Resul alaýhyssalam: «Ýusup pygamber menden görklüräkdi, emma men ondan mylaýymrakdyryn» diýdi. Hezreti Äşe ýene ondan: «Beýle diýmeklik näme bolar?» diýip sorady. Resul alaýhyssalam: «Çünki ol älemdäkilere pitnedi (gowgady), men bolsa älemdäkilere rehmetdirin. Ýusuby kim görse, ony söýmek oňa haramdy. Meni kim görse, oňa gaýgylanmak haramdyr» diýdi. Hudaýtagala: «Ybraýym siziň ataňyzdyr» diýdi. Aýat: ***«Hudaýtagala size ataňyz Ybraýymyň ýörän ýoluny berdi»***.

*Sowal:* Näme üçin Hudaýtagala: «Muhammet siziň ataňyzdyr» diýmedi?

*Jogap*: Aýat: ***«Eý, adamlar! Size öz jynsyňyzdan bir mähriban pygamber geldi»***. Eger Hudaýtagala Muhammet alaýhyssalamy bize «Ata» diýen bolsa, kyýamat güni biz onuň şepagatyndan mahrum bolup galardyk. Hudaýtagala oňa: «Eý, Muhammet! Sen ummata resulsyň (wekilsiň). Ertir (kyýamat güni) sen olara tanuklyk (şaýatlyk) et. Men ony kabul edeýin. Sen olar üçin menden şepagat dile, men ony kabul edeýin» diýdi.

Bir sözde: «Magsyýeti ýazýan perişde her günde geler, tagaty ýazýan perişde her günde gelmez. Hezreti Musa ölýänçä başga perişdeler geler» diýip aýdypdyrlar.

## *ELLI IKINJI KYSSA*
## SAHABALARYŇ PAZYLATLARYNYŇ BEÝANY

Sahabalaryň hemmesi Hudaýtagalanyň permanyndadylar. Olaryň işleri Taňra ybadat etmekdi, dilegleri Allatagalanyň razylygydy we duşmanlygy şeýtan bilendi. Olar bela sabyr ederdiler, kaza razy bolardylar, Allatagalanyň özlerine beren nygmatlaryna şükür ederdiler we her säherde Allatagalanyň zikrini ederdiler (Taňrynyň atlaryny gaýtalardylar).

Sahabalar başga adamlary özlerinden beýik tutardylar, ýagny özgeleri özlerinden ýagşy diýip bilerdiler. Olar hemişe Hudaýtagaladan gorkup ýörerdiler we her bir işde ynsaplydylar. Olaryň dünýälik işinden ahyret işi köpdi we olar kiçi göwünlidiler. Olar her kişiniň ýagşy tarapyny aýdardylar, kineden we duşmançylykdan halydylar (päkdiler), işlerinde Allatagala bil baglardylar we tagatlaryny ryýadan (il ýüzüne görünmek üçin etmekden) saklanardylar. Pygamber alaýhyssalamyň ýaranlary bolan bu adamlar köňüllerini açyk tutardylar, musulmanlara ýagşylyk ederdiler we olara ýagşylyk dilärdiler. Olar sogap işleri etmäge ymtylardylar, günä işleri etmekden çekilerdiler we dosty dost ýaly bilerdiler. Olaryň gaharlary gelende hoşgylykly bolmak bilen ondan üstün bolardylar we garyplykda hem, baýlykda hem bolsalar bir ýagdaýlaryny saklardylar. Özgäniň işini öz işinden ileri tutmak, halka peýda getirmek, özlerine nämäni rowa görseler, ony başga birine hem rowa görmek, sogap işleri işlemek, haram işlerden saklanmak, kineli

adamyň ötünjini kabul etmek, öz aýyplaryny bilmek, salam bereniň salamyna jogap gaýtarmak, adamlara Gurhanyň tefsirini (düşündirişini) aýdyp bermek ýaly gowy häsiýetler olara mahsusdy. Olar hiç jandara zulum etmezdiler.

*Aýdypdyrlar:* Olaryň ýagşy nyşanysy üçdür: juwanmertlik (eli açyklyk), köňlüni arassa saklamak we kiçigöwünlilik». Olar göwni synyk garyplara dostdurlar. Hezreti Abu Bekr we hezreti Omar pygamber alaýhyssalamyň kyn günlerinde göýä atasy ýalydylar. Hezreti Osman we hezreti Aly göýä pygamber alaýhyssalamyň ogullary ýalydylar. Hezreti resul hezreti Osmana gyzy Rukaýýany berdi. Rukaýýa ölensoň, oňa Ummu Gülsümi berdi. Hezreti Ala Patmany berdi. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi has gowy bilýändir!

## *ELLI ÜÇÜNJI KYSSA*
## HEZRETI ABU BEKRIŇ PAZYLATYNYŇ BEÝANY

Magrajy ilki tassyk eden, yslamda ilki gul azat eden, pygamber alaýhyssalamyň ýanynda ilki orun tapan, iftihar üçin pygamber alaýhyssalama gyz beren we birinji metjidi guran – hezreti Abu Bekrdir.

*Aýdypdyrlar:* Allatagala hezreti Abu Bekri iki ýerde Ýusup pygambere teşbih kyldy. Birinji, «Syddyk» («dogry sözli») adyny olaryň ikisine hem berdi. Hudaýtagala Ýusuba: ***«Eýýu-has-syddyk»*** diýip, Abu Bekre bolsa: ***«Wellezi jä'e bis-sydky we saddaka bihi»*** diýip ýüzlendi. Hudaýtagala Ýusup pygambere: ***«Ol ýeriň hazynalarynyň pygamberi»*** diýdi. Hezreti Abu Bekre bolsa: ***«Olary ýer ýüzüne häkim etdim»*** diýdi.

Ýene Hudaýtagala hezreti Abu Bekri Ýahýa pygambere meňzetdi. Hudaýtagala Ýahýa pygamber hakynda: ***«Biz öz tarapymyzdan oňa rehimdarlygy we päkizeligi berdik. Ol takwalardandyr»*** diýen sözleri aýtdy. Allatagala hezreti Abu Bekr hakynda: «***Ol takwady. Ol ýagşy sözi «Dogry» diýip tassyklady»*** diýip aýtdy.

Hudaýtagala hezreti Abu Bekre şu wadany bermek bilen ony Muhammet alaýhyssalama meňzetdi. Taňry Pygamber alaýhyssalam hakynda: ***«Biz saňa aňsat şerigaty (ýoly) bereris»*** diýip, hezreti Abu Bekr hakynda bolsa: ***«Biz saňa aňsat ýoly miýesser ederis»*** diýip aýtdy.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Abu Bekriň aýan keramatlarynyň biri – ol ömrüniň ahyrynda: «Men ölemde hezreti resulyň rowzasynda (turbetinde) maňa ýer gazyň. Meni onuň gapysynda goýuň. Aýdyň: «Essalamu aleýkum, eý Allanyň resuly! Abu Bekr seniň gapyňa geldi. Ol senden ýanyňda goýulmaga rugsat dileýär» diýip wesýet etdi. Hezreti Abu Bekr ölende adamlar onuň jesedini ol ýere eltdiler. Olar hezreti resulalla salam berdiler we hezreti Abu Bekriň özlerine wesýet eden sözüni aýtdylar. Rowzanyň gulpy açylyp, ýere düşdi. Ondan bir: «Dosty dostuň ýanyna salyň. Çünki dost-dosta muştakdyr» diýen owaz geldi.

Bir sözde «Hezreti Abu Bekrde ýetmiş iki fazylat (artykmaç gowy gylyk) bardy. Onuň ýaly köp fazylat pygamberlerden başga hiç kimde ýokdy» diýip aýdypdyrlar.

Pygamber alaýhyssalam hezreti Abu Bekriň mertebesini wasp edýän on sany aýat we hadys aýdypdyr:

1. ***«Allatagalanyň ýanynda siziň hormatlyňyz takwalaryňyzdyr»***. 2. ***«Olar derejeleri bilen artykmaçdyrlar».*** 3. «Ol uly mertebelidir we takwadyr». 4. ***«Allatagala özüni tabşyran adamyň imanyndan güýçliräk iman kimde bar?».*** 5. «Meniň ummatymyň içinde iň mylaýymy Abu Bekrdir». 6. «Abu Bekr ýere görä asmana alymrakdyr», ýagny ahyret işlerini dünýä işlerinden ýagşy bilýändir. 7. «Siz ikiňiziň (Abu Bekr we Omar) has dogry sözlüňiz Abu Bekrdir». 8. «Abu Darda: «Eý, Abu Bekr! Sen özüňden ýagşy adamyň öňünden ýöreýärsiňmi?» diýip aýtdy. Bu sowala pygamber alaýhyssalam: «Pygamberden soň Abu Bekrden ýagşy adamyň üstüne günüň dogmadygyna we ýaşmadygyna men Allatagalanyň ady bilen kasam edýärin» diýip jogap berdi. 9. «Siziň içiňizde ýagşylyk etmäge ilki bilen ymtylýan Abu Bekrdir». 10. «Meniň sözümiň dogurlygyny hemmeden öň tassyklan Abu Bekrdir».

*Aýdypdyrlar:* Perişdeler oňa «Abu Bekr Syddyk» («dogry sözli Abu Bekr») diýýärler. Jennetdäkiler onuň adyny «Abul-Fazl» («Mertebäniň atasy») diýip tutýarlar. Arşyň perişdeleri oňa «Muttafik» («Ylalaşdyryjy») diýip at goýdular. Hemmeler oňa: «Şeýh wakur» («Hormatly aksakal») diýip ýüzlenýärler. Ýaman adamlar oňa: «Ummu halyfa» («Hökümdaryň enesi») diýip lakam goýdular. Ol arap uluglarynyň arasynda «Atyk» («Asylly ýaşuly») ady bilen meşhurdyr. Ummatyň adamlary oňa «Halypa» («Hökümdar») diýýär. Bu atlaryň hemmesi onuň mertebesiniň we tarypynyň beýikdigini bildirýän sözlerdir.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Abu Bekr yslama girende pygamber alaýhyssalamyň hakyna kyrk müň altyn goýjak bilen yslama ýardam berdi. Ol Aruma guýusyny satyn alyp, musulmanlara wakf etdi, ýagny ol guýyny musulmanlaryň hyzmatyna mugt ulanmaga berdi.

## *ELLI DÖRDÜNJI KYSSA*
## HEZRETI OMAR HATTABYŇ PAZYLATYNYŇ BEÝANY

Rowaýatda şeýle aýdylypdyr, Jebraýyl alaýhyssalam: «Gökdäki hemme perişdeler hezreti Omaryň yslama girenine begendiler» diýip aýtdy.

Pygamber alaýhyssalam: «Men Omar bilendirin, Omar bolsa meniň bilendir. Omar nirede bolsa, men hem şol ýerdedirin» diýip aýtdy.

Jebraýyl alaýhyssalam hezreti pygambere: «Eý, Muhammet! Sen Omara: «Seniň gaharyň Allatagala üçin ezizdir. Sen razy bolsaň, ol hem razydyr» diýip aýt» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Uçmahyň hemme ýapraklarynda: «Şeýtan Omaryň kölegesinden gaçar» diýip ýazylypdyr» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Omar yslama girende müň dokuz ýüz metjit guruldy» diýdi.

**Hekaýat.** Bir aýal pygamber alaýhyssalama: «Men: «Allanyň resuly meni azapdan esen etse, onuň ýanynda begenjimden dep kakaryn» diýip kasam edipdim» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Sen bu sözüňe ýet» diýdi. Ol aýal ýerinden turup, eline dep alyp, ony kakyp başlady. Şol wagt hezreti Omar gelip girdi. Ol aýal depi donuň içinde gizledi. Pygamber alaýhyssalam ýylgyryp: «Eý, Omar! Şeýtan seniň kölegäňden gorkup gaçýar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Kim Omary gowy görse, onuň Allatagalany gowy gördügidir. Kim Omary duşman tutsa, onuň Allatagalany duşman tutdugydyr» diýdi.

**Rowaýat.** Bir gün Hasan we Hüseýin (Allatagala ol ikisinden razy bolsun!) hezreti Omaryň ýanyna girip geldiler. Hezreti Omar olary görüp, ornundan turup, olary öz ýerinde oturtdy. Ol bu ikisine uly hormat etdi. Olar öýlerine gelip, muny atalary Şahymerdan Ala aýtdylar. Hezreti Aly: «Eý, meniň jigergüwşelerim» (perzentlerim)! Men pygamber alaýhyssalamdan: «Omar dünýäde yslamyň nurudyr. Ol jennetdäkileriň çyrasydyr» diýip eşitdim» diýdi. Hasan we Hüseýin bu sözi baryp, hezreti Omara aýtdylar. Hezreti Omar ornundan turup: «Billähi (Alla kasam bolsun)! Siz bu sözi ataňyzdan onuň resuldan eşidişi ýaly eşitdiňizmi?» diýdi. Ol ikisi: «Hawa, edil şonuň ýaly eşitdik» diýdiler. Soňra olar bir tagta kagyz alyp ýazdylar: «Biz ikimiz, uçmah ýigitleriniň seýidi, bu sözi atamyzdan eşidendigimize güwälik berýäris. Biziň atamyz ony Muhammet Mustapadan eşitdi. Ol söz budur: «Omar dünýäde yslamyň nurudyr, uçmahdakylaryň bolsa çyrasydyr». Hezreti Omar ol ikisine: «Men ölsem, bu haty meniň bilen kepene çolap, gabra salyň» diýip wesýet etdi. Hezreti Omar ölende olar bu haty onuň jesedi bilen kepene saldylar. Olar hatyň arka tarapynda şeýle ýazgyny gördüler: «Men Hudaýtagala bu söze güwälik berýärin: «Hasan we Hüseýin, olaryň atalary Aly hem, olaryň ulug atalary Muhammet Mustapa hem rast aýtdy. Men hem: «Omar dünýäde yslamyň nurudyr we uçmahdakylaryň çyrasydyr» diýip aýdýaryn».

Habarda şeýle söz getirilipdir: Pygamber alaýhyssalam: «Omar yslama girensoň, şeýtan hiç wagt hoşal bolmady» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Saçaklaryňyzy gök önümler bilen, mejlisleriňizi Omaryň adyny ýatlamak bilen bezäň» diýdi.

## *ELLI BÄŞINJI KYSSA*
## HEZRETI OSMAN IBN AFFANYŇ PAZYLATYNYŇ BEÝANY

***«Möminler öz aralarynda bir-birlerine mähribandyrlar»*** diýen şu aýat hezreti Osmanyň şanyna inendir.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Osman pygamber alaýhyssalamyň iki gyzyny aldy. Şonuň üçin oňa «Zun-nureýn» (iki nuruň eýesi) diýip at goýdular.

*Aýdypdyrlar:* Gurhany hezreti Osman jemledi. Ol bir gijäniň içinde bu kitaby hatm kyldy (Gurhany doly okap çykdy).

*Aýdypdyrlar:* Yslamyň çerigi (leşgeri) ol wagt azlykdy we garypdy. Haçan kyýamat güni bolanda (Biz ol günüň boljakdygyna iman getirýäris we ynanýarys) pygamber alaýhyssalam tagata güwälik berer. Tagaty ýazan perişde hezreti resulyň şaýatlygyna güwälik berer. Emma günä ýazan perişde ýalňyz geler. Olar günä işlere şaýatlyk ederler. Allatagaladan owaz geler: «Dünýäde zyna üçin dört adam güwälik bererdi. Ondan öň zynanyň güwäligi iki adamdy. Bir şaýadyň sözi diňlenmezdi. Sen hem ýalňyzsyň, seniň şaýatlygyň diňlenmez. Hemme älemdäkiler meniň Kerim (sahy) patyşadygymy bilsinler. Kyýamat gününiň sypaty şeýledir: Aýat: ***«Garyndaş garyndaşdan geçer, perzent ata-eneden gaçar, är jübütinden, ata oglundan gaçar»***. Eger men size resuly: «Ata» diýsem, siz ondan, ol sizden gaçmaly bolarsyňyz. Men: «Bir-birinden gaçmasyn diýip,

ony size özüňizden resul etdim. Hiç kim öz-özünden gaçmaz. Şonuň üçin resul ummaty bilen galar» diýdim».

**Beşarat (hoş habar).** Resul alaýhyssalam özümizden bolsa, ol bize baş bolar, biz oňa aýak bolarys.

Eý, möminler! Sizden: «Baş uçmahda bolup, aýak dowzahda bolar» diýip eşideniňiz barmy? Mustapa alaýhyssalam biziň başymyz, başçymyz bolsa, bizden oňa erenlerimiz uçmahda bolarys, inşalla!

Bir sözde: «Hasap hem özüňizden, nesep hem özüňizden bolar» diýlipdir. Kapyrlaryň bary resul alaýhyssalama müňkürdirler. Kapyrlar agajy altyna bezäp, ony özlerine taňry tutundylar. Olar resul alaýhyssalam ýaly eziz başçyny kabul etmediler. «Alhamdulillähi (Taňra taryp bolsun)! Biziň barymyz näçe ýüz ýyldan soň ol ezizi ykrar etdik. Biz: «Muhammet Allanyň resuly» diýýäris. Eý, Taňrym! Sen bize bu dünýäde Muhammet alaýhyssalamyň dostlugyny berdiň. Kyýamatda hem sen biz ejizleri onuň şepagatyna laýyk et».

Pygamber alaýhyssalam ibn Apbasa (Allatagala ondan razy bolsun!): «Şu goldan bir uçmahlyk är çykar» diýdi. Ondan hezreti Osmanyň çykanyny gördüler.

**Rowaýat.** Bir gün pygamber alaýhyssalam uçmahyň waspyny edip otyrdy. Bir kişi: «Eý, Allanyň resuly! Uçmah görklenermi?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Meni ýaradan Taňrymyň haky-hormaty üçin aýdýaryn: Osman bir menzilden başga bir menzile barsa, uçmah görklener» diýdi. Hezreti Osman: «Maňa kapyrlaryň gowga getirip, kast eden günleri Hudaýtagala öz dergähinden on zady berdi. Birinji – yslamyň içindäki dört äriň biri mendirin. Ikinji – men Gurhany jemlänimde, her bir süräni başlanymda, bir guly azat etdim. Üçünji – men hezreti resulyň iki gyzyna giýewidirin. Dördünji – men hiç haçan zyna etmedim. Bäşinji – yslamda hem, jahylyýetde (yslamdan öňki döwürde) hem men şerap içmedim. Altynjy –

hezreti Resula äht edenimden soň, men owrat endama el degirmedim. Ýedinji – Gurhany jemledim. Sekizinji – men ýalan sözlemedim. Dokuzynjy – yslama girenimden soň men hemişe gul azat etdim. Onunjy – Gurhany bir rekagat namazda hatm etdim (doly okap çykdym).

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Osman gaty rehimdar köňüllidi. Kapyrlar hezreti Osmana gowga getiren günleri onuň gullary: «Biz sanjyşaly» diýdiler. Emma ol olary sanjyşmaga goýbermedi we: «Hiç kim menden azarlanmasyn» diýdi. Duşmanlar girip, hezreti Osmany öldürdiler. Resul alaýhyssalam: «Maňa magraç gijesinde bir alma berdiler. Men ony iki bölek etdim. Ondan bir hüýr çykdy. Men ondan: «Sen kimsiň?» diýip soradym. Ol: «Meni Hudaýtagala Arşyň nurundan ýaratdy. Men seniň mazlum (zulum gören) halypaň Osmanyňkydyryn» diýdi.

## *ELLI ALTYNJY KYSSA*
## HEZRETI ALY IBN TALYBYŇ PAZYLATYNYŇ BEÝANY

Aýat: ***«Sen olary hemişe rukug – sežde eden ýagdaýda (namazda) görersiň. Olar Allatagaladan sogapda artyklygy we onuň razylygyny islärler. Olaryň alamaty ýüzünde sežde etmeklik eseriniň bildirip durmagydyr»***. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Aly! Seni söýen kişi mömindir, seni duşman tutan munapykdyr (daşy musulman, içi kapyrdyr)» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam ýene: «Kim Alyny köňli bilen söýse, oňa ummatymyň üçden biriniň gazanan sogaby ýaly sogap berler» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam ýene: «Alyny söýmeklik – odunyň otda ýanyp tükenişi ýaly, ýazygy päkläp tükeder» diýdi.

Abu Hanypadan (Allatagala oňa rehmet etsin!): «Eý, Abu Hanypa! Sen Aly barada näme diýersiň?» diýip soradylar. Ol: «Halaýygyň köprägi gorkudan yslama girdi. Pygamber alaýhyssalam: «Ylym üçin Adamy, pähim üçin Nuhy, hilm (mähribanlyk) üçin Ybraýymy, kuwwat üçin Musany, zuhd (takwalyk) üçin Isany, mahabat (mähir) üçin Muhammedi, amanat üçin Jebraýyly, rehim üçin Mikaýyly gör. Eger sen: «Ýagny güni, aýy we ýyldyzlary göreýin diýseň Ala (Allatagala onuň ýüzüni nurly etsin!) bak» diýdi» diýip jogap berdi.

Aly şeýle rowaýat edipdir: «Haçan kyýamat güni bolsa (Biz onuň boljakdygyna iman getirýäris we oňa ynanýarys), maňa

sen halaýyga suw ber» diýip, elime nurdan bir gadah (küýze) berler. Men onuň bilen adamlara Köwser howzundan suw bererin. Bir topar adamlar geler. Men olara: «Suw bereýin» diýsem, küýzedäki suw katran (gara reňkli) bolar. Olar: «Biz bu suwy içmeris» diýerler. Men olara: «Siz iki halypany (dört çaryýaryň ikisini) duşman tutanlarmy?» diýip aýdaryn Olar: «Hawa» diýip jogap bererler. Men olara: «Size Köwserden daşrakda durmak gerek» diýerin. Ondan soň Arşyň astyndan: «Men hem sen ýaly olardan bizardyryn. Ol wagt olara baksam, olar doňza öwrülerler» diýip bir owaz geler».

Ussat Yshak Mamşatdan (oňa Allatagalanyň rehmeti bolsun!) şeýle rowaýat edipdir: «Haçan uçmahylar uçmaha girip, saçagyň başyna otursalar, perişdeler olaryň hyzmatynda bolarlar. Olara gulman (hyzmatkär ýigitler), wildan (hyzmatkär oglanlar) şeraban tahury (arassa şeraby) bererler. Uçmahyň guşlary Tuby agajynyň üstünde dürli hoş owazlar bilen saýrap başlarlar. Şol wagt bir nur görner. Uçmahylar muňa geň galarlar. Olar: «Allatagalanyň didaryny görmegiň wagty bolandyr. Bu onuň jemalynyň nury bolaýmasyn» diýip aýdarlar. Arşyň astyndan: «Eý, uçmahylar! Bu onuň jemalynyň nury däldir» diýip, bir owaz geler. Olar hezreti Aly Murtazanyň ýüzüne baksalar, onuň nuruny görerler».

Ussat Yshak Mamşat (oňa Allatagalanyň rehmeti bolsun!) ýene şeýle aýdypdyr: «Olar uçmahda oturyp, tagam iýip, şerap içip başlasalar, uçmahdan ýene bir nur görner. Olar iýmek-içmekden çekilip: «Bu Allatagalanyň jemalynyň nurudyr» diýip aýdarlar. Taňrydan: «Eý, Möwlanyň (Taňrynyň) dostlary! Işiňiz bilen boluň. Siz näz-nygmatlardan iýip-içiň. Bu Allatagalanyň jemalynyň nury däldir. Bu hezreti Abu Bekriň köwşüniň nurudyr» diýip, bir owaz geler. Hezreti Abu Bekriň köwşüniň nury şeýle bolsa, uçmahda onuň muhabbetiniň

(Allatagalanyň söýgüli dosty Muhammet alaýhyssalamyň) nury möminleriň köňlünde nähili bolar?»

**Hekaýat.** Bir gün bir aýal möminleriň emiri Omaryň ýanyna geldi we: «Pylan kişi meniň bilen zyna etdi» diýdi. Ol kişini getirip, ondan soradylar. Ol: «Men zyna etmedim» diýdi. Ol aýal: «Ine, onuň şöhwet suwy» diýip, içki donuny görkezdi. Hezreti Omara habar berdiler. Hezreti Aly ot getirdi. Ol ody aýalyň: «Şöwhet suwy» diýeniniň üstüne basdylar. Ol suw bişdi (bugardy). Bu ýerden onuň şöhwet suwy däldigi, eýsem bu aýalyň hilesidigi mälim boldy. Ol kişi töhmetden gutuldy. Ol aýalyň ýalançylygy belli boldy. Şonuň üçin: «Eger Aly bolmadyk bolsa, Omar heläk bolardy» diýipdirler.

Taky (şeýle hem): Allatagalanyň: ***«Onuň bilen bolanlar»*** sözi bilen Abu Bekr, ***«Olar duşmanlaryna gazaplydyrlar»*** sözi bilen Omar, ***«Olar özara bir-birine rehimdardyrlar»*** sözi bilen Osman, ***«Olary hemişe rukugda, seždede görersiň»*** sözi bilen Aly göz öňünde tutulýar» diýip aýdypdyrlar. Bu süre (Fath süresi) tä tamam bolýança bu dört sahabanyň (çaryýaryň) waspydyr. Hudaýtagala ýigrimi dokuz harp bilen bu dört sahabany öwdi (Bu süräniň aýatlarynyň sany hem ýigrimi dokuzdyr). Ýetmiş iki dil bardyr. Bu dilleriň hemmesi şu ýigrimi dokuz harpdan daş däldir. Many tarapdan şeýle bolar: Hudaýtagala bu dört sahabany ýetmiş iki dil bilen öwendir. Her kim bu dört sahabany duşman tutup, olara jepa berse, ol bu harplardan başga harplar getirsin (tapsyn) we şol harplar bilen jepa etsin. Eger ol başga harplary getirip bilmese, onuň bu harplar bilen jepa edeni hata bolar. Pygamber alaýhyssalam: «Meniň ýaranlarym ýyldyzlar ýalydyr. Siz olaryň haýsy biriniň yzyna eýerseňiz hem, dogry ýola düşersiňiz» diýdi.

**Mynajat:** Biz ejiz bende ýedi ýüz kapyrlykdan bizardyrys, şeýle hem biz ýetmiş iki dürli bedgatdan (dinden çykmakdan) uzakdadyrys. Eý, Taňrymyz! Biz seniň birligiňi, Muhammediň

seniň pygamberiňdigini ykrar edýäris. Biz bu dört sahabany olaryň jübütlerini we oglanlaryny gowy görýäris. Biz olaryň dostlary bilen dostdurys, duşmanlary bilen bolsa duşmandyrys. Eý, Taňrymyz! Bu sözümiziň hakdygyny, onuň köňlümizden dilimize çykýandygyny özüň bilýändirsiň. Biziň bu ygtykadymyzyň (ynanjymyzyň) beredetinden kyýamat güni magşar ýerinde bizi ýüzügara etmän, öz habybyň (dostuň Muhammediň) şepagaty bilen Syrat köprüsinden salamat geçirip, sekiz uçmaha girizip, öz didaryňa miýesser edewer! Ämin!

## *ELLI ÝEDINJI KYSSA*
## HEZRETI RESUL ALAÝHYSSALAMYŇ ARAP KAPYRLARYNY IMANA ÇAGYRMAGYNYŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam arap kapyrlaryna: «Siz Allatagalany bir, meni pygamber biliň we buta sežde etmäň» diýip Allatagalanyň permanyny ýetirdi. Olar onuň sözüni kabul etmediler. Pygamber alaýhyssalam öň ýetimdi hem garypdy we onuň maly-mülki ýokdy. Pygamber alaýhyssalam olary mulatafat bilen imana köp gezek çagyrdy. Emma ol olardan ezgu jogap eşitmedi. Olar hezreti resulyň sözüni hasaba almadylar.

Arap uluglary (serdarlary) hezreti resuly ündäp, öwüt berdiler we: «Eý, ýigit! Seniň ata-babalaryň bize haky – biz hemmämiz olaryň milletidiris. Bu nähili işdir? Sen ata-babalaryň dinini taşladyň, olaryň dinini hata bildiň. Eger sen telbe bolsaň, ony bize aýt. Biz seni bejereli. Eger saňa döw, peri (jyn) apaty degen bolsa, biz gurbanlyk bereli, sadaka bereli. Biz saňa her halda ýardamçy bolaly. Eger seniň bu sözüň derwüşlik (garyplyk) sebäbinden bolsa, biz saňa mal ýygnap bereli. Eger sen birine aşyk bolan bolsaň, biz onuň ýaragyny (şaýyny) tutaly, seni ol maksadyňa ýetireli. Eger saňa jady eden bolsalar, ony batyl kyldyraly (açdyraly). Eger sen uluglyk (serdarlyk) tama edýän bolsaň, biz seni ulug edeli. Eger seniň birinde öjüň bar bolsa, biz seniň öjüňi alyp bereli. Eger sen birinden gorkýan bolsaň, biz seniň arkaňda duraly. Ýöne sen beýle sözleri bize aýtmagyňy goý» diýdiler.

Pygamber alaýhyssalam: «Men telbe däldirin. Meni döw-jyn hem çalmady. Meniň mal gaýgym hem ýok. Men aşyk hem däl. Meniň hiç kimde öjüm hem ýok. Siziň bu sözleriňiziň hemmesi bihudadyr. Allatagala ýeke-täkdir, men onuň pygamberidirin. Ol meni size iberdi. Geliň, biz onuň erkine boýun sunup, dowzahdan gutulalyň we uçmaha gireliň. Siz: «Iki dünýä ýagşylygyny tapaýyn» diýseňiz, meniň sözümi kabul ediň» diýdi.

Kapyrlar dil açyp, oňa tarap jepa okuny atdylar. Ýolundan azan, Taňrydan dänen içigaralaryň barjasy dil birikdirip, hezreti resulyň üstüne ugradylar. Olar her gün bir dürli hile etdiler. Ok atdylar we gylyç tartdylar. Ol Taňrynyň mähribanlyk kömegi we ýardamy bolmadyk bolsa, bir özi munça näpäge garşy durup bilmezdi.

Pygamber alaýhyssalam olara köp öwüt-nesihatlary berdi we ýagşylyk bilen imana çagyrdy. Olar boýun sunmadylar. Hezreti Omar yslama girensoň, musulmanlyk güýçlendi. Leşger ýygnaldy. Allatagala olara: «Siz müşrikleri (Allatagalany başga zada deňeýän kapyrlary) nirede tapsaňyz öldüriň» diýip perman berdi. Musulmanlaryň leşgeri atlandy. Olar kapyrlar bilen sanjyşdylar. Olar bir gezek ýeňdiler, bir gezek munhazym boldular (eňildiler). Olar şunuň ýaly imana çagyrdylar.

Kapyrlar hezreti resulyň üstünden gülüp, masgara etmekçi boldular. Olar bäşdiler: Walid ibn Mugyra, Asib ibn Waýyl as-Sahmi, Aswad ibn Abdy Ýagus, As ibn Wabak we Haris ibn Talatyl. Hudaýtagala bularyň bäşisini hem bir günde heläk etdi. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hezreti resul bilen oturdy. Bu iki ägirt Käbäniň degresinde togap etmek üçin ýerlerinden gopdular. Abu Zama (oňa nälet bolsun!) Jebraýyl alaýhyssalamyň öňünden geçdi. Jebraýyl alaýhyssalam bir ýaşyl ýapragy onuň öňüne taşlady. Onuň iki gözi kör boldy. Ondan soň Abdy Ýagus geçdi. Jebraýyl alaýhyssalam yşarat etdi, onuň garny

ýaryldy we şol zaman dowzaha düşdi. Soň Welit ibn Mugyra geçdi. Onuň topugynda ýarasy bardy. Jebraýyl alaýhyssalamyň gözi ol ýara düşdi, ýara ýaryldy we ol heläk boldy. Soň As ibn Wabak geçdi. Jebraýyl alaýhyssalam onuň aýagyna nazar saldy. Derhal onuň aýagyna tiken çümdi we etleri ýaryldy. Soň Harys ibn Talatyl geçdi. Jebraýyl alaýhyssalam onuň depesine yşarat etdi. Onuň başyna iriň ýygnanyp, baş agrysy tutdy we: «Meni Muhammediň Taňrysy öldürdi» diýdi. Ol öljek bolanda, perýat edip guluna: «Muny tut» diýdi. Guly: «Men kimi tutaýyn? Hiç kim görünmeýär» diýdi. Ol bu sypat bilen heläk boldy. Ymam Mukatyl (Allatagalanyň oňa rehmeti bolsun!): ***«Bu wakanyň şanyna inen: «Biz seni masgaralaýanlardan goraryս»*** diýen aýatdyr» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Olar on altydylar. Olardan dört sanysy ýoluň başynda oturyp, Abu Jähliň sözi bilen kim Muhammedi sorasa: «Muhammet jadygöýdir. Ol ýalançydyr. Ony göreniňden, görmedigiň ýagşydyr» diýen ýaly sözleri aýdardylar. Pygamber alaýhyssalam hem ýola adamlary goýdy. Ol ýoldan adam geçip, hezreti resuly sorasalar: «Hiç bir göz onuň ýaly äri gören däldir. Siz ony agyrlaň (hormatlaň), onuň ata-enesini ezgu tutuň (ýagşy görüň). Hudaýtagala ybadat ediň» diýip aýdardylar. Ýoldan öten-geçen: «Bu söz olaryň sözünden ýagşyrakdyr» diýip, olaryň hemmesi musulman boldular. Hudaýtagala ol on alty kişini heläk etdi.

Resul alaýhyssalam halky imana çagyrýardy. Ol Allatagalanyň sözlerini adamlara ýetirýärdi. Hazraj taýpasy Asbadan Medinä geldi. Hazrajylar: «Mekgeden Muhammet ibn Abdylla atly bir är çykar. Onuň kitaby bolar. Biz oňa uýmarys. Biz ony ýer ýüzünden gidereris» diýip aýtdylar. Hezreti Muhammet äşgär imana çagyryp başlandan hazrajylar Mekgä geldiler we olar haj etdiler. Jöhitler hem Beýtil-Mukaddese haj edýärdiler. Olar «lebbeýke»[47] aýdanlarynda: «Lebbeýke, lä şerike leke, illä

şärikun huwe leke temliku we ýemliku»[48], ýagny «Butlar saňa şärikdir» diýmek bolýar. Bu hazrajylar haj ödediler. Olar pygamber alaýhyssalamyň halky imana çagyrýanyny gördüler. Olar onuň nagtynyň (tarypynyň) jöhitleriň aýdyşy ýalydygyny bildiler. Olar bir-birine: «Olar bize agşamlyk bermäkäler, biz olara guşluk bereliň», ýagny «Olar bize topulmakalar biz olara topulalyň» diýip aýtdylar. Olar yslama girdiler we pygamber alaýhyssalam bilen beýgat (ähtnama) baglaşdylar. Hazrajylar: «Seniň işiň biziň işimizdir. Biz saňa tabyndyrys. Sen näme diýseň, biz ony ederis» diýdiler. Iblis näletsiňen muny görübilmän, daga çykyp: «Eý, adamlar! Hazrajylar Muhammet bilen äht baglaşdylar. Olar indi sizi gylyç bilen gyrarlar» diýip gygyrdy. Kuraýyş kapyrlary muny eşidip, olaryň ýanyna bardylar we: «Siziň bilen biziň aramyzda ýagylyk gerek däl. Biziň dinimizde siz goňşusyňyz. Bu ähtde bar bolsaňyz, olara hylaf (terslik) ediň. Ýok bolsa, biziň habarymyz ýok» diýip yzlaryna gaýtdylar.

Hezreti resulallanyň ýanyna kuraýyşdan aýagy kümüş başmakly bir ýigit geldi we: «Siz näçe wagtdan bäri din dawasyny edip ýörsüňiz. Aýagyňyzda geýmäge başmagyňyz ýok eken» diýip, başmagyny berdi. Hezreti resul ony almady we: «Başmak ýigidiň hormatydyr. Biz ony alsak, dünýäniň hezzetini aldygymyz bolar» diýdi. Ol ýigit oglan-gyzlaryny getirip imana geldi. Ondan soň köp halaýyk gelip imana girdi. Olar ikinji ýyl haja gelenlerinde özlerine yslamy öwretmek üçin mugallym soradylar. Hezreti resul bir sahabany olara berdi. Olar üçünji ýyl haja gelende: «Rugsat berseňiz biz kapyrlar bilen sanjyşaly» diýip aýtdylar. Resul alaýhyssalam: «Hudaýtagala entek: «Olar bilen sanjyş» diýip perman bermedi» diýdi.

**Hekaýat.** Taýyfyň ýigitleri gije oturyp sözleşerdiler. Howadan bir: «Siz utanmaýarsyňyzmy? Muhammet sizi yslama ündeýär. Siz bolsa: «Sen ýalançy» diýip oňa uýmaýarsyňyz»

diýip üýn geldi. Olar üç gije şunuň ýaly owazy eşitdiler. Ol ýigitler bu wakany garrylaryna aýtdylar. Olar maslahat edip, sekiz düýäni mal bilen ýükläp, bir guly Mekgä iberdiler we: «Sen Muhammediň ýanyna bar. Eger ol hak pygamber bolsa, bu ýüki oňa ber» diýip aýtdylar. Ol gul Mekgä baryp girdi. Ol ilki bilen Abu Jähli gördi. Ol gul ondan Muhammediň habaryny sorady. Abu Jähl: «Sen ondan uzakda dur. Ondan beter ýalançy, ondan erbet jadygöý ýokdur. Onuň ýanyna barmasaň, ony görmeseň ýagşydyr» diýdi. Ol ýigit oňa özüniň onuň ýanyna näme sebäp bilen gelenini aýdyp berdi. Abu Jähl: «Sen düýeleriňi ýüki bilen maňa sat. Men olary dört müň altyna alaýyn. Emma men saňa Mekgeden çykýançaň altyny berjek däl. Men ony saňa bu ýerde bersem, sen hem ony Muhammede berersiň» diýdi.

Ol ýigit düşbüdi. Ol iliň içini gezdi. Oňa hezreti Aly sataşdy we: «Eý, Aly! Sen Muhammet hakynda maňa näme aýdyp bilersiň?» diýdi. Hezreti Aly oňa: «Seniň ony görmek köňlüň barmy?» diýdi. Ol ýigit: «Men ony görmek üçin geldim» duýdi. Ikisi tirkeşip, resul alaýhyssalamyň ýanyna bardylar. Resul alaýhyssalam: «Sen nähili ýigitsiň? Seniň näme üçin geleniňi, kime sataşanyňy men saňa aýdyp bereýinmi ýa-da ony seniň özüň maňa aýdyp berjekmi?» diýdi. Ol ýigit: «Siz aýdyň» diýdi. Resul alaýhyssalam onuň başyndan geçen wakalary aýdyp berdi. Ýigit: «Maňa rugsat beriň. Men Abu Jähliň ýanyna baryp, ondan maly alaýyn» diýdi. Pygamber alaýhyssalam oňa rugsat berdi. Ol ýigit Abu Jähliň ýanyna geldi. Abu Jähl howlusynyň içinde otyrdy. Ol ýigit baryp onuň gapysyny kakdy we: «Meniň malymy gaýdyp beriň» diýdi.

Abu Jähliň hakyky ady Abdylhäkimdi. Howlynyň ortasynda bir uly degirmen daşy bardy. Ol guluna: «Bu daşy göterip, meniň başyma goý. Men bir beýik ýere münüp, onuň bilen Muhammediň başyna uraýyn. Bu iş üçin seni hem azat edeýin»

diýdi. Ol gul daşy göterdi. Emma onuň başyna goýmakçy bolanda, onuň güýji ýetmedi. Daş bir öwrülip, Abu Jähliň goluny basdy. Onuň goly ýenjildi. Ol agyrysyna çydap bilmedi we Hudaýtagala: «Eger men bu agyrydan aýňalsam, men maly Muhammede bereýin» diýip kasam etdi. Hudaýtagala oňa şypa berdi. Ol betbagt bu ähdini bozdy. Öýe girdi. Ol öýde bir hebeşini gördi. Ol hebeşi gylyjyny soguryp: «Sen maly Muhammede ber. Bolmasa, men seniň ortaňdan çaparyn» diýdi. Abu Jähl gorkup, daş çykdy. Ol malyň hemmesini hezreti resula berdi. Hezreti resul Abu Jähliň howlusyndan çykdy.

Bu waka: «Abu Jähl sopy bolupdyr. Ol Muhammede meýil edipdir» diýip, halaýygyň agzyna düşdi. Halaýyk: «Eger sen Muhammede meýil etseň, biz hem oňa meýil edeli» diýdi. Birnäçeleri: «Geliň, biz Muhammediň ýanyna baralyň, musulman bolalyň. Abu Jähl bize uluglyk satýar. Ol musulman bolsa hem, şunuň ýaly uluglyk satar» diýdiler. Olar resul alaýhyssalamyň ýanyna geldiler. Olara ýolda Abdylla ibn Rabguzy sataşdy. Ol: «Siz nirä barýarsyňyz?» diýip sorady. Olar: «Sen Abu Jähliň musulman bolandygyny eştdiňmi? Biz hem musulman bolmaga barýarys» diýdiler. Ol: «Ilki biz Abu Jähliň ýanyna baralyň»diýdi. Olar Abu Jähle: «Biz sen Muhammediň dinine giripdirsiň» diýip eşitdik» diýdiler. Abu Jähl: «Taňry saklasyn! Men ata-babalaryň dinine ters iş etmerin. Muhammet ata-babalarymyzyň dinine ters zatlary edýär. Biz Abu Talybyň üstüne baralyň» diýdi.

Olar Abu Talybyň ýanyna geldiler we: «Sen öz garyndaşyň ogluna aýt. Ol öz sözünden dänsin» diýdiler. Abu Talyp: «Muhammet gelsin. Onsoň men oňa muny aýdyp göreýin» diýdi. Hezreti Muhammedi çagyryp getirdiler. Hezreti Muhammet olaryň üstüni basyp geçip, Abu Talybyň tagtyna baryp oturdy. Olar: «Görüň, ol seniň hormatyňy saklamady. Biz seniň tagtyňa baryp oturmaýarys. Ol bolsa, oňa baryp oturdy» diýdiler.

Abu Talyp: «Kim dogry sözli bolsa, ol sözüň agramy onuň boýnuna düşer» diýdi. Olar: «Eger Muhammediň pygamberligi hak bolsa, ol bize keramat görkezsin» diýdiler. Howlynyň ortasynda bir uly daş bardy. Olar: «Muhammet bu daşdan agaç öndersin. Ol agaç howa uzasyn. Onuň bir şahasy gündogar tarapa, ýene bir şahasy günbatar tarapa barsyn» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam bir dileg etdi. Ol daşdan olaryň sorany ýaly agaç öndi. Olar ýene: «Indi sen ýene bir dileg et, goý, bu agaç öňki halyna barsyn» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam bir dileg etdi, ol agaç öňki daş halyna bardy.

Olar: «Eý, Muhammet! Sen uly jadygöý ekeniň» diýip, iman getirmediler we: «Sen bir gün biziň taňrymyza ybadat et, biz seniň taňryňa ýedi gün ybadat edeli. Sen biziň taňrymyza ýedi gün sežde etseň, biz seniň taňryňa bir aý sežde edeli. Sen bir aý biziň taňrymyza sežde etseň, biz seniň taňryňa bir ýyl sežde ederis» diýdiler.

Olar bu sözleri sözlänlerinde pygamber alaýhyssalam titreýärdi. Jebraýyl alaýhyssalam şu süräni getirdi: ***«Eý, Muhammet, sen kapyrlara aýt: «Men siziň ybadat edýän zadyňyza ybadat etmerin». «Siz hem meniň ybadat edýän zadyma ybadat etmersiňiz». «Men siziň sežde eden zadyňyza sežde ediji däldirin». «Siz hem meniň sežde edýän zadyma sežde ediji dälsiňiz». «Siziň öz diniňiz size bolsun, meniň öz dinim maňa bolsun»***. Bu höküm ol wagtda yslam güýçsüz bolandygy sebäpli gerekdi. Emma yslam kuwwat tapansoň, ol höküm güýçden düşürilip, şu aýata çalşyryldy: «***Müşrikleri (Mekgäniň kapyrlaryny) öldüriň»***.

*Aýdypdyrlar:* Abu Talyp şeýle aýdardy: «Siz meniň garyndaşymyň oglunyň sözüne boýun sunuň. Ol dogry ýa-da ýalan bolsa hem, ol sizi ýagşylyga çagyrýar». Ol özüne: «Men olaryň üstün bolup gitmegini halamaýaryn» diýerdi.

Tefsirde şeýle gürrüň bar. Bir gün kuraýyş kapyrlary ýygnanyp, Muhammet resulalla hakynda geňeş etdiler. Olar: «Biz nähili edip, bu Muhammet belasyndan gutularys?» diýdiler.

Şol wagt şeýtan bir garry suratynda bolup bularyň arasyna geldi. Olaryň biri: «Geliň, hemmämiz üýşüp, Muhammedi ilden çykaralyň» diýdiler. Şeýtan: «Bu söz makul däl. Muhammet akylly ärdir. Ol baran ýerinde dek durmaz. Ol ýene siziň üstüňize geler» diýdi. Ýene biri: «Ýeri suwa çenli gazalyň. Daş, demir bilen diwar edeliň. Diwary belent salalyň. Onuň diňe bir ýerinden gapy goýalyň. Muhammedi onuň içine salyp, onuň işigini ýapalyň. Ol onuň içinde açlygyndan öler» diýdi. Şeýtan: «Bu söz hem makul däl. Jebraýyl howadan gelip, ony çykarar» diýdi. Olaryň her biri bir söz aýtdy. Biri: «Bolmasa, biz ony hemmämiz üýşüp, sanjyp öldüreliň» diýdi. Iblis: «Ine, bu söz makuldyr» diýdi. Olar bu söze ylalaşdylar. Olar ertesi gelip, Muhammedi öldürmekçi boldular. Bir kişi bu ýagdaýy Abu Talyba habar berdi. Abu Talyp hezreti resuly çagyryp: «Kuraýyş kapyrlary seni öldürmek üçin geňeş edipdirler. Men esen bolsam, saňa hiç kim kast edip bilmez» diýip, bu beýti aýtdy:

Maňa arza kyldyň aryg dini sen,
Ammuň girmegunça ölüp sinige.

Mazammat söküş ar eger bolmasa,
«Ulanma» diýr sen tamug kynyga.

Göni sen, biler sen, berer sen öwüt,
Ulaýur meni ol jinan aýnyga.

Ýewumagaý, wallahi saňa bu arap,
Girer erdim erksiz Izi dinige.

**Hekaýat.** Resul alaýhyssalam Taýyfa geldi we bu ýeriň adamlaryny yslama ündedi. Olar kabul etmediler. Hezreti pygamber bu ýerden gaýtdy. Harama (Käbä) ýetdi we namaza durdy. Ol Gurhan okap başlady. Periler (jynlar) Gurhanyň owazyny eşitdiler we ony diňlediler. Olar hoş bolup baryp, muny kowumlaryna habar berdiler we: ***«Biz Gurhany eşitdik. Ol Muhammede inipdir. Biz oňa iman getirýäris, siz hem Allatagalanyň erkini kabul ediň»*** diýdiler.

Periler ýygnanyp Mekgä geldiler, Käbäniň ýanyna baryp durdular. Olar hormat edip, oňa girmediler. Hudaýtagala hurma agajyna ylham berdi. Oňa dil berlip, perileriň gelendigini pygamber alaýhyssalama habar berdi. Abdylla ibn Mesgut (Allatagala ondan razy bolsun!): «Men baraýyn» diýip aýtdy. Ol bir idişe (gaba) suw aldy. Ol birnäçe hurma bilen perileriň ýanyna geldi. Pygamber alaýhyssalam bir hat iberdi. Ol Abdylla ibn Mesguda: «Sen bu hatyň içinden çykma. Eger sen ondan çyksaň, kyýamata çenli sen meni, men seni görmerin» diýdi. Ondan soň pygamber alaýhyssalam perileri imana çagyrdy. Olar onuň sözüni kabul edip iman getirdiler. Pygamber alaýhyssalam olara täreti, namazy we şerigat hökümlerini öwretdi.

Abdylla ibn Mesgut: «Men ol hatyň arasynda otyrdym. Perileriň toparlary meniň ýanymdan geçýärdiler. Olar pygamber alaýhyssalamyň ýanyna baryp iman getirýärdiler. Men olaryň sözleşenlerini eşidýärdim. Säher wagty bolanda resul alaýhyssalam gaýdyp geldi. Ol meni dik duran ýagdaýda gördi we: «Sen otursaň ne bolar?» diýdi. Men: «Eý, Allanyň resuly! Men gorkdum» diýdim. Hezreti resul: «Sen hatdan çykan bolsaň, biz görüşmezdik. Eý, Abdylla! Seniň ýanyňda suw barmy?» diýdi. Men: «Hurmanyň içinde ezilen suw bar» diýdim. Ol: «Hurma päkdir. Onuň suwy hem päkdir» diýdi. Ol bu suwa täret aldy we namaz okady. Periler: «Eý, Allanyň

resuly! Biz siziň ýanyňyzdan gitmezdik. Emma biziň ýolumyz daşdyr. Biziň azygymyz hem, kölügimiz hem ýok» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam: «Ýylky-gara tezekleri kölügleriňize (ulaglaryňyza) ot-iým bolsun» diýdi. Şonuň üçin tezek bilen, süňk bilen istinja etmeklik unalmady. «Pygamber tezek we süňk bilen istinja (synja) etmedi». Muhammet alaýhyssalam öz islegi boýunça söz sözlemedi. Ol batyn (gaýyp) zady nebisden uzak tutdy. Aýat: ***«Ol nebis islegi boýunça söz sözlemedi»***. Biz zahyry (aýan zady) kölegeden uzak tutduk. Onuň kölegesiniň hapa ýere düşmezligi üçin oňa kölege bermedik. «Her bir zadyň kölegesi onuň özi ýalydyr. Emma kölege hemme näzi-nygmatda binesipdir». Allatagala aýtdy: «Men habybym (dostum) Muhammede kölege bermedim. Çünki men: «On sekiz müň älemde onuň meňzeşi bolmasyn» diýdim. Men ýüz ýigrimi dört müň pygamber iberdim. Olar Meniň meňzeşim ýoklugyny hemme älemlere habar berdiler. Men öz beýikligim we mertebäm bilen Muhammede kölege bermedim. Çünki men: «Hemme älemdäkiler dostumyň meňzeşiniň ýokdugyny bilsinler» diýdim.

Muhammediň pygamberligine meňzeşlik hiç bir pygamberde ýokdur. Men Adam bilen Howany uçmahdan çykaran bolsam, Muhammediň ummatyny ýüz ýyl ýazyk edenden soň hem bir toba bilen uçmaha girizerin. Men Idrise ýyldyzlar ylmyny beren bolsam, Muhammedi hemme ýyldyzlardan aňry ötürip geçirdim. Eger Men Nuh pygambere gämi berip, suwda ýöreden bolsam, Muhammede Byrak berip, howada ýöretdim. Nuh pygamber öz kowumyna: ***«Eý, Taňrym! Ýer ýüzünde bir kapyry diri goýma»*** diýip azap diledi. Kapyrlar Muhammet alaýhyssalamyň dişini syndyrdylar we burnuny döwdüler.

## *ELLI SEKIZINJI KYSSA*
## RESUL ALAÝHYSSALAMYŇ YŞARAT BILEN AÝY IKI PARA ETMEGINIŇ BEÝANY[49]

**Rowaýat.** Öňki ummatlar öz pygamberlerinden: «Kyýamat haçan bolar?» diýip soradylar. Olar: «Haçan ahyrzaman pygamberi ýüze çyksa, şonda kyýamat bolar» diýip jogap bererdiler.

Aýat: ***«Kyýamat ýakyn geldi we aý ikä bölündi»***. Bu aýatyň inmegine sebäp şudur: Resul alaýhyssalam bir gije Mekgäniň içinde gezip ýördi. Gijesine ýöremek mekgelileriň adatydy. Şunuň üçin pygamber alaýhyssalam hem gijesine aýlanardy. Olar hemme işlerini gije bitirerdiler. Çünki gündiz gaty yssy bolardy. Abu Jähl bir jöhit bilen pygamber alaýhyssalama ýolukdy. Abu Jähl: «Sen maňa keramat görkez. Bolmasa, men seniň başyňy alaryn» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Siz menden nähili keramat isleýärsiňiz?» diýdi. Abu Jähl: «Sen aýy iki ýar. Men ony göreýin. Çünki siz ýer ýüzünde näme diýsek edýärsiňiz. Şonuň üçin asmandaky aý iki bölünip gelip, bir bölegi siziň ýakaňyzdan girip, etegiňizden çyksyn, beýleki bölegi bolsa, siziň etegiňizden girip, ýakaňyzdan çyksyn. Ondan soň onuň iki bölegi birleşip, siziň başyňyzdan üç mertebe aýlanyp, öz ornuna barsyn» diýdi. Pygamber alaýhyssalam barmagy bilen yşarat edip, bir dileg etdi. Aý iki ýaryldy. Aýyň bölekleri Abu Jähliň aýdyşy ýaly hereket etdiler.

Abdylla ibn Mesgut (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle aýdypdyr: «Biz resul alaýhyssalam bilen Minadakak aý ýaryldy. Ýene Abdylla ibn Omar, Enes ibn Mälik, Hadyka we Seýr ibn Mutgim, şeýle hem başga sahabalar (Allatagala olaryň hemmesinden razy bolsun!) aýyň ýarylanyny gördüler. Abu Jähl «Eý, Muhammet! Sen öň ýer ýüzünde jadydyň. Indi seniň jadylygyň göge hem täsir etdi. Seniň ýaly güýçli jadygöý ýokdur» diýip, iman getirmedi. Emma onuň ýanyndaky jöhit bu gudraty görüp, musulman boldy. Pygamber alaýhyssalamyň ýene bir keramaty onuň Magraja aşmagydyr.

## *ELLI DOKUZYNJY KYSSA*
## PYGAMBER ALAÝHYSSALAMYŇ MAGRAJYNYŇ[50] BEÝANY

Aýat: ***«Hemme aýyplardan päk bolan Allatagala öz bendesi Muhammedi gijäniň bir böleginde Mekgedäki hormatly (Käbe) metjidinden (Ierusalimdäki) Aksa metjidine äkitdi».***

*Aýdypdyrlar:* Pygamber alaýhyssalam bir gije Ummahanynyň öýünde ýatyrdy. Ummahany Abdylmuttalybyň gyzydy. Mälik ibn Saksaga şeýle rowaýat edipdir: Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Men bir gije ýatyrdym. Gelikli geldi. Ol meniň kükregimi ýardy we ýüregimi çykardy. Altyn taşt (legen) getirdi. Onuň içi imandan, hikmetden doludy. Ol meniň ýüregimiň içini ýuwdy, soňra ony ornunda goýdy.

Ondan soň ol maňa bir Byrag getirdi. Ol ak tüýlüdi, boýy gatyrdan kiçiräkdi we eşekden ulurakdy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Allanyň resuly! Bu Byragdyr. Ol gözüniň ýeten ýerine aýak basar» diýdi. Ol meni oňa mündürdi. Jebraýyl alaýhyssalam meniň ýanymdady. Biz birinji gat asmana baryp ýetdik. Jebraýyl alaýhyssalam dessur (rugsat) diledi. Oňa: «Sen kimsiň?» diýdiler. Jebraýl alaýhyssalam: «Bu men, Jebraýyldyryn» diýdi. Ondan: «Seniň ýanyňda kim bar?» diýip soradylar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Muhammet Mustapa bar» diýdi. Olar: «Seni onuň üçin iberdilermi?» diýdiler. Ol: «Hawa» diýdi. Gapyny açdylar, biz oňa girdik. Men Adam alaýhyssalamy

gördüm. Men Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Bu kim?» diýip soradym. Ol: «Bu seniň ataň Adamdyr» diýdi. Men Adam atama salam berdim. Ol jogap aýtdy we «Sen meniň ýagşy oglum. Sen ýagşy pygambersiň» diýdi.

Onsoň biz ikinji gat asmana baryp ýetdik. Jebraýyl alaýhyssalam: «Gapyny açyň» diýdi. Bu gatyň gapysyny hem öňki ýaly sorag-jogap etmek bilen açdylar. Men bu gata girdim. Isany we Ýahýany gördüm. Men olara salam berdim. Men Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Bular kim?» diýip soradym. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular Isa we Ýahýadyr» diýdi. Olar maňa: «Bu ýagşy pygamber eken» diýdiler. Soňra biz üçünji gat asmana ýetdik. Jebraýyl alaýhyssalam dessur (rugsat) diledi. Bu asmanyň hem gapysyny açdylar. Biz oňa girdik. Men ol ýerde Ýusup pygamberi gördüm. Men: «Eý, Jebraýyl! Bu kimdir?» diýdim. Ol: «Bu seniň garyndaşyň Ýusup alaýhyssalamdyr» diýdi. Men oňa salam berdim, ol muňa jogap gaýtardy. Ol: «Sen nähili görkli pygamber ekeniň» diýdi.

Ondan soň biz dördünji gat asmana ýetdik. Öňki usul bilen ýene bu asmanyň gapysyny açdylar. Biz bu ýerde Idris pygamberi gördük. Men Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Bu kimdir?» diýip soradym. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu seniň garyndaşyň Idris pygamberdir» diýdi. Men oňa salam berdim, ol salama jogap gaýtardy we: «Sen ňähili görkli pygamber ekeniň» diýdi.

Onsoň biz bäşinji gat asmana baryp ýetdik. Onuň hem gapysyny açdylar. Biz oňa girdik. Men bu ýerde Harun pygamberi gördüm. Men Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Bu kimdir?» diýip soradym. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu Harun pygamberdir» diýdi. Onsoň biz altynjy gat asmana ýetdik. Öňki usul bilen onuň gapysyny açdylar. Biz oňa girdik. Men bu ýerde Musa pygamberi gördüm. Men oňa salam berdim. Ol: «Sen nähili görkli pygamber ekeniň» diýdi. Ondan geçdim. Şonda Musa pygamber ýyglady. Jebraýyl alaýhyssalam oňa: «Sen näme üçin ýyglaýarsyň?» diýdi. Ol ýene: «Eý, Taňrym! Bu Muham-

met oglandyr. Sen ony menden soň halka iberdiň. Emma munuň ummaty meniň ummatymdan öňürti jennete girer» diýdi.

Biz ýedinji gat asmana baranymyzda hem onuň gapylary öňki usul bilen açyldy. Biz oňa girdik. Biz ol ýerde Ybraýym pygamberi gördük. Men Jebraýyl alaýhyssalamdan: «Bu kimdir?» diýip soradym. Ol: «Bu seniň ataň Ybraýym pygamberdir» diýdi. Men ol ýerde ýene «Sidretul-munteha» agajyny gördüm. Onuň miwesi hajr taýpasynyň küýzesi ýalydy. Hajr atly bir taýpa bardy. Killa (küýzeler) kilalyň (küýzäniň) köplügidir. Killa bir idişdir (gapdyr). Oňa altmyş batman suw sygýar. Ony hajr taýpasyna degişli edipdirler. Sidretul-munteha agajynyň miweleriniň ululygy şol küýze ýaly bolar. Onuň her bir ýapragy piliň gulagyna meňzeýär. Men Jebraýyl alaýhyssalama: «Onuň düýbündäki dört aryk näme?» diýip soradym. Ol: «Bu iki içki aryk uçmahda akýar. Bu iki daşky aryk – olaryň biri Nil derýasydyr, beýlekisi bolsa Fyrat derýasydyr» diýdi. Ondan soň iki idiş (gap) getirdiler. Onuň birinde hamr (şerap), beýlekisinde süýt bar. Maňa olardan içmegi teklip etdiler. Men hamry unamadym. Süýtden içdim. Jebraýyl alaýhyssalam maňa: «Sen muny ýagşy etdiň» diýdi.

*Sowal*: Resul alaýhyssalamy magraja aşyrmakdan maksat nämedi?

*Jogap*: Allatagala şeýle aýtdy: ***«Biz Muhammedi asmanlara aşyrdyk. Biz muny aýatymyzy (keramatymyzy), kadyrlygymyzy (hemme zady başarýandygymyzy), özümiziň birligimiziň nyşanlaryny oňa görkezmek üçin etdik»***.

*Ýene bir jogap:* Haçanda pygamber alýhissalam Kaba köwseýn makamyna (Taňra ýaýyň iki kirşiniň ýakynlygy ýaly golaý gelende) ýetende: «Eý, Muhammet, goýy (aşak) bak» diýen owaz geldi. Dünýä älemindäkiler bir zerre toprak bolup göründi. Ol Arşy, efläki (asmanlary), uçmahy, dowzahy özünden aşakda gördi. Ýene-de: «Eý, Muhammet hemme ýaradylan

barlyklary men seniň üçin ýaratdym. Eger sen bolmasaň, älemler bolmazdy. «Eger sen bolmadyk bolsaň men älemleri ýaratmazdym» Eý, Muhammet! Meniň hemme ýaradan zatlarym seniň aýak astyňda toprakdyr» diýip owaz geldi.

*Aýdypdyrlar:* Jebraýyl alaýhyssalam öz ýaradylan suratynda hezreti Muhammede iki gezek göründi. Ol başga wagtlarda resul alaýhyssalama Dahiýa Ralbynyň suratynda göründi. Jebraýyl: «Eý, Muhammet! Men seniň ýanyňa kimiň suratynda geleýin?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Sen meniň ýanyma Dahýa Kalbynyň suratynda gel» diýdi. Emma hezreti Muhammet Jebraýyl alaýhyssalamy perişde suratynda diňe iki gezek gördi. Ol gögüň etekleri ýere gowşan ýerde dogan gün ýaly bolup dur. Onuň öň ýanynda Byrak dur. Onuň bir aýagy Kafyň aňyrsynda, bir aýagy Kafyň bärisinde. Byragyň döşi Jebraýyl alaýhyssalamyň döşi bilen degşip dur. Günüň nury düşüp dursa hem, onuň üstüne bir zerre gün düşmezdi. Hezreti resul Jebraýyl alaýhyssalama: «Men Allatagalanyň ýaradan zatlarynda seniň ýaly zat ýokdur» diýip oýlandym» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Näme üçin sen beýle aýdýarsyň? Eger sen Ysrapyly gören bolsadyň. Men ony gördüm. Onuň ýüzünden gözýaşy derýa bolup akyp dur. Onuň gözýaşynda gämini ýöretse bolar» diýdi. Men ondan: «Eý, Jebraýyl! Onuň beýle ýyglamagynyň sebäbi nämedir?» diýip soradym. Jebraýyl alaýhyssalam: «Iblise şeýtanlyk wezipesi düşenden bäri onuň gözýaşy guramaýar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam ony asmanyň röwşen gözýetiminde gördi. Muhammet resulalla Jebraýyl alaýhyssalamy ikinji sapar perişde suratynda sidretul-muntahada gördi. Ol hemme ganatlaryny ýazypdyr.

*Aýdypdyrlar:* Jebraýyl alaýhyssalamyň alty müň ganaty bardyr. Onuň hemme bedeni zümerret, hünji, göwher we gyzyl ýakut bilen bezelendir. Hezreti Muhammet Mikaýyl perişdäni gördi. Ol Jebraýyldan güýçlüräk eken. Onuň tesbihi (Taňryny

taryplap aýdýan sözi) şudur: «Subhanel-mubdi ul-halik, subhanel mun‘im ur-razik[51].

Resul alaýhyssalamy Magraja eltmekden maksat oňa perişdeleri we pygamberleri görkezmekdi. Aýat: ***«Biz saňa uly gudratlarymyzy görkezmek üçin asmanlara çykardyk»***.

Biz onuň perişdeleri görendigini eşitdik. Indi onuň pygamberleri görendigini diňle. Pygamber alaýhyssalam şeýle diýdi: «Men Beýtil-Mukaddese baryp ýetdim. Byragdan düşdüm. Aksa metjidine girdim. Taňrydan: «Seniň öňüňde biziň pygamberlerimiz bar» diýip owaz geldi. Men bakdym weli, öňümde pygamberleri gördüm. Olaryň biri ýerinden turup: «Meni özüne päk bende edip kabul eden Taňra (hamd) taryp bolsun! Ol meni ýer ýüzünde halypa (orunbasar) etdi, perişdeleri maňa sežde etdirdi. Ol Howany maňa ýagşy we mähriban jübüt etdi. Ol bize jenneti, köşkleri, derýalary we nygmatlary bilen bagyşlady. Ol meniň duşmanym şeýtany jennetden kowdy» diýdi. Men munuň Adam alaýhyssalamdygyny bildim.

Soňra olaryň ýene biri turdy we: «Meni halas bolan bendelerinden eden Taňra taryp bolsun! Men öz kowumymy ellisi kem müň ýyl gije-gündiz imana çagyrdym. Olar meniň bu çakylygymdan diňe gaçdylar. Men olara: «Eden günälerimizi Taňrynyň geçmegini soraň» diýdim. Şonda hem olaryň az sanlysy imana geldi. Olar diňe pyssy-pujurlyklar etdiler. Soňra men: «Eý, Taňrym! ýeriň ýüzünde kapyrlaryň birini hem diri goýma» diýip dileg etdim. Allatagala meniň dilegimi kabul etdi. Ol meniň kapyr kowumymyň hemmesini heläk etdi» diýdi. Men munuň Nuh alaýhyssalamdygyny bildim.

Olardan ýene biri ýerinden turup: «Meni özüne dost tutunan Taňra taryp bolsun! Ol meni näzik adam edip ýaratdy. Ol Nemrudyň oduny maňa sowuk we salamatlyk etdi. Ol meniň aýalymy dogmazlyk belasyndan gutardy. Ol maňa Ysmaýyl we Yshak pygamberi perzent bermek bilen begendirdi. Ol meniň

duşmanym Nemrudy heläk etdi» diýdi. Men munuň Ybraýym alaýhyssalamdygyny bildim.

Olardan ýene biri ýerinden turdy we: «Meniň bilen syrly gepleşen Taňra taryp bolsun! Ol maňa dokuz sany keramat berdi. Olary tagtalara röwşen edip ýazyp goýdy. Meniň kowumym derýadan ötdi. Olaryň aýaklary öl bolmady. Daşdan on iki çeşme çogup çykdy. Olara lezzetli miweleri we tagamly etleri rysgal edip berdi. Ol meniň duşmanym Pyrgauny gark etdi. Pyrgauny we onuň kowumyny azaşmak ýoluna saldy. Dogry ýoly gönükdürmedi» diýdi. Men munuň Musa alaýhyssalamdygyny bildim.

Olardan ýene biri ýerinden turdy we: «Maňa Zebury beren, maňa demri ýumşatmak ylmyny öwreden, daglary maňa boýun eden, maňa edara ediş, hüküm çykaryş syýasatyny öwreden, meniň golum bilen Jaluty heläk eden Taňra taryp bolsun!» diýdi. Men munuň Dawut alaýhyssalamdygyny bildim.

Olardan ýene biri turup: «Maňa ynsy-jyny boýun eden, şemaly, döwleri maňa boýun sunduran, maňa guşlaryň dilini öwreden, maňa gündogardan günbatara çenli aralygy patyşalyk beren Taňra taryp bolsun!» diýdi. Men munuň Süleýman alaýhyssalamdygyny bildim.

Olardan ýene biri turdy. Ol uzyn däldi. Orta boýludy, giň gözlüdi. Ol göýä gyzgyn suwdan çykan ýaly. Ol: «Meni şöhwet suwundan (dölden) ýaratmadyk Taňra taryp bolsun! Meni ol öz emri bilen takwa, ybadatçy aýalyň garnyndan çykardy. Meniň dilegimiň bereketinden dogma kör açyldy, pis düzeldi we Allatagalanyň erki bilen öli direldi» diýdi. Men onuň Isa alaýhyssalamdygny bildim».

Bu pygamberler öz sözlerini aýtdylar. Meniň gaýratym deprendi. Men ýerimden turdum we: «Arşy, Kürsi, Hijaby ýaradandan bäri meniň adymy öz adynyň ýanynda goýan Taňra taryp bolsun! Ol meniň adymy jennetiň işiginiň depesine her bir kagyza, jennetiň ýapraklaryna we halatlaryna ýazdy. Meniň

adymy hutbada, her gün bäş wagt namazda aýdylyp durlan ýokary mertebä göteren Taňra taryp bolsun! Ol meniň ummatymy ýagşy at bilen atlandyrdy. Ol olaryň aýyplaryny ýaşyrdy we başlaryny aşak etmedi. Ol hemme ýer ýüzüni namaz okamaga päk we ýaramly etdi. Ol duşmandan düşen oljany halal etdi. Ol biziň rysgalymyzy naýzamyzyň ujunda etdi. Ol horlygy we zarlygy meniň ýoluma ters bolanlara galdyrdy. Ol meniň ummatym üçin gurbanlygyň ot bilen kabul bolmagyny ýok etdi. Ol maňa Köwser howzuny berdi. Hemme pygamberler dilän zatlaryny dünýäde dilediler. Men olary dünýäde dilemedim. Men dilegimi ahyretde şepagatym üçin goýdum» diýdim. Bu sözleri aýdanymda hemme pygamberler başlaryny yraladylar. Olar: «Sen pygamberleriň möhrüsiň (ahyrysyň). Sen bizden artyk bolduň. Sen ummatyňa işleriniň oňmagyny, ýükleriniň ýeňillikl erini dile» diýip aýtdylar. Ondan soň pygamberleriň käbirleri meniň bilen göge aşdylar. Olaryň käbiri dünýäniň gögünde, käbiri ikinji gat gökde, garaz, her biri bir göge aşdylar. Musa alaýhyssalam meniň bilen bäşinji gat göge bardy. Ol bu ýerde galdy.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Muhammet Jebraýyl alaýhyssalam bilen göge aşanda ol: «Eý, Muhammet! Men Allatagalanyň söýendigi sebäpli seni göge aşyrýaryn» diýdi. Olar Sidretul-Munteha baryp ýetdiler. Jebraýyl alaýhyssalam mundan aňry gitmedi. Resul alaýhyssalam Jebraýyl alaýhyssalamyň elinden tutup, öňe tartdy. Şonuň ýaly haýbatly, ägirt Jebraýyl alaý-hyssalam Allatagalanyň haýbatyndan gorkup, ýaýyň kirşi dek inçeldi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Allanyň resuly! Biziň makamymyz bellidir. Mundan aňry ötsek, bizi ot köýdürer» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl! Sen aşdyryjy bolsaň, näme üçin meni mundan aňry eltmeýärsiň?» diýip, Jebraýyl alaýhyssalamy onda goýdy. Özi bolsa Arşa aşdy. Ondan ötüp geçdi. Ýedi gat gögüň perişdeleri ony görüp haýran galdylar we: «Eý, Taňrymyz! Bu kimdir? Arş onuň gö-

züne ilmeýär, ol Kürse bakmaýar, uçmahy-dowzahy hasaba almaýar» diýip aýtdylar. Hudaýtagaladan: ***«Eý, meniň perişdelerim! Bu meniň päk adymyň yzyndan: «Lä ilähe illalla, Muhammet resululla» diýýäniňizdir. Ol Arşdan, Kürsden geçdi. Hijaplardan ötdi, olary gördi. Ol: «Allatagala bilen iki ýaýyň kirşi ýaly ýa-da ondan hem ýakynrak boldy»*** diýen makama ýetdi. Ondan üstün makam ýokdur. Ol pygamberlerden hiç biriniň ýetmejek ýerine ýetdi» diýen bir owaz geldi. Emma ol Allatagala: «Zat nukdaý nazaryndan ýetdi» diýmek rowa bolmaz, küpür bolar. Kim Haktagalany ýokary, aşak, astyn, üstün, ileri (öň), ortary (yz) bilen ýat etse, kapyr bolar. Hudaýtagalanyň özi bizi munuň ýaly pikirden saklasyn!

*Sowal:* Ýaýa teşbih kylmakda (meňzetmekde) näme sebäp bar?

*Jogap*: Arabyň bir adaty bar. Iki kişi dost bolup, äht etseler, olar iki ýaýy getirýärler. Her biriniň başyny başy bilen, gulagyny gulagy bilen, bogazyny bogazy bilen, kebzesini kebzesi bilen, kirşini kirşi bilen düzüw, deň tutýarlar. Şonuň üçin araplar: «Bu iki ýaýyň başlary, baglary, tutarlary, kirişleri bir-birine deňlendi. Biz ikimiz bir-birimize muwafakatdyrys (laýykdyrys). Biz bir-birimize ters iş etmeris. Biz ähtimizi bozmarys» diýip aýdýarlar.

Taňrydan: «Eý, Muhammet! Men hem seniň bilen äht etdim. Sen meniň buýran emirlerimi bitir. Men hem seniň dilegiňi bereýin. Sen dile, men kabul edeýin. Sen sora, men bereýin. Sen şepagat sora, men bagyşlaýyn. Bu gün men senden hoşnutdyryn (razydyryn). Ertir (kyýamat güni) seniň şepagatyň bilen, men ummatyň günälerini bagyşlaýyn. Sen hem ummatyňdan hoşnut bol (razy bol). Aýat: ***«Ýakyn wagtda seniň Taňryň ummatyň günälerini dilemäge saňa ygtyýar berer, sen şonda razy bolarsyň»*** diýen owaz geldi. Ondan soň ol dileglerini diledi. Olar kabul boldy. Allatagaladan ýene: «Seniň başga näme dilegiň bar?» diýen bir owaz geldi. Pygamber

alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň dilegim – ummatymdyr» diýdi. Taňrydan: «Men saňa ýetmiş müň asyny (günäkäri) bagyşladym» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam sejdä kellesini goýdy. Ýene: «Indi sen näme dileýärsiň?» diýip owaz geldi. Ol: «Ummat dileýärin» diýdi. Ýene: «Men olaryň üçden ikisini bagyşladym» diýip owaz geldi. Ol ýene başyny sejdä goýdy. Ýene: «Sen indi näme dileýärsiň?» diýip owaz geldi. Ol: «Eý, Taňrym! Men ummatymy dileýärin» diýdi. Ýene: «Men altydan bäşini bagyşladym. Eger ol bir ülüşini hem bagyşlasam, Magşar gününde halaýyk ýygnananda seniň şepagatyň, meniň rehmetim nireden bilner? Goý, bu bir ülüş dursun. Kyýamat güni sen şepagat dile, men rehmet bereýin. Sen dileg et, men kabul edeýin. Hemme halaýyk seniň şepagatyňy, meniň rehmetimi bilsin». ***«Eý, Muhammet! Ýakyn wagtda seniň Taňryň ummatyň günäsini diläp almaga saňa doly ygtyýar berer. Sen şonda razy bolarsyň»*** diýip owaz geldi.

*Aýdypdyrlar:* Muhammet alaýhyssalam şol makama (mertebä) ýetende: «Eý, Muhammet! Sen maňa sena aýt!» Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men seniň senaňy aýdyp, onuň ahyryna çykyp bilmerin. Men Seniň maňa aýdan senaňy kabul edeýin» diýdi. Taňrydan: «Eý, Muhammet! «Men arabyň we ajamyň iň dilewarydyryň» diýen seniň özüň dälmi?» diýen owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Meniň ol aýdan sözüm araplar we ajamlar baradady. Bu gün araby we ajamy ýaradan Taňrynyň dergähinde men näme sözläp bileýin?» diýdi. Ýene: «Eý, Muhammet! Beýle bolsa, sen başardygyňça sena aýt» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «At-Tahiýýatu lillähi, wes-salawatu wettaýýibätu (Allatagala salamlar, alkyşlar we ýagşy sözler bolsun)» diýip, sena aýdyp başlady we: «Eý, Taňrym! Ilki salamdyr, ondan soň sözdür» diýdi. Allatagala: «Es-salamu aleýke eýýuhen-nebiýýu we rahmatullahi we berakätuhu (Eý, Pygamber! Saňa Allatagalanyň salamy, rehmeti we bereketi bolsun!)» diýdi. Pygamber alaý-

hyssalam Allatagalanyň salamyna: «Es-salamu aleýnä we alä ybädillähis-salihin (Bize we Allatagalanyň ýagşy bendelerine salam bolsun)!» diýip jogap gaýtardy.

**Beşarat.** Hudaýtagala Pygamber alaýhyssalama salam aýdanda, ol Taňra ähli ýagşy bendeleri özüne ýoldaş edip: «Bize we ýagşy bendelere salam bolsun» diýip jogap aýtdy. Perişdeler Allatagalanyň salamyny we pygamber alaýhyssalamyň jogabyny eşidip, begenip: «Eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Muhammeden abduhu we resuluhu (Biz Allatagalanyň ýeke-täk hudaýdygyna we Muhammediň onuň pygamberidigine, bendesidigine güwälik berýäris)» diýip aýtdylar.

*Aýdypdyrlar:* Ol gije Muhammet alaýhyssalam Allatagaladan ummatynyň: «Eý, Taňrymyz! Bizi hak ýola salanyňdan soň, biziň ýüreklerimizi ol ýoldan başga ýola meýil etdirme! Bize öz tarapyňdan dogry ýolda pugta durmaklygy bagyşla!» diýip ýazygyny diledi. Ol ýene: ***«Eý, Taňrymyz! Eger biz unudyp bir emri terk etsek ýa-da biz ýalňyşsak, onda siz bizi günäkärlemäň»*** diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Ýazyk dört hili bolýandyr: unudyp edilen, hata bilen edilen, mejburlyk bilen edilen we kast bilen edilen ýazyklar. Olardan unudyp edilen, hata bilen edilen we mejburlyk bilen edilen ýazyklar geçilýär» diýdi. Taňry: «Men islesem azap hem berip bilerin. Emma meniň üçin ýazygy geçirmek söýgüliräkdir. Eý, Muhammet! Sen näme dileseň, biz ony saňa bereli» diýip owaz geldi.

*Ýene aýdypdyrlar:* «Eý, Muhammet! Sen biziň permanymyzy bendelere ýetirdiň. Olar muňa näme diýdiler?» diýip owaz geldi. Muhammet alaýhyssalam: «Olar: «Eý, Taňrymyz! Biz Seniň permanyňy eşitdik we oňa boýun sunduk» diýdiler» diýip aýtdy. Ýene: «Eý, Muhammet! Sen: «Olar boýun sundular» diýdiň. Emma men ezel içinde olaryň birnäçesini «Asy», birnäçesine «Zany» (zyna eden) diýdim, birnäçesini çakyr içýän, birnäçesini binamaz bildim. Emma sen olara bu gün

«boýun sunan» diýdiň, Men hem olary seniň aýdyşyň ýaly tutdum. Olar päk däl bolsa hem, sen päksiň. Olar asy bolsalar hem, sen boýun sunansyň. Olar jepa çekdirýän bolsalar hem, sen wepa berýänsiň. Meniň dergähimde seniň ajaýyp hormatyň bardyr. Olar ýüz müň jepa we hata etseler hem, sen olara: «Päk» diýseň, men olaryň ähli jepalaryny we hatalaryny ýalkap, päklärin. Çünki dost dostuň diýenininiň tersine iş etmez. Sen biziň diýenimiziň tersine iş etmediň. Biz hem seniň dilegiňe ters zat etmeris» diýip owaz geldi.

Ýene: «Eý, Muhammet! Sen ummatyňa ýalkawlyk dileýärsiň. Men seniň ummatyňy mundan beýläk ýalkap duraryn. Eger men ýalkamajak bolsam, olara iman bermezdim. Olaryň: «Lä ilähe illalla, Muhammet resululla» diýmekleri ýaraglarydyr. Muglar (oda sežde edýänler), jöhitler, tersalar (haçparazlar), buta sežde edýänler bu sözi aýtmaýarlar. Men seniň ummatyň dilini şahadat bilen ýöretdim. Men olara özümi ylym bilen tanatdym. Olaryň hemmesiniň ýoly Käbä barýar. Eger men olary ýalkamajak bolsam, olara gurban aýyny, remezan aýyny, juma gününi, jemagaty, hajy, umrany, Arafany, zekaty, sadakany, meret gijesini, gadyr gijesini, «Kul huwallahu ahad» süresini bagyşlamazdym. Men olary dowzahdan gutarmazdym. Sekiz uçmahy, hüýri, kusury (jennetiň köşklerini), wildan-gulmany (jennetiň hyzmatkärlerini), anhary (jennetiň derýalaryny), eşjary (jennetiň daragtlaryny), tahur şerabyny (jennetiň arassa şerabyny) wada bermezdim. Eý, Muhammet! Meniň jepbarlygym (ägirtligim) seni şerapata (mertebä) getirdi. Seniň şerapatyň (mertebäň) bizi magrypete (ylma) getirmedi. Eý, Muhammet! Seniň ummatyň näme dileýär?» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrym! Olar unudyp, hata bilen eden ýazyklaryny geçirmegiňi dileýärler»*** diýdi. Ýene: «Men olary geçirdim» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «Meniň ummatyma hata bilen, ýatdan çykarmak bilen, mejburlyk bilen eden günäleri ýazylmasyn» diýdi.

Hudaýtagala: «Adam günä etdi, ötünç sorady. Men ony geçirdim. Çünki ol unudyp günä etdi. Ol bu işi kast bilen etmedi» diýdi. Pygamber alaýhyssalam ummatynyň bilmezlikden eden günäleri üçin ötünç sorady. Şonuň üçin toba etmeklik bilmezlikden ýaman iş edenlere lazym bolýar.

Allatagala: «Eý, Muhammet! Seniň ummatyň ýene näme dileýär?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrym! Olar: «Öňkülere ýüklenen ýaly agyr ýüki biziň üstümize ýükleme!»*** diýýärler» diýdi. Taňrydan: «Biz olaryň agyr ýüklerini düşüreris» diýip owaz geldi.

Öňküleriň tobasy ölümidi. Biziň tobamyz günä işe ökünmekdir. Öňküler ýazyk etseler, tobalary illerinde, ýa-da öýlerinde, ýa-da işiklerinde kabul bolardy. Çünki olaryň namazlary öz mülklerinden daşda, metjitlerinden uzakda rowa bolmazdy. Suw ýok ýerinde olara teýemmum (teýim) rowa däldi. Är hatyna talak berse, ol hatyn äre çykýança oňa başga hatyn almak bolmazdy. Bu zatlaryň bary hezreti Muhammediň ummatyndan göterildi.

Ýene: «Eý, Muhammet! Men seniň ummatyňa agyr ýüki niçik ýükläýin? Men oraza tutana orazasyny unutdurdym. Onuň iýim-içimi bilen garny doýdy. Onsoň, men onuň orazasyny unudandygyny aňdyrdym. Men onuň orazasyny bozmadym, sogabyny kemeltmedim. Men olaryň hemme işlerini oňaý etdim. Saparda arygsyz (päk däl) suw ýoluksa, olar suwuň arygsyzdygyny bilmän täret alsalar, olaryň täretleri rowadyr. Olaryň bilmezligini men: «Bilmän etdiler» diýip hüküm etdim. Men muny geçirdim. Arygsyz suwy aryga tutup, bu ýazyklaryny ötdüm. Senden bir yşarat bolsa, menden ýüz müň beşarat (hoş habar) bolar. Senden hajat bolsa, menden ijabat (kabul etmeklik) bolar» diýip owaz geldi.

Ýene: «Eý, Muhammet! Sen dileme. Dost dostdan dileýän däldir. Dost dosta hüküm eder. Sen hüküm et, men bereýin» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: ***«Eý, Taňrymyz!***

***Biziň başarmajak zadymyzy boýnumyza ýükleme! Biziň ony götermäge güýç-kuwwatymyz ýokdur»*** diýdi. «Muhabbetden (ysnyşykdan) soň pyrak (aýralyk) bardyr. Biz hemme ýüki götereris. Emma pyrak ýüküni göterip bilmeris. «Pyrak» diýmek näme bolar?» diýdi. Taňrydan: «Pyrak» diýmek – «Eý, gul! Sen sansyz tagat etdiň. Emma sen bize gerek dälsiň. Sen köp yhlas etdiň. Sen hezretimize ýaramarsyň» diýmekdir» diýip owaz geldi.

Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrymyz! Biz hemme zada sabyr ederis. Emma biz başarmajak zadymyza sabyr edip bilmeris» diýdi. Taňrydan: «Seniň dilegiňi men kabul etdim. Men sizi başarmajak zatlaryňyzdan aman etdim, namazlaryňyzy iki rekagat etdim. Diläp geldiň, bäş wagt bagyşladym. Bäş namaz etdim. Ony hem dileseň, bagyşlardym. Emma dilemediň» diýip owaz geldi.

Habarda şeýle aýdylypdyr: Pygamber alaýhyssalam aýtdy: «Hudaýtagala ilki maňa elli rekagat namaz buýurdy. Maňa ýolda Musa alaýhyssalam ýolukdy. Ol menden: «Hudaýtagala saňa näme buýurdy?» diýip sorady. Men oňa elli rekagat buýrulandygyny aýtdym. Musa alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Men senden öňki halk bilen mübtela (başagaý) boldum. Seniň ummatyň muny göterip bilmez. Sen ýeňilrägini dile?» diýdi. Men yzyma gaýtdym. Men Taňrydan bu ýüki ýeňletmegi diledim. Taňry maňa bäş namazy geçdi. Kyrk bäş namaz galdy. Men gaýtdym. Musa alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Sen ýene Taňryň ýanyna baryp, namazy ýeňletmegi sora» diýdi. Men ýene Taňrynyň ýanyna bardym. Ol maňa ýene bäş namazy geçdi. Kyrk namaz galdy. Ýene onuň dergähinden gaýtdym. Musa alaýhyssalam ýene öňki sözüni gaýtalady. Men ýene Taňrynyň dergähine geldim. Hudaýtagala bäş wagt namazy galdyrdy. Musa alaýhyssalamyň ýanyna gelsem, ol ýene: «Ýene baryp, namazy ýeňletmegi sora» diýdi. Men: «Eý, Musa! Men Hudaýtagaladan köp utanýaryn. Bu sapar men onuň der-

gähine gitmedim. Bäş namazy kabul etdim» diýdim. Tañrydan: «Eý, Muhammet! Men ilki saňa elli namazy parz edipdim. Men seniň ummatyňa elli namazyň sogabyny bererin. Men kyrk bäş namazy olardan geçirdim. Men olaryň ýüklerini ýeňletdim. Emma sogaplaryny kemeltmedim. Men olaryň her namazyna on sogap bitdim (ýazdym). Bäş namaz boldy, elli sogap boldy» diýip owaz geldi. Aýat: ***«Kim ýagşy iş etse, ol on esse sogap gazanar»***. Allatagala: «Eý, Muhammet! Men seniň ummatyňa beýleki ummatlara bermedik ýeňilliklerimi berdim. Elli namazy bäşe getirdim. Emma onuň sogabyny kemeltmedim. Öňki ummatlaryň zekaty iki ýüz kümüşden kyrkdy. Seniň ummatyňa iki ýüzden bäş buýurdum. Sogabyny tükel berdim (kemeltmän berdim). Olaryň içinde bir gezek haj etmekligiňi parz etdim. Ähli ýazyklaryny bir toba bilen kabul etdim. Geçen günälerini bagyşladym» diýdi.

Ondan soň Muhammet alaýhyssalam hajatlaryny jemledi, soran dileglerini birikdirdi. Ol başga zat dilemedi. Ol eýesine (Taňra) öwrülip durdy we: «Eý, Taňrym! Bu zatlaryň hemmesini maňa bagyşla! Olardan saňa zyýan ýok, ummatyma peýda bar» diýdi. Ýene: «Hudaýtagala ýamanlyklary geçirýär. Men ýamanlyklaryňyzy geçirdim. Indi yzyňa gaýt. Hiç kime aýtma. Biz ýüzügara bolmaly» diýip owaz geldi.

Soň Taňrydan: ***«Eý, Muhammet! Men rehmet edilen däldirin, men rehmet edijidirin. Aýat: «Allatagala möminlere örän rehimdardyr»***. Seniň dilegiň bizi rehmete getirdi, biziň rehmetimiz bolsa, seni hemişe dilege getirer» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrymyz! Sen biziň hökümdarymyzsyň, biziň ýakynymyzsyň, saklaýjymyzsyň we ýardamçymyzsyň» diýdi. Ýene: ***«Allatagala diňe imanlylaryň işini ýeňilleşdiriji hökümdardyr»*** diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: ***«Bize kapyr kowumlaryň üstünden ýardam ber»*** diýdi. Hudaýtagala ýene: ***«Möminlere ýardam bermek biziň boýnumyza wajypdyr»*** diýdi.

Bu ýerde bir görkli beşarat bar: «Eý, Muhammet! Biz seniň ummatyň imanyna güwälik berdik. Aýat: ***«Möminleriň hemmesi Allatagala iman getirdi»***. Biz olary dost tutundyk, biz olary öwdük. Dost dosty öwýändir. Biz olaryň iman getirmegine şükür etdik. Dost dosta şükür edýändir. Dost dostuň aýbyny ýapýandyr. Biz olara rehmet etdik. Dost dosta rehim edýändir».

**Peýda.** Pygamber alaýhyssalam: «Bizden günälerimizi geçir» diýdi. Muhammet alaýhyssalamyň ýazygynyň ýokdugy mälimdir. Ol dileg edende ummatyny dilinden aýyrmady we «Eger olar aýyp we jepa (azap) içinde meniň bilen bolmasalar hem, seniň ýardamyň içinde men olar bilendirin. Eý, Taňrym! Sen olara rehmet et!» diýdi. Taňrydan: «Eý, Muhammet! Olar saňa ummat bolsa, maňa bende dälmidir? Seniň mähribanlygyň meniň rehmetimden artyk däldir. Seniň mähribanlygyň wagtlaýyndyr. Meniň rehmetim ezeldendir. Seniň wagtlaýyn mähribanlagyň bilen bular ýalkanýan bolsa, men: ***«Ämenerrasulu»*** (***«Pygamberler iman getirdiler»***) aýatyny indermezdim» diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «Bize beren näz-nygmatlary üçin Allatagala hamd bolsun! Oňa bu dünýäde we ahyretde sena bolsun!» diýdi. Muhammet alaýhyssalam sözledi, Allatagala bolsa eşitdi. Mukarrap (ýakyn) perişdeler arada ýokdy. Aýat: ***«Allatagala bendesine wahy (habar) berip, inderjek zadyny inderdi»***. Muhammet alaýhyssalama ol gije ýedi gat gögi, ýedi gat ýeri, jenneti, dowzahy we hemme älemleri görkezdiler. Ol bu zatlara gözüniň ujy bilen bakmady. Aýat: **«Onuň gözi bu ajaýyplyklardan doýmady we ol hetden aşmady»**.

*Aýdypdyrlar:* Muhammet alaýhyssalam munuň ýaly hormatlar, keramatlar bilen gaýdar boldy. Taňrydan: «Eý, Muhammet! Halk arasynda resm (adat) bar. Sapar edende dost dosta peşgeş alyp gelýär. Bu gün sen biziň hezretimize sapar etdiň. Sen ummatyňa bir peşgeş alyp bar» diýip owaz geldi. Pygam-

ber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Men näme zat alyp baraýyn?» diýdi. Ýene: «Sen biziň hezretimizde bize: «Et-Tahiýýätu lillähi wessalawätu wettaýýibätu[52]» diýip, sena aýtdyň. Ol halda men: «Es-salamu aleýke, eýýuhen-nebiýýu we rahmatullahi we berekätuhu»[53] diýip saňa salam aýtdym. Sen bolsa meniň salamyma: «Es-salamu aleýnä we alä ybädillähis-salihin»[54] diýip jogap aýtdyň. Perişdeler ony eşidip: «Eşhedu ellä ilähe illallahu we eşhedu enne Muhammeden abduhu we rasuluhu»[55] diýip aýtdylar. Sen bu kelimeleri (sözleri) jemle. Ummatyňa olary bölek edip elt. Olar iki rekagat namazy ödäp tükedenlerinde, namazyň ahyrynda bu kelimeleri aýtsynlar» diýip owaz geldi. Muhammet alaýhyssalam: «Biz seniň kemçiliklerden päkdigiň tarypyny aýdýarys, biz seniň keramatlydygyňy ykrar edýäris» diýdi. Allatagala: «Ýedi gat gögüň perişdeleri ybadat edip, sogap soraýan bolsalar, iki rekagat namaz okap, soňunda bu kelimeleri okanlara men şonça sogap bererin» diýdi.

*Şeýle hem aýdypdyrlar:* Muhammet alaýhyssalam yzyna – Arşa gaýdyp geldi. Ýokarky gat asmanyň perişdeleri: «Bu Muhammet Allatagalanyň eziz guludyr. Onuň baran makamyna kyýamat gününe çenli ýetip biljek ýok. Biz onuň öňünden garşylap çykyp salam bereliň. Onuň gutluk (mübärek) didaryny göreliň we onuň mübärek sözüni eşideliň. Kyýamat gününe çenli bize guwanç bolsun» diýdiler. Olar onuň ýoluny saklap durdular. Öňünden çykdylar, salam berdiler we: «Eý, Allanyň resuly! Sen bize öwüt ber. Seniň ol öwüdiň bilen biziň ýüzümiz Taňrynyň hezretinde hormatly bolsun» diýdiler. Resul alaýhyssalam başyny aşak salyp, pikirlenip, ýene başyny göterdi we: ***«Siz bu hezretde mundan soň: «Nahnu nusabbihu bihamdike we nukaddisu leke» (Biz seni taryplap, kemçiliklerden päkleýäris we biz seni mukaddeslige mynasyp bilýäris) diýip okamaň»*** diýdi. Perişdeler ony eşidip, uýatly bolup gaýtdylar.

*Aýdypdyrlar:* Allatagala: «Muhammet uçmaha girsin, dostlarynyň bossanyna tomaşa etsin» diýdi. Ol uçmaha girdi we

sekiz uçmahy hem mömin gullaryň ornuny gördi. Ol Idris pygambere garşy ýöredi. Idris pygamber Muhammet resulalla salam berdi. Muhammet alaýhyssalam onuň salamyna jogap gaýtardy. Idris alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Meniň saňa bir arzym bar. Men seniň ummatyň bolsam» diýdi. Resul alaýhys-salam: «Eý, Idris! Sen jennete ýetip, ýene meniň ummatym bolmagy nämeden arzuw edýärsiň?» diýdi. Ol: «Eý, Allanyň resuly! Jennetiň içinde haýsy görkli bossana gözüm düşse, men: «Ol bossan maňa bolsun» diýip köňlüm isleýär» diýdi. Taňrydan: «Eý, Idris! Bu bossan Muhammediň ummatynyňkydyr» diýip owaz geldi. Ol ýene: «Bir görkli saraýlar görsem, men: «Olar maňa bolsun» diýip arzuw edýärin» diýdi. Taňrydan: «Eý, Idris! Ol saraýlar Muhammediň ummatynyňkydyr» diýip owaz geldi. Idris pygamber: «Men ýene ondan geçýärin. Men görkli, jemally hüýrleri görýärin. Olar wasp edilşinden artyk. Men: «Käşgä, bu hüýrler meniňki bolsa bolmaýarmy?» diýip, köňül ýöredýärin» diýdi. Şol wagt ýene: «Eý, Idris! Ol hüýrler Muhammediň ummaty üçin ýaradylandyr» diýip owaz geldi. Muhammet pygamber: «Eý, Taňrym! Bu meniň ummatym tagat bilen bu sogaplary tapýarlar» diýdi. Ýene: «Eý, Idris! Olar ýedi günde bir gezek anna (juma) namazyny ödeýärler we bu derejä mynasyp bolýarlar» diýip owaz geldi. Haçan Muhammet pygamber gaýdyp, uçmahdan çykmakçy bolanda bir bölek hüýrler almalar, aýwalar arasyndan başlaryny çykaryp: «Eý, Allanyň resuly! Seniň mübärek aýagyň bu makama degdi. Sen indi kyýamat gelýänçä bu ýere gelmersiň. Bize ummatyňdan biri bilen nika kylyp ber» diýdiler. Resul alaýhyssalam: «Sizi öz muazzinim (azançym) Bilal hebeşi bilen nika etdim» diýdi. Ol: «Eý, Allanyň resuly! Seniň ummatyňda köp teni aklar bar eken. Sen bizi gara Bilala nikalaýarsyň?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam başy goýy (aşak) saldy we: «Siz beýle aýdýarsyňyz. Men baryp Bilala aýdaýyn. Ol sizi unaýarmyka?» diýdi.

**Peýda.**

*Aýdypdyrlar:* Hudaýtagala hüýrleri ýaradandan bäri, olar özlerini bezeýärler. Olaryň bu bezenmeginiň hiç tamamy (soňy) ýokdur. Olaryň görklenmegi diňe kyýamat gününde tamamlanar. Emma olaryň bedenlerinde meňleri bolmandygy üçin görkleri kemter bolar. Kyýamat güni bolsa Bilal hebeşiniň garalygyndan ähli uçmah hüýrlerine nokat-nokat edip, meň paýlap bererler. Her bir hüýre bir meň ondan ýeter. Şunuň bilen olaryň görkleri tamam bolar. Ondan soň Jebraýyl alaýhyssalama: «Biz Muhammedi dostlarynyň bossanyna girizdik. Ol dostlarynyň ornuny gördi» diýen owaz geldi. Ýene: «Indi, ony duşmanlarynyň zyndanyna hem giriz. Ol ony hem görsün» diýen owaz geldi.

Perişdeler Muhammet alaýhyssalamy dowzaha alyp geldiler. Mälik Dowzah ony dowzaha alyp girdi. Mälik oňa her dowzahyň açaryny getirdi. Muhammet alaýhyssalam dürli azaplary gördi. Ol ýerde dürli ýazyklylary dürli ýol bilen gynaýarlar. Olar bir gapa bardylar. Emma onuň gulpunyň açary ýok. Muhammet alaýhyssalam: «Eý, Mälik! Bu gapyny aç!» diýdi. Mälik: «Bu gapynyň açary mende ýok. Onuň açary seniň mübärek barmagyňdyr. Sen onuň bilen bir yşarat et» diýdi. Muhammet alaýhyssalam barmagy bilen bir yşarat etdi. Işik açyldy. Ol ýerde bir är bilen bir hatyny gynaýarlar. Olaryň gözlerinden ýaş akýar.

Pygamber alaýhyssalam ol ärden: «Sen kimsiň? Munça azaba sezewar bolupsyň?» diýip sorady. Ol: «Men seniň ataň Abdylladyryn» diýdi. Muhammet alaýhyssalam hatyndan: «Sen kimsiň?» diýip sorady. Ol aýal: «Men seni dokuz aý garnymda göteren Eminedirin» diýdi. Ol ikisi ýyglap: «Bize şepagat et» diýip, oňa ýalbaryp başladylar. Pygamber alaýhyssalamyň olara ýüregi gyýylyp: «Men bulara dileg edeýin» diýip pikir etdi. Taňrydan: ***«Dowzahylar üçin senden zat soralmaz»*** diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Bular

meniň enem bilen atamdyr» diýdi. Ýene: ***«Eger sen ata bilen enäni soraýan bolsaň, biz saňa olary bereli. Emma onda sen ummatyňy sorama. Ummatyňy biz bileli. Eger sen ummatyňy sorasaň, ata-enäni sorama»*** diýip owaz geldi. Pygamber alaýhyssalam: «Bu ikisi kapyrdylar. Onsoň men seni bir diýip bilen ýüz müňlerçe möminleri nähili göreýin? Maňa ummat gerek. Men ata-eneden geçdim» diýdi.

*Aýdypdyrlar*: Resul alaýhyssalam: «Atam Abdylla, enem Emine: «Bize şepagat et» diýip ymsyndylar. Men olardan ýüz öwrüp gaýdanymda, olar: «Bu nähili ýaman aýralyk?» diýip owaz etdiler. Resul alaýhyssalam gaýgylandy. Ýene: «Eý, Muhammet! Eger men kapyrlygynda ölen müşrigiň günäsini: «Hiç haçan geçmerin» diýip äht etmedik bolsam, men seni kapyrlara hem şepagatçy ederdim. Seniň üçin hemme kapyrlary dowzahdan gutarardym. Emma men seni diňe «Sen razy bolarsyň» diýip, öz ummatyňa şepagatçy etdim» diýip owaz geldi.

Pygamber alaýhyssalam: «Ondan soň men ol ýerden gaýtdym we günbataryň çägine bardym. Jabilka şäherine indim. Ol on iki müň derwezeli şäher eken. Onuň her derwezesinde on iki müň sakçy bar. Bir gijäniň içinde olara ölýänçä nobat ýetmez. Bir derwezeden beýleki derwezä on iki agaçlyk ýer eken. Men olary yslama çagyrdym. Olar yslamy kabul etdiler. Mundan soň men gündogara tarap ýöräp Çabilsa şäherine bardym. Olar Ýajuj we Majuja tabyndylar. Men bulary hem yslama çagyrdym. Emma bular yslamy kabul etmediler. Onsoň men Çyn welaýatyna bardym. Men Hytaý şäherlerinde boldum» diýdi. Aýat: ***«Bu ýerde Musanyň kowumyndan bir taýpa bardy. Olar adamlary hak ýola çagyrýarlar. Olar hakykat bilen höküm edýärler»***. Olaryň imany güýçlüdi. Emma Musa alaýhyssalamdan soň bu ýerde fahyşa (bozuk) işler peýda boldy. Halaýyk bu sebäpden gaýgyly boldy. Hudaýtagala olara ýeriň astyndan ýol we nurdan ýagtylyk berdi. Olar oňa girdiler. Olar dokuz sibtdiler (taýpadylar). Olar nuruň ýagtylygynda

ýörediler. Olaryň iýim-içimleri öňlerinde taýýardy. Olar ondan iýerdiler we içerdiler. Olar tamam iki ýyl, käbir alymlaryň sözüne görä, dokuz aý ýeriň astyndan ýörediler. Ondan soň ol ýerde ýylan-içýan köp boldy.

Pygamber alaýhyssalam olara baryp ýetdi. Ol olary imana çagyrdy. Olar: «Biz sizden öň iman getirdik. Biz musulmandyrys» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam olara şerigat hökümlerini aýdyp berdi. Pygamber alaýhyssalam ol ýerde köp ajaýyplyklary gördi. Olaryň oglanlary ýylan-içýanlar bilen oýnaýardylar.

*Aýdypdyrlar:* Olaryň patyşalary, soltanlary ýokdy. Pygamber alaýhyssalam olaryň düzgüninden habar sorady. Olar: «Biz bir-birimize güýç görkezmeýäris. Biz bir-birimize zulum etmeýäris. Bize dat beriji adam hajat däl»[56] diýip aýtdylar. Pygamber alaýhyssalam olaryň öýleriniň bir-biri bilen deňdigini gördi. Pygamber alaýhyssalam: «Siziň diwarlaryňyzyň hemmesi deň. Bu näme üçin?» diýip sorady. Olar: «Biz tomus gijelerinde hemmämiz daşarda ýatýarys. Biz: «Gijäniň ýeli hemmämize deň degsin» diýýäris» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam olaryň elinde terezi ýokdugyny gördi. Ol muny sorady. Olar: «Biz bir-birimize ynsaplydyrys. Biz artyk almaýarys we egsik bermeýäris. Näçe dilese şonça berýäris. Bize terezi hökman däl» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam olaryň metjitleriniň uzakdadygyny, görüstanlarynyň bolsa ýakyndadygyny gördi. Ol muny hem sorady. Olar: «Sogaby köpräk bolsun» diýip, metjidi uzakdan saldyk. Her wagt çyksak: «Ölülerden görelde alaly» diýip, görüstany ýakyn etdik diýdiler. Pygamber alaýhyssalam olaryň barysynyň däneleriniň bir saraýda ýygnalgydygyny gördi. Olaryň goýun-guzulary dagda gezip ýördi. Olaryň çopany ýokdy. Pygamber alaýhyssalam bu ýagdaýy hem sorady. Olar: «Biz dänelerimiziň barysyny bir saraýa ýygnaýarys. Her kim ondan geregiçe alyp iýýär. Haçan bize et-ýag gerek bolsa, baryp goýun-guzy getirip soýup iýýäris. Biz bir-

birimizden artyk iýmeýäris. Biz özara ylalaşyp iýýäris» diýdiler. Ol ýene gyzly kişiniň ogully kişä barýanyny gördi we bu ýagdaý barada ondan sorady. Ol: «Meniň gyzymyň boýy ýetdi, ogluňa ber» diýýär» diýdi.

Olar: «Eý, Allanyň resuly! Biz şerigatyň hemme hökümlerini berjaý edýäris. Emma Käbe bizden örän daşdadyr. Haja barýança är garraýar, ýene ol yzyna gaýdyp gelýänçä onuň ömri tamam bolýar. Onsoň haj parzy biziň boýnumyzda borç bolup galýar. Biz muňa näme alaç etsek bolar?» diýip soradylar. Pygamber alaýhyssalam olar üçin dileg etdi. Allatagala onuň bu dilegini kabul etdi. Haj günleri bolsa ýere erkli bir perişdä perman bolar. Ol ýeriň damarlaryny tartar. Olaryň ýollary gysga bolar we baryp haj parzlaryny ödärler, ýene ýurtlaryna gaýdyp gelerler.

**Hekaýat.** Bir ýyl haja kafila (kerwen) geldi. Olaryň barçalary garry. Olardan: «Siziň ýigitleriňize haj parz dälmi? Diňe garrylar bolup gelipsiňiz» diýip soradylar. Olar: «Biz şäherimizden çykanymyzda hemmämiz ýigitdik. Biz garraýançak ýol ýöräp geldik. Indi biz öýümize gaýdyp ýeterismi ýa-da ýetmerismi, bilmeýäris» diýip aýtdylar.

*Aýdypdyrlar*: Resul alaýhyssalam gije yzyna gaýtdy. Ammasy Ummahanynyň öýüne geldi. Ol oňa magrajyň habaryny aýdyp berdi. Entek onuň oturan ýeri hem yssydy. Aýat: ***«Hemme aýplardan päk bolan Allatagala öz bendesi (Muhammedi) gijäniň bir böleginde Mekgedäki hormatly Käbe metjidinden Aksa metjidine äkidip getirdi»***.

**Mesele.** Kim resul alaýhyssalamyň magrajyna, ýagny Mekgeden Beýtil-Mukaddese bir gijäniň içinde baryp gelmegine müňkür bolsa, ol kapyr bolar. Eger ol Beýtil-Mukaddesden Kaba-kowseýn (Taňry bilen ýaýyň iki kirşi ýaly ýakynlyk) makamyna aşanyna müňkür bolsa, ol mubtadig (ýolsuz, dinden çykan) bolar.

Äşe Syddykadan (Allatagala ondan razy bolsun!) rowaýat edipdirler: Resul alaýhyssalam magraçdan gaýdyp geldi. Ol Aksa metjidine baranyny halka aýdyp berdi. Olaryň birnäçesi onuň bu sözüne «dogry» diýdi, birnäçesi bolsa bu söze ynanmady. Pitne (gowga) gopdy. Müşriklerden birnäçesi Abu Bekriň ýanyna bardylar we oňa: «Seniň goldaşyň: «Men bir gijäniň içinde Beýtil-Mukaddese bardym, ýene yzyma gaýdyp geldim» diýýär» diýdiler. Abu Bekr: «Ol dogry aýdýandyr» diýdi. Olar: «Ol: «Bir gijäniň içinde Beýtil-Mukaddese bardym, ýene yzyma gaýdyp geldim. Şeýle hem ol: «Şam şäherine daň atmazdan öň baryp, ýene yzyma gaýdyp geldim» diýýär. Sen onuň bu sözlerine ynanýarsyňmy?» diýdiler. Hezreti Abu Bekr: «Ol: «Ondan uzakrak ýedi gat gökden gaýdyp geldim» diýýär. Ol ondan (asmandan) habar berýär. Men muňa hem ynanýaryn» diýdi. Äşe (Allatagala ondan razy bolsun!): «Meniň atam şunuň üçin «Syddyk (dogry sözi tassyklaýjy)» diýip at aldy» diýdi.

**Peýda.** Resul alaýhyssalamyň bir gijäniň içinde Mekgeden Aksa metjidine barmagy hemme sünnet we jemagat eýeleriniň gaşynda dürsdür. Emma bedgat (dinden çykanlar) eýeleri ony kabul etmediler. Magrajyň dürslügine sahabalaryň uluglary telim sahyh (dogry) ahbar (habarlar) rowaýat etdiler. Olardan: Abu Bekr Syddyk, Omar Faruk, Osman Zin-Nureýn, Alyýýul-Murtaza, Abdylla ibn Apbas, Abdylla ibn Mesgut, Enes ibn Mälik, Abu Hureýra, Abu Sagyt Hudary, Mälik ibn Sagsaga, Ymran ibn Husaýn, Abdylla ibn Omar, Abu Salama, Hadika Emeni, Abdylla ibn Zubeýr, Abu Eýýup Ensary, Jabyr ibn Abdylla, Apbas ibn Abdylmuttalyp, Abdylla ibn Awfag, Abu Muslimi Ragy, Ummu Kulsum bint Resulalla, Bilal Hebeşi, Abu Amama Bähili, Usama ibn Zeýt, As we Abdyrahman Aws, Abu Darda, Ummahani bint Abu Talyp, Abu Zerr Gifary, Bilal ibn Sagd, Abu Jennetu Ensary, Ubaý ibn Kagb (Allatagala olaryň hemmesinden razy bolsun!). Bularyň barçasy:

«Magraç hadysy dogry» diýip rowaýat etdiler. Munuň ýaly zat Hudaýtagalanyň gudratyndan geň däldir. Pygamber alaýhyssalama bular ýaly keramatlar mahsusdy. Ol özge pygamberlerde ýokdy. Haçan munuň ýaly habarlar aýdylsa, olara ynanmak bizess wajyp bolar. Emma alymlar (Allatagalanyň olara rehmeti bolsun!): «Pygamber alaýhyssalamyň magraja nähili barandygy barada dürli çapraz pikirleri öňe sürdüler. Olar iki dürli söz aýtdylar. Bir söz – Muhammet alaýhyssalamyň magraja barmagy teni we jany bilendi. Muny aýdanlar: Abu Salama, Abu Hureýra we Huzaýfa Emenidir (Allatagala olardan razy bolsun!).

«Muhammet alaýhyssalam Beýtil-Mukaddese girdi. Ol pygamberler bilen namaz okady. Ol ondan soň göge aşdy, ýene Käbä geldi. Bamdad (ertir) namazyny ödedi. Emma Hatyjanyň (Allatagala ondan razy bolsun!) ýeke özi: «Pygamber alaýhyssalam Beýtil-Mukaddese girmedi, ol ýerde namaz okamady. Ol Byrakdan düşmedi. Ol göge aşdy we gije Mekgä geldi» diýýär. Ikinji söz Äşeden (Allatagala ondan razy bolsun!) rowaýat edilipdir. Ol: «Onuň jany aşdy, emma boýy (göwresi) aşmady» diýýär. Mekgäniň müşrikleri (kapyrlary) (olara Allatagalanyň näleti bolsun!) bibi Äşäniň bu sözüni ýalan diýip hasaplaýarlar. Käbir alymlar (Allatagala olara rehmet etsin!): «Bu sözde iki dürli rowaýat geldi. Olary jemlemek ýagşydyr» diýdiler, käbirleri bolsa: «Magraç iki hili ýagdaýda boldy» diýdiler. Olaryň käbirleri: «Muhammet alaýhyssalam ukuda eken» diýdiler. Beýlekileri bolsa: «Ol oýalykda eken» diýip aýtdylar. Ýene bir rowaýat edipdirler: Pygamber alaýhyssalamyň magrajyna ynanmadylar. Ondan Beýtil-Mukaddes barada: «Sen ol ýerde nämeleri gördüň?» diýip soradylar. Pygamber alaýhyssalam ol ýerde gören zatlaryny bir-bir beýan edip: «Men ol ýerde uly bir çanak gördüm. Onuň içi doly suw, agzy hem örtükli eken. Men onuň gapagyny açdym, ondan suw içdim, ýene ony öňküsi ýaly ýapyp goýdum» diýdi. Pygamber alaýhyssalam

ýene: «Men Şamyň ýolunda ýükli düýeleri gördüm. Olar pylan gün ýetip gelerler» diýdi. Şeýle hem boldy. Bu deliller bilen onuň magrajynyň hem teni, hem jany bilen bolandygy mälim boldy. Emma bedgat (dine garşy gidýänler), howadarlar (nebsine uýýanlar) magraja müňkür bolup, ýene öz aralarynda ylalaşmadylar. Gablanylar (müsürliler): «Magraç asla bolmady» diýip aýtdylar. Babylylar (wawilonlylar): «Magraç diňe Beýtil-Mukaddese çenli boldy» diýdiler. Käbeliler, buharalylar: «Ukuda boldy» diýdiler. Haşawiler (Taňrydan gorkýanlar): «Magraç boldy. Ol gije älem halky üç ýüz ýyly başyndan geçirdiler. Ol gije şonuň ýaly uzyndy» diýdiler. Ibahatylar (bu hadysa ähmiýet berýänler): «Magraç Muhammediň köňlünde bolup geçdi» diýip aýtdylar.

Emma aryg (päk) musulmanlar, sünnet we jemagat ähli şeýle aýtdylar: «Magraç hakdyr. Ol Mekgeden Beýtil-Mukaddese, Beýtil-Mukaddesden göge, gökden beýik gözýetime, ondan Sidratul-munteha, ondan Kaba kowseýne boldy. Kaba kowseýn onuň oýa halynda janynyň syry bilen gijäniň içinde bolup geçdi. Onsoň ony ýene ýerine getirdiler. Onuň ýerindäki düşegi heniz sowamandy, yssydy. Bu işler Allatagalanyň ýanynda geň we kyn däldir. Magrajyň dürslügi ol gün dogmazdan öň bolup geçdi.

*Delil şeýledir*: Resul alaýhyssalam bir gijäniň içinde Beýtil-Mukaddese bardy. Ondan soň: «Ol göge aşdymy ýa-da aşmady?» diýer bolsaň, onda sen Allanyň şu sözüne üns ber: ***«Allatagala öz gudrat goly bilen öz bendesi Muhammedi Käbeden göterip, bir gijäniň içinde asmana gezdirdi».*** Ol şol gijede Beýtil-Mukaddese bardy. Sen özüňden sora: «Bu waka Allatagalanyň gudraty bolmaýarmy?» Eger sen: «Ýok» diýseň, onda kapyr bolarsyň.

*Ikinji delil*: Iblise bir sagatda gündogardan günbata barmak mümkin bolýar. Eýse, keramatly resulallanyň bir gijäniň içinde ýerden göge aşmagy nähili rowa bolmaz.

*Üçünji delil*: Süleýman pygambere (Allatagalanyň oňa ýalkawy we salamy bolsun!) ýele münüp, bir aýlyk ýere bir günde baryp, ýene gelmegi rowa boldy. Eýse, Muhammet alaýhyssalam Byragy münüp, bir gijede Kaba kowseýn makamyna aşyp, ýene yzyna gelse bu nähili rowa bolmaz. Mundan hem geň zat, jadygöýler bir gijäniň içinde duran ýerlerinden Demewent dagyna – Harutyň we Marutyň ýanyna baryp, jadylyk öwrenip, ýene yzlaryna gaýdyp gelýärler. Iblis munça agaçlyk ýere bir gijede baryp, ýene gelýär. Magraç gijesinde Byrak münen Muhammet Mustapanyň ýolçusy (ýolgörkezijisi) Jebraýyl alaýhyssalam, tapuçysy (hyzmatkäri) Mikaýyl alaýhyssalam bilen bir gijede baryp gelmekleri nähili geň bolar? Kimiň ygtykady (ynanjy) muňa geň galmak bolsa, ol kapyr bolar.

*Sowal*: Muhammet alaýhyssalamy magraja aşyrmakda näme maksat bar? Hudaýtagala ony näme üçin gündiz däl-de, eýsem gije magraja aşyrdy? Muňa sebäp nämedir?

*Jogap:* Gündiz eltse, hemme halk ony görerdi. Hudaýtagala: «Bu ahwalat dost-duşmandan ýaşyryn bolsun» diýdi. Şeýle hem dost dosta, aşyk magşuga, söýülýän söýýäne gije gowuşýandyr.

*Aýdypdyrlar*: «Perişdeler gögüň aýyny köp görüpdiler. Olar: «Ýeriň aýyny (Muhammedi) görsünler» diýip, ony gije asmana göterdi».

*Aýdypdyrlar*: «Aýatyl-kürsüni getirenlerinde ýetmiş müň perişde ýere indi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Allanyň resuly! Seniň ummatyň bir gezek «Aýatyl-kürsüni» okasa, oňa Kürsüň ululygyça sogap berer» diýdi. Muhammet alaýhyssalam Kürsi görmekligi isledi. «Aýatyl-kürsüniň» sogabyny bilmegi üçin, Kürsi görmegi üçin Hudaýtagala ony magraja aşyrdy. Ol «Aýatyl-kürsüniň» ýazgysy bir bölek zümerretde eken. Emma onuň ululygy örän geňdir. Onuň ýanynda ýedi gat ýer we ýedi gat gök bir jaýdaky adamlar ýaly. Onuň öňünde on müň kürsi, yzynda on müň kürsi, sag gapdalynda on müň kürsi, çep

gapdalynda on müň kürsi bar. Her bir kürsüde on müň perişde ör turup, «Aýatyl-kürsüni» okaýarlar. Olar okanlarynyň hemme sogabyny Muhammet alaýhyssalamyň ummatyna bagyşlaýarlar.

Ýene bir kowl (söz) şeýledir: Hatyja (Allatagala ondan razy bolsun!) ölende arap kapyrlary Muhammet alaýhyssalama görnetin duşmançylyk we göripçilik etdiler. Abu Talyp dirikä, ol hezreti pygamberi olardan gorardy. Abu Talyp ölensoň, Abu Jähl, Ataba, Şaýba we beýleki kapyrlar oňa emgek baryny berip başladylar. Ol gaty emgendi. Emma derdini paýlaşjak adam tapmady. Agşamara ol Ummahanynyň öýüne geldi. Onuň işigini kakdy. Ummahany ony garşylap öňünden çykdy. Ol oňa hormat-sylag etdi. Ony öýüne getirdi. Ol oňa iýim-içim getirdi. Resul alaýhyssalam: «Eý, amma (ejeke)! Meniň nahar iýmeklige islegim ýok. Kapyrlaryň maňa berýän jepasy, süňňümden ötüp, janyma ýetdi. Men bu gije namaz okap, Taňrym bilen syrlaşaýyn» diýdi. Pygamber alaýhyssalam namaza durdy. Ummahany: «Meniň öýüm goragsyz. Mekge duşmandan doly. Eger olar Muhammedi öldürmäge kast edip gelseler, men olar bilen söweşip, janymy pida edeýin» diýip erkekler ýaly eline gylyç alyp, öýüň degresinde Muhammedi saklap başlady. Uka erkli bolan perişdä: «Älem halkyny uka sal» diýip perman boldy. Ol barçany uýutdy (uklatdy). Ummahanynyň ýeke özi uklaman galdy. Ol perişdä: «Ummahanyny uklat» diýen perman boldy. Ummahany gylyjy alyp, ör turanda başyny diwara söýäp uklady. Taňrydan: «Eý, Jebraýyl! Bu gije Muhammediň garawuly galmady. Ol häzir dünýäde ýalňyzdyr. Bar, sen ony kurb makamyna (meniň dergähimiň ýakyn ýerine) getir. Onuň gutly (mübärek) gadamy Arşa degsin. Men onuň razyny (syryny) diňläýin, hajatyny bitireýin we dileglerini bereýin» diýip perman boldy. Jebraýyl alaýhyssalam ýetmiş müň perişde bilen geldi. Ol täç we Byrak getirdi we Muhammedi müň hormat bilen göge aşyrdy. Ummahany

oýandy. Ol: «Lä hawla we lä kuwwete illä billähil aliýýil-azym (Allatagalanyňky ýaly güýç-kuwwat hiç bir zatda ýokdur)» kelimesini aýdyp, işige geldi. Diňledi, emma hiç bir ses eşitmedi. Ol resul alaýhyssalamy gözledi. Emma ony hiç ýerden tapmady we daş çykyp perýat etdi. Emma ol: «Eý, ejiz hatyn! Ses etme! Seniň gözleýän kişiň Sidretul-muntehadan aňry aşdy» diýen bir owaz eşitdi. Aýat: ***«Hemme kemçiliklerden päk bolan Allatagala öz bendesi Muhammedi Haram***[57] ***(Käbe) metjidinden göterip, asmanlara aşyrdy»***. Magrajyň manysy, ine, şeýledir.

Ertesi bu habar dost-duşmana ýaýrady.

*Aýdypdyrlar:* Resul alaýhyssalam bibi Patmanyň hüjresine girdi. Ol oňa magrajyň habaryny aýdyp berdi. Bibi Patma muňa sewindi (guwandy). Resul alaýhyssalam bibi Patmanyň hüjresinden çykmakçy boldy. Bibi Patmanyň Fyzza atly garabaşy (gyrnagy) bardy. Ol hezreti resulyň etegini tutdy we: «Eý, Allanyň resuly! Sen magrajyň kyssasyny bibi Patma aýdyp berdiň. Sen ummata beşarat (hoş habar) berdiň. Onuň sogaplaryny bize aýdyp beriň. Men dek ejiz guluň bolan bendelere Hudaýtagaladan näme hoş habar getirdiň?» diýip aýtdy. Pygamber alaýhyssalam: «Sen maňa gulagyňy tut» diýdi. Fyzza oňa gulagyny tutdy. Pygamber alaýhyssalam: «Siz menden her bir zadyň sebäbini soraň. Men onuň jogabyny aýdaýyn» diýdi.

**Mynajat.** Eý, Taňrym! Sen ýalbaranyň dilegini kabul etdiň. Diläne dilegini berdiň. Biz günäli jepakärleri hezreti Muhammediň berekedinden ýalkap, dowzahyň azabyndan gutaryp, sekiz uçmaha ýetirip, öz didiraňy görmeklige mynasyp et!

**Hekaýat.** Resul alaýhyssalam Ummahanynyň öýünde ýatyrdy. Hezreti Jebraýyl oňa Byrak getirdi. Onuň ýüzi adamyň ýüzüne meňzeýär. Ol düýeden kiçi, atdan bolsa uly. Pygamber alaýhyssalam oňa münmäge hyýal etdi. Byrak ony mündürmän gaçdy. Hezreti Jebraýyl: «Eý, Byrak! Sen munuň Allatagalanyň habyby Muhammetdigini bilmeýärsiňmi? Sen näme üçin

biedeplik edýärsiň?» diýdi. Byrak: «Men ony bilýärin. Emma meniň bir hajatym bar. Şonuň üçin men ony üstüme mündürmedim. Eý, Allanyň resuly! Kyýamat güni ýüz müňlerçe byraglar bardyr. Olaryň menden ýüz esse gowulary geler. Onsoň maňa nobat ýetmez. Şol güni sen maňa şepagat edip, meni münseň, men hezzet-abraý tapsam?!» diýdi. Pygamber alaýhyssalam onuň bu sözüni kabul etdi. Ondan soň ol Byraga mündi. Hezreti Jebraýyl onuň jylawyny eline aldy we aýtdy: «Eý, Allanyň resuly! Bu ýolda saňa bir kişi seslense, sen oňa bakma. Bir söz sorasa, sen oňa jogap berme» diýdi.

Olar howadan gidip barýardylar. Birden: «Eý, Muhammet! Sen ýoluňy ýalňyşypsyň» diýip owaz geldi. Muhammet alaýhyssalam muňa bakmady. Ondan soň ýolda bir gyz söz sorady. Ol muňa hem jogap bermedi. Ilki owaz eden şeýtandy, soňky söz soran dünýädi. Olar bu ýerden ötüp gitdiler. Bir daşdan öküz çykdy. Ol yzyna deşige girjek boldy. Emma ol deşige sygmady. Jebraýyl alaýhysalam: «Eý, Muhammet! Ol daş seniň ummatyňdyr. Ol öküz agyzdan çykan sözdür. Sözi aýdanyňdan soň, puşman bolup, gaýtaranyň peýdasy bolmaz. Agyzdan çykan söz ýaman bolsa, bu sebäpden dünýäde we ahyretde şermende bolarsyň» diýdi. Olar bu ýerden ötüp, iki kişä ýolukdylar. Olaryň biri garry, biri bolsa ýaş. Olar ýaşa mähribanlyk etdiler, garrynyň ýüzüne bakmadylar. Hezreti Jebraýyl: «Olaryň garrysy şeýtandy, ýaşy bolsa afiýetdir (günä geçmekdir)» diýdi. Olar ýene bir kişä sataşdylar. Ol bir golunda süýt, beýleki golunda bolsa şerap tutup dur. Pygamber alaýhyssalam süýdi içdi. Ol süýt şeraby tahurdy (jennetiň arassa şerabydy). Beýlekisi bolsa dowzahyň zäheridi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Siziň ummatyňyz hem behiştiň şerabyndan içer» diýdi. Ondan soň bir perişde dört sany don getirdi. Olaryň biri ýaşyl, biri gyzyl, biri gara, biri sary. Pygamber alaýhyssalam olardan ak bilen ýaşyly halap aldy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Ak don şerigatdyr, ýaşyl don möminlerdir,

garasy kapyrlardyr, sarysy jöhitlerdir. Olary almadygyň ýagşy boldy» diýdi. Olar ondan hem ötüp gitdiler. Bir garry kişi jan çekip, altyn ýygnaýar. Emma ol ony göterip bilmeýär. Soňra ol odun ýygnamaga başlaýar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu dünýä köňül beren adamlardyr. Ol dünýä aldanyp, Haky unudypdyr. Onuň Hakdan habary ýok. Ol ýene: «Dünýä» diýýär. Ondan ötüp geçip gitdiler. Bir kişi guýa bedre salyp, suw çekip duran eken. Emma onuň bedresi gury çykýar. Pygamber alaýhyssalam hezreti Jebraýyldan: «Eý, doganym Jebraýyl! Bu nähili wakadyr?» diýip sorady. Ol: «Ol ryýa (il ýüzüne edilen) ybadatdyr. Ondan oňa hiç hili sogap ýokdur» diýdi. Onsoň olar iki gazan gördüler. Olaryň birinde halal et, beýlekisinde haram et gaýnap dur. Käbir adamlar halaly goýup, haramy iýip durlar. Hezreti Jebraýyl: «Ol kişi özüniň halal aýalyny goýup, bozuk aýal bilen söhbet edýän adamdyr» diýdi.

Olar bu ýerden ötüp, Aksa metjidine geldiler. Muhammet alaýhyssalam Byrakdan düşdi we metjide girdi. Bu ýerde adamlar ýygnanypdyrlar. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl! Bular kimlerdir?» diýip sorady. Ol: «Bular pygamberlerdir. Olar siziň berekediňizi görmek üçin bu ýere gelip, ýygnanypdyrlar» diýdi. Bular Muhammet alaýhyssalamy mähraba ötürdiler. Olar jemagat bolup, iki rekagat namaz okadylar. Hemme pygamberler Muhammet alaýhyssalamy ymam goýup, oňa uýdular. Ol birinji rekagatda «Fatyhanyň» yzyna «Elem tera» süresini zamm kyldy (goşup okady), ikinji rekagatda «Fatyhanyň» yzyna «Li iläfi» süresini goşdy.

Ondan soň ol ikisi bu ýerden çykdylar. Olar bir çadyr gördüler. Onuň depesi asmana degip dur. Onuň bir paýasy (sütüni) kümüşden, ýene bir paýasy bolsa altyndan. Perişdeler bu çadyrdan asmana çykyp, ýene düşüp durlar. Olar ondan ötüp, bir derýa gördüler. Onuň nury bu dünýäniň hemme derýalarynyň şuglasyny özünde jemleýär. Olar ondan ötüp, şemalyň hazynasyna ýetdiler. Oňa ýetmiş müň gulp urulgy

eken. Ol gulplaryň her birine ýetmiş müň perişde wekilçilik (garawulçylyk) edýän eken. Pygamber alaýhyssalam her hili geň-taň zatlary gördi. Onsoň olar birinji gat asmana bardylar. Bu ýerde sansyz perişdeler Allatagala tesbih (taryp) aýdýan ekenler. Bu perişdeleriň gorkunçdan ýaňa başlary aşak, aýaklary bolsa ýokarydy. Bular bu ýerde Adam alaýhyssalamy gördüler. Onuň bilen salamlaşyp görüşdiler.

Olar ondan ötüp, bir jemagat gördüler. Olar ekin ekmäge meşgul bolýar ekenler. Olar bir ýandan ekip, bir tarapdan orýarlar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular Allatagala yhlas bilen ybadat edýänlerdir we sadaka berýänlerdir» diýdi. Olar ondan ötüp, bir jemagaty gördüler. Perişdeler olary urýarlar we başlaryny ýençýärler. Olar ýene öňküsi ýaly düzelýärler. Perişdeler olary gaýtadan urýarlar. Olaryň bu azaby tä kyýamat gününe çenli dowam eder. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular namazlaryny ünssüz berjaý edenlerdir» diýdi. Olar bu ýerden ötüp, bir taýpany gördüler. Olaryň özleri teşne. Dilleri agyzlaryndan bir garyş çykyp dur. Olary dowzah tarapa sürüp barýarlar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular mallaryndan zekat bermediklerdir we adamlara rehimdarlyk etmediklerdir» diýdi. Ondan ötüp, bu ikisi bir topar adamlary gördüler. Bulary otdan ýasalan dardan asyp goýupdyrlar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular ýoluň üstünde (peşap etmek, ýazylmak) ýaly gabahat işleri eden adamlardyr» diýdi. Olar ondan ötüp, bir topar adamlary gördüler. Olaryň dillerini otdan gaýçy bilen kesip durlar. Olaryň dili ýene öňki kaddyna gelýär. Onsoň olaryň dillerini ýene kesýärler. Bu azap bermeklik olar üçin tä kyýamat gününe çenli dowam eder. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular umaralara (wezir-wekillere), patyşalara peýda ýetirip, garyp-gasarlara zyýan berenlerdir» diýdi. Olar ondan ötüp, bir jemagat adamlary gördüler. Olar öz endamlaryndan etlerini üzüp, ony özleri iýýärler. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular kişiniň hakyny nähak iýenlerdir» diýdi. Olar ýene bir topar adamlary gördüler.

Olaryň dilleri arkasyna dartylyp, keşpleri özgerdilipdir. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular ýalan söze güwälik berenlerdir» diýdi. Olar ýene bir topar adamlara sataşdylar. Olaryň garny sallanyp, aýaklaryna çenli düşüpdir. Olaryň aýaklaryna otdan zynjyr urlupdyr. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular süýthorlardyr» diýdi. Olar ýene bir bölek adamlary gördüler. Olary pyçak bilen bogazlapdyrlar. Olaryň agyzlaryndan sary gan akyp dur. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular nähak gan dökenlerdir» diýdi. Olar bir topar aýallary gördüler. Olaryň ýüzleri gara, özleri otdan lybas geýipdirler. Olary otly sütünler bilen urýarlar. Olaryň göwreleri bölek-bölek bolýar. Ol bölekleri ýygnap, olaryň göwrelerini öňki durkuna getirýärler. Olary ýene urýarlar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular ärlerine azar beren aýallardyr» diýdi. Olar ýene bir topar adamlary gördüler. Olaryň gulak-burunlaryny ýylan-içýanlar çakyp dur. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular dilleri bilen iman aýdyp, ony ýürekleri bilen tassyklamadyk adamlardyr. Olar munapyklardyr (iki ýüzlülerdir)» diýdi. Olar ýene dillerinden ýylanlar asylyşyp, azap berýän adamlary gördüler. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular ata-enelerine azar berip, olaryň diýenlerine gulak asmadyk adamlardyr» diýdi. Olar endamlaryna mis tabaklardan ot goýup, burunlaryndan zerdap (öt) gelip duran aýallary gördüler. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bular özlerini nämähremlere (keseki adamlara) görkezen aýallardyr» diýdi. Olar ýene bir perişdäni gördüler. Onuň bilinden ýokarysy otdan, bilinden aşagy bolsa buzdan. Jebraýyl perişde: «Bu bulutlara wekilçilik edýän perişdedir» diýdi. Soňra olar bir derýa baryp ýetdiler. Onuň suwy süýtden ak. Bu derýanyň ady «Bahrul-haýawan (dirilik suwy)» diýilýär. Owwalda ahyrda adamlar direlip, başlaryny görden göterenlerinde gelip, ol derýanyň suwundan içerler.

Onsoň olar ikinji gat asmana ýetdiler. Olar bir nury gördüler. Muhammet alaýhyssalamyň oňa haýran galdy. Bu asman gyzyl ýakutdan eken. Bu ýerde Ysrapyl alaýhyssalam bar eken.

Onuň ýanynda iki ýüz müň perişde bar. Olar Ysrapyl alaýhyssalam bilen salamlaşyp görüşdiler. Olar bu ýerde hezreti Musa we hezreti Isa sataşdylar. Olaryň hemmesi Allatagalanyň ybadatyny we tesbihini edýärler.

Olar mundan ötüp, üçünji gat asmana bardylar. Olar bu ýerde hem sansyz perişdeleri gördüler. Olar Allatagala tesbih aýdýarlar. Muhammet alaýhyssalam bu ýerde Ýusup alaýhyssalama sataşdy we onuň bilen salamlaşyp görüşdi. Soňra ol Dawut alaýhyssalamyň ýanyna salam berip geldi.

Soňra olar dördünji gat asmana baryp ýetdiler. Bu ýerde hem sansyz perişdeler Taňra hamd aýdýan ekenler.

Soňra olar bäşinji gat asmana aşdylar. Ol sary ýakutdan eken. Muhammet alaýhyssalam bu ýerde otly kürsiniň üstünde oturan haýbatly bir perişdäni gördi. Ol egnine otdan lybas geýnipdir. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu Mälik Dowzahdyr (dowzahyň patyşasydyr)» diýdi. Ol Muhammet alaýhyssalama mähribanlyk etmedi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu kişi Allanyň resuly Muhammetdir» diýip, oňa aýtdy. Ol şol wagt ötünç sorap, pygamber alaýhyssalam bilen salamlaşyp görüşdi we: «Eý, Allanyň resuly! Allatagala meni öz gahar-gazabyndan ýaradypdyr. Şonuň üçin mende rehim-şepagat ýokdur. Günäkär bende meniň elime düşse, men ony ýüz müň dürli azap bilen gynaýaryn» diýdi. Pygamber alaýhyssalam oňa: «Eý, Mälik Dowzah! Maňa dowzahy görkez?!» diýdi. Mälik Dowzah: «Maňa Hudaýtagalanyň permany bolmasa, men hergiz dowzahyň işigini açmaryn» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Mälik! Taňrynyň: «Ol näme islese, sen oňa ony görkez» diýen permany bar» diýdi. Mälik Dowzah dowzahyň işiklerini açdy. Muhammet alaýhyssalam onuň içine girdi. Ol bu ýerde ýylan-içýanlary gördi. Olaryň her biriniň tüýleri abdar (hanjar) ýaly. Mälik Dowzah: «Eý, Muhammet! Bu dowzahyň dört paýasy (sütüni) bardyr. Her paýasynyň arasy otuz müň ýyllyk ýoldur. Bu dowzahyň otuz müň başy bardyr. Her başynda otuz müň agzy

bardyr. Her agzynda otuz müň dişi bardyr. Her dişinde otuz müň zynjyry bardyr. Her bir zynjyr bir perişdäniň golundadyr. Her bir perişdäniň şeýle bir goly bardyr. Eger ol islese, goly bilen ýedi gat ýeri we ýedi gat asmany göterer. Şunuň ýaly perişde şol ýylana wekildir» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Mälik! Siz dowzaha näçe mahaldan bäri ot ýakýarsyňyz?» diýip sorady. Mälik Dowzah: «Eý, Muhammet! Men müň ýyl ot ýakdym. Dowzah garaldy. Ýene müň ýyl ot ýakdym. Dowzah gyzardy. Ýene müň ýyl ot ýakdym. Dowzah agardy.

Dowzah ýedi gatdyr. Biri Jehim, biri Laza, biri Hutama, biri Jähennem, biri Sagyr, biri Sakar, biri Häwiýe. Dowzahda üç müň zyndan bar. Her biriniň çuňlugy üç müň ýyllyk ýoldur. Her zyndanda müň otdan dag bardyr. Her dagda müň gowak bardyr. Her gowakda müň şäheristan bardyr. Her şäheristanda müň mähelle bardyr. Her mähellede ýedi ýüz müň otdan saraý bardyr. Her bir saraýda ýedi ýüz müň zyndan bar. Her bir zyndanda ýedi ýüz müň sandyk bar. Her bir sandykda ýedi ýüz müň ýylan, her ýylanyň ýedi ýüz müň başy bar. Her başynda ýedi ýüz müň agzy bar. Her agzynda ýedi ýüz müň dişi bar. Her dişinde ýedi ýüz müň halka, her halkada ýedi ýüz müň zynjyr. Her zynjyryň agyrlygy Kap dagynyň agyrlygyça bardyr. Şunça uly dowzah bir perişdäniň agzyndadyr.

Hudaýtagaladan perman bolýança ol perişde agzyny açmaz we dem almaz. Eger ol agzyny açsa, deminiň gyzgynlygyndan hemme älemdäki janawarlar köýerler we derýalar gaýnar» diýdi. Olar ondan ötüp, bir derýany gördüler. Hiç bir mahluk onuň ýaly derýany gören däldir. Muhammet alaýhyssalam bir är-hatyny gördi. Olary her gün azaplar berip gynaýarlar. Dowzahyň barça kyn azaplaryndan bularyň görýän azaplary artygrakdyr. «Bular nähili kişilerdir?» diýip sorady. Mälik Dowzah: «Bularyň atlaryny aýtmaklyga perman ýokdur» diýdi. Taňrydan: «Eý, Jebraýyl, aýt!» diýip bir owaz geldi. Mälik Dowzah: «Eý, Muhammet! Olar siziň ataňyz Abdylla bilen eneňiz Emi-

nedir» diýdi. Muhammet alaýhyssalam bihuş boldy. Ol huşuna gelip, olaryň günäsini Allatagaladan diledi. Ýene: «Eý, Muhammet! Sen ata-eneň günäsini dileýärsiňmi ýa-da ummatyň günäsini?» diýip owaz geldi Muhammet alaýhyssalam ahy-nala bilen arz etdi we «Eý, Taňrym! Men: «Günäkär, jepakeş ummatym» diýýärin» diýdi. Ondan ötüp, olar gol-aýaklary zynjyrly, dürli-dürli azaplary çekýän bir kişini gördüler. Pygamber alaýhyssalam: «Bu kimdir?» diýip sorady. Mälik Dowzah: «Bu Abu Talypdyr» diýdi.

Olar ondan ötüp Beýtil-Magmura ýetdiler. Onuň iki işigi bar. Ululygy bu tarapyndan ol tarapyna çenli bäş ýüz ýyllyk ýoldur. Onuň bir haşty (kerpiji) ýakutdan, bir haşty zeberjetden, diwary altyn-kümüşden. Içinde bir münber gurulgy, ol ýakutdan. Hezreti Muhammet ol öýüň wezipesini sorady. Jebraýyl perişde: «Her gün ýetmiş müň perişde bu öýi togap edýärler. Her jumada perişdeler munda namaz okaýarlar. Onuň sogabyny siziň ummatyňyzyň juma namazyny okanlara bagyşlaýarlar» diýdi.

Olar ondan ötüp, altynjy gat asmana bardylar. Perişdeler gelip, hormat bilen salam berdiler. Bu gatda hem sansyz perişdeler Allatagala hamd aýdýarlar. Bu gatyň başlygynyň ady Sabkaýyl eken. Ol: «Eý, Muhammet! Siz dowzahy görüp, köp perişan bolan ekeniňiz. Men sizi behişte alyp baraýyn. Siz ony görseňiz, göwnüňiz açylar» diýdi. Ol Muhammedi Jennetiň patyşasy Mälik Ryzwanyň ýanyna getirdi. Mälik Ryzwan: «Hudaýtagala meni öz rehmetinden ýaratdy. Jennetiň hemme hazynasy meniň golumdadyr» diýdi. Ol hezreti Muhammediň elinden tutup jennete alyp girdi. Bu ýerde oňa hüýr, gulman (hyzmatkär ýigitler), wildan (hyzmatkär oglanlar) tagtlary, şireşerbetleri we kandylatlary (çyralary) görkezdiler. Muhammet alaýhyssalam: «Men jennetiň rahatlyklaryny göremde dowzahyň azaplary meniň köňlümden aýrylyp gitdi» diýdi. Jennetiň saraýlarynyň işikleri ýakutdandy. Miweleri bolsa çigdi. Jebra-

ýyl alaýhyssalam: «Siz jennete girýänçäňiz, oňa hiç kim girmez. Ol wagta çenli onuň miweleri bişmez» diýdi. Pygamber alaýhyssalam bir menzilgäh (köşk) gördi. Onuň depesi Arşa ýetip dur. Ol hemme menzilgähden ýagşy eken. Mälik Ryzwan: «Bu siziň nesliňiziň öýüdir» diýdi. Şol wagt bir mylaýym şemal ösdi. Ol hezreti Muhammedi ol ýere alyp bardy. Hezreti Muhammet ýakutdan bir gupba gördi. Onuň ýetmiş müň burçy bar. Her burçunda ýetmiş müň küňresi (diňi) bar. Her küňräniň arasynda ýetmiş müň çyra bar. Her çyranyň arasynda ýetmiş müň sypa (seki) bar. Her sekide ýetmiş müň tagt bar. Her tagtyň üstünde bir baýdak bar. Her baýdagyň düýbünde hüýrgulmanlar ýetmiş gat hülle (halat) geýnipdir. Her hüllä: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýip, nagyş bilen ýazylgydyr. Ýakasynda eýesiniň ady ýazylypdyr.

Olar ondan geçip, altyn-kümüşden, lagl-göwherden bir meýdan gördüler. Onuň ortasyndan dört aryk (ýap) akyp dur. Onuň birinden süýt, birinden bal, birinden şerap, birinden suw akýar. Muhammet alaýhyssalam bu derýalary yzarlap gaýtdy. Ol ak göwherden bir gupba gördi. Ol derýalar şol gupbanyň içinden çykyp gelýän eken. Onyň kenaryndaky otlaryň hemmesi zagpyran, sünbül, läle, reýhandyr, daşlarynyň hemmesi lagl-jöwher, zeberjet, merwerit, topragy bolsa müşki-anbar eken. Mälik Ryzwan hezreti Muhammede bir alma getirip berdi. Muhammet alaýhyssalam ony elinde tutup barýarka ýardy. Onuň içinden bir hüýr çykdy. Hemme behişt onuň ýüzünden röwşen boldy. Muhammet alaýhyssalam ondan: «Sen kimiňki?» diýip sorady. Ol: «Men hezreti Alynyňkydyryn» diýdi. Mälik Ryzwan oňa ýene bir nar getirip berdi. Muhammet alaýhyssalam ony hem ýardy. Onuň içinden bir hüýr çykdy. Bu hüýr öňküden on esse ýagşyrakdy. Onuň ysy ähli behişdi hoş ysly etdi. Muhammet alaýhyssalam ondan: «Sen kimiňki?» diýip sorady. Ol: «Men möminleriň emiri Osmanyňkydyryn» diýdi. Muhammet alaýhyssalam muňa haýran galyp durdy. Mä-

lik Ryzwan oňa ýene bir alma berdi. Muhammet alaýhyssalam ony hem ýardy. Onuň içinden bir hüýr çykdy. Onuň tamam bedeni müşk-anbardan. Muhammet alaýhyssalam ondan: «Sen kimiňki?» diýip sorady. Ol: «Men Omaryňkydyryn. Allatagala ondan razy bolsun!» diýdi. Mälik Ryzwan hezreti Muhammede ýene bir alma berdi. Onuň içinden hem bir hüýr çykdy. Onuň görki öňkülerden ýüz esse artykdy. Muhammet alaýhyssalam ondan: «Sen kimiňki?» diýip sorady. Ol: «Men hezreti Abu Bekr Syddygyňkydyryn. Allatagala ondan razy bolsun!» diýdi.

Ondan soň Mälik Ryzwan hezreti Muhammediň goluna bir sary zer berdi. Onuň içinden bir hüýr çykdy. Munuň ýanynda beýleki hüýrler gün bilen ýyldyz ýaly tapawutlydy. Munuň nurundan hemme behişt nurlandy. Ol hüýr: «Eý, Muhammet! Men seniň hyzmatkäriňdirin» diýdi. Muhammet alaýhyssalam bu wakalary görüp, Hudaýtagala ýüz müň şükür etdi. Ol şat bolup, ýene bir menzilgähe çykdy. Allatagaladan: «Eý, Muhammet! Sen ajaýyp zatlary gördüň. Men bu zatlaryň hemmesini seniň ummatyň üçin ýaratdym. Bu zatlar yhlas bilen tagat edenleriň nesibesidir. Olar iýerler-içerler, emma böwl (peşew)-gaýyt (ýazylmak) etmezler. Bir lukmanyň lezzeti olardan hergiz gitmez» diýdi.

Ondan soň olar bir ýere gelip durdular. Muhammet alaýhyssalam tagtyň üstünde oturdy. Ony magraç bilen mübäreklediler. Taňrydan: «Eý, Muhammet! Bu gije uly sogaply gijedir. Bu gijede dost-dosta gutlag aýdar. Hojasy guluna mähribanlyk eder. Seniň ummatyň ejizdir. Sen olar üçin köp yhlas et. Olara ýeňillik bolsun!» diýen owaz geldi.

Olar ondan ötüp, ýedinji gat asmana bardylar. Ol ýaşyl zümerretden. Muhammet alaýhyssalam onda bir perişde gördi. Ol kürsüde otyr. Ol onuň ululygynyň hasabyny çykaryp bilmedi. Onuň dört başy bar. Her başynda dört ýüzi bar. Onuň her bir ýüzi Arşa bakyp dur. Ol: «Eý, Taňrym! Muhammediň ummatynyň günäsini geç. Olary dowzah azabyndan halas et» diýdi.

Onuň bir ýüzi behişte bakyp durar. Ol: «Eý, Taňrym! Muhammediň ummatyna behişti nesip eýle» diýip aýdýar. Onuň bir ýüzi: «Eý, Taňrym! Muhammediň ummatynyň hemmesine rehmet eýle» diýýär. Onuň ýene bir ýüzi: «Eý, Taňrym! Muhammediň görüni giň eýle» diýýär.

Ondan soň olar bir kürsi gördüler. Onuň ululygy ýedi asmança bar. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu bir uly perişdäniň kürsüsidi. Ol size bihormatlyk etdi. Bu sebäpden ol Taňrynyň gazabyna sezewar boldy. Men ony ganatym bilen urdum. Ol Kap dagynyň arkasyna düşdi» diýdi.

Olar ondan ötüp, iki derýa gördüler. Olaryň birinden süýt akýar, beýlekisinden ot akýar. Muhammet alaýhyssalam bu derýanyň tolkunlaryndan gorkdy.

Olar ondan ötüp, Sidretul-munteha ýetdiler. Olar bu ýerde hem geň-taň zatlary gördüler. Muhammet alaýhyssalam bir daragt gördi. Onuň belentliginiň asla soňy ýok. Onuň her şahasynda bir perişde bar. Jebraýyl alaýhyssalam ol daragtyň düýbünde galdy. Muhammet alaýhyssalam oňa: «Ýörüň» diýip, elinden tutdy. Jebraýyl alaýhyssalam: «Maňa mundan ýokary ötmäge perman ýok» diýdi. Ondan soňra dogany Mikaýyl alaýhyssalam onuň golundan tutup ýöredi. Muhammet alaýhyssalam ýetmiş müň derýa gördi. Olaryň her biriniň ululygy şu älemçe bar. Bu derýalar: «Ylym derýasy, hümmet derýasy, hilm (mähribanlyk) derýasy, hikmet (parasatlyk) derýasy, şepagat derýasy, azamat (ululyk) derýasy, sabyr derýasy, töwekgel (Allatagala bil baglamak) derýasy eken. Mundan ötüp, Mikaýyl alaýhyssalam: «Mundan ýokary gitmäge maňa perman ýok» diýip, öz menzilinde galdy.

Ondan soň dogany Ezraýyl Byragyň jylawyny tutup ýöredi. Muhammet alaýhyssalam ýetmiş müň hijap gördi. Ol hijaplardan köp müň perişdeler çykyp, olara salam berdiler. Olar bu perişdeleriň salamyna jogap berdiler. Ondan ötüp, Muhammet alaýhyssalam bir perişdäni gördi. Onuň başy Arşy

mejidde, aýagy Arşyň aşagynda. Ol agzyna sury tutup dur. Onuň gözlerinden ýaş akyp dur. Eger onuň gözüniň bir damja ýaşy bu dünýä düşse, tamam dünýä gark bolardy. Ol perişde hezreti Ysrapyldy. Ol sura wekildir. Allatagala: «Adama sežde ediň» diýende ol sežde edipdi. Şol wagt ony Allatagala sura ygtyýar beripdi. Muhammet alaýhyssalam ondan: «Hudaýtagalanyň dergähinde sizden mertebeliräk we sizden nuranarak perişde barmy?» diýip sorady. Ysrapyl alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Ol ýana bakyň» diýdi. Muhammet alaýhyssalam ol tarapa baksa, bir bölek perişde durupdyr. Olaryň nury, jemaly hergiz tarypa dogry gelmez. Eger olardan bir perişdäniň ýüzüni ýedi gat asmanyň perişdelerine görkezseň, olaryň hemmesi saralyp giderdiler.

Ondan ötüp bir jemagat perişde gördüler. Her haýsynyň ululygy Arşdan hem uly. Eger olaryň birine perman bolsa ýedi gat ýeri we ýedi gat asmany bir lukma ederdiler. Muhammet alaýhyssalam olaryň öňüne gelip salam berdi. Muhammet alaýhyssalam ondan ötüp, liwaýy jemalilla (Allatagalanyň jemalynyň baýdagyna) ýetdi. Ol ýetmiş baýdak gördi. Her baýdagyň saýasy ýetmiş müň ýyllyk ýoldur. Muhammet alaýhyssalam: «Eý, perişdeler! Siz meni bu ýere hemra bolup, alyp baryň» diýdi. Olar: «Eý, Muhammet! Bize mundan aňry ötmäge perman ýokdur» diýdiler.

Ondan soň Muhammet alaýhyssalam haýran bolup durup galdy. Reffar geldi. Ol ýaşyl zümerretden. Onuň ortasy ak ýakutdan. Muhammet alaýhyssalam onuň üstüne münüp oturdy. Ol hezreti Muhammedi howa alyp çykdy we ony Arşa ýetirdi. Muhammet alaýhyssalam bu ýerde hem ajaýyp zatlary gördi. Arşyň alty ýüz müň paýasy bar. Onuň her paýasynda alty ýüz müň kandyl (çyra) bar. Her kandylda alty ýüz müň şähristan bar. Her şähirstanda alty ýüz müň saraý bar. Her saraýda alty ýüz müň öý bar. Her öýde alty ýüz müň sypa bar. Her sypada alty ýüz müň tagt bar. Her tagtda köp perişdeler

bar. Muhammet alaýhyssalam olaryň köplüginden ýaňa hasabyny bilip bilmedi. Olaryň hemmesi tesbihe we tehlile meşgul bolýarlar. Şol wagt: «Eý, Muhammet, Arşa çyk!» diýip owaz geldi. Muhammet alaýhyssalam köwşüni çykaryp, Arşa gadam goýdy. Arş titredi. Taňrydan: «Eý, Arş! Sen näme üçin titreýärsiň?» diýen owaz geldi. Arş nala etdi we: «Eý, Taňrym, magraç gijesi dostum Muhammediň köwşüniň gubaryny ýüzüme süreršiň» diýip wada edipdiň. Men mundan umydygärdirin. Dostuň Muhammet köwşüni çykaryp geldi. Ýöne onuň hiç gubary meniň ýüzüme oturmady» diýdi. Taňrydan: «Eý, Muhammet, köwşüňi geý!» diýip owaz geldi. Şol wagt Muhammet alaýhyssalam köwşüni geýdi.

Ol Arşyň ortasyna ýetdi. Reffar ony ýedi müň ak, ýedi müň ýaşyl, ýedi müň sary saraýlaryň duşundan alyp ötdi. Reffar: «Men mundan aňry ötüp bilmeýärin» diýdi we togtady. Hezreti Muhammet bu ýeriň haýbatyndan gorkdy. Onuň akyly-huşy gidip, hemme agzalary titredi. Birdenkä bir hoşboý şemal onuň damagyna degdi. Onuň agzyna bir damja bir zat damdy. Onuň datly lezzeti hemme behişte lezzet bermäge ýeterlikdi. Ol ony ýuwutdy we huşuna geldi. Soňra ol sežde etdi. Taňrydan: «Eý, Muhammet! Bu men Taňrydyryn. Älemleriň hökümdary menden başga hiç kim däldir» diýip owaz geldi. Muhammet alaýhyssalam bu owazy eşidip hamdu-sena aýtmaga başlady we: «Et-tahiýýätu lillähi wes-salawatu wet-taýýibätu» diýdi. Owaz geldi: «Essalamu aleýke, eýýuhen-nebiýýu we rahmatullahi we berekätuhu»...[58]

Pygamber alaýhyssalam Kaba kowseýn makamyna ýetdi, ýagny ol Taňrynyň dergähine ýaýyň iki kirşiniň arasy ýaly ýakynlyga, belki ondan hem golaý ýakynlyga bardy.

# PYGAMBER ALAÝHYSSALAMYŇ HIJRETI

Abu Talyp wepat boldy.[59] Abu Jähl ibn Hişam, Abu an-Najzi ibn Hişam we Amru ibn Hişam (olara nälet bolsun!) dagy halkdan gizlenip, bir saraýda ýygnandylar. Olar Muhammet alaýhyssalamyň işi dogrusynda geňeş etdiler. Iblis (oňa nälet bolsun!) bir abuşka (garry) suratynda bolup bularyň ýanyna girdi. Olar: «Bu kimdir? Ol bizden rugsatsyz bu ýere girýär» diýdiler. Iblis: «Men bir garrydyryn. Men Nejtden geldim. Eger size sowap tedbir (dogry çäre) gerek bolsa, ol mende bar. Meniň mallarym bar, kişilerim bar we köp oglanlarym bar» diýdi. Olar onuň bu sözlerine begendiler we geňeş etmäge başladylar.

Abu Najzi: «Meniň geňeşim şeýledir: Biz ony tutalyň, bir esrek düýä daňalyň, ony meýdana kowalyň. Ol meýdanda öz-özünden ölsün» diýdi. Iblis: «Bu geňeş ýaragsyz (esassyz). Ol düýeden ýykylyp düşer. Ony halaýyk görüp, ýygnar. Onsoň ol ýene bu ýere geler» diýdi. Abu Jähl: «Meniň geňeşim şeýle: Her taýpadan bir är çyksyn. Bir gije üýşüp baralyň we hemmämiz Muhammediň öýüne girip, gylyç bilen urup ony öldüreliň. Bir kişi üçin hemmäni öldürmeýärler. Eger onuň hununyň bahasyny dileseler, ony iki esse, üç esse edip men bereýin» diýdi. Iblis: «Eý, Abdul Hekem! Seniň bu geňeşiň barçadan ýagşyrakdyr. Eger olar ýüz hun baha sorasalar, onuň togsan dokuzyny men bereýin. Onuň bir hun bahasyny siz berersiňiz» diýdi. Olar bu söze ylalaşdylar.

Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalamy hezreti Muhammediň ýanyna iberdi. Ol oňa duşmanlarynyň eden geňeşi barada habar berdi. Resul alaýhyssalam ýerinden turdy. Günorta wagtydy. Ol hezreti Abu Bekriň saraýyna bardy. Hezreti Abu Bekr bu iş üçin düýeleri taýýar edip goýdy. Ol Muhammet alaýhyssalam bilen bu işiň maslahatyny bişirdi. Resul alaýhyssalam yzyna gaýtdy we öýüne geldi.

Gije düşdi. Abu Jähl we Iblis goldaşlary (ýaranlary) bilen ýygnandylar. Olar gelen-gidenlere bakyp oturdylar. Allatagala olaryň gözlerine uky perdesini saldy. Olaryň barçasy, Iblis hem ukladylar. Resul alaýhyssalam olaryň başyna bir owuç toprak saçdy we öýden çykyp gitdi. Ol öz ýerinde Alyny (Allatagala ondan razy bolsun!) ýatyrdy. Olar ertesi irden oýandylar. Iblis özüniň we barçanyň başynda toprak bardygyny gördi we: «Wah! Muhammet biziň başymyza toprak saçyp gidipdir» diýdi. Olar ýerlerinden turdular. Hezreti Resulyň öýüne geldiler we Alyny gördüler. Olar ondan: «Muhammet hany?» diýip soradylar. Aly olara: «Ol çykyp gitdi» diýip jogap berdi. Olar ýene: «Ol nirä çykyp gitdi?» diýip soradylar. Aly: «Men bilmeýärin» diýdi. Onsoň olar bu ýerden çykdylar we baryp hezreti Abu Bekriň saraýyna girdiler. Olar ses etdiler, hezreti Abu Bekriň gyzy Asma çykdy. Olar ondan: «Seniň ataň nirede?» diýip soradylar. Ol: «Men bilmeýärin» diýip jogap gaýtardy.

Resul alaýhyssalam hezreti Abu Bekr bilen şäherden çykdylar we olar baryp, bir dagyň gowagyna girmekçi boldular. Hezreti Abu Bekr: «Ilki men gireýin. Gowagyň içinde gurt, ýylan-içýan bar bolsa, maňa bir zat bolsun. Saňa hiç zat bolmasyn» diýdi. Onuň özi ilki oňa girdi. Ol bu ýerde ýylan-içýan hinlerini gördi. Ol hinleri dony we sellesi bilen ýapdy. Özi ýalaňaç galdy. Iki aýagynyň barmaklaryny iki sany hine dykdy we: «Eý, Allanyň resuly! Siz indi bu ýere giräýiň» diýdi. Pygamber alaýhyssalam gowaga girdi. Ol hezreti Abu Bekri ýalaňaç görüp: «Sen donuňy näme etdiň?» diýdi. Hezreti Abu Bekr öz eden işlerini oňa aýdyp berdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Abu Bekri meniň derejämdäki ýardamçy et!» diýip dileg etdi.

*Aýdypdyrlar:* Ýylanlar hinlerinden çykjak boldular emma ýol tapman çykyp bilmediler. Olar hezreti Abu Bekriň barmagy dykylan iki hine geldiler we bu ýerden hem çykyp bilmediler. Hezreti Abu Bekr aýagyny tartmady we çydap durdy. Hezreti

Abu Bekr: «Ah» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Eý, Abu Bekr! Saňa näme boldy?» diýdi. Hezreti Abu Bekr: «Bu hinde ýylan bar. Ol maňa degjek bolýar» diýdi. Bir sözde: «Ol ýylan hezreti Abu Bekre: «Resul alaýhyssalamyň mübärek ýüzüni göreýin» diýip degdi. Ol hinden çykmaga ýol tapmandygy sebäpli oňa degipdi» diýip aýdypdyrlar.

Daň atdy. Kapyrlar bulary gözläp, bu ýere geldiler. Olar bulary dagda we sährada tapmadylar. Allatagala iki sany kepderä gowagyň agzynda höwürtge ýasadyp, ýumurtgalatdy. Allatagala örümçä (möýe) perman berdi. Ol örümçi ýumurtgalaryň töweregini kerep bilen örüp çykdy. Abu Jähl kapyrlar bilen ol gara (gowaga) geldiler. Olar gowagyň işiginde ýumurtgany we möýüň kerebini gördüler. Abu Jähl: «Olar bu ýere gelmändirler» diýip yzyna gaýtdy. Bir kapyr gowagyň işigine tarap ýöräp, böwl (peşew) etdi. Hezreti Abu Bekr: «Eý, Allanyň resuly! Olaryň biri bizi gördi» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Ol bizi gören bolsa, bize tarap böwl etmezdi» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Olar üç gün gowakda boldular. Asma ýetip geldi. Ol Abu Bekre (Allatagala ondan razy bolsun!) tagam getirdi. Gijäniň içinde Abu Bekriň goýun çopany hem süýt getirdi. Olar üçünji gün gowakdan çykdylar we Medine tarapa ýörediler. Bu habar Abu Jähle baryp ýetdi. Ol Surakany olaryň yzyndan iberdi. Suraka mubaryz (söweşjeň) ýigitdi. Oňa ýüz inen wada berdiler. Suraka atlandy. Öži bilen gylyç, ok, ýaý aldy we olaryň yzyndan gitdi. Hezreti Abu Bekr yzyna bakdy we yzynda bir tozan gördi. Ol bu ýagdaýy Resul alaýhyssalama habar berdi. Pygamber alaýhyssalam: «Bu kişi Suraka meňzeýär» diýdi. Haçan Suraka ýakyn gelende Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Taňrym! Sen bizi onuň ýamanlygyndan öz penaňda gorap sakla» diýip dileg etdi. Hudaýtagala Surakanyň atynyň dört aýagyny ýere berkitdi. Onuň aty durdy we ýerinden deprenip bilmedi. Suraka resul alaýhyssalama ýalbardy we «Men seni öldürjek däl. Sen maňa bir dileg et. Allatagala maňa

halaslyk bersin» diýdi. Pygamber alaýhyssalam oňa dileg etdi. Ol halas boldy we yzyna gaýtdy.

Medinede: «Resul alaýhyssalam geldi» diýip, habar ýaýrady. Medinäniň halky garşylap onuň öňünden çykdylar.

Abdylla ibn Salam şeýle aýdypdyr: «Men hem ony garşylamaga çykdym. Ol gün men jöhitdim. Men bu waka tomaşa etmek üçin çykypdym. Muhammet alaýhyssalam hezreti Abu Bekr bilen diwaryň kölegesinde otyrdylar. Men pygamber alaýhyssalamyň haýsydygyny bilmedim. Şonuň üçin saklanyp galdym. Günorta wagty bolanda howa gaty yssy boldy. Hezreti Abu Bekr ýerinden turdy we hezreti resula kölege berdi. Onsoň men: «Resul alaýhyssalam bu oturan kişidir» diýip, ony tanadym. Men onuň ýalançy däldigini bildim. Ondan her bir kişi: «Meniň saraýyma düş» diýip haýyş edýärdiler». Pygamber alaýhyssalam: «Meniň düýämi öz ugruna goýberiň. Ol kimiň işiginde çökse, men onuň saraýynda düşjek» diýdi.

Onuň düýesini goýberdiler. Ol düýe baryp, Abu Eýýup Ensarynyň öýüniň işiginde çökdi. Pygamber alaýhyssalam ol ýerde düşledi. Ol bu işi: «Beýleki adamlaryň köňlünde kine galmasyn» diýip etdi.

*Aýdypdyrlar:* Abu Eýýup Ensarynyň iki öýi bardy. Ol amanata wepaly we hyýanatsyz kişidi. Ol bir öýüne özi girdi, beýleki öýüni bolsa pygamber alaýhyssalama berdi.

## *ALTMYŞYNJY KYSSA*
## BEDR JEŇINIŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam Mekgeden Medinä hijret edenden soňra, iki ýyl uruş bolmady. Üçünji ýyl Bedr döwüşi (jeňi) boldy. Dördünji ýyl Uhut sanjyşy boldy. Bäşinji ýyl Bedrus-sugra sanjyşy boldy. Altynjy ýyl Aamul-Hudaýbiýe, ýedinji ýyl Umratul-kaza boldy. Sekizinji ýyl Mekge fathy (eňşi) boldy. Dokuzynjy ýyl Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!) halypa boldy. Onunjy ýyl Hajjatul-widag boldy.

Emma Bedr söweşiniň sebäbi şeýledir: Jebraýyl alaýhys-salam gelip, hezreti resula salam berdi we «Şamdan Mekgä azykly kerwen gelýär. Onda bugdaý, arpa, kişmiş we hurma ýaly ýükler bar. Sen sahabalara aýt. Olar kerweniň öňünden çyksynlar» diýdi. Resul alaýhyssalam bu habary sahabalara aýtdy. Sahabalar şäherden çykyp, ýola rowan boldular. Olar çem gelen zat bilen ýaraglandylar. Munapyklardan (kapyrlar-dan) bir jasus (içaly) musulmanlaryň üstlerine gelýändiklerini: «Muhammet goldaşlary (ýaranlary) bilen siziň kerweniňizi basyp almaga gelýär» diýip, olara habar berdi. Abu Jähl: «Kimiň agaç götermäge güýji bar bolsa söweşe çyksyn. Kim çykmasa biz ony gynarys» diýip jar çekdirdi. Hemme halaýyk söweşe çykdy. Olar agaçlyk ýere bardylar. Abu Jähl: «Gopuň (turuň). Biz Bedr guýusyna ilki baryp, onuň suwuny alalyň we ol ýerde hamr (şerap) içeliň. Naý çalalyň. Goý, duşmanlar biziň olardan gorkmaýandygymyzy bilsinler» diýdi. Ajnas ibn Şarif:

«Biziň maksadymyz tamam boldy. Biz kerweni aldyk. Indi biz öýümize baralyň» diýdi. Emma Abu Jähl muny göwnemedi. Ol oňa sögdi. Özi şerap içmäge oturdy. Resul alaýhyssalama: «Siz çykyp, kapyrlar bilen jeň ediň» diýen owaz geldi. Resul alaýhyssalam bu sözi sahabalara aýdyp berdi. Sahabalar: «Biziň ýaragymyz ýokdur. Biz nähili kapyrlar bilen söweşeli?» diýdiler Aýat: ***«Olar sen bilen hak iş dogrusynda jedel etdiler. Hak iş aýan bolandan soňra, olar göýä ölüme haýdalyp barylýan ýaly garap durdular»*****.**

Bular: «Biz Mekgäniň argyşyny uraly» diýip gelipdiler. Argyşy urmak olara oňaýlydy. Argyş urmakdan maksat olja almakdy. Leşger bilen sanjyşmakdan gatyrak duşmançylyk ýok. Yslam leşgeri Medine tarapda, kapyrlaryň leşgeri bolsa Mekge tarapda ýerleşdi. Aýat: ***«Siz duşmanlar bilen uruşmaga çykanyňyzda Medinäniň ýakynynda gumluk, suwsuz ýerdediňiz, duşmanlar bolsa suwly ýerdediler»*****.**

Kapyrlar suwy basyp aldylar. Möminler gije muhtalim (şeýtany) boldular. Olar gusul almaga suw tapmadylar. Olar bu ýagdaýy resul alaýhyssalama habar berdiler. Resul alaýhyssalam olara teýemmum (teýim) etmekligi buýurdy.[60] Olar teýemmum bilen namaz okadylar. Iblis (oňa nälet bolsun!): «Siziň hemmäňiz junubsyňyz (täretsiz, gusulsyzsyňyz)» diýip, waswasa kyldy (gowga saldy). Olar hak ýoldadyr, siz batyl (bozuk) ýoldasyňyz. Möminleriň köňli bozuldy. Haktagala bulut iberdi. Köp ýagmyr ýagdy, gollar suwdan doldy. Möminleriň hemmesi gusul etdiler we suw aldylar. Ýylkygaralar suw içdiler. Leşger söweş enjamyny tutdy. Kapyrlardan bir atly geldi. Ol yslam leşgeriniň daşyna aýlanyp, olar üç ýüz, belki ondan az-kem artygrakdyr diýip hasaplap gitdi. Bu gün musulmanlaryň leşgeri üç ýüz on üçdi. Allatagala perişdeleri ýardam üçin iberdi. Bir perişde mömin suratynda bolup geldi we: «Kapyrlar gaty gorkup durlar. Siz olardan gorkmaň» diýdi.

Şol wagt iki kişi geldi. Olar: «Biz bu söweşe tomaşa edeli. Haýsy goşun ýeňse, biz şolarlyk bolaly» diýdiler.

Iki leşger garşyma-garşy duranda howadan bir bulut peýda boldy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Bu bulut perişdeleriň leşgeridir» diýdi. Ol bulutdan ot çykdy we zynjyryň sesi eşidildi. Ýene: «Hazum öňe ýöre» diýip, bir ses geldi. Resul alaýhyssalam hezreti Jebraýyldan: «Bu nämedir?» diýip sorady. Jebraýyl alaýhyssalam: «Bu bulut biziň leşgerimizdir. Emma Hazum belli bir guluň adydyr» diýdi. Bu wagt kapyrlardan üç kişi geldi: Utba, Şeýbe we Welit. Möminlerden hem üç kişi orta çykdy. Kapyrlar: «Siz kimsiňiz?» diýdiler. Olar: «Biz Medineden çykan ensarylardyrys» diýdi. Kapyrlar: «Siz bize gerek däl. Bize deň-duş erenler (ärler) gerek. Biz olar bilen sanjyşjak» diýip, olar yzyna döndüler. Aly, Hemze we Ubeýd ibn Jerrah olara: «Sizler kimlersiňiz?» diýdiler. Olar öz atlaryny aýdyp berdiler. Kapyrlar: «Biz: «Öldürsek, il alaly, gazy (söweşijiniň) sogabyny alaly, ölsek şehit bolaly» diýýäris. Olar: «Biz munuň üçin sanjyşarysmy?» diýdiler. Şol wagt Hudaýtagaladan: ***«Eýse, biz musulmanlary günäkärler ýaly ederismi?»*** diýen aýat inderdi. Bu üç musulman olaryň üçüsini öldürdiler. Ondan soň resulalla kapyrlaryň ýüzüne toprak saçdy. Allatagala topragy kapyrlaryň gözüne girizdi. Tozan olaryň gözlerine düşdi. Abu Jähl (oňa nälet bolsun!) leşgeriň gaçyp başlanyny gördi. Ol gynanyp: «Siz gorkmaň we ýürekleriňizi howpa salmaň. Ol üçüsi ýaragy ulanyp bilmezlikden öldüler. Indi siz tanapy, ýüpi ädigiň gonjuna sokuň. Biz Muhammedi goldaşlary bilen tutup, boýunlaryna ýüp baglap, olary Mekgä elteris» diýdi. Emma ol: «Inşalla (Eger Alla islese)» diýmedi. Şeýdip olar ýene söweşe çykdylar. Musulmanlar kapyrlaryň köpüsini öldürdiler, ýetmiş kapyryň başyny kesdiler we ýetmişisini bulun (ýesir) aldylar. Olaryň ýüpler bilen boýunlaryny baglap, Medinä süýräp getirdiler.

*Aýdypdyrlar:* Resul alaýhyssalam sanjyşykda bolanda hemme perişdeler gelerdiler. Emma onuň özi sanjyşmazdy. Abu Jähl atyna gamçy urdy. Mikaýyl alaýhyssalam deprendi we aýagyny ýere urdy. Abu Jähl atyndan agyp düşdi. Abdylla ibn Mesgut (Allatagala ondan razy bolsun!) ýetip geldi. Ol Abu Jähliň düýe dek bolup ýatanyny gördi we onuň boýnuna mündi. Abu Jähl: «Eý, goýun çopan! Sen meniň çopanymsyň. Sen uly işe ýapyşdyň. Bu seniň işiň däldir. Meniň süňňüm saňa laýyk däldir. Meniň süňňüm öz derejämde bolan adamyň işidir» diýdi. Abdylla ibn Mesgut gylyç çykaryp, onuň başyny kesmekçi boldy. Abu Jähl: «Sen meniň boýnumy kesmekçi bolsaň, öz gylyjym bilen boýnumyň düýbünden kes. Goý, bu işi Muhammet görsün. Ol ärleriň başynyň munuň ýaly uludygyny bilsin» diýdi. Abu Jähl ýene: «Ýeňiş kime ýar boldy?» diýip sorady. Abdylla ibn Mesgut: «Ýeňiş resul alaýhyssalama ýar boldy. Kapyrlaryň bolsa leşgeri syndy» diýdi. Soňra ol gylyjyny aldy. Ýöne ony tartyp bilmedi. Abu Jähl: «Gylyjyň sapyny maňa ber, gynyny sen tut. Iki bolup gylyjy tartaly» diýdi. Abdylla ibn Mesgut gylyjyň gynyny oňa berdi, sapyny özi tutdy. Iki bolup gylyjy tartdylar. Gylyç Abu Jähliň başyny kesdi. Abdylla ibn Mesgut onuň başyny pygamber alaýhyssalama getirdi. Ony görüp hemme musulmanlar tekbir (Allahu ekber) aýtdylar. Musulmanlar ýeňdiler we köp olja aldylar. Olar: «Biz beýle uly duşmany heläk etdik» diýip, Hudaýtagala şükür etdiler. Ondan soň Jebraýyl alaýhyssalam geldi. Ol musulmanlara oljany paýlap berdi. Resul alaýhyssalam ýesirleri näme etmelidigi barada sahabalar bilen geňeşdi. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!): «Ot ýakyp olaryň hemmesini köýdüreliň» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Öňki pygamberler beýle işi etmediler. Häzir sende hormat bar, olarda horluk bar» diýip, bu işe göwnemedi. Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!): «Bularyň hemmesi seniň urugyňdandyr. Olary yzlaryna satalyň.

Ýygnan pul-malymyzy musulmanlara sarp edeliň» diýdi. Pygamber alaýhyssalama bu söz hoş geldi we: «Eý, Abu Bekr! Sen bu sözüň bilen Nuh pygambere meňzeýärsiň. Aýat: ***«Nuh: «Eý, Taňrym! Ýeriň ýüzünde bir kapyry diri goýma!» diýdi»***. Ýene sen perişdelere meňzeýärsiň. Aýat: ***«Kim maňa eýerse, elbetde, ol menden hasaplanar. Kim maňa boýun bolmasa, onda sen geçiriji, rehimdarsyň»***. Ýene sen rehimdarlygyň bilen perişdelerden Mikaýyla meňzeýärsiň» diýdi. Şondan soň hezreti Abu Bekr öz raýy (pikiri) bilen iş etdi. Ol musulmanlaryň her birine deň bölüp, altyn-kümüş berdi we Apbasa iki esse köp altyn-kümüş berdi. Apbas: «Sen maňa näme üçin beýlekilerden artyk olja berdiň?» diýdi. Hezreti Abu Bekr: «Sen resuldan gardaşlygy kesdiň. Kapyrlar üçin köp jepalary çekdiň. Emma ahyrynda musulmançylygy kabul etdiň. Şonuň üçin men saňa artykmaç berýärin» diýdi. Apbas: «Men bu malyň ýarysyny alaýyn, galanyny bolsa sadaka bereýin» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Bu habary saňa kim bildirdi?» diýdi. Apbas: «Ony maňa Hudaýtagala we onuň resuly bildirdi» diýdi. Bu wakanyň şanyna Allatagala: ***«Eger Allatagalanyň dergähinde olja ýazylyp goýlan bolmasa, size ol alan zatlaryňyzdan azap gelerdi»*** diýen aýaty inderdi. Apbas: «Allatagala meni ýalkady» diýdi. Aýat: ***«Kapyrlardan alan oljaňyz halal bolmasady, onda siz uly azap görerdiňiz» diýdi***. Pygamber alaýhyssalam: «Eger azap inen bolsa, ondan Omardan başga hiç kim gutulmazdy» diýdi.

## *ALTMYŞ BIRINJI KYSSA*
## UHUT JEŇINIŇ BEÝANY

Kapyrlar Bedr jeňinden gaýdanlarynda söwdagärleriň barça mallaryny ýaraga harç edipdirler. Olar mal eýelerine pul bermediler. Mal eýeleri hatynlaryna çenli ýygnanyp, uly leşger boldular. Musulmanlar: «Biz bu maly duşmanlar bilen sanjyşyp aldyk» diýdiler. Hezreti Jebraýyl leşgeriň geljekdigini habar berdi. Resul alaýhyssalam musulmanlar bilen geňeş etdi. Musulmanlar leşger ýygnadylar we: «Biz Medineden çykalyň we kapyrlaryň leşgerini garşy alalyň. Olary Medinä goýbermäliň, meýdanda urşalyň» diýip aýtdylar.

Resul alaýhyssalam düýş gördi. Düýşünde ýagty düşüp dur. Pygamber alaýhyssalam: «Biz Medineden daşda durmasak ýagşydyr» diýip, düýşüni ýordy. Abdylla ibn Ubeýd resul alaýhyssalamyň bu sözüni makul gördi. Ol: «Biz Medinede duralyň. Duşman gelende är-hatyn, oglanlarymyz – barymyz olar bilen sanjyşalyň. Olar diwaryň üstünden duşmana daş atsynlar» diýdi. Emma sahabalar Bedr söweşinde ýeňiş gazanansoňlar ruhlanypdylar. Olar: «Medineden çykalyň» diýdiler. Olar pygamber alaýhyssalama: «Eý, Allanyň resuly! Seniň köňlüň näme diýse, biz hem şony edeli. Sen biziň sözümize bakma» diýdiler. Resul alaýhyssalam: «Pygamberlere buýruk gelende ondan çykmak rowa däldir» diýdi. Şeýlelikde, olar Uhut dagyna çykdylar. Olar bu daga arka berip durdular we: «Bu dagyň bir geçelgesi bar. Biz şony saklalyň» diýdiler.

Abdylla ibn Jabyry ýetmiş kişi bilen ol geçelgäni saklamaga iberdiler. Olara: «Bu ýerden hiç kimi geçirmäň» diýip tabşyrdylar. Pygamber alaýhyssalam zülpükary (gylyjy) görkezip: «Muny kim tutar?» diýdi. Hezreti Abu Bekr elini sundy, bolmady. Hezreti Omar elini sundy, başarmady. Hezreti Aly elini sundy, başarmady. Abu Dajana ýerinden gopdy. Onuň ady Simak ibn Huzaýfady. Ol: «Eý, Allanyň resuly! Men zülpükaryň hakyny ödäýin» diýdi. Resulalla ony oňa berdi. Resulalla: «Sen munuň hakyny nähili ödärsiň?» diýdi. Abu Dajana: «Men gylyjymyň ujy bölünýänçä kapyrlary onuň bilen çaparyn» diýdi. Hemme halaýyk muňa geň galdy. Abu Dajana elini ädiginiň gonjuna sokdy we gyzyl ýüp çykardy. Resul alaýhyssalam: «Beýle urşy Hudaýtagala başga ýerde görkezmez» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Zülpükaryň ýüzünde: «Ýardam bermeklik Allatagaladandyr we ýeňiş ýakyndyr» diýip ýazylypdyr. Şeýle hem: «Süýrelip ýöremekde horluk bardyr, batyrlyk bilen söweşmekde hormat bardyr» diýip ýazylypdyr. Ol gün Mekgäniň kapyrlary söweş üçin hatynlaryna, oglanlaryna çenli alyp çykdylar. Olar dep kakyp, öz ärlerini öwüp, beýik ýere çykyp, şygyr aýdyp başladylar:

### **Beýt**[61]

Oýnardyk biz ýumşak düşek üstünde,
Bu gün biz hem ar almagyň kastynda.

Müşki-anbar, goý, öz gabynda dursun,
Duşman başy galsyn gylyç astynda.

Zöhre, Kamar şikarymyz,
Gyrgyz, hytaý tawarymyz,

Ýügürer kizik ýyparymyz,
Hünji, göwher nigarymyz,

Sanjyşmaga nek söwerimiz,
Gonyndaky gonarymyz.

Sanjyşmaga armyz,
Burnundaky maharymyz.

Musulmanlar topuldylar. Kapyrlar gaçdylar. Abu Sufýanyň hatyny ýagşy serpaýlar geýip, injiklerine çenli halhallary dakynyp, söweş meýdanyna ýüwürip çykdy. Ol aýal bu hereketi bilen kapyrlaryň söweş ruhuny göterdi. Bir topar adamlar: «Biz Bedr söweşindäki ýaly gury galmalyň. Biz bu hatyny tutup alaly» diýip, olja almaga hyýal etdiler. Abdylla ibn Jabyr: «Siz beýle işi etmäň, özüňizi saklaň. Hezreti resulyň wesýetini kabul ediň» diýdi. Bular bu söze unamadylar. Olaryň birnäçesi ornunda galdy, birnäçesi bolsa jeň meýdanyna bardy. Halyt ibn Welit ol wagt kapyrdy. Ol uzakdan az adam galandygyny gördi. Ol galanlaryň hemmesini topulyp öldürdi. Onsoň ol resul alaýhyssalama tarap hüjüm edip, köp musulmanlary gyrdy we galan musulmanlary gaçyrdy. Kapyrlarda Gufra atly bir aýal bardy. Ol gelip kapyrlaryň tuguny göterdi we ony saklap durdy. Olar pygamber alaýhyssalamyň alyn dişini syndyrdylar. Olar sungu (naýza) bilen onuň aýagyna urdular. Pygamber alaýhyssalam atdan ýykyldy. Iblis (oňa nälet bolsun!) gaty ses bilen: «Muhammedi öldürdiler» diýip gygyrdy. Yslam leşgeri üçe bölündi: bir bölegi öldi, bir bölegi söweşdi, bir bölegi bolsa gaçdy. Osman (Allatagala ondan razy bolsun!) dört agaçlyk ýere gaçdy. Sahabalaryň biri şeýle aýtdy: «Men hezreti resuly gördüm. Onuň mübärek agzyndan gan akýar, ol elleriniň ganyny ýüzüne sürtýärdi. Men oňa: «Eý,

Allanyň resuly! Sen näme üçin beýle etdiň?»diỳdim. Ol: «Ýerin ýüzüne meniň bir damja ganym damsa, ol ýerden tä kyýamat gününe çenli ot önmez diýip gorkýaryn» diýdi». Ýene bir sahaba resulallany gördi. Onuň gözleri ýyldyzlar dek ýaşnaýar (ýylpyldaýar). Ol resul alaýhyssalamy tanady we: «Eý, möminler! Muhammet ölmedi, ol diri» diýip üýn göterdi (gygyrdy).

Resul alaýhyssalam: «Ümsüm dur!» diýip, oňa yşarat etdi. Ol kişi hezreti Abu Bekr bilen hezreti Omaryň ýanyna geldi. Görse, ol ikisi gaýgyly otyrlar. Ol bulardan: «Size näme boldy?» diýip sorady. Olar: «Bize indiden soň dirilik gerek däl. Muhammedi öldürdiler» diýdi. Ol: «Siz gaýgy etmäň, Muhammet diri» diýdi. Olar begenjinden segräp (böküp), ýerinden turdular we resul alaýhyssalamyň ýanyna geldiler. Ony atyna mündürdiler. Kapyrlar hezreti Muhammediň ölmändigini gördüler. Olar ýygnanyp, güýçli depindiler (topuldylar). Simak ibn Huzaýfa Resul alaýhissalamyň ýanyna geldi. Ol kapyrlaryň üstüne gylyç hem naýza bilen topuldy we duşmanlary süri ýaly yzyna kowdy. Pygamber alaýhyssalam: «Şol gün zülpükary başga birine beren bolsam, bu iş onuň elinden gelmezdi» diýdi. Selman Parsy pygamber alaýhyssalamyň yzyndan durdy. Ol başgalar gelýänçä resul alaýhyssalama özüni galkan edip durdy. Ol: «Meniň özüm öleýin, resul aman galsyn» diýdi.

Aly (Allatagala ondan razy bolsun!) kapyrlaryň üstüne topulýardy. Apbas (Allatagala ondan razy bolsun!) resul alaýhyssalamyň tizginini (töweregini) tutup durdy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Allanyň resuly! Seniň arkaňdaky kimdir?» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Ol Selman Parsydyr» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Uçmah her günde ýetmiş mertebe Selman Parsyny arzuw edýär. Hezreti Aly hem köp hyzmatlar bitirdi. Hudaýtagala hem ony öwüp ýalkaýar» diýdi. Ondan soň olar resul alaýhyssalam bilen bir daga çykdylar. Resul alaý-

hyssalamyň aty daga dyrmaşyp bilmedi. Ol at aýaklaryny hezreti Alynyň arkasyna goýdy. Hezreti Aly ony göterip, daga çykardy. Sahabalaryň hemmesi Resulallanyň töwereginde jemlenip, oturdylar. Kapyrlar ölen garyndaşlaryna we aldyran oljalaryna gynandylar. Şol wagt dagyň depesinde Halyt ibn Welit kapyrlar bilen göründi. Pygamber alaýhyssalam ony görüp: «Eý, Taňrym! Ýer ýüzünde seni birlemedik ýeke kişi galmasyn» diýdi. Hudaýtagala Halyt ibn Welidiň köňlüne gorkunç saldy. Olar gaçdylar. Ýetmiş är dagyň düýbüne geldiler. Halyt: «Muhammet dirimi?» diýip sorady. Hezreti Omar: «Hawa, ol diridir» diýdi. Halyt: «Sen: «Muhammet öldi» diýseň, sözüňe köpräk ynanaryn» diýdi. Hezreti Omar: «Taňry beýikdir» diýdi. Halyt: «Ol gün size boldy, bu gün bize boldy» diýdi. Hezreti Omar: «Eger biziň günümiz bir bolmasa, siz biziň bilen dälsiňiz. Biziň ölilerimiz uçmahdadyr, siziň ölileriňiz dowzahdadyr» diýdi. Halyt: «Biz galanyny Bedrus-sugrada görüşeris» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Şeýle hem ederis» diýdi. Halyt yzyna gaýtdy. Pygamber alaýhyssalam: «Bularyň Medinä barmagy gerek däl. Eger bular Medinä barsalar, biz bular bilen ol ýerde sanjyşarysmy? Görersiňiz, bular düýelerini münüp, Mekgä bararlar» diýdi. Görseler, olaryň bary düýelerini münüp, Mekgä sary ugradylar. Resul alaýhyssalam olaryň Mekgä barýandygyna yşarat etdi. Ondan soň resul alaýhyssalam dagdan aşak indi. Olar ölüleri gördüler. Kapyrlar emir Hemzäni hem öldüripdirler.

## *ALTMYŞ IKINJI KYSSA*
## EMIR HEMZÄNIŇ ŞEHIT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Abu Sufýanyň Wahşy ibn Ady atly bir guly bardy. Abu Sufýanyň öýlügi (aýaly) Hint ony özüne hyzmatkär edindi. Hint oňa: «Sen Uhut jeňine bar. Sen ol ýerde ýa Muhammedi, ýa Alyny, ýa-da Hemzäni öldür. Ondan soň men seni satyn alyp, azat edeýin. Men boýnumdaky, gulagymdaky altyn, kümüş, hünjileri saňa bereýin» diýdi. Wahşy: «Muhammede kim el degirip biler? Onuň sakçysy Taňrydyr. (Aýat): ***«Allatagala seni adamlardan gorap saklaýar»***. Alynyň özi arslan ýalydyr, oňa meniň güýjüm ýetmeýär. Emma Hemze bir abuşkadyr (garrydyr)» diýdi. Ol söweş gününde busup (gizlenip), Hemzäniň ýoluny saklap ýatdy. Hemze ýetip geldi. Hemze başyny, aýagyny düzetmekçi bolanda, Wahşy onuň öňünden çykdy. Hemze atdan düşdi. Wahşy gylyjyny onuň goltugyndan sokdy. Abu Sufýanyň aýaly Hint gelip onuň garnyny ýardy, bagryny alyp çeýnedi, dilini, gulaklaryny, ernini kesdi we olary ýüpe düzüp, boýnuna monjuk etdi. Wahşy onuň bir owuç ganyny alyp içdi. Bu ýagdaýy görüp, resul alaýhyssalam hem, sahabalar hem köp ýyglaşdylar. Pygamber alaýhyssalam kepenlik sorady, emma tapmadylar. Onuň gaplaň derisinden bir ýapynja bardy. Emir Hemzäni oňa doladylar. Ol endamyna doly ýetmedi. Onuň aýagy açyk galdy. Bir bölek mata getirip, onuň aýaklaryny ýapdylar. Resul alaýhyssalam oňa namaz okady. Ýene birini getirip Hemzäniň

ýanynda goýdular. Hemzäniň namazyna ýetmiş kişi durdy. Galan ölüleri hem ýygnap, olaryň hem namazlaryny okadylar. Resul alaýhyssalam Ala: «Sen Medinä bar. Ol ýerde ýaman habarlar bar bolmaly» diýdi.

Hezreti Aly atlanyp, Medinä bardy. Ol bu ýerde Patmany (Allatagala ondan razy bolsun!) gördi. Bibi Patma: «Eý, Aly! Gözümiň röwşeni, köňlümiň aramy (Muhammet) dirimi?» diýdi. Hezreti Aly: «Hawa, ol diri» diýdi. Bu habara bibi Patma begenjinden huşuny ýitirdi, soňra ýene özüne geldi. Ol üç gezek özüni ýitirdi we her gezek özüne gelende: «Atam dirimi?» diýip sorady. Şol wagt bir hatyn düýe münüp geldi. Bibi Patma onuň üstünde bir öli bardygyny gördi. Onuň daş töweregine adamlar üýşüpdirler. Bir aýal: «Daşrak duruň. Men ony göreýin» diýdi. Ol aýal baryp görse, ol onuň atasy eken. Ol: «Meniň atamdan resul ýagşyrakdyr» diýdi. Ol aýal baryp, ýene bir ölini gördi. Ol onuň atasynyň inisidi. Ol aýal: «Maňa garyndaşymdan resul ýagşyrakdyr» diýdi.

Aýdylyşyna görä, kerwen bilen jemi ýetmiş sany şehit bolan kişini getirdiler.

*Aýdypdyrlar:* Bir hatyn äri bilen bu kerweniň öňünden çykdy. Bu ikisi jeňde munça sahabanyň ölendigini görüp, bir-biri bilen uruşdylar. Olaryň ikisi hem şehit boldy (öldi). Olary diwaryň düýbünde gömdüler. Olara: «Şehidul-aruseýn» (şehit är-aýal) diýip at berdiler.

Pygamber alaýhyssalam Medinä gelip girdi. Ol Medinäniň aýallarynyň ölülerine aglaýandyklaryny gördi. Emma Hemzä hiç kim aglamaýardy. Resul alaýhyssalam: «Hemzäniň bir kişisi bar bolsa hem oňa aglardy» diýdi. Hatynlar bu sözi eşidip, ölülerini goýup, Hemzä agladylar. Şol günden bäri aýallaryň ölä aglamagy adat bolup galdy. Olar ilki bilen Hemzä agladylar. Soňra öz ölülerine aglap başladylar.

## *ALTMYŞ ÜÇÜNJI KYSSA*
## BEDRUS-SUGRANYŇ JEŇINIŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam Uhut jeňinden gaýdyp gelenden soň, kapyrlara açlyk we gahatlyk (gurakçylyk) bermegini diläp: «Eý, Taňrym! Ýusup pygamberiň kowumyna berlen açlygyňy we gahatlygyňy Mekgäniň kapyrlaryna hem ber» diýip dileg etdi. Açlyk boldy. Olar köýen süňkleri, itleri, gana bulaşan derileri iýdiler we iýmek üçin bir-birlerini öldürdiler. Şeýlelikde, jeň günleri ýakyn geldi. Kapyrlar: «Kim Muhammediň ýaranlaryny gorkuzyp, musulmanlaryň arasyna agzalalyk salsa, biz oňa ýedi düýe bereli» diýdiler. Nagym ibn Mesgut Sakafy diýen bir kişi bardy. Ol bu işi on düýe bilen öz üstüne aldy. Ol Medinä baryp: «Eý, Medine halky! Mekgede är kişi galmady. Olaryň hemmesi Mekgeden çykyp, siziň üstüňize gaýtdylar. Siz olara deň gelip, çykyşyp bilmersiňiz. Geçen ýyl olar gelip biziňkileri öldürdiler. Bu ýyl siz olaryň garşysyna çyksaňyz nähili bolar?» diýdi. Medineliler gorkdular we olaryň üstüne barmaga ýürek edip bilmediler. Resul alaýhyssalam olara: «Çykyň atlanyň» diýdi. Olaryň hiç biri çykmady. Bu wakanyň şanyna: ***«Eý, Muhammet! Sen duşmanlar bilen din üçin uruş et. Size özüňizden başganyň jogapkärçiligi ýokdur. Sen musulmanlary bu urşa höweslendir. Allatagala bu uruşda kapyrlaryň üstünden ýardam berer»*** diýen aýat indi. Pygamber alaýhyssalam öýe girip, uruş ýaragyny dakyndy we ýalňyz ata atlandy. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, bu aýatyň:

***«Möminleri urşa höweslendir»***, ýagny ***«Möminleri sanjyşa ýüreklendir»*** diýen jümlesini getirdi. Pygamber alaýhyssalam musulmanlaryň ýanyna gaýdyp geldi. Ol bulara din üçin söweşip, şehit bolup ölmegiň sogabynyň we derejesiniň gaty uludygyny düşündirip: «Kyýamat güni şehitlere edilýän hezzet-hormatlar meniň gözüme görnüp dur: Olaryň eginlerinde gylyçlary bar. Ganlary akyp dur. Ol gün Ybraýym pygamber olaryň öňünden çyksa, ýol berip sowlar. Olar uçmaha girerler» diýdi.

Ýetmiş är orta çykdy. Olar Latyma bazaryna geldiler we bazaryň dört tarapyny gabadylar. Olar kapyrlaryň mallaryny olja aldylar. Kapyrlar gorkup, bularyň garşysyna çykyp bilmediler. Möminler sanjyşmakdan salamat galdylar.

## *ALTMYŞ DÖRDÜNJI KYSSA*
## HUDAÝBIÝE WE MEKGE JEŇINIŇ BEÝANY

Hijrete alty ýyl boldy. Resul alaýhyssalam haja we umra (parz bolmadyk haja) şaýyny tutdy. Ol ýetmiş düýäni gurbanlyk bermäge anyklady (taýýarlady). Ol wagt Mekgäniň kapyrlary haja gelenlere degmezdiler. Resul alaýhyssalam: «Olar maňa hem degmezler» diýip, üç müň atly bilen Medineden Mekgä atlandy.

Resul alaýhyssalam ýaranlaryna olaryň özlerine beren jepalaryny we duşmançulyklaryny aýdyp bererdi. Olar Mekgä gelip, Şejere atly agajyň düýbünde: «Mekgeliler bilen äht baglaşaly» diýip düşlediler. Allatagala şol wagt: ***«Hudaýtagala Mekgäniň ýakynynda (Hudaýbiýede) daragtyň aşagynda oturan wagtyň saňa boýun bolan möminlerden razy boldy»*** diýen aýaty inderdi.

Arap uluglaryndan (aksakallaryndan) dört ýüz är ýygnandy. Resul alaýhyssalam olardan geňeş sorady. Hezreti Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!) ýerinden turdy we: «Biz saňa tabyndyrys. Biz emri nehä (ýaman işlerden saklanmaga) taýýardyrys» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Ýene sözläň» diýdi. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!) ol hem hezreti Abu Bekriň sözlerini tassyklady. Sagt ibn Magat (Allatagala ondan razy bolsun!) resulallanyň äht baglaşmak isleýändigini bildi. Ensarylardan biri ör turup: «Eý, Allanyň resuly! Eger siz Adene çenli barsaňyz hem, biz bile bararys. Biz saňa

tabyndyrys» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Ensarylar meniň garnymdyr, gözümdir we siňrimdir (damarymdyr). Bular meniň öz agzamdyr» diýdi. Bular bu ýerden göçdüler. Bulara: «Mekgäniň halky siziň gelyäniňizi eşidip, ýoluňyzy, tutup dur» diýip habar berdiler. Pygamber alaýhyssalam: «Beýle bolsa, biz başga ýol bilen baralyň. Siziň araňyzda ýol bilýän barmy?» diýdi. Bir kişi düýesiniň üstünden: «Men ýoly ýagşy bilýärin» diýdi we öňe düşüp ýola girdi.

Olar köp agyp-inip Hudaýbiýe gelip ýetdiler. Resul alaýhyssalamyň düýesi bu ýerde çökdi. Ony turuzjak boldular. Emma ol turmagy unamady. Bularyň habary kapyrlara ýetdi. Olar ýygnanyp geldiler. Bu sapar musulmanlar ýaragsyz gelipdiler. Kapyrlar musulmanlary daş bilen urdular we olaryň hemmesini Mekgä tarap gaýtardylar. Kapyrlar: «Biz Muhammediň näme üçin gelendigini bileliň» diýip geňeşdiler. Olar Mesgut Sakafyny ilçi edip iberdiler. Ol musulmanlaryň ýanyna geldi we: «Eý, Muhammet! Siz Mekgä näme üçin geldiňiz?» diýdi. Muhammet alaýhyssalam: «Men: «Haj we umra (parz däl haj) ödäýin, garyndaşlarymy göreýin we gurbanlyk bereýin» diýip geldim» diýdi. Mesgut Sakafy yzyna gaýdyp geldi we: «Siz Muhammedi yzyna gaýtarmaň. Ol ýagşy işleri berjaý etmäge gelipdir. Eger siz meniň sözüme girmeseňiz men onuňky bolaryn. Ol barybir Mekgä girer we öz etmeli işlerini eder» diýdi. Olar: «Muhammedi biz synlap göreli.Goý, ol Mekgä girsin. Emma,ol bu ýerden ezgulyk (ýagşylyk) bilen çyksyn. Biziň adamlarymyzy özüne kabul etmesin» diýip, Suheýl ibn Amry we Mesgut Sakafyny hezreti Muhammediň ýanyna iberdiler. Resul alaýhyssalamyň gözi Suheýle düşüp: «Suheýl ibn Omar pasykdyr (bozuk adamdyr). Hudaýtagala biziň işimizi ýeňil eder» diýdi. Sahabalar ýygnandylar. Olar sap (hatar) bolup durdular. Suheýl gelip, iki ädim öňe ýöredi. Ol Resul alaýhyssalamyň mertebesini görüp taňlady (haýran

galdy) we resul alaýhyssalamyň ýanyna geldi. Suheýl: «Eý, Muhammet! Sen bolmajy üprükleri (garyp-gasarlary) ýygnapsyň» diýdi. Resul alaýhyssalam elini başyna uzatdy. Mugyra ibn Şagba (Allatagala ondan razy bolsun!) resul alaýhyssalamyň öňünde gylyjyny ýalaňaçlap durdy. Ol: «Munuň boýnuny keseýin» diýip topuldy. Suheýl: «Bu kimdir?» diýip sorady. Resul alaýhyssalam: «Bu seniň ataň garyndaşy Mugyradyr» diýdi. Suheýl Mugyra: «Sen donuňy we süňňüňi ýuwup durýarsyňmy? Bu gün sen maňa gylyç tartýarsyň» diýdi. Ol ýene: «Eý, Muhammet! Sen bu ýere näme işe geldiň?» diýdi. Muhammet alaýhyssalam: «Men şeýle işler üçin geldim» diýip, öz maksadyny aýdyp berdi. Suheýl: «Eý, Muhammet! Sen Mekgede açlyk höküm sürýänini bilmeýärsiňmi? Sen Mekgede galma. Bu ýyl sen yzyňa gaýt. Indiki ýyl geleniňde biz saňa ýol bereli. Sen bu ýerde üç gün dur. Näme isleseň, şony et» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Goý, şeýle hem bolsun» diýdi. Suheýl ýene: «Eger bizden saňa biri musulman bolup gelse, sen ony yzyna gaýtar. Senden kim bize gelse, sen ony yzyna alma» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Goý, şeýle hem bolsun» diýdi. Muhammet alaýhyssalamyň ýaranlary: «Resulalla bu sözleri eşidip gaharyna erneklerini (barmaklaryny) dişledi. Suheýl aýdylan sözleri ýazga geçirmeklerini sorady. Pygamber alaýhyssalam hezreti Ala: «Bu haty ýaz» diýdi. Hezreti Aly: «Bismillähi-r-rahmäni-r-rahim» diýip, haty ýazyp başlady. Suheýl: «Biz Rahman kim, Rahym kim bilmeýäris» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Rahmany, Rahymy boz. Eý, Suheýl! Seniň özüň nähili ýazsaň, şonuň ýaly hem ýaz» diýdi. Suheýl galam aldy we: «Seniň adyň bilen, eý, Taňrym (şu haty ýazýarys)!». Onsoň ol kagyzy Aly alyp, dowam etdi: «Bu äht Allanyň ilçisi Muhammet ibn Abdyllanyň Suheýl ibn Amr bilen pylan-pylan zatlar barada ýaraşyga gelşilen hatydyr». Suheýl haty okap gördi we: «Biz bu hatda: «Seni «Allanyň

ilçisi» diýip ýazdyk. Men seniň Allanyň ilçisidigiňe ynanýan bolsam, seniň bilen söweşmezdim. Şonuň üçin sen hatda diňe öz adyňy we ataň adyny görkez» diýdi. Pygamber alaýhyssalam hezreti Ala: «Eý, Aly! Resulalla (Allanyň ilçisi) sözüni boz» diýdi. Hezreti Aly bu sözi bozmagy unamady. Resulalla öz ernegini (barmagyny) dili bilen ölledi. Ol hezreti Ala: «Ol haýsy söz, sen ony maňa görkez» diýdi. Hezreti Aly resulallanyň barmagyny tutup, ony «Resulalla» sözüniň üstünde goýdy. Pygamber alaýhyssalam öl barmagy bilen bu sözi öçürdi. Pygamber alaýhyssalam: «Bu sözüň ýerine: «Muhammet ibn Abdylla» diýip ýaz» diýdi». Hezreti Aly özüne buýrulşy ýaly ýazdy. Ähtnama tamam boldy. Pygamber alaýhyssalam bilen Suheýl ibn Amr oňa öz möhürlerini basdylar.[62] Şol wagt Suheýlyň ogly Abu Handal musulman bolup mekgelilerden gaçyp, Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna geldi. Suheýl ýerinden turdy. Ol Abu Handalyň ýakasyndan tartyp tutdy we ony Mekgä eltmekçi boldy. Sahabalar ara girip, ony aldylar. Suheýl: «Ähtnama ýaňy bitildi. Heniz onuň syýasy hem guranok. Siz eýýäm ony bozýarsyňyz» diýdi. Suheýl oglunyň ýakasyndan tutup durdy. Abu Handal gaty ses bilen: «Meni kapyrlar tutup alarlar. Meni olaryň ýanyna ibermäň» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Abu Handal! Sen sabyr et! Hudaýtagala seniň ýaly bendelere şatlyk berer. Biz ol kowum bilen äht baglaşdyk. Ähdi bozmak bize mynasyp däldir» diýdi. Sahabalaryň muny görüp, sabyrlary galmady. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!) bu sözi göwnemedi. Ol hezreti Abu Bekriň ýanyna geldi we: «Eý, Abu Bekr! Bu Allanyň resuly Muhammet dälmi? Biziň görýänimiz horluk, çekýänimiz emgek? Bu şerti, bu ýaraşygy biz näme üçin kabul etdik?» diýdi. Hezreti Abu Bekr: «Eý, Omar! Ýuwaşrak depren. Bu Muhammet. Ol Taňrynyň pygamberidir. Ol Hudaýtagalanyň emrinden daş iş etmeýär» diýdi. Ol ýene: «Olardan bize

musulman bolup gelenini biz olara nähili bereli?» diýdi. Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!): «Bize gelen hakyky musulman bolsa, olarda durup olara musulmançylygy aýdyp berer. Munuň özi ýagşyrak bolar» diýdi. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!) ýene: «Bizden kim olara barsa, olar ony yzyna gaýtarmazlar» diýdi. Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!): «Kim bizden ýüz öwrüp gitse, ol bize gelmese ýagşyrakdyr» diýdi. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!): «Ol gün Abu Bekriň sözi bolmadyk bolsa, meniň köňlüm musulmanlygy oňlamazdy. Ol kapyrlaryň arasynda ündew geçerdi. Men Abu Bekriň sözünden soň gije-gündiz oraza tutup, sadaka berdim we gullary azat edip gezdim» diýdi.

Ondan soň resulalla Medinä singar (tarap) ýandy (gaýtdy). Mekge bilen Medinäniň arasynda: ***«Eý, Muhammet! Biz saňa uruşsyz ýeňiş berdik. Taňry seniň geçen we geljekdäki günäleriňi geçirer»*** diýen aýat indi.

## UMRATYL-KAZANYŇ (PARZ DÄL HAJYŇ HÖKÜM EDILMEGINIŇ) BEÝANY

Musulmanlar ýedinji ýyl hem Mekgä haja geldiler. Resul alaýhyssalam Mekgä girdi. Ol Käbä zyýarat etdi, towap we umrany berjaý etdi. Ol Pygamber alaýhyssalama wekil iberip: «Goý, Muhammet üç gün dursun. Bir sagat hem ondan artyk eglenmesin» diýdiler. Üç günden soň Pygamber alaýhyssalam yzyna gaýtdy. Ol gün Pygamber alaýhyssalama üç sany hoş habar geldi: ol Japar Taýýaryň gelmegi, Haýbar ýeňşi, Parsa çenli Rumuň eýelenmegidi.

## *ALTMYŞ BÄŞINJI KYSSA*
## HAÝBAR JEŇINIŇ BEÝANY

Sekizinji ýylda resul alaýhyssalam leşger bilen Haýbara atlandy. Ol ýeriň halkynyň hemmesi jöhitlerdi. Olar Pygamber alaýhyssalamyň öňünden garşylap çykdylar. Iki leşger görüşdi. Olar sap düzdüler. Jöhitlerden bir mubaryz (söweşiji), musulmanlardan hem biri orta çykdy. Kapyr musulmany öldürdi. Musulmanlardan ýene biri çykdy. Ol ony hem öldürdi. Birnäçe musulman öldi. Olaryň köňli syndy. Pygamber alaýhyssalam: «Aly ibn Abu Talyp nirede?» diýdi. Hezreti Alynyň gözleri agyrýardy. Pygamber alaýhyssalam dileg etdi, agzynyň suwuny alyp, onuň gözüne sürtdi. Onuň gözleri ýagşy boldy. Ol zülpükary alyp, atlandy we meýdana girdi. Hezreti Aly kapyra: «Sen topul» diýdi. Ol kapyr aýtdy: «Jöhit hezreti Ala topuldy. Hezreti Aly atdan agyp düşdi. Ol atyň garnynyň astyndan girip, onuň ol tarapyndan çykdy we kapyryň bir goluny kese çapdy. Ýene bir jöhit meýdana girdi. Hezreti Aly muny hem onuň ýaly etdi. Ol bu jöhidiň buduny kese çapdy. Ol kapyr buduny alyp, hezreti Alynyň üstüne zyňdy. Meýdana üçünji bir jöhit girdi. Hezreti Aly bu jöhit bilen döwüş etdi. Hezreti Aly ol jöhidiň depesine urdy. Onuň başy iki bölündi. Jöhit aňman galdy. Jöhit: «Oňarmadyň» diýdi. Hezreti Aly: «Başyňy yrgyldat» diýdi. Ol jöhit başyny yrgyldatdy. Onuň başy iki aýrylyp, ýere düşdi. Jöhitler gaçdylar, möminler olaryň yzyndan kowdular. Jöhitler gala girip, onuň derwezesini

berkitdiler. Hezreti Aly gelip, derwezäni tutup, düýbi bilen gaňyryp, ony kyrk arşyn ýeri bilen gopardy. Hezreti Aly ol halda öz güýjüne guwandy. Jebraýyl alaýhyssalam oňa özüni görkezdi we: «Men seniň bilendim» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam ýene: «Sen gapyny ýene göter» diýdi. Hezreti Aly gapyny göterjek boldy, emma ony ýerinden hiç gozgap bilmedi. Jebraýyl alaýhyssalam kömege geldi. Musulmanlar köp mal olja aldylar we kapyrlary bulun (ýesir) etdiler. Hezreti Aly bir saraý içinde bir hatyn gördi. Ol örän görklüdi.

*Aýdypdyrlar:* Onuň ady Sofiýýady. Ol jöhitleriň ulugy Haýýy ibn Ahtabyň gyzydy. Ol gije äri bilen ýatyrka, aý inip onuň goýnuna girdi. Ol oýanyp, düýşüni ärine aýdyp berdi. Onuň äri gaharlanyp: «Ol aý Muhammetdir. Sen ony arzuwlaýarsyňmy?» diýip, onuň ýaňagyna bir şarpyk urdy. Onuň ýaňagy gögerdi. Resul alaýhyssalam Sofiýýa: «Seniň ýaňagyňdaky gök näme? Ony sen maňa aýdyp berjekmi ýa-da men ony saňa aýdyp bereýinmi?» diýdi. Sofiýýa oňa: «Sen aýt» diýdi. Resul alaýhyssalam oňa gören düýşüni aýdyp berdi. Sofiýýa musulman boldy we Resul alaýhyssalamyň nikasyna girdi. Sofiýýa: «Meniň senden bir hajatym bar» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Eý, Sofiýýa! Seniň näme hajatyň bar bolsa, aýt» diýdi. Sofiýýa: «Sen meniň garyndaşlarymdan salgydy aýyr» diýdi. Resul alaýhyssalam olardan jizýany aýyrdy. Ol bu kararyny tassyklap, oňa bir hat berdi. Möminleriň emiri Aly (Allatagala ondan razy bolsun!) ol haty Pygamber alaýhyssalamdan galan ýadygärlik hökmünde hormatlap saklady. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## GULIBETIR RUMUŇ BEÝANY (RUMLULARYŇ ÝEŇILMEGINIŇ BEÝANY)

Pygamber alaýhyssalam dört tarapdaky döwletlere – Rum patyşasy Kaýsara, Hebeşiň patyşasy Najaşa, Müsür patyşasy Makawkişe, Pars döwletiniň patyşasy Kesra hat ýazdy. Kaýsar yslamy kabul etdi. Emma ol öz mülküniň elinden gitmeginden gorkdy. Ol öz leşgerini jemläp, aw-şikara çykyp kumrug (türgenleşik) geçdi. Ol galasynyň derwezelerini berkitdi we: «Eý, meniň kowumym! Musa pygamber: «Menden soň Isa pygamber, ondan soň Muhammet pygamber geler» diýip aýdypdyr. Indi Muhammet pygamber ýüze çykdy. Siz muňa näme diýersiňiz?» diýdi. Olar: «Biz ata-babalarymyzyň dinini taşlap, başga dine girmeris» diýdiler. Patyşa halkynyň musulman bolmak höwesiniň ýokdugyny bildi we: «Eý, adamlar! Men bu sözleri sizi synamak üçin aýdypdym» diýdi. Ol özi iman getirse hem ony halka bildirmän ýördi. Kaýsar: «Men sizi: «Diniňizi tutýarsyňyzmy ýa-da tutmaýarsyňyzmy?» diýip, synap gördüm. Hudaýa şükür, siz diniňize ustuwar (durnukly) ekeniňiz» diýdi.

Müsüriň häkimi Makawkiş hem iman getirdi. Ol Resul alaýhyssalama bölüklerini (sowgatlaryny), Ýaffur atly bir müsür eşegini, Şirin atly bir gul oglany, Mariýat al-Kubtiýa atly bir garabaşy (gyrnagy), Düldül atly bir aty iberdi.

Hebeşi patyşasy Najaşy hem iman getirdi. Ol Resul alaýhyssalamyň hatyna: «Eý, Allanyň resuly! Sen maňa gel diýseň, geleýin. Eger sen gelme diýseň, onda men öz ýurdumda galaýyn. Meniň ýanyma bir musulman gelse, oňa men hormatsylag edeýin» diýip jogap gaýtardy. Pygamber alaýhyssalam oňa: «Sen bize gelme. Sen öz öýüňde otur» diýip, jogap hatyny ýazdy. Emma pars patyşasy Kesra resul alaýhyssalamyň hatyny ýyrtdy. Ol Pygamber alaýhyssalamyň üstünden güldi we:

«Ilçini öldürmek patyşalaryň adatyndan däldir. Men seniň ilçiňi yzyna diri gaýtarýaryn. Ýöne men seniň özüňi öldürerin» diýdi.

Ilçi yzyna gaýdyp geldi. Ol Knyň sözlerini Pygamber alaýhyssalama aýdyp berdi. Pygamber alaýhyssalam: «Kesra meniň hatymy ýyrtmak bilen özüne erbetlik etdi. Eger ol meniň bilen ýaraşyk baglaşan bolsa, onuň mülki aman galardy» diýdi. Pygamber alaýhyssalam ýene: «Eger Kesra ölse, biz onuň hemme hazynasyny Allatagalanyň ýoluna harç ederis» diýdi.

Kesra ýaraşyk baglaşmaga ylalaşmady. Ol Ýemen ulugy (serdary) Bazana hat iberdi: «Sen Muhammediň boýnuna tanap salyp, ony maňa getirip ber» diýdi. Bazan iki ilçini Resul alaýhyssalama iberdi. Olar Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna gelip: «Biziň taňrymyz seni ýanyna çagyrýar» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam bulary gördi. Olaryň sakallary ýolnan, byýyklyry (murtlary) bar. Pygamber alaýhyssalam olardan: «Siz näme üçin beýle etdiňiz?» diýip sorady. Olar: «Taňrymyz bize: «Murty goý, sakgaly al» diýip buýurdy» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam ýawlak (örän) jomartdy. Ol ilçileri hormat bilen myhman aldy.

Daň atdy. Jebraýyl alaýhymassalam geldi we: «Allatagala Kesranyň ogly Şeruýany özüne duşman etdi» diýdi.

Ol iki ilçi Pygamber alaýhyssalamyň ýanyna geldi we: «Eý, Muhammet! Sen biziň taňrymyzyň çakylygyna ýöre» diýdiler. Pygamber alaýhyssalam: «Siz baryp Kesra aýdyň: «Muhammet seniň taňrylygyňy hem, patyşalygyňy hem inkär edýär. Goý, ol meniň bilen söweşmäge taýýar bolsun» diýip aýtdy. Ilçiler yzlaryna döndüler.

Kesra Şahbazat atly leşgerbaşyny goşun bilen Rumuň üstüne jeňe iberdi. Müşrikler (Mekgäniň kapyrlary) muňa begendiler.

Bu Şahbazat görnükli serkerdedi. Ol haýsy ile ýöriş bilen ýüz ursa, ony basyp alardy. Kesra bu sapar oňa göriplik etdi.

Çünki ol: «Şahbazat boýun eder» diýip gorkdy. Kesra oňa: «Sen meniň ýanyma gel. Senden biziň islän işimiz bitdi» diýip, bir hat ýazyp iberdi.

Şahbazadyň Kesranyň ýanynda şugulçysy bardy. Ol Şahbazada: «Sen Kesranyň ýanyna gelme. Eger sen onuň ýanyna geläýseň, ol seni öldürmekçi» diýip hat iberdi.

Şahbazat Rum patyşasy Kaýsara: «Men seniň ýoluňdan sowuldym. Kesra meni özüne duşman hasaplady. Men leşgerim bilen seniň tarapyňa geçeýin» diýip hat gönderdi. Kaýsar Şahbazadyň bu teklibini kabul etdi.

Bu habar Kesra baryp ýetdi. Ol gaýgy-gama batdy. Kesranyň akylly bir gyzy bardy. Ol atasynyň gaýga düşmeginiň sebäbini sorady. Atasy oňa ýagdaýy aýdyp berdi. Gyzy: «Eý, ata! Biziň ýurtda tersa (haçparaz) barmy?» diýdi. Atasy: «Bar» diýdi. Nökerler bir tersany alyp geldiler. Kesra: «Sen Ruma gidip, bir al bilen Şahbazady meniň ýanyma alyp gel» diýdi.

Tersa bir ýyndam düýä münüp, ýola düşdi. Ol ençe ýol ýöräp, Kaýsaryň leşgerine baryp ýetdi. Şahbazat Kesranyň bu pirimini aňdy we ol tersa bilen Pars welaýatyna gitmedi. Şahbazat Kesranyň maksadyny Kaýsara aýan etdi.

Kesranyň köşgünde bolsa şeýle waka bolup geçdi. Ogly Şeruýa atasyny zyndana saldyrdy. Şeruýa bir gaba awy guýup, nökerleriň birine: «Şuny atama içir ýa-da onuň başyny kes» diýdi. Ol kişi zyndana girdi. Kesra oňa: «Sen näme üçin bu ýere geldiň?» diýdi. Ol: «Men seni öldürmäge geldim» diýdi. Kesra: «Kim atasyny öldüreni öldürmese, onuň haramzadadygyny bil» diýdi. Ol kişi Kesranyň başyny kesdi we zyndandan çykdy. Şiruýa ol nökeri öldürdi. Soňra onuň ýanyndaky gapdaky awydan özi içdi. Şeruýa zäherlenip öldi. Ol ölensoň, iki sany mirasdüşeri öldürdiler. Tagta Kesranyň Buran atly gyzy geçip oturdy.

# BENI NAZYRYŇ ILDEN ÇYKARYLMAGYNYŇ BEÝANY

Ilden çykarmaklyga arapça ijla diýilýär. Bu ijla beni kuraýzany öldürmekden iki ýyl soň boldy. Beni kuraýza we beni nazyr äht baglaşdylar. Olar bir-birine: «Biz iki taýpa hiç haçan uruşmarys. Biz bir-birimiziň işimize goşulmarys» diýdiler. Bu iki taýpanyň maksatlary şeýledi: «Olar Töwratda: «Ahyrzamanda ýardamçy bir pygamber peýda bolar»diýip aýdylýar. Ol ýardam beriljek iş – Bedr jeňidi. Yslam taryhynda birinji ýylda jeň bolupdy. Ikinji ýyl Uhut jeňi boldy. Musulmanlar bu jeňde ýeňildiler. Jöhitler: «Musulmanlaryň ýardamy galmady» diýdiler. Emma olar muny ýalňyş aýtdylar. Töwratda: «Olar nusratly (ýardamly) bolar» diýen ýazgy ýokdy. Ýene bir jogap: Möminlere ölmeklik nusratdy (ýardamdy). Emma kapyrlar muny bilmediler. Kapyrlar bilen sanjyşmagyň özi möminler üçin ýardamdy. Mömin şehit bolsa, onuň üçin ýardamdy. Çünki ol şehit bolup ölse, uçmaha düşýärdi. Jöhitler Töwratda Muhammet alaýhyssalamyň sypatynyň beýanyny köp gördüler. Emma olar muňa iman getirmediler (ynanmadylar). Kagp bilen ýetmiş är Mekgä geldiler. Olar hemme kuraýyşy ýygnadylar. Kagp: «Men Muhammet bilen ähdi syndyrdym. Siz mundan atlanyň, biz ondan geleliň. Muhammedi goldaşlary (ýaranlary) bilen öldüreliň» diýdi. Olar Kagba el garamadylar. Olaryň biri turup: «Biziň birnäçämiz ogul-gyzyny goýup, Muhammet bilen Medinä gitdiler, birnäçämiz bolsa, bu ýerde Mekgede galdylar. Her kim öz işini edýär. Bularyň haýsy ýagşydyr?» diýdi. Kagp: «Olar Medinä baryp iman getirdiler. Olar ýagşydyrlar» diýdi. Aýat: ***«Olar Allatagalanyň nälet eden adamlarydyr»***. Bu söz bilen olar yzlaryna gaýtdylar. Hudaýtagala Jebraýyl alaýhyssalamy iberdi. Ol Muhammet resulalla Käbäniň ýagdaýyndan habar berdi. Jebraýyl alaýhyssalam:

«Eý, Muhammet! Sen sahabalaryň birini iber. Goý, ol Kagby öldürsin» diýdi. Salkan ibn Batyr atly söweşjeň bir kişi bardy. Pygamber alaýhyssalam ony bu iş üçin iberdi. Ol: «Men baryp, bu işi bitireýin» diýdi. Emma Muhammet ibn Muslima Kagbyň giýewisidi. Pygamber alaýhyssalam: «Muslima ony çagyryp öýden çykarsyn» diýdi. Salkan: «Eý, Allanyň resuly! Meniň özüm bararyn. Men ony öýden çykararyn» diýdi. Salkan Muslimany özüne ýoldaş edip gitdi. Salkan diwaryň arkasynda galdy we Muslima baryp, Kagbyň gapysyny kakdy. Kagp: «Sen kim?» diýip sorady. Muslima: «Men Muslimadyryn» diýdi. Kagb oňa: «Sen näme iş bilen geldiň?» diýdi. Muslima: «Sen menden jizýa (salgyt) soraýarsyň. Men ony berip bilmeýärin. Men senden karz soramaga geldim» diýdi. Kagp: «Sen maňa bir zat girew berýänçäň, men saňa karz berjek däl» diýdi. Muslima: «Men girew getirdim» diýdi. Kagp ýerinden turdy. Öýlügi (aýaly) onuň etegini tutup: «Men bu işde ganyň ysyny görýärin» diýdi. Bu aýal palçydy. Şu wakanyň öň ýanynda bir geçi gelip, şahy bilen gapyny kakypdy. Ol pal agtaryp: «Bu gije seni öldürmäge gelerler» diýdi. Kagp: «Eger garaňkynyň içinde ýagşy urugly bir kişi meni öldürmäge çagyrsa, men bu işi kabul ederin» diýdi.

Kagp daşary çykdy. Ol Muslima salam berdi we onuň boýnundan guçup tutdy. Kagp: «Senden ýagşy ys gelýär. Sen serhoş dälmi?» diýdi. Muslima: «Men serhoşdyryn» diýdi. Muslima onuň saçyndan tutdy. Ol ýaranyny çagyrdy. Onuň ýarany diwaryň düýbünden turup gelip, gylyç bilen Kagby urdy. Ol gylyjy birinji gezek uranda ol gygyrdy, aýaly bolsa öýden gygyrdy. Oňa ýene gylyç urup öldürdiler. Oňa birinji gezek gylyç urlanda, gylyç Salkan sahabanyň aýagyna hem degdi. Salkan: «Meni bu ýerde goýuň. Siz gaçyň. Resul alaýhyssalama menden salam ýetiriň» diýdi. Muslima: «Men seni nähili galdyraýyn? Seni özüm bilen alyp gideýin. Bol-

masa, men seniň üçin bu ýerde sanjyşaýyn» diýdi. Ol Salkany egnine göterip, gaçdy. Bu wakany jöhitler duýdular. Olar gelip ölini gördüler.

Olar ýaraglaryny alyp, öldürenleri yzarladylar. Emma hiç kimi tapyp bilmediler. Şol wagt Jebraýyl alaýhyssalam geldi we: «Eý, Allanyň resuly! Sen olar ýygnanmazdan öň bar. Olaryň ýylky-garalary boş, eýesiz galypdyr» diýdi. Resul alaýhyssalam bardy. Ol musulmanlar bilen gala girdi. Olar bu ýerdäki kapyrlary öldürdiler, saraýlary bozdular, daş bilen urdular. Olar baglyga girip, hurma agaçlaryny kesdiler. Her bir hurma agajy bir gul bahalydy. Kapyrlar: «Siz: «Bozuk işleri söýmeýäris» diýýärsiňiz, ýene agaçlary kesýärsiňiz?» diýdiler. Emma olar Allatagalanyň şu permanyndan bihabardylar. Aýat: ***«Siz Medineden özleri sorap çykyp giden jöhitleriň galdyran hurma agaçlarynyň birnäçesini kesdiňiz ýa-da olary kesmän şol durşuna goýduňyz. Siziň bu işiňiz Taňrynyň rugsady bilendir. Ol bozuklara jeza, size ýardam bermek üçindir».*** Jöhitler ejiz boldular, ýalbardylar we aman soradylar. Resul alaýhyssalam olara aman berdi. Ol olaryň öňünde: «Üç öý halky ýygnanyp, öýdäki goşlaryny düýä ýükläp, olary ýüp bilen daňmasynlar. Düýeden düşeni bize bolsun, onuň üstünde galany size bolsun» diýip şert goýdy.

**Rowaýat.** Abu Sagyt Farýaby şeýle aýdypdyr: «Haçan olar goşlaryny düýä daňysyz ýükläp ugranda, hemme goşlary düşüp galdy. Sahabalar olary ýygnap aldylar. Aýat: ***«Allatagala iman getiren jöhitlerden kapyr bolanlary birinji jemleşmeklerinden soň Medinedäki ýurtlaryndan çykardy».*** Olar arap adasyndan Irtahaka we Şama göçürildi.

# BENI KURAÝZANYŇ BEÝANY

Aamul-ahzap[63] (taýpalaryň ýygnanyp gelen ýyly) ýedi dürli goşun geldi. Olaryň jemi on bäş adamdy. Beni salamadan Abu Agda Salamy geldi. Akrama ibn Abu Jähl, Sufýan ibn Har birleşip, Medinäniň töweregini gabadylar. Resul alaýhyssalam sahabalary bilen geňeşdi. Salman: «Medinäniň degresine garym gazalyň» diýdi.

Pygamber alaýhyssalamyň özi garym gazmaklyga ýolbaşçylyk etdi. Onuň özi hem bu işde işledi. Olar garym gazyp başladylar. Çukuryň içinden daş çykdy. Kerki oňa ötmedi. Bu ýagdaýy Pygamber alaýhyssalama habar berdiler. Ol garyma geldi we daşa suw sepdi. Ol eline kerki alyp: «Bismillähi-r-rahmany-r-rahym» diýdi. Ol üç gezek metin (kerki) urdy. Doň (gaty) daş gum ýaly uşandy (owrandy). Salman: «Men şol wagt garymyň başyndadym. Pygamber alaýhyssalam her sapar kerki uranda, daşdan nur çykýardy. Ol nuruň ýagtysyna şäherler görnerdi. Men Resul alaýhyssalama bu ýagdaýy habar berdim. Resul alaýhyssalam: «Meniň ummatym üçin Pars, Rum, Horasan, ýene başga uly şäherler açylar» diýip aýtdy» diýdi. Abdylla ibn Ubaý muny eşidip: «Ol ildäki halaýyk munuň ýaly musulman däl. Olar Muhammediň iline jeň ederler. Men bu gün garymdan bir garyş çykyp bilmeýärin. Ol iş haçan bolar?» diýdi. Salman (Allatagala ondan razy bolsun!) bu sözi Resul alaýhyssalama eşitdirdi. Resul alaýhyssalam bu söze gaýgylandy.

Hudaýtagala bu aýaty inderdi: ***«Eý, Muhammet! Sen: «Eý, meniň Taňrym! Sen hemme mülküň eýesidirsiň. Sen halan bendäňe mülk berýärsiň» diýip aýt»***. Jabyr şeýýle aýdypdyr: «Men garymyň başynda otyrdym. Resul alaýhyssalam köýneginiň etegini göterip, egnine atdy. Men onuň eteginiň aşagyndan garnyna daş degendigini, özüniň hem açdygyny gördüm. Men Resul alaýhyssalama iýgi-içgi getirip bermekçi

boldum. Özümiň hem açlykdan içim towlandy. Men ýerimden turup, öýüme bardym. Men aýalyma: «Men Resul alaýhyssalamy aç ýagdaýda gördüm. Öýde iýer-içer ýaly zat barmy?» diýdim. Öýlügim (aýalym): «Bir az arpa, bir geçi bar. Men un üwedeýin. Sen geçini bogazla» diýdi. Jabyr ol geçini bogazlady. Aýaly un üwetdi we tamdyra ot saldy, nahar asdy. Jabyr eden işlerini Resul alaýhyssalama aýtdy we: «Siz özüňize ululyk bilmän biziň tagamymyzdan datsaňyz?» diýdi.

Resul alaýhyssalam: «Sen baryp hatynyňa: «Tamdyryň agzyny açma» diýip aýt. Ol tamdyrdan men gelýänçäm çörekleri çykarmasyn» diýdi. Jabyr gelip Resul alaýhyssalamyň sözüni aýalyna ýetirdi. Ondan soň Pygamber alaýhyssalam sahabalaryna Jabyryň çakylygyny aýtdy we: «Eý, ýaranlarym! Turuň, Jabyryň öýüne baralyň. Ol bize et gowrup taýýarlap goýdy» diýdi. Resul alaýhyssalam pars dilinde bir söz sözledi. Üç ýüz sahaba ýygnandy. Bir sözde: «Olaryň sany ýedi ýüzdi» diýip hem aýdylýar. Olar Jabyryň öýüne bardylar. Jabyr uzakdan bu halaýygy gördi. Ol öýüne girip aýalyna: « Resul alaýhyssalam telim halaýyk bilen gelýär» diýdi. Onuň aýaly: «Sen biziň tagamymyzyň näçedigini Resul alaýhyssalama aýtmadyňmy?» diýdi. Jabyr: «Men oňa muny aýdypdym» diýdi. Aýaly: «Eger sen oňa ýagdaýyňy aýdan bolsaň, onda sen onuň gaýgysyny etme. Allatagala bize bereket berer» diýdi.

Onýança Resul alaýhyssalam ýaranlary bilen gelip ýetdi. Olar tamdyryň başynda töwerekläp durdular. Pygamber alaýhyssalam tamdyryň agzyny açdy we aşygyň (gazanyň) gapagyny göterdi. Pygamber alaýhyssalam: «Indi saçak getiriň» diýdi. Pygamber alaýhyssalam tamdyrdan etmek (çörek) çykaryp başlady. Adamlar gazandan aş we et getirip ugradylar. Hemme halk aş, çörek we et iýip doýdy. Ol tagamdan ýene artyp hem galdy.

*Aýdypdyrlar:* Beni Nazyr Haýýy ibn Ahtap taýpasyndan Mekgä baryp: «Muhammet bilen sanjyşaýyn» diýip meýil etdi. Ol Abu Sufýana: «Men baryp beni kuraýza taýpasyny Muhammetden dändireýin» diýdi. Ol gijäniň içinde baryp, gapyny kakdy. Oňa: «Sen kimsiň?» diýdiler. Ol: «Men Haýýy ibn Ahtapdyryn. Gapyny açyň» diýdi. Olar: «Sen betbagtsyň (ýaramaz niýetlisiň) we şumsuň. Beni nazyr taýpasy seniň şumlugyňdan heläk boldy. Sen bizi hem heläk edersiň» diýdiler. Ol: «Men açyp (ajygyp) durun. Maňa tagam gerek» diýdi.

Olar tagam sözüni eşidensoňlar, gapyny açmazlygy ar gördüler we gapyny açyp, oňa tagam getirip berdiler. Ol tagam iýip başlady. Ol: «Meniň size bir nesihatym bar. Siziň üstüňize leşger geldi. Ol Muhammedi öldürmese, Medinäni bozmasa yzyna gaýtmaz. Sizi hem günüňize goýmaz. Çünki siz Muhammet bilen ýaransyňyz» diýdi. Olar: «Biz näme edeli?» diýdiler. Ol: «Men size bu işiň çäresini öwredeýin. Eger size Muhammet kişi iberip: «Siz meniň tarapdarym boluň diýse, siz oňa: «Biz iki sany agzybir erdemdik (taýpadyk). Indi biz ýalňyz galdyk. Sen beni nazyr ýaly bir üzüm (bölek) leşger getir. Şonda biz senlik bolaly» diýiň. Siz oňa: «Biz seniň bilen ähdi bozduk» diýip sözläň. Ondan çykanyňyzdan soň Abu Sufýandan size bir kişi gelse, siz oňa tarapdar boluň» diýip çykyp gitdi. Ondan soň Abu Sufýana gelip: «Men olara: «Şeýle, şeýle sözleri diýdim. Olar Muhammetden dändiler» diýdi. Abu Sufýan gijäniň içinde nedimlerini (ýaranlaryny) we haslaryny (ýörite ygtyýarly adamlaryny) çagyrdy. Onuň özi çadyrda otyrdy. Olar üýşüp geldiler we: «Siziň içiňizde kim ýaş bolsa, onuň elini tutuň» diýdiler. Huzeýfa Ýemeni Resulallanyň içalysydy. Ol gijäniň içinde kapyrlaryň leşgerine girdi. Ol bularyň sözüni eşitdi we etjek bolýan işlerini aňlady. Ol Abu Sufýanyň adamlary çadyra girizenini gördi, özi hem onuň bilen bu ýere girdi. Ol bularyň: «Eger biziň aramyzda ýat

kişi bar bolsa, siz ony tutuň» diýen sözüni eşidip gorkdy. Onuň elini bir uly kişi tutdy. Ol onuň damarynyň urşuny barlap gördi we: «Bu kişi girsin» diýdi. Ol hem biriniň elini tutup gördi we oňa: «Kimsiň?» diýdi. Ol: «Men pylandyryn» diýdi. Bular biri-biriniň ellerini tutuşdylar. Adamlar çadyra girdiler. Abu Sufýan: «Eý, adamlar! Haýýy ibn Ahtap beni Kuraýza baryp, köp işleri bitirdi. Beni Kuraýza onuň sözi bilen Muhammetden dändi. Olar indi bizlik boldular» diýdi. Adamlar Abu Sufýanyň bu sözüni eşidip, çadyrdan çykdylar we her kim öz ugruna dargady. Huzaýfa: «Men hem olar bilen çadyrdan çykdym. Soňra bir gyrada oturdym. Meniň ýanyma bir kişi geldi. Men: «Ony gylyç bilen uraýyn» diýdim. Emma Pygamber alaýhys-salamyň wesýeti meniň ýadyma düşdi. Ol: «Men size gelýänçäm duşmançylyk işlerini etmäň» diýipdi. Men bu niýetimden saklandym we ony öldürmedim.

Ondan soňra Resul alaýhyssalamyň ýanyna geldim. Men oňa gören-eşiden zatlarymy aýdyp berdim» diýdi. Omar (Allatagala ondan razy bolsun!): «Sen dogrusyny aýdýarsyňmy?» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Omar! Huzeýfa dogrusyny aýdýar» diýdi. Mesgut Sakafy: «Men yslama girdim. Emma ony meniň oglum, gyzym bilmeýär. Men baryp beni kuraýzany öz tarapymyza döndüreýin» diýdi.

Nagym Mesgut Sakafy beni kuraýzanyň üstüne bardy. Ol bulary ýygnady we: «Men: «Siz Muhammetden ýüz öwrüpsiňiz» diýip eşitdim. Siz: «Abu Sufýan Muhammedi ýeňer» diýip hasaplaýarsyňyzmy? Muhammet olary ýeňer. Olar giderler, siz galarsyňyz. Muhammet siziň hemmäňizi beni nazyry gyryşy ýaly gyrar» diýdi. Olar: «Sen bize näme etmegi maslahat berýärsiň?» diýdiler Ol: «Size Abu Sufýandan bir kişi gelse, siz oňa: «Bize garrylary iberiň. Olar bizde tutug (girew) bolup dursunlar. Eger siziň leşgeriňiz synsa, olar bizde galar. Eger siziň leşgeriňiz ýeňse, biz olary size hormatlap ibereris. Ýeňiş

Muhammediňki bolsa, bular bize arka durar» diýip aýdyň» diýdi. Olar: «Sen muny bize ýagşy aýtdyň» diýdi.

Mesgut Sakafy bularyň ýanyndan turup, Abu Sufýanyň ýanyna bardy we: «Men beni kuraýzanyň tarapyndadym. Men olardan şeýle-şeýle sözleri eşitdim. Olar sizden Muhammede ibermek üçin garrylary soraýarlar. Eger sen: «Munuň anygyny bileýin» diýseň, onda sen olaryň üstüne bir kişini iber. Sen olara: «Geliň, biz Muhammediň üstüne sanjyşmaga baralyň» diý» diýdi.

Ertesi Abu Sufýan beni kuraýza bir kişini iberdi. Ol Nagym ibn Mesgut Sakafynyň öwreden sözlerini olara aýdyp berdi. Ol gelip, Abu Sufýana söz ýetirdi. Abu Sufýan gaharlanyp, olara sögdi. Jöhitler: «Bu melgun bize mekirlik etdi» diýip aýtdylar. Ol gije güýçli ýel gopdy. Ýel çadyrlary bozdy, olary ýerden göterip howa uçurdy, ýene ýere getirip çaldy. Ertesi gün Resul alaýhyssalamyň sahabalary sanjyşsyz (söweşsiz) ganymat (olja) aldylar. Resul alaýhyssalam öýüne gaýtdy. Onuň saçy, sakaly toprakdan çaň bolupdy. Onuň hatynlarynyň biri saç-sakalyny ýuwmaga başlady. Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Muhammet! Sen saçyňy ýuwdurýarsyňmy? Biz perişdeleriň ganatlarymyzyň tozy-topragyny silkýäris. Sen başyňdan suw guý. Sen beni kuraýzanyň üstüne atlan. Olary tutup, bulun (ýesir) et» diýdi.

Resul alaýhyssalam leşger bilen beni kuraýzynyň üstüne bardy. Ol galanyň içine gelip girdi. Onuň leşgeri suwsady. Olar suw gaplaryndan suw içmekçi boldular. Emma suw idişlerinde (meşiklerinde) suw tapylmady. Allatagalanyň emri bilen bir ok geldi. Ol Sagt ibn Magazyň gözüne degdi. Onuň gözi gaty agyrdy. Ol Allatagala: «Eý, Taňrym! Sen beni kuraýzadan öjümi alýançam, meniň janymy alma» diýip ýalbardy. Olar gaty suwsap ölmäge ýakyn boldular we aman soradylar. Pygamber alaýhyssalam: «Biz hiç aman bermeris» diýdi.

Sagdyň hökümi bilen Abu Labana beni Abdulmunziri iberdi. Ol aman sorap, bogazyna yşarat etdi. Oňa: «Munuň hökümine girmäň. Ol öldürmekligi unaýar» diýip aýtdylar. Abu Labana: «Men aýakýalaňaç däldim. Men onuň Allatagala we Resula hyýanat edendigini bildim» diýdi. Şonda: ***«Eý, iman getiren kişiler! Allatagala we onuň resulyna hyýanat etmäň»*** diýen aýat indi.

Olar çäre tapmadylar we gelip, Sagdyň aýagyna ýykyldylar. Sagt: «Siz meni göteriň we daşary çykaryň» diýdi. Olar ony göterip daşary çykardylar. Resul alaýhyssalam: «Men haçana çenli siziň hyýanatyňyzy aklaýyn? Men Taňrynyň emri bilen: «Olaryň erkeklerini öldüriň, aýallaryny bulnaň (ýesir alyň) we oglanlaryny alyň» diýip höküm etdim» diýdi. Olaryň erkeklerini öldürip başladylar. Şu wagtda Haýýy ibn Ahtaby alyp geldiler. Ol özüni öldürjekdiklerini bildi we eli bilen donuny ýyrtdy. Ýene biriniň Resul alaýhyssalamyň sahabalaryndan dosty bardy.

Ol Resul alaýhyssalamdan oňa aman bermegini sorady. Resul alaýhyssalam ony bagyşlady. Dosty: «Men seni hezreti Resuldan sorap aman sakladym» diýdi. Ol kişi: « Pylan ýagy (duşman) nirede?» diýdi. Ol: «Olary öldürdiler» diýdi. Ol kişi ýene: «Haýýy ibn Ahtab nirede?» diýip sorady. Oňa: «Ol öldi» diýip aýtdylar. Bu kişi ýerinden turdy we: «Olarsyz maňa hem dirilik gerek däl. Meni hem öldüriň» diýdi. Ony öldürdiler. Resul alaýhyssalam sahabalary bilen olaryň hatynlaryny we ogul-gyzlaryny ýesir alyp geldiler.

## *HAWAZIN KYSSASY*

Hawazin welaýatyndan dört müň atly atlandy. Olar Resul alaýhyssalamyň üstüne ugradylar. Resul alaýhyssalama ýawlak huş (gowy pikir) geldi. Biri: «Olar biziň bilen uruşmazlar» diýdi. Resul alaýhyssalam munuň bu sözüni unamady we: «Bu kişi meniň leşgerimi ýele berdi (derbi-dagyn etdi)» diýip aýtdy. Ol ýene: «Bu dünýä pygamber bilen köp döwüşdi. Dawut söwükligi (gowy görýäni) bilen mübtela boldy (agyr ýagdaýa düşdi). Men hun (gan alyş, ar alyş) gününde çerik kawurtlygyna (leşger ýygnanmagyna) hoşlanyp, kynçylyga uçradym» diýdi.

Bular sanjyşmaga durdular. Hawazin ogly: «Sizde dört müň gylyç bar. Gylyjyňyzy gynlaryna salyň. Onsoň etekleriňizi berk baglaň. Siz özüňize özüňiz gabyr gazarsyňyz» diýdi. Şeýle hem boldy. Yslam leşgeri syndy we gaçdy. Allatagala perişdeleri iberdi. Duşman köp ala atlylary gördi we olardan gorkup: «Yslam leşgeri busguda (bukuda) eken» diýdi. Duşman gaçdy. Yslam leşgeri olaryň söbügine düşdi. Perişdeler olaryň öňünden döküldiler we duşmanlaryň köp leşgerini öldürdiler. Olar Awf ibn Mälik Nasyryň oglanlaryny hem tutup öldürdiler. Resul alaýhyssalam: «Size üç iş bar. Siz onuň haýsysyny isleseňiz, şony saýlap alyň: Biz sizi geçirelimi, ýa-da sizi öldürelimi, ýa-da siz yslamy kabul etjekmi?» diýdi. Olar: «Bizi öldürseňiz hem bolar, geçirseňiz hem bolar. Emma biz yslamy kabul etmegi unamaýarys» diýdiler. Resul alaýhyssalam

olardan bu duşmançylyklaryny geçirdi. Olar Resul alaýhyssalamyň bu keremini (geçirimliligini) görüp, yslamy kabul etdiler.

## TABUK URŞUNYŇ BEÝANY

*Sowal:* «Tabuk» sözüniň manysy näme bolar?

*Jogap*: Lugat (sözlük) içinde: «Tabuk» sözüniň manysy: «Bir eşegiň beýleki bir eşegiň böwl (peşew) eden ýerini gözläp tapyp, ony ysgap, burnuny ýokary göterip, göwni hoş bolmagyna aýdylýar» diýlipdir.

Bu uruşda yslam goşuny gaty suwsady. Olaryň teşnelikden ýaňa gözleri garaňkyrady we gara uýugy (batgany) gözläp tapyp, ony ysgap, ýüzlerini ýokary göterip göwünlerini hoşladylar. Şu sebäpden bu urşa: «Tabuk urşy» diýip at galdy.

*Aýdypdyrlar:* Yslam goşuny Şama tarap atlandy. Bu wagt tammuz (Gorkut aýy) aýydy. Musulmanlar gaty emgendiler. Gün yssy, azyklary az, suw bolsa ýok. Olar düýeleri öldürip, olaryň içegelerini sykyp, suwuny içip başladylar. Düýeler tükendi. Olar hiç wagt munuň ýaly kösenji görmändiler. Olaryň köňüllerine: «Bu yslam hak bolsa, Taňry bizi beýle kösemezdi» diýen pikir geldi. Şu wagt Allatagala: ***«Allatagala Pygambere, muhajirlere (Pygamber bilen Mekgeden Medinä göçüp gelenlere), ensarylara (Pygamber Medinä göçüp gelende oňa ýardam berenlere) mähribanlyk etdi, we olaryň tobalaryny kabul etdi»*** diýen aýat inderdi.

Musulmanlar Pygamber alaýhyssalamdan dänmäge ýakyn gelipdiler. Emma Allatagala bu aýaty indermek bilen olaryň kalbyna imana bolan durnuklylyk saldy. Olar bu niýetlerine toba etdiler. Allatagala olaryň tobasyny kabul etdi.

## JAPAR TAÝÝARYŇ SÖZLERINIŇ BEÝANY

Resul alaýhyssalam hijret edende dört tarapdaky illere kişi iberdi. Ol Japar Taýýary bir gyzy we ýene bir topar adamlar bilen Hebeşiň patyşasy Najaşa iberdi.

Pygamber alaýhyssalam hijret edenden soň köp söweşler bolup geçdi. Olaryň ilkinjisi Bedr jeňidi. Onda ýetmiş kapyr öldi. Ýetmiş kapyryň maşgalasy başsyz galdy. Mekgäniň uluglary (aksakallary) we garrylary ýygnandylar. Olar: «Biz bu äre näme hile etsek ýagşy bolar?» diýdiler. Olaryň her biri bir söz sözledi. Ahyrynda olar: «Biz Najaşa köp mal sowgat ibereliň. Ol Muhammediň üstüne ilçi ibersin. Ol Muhammetden biziň ýesirlerimizi sorap alyp bersin» diýip maslahata geldiler. Olar oňa: «Şu wagta çenli biz seni: «Ýagşy patyşa» diýip hasaplap gelýäris. Heniz hem sen biziň ýanymyzda mertebelisiň. Indi biziň arkadagymyz sensiň. Biziň aramyzdan bir är çykdy. Ol biziň ata-babalarymyzyň dinini bozup, biziň taňrymyzy masgaralaýar. Ol: «Siziň ata-babaňyzyň hemmesi dowzahy» diýip biziň aramyza agzalalyk saldy. Biziň ýagşy günümiz bulandy. Biz onuň leşgeri bilen söweşdik. Ol biziň birnäçämizi öldürdi, birnäçämizi bolsa ýesir aldy. Bu är atasynyň garyndaşyny saňa ibermek bilen bizi bulaşdyryşy ýaly seniň mülküňi hem bozar. Biziň islegimiz şeýledir: Biz birleşip ondan öjümizi alaly» diýen mazmunda hat ýazdylar. Olar haty Omar ibn Asa berdiler.

Omar deňiz bilen ýöräp, üç aýda Hebeşistana bardy. Japar Taýýar üç ýyl Hebeşistanda galdy. Omar Najaşynyň ýanyna bardy we oňa haty berdi. Najaşy haty okady. Bir gün geçenden soň Japar ýetip geldi. Omar öz ýaranlary bilen patyşanyň gapdalynda oturdy. Japar köşgüň gapysyny kakdy. Gapy garawuly: «Taňrynyň ilçisi siziň ýanyňyza girmäge rugsat soraýar» diýdi. Omar ibn As Japaryň sesini tanap: «Eý, patyşa!

Ol özüni Taňrynyň ilçisi diýip atlandyrýar. Ol seniň ýanyňa girende salam bermeýär. Ol hemmeler ýaly saňa sežde etmeýär. Ol özüni başgalar ýaly alyp barmaýar» diýdi.

Najaşy gapyça: «Oňa aýdyň! Goý, ol täzeden rugsat sorasyn» diýip buýurdy. Najaşy Omaryň oňa: «Taňrynyň ilçisi» diýeni özüne hoş gelendigi üçin täzeden rugsat diletdi. Japar ýene: «Taňrynyň ilçisiniň nökeriniň siziň ýanyňyza girmegine rugsat barmy?» diýdi. Najaşy: «Giriň» diýdi. Japar Allatagala bolan imany bilen patyşanyň ýanyna girdi. Ol patyşa salam berdi. Emma sežde etmedi. Omar: «Eý, patyşa! Men saňa bular başgalar ýaly sežde etmezler diýip aýtmadymmy?» diýdi. Japar: «Eý, patyşa! Allatagala heniz älem-jahandakylaryň görmedik pygamberini iberdi. Onuň waspy ýaly waspy heniz gulaklar eşidenok. Onuň ýaly pygamber geler diýip, hiç kimiň köňlüne heniz pikir hem gelenok. Hemme kişi ol pygambere salam we alkyş aýdýar. Ol: «Ata-enäni hormatlaň» diýýär. Ol hemme ýagşy işlere ýol görkezýär. Ol: «Sadaka beriň, zekat beriň, kapyrlyk dinini goýuň, musulman boluň. Emma sežde etmek Allatagaladan özgä rowa bolmaz» diýýär» diýdi.

Japar: «Patyşalaryň öňünde köp sözlemek edeplilikden bolmaz. Eý, patyşa! Sen bulara: «Olardan biri turup, bizden biri turup sözleşeliň» diýip aýt. Eý, patyşa! Sen olardan: «Biz gulmy ýa-da azat kişi, olaryň bizden algylary barmy?» diýip sora» diýdi. Najaşy olardan bu soraglary sorady. Olar: «Biz azatdyrys, gul däldiris» diýdiler. Najaşy olardan: «Olaryň sizden algylary barmy?» diýip sorady. Olar: «Ýok» diýdiler. Najaşy: «Siziň bularda daglar ýaly algyňyz bar bolsa hem, men ony öz hazynamdan bereýin» diýdi. Olar: «Biz gullar däldiris. Biz bir kişini öldüren däldiris. Olaryň bizde algylary ýokdur. Eýse, olar bizden näme isleýärler?» diýdiler. Najaşy: «Siz bulardan näme isleýärsiňiz?» diýdi. Omar ibn As: «Eý, patyşa! Bular siziň ata-babalaryňyzyň dinini örteýärler. Bular biziň

aramyzda din barada oňuşmazlyklar gurnaýarlar. Olar dinde artyk işleri edýärler» diýdi. Şol wagt Najaşy bir hat çykardy.

Onda Resul alaýhyssalamyň we beýleki pygamberleriň nagty (waspy) bardy. Najaşy Japardan: «Siz mundan öň haýsy dindediňiz?» diýip sorady. Japar: «Biz öň şeýtanyň dinindedik. Indi biz yslama – Allatagalanyň dinine girdik. Biz indi ýeri, gögi ýaradan Taňrynyň dinine topunýarys (ybadat edýäris)» diýdi. Najaşy: «Kim Taňrynyň dinine girse, ol ondan ýene çykarmy?» diýdi. Japar: «Çykmaz» diýdi. Najaşy: «Yslamyň halawaty (lezzeti) ine şundadyr» diýdi. Najaşy ýene: «Bu dine ilkinji bolup kim girdi?» diýip sorady. Japar: «Oňa ilki bilen ejiz bendeler girdiler» diýdi. Ol Omar bin Asa: «Siz maňa rişwet (para) berdiňiz, hedýe (sowgat) getirmediňiz. Men para almaýaryn. Şonuň üçin maňa Hudaýtagala mülk berdi. Ol maňa para almaklygy haram etdi» diýip, getiren zatlaryny yzyna gaýtaryp berdi.

Ol Japara: «Hudaýtagalanyň Muhammede inderen sözlerinden seniň ýadyňda bir zat barmy? Eger bar bolsa, sen ony oka» diýdi. Japar okap başlady: ***«Öz bendesi Muhammedi gijäniň içinde Haram metjidinden (Käbeden) asmana göterip gezdiren Allatagala hemme kemçiliklerden päkdir»***. Najaşy: «Sen öz Taňryň ady bilen oka» diýdi. Japaryň ýaranlary: «Ony ol nähili okasyn?» diýdiler. Jebraýyl alaýhyssalam gelip, şu sözleri Japaryň agzyna saldy: «Daşlanyp kowulýan şeýtanyň şerinden pena isleýärin. Mähriban Rehimdar Allanyň ady bilen. Kaf, ha, ýa, aýn, sad». Allatagalanyň öz bendesi Zekerýa beren merhemeti hakyndaky kyssadan başlap, tä şu süräniň 92-nji aýaty bolan: ***«Mähriban bolan Allatagala bir adamy ogul edip almak rowa däldir»*** diýen sözüne çenli okady. Olaryň hemmesi goh turuzdylar. Olar: «Japary uraly» diýdiler. Najaşy: «Men: «Şu günden soň kim muňa el degirse, ol oňa on müň

altyn bersin» diýen höküm etdim. Japar okadygyça Najaşy gaty ses bilen ýyglaýardy. Ol köp ýyglady.

Aýat: ***«Eger olar Pygambere inderilen aýatlary eşitseler, olaryň gözlerinden ýaş akýandygyny görersiň. Çünki olar hakykaty bilýärler»***. Ondan soň Najaşy Japary ýaranlary bilen hormatlap köşge getirdi. Olary mertebeläp iýdirip-içirdiler. Omar ibn Asy ýaranlary bilen köşkden çykaryp kowdy. Najaşy olaryň getiren zatlaryny özlerine gaýtaryp berdi. Japar Taýýar Omar ibn As bilen munazyrada (söz çekişmesinde) üstün geldi. Allatagaladan Jebraýyl alaýhyssalam gelip, hat ýazyp Japara aýtmaly sözlerini öwretdi. Najaşy Japara we onuň ýaranlaryna köp ýagşylyk etdi. Emma käbir zeňňiler (hebeşiler) iman getirenlerinde Japaryň gyzyna gözleri düşdi. Olar öz aýallaryndan göwünleri geçip, aýallaryny çapyp başladylar.

*Aýdypdyrlar:* Allatagala garalygy on bölek edipdir. Onuň dokuz bölegini zeňňilere beripdir, galan bir bölegini bolsa beýleki adamlara beripdir.

Pygamber alaýhyssalamyň sahabalary bu işe gaýgyly boldular. Bir gün: «Bir patyşa Najaşy bilen sanjyşmaga gelýär» diýen habar boldy. Hemme zeňňiler çykyp, ol duşman bilen sanjyşyp öldüler. Omar ibn As bu waka haýran galdy we ýaranyna: «Sen görkli, jemally bolsaň, bularyň hemmesi garadyrlar. Sen Najaşynyň köşgüniň töwereginde sümsünseň, onuň aýalynyň gözi saňa düşer. Onsoň ol seniň bilen sözleşer. Ol biziň sözümizi Najaşa ýetirer. Biziň işimiz biter» diýdi. Ol kişi şeýle hem etdi. Gapynyň deşiginden Najaşyň aýalynyň gözi ol kişä düşdi. Ol aýal ony öz ýanyna çagyrdy. Olar gowuşdylar (tapyşdylar). Ol aýal bu kişä köp nygmatlar berdi.

Omar ibn As bir gün bu ýaranyna: «Sende munça mal meniň öwretmegim sebäpli hasyl boldy. Sen onuň ýarysyny maňa ber» diýdi. Ol kişi oňa hiç zat bermedi. Omar ibn As bir majmara (hoşboý ysly suwuklyk guýulýan gaba) müşk-anbar

guýup, ony Najaşa alyp bardy. Ol majmary görkezip: «Eý, patyşa! Sen muny tanaýarsyňmy?» diýdi. Najaşy: «Bu majmar meniň sandygymdady. Ol seniň eliňe nähili düşdi?» diýdi. Omar ibn As oňa onuň aýaly bilen öz ýaranynyň arasynda bolan wakany aýdyp berdi. Najaşy Omar ibn Asyň ýaranyny buýruk berip tutdurdy. Onuň endamyna gamçy urdular. Ol azap çekip öldi.

Omar ibn As hor we betbagt bolup ýurduna geldi.

Najaşy Japara hormat-sylag etdi. Oňa köp mal berip, yzyna gaýtardy. Najaşy ölende, Jebraýyl alaýhyssalam gelip: «Eý, Muhammet! Seniň garyndaşyň Najaşy öldi. Sen baryp, onuň jenaza namazyny oka» diýdi. Ondan soňra Jebraýyl alaýhyssalam ganatyny kakdy. Aradaky diwarlar, daglar, köşkler, agaçlar hemmesi weýran boldy. Bu ýer boşluk meýdana öwrüldi.

Najaşynyň namazyna Jebraýyl alaýhyssalam ymam boldy. Hezreti Pygamber we sahabalar oňa uýdular. Elbetde, bu zatlaryň dogrusyny Allatagalanyň özi ýagşy bilýändir!

## ÄŞÄ TÖHMET ATYLMAGYNYŇ[64] BEÝANY

Abdylla ibn Apbas (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle aýdypdyr: «Men Äşeden: «Ifk (töhmet) gürrüňi nähili?» diýip soradym. Äşe (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle aýtdy: «Pygamber alaýhyssalam söweşe ugrasa kurla (bije) ýa-da nobat bilen aýallaryndan birini öz ýanyna alyp çykardy. Bu sapar nobat maňa düşdi. Ýola çykmaly bolanda, adatça üç sapar kumrug (nagara, baraban) urardylar. Birinji gezek nagara urlanda ýylky-garany jemlärdiler. Ikinji nagara urlanda ýük ýüklenerdi. Üçünji nagara urlanda atlanardylar.

Men birinji nagarada daş çykdym. Täret alyp, yzyma gaýdyp geldim. Men hawdaja (kejebä) girenimden soň, elimi

boýnuma tutdum. Görsem, boýnumdaky monjuk ýok. Men ony täret alan ýerimde unudandygym ýadyma düşüp, ýene gidip şol täret alan ýerime bardym. Men ony gözläp tapyp, kejebä yzyma gaýdyp geldim we oňa girdim. Ýük ýükleýän adamlar meniň kejebä girenimi gördüler. Emma olar meniň kejebeden çykyp gidenimi görmändiler. Men ýurtda (goşda) galdym. Pygamber alaýhyssalamyň bir adaty bardy. Ol her gijäniň dowamynda kejebäniň degresine gelip, bir ýa-da iki gezek meni sorardy. Ol gije hem Pygamber alaýhyssalam meni sorap tapmadyk bolmaly. Bolmasa, ol leşgere: «Düşläň» diýip aýtmazdy. Leşgeriň arasynda: «Bu ýer düşlemeli ýer däl, bu wagt düşlemeli wagt däl» diýen söz ýaýrapdyr. Leşger bu ýerde düşledi. Daň atdy. Allatagala teýemmum aýatyny inderdi. Leşgerde Safwan ibn Mugtal atly güýçli bir är bardy. Ol jemmaza (ýyndam düýä) münüp ýörärdi. Haçan leşger düşlän ýerinden ugrasa, ol ýerde gün dogýança galyp, unudylyp galdyrylan zatlary ýygnap, soňra leşgeriň yzyndan ýeterdi. Men bu ýerde uklap galypdym. Ol meni gördi. Men ýyglaýardym. Ol menden: «Sen Resul alaýhyssalamyň aýalymy?» diýip sorady. Men oňa: «Hawa» diýip jogap berdim. Ol düýesini çökerip, düýesinden düşdi we: «Sen bu düýä mün» diýdi. Men oňa mündüm. Ol düýäniň nogtasyny eline alyp, ony itdi. Biz leşgeriň yzyndan ýetdik. Abdylla ibn Ubaý leşgeriň çetinde gamgyn bolup otyrdy. Ol biderek sözleri sözlese, ony sahabalaryň eşidip, meniň ýyglajakdygymy bildi. Safwan düýäniň nogtasyny tutup, idip barýardy. Men: «Eý, Taňrym! Ol Safwan meni görmedi, men hem Safwany görmedim» diýdim. Bu söz leşgeriň arasyna ýaýyldy. Resul alaýhyssalam aýallaryna göni sözlüdi. Biz Medinä geldik. Ýoluň emgegi meni dertli etdi.

Men hassa bolsam, adatça Pygamber alaýhyssalam meniň ýagdaýymy soramaga gelerdi. Ol maňa mähribandy. Bu gezek ol meniň halymy soramaga gelmedi. Men haýran galyp ondan:

«Ata-enemiň öýüne gideýin» diýip rugsat soradym. Meniň maksadym şeýledi: Eger men: «Öýe gitjek» diýsem, ol menden: «Sen näme üçin gitjek?» diýip sorar. Men oňa: «Menden habar almaýanyň üçin gidýärin» diýip aýdaryn diýip pikir edýärdim. Pygamber alaýhyssalam maňa rugsat berdi. Men atamyň öýüne gaýdyp bardym. Öň atamyň gapysyndan ötse, hemmämiziň ýagdaýymyzy sorap geçýän hem bolsa indi ol meni sorap yzymdan gelmedi.

Adatça Allanyň resuly hemmeden öň meniň ýagdaýymy sorardy. Bir gün Zeýnep ondan men barada sorapdyr. Ol Zeýnebe: «Äşe bilen meniň aramda köňül galmasy bar. Emma oňa aýdylan töhmete men dogry diýip aýdyp bilmerin. Çünki men Äşe kiçi wagtynda hem, uly wagtynda hem ondan gönülikden başga zady görmedim» diýipdir».

Äşeden gyz dogany Hamiýa: «Siziň araňyzda näme boldy?» diýip sorady. Äşe oňa: «Näme bolandygyny men bilmeýärin» diýip jogap berdi. Aly (Allatagala ondan razy bolsun!) Äşeli gürrüňde Pygamber alaýhyssalama: «Eý, Allanyň resuly! Eger köňül unamaýan bolsa, oňa talak beriň. Onuň ýerine başga birini alyň» diýip aýtdy. Hezreti Aly bilen Äşäniň arasyna duşmançylyk düşmeginiň sebäbi şu sözdi. Äşe barada goňşularyndan sorasalar, olar: «Biz ondan bozuk bir işi görmedik» diýipdirler.

Äşe şeýle aýtdy: «Bir gije ummy Mustah bilen çykdym. Ol agyraýakdy (göwrelidi). Ummy Mustah: «Mustah heläk bolsun» diýip gargady. Men oňa: «Sen näme üçin gargaýarsyň?» diýdim. Ol: «Sen özüňe näme diýýänlerini bilmeýärsiňmi? Saňa: «Äşe Safwan bilen galdy. Çünki Pygamber alaýhyssalamdan öň Äşäni Safwan sorardy. Äşe bozulypdyr» diýip aýdýarlar» diýdi. Äşe: «Men haçan bu sözi eşidemde köp emgendim. Derdim artdy. Öýe girdim, ýüzümi öwürdim. Atam-eneme

aýtdym: «Siz maňa bu sözi näme üçin aýtmadyňyz? Men baryp Resul alaýhyssalamdan ötünç sorardym».

Äşe Resul alaýhyssalama: «Indi men bu sözüň sebäbini bildim. Men sen diýip ýyglaýaryn» diýip habar iberdi. Resul alaýhyssalam Äşäniň yzyndan gelip, öýe girdi we oturdy. Aýallar ýyglaşdylar. Resul alaýhyssalam: «Näme bolan bolsa siz maňa ony aýdyň. Adam ýazyksyz bolmaz» diýdi. Äşe: «Men gaýgy bilen Ýakup pygamberiň adyny unutdym. Meniň sözüm Ýusubyň atasynyň şu sözüdir: ***«Sabyr etmeklik ýagşy zatdyr»*** diýdi. Abu Bekriň öýüniň adamlarynyň hemmesi gaýgylydylar.

Äşe ýene şeýle aýdypdyr: «Bir gün Resul alaýhyssalam gelip girdi. Onuň ýüzünde wahynyň (Allatagalanyň syrly habarynyň) yzy bildirip durdy. Bir salymdan soň ol: «Eý, Äşe! Saňa söýünji bolsun!» diýdi. Men: «Eý, Allanyň resuly! Bu söýünji seniň özüňdenmi ýa-da Allatagaladan?» diýdim. Resul alaýhyssalam: «Bu söýünji Allatagaladandyr» diýdi. Men: «Taryplanmak Allatagala degişlidir. Seni hiç kim taryplamaz. Men seni däl-de Allatagalany taryplaýaryn» diýdim. Men bu sözümi üç gezek gaýtalap aýtdym.

Resul alaýhyssalam: «Meniň Allatagaladan: «Meni bu gaýgydan gutarar» diýen umydym bardy. Emma ondan meniň üçin: «Aýat inderer» diýen umydym ýokdy. Allatagala Gurhanyň içinde on sekiz aýatda meniň päkligime güwä geçýär. Ol bu aýatlary Jebraýyl alaýhysalamdan iberdi.

*Aýdypdyrlar:* Bu sözi aýdan adamlar üç topardy: birinji – bu söz bilen töhmet atan adamlar; ikinji – bu sözi eşidip, başgalara aýdan adamlar; üçünji – bu töhmetli sözi päklän adamlar.

Birinji topar adamlara gamçy urdular, ikinji topar adamlary ýazgardylar, üçünji topar adamlar bolsa aldylar, ýagny mertebeli boldular.

*Aýdypdyrlar:* Bu aýat Abu Eýýup Ensary we onuň aýaly Hanna hakynda indi. Abu Eýýup gaýgyly bolup öýüne girdi. Aýaly oňa: «Sen näme gaýgyly?» diýdi. Abu Eýýup: «Men näme üçin gaýgylanmaýyn? Äşe hakynda halanmajak gürrüň edýärler» Aýaly: «Olar ýalan aýdýarlar» diýdi. Abu Eýýup: «Ýalan aýdýanlaryny men hem bilýärin. Emma şonda hem aýdýarlar» diýdi. Aýaly ýene: «Alla kessin, olar ýalan sözleýärler» diýdi. Onuň aýaly üçünji gezek hem ant içip: «Eger şol gün Safwanyň ornuna sen bolan bolsaň, Pygamber alaýhyssalamyň hormaty üçin bu sakynjy (pikiri, ýagny Äşä ýakynlyk etmek hyýalyny) edermidiň?» diýdi. Abu Eýýup: «Ýok» diýdi. Aýaly: «Men Äşäniň ornunda bolsam, maňa şunuň ýaly zady aýtsalar, sen oňa ynanarmydyň?» diýdi. Abu Eýýup: «Ýok» diýdi. Aýaly: «Alla kessin Safwan senden päkdir, Äşe bolsa menden päkdir. Menden, senden bu iş çykmaýar. Onsoň Safwan bilen Äşeden ol iş nähili çyksyn?» diýdi.

Abdylla, Mustaha we Yhsana hed (gamçy) urdular. Mustah Äşäniň doganoglanynyň ogludy. Ol Abu Bekriň öýünde bolýardy. Ony bu ýerden çykaryp kowdular. Resul alaýhyssalam hezreti Abu Bekrden gila kyldy (öýkeledi). Bu mazmuna delil bolup: ***«Sizden dinde artyklyk we malda baýlyk eýesi bolanlar ýakyn garyndaşlaryna, zady ýoklara we Allatagalanyň ýolunda watanyny taşlap gelenlere öz mallaryndan sadaka bermezlige hem olara ýagşylyk etmezlige ant içmesinler. Olar garyplardan peýda bolan günäni geçsinler. Olardan ar almakdan gözüni ýumsunlar. Siz Allatagalanyň günäňizi geçmegini islemeýärsiňizmi?»*** diýen aýat indi.

Resul alaýhyssalam hezreti Abu Bekri çagyrdy we ondan: «Saňa Allatagalanyň magpyreti (günä geçmegi) gerekmi?» diýip sorady. Hezreti Abu Bekr: «Elbetde, gerek» diýdi. Pygamber alaýhyssalam: «Onda sen Mustaha geçirimlik et» diýdi. Hezreti Abu Bekr Mustahyň hatasyny geçirdi.

## *ALTMYŞ ALTYNJY KYSSA*
## PYGAMBER ALAÝHYSSALAMYŇ ÖLÜMINIŇ BEÝANY

Habarda aýdylşyna görä, günlerde bir gün, Resul alaýhyssalam daň namazyny okady we münbere çykyp, sahabalara wagyz-nesihat etdi. Ol: «Eý, möminler! Siziň biriňiziň meniň bilen dawaňyz ýa-da göripçiligiňiz barmy?» diýdi. Onuň bu sowalyna hiç kim seslenmedi. Ol sowalyny ikinji gezek gaýtalady. Bu sapar hem hiç kim sesini çykarmady. Onsoň ol bu sowalyny üçünji gezek gaýtalady. Bu sapar Ukaşa atly sahaba ýerinden turdy we: «Eý, Allanyň resuly! Meniň bir dawam bar» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Aýt» diýdi. Ol: «Bir gün siz sapardan gelýärkäňiz, düýä münjek bolanyňyzda, meniň arkama gamçy bilen urduňyz. Şonda meniň arkam gaty agyrdy. Eý, Allanyň resuly! Siz bu sowalyňyzy üç gezek gaýtalamadyk bolsaňyz, men bu gepi size aýtmazdym» diýdi.

Resul alaýhyssalam hüjrä (öýüne) bir kişini gamçy alyp gelmegi üçin iberdi. Ol kişi baryp gamçy sorady. Aýallar: «Gamçy näme üçin gerek boldy?» diýip soradylar. Ol kişi: «Ukaşa pygamberden aryny almak isleýär» diýdi. Aýallar gaýgylandylar. Ol kişi gamçyny getirdi. Pygamber alaýhyssalam ony eline aldy we Ukaşa berdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Ukaşa! Men seni nähili uran bolsam, sen hem meni şonuň ýaly edip ur» diýdi. Ukaşa: «Bu ary beýle almak dürs däl. Çünki ol gün siz düýäniň üstündediňiz, men bolsa ýerdedim. Eýse,

ýokardan urlan urgy bilen aşakdan urlan urgy deň bolarmy?» diýdi.

Pygamber alaýhyssalamyň özi münberden aşak düşdi, Ukaşany bolsa münberiň üstüne mündürdi. Pygamber alaýhyssalam oňa: «Ur» diýdi. Sahabalar ýyglaşdylar. Ukaşa: «Eý, Allanyň resuly! Ol gün meniň egnim ýalaňaçdy. Şonuň üçin egnim gaty agyrdy. Sen donuňy çykar. Kasas (ar almak) rast (dogry) bolsun» diýdi. Sahabalardan agy peýda boldy. Resul alaýhyssalam donuny çykardy we egnini ýalaňaçlady. Sahabalar dady-perýat etdiler. Hezreti Abu Bekr: «Eý, Ukaşa! Sen ol gamçyny meniň ýüzüme, gözüme ur. Gamçy Resul alaýhyssalamyň gutly tenine degmesin» diýdi. Omar, Osman, Aly (Allatagala olaryň hemmesinden razy bolsun!) ýyglaşyp: «Meni ur» diýdiler. Resul alaýhyssalam: «Eý, ýaranlarym! Siziň maňa ýüregiňiz awaýar. Emma kasas (ar almak) maňa degişli bolsa, ol size rowa bolmaz» diýdi. Ukaşa Pygamber alaýhyssalamyň egnini ýalaňaç gördi we: «Eý, Allanyň resuly! Meniň maksadym kasas däldi. Meniň seniň arkaňdaky pygamberlik möhrüni görmek arzuwym bardy. Siz maňa rugsat beriň. Men ol möhri öpeýin. Men seni geçirdim» diýdi. Pygamber alaýhyssalam oňa rugsat berdi. Ukaşa ol möhri öpdi. Sahabalaryň hemmesi bu wakanyň beýle tamam bolmagyna begendiler. Olar Ukaşa: «Berekella» diýdiler.

*Aýdypdyrlar:* Bu wakadan birnäçe gün soň, widag haj (hoşlaşyk hajy)[65] boldy. Pygamber alaýhyssalam düýäniň üstünde otyrdy. Onda wahy (gizlin habar) agyrysynyň eseri bildirdi. Muhajirler we ensarlar onuň degresinde durdular. Resul alaýhyssalam: ***«Bu gün men siziň diniňizi doly kemala getirip berdim, size berjek nygmatlarymy tamam etdim we men size dinlerde yslam dinini mynasyp bildim»*** diýen aýaty okady.

Käbir sahabalar Pygamber alaýhyssalamyň bu sözüni eşidip begendiler. Emma Abu Bekr (Allatagala ondan razy bolsun!)

gynandy. Sahabalar: «Eý, Abu Bekr! Bu gün näme üçin gynanmaly gündür?» diýdiler. Hezreti Abu Bekr: «Bu gün size söýünjili gündür. Emma meniň bilýänimi siz bilýän bolsaňyz bu gün begenmezdiňiz. Biliň, Muhammedi biziň aramyzdan çykarjak bolýarlar. Bizi onuň bilen aýralyga duçar etmekçi bolýarlar» diýdi.

Abdylla ibn Mesgut şeýle aýdypdyr: «Hijretden soňky ýyl Resul alaýhyssalam hassa boldy. Ol jemagat namazyna baryp bilmedi. Ol hezreti Abu Bekre: «Sen sahabalara ymamlyk et» diýip rugsat berdi. Bilal (Allatagala ondan razy bolsun!) azan çekdi. Sahabalar ýygnandylar. Şol wagt Resul alaýhyssalamyň hassalygy az-kem peseldi. Ol Fazl ibn Apbasa: «Meni metjide eltiň» diýdi. Onuň bir golundan Fazl, bir golundan bolsa Aly tutyp, metjide eltdiler.

Hezreti Abu Bekr Resul alaýhyssalamy görüp, onuň ýanyna bardy. Resul alaýhyssalam: «Eý, Abu Bekr! Sen ymamlyk et» diýdi. Hezreti Abu Bekr ymamlyk etdi. Resul alaýhyssalam oňa uýup, namazyny ödedi. Soňra Resul alaýhyssalam öýüne gaýtdy. Gün geçdigiçe Resul alaýhyssalamyň derdi güýçlendi. Onuň gyzyl ýüzi saraldy we gül ýaly reňki soldy. Jebraýyl alaýhyssalam bir hoja (gul eýesi) keşbine girip, onuň üstünde durdy. Ezraýyl alaýhyssalam bir çarwa arap ýaly bolup öýe girdi. Ol dyzyna çöküp oturdy, soňra ýuwaşlyk bilen Resul alaýhyssalama ýakyn geldi we Resul alaýhyssalamyň gulagyna sözledi. Ezraýyl alaýhyssalam öýden çykdy.

Resul alaýhyssalamyň haly beterleşdi. Ol köp ah çekip, ýyglady. Sahabalaryň hemmesi ýyglaşdylar we: «Eý, Allanyň resuly! Siziň ýanyňyza gelen ol arap kimdi? Ol size näme aýtdy? Onuň sözlerinden soň siziň ýagdaýyňyz näme üçin beterleşdi?» diýdiler. Resul alaýhyssalam: «Eý, meniň ýaranlarym! Eý, meniň dostlarym! Ol gelen meniň garyndaşym Ezraýyldy. Şu wagt meniň doganym Jebraýyl hem üstümde

häzir bolup dur. Ol maňa: «Eý, Muhammet! Bizden ummatyňa salam aýt. Olar bogaz (bokurdak) üçin imany elden çykarmasynlar. Şeýtana hem nebse eýermesinler. Allatagala şek getirmesinler, oňa bir zady şärik etmesinler. Göni imana berk ýapyşsynlar. Ölümi unutmasynlar. Töhmetden we göripçilikden daşda dursunlar. Şerigat hökümlerini berk tutsunlar. Dünýä köňül baglamasynlar. Hudaýtagalanyň sözüne hormat goýsunlar. Ogul-gyz, aş-çörek atasy bolmasynlar, dini-yslam atasy bolsunlar. Ýaramaz ýoldaşdan çekilsinler. Bäş namazy wagtynda ödesinler. Gullarymy ýagşy tutsunlar. Garyp-gasarlara rehim etsinler. Ýetimlere mähriban bolsunlar. Gaýgy-gamlarynyň derdini paýlaşsynlar. Ölümi ýatlap dursunlar. Kyýamat işini bitirsinler» diýip aýdýar» diýdi.

Sahabalar gaty ýyglaşdylar. Resul alaýhyssalam: «Eý, sahabalar! Men size niçik pygamberdim?» diýdi. Olar: «Eý, älemdäkileriň çyragy! Sen bize ata-eneden mähribanrakdyň. Sen halaýygy şerigata ündediň. Ummata sünnet we parz öwretdiň. Ýetimlere atalyk etdiň. Ejizleri ekdilediň. Muhajirlere we ensarylara terbiýe berdiň. Adamlary we perileri (döwleri) Allatagalanyň dinine çagyrdyň. Ýolsuzlara ýol görkezdiň. Boýnuýogynlary göneltdiň. Göni ýoldakylara şerigat göwherini bagyşladyň. Şirk we pitne tuguny ýere çaldyň. Älemi ylym bilen ýagty etdiň. Şeýtany adyllyk bilen kowduň. Mugjyzalar (keramatlar) görkezdiň: aýy ernek (barmagyň bilen yşarat etmek) bilen ýardyň, lal bolan oglany sözletdiň, guran miwesiz agajy dileg bilen gögertdiň, oňa miwe getirtdiň, bir bölek daşa Allatagala taryp aýtdyrdyň, dowzaha düşjekleri uçmah ýoluna gönderdiň» diýip, eňräp başladylar.

Üç günden soň ölüm perişdesi – Ezraýyl ýene geldi. Resul alaýhyssalam bibi Äşäniň dyzyna ýassanyp ýatyrdy. Bibi Patma, emir Hasan we Hüseýin onuň gaşynda otyrdylar. Ezraýyl alaýhyssalam gapa geldi we hormat bilen: «Eý, pygamberlik

we ilçilik öýüniň adamlary, size Allatagalanyň salamy bolsun! Eý, adamlaryň ykbalyna jogapkär bolan we mertebe eýesi bolan öýüň adamlary, size Allatagalanyň salamy bolsun! Eý, mähribanlyk we sahylyk öýüniň adamlary, size Allatagalanyň salamy bolsun! Eý, ýigitlik we salamatlyk öýüniň adamlary, size Allatagalanyň salamy bolsun! Eý, hormat-yzzat we uluglyk (seýitlik) öýüniň adamlary, size Allatagalanyň salamy bolsun! Eý, rehimdarlyk we bagtlylyk öýüniň adamlary, size Allatagalanyň salamy bolsun!» diýdi.

Ezraýyl alaýhyssalam ýene: «Eý, Allanyň resuly! Bize öýe girmäge rugsat barmy?» diýdi. Äşe (Allatagala ondan razy bolsun!): «Eý, Allanyň resuly! Bu çarwa araba: «Bu wagt girer ýaly wagt däldir. Çünki Resul alaýhyssalam emgenip ýatyr» diýip aýdyň» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam hormat-hezzet bilen ikinji gezek rugsat sorady. Resul alaýhyssalam hezreti Ezraýylyň sesini tanap: «Eý, Äşe! Bu kişi söz bilen yzyna gaýtmaz. Ol öz işini bitirmese, bu ýerden gitmez. Ol araby däldir. Ol Ezraýyldyr. Goýber girsin» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam öýe girdi we salam berdi. Resul alaýhyssalam: «Eý, Ezraýyl! Sen näme işe geldiň?» diýip sorady. Ezraýyl alaýhyssalam: «Allatagalanyň permany şeýledir: «Muhammediň ýanyna bar. Eger ol rugsat berse, sen onuň janyny al. Eger rugsat bermese, onda sen yzyňa gaýt» diýip aýtdy. Resul alaýhyssalam: «Eý, Ezraýyl! Sen meniň janymy bu gün almasaň, soň bir gün alarmyň?» diýip sorady. Ol: «Hawa, alaryn» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Onda sen öz işiňi bitirmäge giriş» diýdi.

Ezraýyl alaýhyssalam onuň janyny almaga girişdi. Resul alaýhyssalam sagdan sola, soldan saga togalanyp başlady. Onuň mübärek agzasy güýçsüz boldy. Gül ýüzi saraldy we şeker dek dili sözlemän galdy. Görkli ýaňaklaryndan ýaşlar damyp başlady we dilini gymyldadyp: «Eý, ýumşak ýerde ýatmadyk, ýüpek don geýmedik we doýup bugdaý ununy

iýmedik adam!» diýip samrady. Resul alaýhyssalam Hudaýtagala: «Eý, Taňrym! Meni dünýäden gönülik (iman) bilen çykar, topraga gönülik bilen giriz we kyýamat güni toprakdan gönülik bilen turuz» diýip arz etdi.

Adamlaryň hemmesi onuň degresinde ýyglaşýardylar. Hasan we Hüseýin (Allatagala ol ikisinden razy bolsun!) ýalaň baş bolup eňreşýärdiler. Patma (Allatagala ondan razy bolsun!) ýyglap: «Eý, ýumşak düşekde ýatmadyk, ýüpek don geýmedik we bugdaý çöregini doýup iýmedik atam!» diýdi. Öýüň muňuşyndan (burçundan) bir: «Resulallanyň aýralygyna nähili çydap bolar?» diýip owaz geldi. Resul alaýhyssalam her sagatda elini suwa degrip, elini göwsüne goýup: «Eý, Taňrym! Sen bu gün maňa ölüm ajygyny ýeňil et» diýýärdi. Onuň jany kükregine ýetdi. Pygamber alaýhyssalam: «Eý, Ezraýyl! Bir salym saklan. Maňa jan bermekligi ýeňil et!» diýdi.

Resul alaýhyssalam ýene: «Eý, Ezraýyl! Bu günden kyýamata çenli meniň ummatyma jan bermeklik gatylygy bar bolsa, ol gatylygy maňa ýükle. Ol gatylyklar maňa bolsun, ummatyma bolmasyn» diýdi. Ezraýyl alaýhyssalam: «Eý, Allanyň resuly! Seniň ýassygyňda oturanymdan bäri Allatagaladan maňa: «Eý, Ezraýyl! Sen meniň dostum Muhammede ýumşaklyk et. Onuň janyny ýuwaşlyk bilen al. Onuň janyny beýlekileriň janyny alşyň ýaly alma» diýip, ýetmiş gezek perman geldi» diýdi

Şol wagt bibi Äşe ýyglap, Resul alaýhyssalama ýapyşdy we «Eý, Allanyň resuly! Sen näme üçin olar bilen sözleşýärsiň, bir zaman meniň bilen hem sözleş. Men ýedi ýaşymda saňa ulaşdym. Indi ýigrimi ýaşyma ýetmänkäm seniň mübärek jemalyňdan aýrylýaryn. Eý, eziz janym, seniň aýralygyň ajysy hemme aýallaryňa garanda meniň üçin has artykdyr. Galanlaryň etegi köýer. Meniň tenim hem janym köýer» diýdi. Şol halda Patma (Allatagala ondan razy bolsun!) Resul alaýhyssalamyň ýüzüne bakyp: «Eý, adamlaryň guwanjy! Eý,

Allatagalany söýýänleriň söýünji! Eý, muştaklaryň ynanjy! Eý, ummatyň ynanjy! Eý, asylaryň (günälileriň) daýanjy! Eý, adamlaryň döwleti! Eý, älemdäkileriň rehmeti! Eý, Hakyň ýagşy gören dosty! Eý, halkyň şepagatçysy! Men mähraby we münberi sensiz nähili göreýin?» diýdi. Hezreti Aly ony aglamakdan saklap köşeşdirýärdi. Resul alaýhyssalam: «Eý, Aly! Sen ony saklama! Meniň ýaly atanyň aýralygynda ýyglasynlar. Atalar ýassygyna gyzlaryň agysy ýagşy rehmet bolar» diýdi. Ol halda hemme sahabalardan agy, perýat we zarlyk gopdy. Resul alaýhyssalamyň jany bogazyna geldi, ol gözüni açyp: «Eý, Ezraýyl! Bir zaman sabyr et. Meniň doganym Jebraýyl gelsin. Men ýene bir gezek onuň didaryny göreýin» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam ýetmiş müň mukarrap (Allatagalanyň ýakyn) perişdeleri bilen geldi.

Resul alaýhyssalam: «Eý, garyndaşym Jebraýyl! Sen niredesiň? Garyndaşlar munuň ýaly günde bir-birine gerek bolar» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, älem-jahanyň guwanjy! Men ýedi asmanyň perişdeleri bilen hormat-tagzym edip saňa garaşyp durun. Resul alaýhyssalam: «Eý, Jebraýyl! Sen maňa näme futuh (muzd) getirdiň?» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam: «Eý, Muhammet! Gökleriň we uçmahyň gapylary açyldy. Hüýrler ýüzlerinden nikaplaryny aýryp, ellerine nurdan tabaklar alyp: «Seniň gutly janyňa tomaşa edeli» diýip, ýokaryňda durlar» diýdi.

Pygamber alaýhyssalam: «Eý, doganym Jebraýyl! Men senden muny soramaýaryn. Menden soň meniň ejiz ýazykly ummatym bilen Allatagala näme iş eder? Men senden şony soraýaryn» diýdi. Jebraýyl alaýhyssalam Taňrynyň dergähine gitdi we bir sagatdan soň ýene gaýdyp geldi we: «Eý, mülkleriň patyşasynyň (Allatagalanyň) seýidi! Allatagala saňa tagzym bilen: «Eý, meniň dostum! Sen köňlüňi ummatdan faryg tut (rahatlandyr). Men seniň ummatyň erin tebretmegi

bilen, Musanyň taýagy bilen Pyrgauna eden keramaty ýaly iş ederin. Musa taýagyny ýere taşlamak bilen küpürligi (Taňra ynanmazlygy), jadyny we bozuklygy ýok etdi. Bu gün erniňi tebretmegiň bilen seniň hemme asy (günäkär) ummatyň depderlerindäki günälerini gufran (ýalkaw) suwy bilen ýuwup bozaryn. Biz ol gün Musanyň enesine: ***«Musany derýa taşla. Sen mundan gorkma we ony gaýgy etme. Biz ony saňa ýene gaýtaryp bereris. Biz ony pygamber ederis»***, ýagny «Sen ony maňa çaga wagtynda tabşyr, men saňa ony pygamber edip gaýtaraýyn» diýip aýtdyk. Sen bu gün bir owuç toprak ýaly günäli ummaty bize isbarla (tabşyr), ertir (kyýamat güni) biz olaryň hemmesiniň günäsini geçip, päkläp saňa bereli» diýip aýdýar» diýip aýtdy.

Äşe (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle aýdypdyr: «Resul alaýhyssalam dilden-agyzdan galdy. Men baksam, onuň agzynda dili tebrenýär. Onsoň men gulak tutup diňledim. Ol: «Namazy taşlamaň we golastyňyzdakylary ýagşy tutuň» diýip samraýan eken». Şu sözler onuň ahyrky wesýeti bolupdy.

Ol dünýäden ötdi. Oňa kyrk ýaşynda wahy (Allatagaladan gizlin habar) geldi. Ol altmyş üç ýaşynda, rabygylowwal aýynyň on üçünde Başgüni öldi.[66] Ony Sogapgüni topraga duwladylar. Aýat: ***«Biziň hemmämiz Allatagalanyň mülküne degişlidiris we biz oňa dolanyp bararys»***.

**Maksat.** Allatagala Muhammet alaýhyssalama bolan dostlugy üçin älem-jahany ýaratdy. Bu söze şu hadys delildir: «Eger sen bolmadyk bolsaň, men älem-jahany ýaratmazdym». Bu aýat hem şol mazmuny tassyklaýar: ***«Biz seni älem-jahandakylara rehmet üçin iberdik»***. Ol Taňrynyň dosty, ýazykly iliň tebibi, Arşa ilkinji bolup aýak basan, Köwser onuň ýoly, Ryzwan (Jennetiň patyşasy) onuň gapy garawuly, Jebraýyl alaýhyssalam onuň habarçysy, mukarraplar (Allatagalanyň ýakyn perişdeleri) onuň hyzmatkärleri, köp gudratlary

görkezen, sekiz uçmahyň hojalary-onuň iki gaýyny Abu Bekr we Omar, yslamyň beýikleri onuň iki giýewsi Osman we Haýdar. Ine, şunuň ýaly beýik mertebeli kişä ötegçi dünýä wepa bermedi. Onuň bilen ýaraşmady. Onsoň, ol seniň bilen ýaraşarmy? Sen bu dünýäden köňlüňi üz we ahyret işine yhlasly ulaş. Ötegçi dünýäden geç. Uçmaha tarap uç, päk hüýrleri guç, Köwser şerbetini iç we uçmah Byragyny mün.

## Şygyr

Uşbu dünýä içre gördüm baş-aýak doly çogy,
Diňleýu turdum, tükel ýaş, üýn sykyt inçik ýgy.

Dünýä ermiş bir ölüksek, gyýmaty ýok hiç onyň,
Asygy ýok, ol agu, ýaňlyg ondan artyk sasygy.

Bu ölügsek degreside gördüm  erse köp telim,
Itler urşyp dalaşarlar, bir-birge bolup ýagy.

Iň soňy itler öler, galar arygsyz sasyg et,
Mundan artyk ermes ermiş uşbu dünýä tatygy.

Ne eren toprak astyn giň jahana sygmagan,
Dar lahat içre ýatarlar ýarkanyp atlas, agy.

Mustapaga jafy dünýä kylmady görgil wepa,
Tegdi ahyr  ol aryga bu ölümniň ajygy.

Rabguzy Nasyr taýanma tünle gündiz eňrenip,
Saýgargyl, süýjük tiliňden söz çykar sözler sagy.

## *ALTMYŞ ÝEDINJI KYSSA*
## HEZRETI ABU BEKR SYDDYGYŇ ŞEHIT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Pygamber alaýhyssalam dünýäden ötdi. Sahabalar halypalyk etmegi Abu Bekre karar etdiler. Onuň haly halypalyk tagtyna oturandan soň, gün-günden ejizledi. Bir gün bibi Äşe: «Eý, ata! Saňa näme boldy? Sen beýle ejiz hala düşdüň?» diýdi. Hezreti Abu Bekr: «Eý, Äşe! Allanyň resuly Muhammediň aýralygy meni şu ýagdaýa düşürdi» diýdi.

Hezreti Abu Bekr iki ýarym ýyl halypalyk etdi. Onuň her günde iki ýarmak (pul) Beýtil-maldan (meýletin töleglerden jemlenen hazynadan) alýan harajaty bardy. Ol bu puly harç etmän ýygnardy. Onuň derdi beterleşdi. Ol bu puly bibi Äşä berdi we: «Eý, Äşe! Men bu pula näçe mätäç bolsam hem harç etmedim. Sen men ölenimden soň muny Omara ber. Ol musulmanlaryň hakydyr. Goý, ol ony musulmanlara bersin» diýdi.

Hezreti Abu Bekr ölenden soň, bibi Äşe ol puly hezreti Omara berdi. Hezreti Omar ýyglap: «Eý, Syddyk! Sen bu puly maňa tabşyrmak bilen meniň üstüme agyr ýüki ýüklediň. Meniň bu puluň derdinden kyýamatda gorkunjym bardyr» diýdi.

Hezreti Abu Bekr ölmezinden öň bibi Äşä birnäçe wesýet etdi. Ol «Eý, Äşe! Men yslama giren günüm şu kilim (köýnek) içindedim. Eger men ölsem, ol kilimden maňa kepen ediň. Men Allatagaladan gorkunjyma köp agladym. Meniň gözümiň ýaşy ol kilime köp akdy. Eý, Äşe! Men Muhammet resulallanyň

ýanyna bararyn. Seniň maňa aýtjak sözüň barmy?» diýdi. Bibi Äşe ýyglap: «Eý, ata! Meniň salamymy Allanyň resulyna ýetir. Oňa: «Eý, Resulalla! Äşe senden aýrylyp, haly teň boldy. Ol saňa haçan gowşar?» diý» diýdi.

Hezreti Abu Bekr ýene: «Eý, Äşe! Haçan meniň janym tenimden aýrylsa, sen adamlara: «Atamy Allanyň resulynyň hazyrasyna (turbetine) eltiň. Bir kişi hazyra girip, Allanyň resulyna salam bersin we ol: «Eý, Allanyň resuly! Biz saňa gowakda bile bolan ýaryňy getirdik. Saňa peýda getiren adam, seniň söwer dostuň, seniň gaýyn ataň, seniň hyzmatkäriň işigiňe gelip dur. Ony seniň ýanyňda goýmaga rugsat barmy» diýsin. Eger rowza (turbet, mazar) açylsa, meni oňa girizip goýsunlar. Eger ol açylmasa, onda meni Bakyg görüstanyna başgalaryň arasyna eltip goýsunlar» diýdi. Hezreti Abu Bekr bu sözleri aýdyp bolandan kelemesini öwrüp jan berdi. Sahabalar onuň namazyny okadylar. Ony Allanyň resulynyň rowzasyna eltdiler. Onuň gapysy açyldy. Rowzadan: «Dosty dostuň ýanyna giriziň, çünki dost dosty görmek arzuwynda bolýandyr» diýip, bir owaz geldi. Hezreti Abu Bekri bu ýerde jaýladylar. Rowzadan ýene: «Eý, adamlar! Siz indi gaýdyň. Dost dosta gowuşdy» diýip owaz geldi.

Biri bilen kimiň dostlugy şeýle bolsa olaryň ölümi hem şeýle bolar. Eý, Taňrym! Hezreti Abu Bekriň dogruçyllygynyň haky-hormaty üçin bize hem ahyr demde iman baýlygyny ber! Ämin, ýa rebbil-älemin! (Biziň bu hajatymyz Seniň dergähiňde kabul bolsun, eý, älemleriň hökümdary bolan Taňry!)

## *ALTMYŞ SEKIZINJI KYSSA*
## HEZRETI OMARYŇ HALYPATYNYŇ BEÝANY

Hezreti Omar halypa bolup geçende, ol Allatagalanyň ýoluna köp yhlas etdi. Ol yslam halkynyň arasynda ýedi ýüz ýerde metjit saldyrdy. Hezreti Omaryň özi diri wagtynda goýna gurt topulmady. Ol ölen güni bir süri goýna gurt topuldy. Goýun çopany gaty ses bilen: ***«Biz Allatagalanyň mülküne degişlidiris. Biz oňa dolanyp bararys»*** diýip, dat-peýat etdi. Adamlar ondan: «Saňa näme boldy?» diýip soradylar. Ol: «Hezreti Omar dünýäden ötdi» diýdi. Adamlar: «Sen ony nämeden bildiň?» diýdiler. Ol: «Hezreti Omar diri wagtynda sürüni böri çapmazdy» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Mugyra ibn Şugbanyň (Allatagala ondan razy bolsun!) Abu Lulu diýen tersa (haçparaz) guly bardy. Ol bir gün bazarda hezreti Omara sataşdy we oňa salam berip: «Eý, möminleriň emiri! Men Şugbanyň guludyryn. Ol menden her gün iki teňňäni talap edip alýar. Men bu iki teňňäni käte tapýaryn, käte bolsa tapmaýaryn. Sen meni onuň jepasyndan gutar» diýdi. Hezreti Omar ondan: «Seniň näme hünäriň bar?» diýip sorady. Abu Lulu: «Men demirçi ussadyryn, nakgaşdyryn we agaç ussasydyryn» diýdi. Hezreti Omar: «Bu kärlere eýe bolan adama her gün iki kümüş berseň az däl» diýdi. Abu Lulu: «Men ýene ýel degirmenini hem gurup bilýärin» diýdi. Hezreti Omar: «Onda sen maňa ýel degirmenini gurup ber» diýdi. Abu

Lulu: «Men saňa şeýle bir ýel degirmenini gurup bereýin. Oňa ähli adamlar haýran galarlar» diýdi.

Ertesi hezreti Omar bu işi Kagp al-Ahbar bilen geňeşdi. Kagp al-Ahbar: «Eý, Omar! Seniň ömrüňden üç gün galypdyr» diýdi. Hezreti Omar: «Eý, Kagp! Sen bu habary nähili bildiň?» diýdi. Kagp al-Ahbar: «Men muny Töwratda gördüm» diýdi. Hezreti Omar: «Meniň adym Töwratda barmy?» diýdi. Ol: «Onda seniň adyň ýok, emma sypatyň bar» diýdi. Ikinji gün hezreti Omar ýene onuň ýanyna bardy. Ol: «Seniň ömrüňden ýene iki gün galdy» diýdi. Hezreti Omar onuň ýanyna üçünji gün hem geldi. Ol: «Eý, Omar! Seniň ömrüňden daň atsa, bir gün galdy» diýdi.

Hezreti Omar daň atansoň turup, namazyny okamak üçin metjide bardy. Abu Lulu iki uçly hanjar bilen metjitde gelip girdi. Hezreti Omar namaza durupdy. Abu Lulu hezreti Omaryň göbeginiň aşagyndan hanjary sokdy. Hezreti Omar ýykyldy. Hezreti Omar: «Bu ýerde Abdyrahman barmy?» diýdi. Adamlar: «Bar» diýdiler. Hezreti Omar: «Eý, Abdyrahman! Sen öňe geçip, namaza ymamlyk et» diýdi. Hezreti Omar ýene: «Eý, adamlar! Meni kim sançdy?» diýdi. Abdyrahman: «Seni Abu Lulu sançdy» diýdi. Hezreti Omar: «Maňa ölümi Taňra bir gezek sežde etmedik adamyň elinden etmedigi üçin Hudaýa müňde bir şükür bolsun!» diýdi.

Hezreti Omar adamlara şeýle wesýet etdi: «Meniň işim tamam bolsa, meni Resul alaýhyssalamyň gabryna eltiň we: «Eý, Allanyň resuly! Biz Omary seniň ýanyňa getirdik. Ony seniň gapdalyňda goýmaga rugsat barmy?» diýip aýdyň. Eger rugsat bolsa, meni Resulyň rowzasyna (turbetine) giriziň, bolmasa Bakyg görüstanyna eltip jaýlaň». Onuň haly agyrlaşdy we ol: «Ölsem meniň ýüzümi ýapyň we jesedimi kepene salyň. Eger Allatagala razy bolsa, ol meni bu kepende goýmaz we maňa uçmahyň halatlaryny geýdirer. Eger ol razy bolmasa,

kepen durşuna galar. Meniň görümi dar gazyň. Eger Allatagala razy bolsa, ol ony giň eder. Eger ol razy bolmasa, görüm darlygyna galar. Meniň jesedimi öýe çalt eltiň. Eger men ýagşylardan bolsam, meni öýde köpräk saklaň. Eger men ýamanlardan bolsam, meni çaltrak ugradyp, menden gutuluň. Goý, aýallar maňa aglamasynlar we azarlanmasynlar. Olar meni öwmesinler».

## *ALTMYŞ DOKUZYNJY KYSSA*
## HEZRETI OSMANYŇ ŞEHIT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Hezreti Osman halypa boldy. Ol Abdylla ibn Şuraýhy Müsüre waly (häkim) edip iberdi. Iki ýyldan soň Müsür halkyndan onuň üstünden hezreti Osmanyň ýanyna şikaýata adam geldi. Hezreti Osman oňa gaty söz diýip, ilçilerini iberdi. Hezreti Osmanyň bu sözleri Abdylla ibn Şuraýha ýokmady. Müsürden ýedi ýüz kişi atlandy. Olar gelip metjide girdiler. Olardan Talha hezreti Osmanyň ýanyna girip, ilçilere Şuraýhyň aýdan sözlerüni ýetirdi. Hezreti Osmanyň gahary geldi. Hezreti Aly girip: «Eý, Osman! Müsürliler başga biriniň häkim goýulmagyny isleýärler. Olar Muhammet ibn Abu Bekri häkim bellemegi soraýarlar» diýdi. Hezreti Osman ony Müsüre waly (häkim) etdi. Ol birnäçe ensary we muhajiri Müsüre iberdi. Hezreti Osman olara: «Müsürde häkimiň (Şuraýhyň) näme diýýänini görüň» diýdi.

Muhammet ibn Abu Bekr Müsüriň üç günlük golaýyna bardy. Ol bu ýerde düýä münüp barýan bir garawuly gördi. Ondan: «Sen nireden geldiň? Sen nirä barýarsyň? Sen kimiň guly bolarsyň?» diýip soradylar. Ol: «Men Osmanyň guludyryn. Men Müsüriň häkiminiň ýanyna barýaryn» diýdi. Olar: «Müsüriň häkimi biziň ýanymyzdadyr» diýdiler. Ol: «Men onuň ýanyna gelmedim» diýdi. Bu habary Muhammet ibn Abu Bekre aýtdylar. Ol kişini alyp geldiler. Muhammet ibn Abu Bekr: «Sen kimiň gulusyň?» diýip sorady. Ol: «Men Osmanyň

guludyryn» diýdi. Muhammet ibn Abu Bekr ýene: «Sen kimiň ýanyna barýarsyň?» diýip sorady. Ol: «Men Müsüriň beginiň ýanyna barýaryn» diýdi. Muhammet ibn Abu Bekr: «Sen onuň ýanyna näme üçin barýarsyň?» diýip sorady. Ol: «Men oňa söz aýtmaga barýaryn» diýdi. Muhammet ibn Abu Bekriň köňline güman gitdi we: «Seniň ýanyňda hat barmy?» diýdi. Ol: «Ýok» diýdi. Ony döküp, hat gözläp başladylar. Emma tapmadylar. Onuň ýanynda deriden meşigi bardy. Ýöne onuň içinde suw ýokdy we gurudy. Ony alyp silkdiler. Ondan hemhat çykmady. Meşigi pyçak bilen ýardylar weli, ondan bir hat çykdy. Hatyň mazmuny şeýledi: «Osmandan Abdylla ibn Abu Şuraýha salam bolsun! Haçan Muhammet ibn Abu Bekr seniň ýanyňa barsa, sen ony öldür. Bu haty bolsa ýyrt. Müsüriň häkimi sen bol. Bizden perman bolýança bize arzaçy iberme». Olar bu haty okap gorkdular we yzlaryna Medinä gaýtdylar. Haty Medinä iberdiler. Aly, Talha, Zubeýr we Sur jemlenip haty we düýäni alyp, hezreti Osmanyň ýanyna bardylar. Olar hezreti Osmandan: «Bu gul seniňkimi? Bu düýe seniňkimi?» diýip soradylar. Ol: «Hawa» diýdi. Ondan ýene: «Bu hat seniňkimi?» diýip soradylar. Ol: «Ýok» diýip, ant içdi we: «Bu haty men ýazmadym, başga birine hem ýazdyrmadym. Meniň bu hatdan habarym ýok. Ol guly men Müsüre ibermedim. Bu haty Merwan bitendir (ýazandyr)» diýdi. Olar: «Eý, Osman! Merwany biziň elimize beriň. Biz ondan hat ýazmagynyň sebäbini soraly» diýdiler. Olar biri-birine geňeşip: «Resulyň sahabasyny öldürmek bize ýagşy bolmaz. Biz munuň alajyny Osmanyň dilinden göreli» diýdiler. Olar hezreti Osmandan Merwany soradylar. Ol: «Ony öldürmesinler» diýip, bulara bermedi. Bular Osmanyň saraýynyň (köşgüniň) daşyna egirdiler (gabadylar) we oňa suw bermediler. Hezreti Osman: «Bu ýerde Aly barmy?» diýdi. Olar: «Ýok» diýdiler. Ol: «Sagt barmy?» diýdi. Olar: «Ýok» diýdiler. Hezreti Osman: «Bir kişi Ala habar bersin. Ol maňa

suw berdirsin» diýdi. Ala habar berdiler. Ol üç tulum suw iberdi. Başga suw geçirmediler. Köp kişi teşne boldy. Onsoň olar hezreti Osmanyň köşgüne hüjüm etdiler. Hezreti Ala: «Osmana kast etdiler» diýip habar berdiler. «Osmanyň köşgüni saklaň, hiç kim oňa girmesin» diýip, Hasan bilen Hüseýiniň eline gylyç berdiler. Zubeýr we Talha birnäçe sahabalaryň oglanlaryny: «Merwany beriň» diýip ugratdylar. Köp halk Osmanyň köşgüne depindiler (hüjüm etdiler). Muhammet ibn Abu Bekr we Müsür halky: «Hasan bilen Hüseýin arada (bu ýerde) bolsa, pitne (goh) köp bolar» diýip ok atdylar. Hasanyň köşgüň gapysynda başy ýarylyp, gana bulaşdy. Müsürliler gaty gorkdular. Olar: «Görünmejek ýerden ýaryp, köşge gireliň» diýip geňeşdiler. Olar şeýdip, köşgüň içine girdiler. Olar bir ensarynyň öýüne gelip suw soradylar. Onsoň hezreti Osmanyň öýüne gelip, telik (iýim-içim) dilediler. Olar hezreti Osmany öldürdiler we giren ýerlerinden gaçyp, yzyna çykdylar. Hezreti Osmanyň aýaly gaty ses etdi. Hiç kim onuň sesini eşitmedi. Aýaly diwaryň üstüne çykdy. Ol adamlara hezreti Osmanyň halyny aýdyp berdi. Hasan, Hüseýin we beýleki sahabalar gelip girdiler.

Olar hezreti Osmanyň bokurdagynyň kesilendigini gördüler. Onuň öňünde Mushaf (Gurhan) açyk ýatyr. ***«Sen olaryň şerini alada etme. Allatagala eşidijidir we bilijidir»*** diýen aýat hezreti Osmanyň şanyna indi.

**Rowaýat.** Abu Kallaba şeýle aýdypdyr: «Men Şam welaýatyndadym. Men: «Waý, dowzah odunyň azabyndan!» diýen bir owaz eşitdim. Men ol owaz çykan ýere bardym. Bir kişini gördüm. Onuň egninde iki goly ýok, iki aýagy düýbünden ýok, gözleri bolsa görmeýär. Men ondan: «Sen kimsiň? Sen nähili bu ýagdaýa düşdüň?» diýip soradym. Ol: «Biz Osmany öldürmek üçin onuň öýüne girdik. Men Osmany tutdum. Onuň aýaly dat-peryat etdi. Men Osmany urdum. Osmanyň gözünden ýaş

akyp: «Sen näme üçin beýle iş edýärsiň? Taňrytagala seniň iki eliňi, iki aýagyňy guratsyn we iki gözüňi kör etsin! Herne sen dowzah odunda galasyň!» diýip dileg etdi. Meniň köňlüme gorkunç düşdi. Ol ýerden gaçyp, bu ýere geldim. Bir kişi gelip meniň elimi, aýagymy we gözümi şunuň ýaly etdi. Hezreti Osmanyň bu dilegi kabul boldy. Indi men onuň: «Herne sen dowzahda galasyň» diýen dileginden gorkup eňreýärin» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Kyrk gije-gündiz, başga bir sözde on sekiz gün hezreti Osmany öýünde gabap, hiç tagam bermediler. Kesir ibn Salda şeýle aýdypdyr: «Şol wagt men Osmanyň ýanyna girdim. Ol maňa: «Eý, Kesir! Men ölerin» diýip aýtdy. Men: «Sen ony nämeden bilýärsiň? Bize Allatagala ýardam berer» diýdim. Ol: «Men Resulallany düýşümde gördüm. Ol, Abu Bekr we Omar üçüsi maňa: «Biz bu gün umahda oraza tutduk. Bu gije sen biz bilen agzyňy aç» diýip aýtdylar. Hezreti Osman hem oraza tutupdy. Agşam boldy. Emma oňa suw bermediler. Şeýlelikde, ol agzyny açyp bilmedi».

Hezreti Osmanyň Naila atly aýaly bardy. Ol gijäniň içinde biraz suw tapdy we ony ärine getirip berdi we: «Eý, Osman! Men suw tapdym. Sen agzyňy aç» diýdi. Hezreti Osman: «Men düýşümde Resuly gördüm. Ol maňa uçmahyň päk suwundan içirdi. Maňa bu dünýäniň suwy gerek däl» diýdi.

Ertesi adamlar gowga etdiler. Hezreti Osmanyň gullary ellerine gylyç alyp, uruşmaga başladylar. Hezreti Osman: «Sizden kim gylyjyny gynyna soksa, ol menden azatdyr» diýdi. Ol gullarynyň baryny yzyna gaýtardy. Abu Hureýra (Allatagala ondan razy bolsun!) hezreti Osmana: «Eý, möminleriň emiri! Sen özüňe ölümi rowa gördüňmi?» diýip aýtdy. Hezreti Osman: «Eý, Abu Hureýra! Sen meniň üçin başgalaryň ölümini isleýärsiňmi?» diýdi. Şol wagt adamlar onuň öýüne girdiler. Onuň sakalyndan tutup, bogazyny çaldylar. Ol öňünde Gurhan goýup, ony okap otyrdy. Pyçak onuň bogazyna degdi. Ol şehit

boldy. Köşgüň dürli taraplaryndan owaz eşidildi. Birinji burçdan: «Eý, Osman! Saňa hiç bir günä iş etmedigiň üçin söýünji bolsun!» Ikinji burçdan: «Eý, Osman! Saňa rahatlyk we reýhan (jennetiň hoşboý ysy) bilen söýünji bolsun!» Üçünji burçdan: «Eý, Osman! Saňa jennet we bossan habary bilen söýünji bolsun!» diýen owazlar çykdy.

Hasan (Allatagala ondan razy bolsun!) şeýle rowaýat edipdir: «Men Resul alaýhyssalamy düýşümde gördüm. Ol elini Arşa sokup dur. Abu Bekri gördüm. Ol eli bilen Resul alaýhyssalamy tutup dur. Omary gördüm. Ol eli bilen Abu Bekri tutup dur. Olaryň öňünde gan gördüm. Men olardan: «Bu kimiň gany?» diýip soradym. Olar: «Bu Osmanyň ganydyr» diýip aýtdylar.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Osmanyň aýaly perýat edende Hasan, Hüseýin we ençe sahabalar (Allatagala olaryň hemmesinden razy bolsun!) gelip girdiler. Olar hezreti Osmanyň bogazynyň çalynandygyny görüp ýyglaşdylar. Şol wagt Aly, Talha, Zubeýr, Sagt we başgalar (olardan Allatagala razy bolsun!) şeýle hem Medine halky geldiler. Olar hezreti Osmanyň düşen halyny gördüler we: ***«Biz Allatagalanyň mülküne degişlidiris. Biz oňa dolanyp bararys»*** diýip çykdylar.

Aly (Allatagala ondan razy bolsun!) ogullaryna: «Siz köşgüň gapysynda durkaňyz, Osmany nähili öldürdiler» diýip aýtdy. Soňra ol Hasany ýaňaklady (şarpyk çaldy) we Hüseýiniň döşüne ýumruk urdy.

Hezreti Aly öýüne geldi. Hemme sahabalar onuň öýüne ýygnandylar we: «Eý, Aly! Sen eliňi bize ber. Biz äht baglaşaly» diýdiler. Hezreti Aly: «Bu söz maňa gelişmez. Bedriň adamlary kimi islese, şol halypa bolar» diýdi.

Bedriň hemme halky hezreti Alynyň ýanyna gelip: «Bizde halypalyga sizden mynasyp adam ýok» diýdiler. Netijede, olar äht baglaşdylar. Hezreti Aly metjide girdi we münbere mündi.

Äht baglaşmak tamam boldy. Hezreti Aly münberden aşak düşdi. Ol halky geňeşe çagyrdy. Hezreti Osmany öldürenler gorkup gaçdylar. Hezreti Aly Osmanyň hatynyndan: «Osmany kim öldürdi?» diýip sorady. Hezreti Osmanyň hatyny: «Iki kişi gelip girdi. Men olaryň kimdigini bilmeýärin. Emma Muhammet ibn Abu Bekr olaryň ýanyndady?» diýdi.

Muhammet ibn Abu Bekri çagyryp getirdiler. Ondan sorag etdiler. Ol: «Osmanyň aýaly ýalan aýdýar. Men olar bilen girmedim we men ony görmedim» diýdi. Ol aýal: «Ol dogry aýdýar. Onuň özi girmedi. Emma ol olary öýe girizdi» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Hezreti Osman ölüm halyndaka halka: «Biriniň ganyny dökmeklik üç sebäp bilen rowa bolar: Bir adam başga bir adamy kastdan öldürse, soň oňa hun almak lazym bolar. Bir adam köp wagt päk ýöränden soň zyna etse, ony daşlap öldürmek lazym. Eger bir kişi yslama girenden soň dininden dänse, ony öldürmeli bolar. Meniň bir adamy öldürmedigime Allatagalanyň özi şaýatdyr. Men jahyliýet (yslamdan öňki) we yslam döwründe zyna etmedim. Men iman getirenimden bäri dinimden dänmedim. Men ýeke-täk Allatagaladan başga Hudaý ýokdugyna, Muhammediň onuň ilçisidigine we bendesidigine güwälik sözüni berýärin» diýip aýdypdyr.

## *ÝETMIŞINJI KYSSA*
## HEZRETI ALYNYŇ ŞEHIT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

Hezreti Aly şeýle aýdypdyr: «Bir gün Resulalla: «Eý, Aly!» Öň öten ummatlaryň içinde iň ýaman adam kimdi?» diýdi. Men : «Ony Allatagala we onuň resuly ýagşy bilýändir» diýýdim. Ol: «Ol Salyh pygamberiň düýesini öldüren adamdyr» diýdi. Resulalla ýene: «Eý, Aly! Ondan soňky geçen ummatlaryň içinde iň ýaman adam kimdi?» diýip sorady Men : «Ony Allatagala we onuň Resuly ýagşy bilýändir» diýdim. Ol: «Ol seniň ganhoruňdyr» diýdi.

*Aýdypdyrlar:* Ol inen düýäni öldüren myrat taýpasyndan Kazar ibn Salyfdy. Hezreti Alyny öldüren hem şol taýpadan bolan adamdy.

*Aýdypdyrlar:* Himýar taýpasyndan Abdyrahman ibn Myrady, taky (şeýle hem) Omar ibn Bekr Ýemeni, şeýle hem ibn Abdylla Temimi üçüsi Mekgede: «Biz Aly, Mugawyýýa we Amr ibn As üçüsini öldüreli» diýip geňeş etdiler. Amr ibn As Müsürde, Mugawyýýa Şamda, Aly bolsa Kufede hökümdardy. Abdyrahman ibn Muljim: «Men Alyny öldüreýin» diýdi. Omar ibn Bekr: «Men Amr ibn Asy öldüreýin» diýdi. Ibn Abdylla: «Men Mugawyýany öldüreýin» diýdi. Bular hijretiň kyrkynjy ýylynyň remezan aýynyň on ýedinji gijesinde sözleşen ýerlerine baryp, olary öldürmegiň ugrunda boldular. Muljum Kufe geldi. Ol Kytam atly bir aýaly görüp, oňa gaty aşyk boldy. Bu aýalyň erkek doganyny we atasyny hezreti Aly öldüripdi.

Muljim ol aýala köňlüni aldyrdy. Muljim Kytamy özi üçin soradyp, bir kişini onuň ýanyna iberdi. Kytam ol baran kişä: «Eger ol meniň göwnüm islän işi etse, men oňa baraýyn» diýdi. Ol kişi: «Ol näme işdir?» diýip sorady. Kytam: «Ol iş Alyny öldürmekdir» diýdi. Ol kişi Kytamyň sözlerini baryp Muljime aýtdy. Muljim ol aýalyň ýanyna geldi we oňa: «Meniň özüm hem şu iş üçin gelipdim. Sen maňa bir ýaran tapyp ber. Onsoň men bu işi bitireýin. Ol iş meniň galyňyma derek bolsun» diýdi. Ol tişi (aýal) Wardan we Şebip atly kişileri oňa ýaran etdi. Bu üçüsi remezan aýynyň on ýedisinde metjide geldiler. Hezreti Aly daň namazyny okamak üçin metjidiň işigine geldi. Wardan hezreti Ala gylyç saldy, emma gylyç gapynyň söýegine degdi. Hezreti Aly diri galdy. Wardan bilen Şebip gaçdy. Muljim hezreti Alyny gylyç bilen urup ýaradar etdi. Halk ýüwrüp çykdy we Muljimi tutdy. Hezreti Aly namazyny okady we: «Ony meniň ýanyma getiriň» diýdi. Muljimi hezreti Alynyň ýanyna getirdiler. Hezreti Aly ondan: «Eý, Taňrynyň duşmany! Seniň mende näme öjüň bar?» diýip sorady. Muljim bu sowala jogap bermedi.

Hezreti Aly: «Men kyrk günden bäri säher turup Allatagaladan: «Meniň ölümim ýaman adamyň elinden bolsun» diýip dileg edýärin. Meniň ölümimiň Allatagala sežde edeniň elinden bolmadygyna müňde bir şükür bolsun! Men ölsem, muny öldürüň. Eger men diri galsam, onuň alajyny özüm görerin» diýdi.

Hezreti Aly Hüseýine: «Muny sen öldürersiň. Sen onuň goluny düýbünden kesersiň» diýdi. Ol oglanlaryna wesýet etdi. Handab ibn Abdylla: «Biz Hüseýin bilen beýgat (äht) baglaşmaly?» diýdi. Hezreti Aly: «Men size: «Ony baglaşyň» diýip hem, «baglaşmaň» diýip hem aýtmaýaryn. Siziň özüňiz ony ýagşy bilersiňiz» diýdi.

Hezreti Aly: «Lä ilähe illalla, Muhammet resulalla» diýip, iman bilen dünýäden ötdi. Ol Allatagalanyň rehmetine gowuşdy. Hasan, Hüseýin we Abdylla ibn Japar ony ýuwdular. Ony üç kepene oradylar. Hasan onuň namazyny okady.

Ibn Muljimi öldürmek üçin geldiler. Ibn Muljim: «Men Alyny hem, Mugawiýýany hem öldürerin» diýip Allatagalnyň ady bilen kasam edipdim. Men Alyny öldürdim. Men Mugawiýany öldürýänçäm ugruma goýuň. Ondan soň men siziň ýanyňyzda geleýin. Siz meni şonda öldüräýiň» diýdi. Hasan onuň bu sözüne garaman ony öldürdi. Ony oda salyp köýdürdiler.

## *ÝETMIŞ BIRINJI KYSSA*
## HEZRETI YMAM HASANYŇ ŞEHIT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

*Aýdypdyrlar:* Ermeni şasynyň gyzy möminleriň emiri Hasanyň nikasyndady. Ol örän görkli aýaldy. Ýezidiň oňa meýli boldy. Ol bu aýala bir kişini iberip: «Alynyň urugynyň döwleti kuwwaty gitdi. Bu gün döwlet biziň elimize geldi. Sen Hasany köňlüňden çykar. Sen ony öldürseň, men seni özüme aýal edip alaryn»diýip aýtdyrdy. Ýezidiň iberen kişisi ol aýala awy gowşurdy. Ol aýal bu söze aldandy. Möminleriň emiri Hasan şol gün oraza tutupdy. Howa örän yssydy. Ol aýal giçlik bolanda şerbet anutdy (taýýarlady) we içine awyny goşup, agyzaçar wagty bolanda ony ymam Hasana berdi. Ol ony içdi. Onuň ýüregi bulandy, bagry para-para bolup agzyndan gan geldi. Ol bu işiň nämeden bolandygyny bildi we ymam Hüseýini çagyrtdy. Ymam Hüseýin ymam Hasanyň halyny görüp ýyglap: «Eý, dogan! Hemme emgekler bize eken. Indi sen dünýäden ötseň, men ýalňyz näme ederin?» diýdi. Ymam Hasan: «Eý, dogan! Meniň halym ölüme ýakyn geldi. Sen menden soň ýetimlerimi hor saklama we olara ýagşy seret» diýdi. Ymam Hüseýin: «Eý, Hasan! Sen bu işi kimiň edendigini maňa aýt» diýdi. Ymam Hasan: «Biz hezreti Resulyň urugyndandyrys. Sen men bu hala düşemde: «Ganhoryň kimdigini aýdyp ber» diýip maňa şugulçy bolmaklygy buýurýarsyňmy? Beýle iş maňa laýyk däldir. Siz menden razy boluň» diýdi. Ymam

Hüseýin: «Eý, dogan! Sen bu dünýäden ötseň, babama, atama we eneme meniň salamymy ýetir. Olara: «Kyýamat güni Arasat meýdanynda olar meni Mälik Dowzahyň (dowzahyň patyşasynyň) elinde görseler, maňa Allatagaladan şepagat sorasynlar» diýip aýt» diýdi. Ymam Hasan: «Eger meniň halym beterleşip, dilden galsam, sen gulagyňy meniň agzyma tut. Men ol dünýäden eşidenimi saňa aýdyp bereýin» diýdi. Ymam Hasan dilden galanda yşarat etdi. Ymam Hüseýin onuň agzyna gulagyny tutdy. Ymam Hasan: «Maňa: «Hasan gorkmasyn. Taňry ondan razydyr» diýip aýdýarlar»diýdi.

Ymam Hasan dünýäden ötdi. Oňa aglaşdylar. Onuň jesedini ýuwup, kepene salyp, namazyny okap, jynazasyny taýýar etdiler. Ymam Hüseýin bilen Muhammet Hanypa onuň jynazasyny göterdiler. Onuň jesedini Medinä, Resul alaýhyssalamyň rowzasyna eltdiler. Emma Medinäniň halky ony bu ýerde goýdurmady. Ymam Hüseýin: «Meniň ýaraglarymy getiriň. Men bular bilen sanjyşaýyn» diýdi. Abdylla ibn Mesgut: «Eý, Hüseýin! Ýaragyňy taşla we sanjyşma. Biz senden hem mahrum galaýmaly. Biz ony nirede jaýlasak hem Allatagalanyň rehmetiniň eseri oňa ýeter» diýdi. Bu sözden soň ymam Hüseýin köşeşdi. Ymam Hasany Bakyg görüstanlygynda jaýladylar.

Ymam Hasanyň aýalynyň yddaty[67] tamam boldy. Ol aýal Ýezidiň ýanyna bir kişini iberip: «Meniň yddatym tükendi. Indi sen meniň ýanyma gelip, nikalaş» diýdi. Ýezit oňa: «Sen Resul alaýhyssalamyň oglanlaryna wepa bermediň. Sen maňa hem wepaly bolmarsyň» diýip jogap berdi. Ýezit ol aýaly almaga göwnemedi. Ol aýal islegine ýetmedi. Ol gün ymam Hasany topraga tabşyranlarynda onuň ýetim galan çagalary başlaryna toprak saçyp: «Eý, Taňrymyz! Babamyzyň hak-hormaty üçin bize rehmet et» diýdiler.

## *ÝETMIŞ IKINJI KYSSA*
## HEZRETI YMAM HÜSEÝINIŇ ŞEHIT BOLMAGYNYŇ BEÝANY

*Aýdypdyrlar:* Ymam Hüseýin bilen Ýezidiň arasynda iki hili duşmançylyk bardy. Olaryň biri asly (nesil boýunça gelýän) duşmançylyk, beýlekisi fargy (özara) duşmançylyk.

Olaryň arasyndaky asly duşmançylygyň sebäbi şeýledir: Resul alaýhyssalamyň dördünji (arka) atasy Abdylmannafyň ekiz ogly boldy. Emma ol ikisiniň arkalary bir-birine ýapyşyk dogdy. Olar: «Bulary biri-birinden nähili aýyraly?» diýip geňeş etdiler. Biri: «Olaryň birini öldürip aýyryň. Goý, olaryň biri diri galsyn» diýdi. Başga biri bolsa bulary ýere gömeliň. Şonda bularyň biri çüýräp galar, beýlekisi bolsa diri galar» diýdi. Abdul mannaf ýiti gylyç aldy. Ol bu iki çaganyň ýapyşan ýerini gylyç bilen ýyrtdy. Olar bir-birinden aýryldylar. Olaryň ikisi hem diri galdylar. Olaryň birine Haşym, beýlekisine bolsa Ummyýa diýip at goýdular. Bu iki oglan ulaldy. Haşymyň ogly boldy. Oňa Abdylmuttalyp diýip at goýdular. Abdylmuttalybyň Abu Talyp atly ogly, onuň Aly atly ogly, Alynyň Hüseýin atly ogly boldy.

Ummyýanyň Hars atly ogly, Harsyň Sufýan atly ogly, Sufýanyň Magawyýa, onuň Ýezit atly ogly boldy. Abdyl mannaf bu iki oglanyň arasyna gylyç girizdi. Bu sebäpden Haşym bilen Ummyýanyň arasynda Abdylmuttalyp bilen Harsyň arasynda,

Hüseýin bilen Ýezidiň arasynda gylyçly duşmançylyk peýda boldy.

Emma fargy duşmançylygyň sebäbi şeýledir: Bir gün Magawyýa ogly Ýezidi çagyryp: «Men seniň üçin emgendim (köp azap gördüm). Men seniň hemme islegiňi bitirdim. Indi sen ýene näme islegiň bolsa, ony aýt» diýdi. Ýezit: «Meniň bir islegim bar» diýdi. Magawyýýa: «Seniň ol islegiň nämedir?» diýdi. Ýezit: «Abdylla Zubeýryň Patma atly aýaly bar. Ol örän owadan. Meniň köňlüm şony almak isleýär» diýdi. Magawyýýa: «Onuň ýaly bolsa men onuň çäresini görmek üçin ugruna çykaýyn» diýdi.

Ýaryndasy (ertesi) Magawyýa Abdylla Zubeýry çagyryp: «Sen Allanyň resulynyň doganoglanynyň oglusyň. Şonuň üçin meniň köňlüm saňa ýagşylyk etmek isleýär. Seniň ataň maňa köp ýagşylyklar etdi. Meniň bir gyzym bar, men ony saňa bereýin. Men Müsür welaýatyny saňa bereýin» diýdi. Abdylla Zubeýr bu söze ersigip (aldanyp), ragbatlyk boldy (höweslendi). Magawyýa ikinji gün ony ýene çagyryp: «Men bu sözi gyzyma aýtdym. Gyzym maňa: «Abdylla Zubeýryň görkli aýaly bar. Onsoň ol meni halamaz. Eger ol aýalyny talak etse, meni oňa beräý. Bolmasa, meni oňa berme» diýip aýtdy» diýdi. Abdyllanyň köňlüne Müsür welaýatyna häkim bolmak höwesi düşüpdi. Ol bu sebäpden öýlügini (aýalyny) talak etdi. Ertesi Magawyýa Abdyllany ýene çagyryp: «Meniň gyzym: «Meniň görküm ýok. Abdylla görkli hatynyny Müsüriň mülki üçin talak etdi. Bir gün ol ikimizden mülk gitse, ol meni talak eder. Şonuň üçin men Abdylla göwnemeýärin» diýýär» diýdi. Abdylla gaýgyly boldy. Magawyýa: «Eý, Abdylla! Sen gaýgylanma. Bu işiň bir çäresini taparys» diýdi.

Abdylla Zubeýr aýalynyň ýanyna bir kişini iberdi. Aýaly onuň sözüni kabul etmedi. Ol hatynyň yddaty tamam boldy. Magawiýa Abu Musa Aşgaryny (Allatagala ondan razy bol-

sun!) ogly Ýezit üçin çagyrdy. Abu Musa hem alymdy, hem amyldy. Magawyýa Kasym ibn Apbasy Abdylla Zubeýryň aýalynyň ýanyna iberdi. Kasym ibn Apbas ornundan turup, ol aýalyň ýanyna barýardy. Ýolda oňa Abu Musa ýolukdy. Abu Musa ondan: «Sen nirä barýarsyň?» diýip sorady. Kasym ibn Apbas: «Men Abdylla Zubeýryň talak edip goýan hatynyny Ýezit üçin soramaga sawçy bolup barýaryn. Ýöne meniň hem ol aýala meýlim bar» diýdi. Kasym örän görmegeýdi. Abu Musa ýolda Hüseýin ibn Ala ýolukdy. Ymam Hüseýin ondan: «Sen nirä barýarsyň?» diýip sorady. Abu Musa oňa Ýezidiň we Kasymyň sözlerini aýdyp berdi. Ymam Hüseýin: «Ol aýala meniň hem meýlim bar» diýýdi. Abu Musa ol aýalyň ýanyna bardy. Ol oňa Ýezidiň, Kasymyň we ymam Hüseýiniň sawçylyk sözüni aýtdy. Şeýle hem Abu Musa ol aýala: «Men hem seni görüp köňüllendim (göwnüm gitdi)» diýdi. Ol aýal: «Sen garrysyň. Men seni unamaýaryn. Men bu üçüsinden haýsyny saýlaýyn?» diýdi. Abu Musa: «Sen maňa geňeşdiň. Men saňa olaryň haýsysynyň mynasypdygyny aýdyp bereýin. Eger saňa il-gün, altyn-kümüş, tapugçylar (hyzmatkärler), dünýä hormaty gerek bolsa Ýezide bar. Görk-jemal hormaty gerek bolsa Kasyma bar. Zuhd (takwalyk) ylym, päk urug, ahyret hormaty gerek bolsa Hüseýine bar. Men Resul alaýhyssalamyň Hasany we Hüseýini (Allatagala olardan razy bolsun!) gujagyna alyp: «Bu ikisi jennet ähliniň seýididir» diýenini köp gezek eşitdim. Resul alaýhyssalam mübärek agzyny ol ikisiniň agzyna goýardy» diýdi. Ol hatyn: «Maňa dünýä hormaty hem, görk-jemal hem gerek däl. Sen baryp Hüseýine aýt, men ony kabul etdim. Sen meni Hüseýin bilen nikalaşdyr. Beýleki ikisiniň menden umydy kesilsin» diýdi. Abu Musa netijede, Hüseýin bilen ol aýala nika akdyny (şertnamasyny) baglady. Bu habar Magawyýanyň gulagyna ýetende ol: «Eý, Abu Musa! Men şunuň ýaly mekruhile etdim. Sen meniň hilämi bozduň» diýdi. Bu sebäpden

Magawyýýanyň ymam Hüseýin bilen duşmanlygy has güýçlendi. Pygamber alaýhyssalam: «Men özümden soň erkekler üçin aýallardan beter pitne (ala salyjy zat) galdyrmadym» diýip aýdypdyr.

Adam atadan bäri aýallar sebäpli köp pygamberler we päk adamlar belalara sataşdylar. Adam ata bilen hezreti Howanyň kyssasy köplere mälimdir. Nuh pygamberiň aýalynyň, Lut pygamberiň aýalynyň sözleri bellidir. Ybraýym pygamber bilen Sara we Hajaryň, Ýusup pygamber bilen Züleýhanyň, Süleýman pygamber bilen Bylkysyň. Resul alaýhyssalam bilen Äşäniň kyssalary meşhurdyr. Ymam Hüseýin bilen bu aýalyň arasyndaky waka hem Resul alaýhyssalamyň şu hadysynyň dogurlygyna delil bolýan wakalaryň biridir.

*Aýdypdyrlar:* Ýezit: «Men elim ýetse Hüseýini öldürerin» diýdi. Ol bu sözüni hem amala aşyrdy. Emma Allatagala ony azaba sezewar etdi. Ýezit Resul alaýhyssalamy, Alyny we Patmany özüne hasm (duşman) etdi.

Magawyýanyň başy ýassyga ýetdi. Ol Ýezide: «Sen Hüseýini agyrla (hormatla). Sen oňa azar berme. Ol seniň ýanyňa gelse, sen ony öz ornuňda oturt. Eger ol senden mal golsa (sorasa) ber. Bu zatlaryň hemmesi olaryň hakydyr» diýip wesýet etdi. Ýezit: «Men seniň onuň atasy bilen eden işiň ýaly işi Hüseýin bilen ederin. Men Hüseýin bilen hergiz ýagşy gatnaşykda bolmaryn» diýdi. Magawyýa: «Sen meniň wesýetimi oglanlyk edip bozujy bolma. Çünki men Resul alaýhyssalamdan: «Men kyýamat güni Hüseýiniň ganhory bilen hasaplaşaryn. Şol gün ganhoryň özüniň, ganhora ýardam berenleriň we Hüseýine göripçilik edenleriň barynyň başyna hesret iner» diýip eşidipdim» diýdi. Magawyýa dünýäden ötdi. Ýezit onuň ornuna oturdy.

Atasy ogluna wesýet etdi. Atasynyň wesýetini tutan halalzada bolar. Magawyýa öldi. Ýezit Welit Utba kişi iberdi. Ol onuň bilen: «Kim meniň tarapymda bolup, ol maňa boýun

bolýandygyna şertnama baglaşmasa, onuň başyny maňa iber» diýip hat gönderdi. Hat Welide gowuşdy. Ol Abdylla ibn Omary, Abdylla ibn Zubeýri we Hüseýini (Allatagala olardan razy bolsun!) ýanyna çagyrdy. Bu wagt ýassy namazyň wagtydy. Bu üçüsi Resul alaýhyssalamyň rowzasyndadylar (gabrynyň üstüne salnan metjitdediler). Ymam Hüseýin çakylyk bilen gelenlere: «Siz Welidiň ýanyna baryberiň. Biz hem häzir bararys» diýdi. Ol kişi Welidiň ýanyna gaýdyp bardy. Hüseýin ýaranlaryna: «Siz Welidiň bizi näme üçin çagyrýandygyny bilýärsiňizmi?» diýdi. Olar: «Ýok» diýdiler. Ymam Hüseýin: «Magawyýa öldi. Ýezit onuň ornuna oturdy. Ýezit Welide hat iberipdir. Ol biziň özüne boýun bolmagymyzy isleýär» diýdi. Olar: «Sen muny nämeden bildiň?» diýdiler. Ymam Hüseýin: «Men gije düýş gördüm. Göýä Magawyýanyň başy aşak dur. Onuň ornuna bir it geçip oturypdyr. Ol it Ýezitdir» diýdi. Olar: «Sen beýgata (boýun sunmak baradaky şertnama) näme diýýärsiň?» diýdiler. Ymam Hüseýin: «Kim gije hamr (şerap) içse, gündiz it bilen oýnasa, musulmanlaryň hormaty olardan amanda bolmasa, men oňa nähili boýun sunaýyn? Siz onuň ýanyna barmajak bolsaňyz, ol ýerde görünmäň. Onuň ýanyna meniň ýalňyz özüm bararyn» diýdi.

Ol öz ýaranlaryndan ýaragly ýigrimi ýedi kişi alyp bardy we: «Siz gapyda garaşyp duruň. Eger meniň sesimi eşitseňiz giriň» diýdi. Hüseýin ýeke özi Welidiň ýanyna girdi. Welit ymam Hüseýine Ýezidiň hatynyň mazmunyny aýdyp berdi. Ymam Hüseýin: «Bu wagt gijedir. Men bu hatyň jogabyny ýalňyz özüm aýdyp bilmerin. Biz ýaryn (ertir) jemlenip geleli. Men onsoň size jogap aýdaryn» diýdi. Ymam Hüseýin gapydan çykmakçy bolup ugrady. Welidiň weziri Merwan: «Eý, Welit! Häzir Hüseýin ele geldi. Sen ony goýberme. Biz ertir näme boljagyny bilmeýäris. Eýse, biz Ýezitden gorkmaýarysmy?» diýdi. Ol ymam Hüseýiniň etegine ýapyşdy. Ymam Hüseýin

oňa: «Sesiňi kes, eý, Allanyň duşmany!» diýdi. Ymam Hüseýiniň sesini eşidip, onuň ýaranlary girdiler. Merwan gaçdy. Hüseýin ondan çykyp gizlendi.

Ol Mekgä ugrady. Ýagdaýy Ýezide habar etdiler. Ýezit Welide ýene: «Eger sen Hüseýiniň başyny alyp, bize ibermeseň, biz seniň başyňy alarys» diýip, hat iberdi. Welit gaýgyly boldy. Çünki Hüseýini öldürmese, Ýezidiň bu kararyny gürrüňsiz berjaý etjekdigini bilýärdi. Ol Hüseýini gözledi. Onuň ymam Hüseýine rehimi geldi. Ol ymam Hüseýine bir kişini iberip: «Iş kyn bolup gitdi. Sen bu ýerden Mekgä git. Ol ýer parahatdyr» diýdi. Ymam Hüseýin ýyglady, ýagşy dilegleri etdi we gardaş urugyna habar etdi. Olar oňa: «Biz pylan gije çykaly» diýdiler. Olar birnäçe adam bolup çykdylar. Bu kişiler ýaragsyzdy. Ymam Hüseýin Resul alaýhyssalamyň rowzasyna (mazaryna) baryp, Gurhan hatm etdi.

Ol säher wagty bolanda ýüzüni rowza öwrüp: «Eý, baba! Maňa seniň ummatyňdan jepa ýetdi. Men seniň ýanyňa arza geldim. Olar meni öldürmekçi bolýarlar» diýdi. Şol wagt ol uzydy (uklady) we düýş gördi: Resul alaýhyssalamyň rowzasy açyldy. Resul alaýhyssalam iki elini çykaryp, ymam Hüseýini guçdy (gujaklady), onuň agzyndan öpdi we: «Eý, ýüregimiň parasy! Sen biziň öýümize gel. Atań Aly, eneň Patma, doganoglanyň Japar Taýýar hemmesi seni bu ýere çagyrýar» diýdi. Ymam Hüseýin: «Eý, Allanyň resuly! Men entek bu ýerde duraýyn» diýdi. Resul alaýhyssalam: «Sen diňe şehit bolup ölmek bilen jennetde uly derejäni alarsyň. Ataň Alynyň öz derejesi bar. Meniň saraýym Ybraýym pygamberiň saraýy bilen deň bolar. Ikimiziň saraýymyzyň arasynda Alynyň saraýy bolar. Sen bu tarapa baksaň meni görersiň, ol tarapa baksaň Ybraýym pygamberi görersiň» diýdi. Şol wagt ol oýandy. Onuň hemme agzasy derläpdir.

Ol Resul alaýhyssalamyň rowzasy bilen hoşlaşdy we: ***«Ol yzyndan kowgy gelmeginden gorkup şäherden çykdy»*** diýen aýaty okady. Ol Mekgä ýetende: ***«Ol (Musa) Medýen şäherine tarap ýüzlendi»*** diýen aýaty okady. Mälikleriň (serdarlaryň) hemmesi onuň öňünden garşylap çykdylar we onuň gelmegine begendiler. Onuň özünden öňräk Abdylla ibn Abu Bekr, Abdylla ibn Zubeýr, Abdylla ibn Omar Mekgä gelipdiler. Mekge halky Abdylla ibn Zubeýri hormatlady. Hüseýin geldi, ol ymamlyk etdi.

Olar hemme işde Hüseýiniň ýanyna geňeşe geldiler. Abdylla ibn Zubeýr gaýgylandy. Pygamber alaýhyssalam: «Allatagalanyň sadyk bendesinden iň ahyrynda çykýan zat – başlyk bolmak söýgüsidir» diýip aýdypdyr. Pygamber alaýhyssalam ýene: «Bir jemagatyň başy bolmaň, oň ahyry boluň. Çünki saparda bela duçar bolsa, ilki onuň başy gidýär» diýip aýdypdyr.

Ymam Hüseýin alty aý Mekgede dynç durdy. Kufelilere habar boldy. Möminleriň emiri Alynyň Kufede dostlary köpdi. Olar: «Hüseýin Muhammet Mustapanyň urugydyr. Onuň atasynyň bize haky köpdür. Hüseýin barka biz başga birini nähili ymam ederis?» diýip hat ýazyp, ymam Hüseýini Kufä getirmekçi boldular.

Ymam Hüseýin Muslim ibn Ukaýly Kufä iberdi. Ol oňa: «Sen Kufä baryp, ol ýeriň ýagdaýyny bilip gel» diýdi. Muslim bu ýere gelip, bulary (ymam Hüseýiniň dostlaryny) gördi. Olar ymam Hüseýine: «Bu ýerde ýigrimi iki müň är saňa boýun boldy» diýip hat ýazdylar. Ol gün Ýezidiň naýyplary (orunbasarlary) bu habary eşidip, oňa hat gönderdiler. Ýezit gaýgyly boldy. Ol Basranyň häkimi Abdylla bin Zyýada: «Kufäni hem saňa berýärin. Hüseýinli işi seniň özüň bitir» diýip, kişi iberdi. Abdylla bin Zyýat Ýezidiň atasynyň garyndaşynyň ogludy. Hat oňa baryp ýetdi. Ol çerik (leşger) ýygnap, ymam Hüseýinden öň Kufä geldi. Ol başyna taýlasan (ruhanylaryň başyna we

boýnuna aýlap, arkasyna taşlap ýöreýän sellesini) orap girdi. Adamlar ony: «Bu Hüseýin» diýip sakyndylar (oýladylar). Olar köp leşgeri görüp, munuň Hüseýin däldigini bilip gorkdular. Muslim ibn Ukaýl bu goşun gelmezden öň ymam Hüseýine: «Biziň hemmämiz saňa boýun sunýarys. Sen Kufä çaltrak gel» diýip hat iberipdi. Abdylla ibn Zubeýr ymam Hüseýini Mekgede: «Sen tiz Kufä git» diýip gyssaýardy. Ol: «Ymam Hüseýin Mekgeden gitse, bu ýerde orun-hormat maňa galar» diýip hyýal edýärdi.

Ymam Hüseýin Abdylla ibn Zyýat Kufä gelip girende ýola çykdy. Ol onuň Kufä gelenini bilmeýärdi. Abdylla ibn Zyýat Muslim bin Ukaýly öldürdi. Onuň uran eli gurady. Abdylla ibn Zyýadyň goluny görüp: «Seniň goluňa näme boldy?» diýip soradylar. Bu haramzada: «Men Muslime gylyç urdum. Gylyjy göteremde howada Allanyň resulyny gördüm. Ol mübärek dodaklaryny agzyna gysyp dur. Ol maňa gaty gygyrdy. Men gylyjy gaýtaryp bilmedim. Onsoň meniň elim gurady we ýüzüm saraldy» diýdi.

Ymam Hüseýiniň bu wakadan habary ýokdy. Ol ýagdaýy bilen bolsa Kufä gelmezdi. Ymam Hüseýin ýolda gelýärkä: «Bu sapary meniň köňlüm unamaýar» diýip aýtdy. Emma oňa Allatagalanyň takdyry şeýledi.

*Aýdypdyrlar:* Allatagalanyň takdyry başa gelende göz görmän galýar. Ýagny onuň takdyryny üýtgetmäge hiç hili çäre ýokdur. Ymam Hüseýin Mekgeden çykyp, Kufäniň bäş menzilinde Talgat atly ýere gelip ýetipdi. Ol bu ýerde Muslim ibn Ukaýlyň ölen habaryny eşidip, zar-zar ýyglady we: «Ol ata-babalarymyzyň ýanyna duwlandy. Biz hem onuň yzyndan bararys» diýdi.

Şol wagt ymam Hüseýine Harr ibn Ýezit Raýaha iki müň är bilen sataşdy. Ol Abdylla ibn Zyýadyň leşgerindendi. Bu wagt öýle namazynyň wagtydy. Harr ibn Ýezit: «Seniň bilen sanjyş-

mak dowzah oduna girmekdir. Men näme edeýin? Eý, Resulyň urugy, sen kufelileriň haty bilen geldiň. Sen bela ilindiň. Olar Muslim ibn Ukaýly nätdiler, sen ony eşitdiňmi? Meniň saňa nesihatym: «Sen Mekgä yzyňa gaýdyp bar. Abdylla ibn Zyýat maňa: «Hüseýini nirede tapsaň, tut» diýdi. Seniň yzyňdan leşger gelýär. Meniň oňa güýjüm ýetmez» diýdi.

Ýassy namazyň wagty geldi. Hezreti Hüseýin ymamlyk etdi. Harr ibn Ýezit oňa uýdy. Ol ymam Hüseýiniň namazynyň içindäki rukugyny we sujudyny görüp: «Mustapa alaýhyssalamyň rukug we sujudyna meňzeýär» diýip gözlerinden ýaş akdy. Namazdan boşansoň ol ymam Hüseýiniň ýanyna gelip: «Eý, Resulyň nebiresi (agtygy)! Men uly bela ilindim. Meniň saňa maslahatym şeýledir: Leşger gelip ýetende, sen galawuz (ýol görkeziji, ýola belet) sora. Goý, ol seni Mekgä eltsin» diýdi.

Ymam Hüseýin ýaranlary bilen geňeşdi. Olaryň biri: «Mekgäniň ýoluny men ýagşy bilýärin» diýdi. Ymam Hüseýin Mekgä gaýtmakçy boldy. Ol galawuz bilen ýola düşdi. Ol gün muharram (aşyr) aýynyň başydy. Gije garaňkydy. Bular ýolda azaşdylar we uzak gije ýörediler. Ertesi olar Kerbeladan çykdylar. Olar bu ýerde gyzyl gana meňzäp duran gyzyl toprak gördüler. Ymam Hüseýin özleriniň nähili ýagdaýa düşendiklerini bilip: «Allahümme a‘uzu bike minel-kerbi we bela’y (Eý, Taňrym! Bu bela-beterden özüň saklamagyňy senden pena isleýärin)» diýdi. Ol düýeden düşdi we gyzyl topragy gördi we: «Bu aglaýan ýerimiz, adamlarymyzyň öldürilýän ýeri we ganlarymyzyň dökülýän ýeridir» diýip ýyglady. Ol kufelilere: «Biz siziň bilen ähtnama baglaşdyk. Siz maňa «Gel» diýdiňiz. Indi bolsa siz ähdiňizi bozduňyz» diýip hat iberdi.

Ymam Hüseýiniň Kerbela gelendigi baradaky habar Abdylla Zyýada ýetdi. Şol wagt Omar Sagdy ýigrimi iki müň är bilen iberdi. Olar ýetip geldiler. Ol iki müň atly-ýaragly nökeri

Furata iberdi. Ol: «Suwy saklaň, olara bermäň» diýdi. Olara üç günläp suw bermediler. Resul alaýhyssalamyň ähli beýti (nesilleri) üç gün teýemmum bilen namaz okadylar. Ymam Hüseýin, garyndaşy Apbas bilen, birnäçe ýaranlary bilen: «Biz gije baryp Furatdan az-kem suw alalyň» diýdiler.

Olar derýanyň kenaryna bardylar. Bularyň suwa gelendigi barada duşmana habar ýetdi. Olar bu ýerde sanjyşdylar. Otuz ärden ýigrimi ikisi heläk boldy. Apbas mejruh (ýaradar) boldy. Ol gije ymam Hüseýiniň düýşünde ata-babalary göründi. Olar: «Seniň bize gowuşmagyňa az pursat galdy» diýdiler. Omar we Sagt ikisi bu emgekleri görüp: «Men emir bolmadyk bolsam, ýagşy bolardy» diýdiler. Harr ibn ad-Daj gelip elini ymam Hüseýiniň başyna goýup: «Seniň janyňy almak üçin ilki gelen mendim. Men indi bu işimden toba etdim» diýdi. Ymam Hüseýiniň ýanynda musulman bolan bir tersa (haçparaz) bardy. Ol gün ol enesi bilen leşgeriň içindedi. Ol Ýezidiň leşgeri bilen gaty sanjyşyp, olaryň ençemesini öldürdi we soňunda özi hem şehit bolup öldi. Onuň başyny kesip ymam Hüseýiniň leşgeriniň içine okladylar. Enesi oglunyň başyny eline alyp: «Eý, balam! Sen Resulyň hanadany (nesil-neberesi) üçin başyňy berdiň» diýdi. Ol aýal çadyryň agajyny göterip, duşmanyň içine girip, onuň bilen urup köpüsini öldürdi. Ymam Hüseýin ol aýala: «Seniň we ogluň orny jennetde, Allanyň resulynyň ýanyndadyr» diýdi.

Ymam Hüseýin garym gazdyrdy. Ol: «Duşman diňe bir tarapdan girsin» diýdi. Onuň içini ot bilen doldurdy. Japar ibn Mälik ony görüp: «Eý, Hüseýin! Sen howlukdyň. Sen ahyretiň (dowzahyň) oduna ulanmazdan (rowan bolmazdan) dünýäniň oduny ýakdyň» diýdi. Ymam Hüseýin: «Ýalan aýdýarsyň, eý Allanyň duşmany! Men rehimdar bolan Taňrymyň dergähine gidýärin» diýdi. Ymam Hüseýin: «Munuň ady kim?» diýip sorady. Adamlar: «Onuň ady Japar ibn Mälikdir» diýdiler. Ymam

Hüseýin: «Eý, Taňrym! Muny dünýä oduna sal. Goý, ol oduň gyzgynyny datsyn» diýip dileg etdi. Japar ibn Mälik oda ýykyldy. Ol oda köýüp heläk boldy. Ymam Hüseýin Taňrynyň bu gudratyny görüp, şükür seždesini etdi. Ymam Hüseýin: «Bu gün maňa zaman (möhlet) beriň. Ertir ýaraşalyň» diýdi. Oňa hiç kim jogap bermedi. Biri: «Allatagala kemçiliklerden päkdir. Biz haýsy kapyr zaman sorasa ony berýäris. Allanyň resulynyň urugy zaman (möhlet) soraýar. Bir gije möhlet berenlerinde ýagşy bolardy» diýdi.

Ol gije zaman berdiler. Gijäniň içinde Şimr ibn Jawş halk bilen ymam Hüseýiniň leşgerine geldi. Bir kişi: «Men Allatagalanyň ady bilen kasam edýärin! Biz ýagşy adamlardyrys, siz bolsa ýaramaz adamlardyrsyňyz» diýdi.

Ýezit ibn Hasr namazdaka bu sözi eşitdi. Ol namazyny bozup: «Eý, pasyk (bozgak)! Siziň ýaly päk bolup, Hüseýin päk däl bolýarmy?» diýdi.

Ertesi iki leşger sapa durdy. Olar (duşmanlar) ýigrimi iki müň adamdy. Bular (Hüseýiniň tarapdarlary) segsen iki adamdy. Ymam Hüseýin elini sakalyna goýup: «Eý, Taňrym! Bize elini berip kömek edýän hiç kimiň ýokdugyny Özüň görýärsiň. Rehim edip bulary bizden giderjek adam ýokmy?» diýdi. Şol wagt Harr ibn Raýahy olardan geldi. Ol ymam Hüseýiniň öňünde atdan özüni topraga taşlap: «Eý, Hüseýin! Bu gün meniň janym pida bolsun. Ertir (kyýamat güni) men seniň babaň Mustapanyň şepagatyndan ülüş alaýyn» diýdi. Ol duşman bilen sanjyşmaga girdi we bu şygry okap söweşdi:

Hur turar men, kim kylar men jan pida,
Hurlugym imdi ýakyn boldy maňa,
Lagnat ol melgun Ýezide kim kylar,
Mustapa oglanlaryna bu jepa.

Ol köp söweşdi. Ýetmiş kişini öldürdi. Ahyrsoňunda özi şehit boldy. Ymam Hüseýin adamlary iberdi. Olar ony göterip geldiler. Ol ymam Hüseýiniň dyzyna başyny goýup, ýüzüni toprakdan arassalap: «Eý, azat ýigit! Men iki dünýäde azat boldum» diýdi. Allatagaladan: «Eý, Raýahanyň ogly! Sen bu söweşde dowzahdan azat bolan ýigitsiň» diýip owaz geldi.

Ondan soň Ýezit Hafr goşgy aýdyp orta çykdy we ol duşman bilen söweşe girdi. Ol köp sanjyşdy we şehit boldy. Soň Zahr ibn Kaýs çykyp sanjyşdy. Soň Wähep Kalby jeňe girdi. Ol jöhit milletindendi we iman getirip musulman bolupdy. Onuň bir garry atasy bardy. Ol: «Eý, oglum! Men seni bu gün üçin ekledim. Eger sen meniň razylygymy isleseň, bu gün söweşe girip, duşman bilen sanjyş. Aýallar ellerini hyna bilen bezeýärler. Sakalyny ýüreginiň gany bilen ýa-da ellerini duşmanyň gany bezän adam är kişidir» diýdi. Ol duşman bilen sanjyşmaga girdi. Ol köp söweşdi, köp duşmany öldürdi we atasynyň ýanyna gelip: «Eý, ata! Sen indi menden razy bolduňmy?» diýdi. Atasy: «Ymam Hüseýiniň öňünde söweşip jan berseň, şonda men senden razy bolaryn» diýdi. Ol täzeden söweşe girip, köp sanjyşdy we telim duşmany urup ýykdy. Iň soňunda ony tutup, Omar we Sagda eltdiler. Onuň başyny kesip ymam Hüseýiniň leşgeriniň arasyna taşladylar. Atasy bükülip, oglunyň başyny eline alyp, aglap şeýle şygyr aýtdy:

*Manysy:*

Men bir gojadyryn, bilimden güýç-kuwwatym gaçan,
Baş-aýagym ýalaňaç, emma kalbym päk her haçan.
Güýjüm bibi Patma ogullaryndan kem bolsa hem,
Duşmana gylyç salmakda göýä guduzlyk açan.

Ymam Hüseýin: «Eý, ata! Nary ýan (yzyňa gaýt)! Sen hemme mubaryzlary (batyr ýigitleri) bu gün uýatly etdiň» diýdi. Garry yzyna döndi. Batyrlar söweşe girdiler. Olaryň biri Omar ibn Halytdy. Ol jeňe girdi. Ol telim sanjyşdy we şehit boldy. Ondan soň orta Omar ibn Abdylla Mujahidi, Ýahýa ibn Salym Mazini, Kurrat ibn Abu Zerr Gifary, Mälik ibn Enes, Mesruk ibn Haçjaç, Anis ibn Magkal Azha, Sagyd ibn Abdylla Hafyfy, Halyl ibn Nafyg, Rahbar, Janada we beýlekiler söweşe girdiler. Bularyň hemmesi şehit boldular. Diňe ymam Hüseýiniň garyndaşlary, şeýle hem Taminiň oglanlary diri galdylar. Abdylla ibn Muslim ibn Akyl ibn Abu Talyp söweşe çykdy. Ol hem söweşip, şehit boldy. Ymam Hüseýin gaty sesi bilen: «Eý, meniň ähli beýtim (öýümiň adamlary)! Siz sabyr ediň» diýdi. Ymam Hüseýiniň garyndaşlary söweşe girdiler. Olar: «Eý, Hüseýin! Ilki biz seniň öňüňde şehit bolaly» diýdiler. Abu Bekr ibn Aly söweş meýdanyna çykdy. Ol şygyr aýdyp, köp sanjyşdy we şehit boldy. Soňra onuň inisi Osman ibn Aly söweşe girdi. Ol öweý dogandy. Soňra Japar ibn Aly, Apbas ibn Aly söweşe çykdylar. Bular hem şehit boldular. Ymam Hüseýin, onuň iki ogly Aly Ekber, Aly Asgar galdy. Aly Ekber on ýaşyndady, Aly Asgar ýedi ýaşyndady, Aly Ekber söweşe girdi. Ymam Hüseýin aýasyny sakalyna goýup: «Eý, Taňrym! Bu ýolsuzlar bilen sanjyşmaga çykan oglan ýaly görki bilen hem, gylygy bilen hem Resula meňzeýän hiç bir kişi ýok. Eý, Taňrym! Gatbar asmanyň, gara ýeriň berekedini bu ýolsuzlardan kes» diýip ýyglady.

Aly Ekber gaty sanjyşdy. Onuň tamam bedeni gyzyl gana boýaldy. Ol köp Şam leşgerini dowzaha iberdi. Ol atasynyň ýanyna gaýdyp geldi we: «Eý, ata! Meni suwsuzlyk öldürdi. Demir sowudyň agyrlygy meni ýadatdy. Bir damja suw içmegiň alajy bolmazmyka?» diýdi. Ymam Hüseýin onuň bu sözüni eşidip, gaty owaz bilen ýyglady we «Eý, gözümiň nury,

ýüregimiň parasy (bölegi)! Az wagtyň galdy. Sen bu jeňe bir zaman sabyr et. Sen babaň Mustapa gowuşyp, onuň elinden uçmah şerabyny içersiň» diýdi. Aly Ekber ýene söweşe çykdy. Ol şeýle aýtdy.

### Şygyr[68] (manysy)

Men Alynyň agtygy, Hüseýiniň ogly Aly,
Bu gün Pygamberiň işin gollap jeňe çykmaly.

Allanyň ady bilen kasam kalba dykmaly,
Dawa edýän kişiň elin häkimlikden çekmeli.

Pygamber ýolun gorap duşman başyny çapmaly.
Haşym ýigdi abraýyn edermenlikden tapmaly.

Aly Ekber köp sanjyşdy. Ol ahyry şehit bolup öldi. Ymam Hüseýin atdan düşüp, onuň ýanyna bardy. Ol oglunyň ýüzünden öpdi. Aly Asgar gelip: «Eý, atam! Sen çadyra gir. Eger sen şehit bolsaň, Resul alaýhyssalamyň urugy tükener» diýdi. Bu söze çadyryň içindäki aýallar aglaşdylar, dat-perýat etdiler we «Waý, Muhammet, waý, Patma, waý, Hasan!» diýişdiler. Ymam Hüseýiniň Aly atly dokuz aýlyk oglany bardy. Ymam Hüseýin çadyryň gapysyna gelip: «Men oglumyň ýüzüni görüp galaýyn» diýip diledi. Oglany onuň eline berdiler. Ol onuň ýüzüne ýüzüni goýup öpdi. Bir ok gelip ol oglanyň gözüne degdi we ol heläk boldy. Ymam Hüseýin gylyjynyň ujy bilen ýeri gazdy. Onuň namazyny okady we ony gany bilen ýere tabşyrdy. Soňra ol atlandy. Ol gazap bilen arslan ýaly kükräp, dört tarapa depindi. Ymam Hüseýin duşman bilen köp sanjyşdy. Ol duşmanyň köp leşgerini dowzaha iberdi. Ymam Hüseýin teşne bolup, Furat derýasyna

tarap geçmäge köp synanyşdy. Emma ony derýa tarapa goýbermediler. Şol wagt Abu Hanuk Japar bir ok atdy. Ok gelip, ymam Hüseýiniň eline degdi. Ymam Hüseýin ol oky dartyp çykardy. Onuň elinden gan akyp başlady. Ymam Hüseýin: «Eý, Taňrym! Seniň özüň bu günäkär bendeleriň arasynda nähili durandygymy görýänsiň» diýdi.

Duşmanyň hemmesi birigip, onuň üstüne süründi. Zarga ibn Şaryk Temimi ymam Hüseýiniň eline naýza bilen urdy. Amr ibn Halypa Jahfy gylyç bilen onuň egnine urdy. Sinan ibn Enes an-Nahafy ok atdy. Ok gelip, onuň göwsüne degdi. Salyh ibn Mary onuň bykynyna gylyç sançdy. Ymam Hüseýin atdan ýykyldy. Gök asman ýykylan ýaly boldy. Gara ýer halaýygy ýuwdan dek boldy. Ol atdan agyp düşenden soň ýene dikeldi. Endamyndaky oky tartdy. Onuň döşüniň gany iki owujyny doldurdy. Onuň başy, ýüzi we sakaly gana bulandy. Hezreti Hüseýin gylyjynyň ujy bilen ýeri gazdy, namaz okady. Ol ýene atyna münüp, arslan dek kükräp, dört tarapa depindi we beýtleri aýtdy:

Meniň il-halkym yslam dininden kapyrlyga ýüz urdy,
Taňrynyň emrini taşlap, boýun sunman, ýolun terse öwürdi.

Hezreti Aly heläk boldy näkes Ýezidiň gurnan alyndan,
Gudratly ata-ene ogly Hüseýin öldi onuň elinden.

Sagdyň ogly meniň ýoluma hile duzagyn gizläp gurdy,
Hetsiz-hasapsyz leşgeri az sanly goşunyň üstüne sürdi.

Ýezit haýynlyk edip, Taňrynyň dergähinde günäkär boldy,
Iki palçynyň ýorgudy bilen üstüme zulum toruny saldy.

Pygamber ýokary mertebä mynasypdyr Taňrynyň gaşynda,
Pygamberden soňky at-mertebe hezreti Alynyň başynda.

Taňry kakamy halkyň içinde artykmaç ada eýe etdi,
Iki keramatyň oglunyň ejesi uly mertebä ýetdi.

Meniň dek beýik babasy bar adam barmy bu jahanda?
Diýmek, men aýdan-günden doglan ýokary at-abraýly bende.

Atam Alydyr, Bedr, Hunaýyn jeňlerinde duşmandan üstün gelen,
Özüň gowy bilýärsiň, Taňrym, men niçik durun bu bozuklar bilen.

Omar Sagt: «Atdan düşüň we onuň başyny kesiň» diýdi. Nasr ibn Harşa Zyýany atdan düşüp, ony aýagy bilen depdi. Hawla ibn Ýezit Azha ymam Hüseýiniň mübärek başyny kesdi. Ymam Hüseýiniň atynyň ýüzi gana bulanyp, çadyra geldi. Ol ýerdäkiler onuň üstünde ymam Hüseýiniň ýokdugyny görüp, ses etdiler we aglap başladylar.

Ymam Hüseýiniň başyny Abdylla Zyýada iberdiler. Bişr ibn Mälik ymam Hüseýiniň başyny Abdylla Zyýadyň eline goýdy.

Bişr ibn Mälik aýtdy:

### Şygyr[69] (manysy)

Maňa altyn-kümüşden üzeňňi bejeriň.
Bu gün men şöhrata beslenen patyşany öldürdim.

Men ata-enesi iň ýagşy adamy öldürdim.
Men namaz okanlaryň iň ýagşysyny öldürdim.

Bu söze Abdylla Zyýat gazaplandy. Ol: «Sen onuň ýaly päk adamy nähili öldürdiň?» diýip, Bişr ibn Mäligiň başyny kesdi we: «Eý, eziz adamlar! Siz Resulyň nesil-neberesiniň hormatyny tutmaýarsyňyzmy?» diýdi.

Ondan soň ol şumlar är-hatynlary, ýaş oglanlary düýä mündürip, ýesirler ýaly edip Şama eltdiler. Ýezit muny görüp begendi. Soňra ol tomaşa (keýpi-sapa) etmäge meşgul boldy. Ol gije şerap içmek, aýdym-tans diňlemek ýaly işler bilen meslik edip başlady. Hezreti Hüseýiniň şehit bolanyna kyrk gün geçipdi. Ýezit hamr (şerap) içip, serhoş bolup mabraza (hajathana) girdi. Onuň aýagy taýyp, mabrazyň içine başaşak düşdi. Ol döşüne çenli nejasata gömüldi. Ony bu ýerden alyp çykarýançalar jany çykdy. Ol şunuň ýaly gan döküşikli işleri edip, kyrk günden artyk hökümdar bolmady.

*Aýdypdyrlar*: Ymam Hüseýiniň başyny Ýezide getirdiler. Ol bir salym säginip: «Men bu işi ýagşy etdimmi ýa-da ýaman etdimmi?»diýip oýlandy we Gurhany eline alyp, pal açdy. Onuň öňünden: ***«Sen zalymlaryň edýän işini Allatagala bilmeýär» diýip, asla oýlama»*** diýen şu aýat çykdy. Bu aýat munuň köňlüne ýokmady. Onsoň ol üç gezek pal açdy. Her gezek hem şol aýat çykdy. Ol gazaplanyp ýerinden turdy. Gurhany ýere zyňyp taşlady we ony aýak astyna alyp basgylady. Onuň sahypalaryny para-para edip, ýele ykdyrdy.

*Ol bu şygry aýtdy (manysy):*[70]

Sen meni jepbar (ägirt), anyd (zalym)
diýen zatlar bilen gorkuzjak bolýarsyňmy?
Jepbar hem, Anyd hem meniň özümdirin.
Eger sen kyýamat güni Taňryňa duşsaň,
«Meni Ýezit maýdalap taşlady» diýip aýt.

## TENBIH (GÖRKEZME) WE NESIHAT

Eý, musulmanlar! Bu zalymlaryň Resul alaýhyssalamyň urugyna görkezen jepalary soragsyz galar diýmek bolmaz. Bu sorag giç bolsa hem bolar, emma olaryň ýazyklary geçilmez. Ýazygyň azabynyň gelmegine pursat bolar, emma zalym azapsyz biperwaý goýulmaz. Aýat: ***«Zalymlar: «Allatagala meniň eden işimi bilmeýär» diýip asla oýlamasynlar».*** Işiňe berk ýapyş, hasap güni hem geler. Şonda haýbat halysy ýazylar. Aýat: ***«Kyýamat güni Allatagala zalymlary çekirtge suratynda gabryndan turzup ýygnadar»***. Haramlyk bilen iýilen etler kyýamat güni dowzah odunda köýer. Ýetimleriň malyny iýenler kyýamat güni dowzaha salnar. Olaryň iýjek iýmiti ot bolar we olar oda köýerler. Möminlere hyýanat edenler, zyna edenler, beçebazlyk edenler azapda we biabraýçylykda bolarlar. Allatagala şol wagt ejizleri uran elleri, depen aýaklary syndyrar, uşadar we arkalaryndan çykarar. Nämähreme bakan gözleri ot bilen doldurar. Töhmet atan, ýalan sözlän, gybat eden dilleri ýeňselerinden çekip çykararlar. Oýun, gülki, gazal diňlän gulaklara eredip gurşun guýarlar. Şöwhet şeraby bilen serhoş bolup ýatanlary azap bilen turzarlar. Abdylla Zyýadyň ymam Hüseýine eden zulumyndan, Ýezidiň ymam Hüseýini öldürdeninden hasap sorarlar. Olar dowzaha salnar we bu ýerde dürli azaplary görerler. Bu işleriň hemmesi boljakdyr. Boljak zady boljak bil, geljek zady geljek bil. Elbetde, geljekde boljak zatlaryň hemmesi geler. Älemleriň terbiýeçi hökümdary bolan Allatagala taryp bolsun!

Bu kitaby ýazan dini ylymlaryň alymy, ýetik ussat, kyn dini meseleleri çözüji, ymamlaryň ymamy, şerigatyň daýanjy, ylymlynyň, sowatsyzyň aňyna ylym ýetiriji, halalyň, haramyň arasyny tapawutlandyryp beriji Nasyreddin Rabguzydyr.

## RABGUZYNYŇ KYSSASYNYŇ SOŇLAMASY

Uş bitidim bu kitaby, eý ýaranlar ez büzi,
Bir ýyl içre geçdi onuň ýaýu, gyş-ýazu-güýzi.

Uky bozdum üzüm-üzüm, sözni tüzdüm, tünle men,
Erte gopdum, hama urdum, emgendim tün-gündüzi.

Bag gopardym, tal ýygaçlyk ýaş ýapyrgak tal çeçek,
Iýmişi-hikmet, fazaýyly-aýaty, ahbar-ýyldyzy.

Gan guratdym, jan gowurtdym, gan çykardym daş gazyp,
Sap gyzyl-altyn saçyklap bezedim bu ýer ýüzi.

Hatamy zerrin-niginim perde içre dügme dek,
Gizledim  men tekmelerden «degmesin» diýp ýat gözi.

Görki artdy günde ýedi  göz gulakgaça kowup,
Tünedim türlük ýygardan Rum, Hytaý atlas çuzi.

Ýa hezaran mähri düşdi, mährini bergen telim,
Mähri birle galdy salym,  ýok eginde tog-tozi.

Baryp izdim Nasyreddin Tokbuga beg tapgyça,
Tileýärmu, tilemesmu belguluk bilsin özi.

Aýat-ahbar asly onyň, özüniň aty «Kysas»,
Baş-azakga tegru baksaň töb ýalawaçlar sözi.

Bu murassag jöwher ehyr Mustapa ýalňuz seniň,
Eşleri dört, iki oglan, hatyn   on dört  kendüzi.

Owwaly Adam atamyz, ahyry hatamy Resul,
Bu tüzük birle tüzüldi enbiýa-mürsel tözi.

Törtegu atlyg sahaba, iki sihr, iki hatyn,
Soňra maktal zikri birle doldy kyssa kagyzy.

Özgeler köp ala monçuk düzdüler il tizginip,
Men  düri   meknun düzdüm, gezmedim ýaban-ýazy.

Ýedi ýüz on erdi ýylga kim bitildi bu kitap,
Dogmyş erdi ol ugurda hut sagadat ýyldyzy.

Gündogardan günbatara käşgä degse sözlerim,
Eşidenden doga goldum misgin Nasyr Rabguzy.

## ŞEKERDEN DATLY KYSSA

*Mukaddes, keramatly kitaplaryň döremegi bilen adamzadyň gara güýje sežde edýän zamanasy tamamlanyp, Söze–Paýhasa sarpa goýýan zamanasy başlandy. Bular adamzadyň taryhyndaky iki sany äpet eýýämdir.*

***Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy.***
***Mukaddes Ruhnama.***

Türkmenistanyň ilkinji we ömürlik Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşynyň öz halkyna Garaşsyzlygy alyp bermegi bilen, ýurduň we halkyň ykbalynda uly öwrülişik boldy. Türkmen topragy bagy-bossanlyga öwrülen bolsa, dürli-dürli zawoddyr fabrikler oba-kentleriň görküne görk goşýar. Adamlaryň ruhy dünýäleri düýpgöter özgerip, ata-babalarymyzyň öňki döwürlerde gadagan edilen ýa-da ýazgarylan ruhy, dini miraslaryny, däp-dessurlaryny öwrenmeklige güýçli höwes döredi.

Milli we dini baýramlar ählihalk baýramçylyklaryna öwrüldi. Türkmen halkyna zyýanly, ýat hasaplanylan, emma uly terbiýeçilik ähmiýeti bolan eserler okyjylar köpçüligine ýetirilip başlandy. Biz bu ýerde Şyh Şerep Hojanyň «Muinil mürit», Wepaýynyň «Rownakyl yslam», Sopy Allaýaryň «Sebatyl ajyzyn», Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetler», Şa-

bendäniň «Hojamberdi han» ýaly eserlerini göz öňünde tutýarys. Mälim bolşy ýaly, VII asyrda Arap ýarymadasynda yslam dininiň döremegi we ýuwaş-ýuwaşdan onuň geriminiň giňelmegi, dürli halklaryň bu dini özleriniň ynanç ygtykatlary hökmünde kabul etmekleri netijesinde yslam medeniýeti, yslam sungaty, yslam edebiýaty, yslam ylmy ýüze çykdy. Ýöne yslam medeniýeti, sungaty, ylmy, edebiýaty ony kabul eden halklaryň öňki medeniýetlerinden, sungatlaryndan, ylym-bilimlerinden, edebiýatlaryndan aýrybaşgalykda däl-de, eýsem, olaryň ýaşaýyş-durmuş şertlerine kybapdaşlaryny özüne siňdirmek bilen özüne ýol açdy. Elbetde, halklaryň durmuşyndaky bu aňyýet we durmuş, ynanç-ygtykadyýet özgerilişikleri hiç-hili garşylyksyz gujak açylyp garşylanmady. Muňa dürli halklaryň taryhynda yslam, arap medeniýetlerine, edebiýatyna we sungatyna garşy dörän akymlar aýdyň mysaldyr. Şeýle-de bolsa, wagtyň geçmegi bilen yslam dini öz köküni düýpli ýere urmagy başardy we şonuň netijesinde onuň medeni, ylmy, edebi ýörelgeleri beýleki halklaryň ylmy-medeni durmuşlaryna mäkäm ornaşyp başlady. Yslam dininiň mukaddes kitaby bolan Gurhany halk-köpçüliginiň arasyna giňden ýaýratmak zerurlygy hatdatlyk sungatynyň döremegine getirdi.

Yslam binagärçilik sungaty metjit-medresleriň, kerwensaraýlaryň ajaýyp nusgalaryny berdi. Mekdepleriň, metjitdir medreseleriň peýda bolmagy bilen birlikde yslam ylmy peýda bolýar. Musulman dininiň mukaddes kitaby Gurhany okamagyň, düşündirmegiň zerurlygy ýüze çykýar. Şonuň netijesinde Mukaddes Kitabyň aýatdyr sürelerindäki çylşyrymly meseleleri anyklaýan, beýan edýän, düşündirýän yslam ylmynyň tefsir şahasy peýda bolýar. Bu ylmyň esasy maksady Kerimi Gurhanyň aýatlary we süreleri hakynda ylmy düşünje bermekdi. Bu ylmyň öçmejek ýyldyzlarynyň biri hem dünýä meşhur türkmen

alymy Mahmyt Zamahşarydyr. Onuň «El-Kaşşaf» eseri tefsir ylmynyň naýbaşylaryndan hasaplanýar.

Yslam ylmynyň esasy ugurlarynyň biri hem – fykh, ýagny, şerigatyň kada-kanunlaryny beýan edýän, düşündirýän hukuk ylmydyr. Bu ugruň meşhur alymlarynyň hataryna belli türkmen alymy Razeddin Muhammet Sarahsy (1149-njy ýylda ölen) hem girýär.

Yslamyň ilki döwürlerinde musulmançylygyň dini, hukuk meseleleri bilen baglanyşykly ýüze çykan ýagdaýlaryň esasynda yslam ylmynyň hadys şahasy peýda bolýar. Türkmen alymy Abdyrahman Nusaýy (825-nji ýylda ölen) hadys ylmynyň meşhur alymlaryndandyr.Bu ugruň esasy özeni Gurhanyň ol ýa beýleki aýatlaryny düşündirmek, dini, hukuk, ýaşaýyş-durmuş bilen baglanyşykly ýüze çykan meseleler dogrusynda pygamberiň aýdan sözlerini, pikirlerini halka ýetirmek. Wagtyň geçmegi bilen Muhammet pygamberiň başdan geçiren wakalaryny öwrenýän şaha peýda bolýar. Bu ugur soňlugy bilen diňe bir Muhammet pygamberiň ömür beýanyny däl, eýsem, Adam atadan başlap, ähli pygamberleriň durmuş ýoluny beýan etmäge başlaýar we ol «Kysasyl enbiýa», ýagny «Pygamberleriň kyssalary» diýlip atlandyrylmaga başlanýar.

Yslamy öwreniji alymlar bu şahanyň X-XI asyrlarda ilkinji gezek arap edebiýatynda peýda bolandygyny çaklaýarlar.[1] Emma XVI asyrda ýaşap geçen görnükli türk alymy Mustapa ibn Abdylla Kätip Hajy Halypanyň berýän maglumatyna görä, «Kysasyl-enbiýa» mowzugynda ilkinji eser ýazan gelip çykyşy pars milletine degişli bolan Wehp ibn Munebbihdir. Wehp ibn Munebbih 732-nji ýylda aradan çykan. Ol öz kitabyny arap dilinde ýazypdyr.[2]

---

[1] Nihad Sämi Baharly. Resimli türk edebiýaty taryhy. I, Istanbul, 2001, 113 sah.
[2] Hajy Halypa. Keşfuz-Zunun. Beýrut, 1951, 5 kt., 412 sah.

Yslam ylmynyň beýleki ugurlarynda bolşy ýaly, şondan soňra beýleki halklaryň dillerinde hem «Kysasyl-enbiýalar» peýda bolup başlaýarlar. Pars dilinde bu mowzukda Ibn Jöwzi we Ybraýym ibn Halap Nyşapury dagy eser ýazypdyr. Türkmen edebiýatynda bu ugurdaky ilkinji eser Nasyreddin Burhaneddin Rabguza degişlidir. Hajy Halypanyň berýän maglumatyna görä, bu mowzukda Mir Alyşir ibn Emir Kyýaseddin Nowaýy, ýagny Alyşir Nowaýy hem «Taryhyl enbiýa» ady bilen türkmen dilinde eser ýazypdyr.[3] Ýöne, näme üçindir bu eseriň ykbaly soňky döwürlere çenli nämälim bolmaklygynda galýar.

Rabguzy öz eserini «Kysasy Rabguzy» diýip atlandyrypdyr. Ol bu barada şeýle diýýär: «Taňry azza wejelleden tamam bolança towpyk diläp, kitap başladyk. Munda maksut pygamberler kyssalary erdi we läkin Adamdan burunrak ýaratganlar bar üçin, ondan başladyk. Peýdasy artygrak bolgaý, ol peýdadan peýda görseler ýagşyrak bolgaý diýip, tertip üze ýaradylganlardan agaz kyldyk. Yzlagan bat tapgaý, eşiden bat bilgeý diýip «Kysasy Rabguzy» at berdik».[4] Nasyreddin Rabguzy öz eserini «Kysasy Rabguzy» («Rabguzynyň kyssalary») diýip atlandyrsa-da, bu eser türkologiýa ylmynda «Kysasyl enbiýa» ady bilen meşhur boldy we ol şeýle at bilen diňe bir türkmenleriň arasynda däl, eýsem, ähli türki halklaryň arasynda meşhurlyk serpaýyny atyndy. Bu barada belli kitapşynas alym Almaz Ýazberdiýew şeýle ýazýar: «Rabguzynyň «Kyssasyl enbiýa» («Pygamberleriň taryhy») atly eseri 1859-1916-njy ýyllar aralygynda 12 gezek neşir edilipdir. Şol neşirleriň 4-üsi Gazanda (olar XIX asyryň ikinji ýarymynda goýberilip, bu eseriň ilkinji çap edilen nusgalarydyr), 4-üsi Daşkentde (olaryň

---

[3] Hajy Halypa. Keşfuz-Zunun. Beýrut, 1951, 5 kt. 739 sah.

[4] Nasirüd-din bin Burhanüd-din Rabguzy. Kisasül-enbiya. Ankara, 1997, 5 sah. (Indiden beýläk diňe «Rabguzy» diýlip, sahypasy görkeziler).

birinde çykan ýyly görkezilmändir), birisi Stambulda (ol Orta Aziýada kitap söwdagäri Syddyk Hoja Hojandynyň serişdesine goýberilipdir, çykan ýyly görkezilmändir) we ýene-de üçüsinde olaryň çykan ýerleri we ýyllary görkezilmän neşir edilipdir».[5]

Rabguzynyň eseriniň golýazma nusgalary hem giňden ýaýrapdyr. Alymlar «Kysasy Rabguzynyň» iň irki nusgasy hökmünde Britan muzeýindäki nusgany belleýärler. Mundan başga hem Rabguzynyň eseriniň golýazma nusgalaryna Sankt-Peterburg, Daşkent, Baku, Gazan, Pariž ýaly şäherleriň golýazmalar hazynalarynda hem gabat gelinýär. Türkmenbaşy adyndaky Türkmenistan Milli golýazmalar institutynda hem bu eseriň golýazma we daşbasma nusgalarynyň 20 töweregi saklanýar.

Şu ýerde bir zady aýratyn nygtasymyz gelýär. Rabguzynyň «Kysasy Rabguzysyny» neşire taýýarlaýjylar eseriň dürli golýazma we daşbasma nusgalaryndan peýdalanyp, onuň häzirki zaman türkmen okyjysyna düşünikli bolmagyny göz öňünde tutupdyrlar. Şonuň üçin hem eseriň iň gadymy nusgasy hasaplanýan London nusgasy bilen bu neşiri deňeşdiren halatyňda London nusgasynda gabat gelmeýän jümlelere, maglumatlara ýa-da London nusgasynda bar bolup, bu neşirde duş gelmeýän maglumatlara gabat gelner. Mysal üçin, London nusgasynda Rabat-oguzlygyň begi Nasyreddin Dokbuga bagyşlanan 3 setirli 10 bent şygyr bar. Emma golýazmalaryň aglabasynda, şol sanda daşbasma nusgalaryň hem käbirlerinde bu şygyr galdyrylypdyr. Çünki käbir kätipler dürli sebäplere görä, asly mongol bolup, yslamy kabul eden Rabaty-oguzlygyň begi baradaky maglumatlary okyjylara ýetirmekligi artykmaç hasaplapdyrlar. Oňa derek «Kysasyl-enbiýa» eseriniň ilki arap, soňra pars diline terjime edilendigi, ondan hem türkmen diline geçirilendigi baradaky nobatçy jümleleri girizipdirler. Mysal

[5] Ýazberdiýew A. Köne türkmen basma kitaplary. Aşgabat, 2004, 148 sah.

üçin, 1901-nji ýylda Türküstan harby okrugynyň çaphanasynda neşir edilen «Kysasyl-enbiýa türkide» şeýle ýazylypdyr: «Emma bu kitapny düzgen we tagat ýoluny gezgen, ulug ýoruglyk, Rabat-oguzyň kazysy Burhaneddiniň ogly kazy Nasyreddin setirallahu, aýuba we rehimşine andag aýturlar ki, begimiz emir ajal täjil-umara we muhybbyl ulama ulug atlyg, gutlug zatlyg Nasyreddin sibbetalla ala din-el yslamnyň eýýäm döwletide bu «Kysasyl-enbiýaýy» araby erdi. Parsy kylyp, ondan türki terjime kylyndy. Taryh bir müň bir ýüz dokuzda it ýylynda rebygyl owwal aýynyň ýigrimisinde bu kitap parsy dilinden türkiçe aýlanyp tamam boldy». Eger biz ýokarky maglumatlara ynansak, onda Rabguzy ilki bu eseri arapçadan parsça, soňra bolsa parsçadan türki dile geçiren bolýar. Bu ýerde Rabaty-oguzlygyň begi Dokbuganyň ady getirilmeýärde, diňe Nasyrylla diýen lakamy getirilýär. Munuň hem üstesine, eseriň ýazylan ýyly 1109 (1697-98 ý.) diýlip bellenilýär. Biz bu ýerde diňe bir nusgadan mysal getirdik. Bu ýagdaý kätipleriň ynanç-ygtykatlary we sowat derejeleri bilen baglanyşykly bolup, golýazma-eserleriň aglabasy üçin häsiýetli alamatdyr. Çünki olar ýaşaýyş-durmuş, anyk wakalar bilen baglanyşykly zatlary ähmiýetsiz hasaplapdyrlar. Olary diňe yslam dini bilen baglanyşykly meseleler gyzyklandyrypdyr. Köp sanly geçmiş şahyrlarymyzyň eserleriniň ýitmegi ýa-da olaryň yslam dini bilen baglanyşykly ýeke-täk eseriniň saklanyp galmagy hem şular ýaly ýagdaýlar bilen baglanyşyklydyr. Şeýle ýagdaý XIII-XIV asyr türkmen edebiýatynda hem gabat gelýär. Alynyň «Kyssaýy Ýusup» poemasyndan, Rabguzynyň «Kysasy Rabguzusyndan», Şyh Şerebiň «Muinil müridinden», Wepaýynyň «Rownakyl yslam» eserinden başga eserleriniň gabat gelmezligi hem biziň ynanjymyza görä, diňe ýokarky ýagdaý bilen baglanyşykly. Elbetde, biz bu ýerde orta asyr

türkmen edebiýatynyň sanlyja wekilini agzadyk. Emma bu sanawy has hem uzaldyp bolar.

Nasyreddin Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eseri türki dilli halklaryň arasynda uly meşhurlyk gazanan hem bolsa, Rabguzynyň ömri we döredijiligi dogrusynda maglumat juda az. Rabguzy hakyndaky ylma belli maglumat, esasan, onuň «Kysasy Rabguzy» eserinden alnan. Onda şeýle ýazylan: «Bu kitaby düzgen, tagat ýolunda tizgen, magsyýet ýabanyn gezgen, az azyklyg, köp ýazyklyg, Rabat-oguzlyg, Burhan ogly, kazy Nasyr». Şundan görnüşi ýaly, kitabyň ýazary Oguz galasynyň kazysy Nasyreddin bolup, ol hem Burhaneddiniň ogly. Şu ýerde bir meseläniň aýdyňlaşdyrmak gerek. Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eseri bilen baglanyşykly ýazylan işleriň ählisinde diýen ýaly Rabaty-oguzlyk Horezm bilen baglanyşdyrylýar. Emma Horezm topragyny ilik-düwme öwrenen belli rus alymy S.P.Tolstowyň «Drewniý Horezm» atly işinde Rabaty-oguzlyk ady bilen hiç bir gala görkezilmändir. Umuman, Amyderýanyň iki kenarynda hem «rabat» sözünden ýasalan ýer-ýurt atlary seýrek. S.P.Tolstowyň ýokarda ýatlanan işinde Amyderýanyň orta akymynyň sag kenarynda Ak-rabat, Eşek-rabat, çep kenarynda Sen-rabat atly galalar bellenipdir. Ýene-de sag kenarda Gök-oguz atly gala hem bellenipdir.[6] Dogry, bu alymyň «Po sledam drewnehorezmskoý siwilizasii» atly işiniň ahyrynda ýerleşdirilen kartada 62 we 64 meridianlar bilen 38 we 40 paralelleriň kesişýän ýerinde Çirik-rabat (Sagdere) atly bir gala bellenipdir. Ýöne bu hem bize Rabat-oguzyň ýerleşen ýeri dogrusynda anyk bir pikire gelmäge esas bermeýär. Mahlasy, elýeterli çeşmelerde Rabaty-oguzlygyň ýerleşen ýeri dogrusynda anyk maglumata gabat gelinmedi.

---

[6] Tolstow S.P. Drewniý Horezm. Moskwa, 1948, str. 30.

Bu orta asyr arap syýahatçylary Ibn Hordadbeh (IX asyr), Ibn Fakyh (X asyr), Al-Mukaddesi (X asyr), Ýakut Hamawy (XII-XIII asyrlar), Ibn Arapşa (XIV-XV asyrlar) dagylaryň işlerinde hem Rabaty-oguzlyk barada maglumat berilmändir. Alymlaryň Rabaty-oguzlygy Horezm sebitleri bilen baglanyşdyrmagy hem bu topragyň oguz-türkmenleri bilen aýrylmaz baglanyşyklylygy üçin bolsa gerek.

«Kysasy Rabguzy» eserini ylmy taýdan öwrenmekligi ilki bilen girişenleriň hataryna N.I.Ilminskiý, N.F.Ostroumow, S.E.Malow, P.M.Melioranskiý, N.F.Katanow dagylary goşmak bolýar. Bularyň işlerinde eseriň ol ýa-da beýleki pygamber hakyndaky kyssasy derňelip, metiniň özi we rusça terjimesi ýerleşdirilipdir.[7]

Özbek alymlary hem Rabguzy we onuň eseri hakynda käbir işleri etdiler. N.M.Mallaýew «Uzbek adabiýoti tarihi» atly işinde Rabguzy hakynda gysgaça maglumat berse,[8] E.I.Fozilow, A.Ýunusow we H.Dadaboýew dagylar «Kysasy Rabguzyny» iň gadymy nusga hasaplanýan Britan muzeýindäki nusga esasynda çap etdiler.[9] Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eserini öwrenmeklikde türk alymlary hem önjeýli işleri ýerine ýetirdiler. Türk edebiýatynyň taryhy boýunça ýazylan işleriň aglabasynda Rabguzy we onuň eseri dogrusynda maglumatlar berilýär. Aýratyn hem, Aýsu Atanyň bu ugurdaky hyzmatyny aýratyn bellemeli. Ol Rabguzynyň eserini iň gadymy nusga –

---

[7] Ostroumow N.P. Kritiýeskiý razbor Muhammedanskogo uçeniýa o prorokah, Missionerskiý protiwomusulmanskiý sbornik, wyp. IV, izd. Kazansk. Duhownoý Akademii, Kazan. 1874.

Katanow N.F. Musulmanskiýe legendy. Teksty i perewody; Priloženiýe k XXV. «Zapisok Akad. nauk №3». SPb, 1894; Malow S.E. Pamýatniki drewnetýurkskoý pismennosti. M.-L. – 1951. str.323-332.

[8] N.M.Mallaýew. Uzbek adabiýoti Tarihi. 1 kitab, Toşkent. 1963. 203-206 sah.

[9] Rabguziý. Kisasi Rabguziý. Toşkent, 1990.

London golýazmasy esasynda, golýazmanyň faksimil nusgasy (typkybasym) bilen birlikde neşir etdi.[10]

XIV asyr türkmen ýazary Rabguzy we onuň «Kysasy Rabguzy» eseri hakynda türkmen alymlarynyň Garaşsyzlygymyzdan öňki döwürlerde ýüze tutarlyk suwutly işi ýok diýerlikdir. Käbir umumy sanawlarda Rabguzynyň öz ady ýa-da eseri ýatlanaýmasa, ýörite derňewler geçirilmedi. Soňky 10-15 ýyllykda türkmen alymlary hem Rabguzy we onuň eseri bilen okyjylary tanyşdyrmaklyga girişdiler.

Dil-edebiýat ylymlarynyň doktory Geldi Nazarow Andalybyň «Ýusup-Züleýha» dessanyna ýazan sözbaşysynda bu sýužetiň Orta Aziýa halklarynyň arasynda giňden ýaýramagyna sebäp bolan esasy kitaplaryň biri hökmünde Rabguzynyň «Kysasy Rabguzysyny» adalatly belleýär.[11]

Bu kitabyň Jirjis baradaky kyssasyny şu setirleriň ýazary tarapyndan «Kyssaýy Jirjis» ady bilen ilkinji gezek metbugatda çap edip, okyjylar köpçüligine hödürledi.[12] Şeýle hem, dil-edebiýat ylymlarynyň kandidaty A.Saryýew bilen H.Kakajanow tarapyndan «Kysasyl-enbiýa» kitabynyň birnäçe kyssalary aýratyn kitapçalar görnüşinde neşir edilip, halk köpçüligine ýetirildi.[13] Dil-edebiýat ylymlarynyň doktory B.Mämmetýazow «Depderler içinde bir kitap gördüm, «Kysasyl-enbiýa» atly ýaranlar» atly makalasynda bu eseriň okyjylara tizden-tiz ýetirilmeginiň zerurdygyny nygtaýar.[14] Şeýle hem, ol bu makalasynda Rabguzynyň 1275-1340-njy ýyllarda Horezmde ýaşap geçendigini belleýär. Rabguzynyň Horezm sebitlerinde

[10] Nasirüd-din bin Burhanüd-din Rabguzy. Kisasül-Enbiýa. Ankara. 1997.

[11] Nurmuhammet Andalyp. Ýusup-Züleýha. Aşgabat. Ylym, 1987, 10 sah.

[12] Aşyrow A. Kyssaýy Jirjis. «Watan» gazeti, 1994 ý. Nowruz aýynyň 3-i.

[13] Nasyreddin Burhaneddin Rabguzy. Kysasyl-enbiýa. Adam ata we How ene. Aşgabat, Bereket-Bina. 1993.

[14] «Edebiýat we sungat» gazeti, 1998. Garaşsyzlyk aýynyň 2-si.

ýaşandygy, «Kysasy-Rabguzy» eseriniň Horezm oguz-türkmen dilinde ýazylandygy baradaky pikir bu eser bilen baglanyşykly ýazylan işleriň ählisinde diýen ýaly gabat gelýär. Ýöne olaryň hiç birinde ýazyjynyň ýaşap geçen takyk senesi görkezilmeýär. Şonuň üçin hem bize alymyň bu maglumatlary nämä esaslanyp getirendigi nämälim.

Häzirki bar bolan maglumatlara görä, Rabguzynyň XIII asyryň ahyry XIV asyryň birinji ýarymynda ýaşap geçendigi çaklanylýar. Bu pikir esasly pikir. Çünki alymlar bu pikire Rabguzynyň eserindäki «Taryh ýedi ýüz dokuzda, it ýylynyň owwalynda kasyt (habarçy, çapar) ýetildi, kim pygamberler kyssalaryga gaýet ragbetimiz bar»[15] diýen setirlere esaslanýarlar. Bu setirdäki 709-njy hijri ýyly bolsa miladynyň 1309-1310-njy ýyllaryna gabat gelýär. Diýmek, Rabguzy bu eserini ýazmaklyga 1309-njy ýylda girişen bolsa, onda ol XIII asyryň II ýarymynda doglan bolmaly. Onuň eseri tamamlan döwri hem mälim:

*Uş bitidim bu kitabny eý erenler ýed bözi*
*Bir ýyl içre geçdi onuň ýaýu-gyş, ýazy-güýzi*
*Uky bozdum, üzüm-üzüm sözni düzdüm tünle men*
*Irte gopdum, hama urdum emgedim tün-gündizi.*
*... – Ýedi ýüz on erdi ýylga kim bitildi bu kitap*[16]

Şundan görnüşi ýaly, ýazar bir ýyllap, bu eseriniň üstünde arman-ýadaman işläpdir we ony 710-njy hijri ýylynda tamamlapdyr. Bu sene bolsa miladynyň 1310-njy ýylyna gabat gelýär.

---

[15] Rabguzy, 5 sah.
[16] Rabguzy, 363-364 sah.

Türkmen alymlary öz işlerinde Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eseriniň türkmen edebiýatyny, türkmen dilini we taryhyny öwrenmekde uly ähmiýete eýedigini nygtaýarlar.

Mongollaryň basybalyjylykly çozuşlary diňe bir ýurduň ykdysady kuwwatyny tozdurman, eýsem, onuň medeni, ylym-bilim ojaklaryny hem ýer bilen ýegsan etdi. Yslam medeniýetiniň meşhur medeni merkezleri hasaplanan Merw, Köneürgenç doly weýran edildi. Türkmeniň meşhur alymlarynyň, ýazyjy-şahyrlarynyň, senetkärleriniň diri galanlary mähriban topragy mejbury taşlap, pena gözläp, dürli ýurtlara gitdi. Wagtyň geçmegi bilen belli derejede böwşeňlik, asudalyk aralaşyp, medeniýetiň sungatyň, ylym-bilimiň ösmegine mümkinçilik döredi.

Türkmen edebiýatynda bolsa, XI-XII asyrlardaky ýörelgesine eýerip, XIII asyryň ikinji ýarymynda ene dildäki eserleri döretmeklige meýil güýçlendi. Nasyreddin Rabguzynyň meşhur eseri hem şolaryň biridir.

Rabguzy öz kitabyny ýazmagynyň sebäbini şeýle düşündirýär: «Taryh ýedi ýüz dokuzda it ýylynyň owwalynda kasyt ýetildi, kim pygamberler kyssalaryga gaýet ragbetimiz bar. Tegme ýerde ol kitabet tapylyp, emma bagzysy mustakym we bagzysy nämustakym. Bir ançasy mukarrar, bir ançasy mugtaber, birewleriň sözleri kesik, birewleriniň maksudlary öksük. Imdi, seniň dahanyňdan çykan kelamyňdan akgan kitapma seniň, ybaretma seniň bolup birge «Kysasyl-enbiýa» bolsa, okuglyga gereklik, okumakga ýaraklyg bolgaý ýerdi diýp iltimasma ýaňlyg yşarat boldy. Erse, egerçe, özümizni ol işge laýyk, ol amalga muwapyk ermesin erken, özüni agyrlap, nebsin saklamyş bolup, bu agyr işe ýüz öwürdik».[17] Şundan görnüşi ýaly, Rabguzy Dokbugadan gelen habar-tabşyryga tabyn bolup, kitaby ýazmaklyga girişýär. Umuman, türkmen edebiýatynyň

[17] Rabguzy, 5 sah.

taryhynda ýörite tabşyryk bilen ýa-da haýyş esasynda ýazylan eserler köp. Bu aýratyn hem Altyn Orda soltanlygyndaky türkmen edebiýatynda häsiýetli bolupdyr. Bu Şyh Şerebiň «Muinil-mürit» eseri babatynda hem şeýledir. Şyh Şerep öz eserinde eserini ýazmagynyň sebäbini düşündirmeýär. Rabguzynyň «Kysasy-Rabguzysyndan» üç ýyl soň, has takygy, 713-nji hijri ýylynda ýazylan[18] bu eser we onuň ýazary, eseriň ýazylmagynyň sebäbi barada XVII asyr taryhçysy Abylgazy Bahadyr hanyň türkmen halkynyň taryhy hakynda ýazan «Şejereýi terekime» atly işinde galdyran aşaky maglumaty mälim: «Erse Şyh Şerep Hoja taky barça meseleýi dinini terjime kylyp, bir kitap edip, «Muinil-mürit» at goýup, Ärsary baýa berdi. Ol wagtdan bäri tä bu güngeçe barça türkmenler ol kitabyň meselelerine amal kyla tururlar».[19] Şundan görnüşi ýaly, Şyh Şerep öz eserini Ärsary baýyň tabşyrygy boýunça ýazypdyr. Rabguzydan tapawutlylykda, Şyh Şerebiň Ürgençde ýaşandygyny Abylgazy ýörite nygtapdyr.

«Kysasy Rabguzy» 72 kyssadan ybarat bolup, ol kyssalaryň her biri bir pygambere ýa-da meşhur din wekillerine, perişdelere bagyşlanypdyr. Kyssalar hem göwrüm taýdan özara deň däl. Musa, Ýusup, Salyh, Şiş pygamberler hakyndaky kyssalar beýleki kyssalar bilen deňeşdireniňde juda uly bolup, olar öz içlerinde birnäçe pasyllara bölünýärler. Eseriň gurluşy hakynda gürrüň edilende onda her bir pygamber hakyndaky kyssa rowaýat görnüşinde teswirlenip, Gurhanyň aýatdyr süreleri bilen berçinlenipdir. Arap we türkmen dilindäki şygyrlar hem esere özboluşly öwüşgin çaýýar. Rabguzy öz eserini, esasan, dini rowaýat-kyssalaryň esasynda ýazan hem bolsa, onda durmuş wakalary, durmuş tejribeleri bilen baglanyşykly pursatlar hem suratlandyrylypdyr. Beýle hekaýatlaryň süňňüni öwüt-ündew,

[18] Şyh Şerep. Muinil-mürit. Aşgabat, TMGI, 1998.
[19] Abulgazy. Şejereýi terekime. M., 1958, 73 sah.

edep-terbiýe düzýär. Rabguzy Lukman hakyndaky kyssasynda şeýle hekaýat getirýär: «Hekaýatda gelmiş: bir gün hojasy Lukmanny bugdaý ekgeli iddi. Lukman baryp arpa ekdi. Hojasy aýdy:

– Bugdaý ek diýdim, ne üçin arpa ekdiň?

Lukman aýdy:

–Arpa ekse, bugdaý önmesmi?

Hojasy aýdy:

– Önmes.

Lukman aýdy:

– Andag bolsa, sen hem ýamanlyk ekip, ýagşylyk umyt etmegil».

Rabguzy pygamberler hakyndaky kyssalaryň içinde şular ýaly durmuş bilen bagly hekaýatlary, tymsallary jaýdar ullanyp, eseriň täsirliligini has-da güýçlendiripdir.

Umuman, «Kysasy Rabguzynyň» gurluşy türkmen edebiýatynyň nazaryýetini öwrenmeklige baý material berýär.

Rabguzy öz eserini orta asyr türkmen edebiýatynyň däbine görä, dünýäni ýaradan Taňryny wasp etmekden, Muhammet pygamberi taryplamakdan başlaýar. Şondan soňra Rabguzy şeýle ýazýar: «... niýetler arygy, ulug atlyg, gutlug zatlyg, ýagşy gylyklyg, yslam ýaryglyg, ... Dokbuga methi». Şu sözlerden soňra bolsa Dokbuganyň şanyna her bendi 3 setirden ybarat 10 bentlik şygyr getirilýär. Onda Dokbuganyň yslam dinine ýüregi bilen berlen, ýaş hem bolsa akyl-parasatdan ýüki ýeten begdigi taryplanýar:

*Gündiz okur, tünle gopar,*
*Tagat kylar girip suwga*
*Artar kamygdan hormaty.*[20]

[20] Rabguzy, 4 sah.

Bu şygyrdan görnüşine görä, Dokbuga Nasyreddin lakamyny hem göteripdir:

*Ýaşy kiçig, boýy ulug*
*Zaty aryg beg Dokbuga*
*Ol Nasyreddin künýeti.*[21]

Rabguzy bilen baglanyşykly işlerde Nasyreddin lakamly oguz galasynyň (Rabat-oguzlyk) begi Dokbuga hakynda, onuň şahsyýeti hakynda anyk çeşmeleriň esasynda takyk gürrüň edilmeýär. Munuň hem sebäbi, mümkin, Rabguzynyň uly söýgi bilen wasp eden begi, emirleriň emiri Nasyreddin Dokbuga taryh sahypasynda orun alar ýaly düýpli işleri bitiren däldir. Mümkin, durmuş onuň bitiren haýyr işlerine unudylmak ykbalyny ýazandyr. Her hal, XIV asyr arap syýahatçysy Ibn Battutanyň öz syýahaty wagtynda baran ýerleri, gören ýurtlary, duşuşan adamlary dogrusynda galdyran ýazgysynda Buharadan çykyp, soltan Alaeddin Tarmaşirin bilen duşuşmak üçin Nahşaba (häzirki Karşy şäheriniň 10-12 km. demirgazyk gündogary) baranda çagataý ulusynyň soltanynyň emiri Dokbuga bilen duşuşýar. Mawerannahryň soltany Alaeddin Tarmaşirin 1326-1334-nji ýyllarda hökümdarlyk edipdir. Dokbuga bilen Ibn Battutanyň duşuşygy bolsa 1333-nji ýylda, Rabguzynyň eserini tamamlan ýylyndan 23 ýyl soň bolup geçýär. Dogry, Rabguzy öz eserini ýazan döwürlerinde Dokbuganyň ýaşdygyny ýörite belläpdir. Her hal, Ibn Battutanyň duşuşan emiriniň Rabguzynyň wasp eden Dokbugasydygyny tassyklamaga ýa-da inkär etmäge ýeterlik esas ýok. Şonuň üçin hem türk alymy F.Köprüli iňlis gündogarşynasy Rieuň Ibn Battutanyň gürrüňini eden Dokbugasy bilen Rabguzynyň wasp eden Dokbugasyny bir

[21] Rabguzy, 5 sah.

şahs hasaplaýan pikirine goşulsa,[22] beýleki bir türk alymy, has takygy, Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eserini iň gadymy nusga – London golýazmasy esasynda çapa taýýarlan Aysu Ata muňa şübhelenýär. Ol öz pikirini şeýle esaslandyrýar: *Ancak Çagataý Hanligi döneminde Kebek'in halefi ve kardeşi olan, sonradan Islamiyýeti kabul edip sultan Alaýeddin adini alan Tarmaşirin'in saltanat dönemi 1326-da başlamakdadir. 1310 tarihli bir eserin, 1326-1333/1334 yillari arasinda saltanat süren bir Han'in emirine sunulmasi akla pek yatkin olamayacagindan şimdilik Tok Buga hakkindaki en geniş ve esasli bilgiyi Rabguzi yukaridaki dizelerde vermiştir diyýebiliriz.*[23]

Şundan görnüşi ýaly, goşmaça maglumatlar ýüze çykynça bu mesele açyklygyna galýar. Şu ýerde bir ýagdaýy hem bellemeli. Rabguzy hakynda ýazan alymlaryň hemmesi Rabguzynyň watanyny – Rabat-oguzlygy Horezm bilen baglanyşdyrýarlar. Horezm bolsa ol döwürlerde Altyn Orda tabyndy. Onuň soltany bolsa Muhammet Özbek eken (hökümdarlyk eden döwri 1312-1340-njy ýyllar). Ibn Battutanyň duşuşan Dokbugasy bolsa Çagataý ulusynyň, ýagny Mawerannahryň soltany Alaeddin Tarmaşiriniň emiridi.

Rabguzynyň ömri we döredijiligi dogrusyndaky maglumatlaryň juda azlygyna seretmezden, onuň bize gelip ýeten ýeketäk eseriniň – «Kysasy Rabguzynyň» esasynda hem käbir netijelere gelmek mümkin. Ilki bilen oguz galasynyň kazysy bolan Nasyreddin döwrüniň sowatly adamlarynyň biri bolup, ol arap we pars dillerinden kemsiz baş çykarypdyr. Muňa eserde gabat gelýän arap dilinden türkmen diline terjime edilen şygyrlar hem şaýatlyk edýär. Umuman, Rabguzynyň özi şygyr sungatyndan kemsiz baş çykarýan adam bolupdyr. Türk alymy

---

[22] F.Köprülü. Türk Edebiýaty tarihi. Istanbul, 1986, s.287.
[23] Rabgüzi, sah. XIV.

Aýsu Atanyň hasaplamalaryna görä, eserde 484 setirden ybarat 43 sany türkmençe şygyr gabat gelýär.[24] Bu şygyrlaryň arasynda pygamberlere, din wekillerine bagyşlanan kasydalar-dan hem başga yşk, tebigat gözelligi bilen baglanyşykly setirler hem gabat gelýär:

*Rabguzy gul Nasyreddin tabgy dürler söz düzer,*
*Güljirip esrük öleý, göz baksa gyýmaç gaşydan.*

Bu setirler Rabguzynyň pygamberleriň taryhy hakda eser ýazsa-da, galanyň kazysy, ýagny ähli dawa-jedelleri şerigatyň düzgünlerine laýyk çözýän adam bolsa-da, takwa däl-de, onuň durmuşhalar bir adam bolandygyny alamatlandyrýar. Çünki gyýmaç gaşlardan bakan gözler üçin özüni diňe durmuşhalar adamlar gurban edip biler. Bu aýdylanlara äşgär göz ýetirmek üçin, uzagrak hem bolsa, «Ýusup Syddyk» kyssasyndan bir parçany mysal getirmek isleýäris:

Aýdylar: – Eý, ata, ýaz güni boldy. Bu gün Gün atlyg soltan hut (şemsi ýyl hasabynyň iň soňky 12-nji aýy – A.A.) atlyg gyşlakdan hamal (şemsi ýyl hasabynyň 1-nji aýy – A.A.) atlyg ýazga ugrady. Ediz gök ýyglar, ýagyz ýer güler, bulutlar ýaş akytsa, ýaş oglan eneden dogan dek ýaş ýaşap, ölgen gara ýerden gök ýaş otlar öner. Beýt:

*Gün hamalga*[25] *girdi erse, geldi älem nowruzy,*
*Geçdi behmen*[26] *zemheri gyş*[27]*, galmady gary-buzy.*

[24] Rabgüzi, XVI sah.
[25] Hamal – şemsi ýyl hasabynyň 12-nji aýy.
[26] Behmen – şemsi ýyl hasabynda 11-nji aý.
[27] Zemheri gyş – gyşyň iň sowuk wagty.

*Gün gel-u, müň görki artyr, diriler ölmüş jahan,*
*Ýeg bedizler*[28] *nagş birle bezener bu ýer ýüzi.*

*Daň atarda esneýur*[29] *dört böleňden şemal-saba*
*Kin*[30] *düzer kindik ýypar ýyd*[31] *ýydlanlar ýaban-ýazy.*

*Ýerligi meý-güwn*[32] *bagyrdan*[33] *abugy ýaşyl-gyzyl,*
*Arasy pudak ýapyrgan dal-çeçekler düp-düzi.*

*Örlese bulutlary güljirär bagy-bossan,*
*Dal agaçlar ýeň salyşar oýnaýyr dek baý gyzy.*

*Kirşeni gar gany ýeňlik ýaksa daglar suraty,*
*Donlugy taňsuk ýygardan, Rum Hytaý atlas-çuzy*[34].

*Läle sagragyn içerde saýrar esrüp sanduwaç,*
*Durna üýn tartyp öterde serkişür baklan guzy.*

*Gökde oýnar gol salyşar gugy – gaz gyl – garlawaç,*
*Ýerde ýügrüp jübt alyşar as, tekiň*[35] *kiş*[36] *gunduzy.*

*Dal ýygaçlar münberinde tüti guş meilis tutar*
*Gumry bilbil mukry*[37] *bolup üýn düzer tün-gündizi.*

---

[28] Bediz – gözel görnüş.
[29] Esneýur – öwser, öser.
[30] Kin – gözel ys, müşk.
[31] Ýyd – ys, kok.
[32] Meý-güwn – şerap reňki.
[33] Bagyrdan – gögümtil.
[34] Atlas-çuzy – gyzyk reňkli ýylpyldawuk hytaý matasy.
[35] Tekiň – samyr.
[36] Kiş – samyr.
[37] Mukry – goşgy okaýan, ozan.

*Hüýri-aýn uçmah içinde ýeň salyp täsin kylar,*
*Ýaz üze mundag gazal aýmyşda Nasyr Rabguzy.*[38]

Rabguzynyň bu gazalynda türkmen baharynyň – nowruzyň ynsy-jynsy, tutuş dünýäni özgerdişi şeýle çeper, täsirli suratlandyrylypdyr. Bu gazaly orta asyr türkmen şygyr sungatynyň ajaýyp nusgasy hasaplasa bolar.

Bu ýerde waspy edilýän uçmahyň hüýrleriniň aýny özi ýaly gözeliň ýeň salyp durşy bolsa Magtymguly şahyrymyzyň:

*Meňli hanym ýeňin dişläp,*
*Bizden ki uýat eýleýir –*[39]

diýen setirlerini biygtyýar ýada salýar.

Bu ýerde orta asyr türkmen edebiýatynda seýregräk duşýan türkmen gözeliniň utanjaň milli keşbi göz öňüne gelýär.

Rabguzynyň «Kysasy Rabguzy» eseri Magtymgulynyň döredijiligine güýçli täsir edipdir. Muny şahyryň özi hem tassyklaýar:

*Depderler içinde bir kitap gördüm,*
*«Kysasyl enbiýa» atly ýaranlar.*[40]

Mundan hem başga, Magtymgulynyň şygyrlarynyň arasynda «Kysasy Rabguzynyň» täsiri bilen ýazylan birnäçe şygyrlar bar. Biz bu ýerde «Ýaşyl zümerret», «Ýusup diýe-diýe», «Ýaranlar» ýaly onlarça goşgulary göz öňünde tutýarys.

---

[38] Rabguzy – 94 sah.
[39] Magtymguly, Aşgabat, 2 tomluk, 1 t., 1983, 98 sah.
[40] Magtymguly, Aşgabat, 2 tomluk, 2 t., 1983, 106 sah.

«Kysasy Rabguzynyň», aýratyn hem onuň «Ýusup Syddyk» kyssasy özünden soňky türkmen edebiýatyna güýçli täsir edipdir. Magtymgulynyň bu kyssa bilen baglanyşykly ýazan onlarça goşgularyndan hem başga, XVII-XVIII asyr türkmen şahyry Nurmuhammet Andalyp bu kyssanyň esasynda ýörite dessan ýazypdyr:

*Diýdi olar: – Eý, Andalyp, binowa,*
*Köňlümize düşdi ajap majera,*

*Bar «Kysas» içre ajaýyp dessan,*
*Ne bolaýdyr kylsaň ony gülüstan.*[41]

«Kysasy Rabguzy» türkmen diliniň taryhyny öwrenmeklige hem baý material berýär. Munda orta asyr türkmen dilinde ulanylyp, soňra ulanylmakdan galan «aşlyk» (bugdaý), öýlük (heleý, aýal), ýawlak (gowy, gözel, köp), gur (guşak), sanduwaç (bilbil) ýaly onlarça sözleri mysal getirip bolar, Bu kitapda gadymy atalar sözüne, nakyllara hem gabat gelinýär. Umuman, Rabguzynyň bu eseri diňe bir orta asyr edebiýatyny öwrenmeklige däl, eýsem, türkmen dilini, medeniýetini öwrenmeklige hem baý material berer.

**A.Aşyrow**
*Dil-edebiýat ylymlarynyň doktory.*

---

[41] Nurmuhammet Andalyp. Ýusup-Züleýha. Aşgabat, Ylym, 1987, 47 sah.

# SÖZLÜK

## A

Aamul-Hudaýbiýe – Hudaýbiýe (ýeriň ady). 628-nji ýylyň Baýdak aýy.

Abnus – garagaç.

Abyda – ybadatçy aýal.

Aby-haýat – dirilik suwy.

Abyt – ybadat edýän adam.

Adiz – beýik, ýokary.

Afyýet – dertden gutulyş, şypa tapmak.

Agla – beýik, ýokary.

Agu – awy.

Agyrlamak – hezzetlemek.

Agyrlyk – kynçylyk.

Ahbar – habarlar, Pygamber alaýhyssalamyň rowaýatly gürrüňleri.

Aheňgirlik – hoşowazlylyk.

Ahsanyl-halyk – ýaradyjylaryň iň ýagşysy bolan Taňry.

Ahüýi – ýürek ýandyryjy.

Ahyry-emr – işiň soňunda.

Ajam – araplardan başga ýurtlar.

Ajyg – gahar.

Aky – ak, päk adam.

Akyda – ynanç.

Akym – gyzgyn ýel.

Alaç etmek – bejermek.

Alaýhymassalam – Taňrynyň ol ikisine salamatlygy bolsun!

Aldyňyzda – öňüňizde.

Allahümmasalli – Eý, Taňrym, Muhammet pygamberi ýalka!

Alpagut – batyr, pälwan.

Amma – ejeke.

Ammuň – doganoglan agaň.

Amyl – amal ediji. Şerigatyň düzgünlerini berjaý edýän adam.

Anka – ertekilerde duş gelýän guşlaryň biri. Bu guş adamlardan uzakda, Kap dagynda ýaşap, hiç kime görünmeýärmiş.

Aňsyzyn – birden.

Anyklamak – taýýarlamak.

Arkasyndan – oňurgasyndan, ýatgysyndan.

Arş – ýedi gat asmandan ýokardaky giňişlik.

Arşyn –71,12 santimetre deň bolan uzynlyk ölçegi.

Arturuban – artdyryp.

Aryg – päk.

Arygsyz – näpäk.

Asal – bal.

Asaýyş – rahatlyk.

Asyg – peýda.

Aşbah – gara reňk.

Aşlyk – bugdaý.

Ata kylmak – bagyş etmek.

Atanmak – at almak.

Ataşparaz – otparaz.

Awan – patyşanyň wezipedar adamsy,emeldar.

Aýnul-haýat – dirilik çeşmesi.

Aýn – çeşme.
Aýryldy – doguldy.
Aýurda – aýdanda.
Azak – aýak.
Azar – balak.

## Ä

Ämin! – Kabul bolsun!
Ähl – maşgala.
Äňinde – ýüzünde.

## B

Bagyrsak – mähriban.
Bagys – sebäp.
Bakyg – Medinäniň günortasynda ýerleşýän mazarlyk.
Balyg bolmak – kämillik ýaşyna etişmek.
Bany – gurluşyk ussasy.
Batyl – boş, biderek.
Batyn – gizlin, ýaşryn, gaýyp.
Bedr – Medinäniň günorta-gündogar tarapynda ýerleşýän obanyň ady.
Bedr jeňi – 624-nji ýylyň Nowruz aýynda bolup geçýär.
Bedriň adamlary – Bedr söweşine gatnaşan adamlar.
Bedrus-sugra – kiçi Bedr söweşi. Bu jeň 626-njy ýylda bolup geçýär.
Behişti tähtel enhar – aşagyndan derýalar akyp geçýän jennet.
Belgülik – belli.
Beni Kuraýza – jöhitleriň meşhur taýpasynyň biri.
Berr – päk manyda.
Beşer – ynsan.

Beşik – sallançak.
Betnamlyk – ýaramaz at.
Beýtil-Mukaddes» – Mukaddes öý» Ierusalimda ýerleşär.
Bezirgen – söwdagär.
Bikr – el degrilmedik gyz.
Bilge – bilimli.
Bilgurmak – adat bolmak.
Bisýar – köp, sansyz.
Bitmek – ýazmak.
Bitilgi – ýazylgy.
Bolmasun şaýyg – ýaýramasyn, aýan bolmasyn.
Boran – güýçli ýel.
Böwl – peşew.
Böz – biz mata.
Bukagu – demir bukaw.
Bukaw – künde.
Bulmak – eýe bolmak, tapmak.
Bulnamak – esir almak.
Bulun – tarap.
Burunduk dikdi – nogtalady.
Burundyk – nogta.
Buýy – ysy.
Buzy – boýy, katdy, ýagny başdan soňuna çenli manyda.

## Ç

Çaştgäh – guşluk wagty.
Çeçek – gül.
Çerik – leşger.
Çeşmeýi Köwser – Jennetdäki bir çeşmäniň ady.
Çigaý – garyp.
Çog – ýalyn, epgek, emgek.
Çuz – gymmat bahaly ýüpek mata, hytaý parçasy.

## D

Däri – derman.
Dek durmak – özüňden bir zat soralmasa, dymyp durmak.
Deprenmek – ýola düşmek.
Derhal – edil şu wagt.
Derhast kylmak – talap etmek.
Dermende bolmak – agyr ýagdaýa düşmek.
Dessur – resmi ýaryş.
Deşt – çöl.
Doga – dileg.
Dürre – gamçy.
Duşwar – kyn.
Duwlanmak – ýüzlenmek, ugramak.
Düz – deň.

## E

«Elem tera» – Gurhanyň 105-nji süresi.
«Li iläfi» – Gurhanyň 106-njy süresi.
Elim – azap, zorluk.
Ezmek – dokamak.
Emek – süýtdeş dogan.
Emgek – ýazyk, günä.
Emri magruf – adamlary ýagşy işlere ündemek.
Enbiýa – pygamberler.
Ene rehmi – aýalyň ýatgysy.
Era – içinde.
Erre – pyçgy.
Ertir – bu ýerde «Kyýamat güni» diýen manyda.
Eshabyl-kähf – gowak eýeleri, ýagny gowagyň adamlary.
Esiri hijr – aýralyk ýesiri.

Esrar –syrlar.
Eşler – ýaranlar, ýoldaşlar.
Epmek – çörek.
Eýmen daragty – böwürslen agajy. Ezgu – ýagşy.
Ezgu – ýagşy.
Ezguluk– ýagşylyk.

## F

Fagsilu – gusul alyň (Maida süresiniň 6-njy aýatyndan).
Faryg – boş, biderek.
Fazaýyl – mertebeler.
Fazyl – mertebesi artyk.
Ferş – düşek, ýagny ýer.
Furat – Ewfrat derýasy.

## G

Gahatlyk – açlyk belasy.
Garabaş - keniz
Garyp – başga ýurtly.
Garyplyk – ýat ýurtlarda sergezdançylyk etmeklik.
Gaýra – ýene.
Gaýyp etmek – gizlin saklamak.
Gazgu – gaýgy.
Gazgulyk bolmak – gaýgylanmak.
Gelikli –Taňrynyň habaryny getirmäge geliji.
Gezende – çakyjy, çokujy mör-möjekler.
Gezer – berjaý et diýen manyda.
Goldaş – ýaran, şägirt, goldaw beriji.
Golmak – goldaw islemek, ýardam dilemek.
Golgany – diläni.
Gonar – mülk.

Gon – gap manyda.
Gopmak – turmak.
Goýçu – goýun çopany.
Gözgi – aýna.
Gubar – çaň, tozan, gum.
Gulaç – 180-190 santimetre deň uzynlyk ölçegi. Ol sekiz garyşa barabardyr.
Gulakgaça – yklyma çenli manyda.
Gülçähre – gül ýüzli, owadan, görkli.
Gülgün – gül reňkli.
Gulibetir Rum – rumlular (parslardan) ýeňildiler. Rum süresiniň 2-nji aýaty. Bu kyssada Rum süresiniň 2-nji aýatyndan 10-njy aýatyna çenli aralyga düşüňdiriş berilýär.
Gurbatlyk –Taňra ýakynlyk.
Gysrak – baýtal.

## H

Hadym – hyzmatkär.
Hafizu – saklaň («Bakara» süresiniň 238-nji aýatyndan), ýagny bäş wagt namazy berjaý ediň.
Hajjatul-widag – hoşlaşyk hajy. 632-nji ýylyň Nowruz aýy.
Hak kurbaty – Allatagala ýakynlyk.
Häk paýy – aýak tozy.
Häki-rah – ýol tozany, ýol çaňy.
Hala beçe – daýzasynyň ogly.
Hala – daýza.
Halhal – aýal-gyzlaryň aýaklaryna dakýan altyndan ýa-da kümüşden halkasy.
Halyk – ýaradyjy Taňry.
Halyllyk – dostluk.
Hama – galam.
Hamd – taryp.

Hamylalyk derdi – burgy.
Haryr – ýüpek.
Has – hökümdaryň özüne ýakyn, ýörüte ygtyýýarlyklary bolan wezipedar gullukçy.
Hasahana – taýak goýulýan jaý.
Hatamy Resul – soňky pygamber.
Hatyrym bikrin – päk pikirlerimi.
Hawarylar – şägirtler.
Haýbar jeňi – 628-nji ýylyň Alp Arslan aýy.
Haýz – aýbaşy.
Hedýe – sowgat.
Hemneşin – geňeşdar.
Hemsaýa – goňşy.
Hemşire – aýal dogan.
Hezreti Abu Bekriň halypa bolmagy. 632-nji ýyl.
Hijret – göçmek. Pygamber alaýhyssalamyň Mekgeden Medinä göçmegi 622-nji ýylyň Oguz aýynyň 28-inde Başgüni bolup geçipdir. Şu wagtdan başlap hijri kamary ýyl hasaby özüniň başlangyjyny alyp gaýdýar.
Hijret etmek – göçmek.
Hira dagy pygamber alaýhyssalamyň öýünden takmynan 5 km. uzaklykda ýerleşýär. Gowak dagyň çür depesindedir.
Hoja – hojaýyn.
Hoşnut – razy.
Hoşreftar – şirin dilli.
Hoşroý – owadan ýüzli.
Höwwez – her kim nebis höwesi bilen iş gördi.
Hudaýbiýe – Mekgeden 9 mil uzaklykda ýerleşýär.
Hüjjet – delil, tutaryk, subutnama.
Hukumalar – dana adamlar.
Hülle – ýüpek matadan dikilen don.
Hup – ýagşy, oňat, gowy.
Hur – azat, gul däl.

Hurşyt-taban – nurly gün.
Hutty – meniň günälerimi geçir.
Hüý – gylyk.
Hylaf – gapma-garşylykly pikir.
Hylaf – ters, garşy.
Hytap – owaz.

## I

Ibriý – gadymy ýewreý, iwrit dili.
Iftihar – buýsanmak.
Ihtilam – düýşünde şeýtany bolmak.
Ikewlen – ikimiz.
Iki petle akmady – iki gezek gark bolmady manyda.
Iki sihr – gaýyn-giýew.
Ikra – oka.
Il üze – ile, halka, il üçin.
Ilgeri – öň.
Imla kylmak – ýatdan aýdyp, ýazdyrmak.
Inçik – inçe.
Inçikleýu – gamlanyp, gaýgylanyp.
Indatul-arbain – kyrkynjy musulman.
Inek - sygyr.
Inşaallahu tagala – eger Beýik Alla islese.
Izdi – iberdi.
Izi –Taňry.

## J

Jafy – jepa beriji.
Jasus – içaly
Jepbar – ägirt.
Jemmaza – ýyndam düýe.

Jenub – günortadan ösýän ýel.
Jepbary älem – älemiň hökümdary bolan Allatagala.
Jihat – tarap.
Jimag – jynsy ýakynlyk.
Jinan – jennetler.
Juwanmertlik – elaçyklyk.

**K**

Kab kuýaş – Taňra ýakynlyk güneşini.
Kaba-köwseýn – ýaýyň iki kirşiniň arasy ýaly ýakynlyk.
Kaddy-serwi – boýyň serwi agajy ýaly dim-dik bolmagy.
Kadyr – başarjaň.
Kamar – aý.
Kamug – hemme.
Kandyl – çyra.
Kangly – kanagatly.
Karga – bije.
Karkas – maslyk iýýän guş.
Karn – asyr.
Kasas – ar almak, hun almak.
Katl – ölüm.
Kelam – söz.
Kelim – sözleşilen, söhbetdeş bolnan.
Kemine – ejiz.
Kent – oba, gala.
Kendüzi – özi.
Keşwer – ýurt.
Ketdeler – ýaşulular, aksakgallar.
Kez – şunuň ýaly.
Kimiýagärçilik – himiýa ylmy.
Kindik – göbek
Kysas – kyssalar, hekaýalar, rowaýatlar.

Kizik ýyparymyz – keýigiň göbeginden alynýan hoş ysly müşk.

Kizik – keýik.

Kowalar – esir edip ulanar.

Kowl – söz.

Köwser – jennetdäki Köwser ýyldyzy.

Külah – telpek.

Külpetment – azar beriji.

Küňre – diň.

Kurrralar – Gurhany okamak ylmynyň esasyny goýan alymlar.

Kürs – Asmanyň bir gatynyň ady

Kuwup – ýetip.

Kyn – azap.

Kyýas – deňeşdirmek.

## L

Lagyn – näletsiňen.

Lahat – gabyr.

Läle – gyzyl reňkli gülüň ady.

Lat, Uzza we Hubal – butlaryň atlary.

Latyfa – gysgajyk hekaýa.

Leb – dodak.

Likasyn – ýarysyny manyda.

Lowh – hat ýazylýýan tagta.

Lowhul-Mahfuz – Arşdaky hökümler saklanýan tagta.

## M

Mä zagal-basar – gören zadyna gözi üýtgemedi.

Mada – urkaçy.

Magbad – ybadathana.

Magfyret – günä geçilmek, Hudaýtagalanyň ýalkawy.

Magraja aşmak – asmanlara göterilmek.

Magryfet merkebi – Allatagalany tanamak ulagy.

Magrypdan Maşryga – Günbatardan Gündogara çenli.

Magrypet – Allatagalany tanamak ylmy.

Magrypet eýeleri - Allatagalany sypatlary bilen tanaýan adamlar.

Magsyýet – günä.

Mahar – aýallaryň burnuna dakýan bezegi.

Mahbup – söýgüli, ýar.

Mähelle – ilatly ýer, etrap manyda.

Mähir – ussat.

Mahluk –ýaradylan zat.

Mahlukat – Allatagalanyň ýaradan zatlary.

Mahluksyň – ýaradylan zatsyň, ýagny ýaradyjy Taňry dälsiň.

Maktal – öldürilen.

Mälik – patyşa.

Mälik Dowzah – dowzahyň patyşasy.

Mellahlar – gämiçiler.

Mazammet – azar bermek.

Meknun – ýaşryn.

Mehr – galyň töleg.

Mejmegyl-bahreýn – iki deňziň duşuşýan ýeri.

Mekge fathy (ýeňşi) – 630-njy ýylyň Türkmenbaşy aýy.

Mekkäreýi-aýýar – örän hilegär.

Melamat ederler – gyjalat bererler.

Melaýyk – perişdeler.

Melekul-möwt – ölüm perişdesi.

Melgun – nälet siňen.

Melik – patyşa.

Melike – patyşa aýal, uruga ýolbaşçylyk edýän aýal.

Melul bolmak – gaýgylanmak, tukat bolmak.

Memleket – ülke.
Mengi – baky.
Meňiz – ýüz.
Menzil – kerwenler bilen ýarym günde geçilýän ýol (23-25 km.)
Merdi - kär – işeňňir adam.
Merdi-kelan – uly pir.
Mil – bir deňiz mili 1852 metre barabardyr.
Mir ahur – hökümdaryň seýishananyň emiri.
Misgin – biçäre, garyp.
Möwla – Taňry.
Mubaryz – söweşjeň.
Mugabbir – düýş ýorujy.
Mugjyza – gudrat.
Muhannas – iki jynsly.
Muhatyr – oý, pikir.
Muhyt – umman.
Muizziddin – yslama kuwwat beriji.
Mulatafat – ýumşaklyk.
Mülket – mülk.
Muňlug – gaýgy-gam.
Murassag – bezelen.
Mürçe – garynja.
Mursel – kitap iberilen pygamber.
Murtaza – saýlanan, hezreti Alynyň lakamy.
Musahhar – boýun.
Müşrikler – butparazlar, Taňra özge zady şärik edýänler.
Mutlak – şertini aýtmazdan.
Muttaky –takwa.
Muwahhid – Allatagalany bir diýip bilýän imanly kişi.
Mužda – söýünji.
Mynajat – Taňra ýalbarmak manyda.
Mysapyr – ýolagçy.

## N

Nagara – deprek.
Nagma-näz – aýdym.
Naryrak – aňyrryk.
Nebi – pygamber.
Nebire – ýuwluk.
Nefas – çaga dogandan soňra jyns agzadan gelýän gan, ýagny çile gany.
Nehi münker – adamlary ýaramaz işleri etmekden saklamak.
Nek – ýagşy.
Nesep – gelip çykyş, şejere, nesil daragty.
Netek – nähili.
Nezr – kasam, wada.
Nigar– gowy görýän zat.
Nowkisa – näkes, ýaňy baýan adam.
Nusrat – ýardam.
Nutfa – döl.
Nygmal  abdu –ýagşy bende.

## O

Ogan – Taňry.
Onda – ahyretde, ol dünýäde.

## Ö

Öfke – gahar, öýke.
Öl bolur halda – ölüm gelen ýagdaýynda.
Ölüksek – maslyk.
Öpke – öýken.
Öre – dik duran ýagdaýda.

Öre gopmak – ýerinden turup dikelmek.
Örmek – mata.
Ötgüzin – göterip manyda.
Öwlüýä – Allatagala ýakynlyk tapanlar.

## P

Pany – wagtlaýyn.
Parsa – terki dünýä.
Parsah – 6 kilometre barabar uzynlyk ölçegi.
Pasyka – bozuk aýal.
Paýlakçy – üstünden garaýjy, garawul.
Perseň – parsah 6 kilometre barabar uzynlyk ölçegi.
Pisat – bozuklyk
Pitne – agzalalyk.
Pyrak – aýralyk.

## R

Ragbat – meýil.
Rahman – rehimdar Taňry.
Rahmeten lil-älemin – Muhammet pygamber älem-jahandakylara rehmetdir.
Rahyp – ruhany.
Rakym – atlar we nesepler ýazylan bir tagta. Eshabur-rakym- – nesepler ýazylan tagtanyň eýeleri.
Rawy – rowaýatçy.
Razylaşmak – syrlaşmak.
Rebb – Taňry.
Reffar – ganatly atyň ady.
Resm -– adat.
Reýhan – gülüň ady.
Risalat – pygamberlik.

Rowak – töweregi açyk beýik eýwan.
Rownak – görkli.
Röwşen – ýagty.
Rowza –gabyr.
Ruýet – keşp.
Ruhsar – ýaňak, ýüz.
Rukug – namazdaky eglim.
Ruzy kyl – rysgal ber.
Ryýazat – nebis isleglerinden saklanmak.

**S**

Sa‘fas (saýun bisaýin, eý kemä tudinu tudänu) – Bir gadaga bir gadak, ýagny birine nähili gatnaşyk etseň, ol hem saňa şonuň ýaly gatnaşyk eder.
Sagadat – bagt.
Sagulyk – ölçeglik.
Sag – arassa.
Sahna – howly.
Sahyr – jadygöý.
Salli hamsan – bäş wagt namazy oka.
Salyh – ýagşyzada.
Salyha – ýagşy ahlakly aýal.
Salym – salamat.
Sandusy – ujy manyda.
Sap – hatar.
Sap-sap – hatar-hatar.
Saraý – gala, köşk.
Sarh – minara.
Sarsar – sowuk ýel.
Sasygy –porsusy.
Sawçy – ilçi edilip iberilen pygamberler.
Sawma – ybadathana, ybadat edilýän gowak

Selim – abat, salamat.
Semizkent – Samarkant.
Ser – baş, kelle.
Seýr eter – gezer.
Sibt – perzent.
Sidre – ýedinji gat asmanda ösýän bir agaç.
Sidretil-munteha – asmanyň Jebraýyl perişdäniň hem ondan aňry ötüp bilmeýýän çägi.
Sin – mazar.
Sinige – görüne.
Siňli – aýal dogan.
Sirap kylmak – suwdan gandyrmak.
Söküş – masgaralamak.
Sünbül – gara reňkli, oňat ysly ösümlik.
Sungu – naýza.
Suwlag – suwly ýer.
Syddyk – Hudaýtagalanyň iň ynamly dosty.
Sykyt – sykynmak.
Synyk – döwük.
Sypatdyr – ýagny, maddy zatdyr.

## Ş

Şahadat – şaýatlyk.
Şähd – bal
Şaky – muşakgatly.
Şakyr – şükür ediji.
Şaýysta – mynasyp.
Şemal – demirgazykdan ösýän ýel.
Şerapatly – at-owazaly.
Şöhwet – haram lezzet.
Şuglawer – şugla saçyjy, röwşenlik, ýagtylyk beriji.

## T

Tabuk urşy – 630-njy ýylyň Garaşsyzlyk aýy.

Tabut sekine – köşeşdiriji sandyk.

Tagta – sahypa.

Tahyýat – salam.

Takatu-Eýýup – Eýýup pygamberiň çydamlylygy.

Takdys – «Kuddus», ýagny «Alla mukaddesdir» diýip aýtmak.

Taky – hem.

Talgat – daş sypaty.

Tam – diwar.

Tamug – dowzah..

Taňlaşmak – geň galmak.

Tanuklyk – şaýatlyk

Tapugsak – ybadat etsek.

Tapug – hyzmatkär.

Taş – gazan.

Tatyg – lezzet.

Tawar – dowar, haryt.

Tawarymyz – dowarymyz, malymyz, baýlygymyz.

Tebrenmek – herekete girmek.

Tebrese – ýola düşse.

Tedbir – alaç, care.

Tefekkur kylamak – pikirlenmek.

Tegru– çenli.

Tejelli – Allatagalanyň jemalynyň nurunyň görünmegi.

Tekme – hemme.

Telim – köp.

Terk – Taňrynyň buýrugy.

Terkin – tiz, çalt.

Tersa -– haçparaz.

Tesbih – «Subhanalla», ýagny «Alla päkdir» diýip aýtmak.

Teşbih kylmak – meňzetmek.
Teşwiş – gaýgy-alada.
Tetik – ýyndam.
Tilemesmu – islemezmi.
Tileýärmu – isleýärmi.
Tişi – urkaçy.
Tizginip – ezip, gezip, howlugyp.
Toban – ýüzin.
Toprak – mazar manyda hem gelýär.
Topuksak – ymtylyjy.
Topungyjy – sežde ediji.
Topunmak – çokunmak.
Topunur – çokunar.
Tözi – hemmesi.
Töp – hemme.
Törtegu – dördüsi.
Tub – dogry.
Tubbag – tabyn bolan.
Tüg-tüzi – çaň-tozany
Tügüzi – içi.
Tümen – on müň.
Tün – gije.
Tüň – içi doly.
Tüň biliklik – içi doly bilimli.
Tünedim – gezdim.
Tünle – gijesine.
Tupuçak – argamak, bedew at.
Tüzi – dogry sözi.
Tüzük – söz düzmek.

**U**

Uýuklaýurda – uklanda.

Ulamalar – alymlar.
Ulandylar – etişdiler.
Ulaýur – çagyrýar.
Ulug – serdar, aksakal.
Umansam – imana çagyrsa manyda.
Umratul-kaza – Umratyl-kaza – parz däl hajyň höküm edilmegi. 629-njy ýylyň Baýdak aýy.
Usrukdy – ýadawdy.
Uş –şu.

**Ü**

Üýn – ses.
Üze – üçin.

**W**

Wahy – Taňrynyň gizlin habary.
Wallahi – walla, Alla kessin.
Weleduz-zyna – zynadan doglan, (çöpdüýbi)..
Wujuda gelende – doglanda.
Wujud – göwre.

**Ý**

Ýa Ilähi! – eý Taňrym!
Ýa Rebb – eý Taňrym.
Ýaban – öl.
Ýagan – pil.
Ýalawaç – pygamber.
Ýanmak – gaýdyp gelmek, dolanmak.
Ýaňlyg – täze.
Ýapyrgak – ýaprak.

Ýaragym – harajatym.
Ýaragyňyzy kylyň – alajyňyzy görüň.
Ýargy – höküm.
Ýarguçy – ýaryjy.
Ýarkanmak – dolanmak.
Ýarlyk – Taňrynyň buýrugy.
Ýarmak – pul.
Ýarumak – ýagtylmak.
Ýarugrak – ýagtyrak.
Ýaruklyk – ýagtylyk
Ýarygsyz – täretsiz.
Ýaryk – söweş geýimi.
Ýaryn – ertir, ýagny kyýamat güni.
Ýaşnady – çakdy.
Ýaşyk – kellä geýilýän söweş geýimi
Ýaşyn – ýyldyrym.
Ýawlak – örän.
Ýaý – tomus.
Ýaz – meýdan.
Ybrat – nesihat, sapak..
Ýedi ýüz on – 1309-1310 ýyl.
Ýegräk – ýagşyrak.
«Ýedun baýza» – «Ak el».
Ýoksuz – hiç zady ýok adam.
Ýolnan – «syrylan» diýen manyda.
Ýolsuzyn – azgynçylykda manyda.
Ýonaçy – ussa.
Ýowumagaý – ýakynlaşmasyn.
Ýowuz – ýaramaz.
Ýükünmek – bu işi boýnuna ýük edip almak.
Ýygaç – agaç.
Ýylasy – ýagşylygy.

## Y

Yhtylaf – gapma-garşylykly kesgitnamalar.

Ymamzadalar – ymamyň ogullary. Bu ýerde ymam Aly bin Abu Talybyň ogullary geljekki ymamlar Hasan we Hüseýin göz öňünde tutulýar.

Ytab – gahar, gazap.

Yzzat we jelalat – şan-şöhrat we beýik mertebe.

## Z

Zag – garga.

Zagan – çaýkel.

Zagpyran – sary reňkli, oňat ysly ösümlik.

Zahyr – aýan.

Zahyt – günä işlerden saklanýan adam, takwa, terkidünýä.

Zerdar – baý.

Zikri – ady.

Zillet – zulum çekmek.

Zowk – höwes.

Zulmat – garaňkylyk

Zyban– dil.

## ADAM ATLARYNYŇ GÖRKEZGIJI

**Abdylhekem** – Abu Jähliň lakamlarynyň biri.

**Abdylla** – Muhammet pygamberiň kakasy. Ol 545-nji ýylda dogulýar.

**Abdylla bin Salam bin Harys** – Pygamber alaýhyssalamyň döwründäki alymlaryň biri. Ol Mekgeden Medinä pygamber alaýhyssalam bilen göçüp gelýär we yslamy kabul edýär. Bu sahaba 33-nji hijri ýylynda (663-664-nji ýyllarda) aradan çykýar.

**Abdylla ibn Apbas** – Pygamber alaýhyssalamyň doganoglany we sahabalaryň biri. Ol 688-nji ýylda ölýär.

**Abdylla ibn Zubeýr** – Muhammet pygamberiň aýaly Äşäniň ýegeni (622-693).

**Abdylmennaf** – Pygamber alaýhyssalamyň dördünji arkasy. Ol Osman ben Affanyň (655-nji ýylda ölen) dördünji arkasy. Ymam Şafygynyň (767-820) dokuzynjy arkasy hasaplanýar. Onuň öz ady Mugyra bolupdyr. Mennaf-butuň adydyr. Abdylmennaf-onuň lakamlarynyň biridir. Emma onuň başga hem lakamlary bolupdyr. Ol görmegeý adam bolandygy üçin oňa «Kamarul-batha» (dolan aý) lakamy berlipdir. Kuraýyşlar dilewarlygy, ugurtapyjylygy üçin ony «Faýýad (Dilewar)» lakamy bilen atlandyrypdyrlar

**Abdylmuttalybyň** alty aýalyndan on ogul dogýar: Abdylla, Abu Talyp, Zübeýr, Apbas, Hemze, Abu Läheb, Harys, Gaýdak, Zirar, Makum.

**Abdylmuttalyp ibn Haşym** – Muhammet pygamberiň atasy. Onuň asyl ady Şeýbadyr. Ol 578-nji ýylda ölýär.

**Abdylmuttalyp Şeýbe al-Hamd.** Şeýbe (ak saçly) onuň lakamydyr. Aýdylşyna görä, ol doganda ak saçly doglupdyr. Onuň bir lakamy Abul-Harysdyr (Harysyň kakasy) Harys onuň uly ogludyr. Emma onuň alty aýalyndan on ogly bolýar (Abdylla, Abu Talyp, Zubaýr, Apbas, Zarar, Hemze, Makum, Abu Lähep, Harys, Gaýdak. Abdylmuttalyp ömrüniň ahyrynda butlara ybadat etmekden ýüz dönderýär. Pygamber alaýhyssalam hem onuň terbiýesini görýär. Ol 578-nji ýylda ölýär.

**Abdyrahman** – Abdyrahman bin Awf. Pygamber alaýhyssalamyň ýakyn egindeşleriniň biri. Onuň künýesi Abu Muhammetdir. Ol 651-nji ýylda 75 ýaşynda ölýär.

**Abu Bekr Syddyk** – onuň doly ady: Abdylla ben Kahafa Osman ben Amir Amru ben Kagp ben Sagt ben Teýýim ben Merre ibn Kagp ben Lawa al-Kuraýyşy at-Teýýimi. Ol 573-nji ýylda dogulýar we 634-nji ýylyň Alp arslan aýynyň 23-ine agyr hassa bolup ölýär. Ol yslamy ilkinjy bolup kabul edenleriň biridir. Onuň Abdylla («Allanyň bendesi») lakamyny oňa Pygamber alaýhyssalam yslama teni, jany, maly bilen yhlasly ýapyşandygy üçin goýýar. Onuň «Atyk» («Asylly ýaşuly») lakamy nesebinde hiç hili garalyk bolmandygy we nurana ýüzli bolandygy üçindir. Şeýle hem Pygamber alaýhyssalam oňa: «Sen Allatagalanyň Dowzahdan atyk (azat) eden kişisisiň» diýipdir. Onuň meşhur lakamy: «Syddyk» («Dogry sözli») bolupdyr. Bu sözüň «dogry zady tassyklaýjy» diýen manysy hem bardyr. Pygamber alaýhyssalam magraçdan gaýdyp gelende, ol gören-eşiden zatlaryny ýaranlaryna aýdyp beripdi. Şonda Abu Bekr: «Dogry aýdýarsyň, eý, Allanyň resuly!» diýip, onuň sözlerini tassyklapdy. Abu Bekr Resul alaýhyssalama heniz pygamberlik inderilmänkä aýdan sözlerine hem: «Dogry aýdýarsyň, eý, Muhammet!» diýip, güwälik berýär

eken. Onuň Abu Bekr («Päkligiň atasy») diýen lakamy päk ahlakly adam bolandygy sebäpli galypdyr. Ol päklik bilen söwda edipdir. Ol söwdadan gazanan kyrk müň dirhem puluny Allatagalanyň ýoluna harçlapdyr. Allatagalanyň hakyky musulmany dowzahdan daş ediler. Ol adam günäden päklenmek üçin öz malyny Allatagalanyň ýoluna sarp eder. Ol bu beren maly üçin hiç kime minnet etmez. Ol malynyň öwezine sogapdan başga zat almagy niýet etmez» («Leýl» süresiniň 17-nji, 18-nji, 19-ji aýatlary) diýen sözi hezreti Abu Bekriň şanyna inderilendir» diýip, mufassirler (Gurhany düşündirýän alymlar) aýdýarlar. Abu Bekr Syddyk – Muhammet pygamberden üç ýaş kiçidir. Ol 573-nji ýylda dogulýar.

**Abu Bekr ibn Aly** – Hezreti Alynyň ogullarynyň biri. Ymam Hüseýiniň dogany.

**Abu Dajana** – muhajirleriň (Mekgeden Medinä pygamber alaýhyssalam bilen göçüp gelenleriň) biri.

**Abu Darda Ensary** – Pygamber alaýhyssalam Keramatly Mekgeden Nurly Medinä göçüp gelende oňa ýardam beren belli medinelileriň biri.

**Abu Eýýup Ensary** – bu onuň lakamydyr. Onuň doly ady Halyt bin Zeýt bin Küleýp bin Saglaba bin Awf bin Ganam bin Mälik bin Nejjar Ensary Hazrajy Najjarydyr. Bu Akaba, Uhut, Bedr, Hendek we başga söweşlere gatnaşan sahaba Aly ibn Abu Talybyň gapdalynda bolardy. Ol Mugawyýa we Ýezit bilen bolan uruşlarda hem söweşdi we 51-nji (677) ýylda wepat boldy. Ony Konstantiniýa şäheriniň ýakynynda jaýlaýarlar.

**Abu Hureýra** – Muhammet pygamberiň sahabalarynyň biri we meşhur hadysçy alym. Onuň ady: Abdyrahman ibn Şakr ibn Umeýr ibn Amir. Ol Medinede 78 ýaşynda ölýär.

**Abu Jähl** – Abu Jähl ibn Hişam – Pygamber alaýhyssalamyň duşmanlarynyň biri. Abu Jähl (Nadanlygyň atasy) onuň meşhur lakamydyr. Onuň doly ady Amr ibn Hişamdyr.

Ony Bedr jeňinde (624-nji ýylyň Türkmenbaşy aýy). Amru ben al Jemuh el-Ensary we ibn Afra el-Ensary Abdylla ben Mesgud üçüsi öldürýärler. Abu Jähl yslama köp duşmançylyk etdi. Şonuň üçin ol ölende pygamber alaýhyssalam: «Musulman ummatynyň Pyrgauny öldi» diýdi. Ibn Afra ony imansyzlygyny boýun alýança urdy. Al-Jemuh bolsa, onuň aýagyny gylyç bilen çapdy. Abdylla ben Mesgut onuň kellesini kesdi.

**Abu Lulu** – Abu Lulu Alaj Furuz. Hezreti Omary öldüren kişi.

**Abu Musa Aşgary** – ymam Hüseýiniň häkimlik eden döwründe ýaşap geçen dini meseleler boýunça meşhur alym-sahaba. Ol 657-nji ýylda ölýär.

**Abu Talyp** – Hezreti Alynyň kakasy. Ol 620-nji ýylda ölýär. Ol Abdylmuttalyp ölende Pygamber alaýhyssalamy terbiýelemegi öz üstüne alýar.

**Aly Asgar**– Ymam Hüseýiniň kiçi ogly.

**Aly Ekber** –Ymam Hüseýiniň uly ogly.

**Aly ibn Abu Talyp ibn Abdulmuttalyp –** Dördünji halypa (656-661). Ol 600-nji ýylda dogulýar. Ony 661-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 24-üne öldürýärler. Ol Muhammet alaýhyssalamyň doganoglany we giýewsidir (Patmanyň äri). Onuň «Şahymerdan (Mertleriň şasy)», «Esedulla (Allanyň şiri)», «Murtaza (saýlanan)» diýen lakamlary bolupdyr. Ol şaýylaryň ilkinji ymamydyr. Ony Kufede jaýlaýarlar.

**Amr ibn al-As Waýil bin Haşym bin Sagyd bin Sähm bin Amru bin Himýas bin Kagp –** Muhammet alaýhyssalam tarapyndan Hebeşistanyň hökümdary Najaşa ilçi edilip iberilen şahs. Ol 629-nji ýylda yslamy kabul edýär. Soň ol Müsürde häkim bolýar.

**Apbas ibn Aly** – Hezreti Alynyň ogly. Ymam Hüseýiniň dogany.

**Asma bint Abu Bekr** – Bibi Äşäniň aýal dogany, Zubaýr ibn Awwamyň aýaly. Abdylla ibn Zubaýryň ejesi. Ol 596-njy ýylda doglup, 692-nji ýylda aradan çykýar.

**Äşe** – Äşe bint Abu Bekr. Pygamber alaýhyssalamyň söýgüli aýaly we Abu Bekr Syddygyň gyzy. Ol 676-njy ýylda 65 ýaşynda aradan çykýar.

**Bilal** – Bilal bin Rabah Hebeşi. Lakamy Abdylla. Ilki iman getiren sahabalaryň biri. Yslamyň ilkinji azançylarynyň biri. Onuň şirin labyzly owazy bolupdyr. Onuň özi efiopiýaly negrlerden bolansoň, mekgeli kapyrlar Muhammet alaýhyssalama: «Ol şu gara gargadan başga azançy tapmadymyka?» diýen ýaly teýeneli sözleri atypdyrlar. Ol 641-nji ýylda Damaskda ölýär.

**Bahyra** – hristian dininiň şol wagtdaky ruhanylarynyň biri. Bahyra sözüniň manysy sirýany dilinde «çuňňur bilimli alym» diýmekdir.

**Dawut alaýhyssalam** – ol biziň eýýamymyzdan 1033 ýyl öň dogulýar we takmynan biziň eýýamymyzdan 962 ýyl ozal 71 ýaşynda aradan çykýar.

**Emine** – Muhammet pygamberiň ejesi. Ol 575-576-njy ýyllarda ölýär.

**Zülkarneýn** – Gurhanda getirilen Zülkarneýn Nuh pygamberiň ogly Ýafesiň agtygydyr. Onuň ady Merzebedir. Onuň kakasynyň ady Zyhak, ejesiniň ady Merzebandyr. Onuň bilen Pilkusyň ogly Isgender Zülkarneýn makedonlynyň arasynda 2000 ýyl tapawut bar.

**Fazl ibn Apbas** – Pygamber alaýhyssalamyň doganoglany.

**Halyma** – Halyma bint Abu Zawaýyb as-Sagdyýa.

**Halyt ibn Welit** – soň yslamy kabul edýär we ol musulman goşunynyň atly serkerdeleriniň biri bolýar.

**Harr ibn Ýezit Raýahy** – ymam Hüseýiniň ýakyn egindeşleriniň biri.

**Hasan** – Alynyň uly ogly. Ol 624-625-nji ýyllarda Medinede dünýä inýär. Onuň ejesi Muhammet pygamberiň gyzy Patmadyr. Ol 661-nji ýylda kakasynyň ýerine halypa bolýar. Ol 670-nji ýylda zäherlenip öldürilýär.

**Haşym-Amru ben Abdylmennaf**. Ol atasy Abdylmennaf ölensoň halkyna serdarlyk edipdir. Onuň lakamlary: Ala (beýik mertebeli). Bu lakam oňa halk arasynda hormat-sylagynyň uly bolandygy sebäpli galýar. Haşym hem onuň lakamlarynyň biridir. Rowaýat edilşine görä, kuraýyş taýpasy bir gurakçylyk sebäpli güýçli açlygy başdan geçiripdir. Haşym Şama gidip, ol ýerden Mekgä un, şeker satyn alyp gelýär we ony halkyna paýlaýar. Munuň üçin oňa Haşym (paýlaýjy) lakamy berilýär.

**Japar ibn Aly** – Hezreti Alynyň ogly. Ymam Hüseýiniň dogany.

**Japar Taýýar** – Abu Talybyň ogly, Alynyň dogany. Ol yslamyň goşun serkerdeleriniň biri bolupdyr. Ol Pygamber alaýhyssalamyň Hebeşistanyň patyşasy Najaşy Ashama ben Abjara iberen ilçisidir. Ol 627-nji ýylda rumlular (wizantiýalylar) bilen bolan söweşde öldürilipdir. Ol uruşda iki eli çapylsa hem, baýdagy ýykman saklapdyr. Şonuň üçin oňa «Taýýar (uçýan)» we «Zuljenaheýn (iki ganatly)» diýen lakam berlipdir.

**Hezreti Aly** – dördünji halypa (656-661). Ol 600-ňji ýylda dogulýar we 661-nji ýylda öldürilýär.

**Hezreti Omar** – bin Nufaýl bin Abdul Uzza 581-nji ýylda dogulýar.

Ol hijriniň 6-njy ýylynda 26 ýaşynda yslamy kabul edýär.

**Hezreti Süleýman** – biziň eýýamymyzdan öňki 965-nji ýylda Ysraýyl-Iudeýa patyşalygyna hökümdar bolýar we ol bu hasabyň 928-nji ýylynda ölýär.

**Hatyja bint Huweýlid** – 555-nji ýylda dogulýar we 620-nji ýylda ölýär. Muhammet pygamber Hatyja 595-nji ýylda öýlenýär.

**Kagp al-Ahbar** – Abu Yshak ibn Mote. Ol 622-nji ýylda Homs şäherinde ölýär. Ol milleti boýunça jöhitdir we meşhur rawydyr (rowaýatçydyr). Onuň «Ahadis kudusiýe» diýen eseri rowaçlyk tapan kitaplaryň biridir.

**Kaýsar** –Wizantiýa döwletiniň imperatory Irakliý.

**Kesra** – Hysrow Anuşirwan. Ol 579-njy ýylda öz paýtagty Tisfunda aradan çykýar. Araplar kesra sözüni Hysrowyň adyndan alýarlar. Emma 580-nji ýylda Hysrow Hormuzd ikinji döwlet başyna geçýär. Ol 628-ňji ýylda öz ogly Şeruýa tarapyndan öldürilýär. Bu ýerde Kesra Hysrow ikinjidir.

**Kurrat ibn Abu Zerr Gifary** – Pygamber alaýhyssalamyň ýakyn egindeşleriniň biri.

**Makaşkiş** – Wizantiýa döwletiniň Müsürdäki häkimi Mukawkis.

**Kesir ibn Salda** - hezreti Osmanyň ýakyn egindeşleriniň biri.

**Mariýýa bint Kobtyýa** – Rum (Wizantiýa) döwletinden bolan bu akýagyz aýaly Hebeşistanyň Müsürdäki häkimi Makawkis ben Kobty Muhammet pygambere peşgeş berýär. Bu aýal 630-njy ýylyň Gurbansoltan aýynda ogul dogurýar we oňa Ybraýym diýip at goýýarlar. Ybraýym 631-nji ýylyň Oguz aýynda ölýär. Mariýýanyň özi hezreti Omaryň halypalyk eden döwründe (634-644) aradan çykýar.

**Merwan ibn Hekem** – Umaýadlaryň döwlet işgärleriniň biri. Muhammet pygamberiň ýakyn sahabalarynyň biri. Ol 656-njy ýylda Basranyň golaýynda Aly bilen uruşýar. Ol 683-nji ýylda Umaýýadlaryň patyşasy bolýar.

**Mugawiýa ibn Sufýan** – Umawylar neberesiniň hökümdarlygyny esaslandyryjy. Ol 661-680-njy ýyllaryň arasynda hökümdarlyk edýär.

**Mugyra bin Şugba** – Pygamber alaýhyssalamyň sahablarynyň biri. Pygamber alaýhyssalamyň 23 kätibiniň (mürzesiniň) biri bolan bu sahaba 666-njy ýylda ölýär.

**Muhammet ibn Yshak** – ýagny Ahmet ben Muhammet ben Ybraýyl Abu Yshak Nisabury (432-nji hijride ölen). Ol arap dilinde «Kysasul-enbiýa» eserini ýazan alymlaryň biridir.

**Muslim ibn Ukaýl** – ymam Hüseýin tarapyndan Kufä iberilen çapar.

**Najaş** – Hebeşistan (Efiopiýa) döwletiniň hökümdary Negus.

**Omar ibn As** – Mekgäniň kapyrlarynyň Najaşa iberen ilçisi. Osman ben Affan – üçinji halypa. Ol pil ýylyndan (570-nji ýyldan) alty ýyl soň, ýagny 576-njy ýylda dogulýar we 656-nji ýylyň Oguz aýynyň 24-üne öldürilýär. Ol 80 ýaşynda halypa bolýar. Ol jemi 12 ýyl hökümdarlyk edýär. Onuň Zun-nureýn (iki nuruň eýesi) diýen lakamy, Pygamber alaýhyssa-lamyň iki gyzyna öýlenendigi üçin galypdyr. Ol ilki Pygamber alaýhyssalamyň ikinji gyzy Rukaýa, ol ölenden soňra onuň üçünji gyzy Ummu Gülsüme öýlenýär.

**Omar bin Hattap** – 634-nji ýyldan 644-nji ýyla çenli hökümdarlyk eden ikinji halypa. Ol jemi on ýyl, bäş aý, ýigrimi bir gün halypa bolýar. Onuň doly ady: Omar ibn Hattap bin Nowfel bin Abdylyzzy. Ol 571-nji ýylda doglup, 644-nji ýylda ölýär. Bu uzyn boýly we güýçli beýik adam yslamdan öň hem kuraýyş taýpasynyň hormatly adamlarynyň biri hasaplanypdyr. Ol dilewar, ugurtapyjy adam bolandygy sebäpli arap taýpalary aralaryna agzalalyk düşende ony ilçi edip iberer ekenler. Pygamber alaýhyssalam başda yslamy ündäp başlanda, ol oňa garşy bolupdy we yslamy kabul edenlere azar beripdi. Hijriniň altynjy ýylynda Omar kyrkynjy adam bolup yslama girýär. Ol şol wagt ýigrimi alty ýaşyndady. Adamlary ilkinji

gezek tarawa namazyna ýygnan Omardyr. Onuň gabry Pygamber alaýhyssalamyň gabrynyň ýanyndadyr.

**Osman ibn Aly** – Hezreti Alynyň ogly. Ymam Hüseýiniň öweý dogany.

**Musa alýhyssalam** – biziň eýýämimizden 1571 ýyl öň Ramzes ikinjiniň patyşalyk eden döwründe Menfis şäherinde eneden bolýar.

**Safwan ibn Mugtal Sihmi Ensary** – medineli ýaş ýigit.

**Selman Parsy** – Muhammet pygamberiň ýakyn sahabalarynyň biri. Onuň asyl ady Ruzbeh bolup, özi pars milletindendir. Ol Yspyhan şäherindendir. Muhammet pygamber ony Osman bin Eşhel diýen jöhitden satyn alýar, soňra gulçulykdan azat edýär. Şondan soň ol yslamy kabul edýär we oňa «Selman (azat edilen)» ady galýar. Ol Medinäniň häkimligine hezreti Omar tarapyndan bellenilýär we ol şol ýerde 655-656-njy ýyllarda aradan çykýar.

**Suraka** – Suraka bin Mälik ben Jagşam.

**Sufýan** – Abu Sufýan ibn Ummyýa al-Kuraýyşy. Söwdagär. Ol 630-njy ýylda yslamy kabul edýär. Ölen wagty 652-nji ýyl.

**Süleýman alaýhyssalam** – biziň eýýamymyzdan öňki 1001-nji ýa-da 1016-njy ýylda tagta çykýar we biziň eýýamymyzdan öň 982 ýa-da 976 ýylda aradan çykýar.

**Şeýbe bin Rabyga** – Utbanyň dogany.

**Talha bin Ubaýdulla** – Pygamber alaýhyssalamyň ýakyn egindeşleriniň biri. Ol hijretiň 37-nji ýylynda (657ý) 46 ýaşynda ölýär. Onuň mazary Basra şäherinde ýerleşýär.

**Ukaşa** – Ukaşa bin Muhsyn bin Asady. Sahabalaryň biri.

**Ummahany** – Abu Talybyň gyzy, hezreti Alynyň aýal dogany.

**Ummy Mustah** – Mustahyň ejesi, Ummy Mustah bint Abu Ruhm.

**Welit bin Utba** – Utbanyň ogly, Medinäniň häkimi.

**Ýezit ibn Mugawyýa Abu Sufýan** – arap häkimleriniň biri. Onuň buýrugy boýunça Aly ibn Abu Talyp öldürilýär. Ol 680-683-nji ýyllarda hökümdar bolýar. Ymam Hüseýin onuň buýrugy boýunça öldürilýär.

**Ymam Hüseýin** – Hezreti Alynyň ikinji ogly. Ol 625-626-njy ýyllarda Medine şäherinde dogulýar. Ol Ýezit halypa wagtynda oňa boýun egmeýär we Medineden Mekgä göçýär. Bu ýerde oňa Ýezidiň tarapdarlary azar berýärler. Ymam Hüseýin Kerbela çölünde öz adamlary bilen Ýezidiň goşunlarynyň garşysyna uruşýar. Bu uruşda ymam Hüseýin öldürilýär. Bu waka 680-nji ýylyň Garaşsyzlyk aýynyň 10-una Bagdatdan takmynan 100 kilometr uzaklykda bolan Kerbela çölünde bolup geçýär.

**Zeýnep** – Zeýnep bint Jahş, Muhammet pygamberiň ogullygy Zeýt bin Harysyň aýaly.

**Zubeýr ibn Awwam** – Muhammmet alaýhyssalamyň on sadyk (ynamly) sahabalarynyň biri. Ol yslamy ilki kabul edenleriň biridir. Ol sekiz ýaşynda yslama girýär. Ony hijretiň 36-njy ýylynda (656ý) Basrada Subag jülgesinde öldürýärler. Ol 68 ýaşaýar.

## DÜŞÜNDIRIŞLER

1. Musa alýhyssalam biziň eýýämimizden 1571 ýyl öň Ramzes ikinjiniň patyşalyk eden döwründe Menfis şäherinde eneden bolýar.

2. Şu hekaýada «Bakara» süresiniň 67-nji aýatyndan 73-nji aýatyna çenli aralygynyň tefsiri berilýär.

3. «Bakara» süresi – Gurhanyň ikinji süresidir. Ol 286 aýatdan ybaratdyr.

4. Beýik Taňrynyň kuwwaty we güýji hiç bir zatda ýokdur.

5. «Men seniň öňüňde durun, eý doganym».

6. Allatagala hemme aýyplardan päkdir we mukaddesdir. Ol perişdeleriň we ruhuň Taňrysydyr. Ol hiç haçan ölýän däldir.

7. Pygamber alaýhyssalam: «Adam dört hili bolar: 1. Kerim – jomart, 2. Sahy, 3. Bahyl – görip, 4. Leýim – husyt. Kerim – diňe başgalara berer, özi zat almaz. Sahy – özi hem iýer, ile hem berer. 3. Bahyl – özi iýer, ile bermez. 4. Leýim – özi hem iýmez, ile hem bermez. Kerim bilen sahy jennete girer. Bahyl bilen leýim dowzaha girer» diýipdir. (Dürrel-ajaýyp». Miras 2004 ý. 237 s.)

8. Şu rowaýatda Gurhanyň «Kähf» süresiniň 60-njy aýatyndan, tä, 82-nji aýatyna çenli bolan aralyk tefsirlenýär.

9. Meni görýän, sözümi eşidýän, ornumy bilýän, rysgalymy berýän we meni unutmaýan Hudaýtagala hemme zatdan päkdir.

10. Hatynyň haýyz gelen haly – aýal maşgala aýbaşy görende erkek adamyň oňa ýakynlyk etmezligi barada şerigatyň düzgünleri.

11. Ýa haýý, ýa kaýýum - Baky diri, baky durujy Taňry.

12. Eý, Taňrym! Senden başga Hudaý ýokdur. Sen hemme kemçiliklerden päksiň!

13. Älemleriň hökümdary bolan Allatagala taryplanmaga mynasypdyr!

14. Alla ýeke-täkdir, Ýunus bolsa Onuň ilçisidir.

15. Lä ilähe illallahu – Alladan başga taňry ýokdur.

16. Merkep – ulag. Bu ýerde «tagt» manysynda gelýär.

17. Olaryň köňlüne Allatagala iman ýazandyr.

18. Lä ilähe illala – Alladan başga hudaý ýokdur.

19. Alladan başga taňry ýokdur, Ylýas bolsa Onuň ilçisidir.

20. Allatagaladan başga Hudaý ýokdur, Onuň ýeke-täkligine hiç bir şärik ýokdur.

22. Lä ilähe illallahu, Jirjisun resuluallahi – Alla eke-täkdir, Jirjis bolsa Onuň ilçisidir.

23. Alladan özge Taňry ýokdur.

24. Alladan başga Taňry ýokdur we onuň ýeke-täkligine şärik bolup biljek zat ýokdur.

25. Alladan özge taňry ýokdur, Jirjis bolsa Onuň ilçisidir.

26. Kelemen-kelamullahi men tekelleme bihi fe gafara lehu – kim Allanyň sözüni (Gurhany) okady, Taňry onuň günäsini geçirdi.

27. Alladan özge taňry ýokdur, Isa bolsa onuň ilçisidir.

28. Bu kyssa Gurhanyň Duhan süresiniň: «Mal-mülkde we kuwwatda medineliler artykmaçmy ýa-da Tubbagyň kowumy?» diýen 37-nji aýatyny düşündirýär.

29. Alla eke-täkdir, Muhammet bolsa onuň ilçisidir.

30. Eshabyl-uhdud – çukur eýeleri. Bu kyssada Buruj süresine düşündiriş berilýär.

31. Arap dilinde üç san bardyr. Birlik san-bir adam, ikilik san-iki adamdyr. Emma üç adam eýýäm köplük sana degişlidir.

32. Bu kyssada Kähf süresiniň 9-njy aýatyna tefsir (düşündiriş) berilýär.

33. Pil eýeleriniň wakasy 570-nji ýylda bolup geçýär. Bu ýyla pil ýyly diýilýär. Bu ýylda Muhammet pygamber dogulýar.

34. Taha-Ta we Ha harplary. Olaryň berýän manysy Taňrynyň özünden başgalara mälim däldir.

35. Şol gije-570-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 10-y.

36. Abdylmuttalybyň alty aýalyndan on ogul dogýar: Abdylla, Abu Talyp, Zübeýr, Apbas, Hemze, Abu Läheb, Harys, Gaýdak, Zirar, Makum.

37. Ol 578-nji ýylda ölýär.

38. Sallallahu aleýhi wesellem – Taňrynyň oňa alkyşy we salamatlygy bolsun!

39. Bu söz Nasyreddin Rabguzynyň öz dindeşlerine ýüzlenmesidir.

40. Bu ýerde Allatagala kasam edýär.

41. Ýagny 620-nji ýyl.

42. Syddyk – bu ýerde «Dogry sözi tassyklaýjy adam» diýen manyda gelýär.

43. Bu abzasda Rabguzy bölümiň maksadyndan daş çykýar we okyjylaryna öz nesihatyny berýär. Ol ikinji abzasda bölümiň maksadyna gaýdyp gelýär.

44. Hezreti Omar hijriniň 6-njy ýylynda 26 ýaşynda yslamy kabul edýär.

45. Bu şygryň asly arap dilinde ýazylypdyr. Rabguzy ony şahyrana terjime edýär.

46. «Delaýyl an-nubuwwa» – «Pygamberligiň delilleri».

47. Lebbeýke – Eý, taňrym! Men seniň öňüňde.( Hajylaryň gaýtalaýan sözi).

48. «Lebbeýke, lä şerike leke, illä şärikun huwe leke temliku we ýemliku – Biz seni kabul edýäris. Seniň şärigiň ýok. Meger, seniň oňa erkli, ol saňa erkli däl şärigiň bar bolaýmasa.

49. Pygamber alaýhyssalam bu gudraty hijriden bäş ýyl öň görkezipdir (617-nji ýylda).

50. Pygamber alaýhyssalamyň magrajy hijriden bir ýyl öň rejep aýynyň 27-sine (621-nji ýylda) bolup geçýär.

51. Subhanel-mubdi ul-halik, subhanel mun'im ur-razik – Her bir zady başdan ýaradan Taňry hemme kemçiliklerden päkdir. Näz-nygmatlary rysgal edip beriji Taňry hemme kemçiliklerden päkdir.

52. Allatagala salamlar, alkyşlar we ýagşy sözler bolsun.

53. Eý, pygamber! Saňa Allatagalanyň salamy, rehmeti we bereketi bolsun!

54. Bize we Allatagalanyň ýagşy bendelerine salam bolsun!

55. Biz Allatagalanyň ýeke-täk hudaýdygyna we Muhammediň onuň pygamberidigine, bendesidigine güwälik berýäris.

56. Dat beriji adam hajat däl – «galmagal ediji adam hökman däl» diýen manyda.

57. Haram – bu söz «Mukaddes», «Keramatly» diýen manydadyr.

58. Bu hamd, senalar barada kyssanyň başyndan aýdylyp geçilipdi.

59. Abu Talyp 620-nji ýylda wepat bolýar.

60. Teýemmum (teýim) aýaty şu ýerde inýär: «Eger siz suw tapmasaňyz, onda päk toprak bilen teýim ediň». «Nisa» süresiniň 6-njy aýaty.

61. Biz bu arapça ýazylan bir beýtiň terjimesini berýäris. Ol dört setirden ybaratdyr. Emma Rabguzy ony sekiz setir bilen goşga geçiripdir.

62. Bu waka taryhy wakadyr. Ol ähtnama 628-nji ýylyň Nowruz aýynyň 13-ünde Mekgäniň golaýynda Hudaýbiýe diýen ýerde baglaşylýar. Ibn Yshagyň tassyklamagyna görä, ähtnamanyň mazmuny şeýledir: «Seniň adyň bilen, eý, Taňry! Biz Muhammet Abdyllanyň ogly we Suhaýl Amryň ogly bu hatyň üsti bilen ýaraşyk baglaşdyk. Biz on ýylyň dowamynda adamlaryň arasyndaky gan döküşikli urşy alyp barmakdan saklanmaga söz berýäris. Bu döwürde adamlar parahatlykda ýaşarlar we bir-birini öz ugruna goýarlar. Bu ähtnamanyň şerti şeýledir: Eger kuraýyşlardan biri Muhammediň üstüne rugsatsyz gelse, Muhammet ony yzyna gaýtarar. Muhammetden biri kuraýyşlara gelse, olar ony gaýtarmazlar. Iki tarapyň arasynda duşmançylyk bes edilýär. Olar bir-birlerini talamaly däldirler. Olar bir-birine göripçilik etmekden saklanmalydyrlar. Eger kim Muhammede birleşjek bolsa, goý, ol onuň ýanyna gitsin. Kim kuraýyşlara birleşjek bolsa, goý, ol olara barsyn. Kuraýyşlardan şu ýyl Muhammede baryp goşulanlar, bu Mekgä girmezler. Indiki ýyl haj möwsümi gelende ol Mekgä üç gün girer. Onuň ýanynda diňe ýolagçynyň ýaragy bolmalydyr». (O.G. Bolşakow. «Istoriýa halifata» I tom, sahypa 145, Moskwa, 1989).

63. Aamul-ahzap – 627-nji ýylyň Baýdak aýy.

64. Bu töhmetli waka Mustalyk söweşine çykylanda 626-njy ýylyň Bitaraplyk aýynda bolup geçýär.

65. Kerwen 632-nji ýylyň Türkmenbaşy aýynyň 26-syna Ruhgüni Medineden çykýar we ol 9 günden soň Baýdak aýynyň 3-ünde Mekgä baryp girýär.

66. Rabygul owwal aýynyň on üçünde Başgüni öldi. Bu günde Pygamber alaýhyssalamyň ölendigini yslam alymlarynyň köpüsi tassyklaýarlar. Bu gün 632-nji ýylyň Oguz aýynyň 8-ine gabat gelýär. Olar: «Pygamber alaýhyssalam doglan güni öldi» diýýärler.

67. Aýalyň äri ölende ýa-da ony äri talak edende şerigat hökümi boýunça äre çykman garaşylmaly wagty (dört aý on gün).

68. Bu goşgyny Rabguzy terjime etmän goýupdyr. Biz onuň manysyny tekstiň içinde getirýäris.

69. Bu şygyr Rabguzy tarapyndan terjime edilmändir. Biz onuň manysyny tekstiň içinde getirýäris.

70. Bu şygyr Rabguzy tarapyndan terjime edilmändir. Biz onuň manysyny tekstiň içinde getirýäris.

## MAZMUNY

*On dokuzynjy kyssa.* Hezreti Musa kelimallanyň wakalarynyň beýany. ........ 8
*Ýigriminji kyssa.* Danyýal alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 79
*Ýigrimi birinji kyssa.* Hezreti Eşmuýyl alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 82
*Ýigrimi ikinji kyssa.* Dawut alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 86
*Ýigrimi üçünji kyssa.* Hezreti Süleýman alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 104
*Ýigrimi dördünji kyssa.* Hezreti Ýunus alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 151
*Ýigrimi bäşinji kyssa.* Hezreti Ylýas alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 169
*Ýigrimi altynjy kyssa.* Hezreti Hydyr alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 175
*Ýigrimi ýedinji kyssa.* Hezreti Jirjis alaýhyssalamyň wakalarynyň beyany. ........ 179
*Ýigrimi sekizinji kyssa.* Hezreti Lukmanyň wakalarynyň beyany. ........ 186
*Ýigrimi dokuzynjy kyssa.* Hezreti Uzaýr alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 193
*Otuzynjy kyssa.* Hezreti Ermiýa alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 197

*Otuz birinji kyssa.* Zekerýa we Ýahýa alaýhymassalamyň wakalarynyň beýany. ........ 198
*Otuz ikinji kyssa.* Hezreti bibi Merýemiň wakalarynyň beýany ........ 205
*Otuz üçünji kyssa.* Hezreti Isa alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany ........ 209
*Otuz dordünji kyssa.* Hezreti Şemgun alaýhyssalamyň wakalarynyň beýany. ........ 218
*Otuz bäşinji kyssa.* Hezreti Hantala we Kahafa alaýhymassalamyň wakalarynyň beýany. ........ 225
*Otuz altynjy kyssa.* Kowumy Tubbagyň wakalarynyň beýany ........ 229
*Otuz ýedinji kyssa.* Eshabul-Uhdudyň wakalarynyň beýany ........ 232
*Otuz sekizinji kyssa.* Ähli Sebanyň wakalarynyň beýany. ........ 235
*Otuz dokuzynjy kyssa.* Bahtun-nasryň wakalarynyň beýany. ........ 238
*Kyrkynjy kyssa.* Beddat kapyryň buta sežde etmeginiň wakalarynyň beýany. ........ 239
*Kyrk birinji kyssa.* Adamlaryň oda sežde etmekleriniň wakalarynyň beýany. ........ 240
*Kyrk ikinji kyssa.* Isgender Zülkarneýniň wakalarynyň beýany ........ 243
*Kyrk üçünji kyssa.* Eshabyl Kähefiň wakalarynyň beýany. ........ 255
*Kyrk dördünji kyssa.* Eshabur-rakymyň wakalarynyň beýany ........ 260
*Kyrk bäşinji kyssa.* Eshabul-filiň wakalarynyň beýany. ........ 262
*Kyrk altynjy kyssa.* Muhammet alaýhyssalamyň dogulmagynyň beýany ........ 267
*Kyrk ýedinji kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalamyň enekä berilmeginiň beýany. ........ 277
*Kyrk sekizinji kyssa.* Hezreti Pygamber alaýhyssalamyň bibi Hatyjany almagynyň beýany. ........ 283

*Kyrk dokuzynjy kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalama pygamberlik wahynyň gelşiniň beýany. ............................... 305
*Ellinji kyssa.* Hezreti Omaryň yslama girmeginiň beýany. ... 313
*Elli birinji kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalamyň nesebiniň beýany. ................................................................................ 321
*Elli ikinji kyssa.* Sahabalaryň pazylatlarynyň beýany. .......... 325
*Elli üçünji kyssa.* Hezreti Abu Bekriň pazylatynyň beýany. . 327
*Elli dördünji kyssa.* Hezreti Omar Hattabyň pazylatynyň beýany ................................................................................ 330
*Elli bäşinji kyssa.* Hezreti Osman ibn Affanyň pazylatynyň beýany. ................................................................................ 332
*Elli altynjy kyssa.* Hezreti Aly ibn Talybyň pazylatynyň beýany. ................................................................................ 335
*Elli ýedinji kyssa.* Hezreti Resul alaýhyssalamyň arap kapyrlaryny imana çagyrmagynyň beýany. .......................... 339
*Elli sekizinji kyssa.* Resul alaýhyssalamyň yşarat bilen aýy iki para etmeginiň beýany. ................................................ 349
*Elli dokuzynjy kyssa.* Pygamber alaýhyssalamyň magrajynyň beýany. ................................................................................ 351
*Altmyşynjy kyssa.* Bedr jeňiniň beýany. ................................ 394
*Almyş birinji kyssa.* Uhud jeňiniň beýany. ........................... 399
*Altmyş ikinji kyssa.* Emir Hemzäniň şehit bolmagynyň beýany. ................................................................................ 404
*Altmyş üçünji kyssa.* Bedrus-sugranyň jeňiniň beýany. ......... 406
*Altmyş dördünji kyssa.* Hudaýbiýe we Mekge jeňiniň beýany. ................................................................................ 408
*Altmyş bäşinji kyssa.* Haýbar jeňiniň beýany. ....................... 413
*Altmyş altynjy kyssa.* Pygamber alaýhyssalamyň ölüminiň beýany. ................................................................................ 438
*Altmyş ýedinji kyssa.* Hezreti Abu Bekr Syddygyň şehit bolmagynyň beýany. .............................................................. 447
*Altmyş sekizinji kyssa.* Hezreti Omaryň halypatynyň

beýany.......................................................................................449
*Altmyş dokuzynjy kyssa.* Hezreti Osmanyň şehit bolmagynyň beýany.......................................................................................452
*Ýetmişinji kyssa.* Hezreti Alynyň şehit bolmagynyň beýany.......................................................................................458
*Ýetmiş birinji kyssa.* Hezreti ymam Hasanyň şehit bolmagynyň beýany.......................................................................................461
*Ýetmiş ikinji kyssa.* Hezreti ymam Hüseýiniň şehit bolmagynyň beýany.......................................................................................463
Rabguzynyň kyssasynyň soňlamasy ....................................481

A.Aşyrow. Şekerden datly kyssa..........................................483

Sözlük .....................................................................................502
Adam atlarynyň görkezgiji....................................................524
Düşündirişler ..........................................................................534

**Nasyreddin Rabguzy**

**Kysasy Rabguzy**
**(Kysasyl enbiýa)**

**II jilt**

**Teh redaktor S. Abaýew**
**Çeperçilik redaktory A. Muhammedow**
**Sahaby bezän D. Mämijikow**
**Korrektor J. Rejepowa**

Çap etmäge rugsat edildi 17.09.2004 ý.
Ölçegi 60x84 $^{1}/_{16}$.
Çap kagyzy 34,0.
Ofset kagyzy.
Ofset çap usuly.
Nusgasy 20 000 sany.
Bahasy ylalaşyk boýunça.
Sargyt №______.
A-14590

Türkmenistanyň milli medeniýet «Miras» merkezi,
744000, Aşgabat, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 18.

---

Türkmen döwlet neşirýät gullugy,
744004, Aşgabat, 1995-nji (öňki Galkynyş) köçesi, 20.

Türkmenistanyň Metbugat merkezinde çap edildi.